**B.Karaýew, N.Gurbanow, G.Joraýew**

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 327(575.4) : 378
K 26

**Karaýew B. we başg.**
K 26 **Türkmenistanyň daşary syýasaty.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017

«Türkmenistanyň daşary syýasaty» okuw kitabynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary açylyp görkezilýär hem-de olaryň mazmuny we häzirkizaman şertlerinde amala aşyrylyşy beýan edilýär, hususan-da, Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň ähmiýeti we aýgytly orny, ýurdumyzyň dünýäniň iň iri we abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki ähmiýetli we ýakyn hyzmatdaşlygy görkezilýär. Şu nukdaýnazardan, umumadamzat bähbitlerinden ugur alýan netijeli gatnaşyklar seljerilýär, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň wajyp halkara başlangyçlary, ilkinji nobatda, energiýa howpsuzlygy, ulag-aragatnaşyk, öňüni alyş diplomatiýasy, ýaragsyzlanmak hem-de derwaýys sebit meseleleri babatyndaky ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy görkezilýär. Okuw kitabynda berilýän maglumatlarda daşary syýasat barada düşünje we onuň ylmy esaslary, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we ondan gelip çykýan daşary syýasat ýörelgeleri, Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän wajyp halkara başlangyçlary, daşary syýasat strategiýasynyň konseptual esaslary, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklar, sebit hyzmatdaşlygy, howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi, suw-energetiki we ekologiki çäklerdäki bilelikdäki tagallalar, daşary syýasatyň geoykdysady ölçegi, daşary we içeri syýasatyň özara baglanyşygy ýaly we beýleki meseleler beýan edilýär.

Bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin niýetlenip, ondan mugallymlar we aspirantlar, şeýle hem halkara gatnaşyklary, diplomatiýa we daşary syýasat bilen gyzyklanýan alymlar we hünärmenler peýdalanyp bilerler.

TDKP № 277, 2017 KBK 66.4 (2Tü) ýa 73

©B.Karaýew we başg., 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli alnyp barylýan Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyga esaslanýan daşary syýasaty günsaýyn badalga almak bilen, halkara gatnaşyklary ulgamynda täze sepgitlere ýetýär. Munuň aýdyň mysallaryny biz Türkmenistanyň öz ýakyn goňşulary we sebit döwletleri bilen, şeýle hem dünýäniň ösen ýurtlary bilen hoşniýetli we dostlukly, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklarynyň ösüşinde görýäris.

Türkmenistan dünýäniň halkara gatnaşyklary ulgamynda özüniň anyk ýörelgelerine we aýdyň maksatlaryna esaslanýan köptaraplaýyn we toplumlaýyn häsiýetdäki daşary syýasat strategiýasyny üstünlikli amala aşyrýar. Häzirki döwürde Türkmenistan sebitde durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmekde esasy orunlaryň birini eýeleýän, dünýäde uly abraýdan we hormatdan peýdalanýan döwlet hökmünde tanalýar we belent abraýa eýe bolýar.

Bu okuw kitabynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary açylyp görkezilýär hem-de olaryň mazmuny we häzirkizaman şertlerinde amala aşyrylyşy beýan edilýär, hususan-da, Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň ähmiýeti we aýgytly orny, ýurdumyzyň dünýäniň iň iri we abraýly halkara guramasy bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki ähmiýetli we ýakyn hyzmatdaşlygy görkezilýär. Şu nukdaýnazardan, döwletimiziň umumadamzat bähbitlerinden ugur alýan netijeli gatnaşyklary seljerilýär. Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň wajyp halkara başlangyçlary, ilkinji nobatda, energiýa howpsuzlygy, ulag-aragatnaşyk, öňüni alyş diplomatiýasy, ýaragsyzlanmak hem-de derwaýys sebit meseleleri babatyndaky ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy görkezilýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk we adalatlylyk, birek-birege

hormat goýmak bilen bilelikde, milli bähbitleri hemmetaraplaýyn üpjün etmeklige gönükdirilendir. Türkmenistan daşary syýasatda özüniň milli bähbitleri bilen bilelikde ählumumy adamzat gymmatlyklaryna, dünýä jemgyýetçiliginiň maksatlaryna jogap berýän tagallalara mynasyp goşant goşýan we parahatçylyk, howpsuzlyk hem-de durnukly ösüş babatynda möhüm başlangyçlar bilen çykyş edýän döwlet hökmünde giňden tanalýar.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy derejesinde dünýäde ykrar edilen ilkinji bitarap döwletdir we onuň daşary syýasatynyň esasynda hemişelik bitaraplyk ýörelgeleri goýlandyr. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda we 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly ýörite rezolýusiýalarynyň kabul edilmegi halkara gatnaşyklarynyň taryhynda deňi-taýy bolmadyk ähmiýete eýedir.

Türkmenistan dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar ugurlar boýunça netijeli gatnaşyklaryny has-da giňeldýär we ösdürýär. Biziň ýurdumyzyň dünýä döwletleri bilen diplomatik gatnaşyklary we iri halkara guramalary bilen ýakyn hyzmatdaşlygy barha giňelýär we hil taýdan derwaýys häsiýete eýe bolýar. «Açyk gapylar» syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde ýurdumyzyň daşary ykdysady we söwda gatnaşyklarynyň möçberleri hem maksatlaýyn esasda ösdürilýär we uzak möhletli maýa goýum meýilnamalaryna laýyklykda iri taslamalar ýerine ýetirilýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň halkara-hukuk esaslary hem berkidilýär we ýurdumyz möhüm halkara konwensiýalarynyň uly toplumyna goşulmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky abraýynyň berkeýänliginiň subutnamasy hökmünde onuň Birleşen Milletler Guramasynyň ýokary derejeli wezipelerine yzygiderli saýlanmagy bolup durýar. Şeýlelik bilen, Türkmenistan dünýä syýasatynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda we degişli çözgütleri kabul etmekde özüniň täsirli ornuny eýeleýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň dünýäniň dürli ýurtlaryna yzygiderli amala aşyrýan döwlet, res-

mi we iş saparlary, Türkmenistana gelýän ýokary derejedäki daşary ýurt wekiliýetleriniň sanynyň artmagy, daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky geňeşmeleriň, hökümetara toparlarynyň mejlisleriniň, dünýäniň ähli künjeklerinden gelen wekilleriň gatnaşmagynda ýokary derejeli halkara maslahatlarynyň, işewürlik duşuşyklarynyň we gepleşikleriň hem-de beýleki çäreleriň yzygiderli geçirilmegi daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilýändigine şaýatlyk edýär.

Okuw kitabynda berilýän maglumatlarda daşary syýasat barada düşünje we onuň ylmy esaslary, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we ondan gelip çykýan daşary-syýasy ýörelgeler, Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän wajyp halkara başlangyçlary, daşary syýasat strategiýasynyň konseptual esaslary, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklar, sebit hyzmatdaşlygy, howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi, suw-energetik we ekologiki çäklerdäki bilelikdäki tagallalar, daşary syýasatyň geoykdysady ölçegi, daşary we içeri syýasatyň özara baglanyşygy ýaly we beýleki meseleler beýan edilýär.

Bu okuw kitaby ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we aspirantlar üçin, şeýle hem halkara gatnaşyklary, daşary syýasat we diplomatiýa bilen gyzyklanýan alymlar hem-de hünärmenler üçin niýetlenendir.

# I BAP
# DAŞARY SYÝASAT DÜŞÜNJESI WE ONUŇ YLMY ESASLARY

## § 1. Halkara gatnaşyklary we daşary syýasat hakynda düşünje

Daşary syýasatyň düýp manysy haýsydyr bir döwletiň beýleki döwletler we halkara guramalary bilen resmi gatnaşyklaryny aňladýar we olaryň mazmuny milli bähbitleri üpjün etmek hem-de ýurduň içki ösüşi üçin zerur bolan oňaýly daşky şertleri döretmekden ybaratdyr. Halkara gatnaşyklarynda esasy hereket ediji tarap garaşsyz we özygtyýarly döwlet bolup durýar we onuň halkara gatnaşyklarynyň baş ugry daşary syýasat strategiýasyna laýyklykda kesgitlenýär. Daşary syýasatyň ýörelgeleri, ilkinji nobatda, milli bähbitlere we ählumumy ykrar edilen halkara kadalaryna laýyklykda işlenilip düzülýär we amala aşyrylýar. Daşary syýasaty durmuşa geçirmegiň esasy guraly hem diplomatiýa bolup durýar.

Halkara gatnaşyklary ulgamynda özygtyýarly we deňhukukly tarap bolup durýan her bir döwlet özüniň milli bähbitlerine laýyklykda we öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin degişli daşary syýasat strategiýasyny saýlap alýar we ony yzygiderli durmuşa geçirýär. Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ilkinji pursatlaryndan başlap oňyn bitaraplyga esaslanýan daşary syýasaty amala aşyrýar we onuň halkara-hukuk taýdan resmileşdirilmegi 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite rezolýusiýasynyň biragyzdan kabul edilmegi bilen amala aşyryldy.

Bu barada nygtamak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belleýär: «Bitarap daşary syýasy ugur biziň ýurdumyza nämeleri berýär? Syýasy tarapdan ol milli howpsuzlygy we döwletiň çäk bitewüligini ygtybarly kepillendirýär we ony parahatçylyk söýüjiligiň, integrasion, ykdysady we medeni-gumanitar işiň geosyýasy merke-

zine öwrülmegine ýardam edýär. Ykdysady taýdan bitaraplyk onuň bazar gatnaşyklaryna geçmegine, dünýä hojalygyna aralaşmagyna ýardam edýär. Munuň özi ählumumy parahatçylygy berkitmäge ýardam edýär. Sebäbi söwda kerweniniň jaňjagazlarynyň sesi gylyçlaryň sesinden çasly çykýar we duşmançylygyň hem-de urşuň öňüni alýar diýip, Gündogarda ýöne ýere aýdylmaýar. Şu dana pähimlerden ugur almak bilen, Türkmenistan üç derejede – döwletara, pudagara we aýry-aýry kärhanalaryň arasynda daşary ykdysady gatnaşyklary işjeň ösdürýär. Gumanitar babatda bolsa bitaraplyk adam hukuklaryny we azatlyklaryny berjaý etmegi, bilimde, ylymda, medeniýetde, saglygy goraýyşda, sportda we syýahatçylykda halkara gatnaşyklaryny giňeltmäge ýol açýar».

Şeýlelik bilen, halkara gatnaşyklary we halkara syýasaty, ilkinji nobatda, döwletleriň parahatçylyga bolan erk-isleglериniň esasynda guralýar we deňhukuklylygy berjaý edýän hem-de bähbitleriň sazlaşmagyna ýardam berýän deňagramlylyk ulgamy üpjün edilýär.

Daşary syýasatyň mazmuny halkara işlerinde döwletiň alyp barýan esasy ugruny görkezýär we onuň bilen bagly maksatlaryny we ýörelgelerini emele getirýär. Daşary syýasatyň örän wajyp serişdesi hökmünde diplomatiýa çykyş edýär. Diplomatiýa işini döwletiň adyndan alyp barmak wezipesi döwletiň ýörite ygtyýarlandyrylan gullugyna ýüklenýär. Mysal üçin, şu babatda «Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda şeýle kesgitlenilýär:

«Diplomatik gulluk – bu döwlet gullugynyň Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň durmuşa geçirilmegi boýunça ygtyýarlyklaryň ýerine ýetirilmegi, halkara gatnaşyklar çygrynda Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wekilçilik edilmegi hem-de olaryň goralmagy bilen baglanyşykly görnüşidir».

Daşary syýasatyň halkara gatnaşyklary ulgamynda amala aşyrylýanlygy mynasybetli, bu ulgam baradaky düşünje hakynda hem durup geçmek zerurdyr.

Halkara gatnaşyklary adaty jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan tapawutly bolmak bilen, olara käbir aýratynlyklar mahsusdyr, hususan-da, şeýle aýratynlyklar halkara gatnaşyklarynyň aşakdaky özboluşlylyklary bilen häsiýetlendirilýär:

1) halkara syýasy ýagdaýlaryň we olaryň üýtgeýşiniň tebigy hem-de bir ugra gönükmeýän häsiýetiniň agdyklyk etmegi. Munuň esasynda bolsa, halkara gatnaşyklarynyň subýektleriniň köp görnüşli we dürli-dürli bähbitlere eýermekleri bilen düşündirilýär;

2) dünýä syýasatynda subýektiw faktoryň güýçlenmegi we meşhur şahsyýetleriň, ilkinji nobatda, döwlet we syýasy liderleriň täsiriniň artmagy;

3) häkimiýetiň ýeke-täk merkeziniň bolmazlygy we syýasy çözgütleri kabul edýän aýry-aýry deň hukukly we özygtyýarly merkezleriň toplumynyň bolmagy.

Halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda esasy orun milli kanunçylykdan ötri halkara ylalaşyklaryna we şertnamalaryna degişli bolup durýar.

Halkara gatnaşyklarynyň derejelerini hyýaly görnüşde wertikal, ýagny dikligine we gorizontal, ýagny keseligine uzalyp gidýän çyzgylarda düşündirip bolar. Wertikal derejelerde global, sebit we kesgitli subýektler toplumyny görkezip bolar. Gorizontal görnüşde bolsa subýektleriň bileleşiklerini we ikitaraplaýyn gatnaşyklaryny görkezip bolar.

Halkara gatnaşyklary mazmun we hil taýdan hem tapawutlandyrylýar:

1) syýasy-hukuk gatnaşyklary;

2) ykdysady we ylmy-tehniki gatnaşyklar;

3) ideologik gatnaşyklar;

4) harby-strategiki gatnaşyklar;

5) medeni gatnaşyklar we beýlekiler.

Daşary syýasat döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we ol içeri syýasatdan tapawutlylykda, halkara gatnaşyklary ulgamynda amala aşyrylýar. Daşary syýasatyň gadymy kökleri müňýyllyklardan gözbaş alýar we ol döwletiň döremegi bilen ýüze çykýar. Her bir döwlet özüne mahsus we öz milli bähbitlerine laýyklykda daşary syýasaty alyp barýar. Şu nukdaýnazardan, daşary syýasat we içeri syýasat özara berk baglanyşyklydyr, sebäbi olar bitewülikde döwlet syýasatyny emele getirýärler.

Özüniň gönükdirilen ugry boýunça we döwletiň geosyýasy strategiýasyna laýyklykda, daşary syýasat oňyn we işjeň, hüjüm ediji ýa-

da boýun bolujy, halkara şertlerini üýtgetmeklige ýa-da tersine, olara uýgunlaşmaga ymtylýan we başga-da köp häsiýetli bolup biler.

Daşary syýasatyň esasy wezipeleriniň biri hem, onuň döwletleriň we halklaryň arasynda ylalaşdyryjy we halkara ýagdaýlaryny kadalaşdyryjy häsiýete eýe bolmagy bilen baglydyr. Daşary syýasatyň esasy subýektleri hökmünde döwletler, olaryň düzümleri, döwlet baştutanlary we syýasy liderler çykyş edýärler. Daşary syýasaty emele getirmekde döwlete esasy we kesgitleýji orun degişlidir. Mundan başga-da, halkara guramalary we hökümete degişli däl guramalar, syýasy partiýalar we jemgyýetçilik guramalary hem daşary syýasat ulgamynda ähmiýetli orny eýeleýärler.

Daşary syýasat düşünjesi many taýdan her bir döwletiň halkara giňişliginde amala aşyrýan syýasy ugruny we ony üpjün etmek boýunça alyp barýan gatnaşyklaryny aňladýar. Daşary syýasaty amala aşyrmak bilen bagly gatnaşyklar halkara gatnaşyklarynyň subýektleri, ilkinji nobatda, döwletler we halkara guramalary bilen alnyp barylýar. Şol bir wagtda-da, daşary syýasat işi daşary ýurt düzümleri, partiýalary, hereketleri we jemgyýetçilik birleşikleri bilen hyzmatdaşlykda hem durmuşa geçirilip bilner.

Islendik döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we onuň logiki dowamy bolup durýar. Degişlilikde, daşary syýasat we içeri syýasat biri-birine özara täsirlerini ýetirýärler. Umumylykda alnanda bolsa, daşary we içeri syýasat bir bitewi wezipäni, ýagny jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň döwlet ulgamyny saklamak we berkitmek wezipesini ýerine ýetirýärler.

Daşary syýasatyň düýp mazmuny onuň öňünde goýlan maksatlary hem-de olara ýetmek babatyndaky ulanylýan serişdeler bilen kesgitlenýär. Daşary syýasatyň däp bolan maksatlary hökmünde şulary görkezmek bolar:

1) ýurduň ilatynyň maddy we ruhy derejesini ýokarlandyrmak;

2) döwletiň ykdysady we syýasy kuwwatyny berkitmek;

3) döwletiň howpsuzlygyny, özygtyýarlylygyny we çäk bitewüligini üpjün etmek;

4) içerki işlere daşardan goşulmaklyga ýol bermezlik;

5) halkara gatnaşyklarynda döwletiň abraýyny we ähmiýetli ornuny berkitmek;

6) halkara ulgamynda syýasy we ykdysady jähtden eýeleýän ornuny berkitmek, ösdürmek we başgalar.

Daşary syýasat halkara gatnaşyklary ulgamynda amala aşyrylýar. Öz gezeginde, halkara gatnaşyklary düşünjesi hem giň mana eýedir. Ol dünýä giňişliginde hereket edýän döwletleriň we döwletler bileleşikleriniň esasy jemgyýetçilik, harby-syýasy, maliýe-ykdysady güýçleriniň gatnaşyklaryny öz içine alýar. Daşary syýasat üçin iň ýokary we wajyp wezipe döwletiň milli bähbitlerini hemmetaraplaýyn üpjün etmek bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, daşary syýasat käbir ýörite wezipeleri ýerine ýetirýär, has takygy:

1) gorag wezipesi, ýagny döwletiň garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny goramak, howpsuzlygyny we milli bähbitlerini üpjün etmek, daşary ýurtlarda ýurduň we onuň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goramak we ş.m.;

2) maglumat-habar beriş wezipesi, ýagny dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde döwletiň oňyn keşbini emele getirmek we milli bähbitlere laýyk bolan hakyky habarlaryň ýaýramagyny üpjün etmek;

3) guramaçylyk wezipesi, ýagny döwletiň halkara gatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygyny netijeli we döwlet üçin oňaýly daşary syýasat şertleri üpjün etmek;

4) kadalaşdyryjy wezipe, ýagny halkara gatnaşyklarynda deňagramlylygy saklamak.

Halkara gatnaşyklary ulgamynda milli bähbitlerden ugur alýan maksatlar, ilkinji nobatda, howpsuzlygy, durnuklylygy we ösüşi üpjün etmek bilen baglydyr. Şu nukdaýnazardan, daşary syýasatyň baş maksadynda milli ýa-da döwlet bähbitlerini goramak wezipesi örän ähmiýetli orna çykýar.

Şeýlelik bilen, halkara gatnaşyklary, daşary syýasat we ony amala aşyrmagyň syýasy we resmi serişdesi bolan diplomatiýa özara örän ýakyn baglanyşykly düşünjelerdir. Türkmenistanyň Prezidenti 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Türkmenistanyň Bitaraplygy: parahatçylygyň, durnuklylygyň we ösüşiň hatyrasyna döredijilik we hyzmatdaşlyk» atly halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara iberen Gutlagynda şeýle nygtaýar: «Hoşniýetli ikitaraplaýyn döwletara gatnaşyklar, şeýle hem abraýly halkara we sebit guramalarynyň çäklerindäki giň özara hyzmatdaşlyk biziň döwletimiziň Bitaraplyk

strategiýasynyň esasy ugry bolup çykyş edýär. Bu babatda soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň mazmuny hil taýdan täze badalga berilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Aşgabatda döwletara duşuşyklarynyň we iri halkara maslahatlarynyň yzygiderli geçirilmegi Türkmenistanyň oňyn daşary syýasy ugruny sazlaşykly durmuşa geçirýändiginiň aýdyň subutnamasy bolup durýar».

Daşary syýasat dünýä syýasatynda we halkara gatnaşyklary ulgamynda milli bähbitleri goramagyň ulgamy hökmünde anyk ykdysady, durmuş, ylmy, medeni, ynsanperwerlik döwlet maksatnamalaryny üpjün etmek wezipelerini ýerine ýetirmek, öz garaýyşlaryna zyýan ýetirmezden, global wehimlere we howplara garşy hereket etmek we zyýansyzlandyrmak boýunça iň amatly çözgütleri gözlemek, töwekgelçilikleri azaltmak, ekologik, tehnogen häsiýetli, ýokanç keselleriň ýaýramagy ýaly ýagdaýlaryň öňüni almak, planetanyň öwezini dolup bolmaýan tebigy serişdelerini rejeli ulanmak hem-de başga meseleler bilen has pragmatik şekile eýe bolýar.

Daşary syýasatyň mazmunynyň we maksatlarynyň hil taýdan şunuň ýaly üýtgemeleri ony emele getirmekde degişli çemeleşmeleri, uzakmöhletleýin milli bähbitleri deň bahalandyrmagy we şol esasda ileri tutulýan wezipeleri hem-de olary ýerine ýetirmegiň usullaryny anyk kesgitlemegi göz öňünde tutýar. Biziň ýurdumyza degişlilikde alnanda, bu birnäçe obýektiw ýagdaýlardan gelip çykýan, bar bolan mümkinçilikleri netijeli ulanmak bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, olar Türkmenistanyň halkara ykrar edilen ajaýyp bitaraplyk hukuk ýagdaýy, onuň ummasyz baýlyklar boýunça mümkinçilikleri, geografik ýerleşişiniň amatlylygy, parahatçylygy döredijilikli töwellaçylykda we döwletara meselelerini gapma-garşylyksyz çözmekde gazanylan oňyn tejribelerdir.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary syýasatyň we milli bähbitleriň arabaglanyşygy nämeden ybarat?
2. Halkara gatnaşyklary baradaky düşünje näme?
3. Halkara gatnaşyklarynyň subýekti diýlende, nämä düşünýärsiňiz?

## § 2. Daşary syýasatyň mazmuny we esasy ýörelgeleri

Islendik döwletiň daşary syýasaty onuň syýasy-jemgyýetçilik gurluşy, syýasy çözgütleri kabul ediş tejribesi, dünýä we sebit syýasatynda tutýan orny we ähmiýeti, harby-syýasy we maliýe-ykdysady, ylmy-tehnologik kuwwaty, geosyýasy we geoykdysady artykmaçlyklary hem-de başga-da ençeme faktorlar bilen esaslandyrylýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasatynyň logiki dowamy bolup durýar we şonuň bilen birlikde ýurduň durnukly we agzybir ösüşi, geljege ynamly ösmegi we beýleki faktorlar daşary syýasatda uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Bitarap Türkmenistan» kitabynda şeýle belleýär: «Biziň döwletimiz 1991-nji ýylyň kynçylykly şertlerinde özbaşdak ösüş ýoluna düşdi. Şol wagta çenli hereket eden halkara gatnaşyklarynyň ähli mehanizmi hakykatda tutuşlygyna togtapdy. Her birimiziň bilşimiz ýaly, garaşsyzlygyň aýdyň ýoluna düşen islendik ýurduň örän gysga pursatda çözmäge mejbur bolan ägirt köp meseleleri bolýar. Türkmen döwleti üçinem täze durmuşda öz ornuny gözlemek, taryhyň öz öňünde goýýan kanunalaýyk soraglaryna jogap bermek zerurdy. Şonuň üçin-de çylşyrymly şertlerde daşary syýasat ugruny saýlamak biziň üçin iň kyn we iň çylşyrymly mesele bolupdy».

Ýönekeý bolmadyk şertlerde daşary syýasat strategiýasyny saýlap almak taryhy we ykbal kesgitleýji çözgüt bolup durýar. Garaşsyz döwlet halkara gatnaşyklarynyň doly hukukly subýekti hökmünde daşary-syýasy erke eýedir we özüniň milli bähbitlerine we ählumumy kabul edilen kadalara laýyklykda hereket edýär.

Döwletiň daşary syýasatynyň ugry we onuň amala aşyrylyşy milli kanunçylykda, döwleti dolandyryş häkimiýetiniň gurluş tertibinde, häkimiýet şahalarynda we olaryň ygtyýarlyklarynda, syýasy-hukuk derejesindäki jarnamalarda we resmi çykyşlarda, halkara-hukuk resminamalarynda, hukuklarynda we borçnamalarynda, milli däplerde we beýleki häsiýetli aýratynlyklarda öz beýanyny tapýar.

Mälim bolşy ýaly, aglaba döwletleriň gurluşynda häkimiýet kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet şahalaryna bölünýär hem-de olaryň deňagramlylygy üpjün edilýär. Degişlilikde, döwlet syýasatynyň

meseleleri hem özleriniň derwaýyslygyna we ygtyýarlyklaryna görä, häkimiýet şahalarynyň arasynda paýlanmak bilen alnyp barylýar. Şol bir wagtda-da, her bir häkimiýet şahasynyň özüne degişli we başgalara berlip bilinmeýän wezipeleri hem konstitusion esasda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisiniň daşary syýasat bilen baglylykdaky ygtyýarlyklary, esasan, döwletiň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryna, parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine garamak, halkara şertnamalaryny tassyklamak we ýatyrmak wezipeleri bilen amala aşyrylýar. Bulardan başga-da, Türkmenistanyň Mejlisi Ministrler Kabinetiniň iş maksatnamasyny makullamak baradaky meselä garaýar, Türkmenistanyň Döwlet serhedini we dolandyryş-çäk bölünişigini üýtgetmek meselelerini çözýär, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Döwlet býujetini hem onuň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty Mejlisiň garamagyna we tassyklamagyna hödürleýär.

Döwletiň daşary syýasaty kuwwatly binýada daýanýar we oňa toplumlaýyn görnüşde «milli kuwwat» hem diýilýär. Milli kuwwat, köplenç, geosyýasy konsepsiýalar arkaly düşündirilýär we ol harby kuwwat, geografiki artykmaçlyklar, ykdysady güýç we demografiýa ýaly esasy böleklerden durýar.

Şol bir wagtda-da, ýurduň milli kuwwatynyň ýerlikli ulanylmagy bilen paýhasly amala aşyrylýan daşary syýasatyň netijeliligi we täsirli güýji has giň gerimlere eýe bolup biler. Şunuň bilen baglylykda, milli kuwwatyň esasynda harby-syýasy we maliýe-ykdysady güýç bilen bilelikde, jemgyýetiň ruhy-ahlak, adam kapitaly, milli buýsanç we geljege bolan ynam ýaly faktorlar hem durýar.

Halkara gatnaşyklary ylmynda däp bolan we ozaldan ornaşan garaýyşlara görä, dünýä syýasatynyň parahatçylyk we howpsuzlyk, güýç ulanmak we uruş, ösüş we yza gaýdyş ýaly esasy meseleleri belli bir derejede öz durkuny saklaýan deňagramlylyk ulgamyna esaslanýar. Halkara gatnaşyklarynda, ilkinji nobatda, diplomatiýada güýç ulanmak ýa-da güýç ulanmak howpuny salmak oňlanmaýar. Daşary syýasatyň arkasynda milli kuwwat durmak bilen birlikde halkara gatnaşyklaryny ýola goýmagyň we alyp barmagyň, ýüze çykýan meseleleri kadalaşdyrmagyň we uruş-dawalary aradan aýyrmagyň esasy ýoly syýasy-diplomatik gepleşikler bolup durýar.

Halkara gatnaşyklarynyň ulgamlaýyn häsiýetnamasy oňa gatnaşýan ähli taraplar üçin derwaýys bolan umumy meseleleriň bar bolmagy we olary köptaraplaýyn tagallalar arkaly çözmek zerurlygynyň ýüze çykmagy bilen baglydyr.

Şeýle-de, halkara gatnaşyklary ulgamynyň esasynda ählumumy ykrar edilen ýörelgeler we hukuk gatnaşyklary durýar hem-de olaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegi bilen dünýä tertibi durnukly ýagdaýda bolýar we hereket edýär. Ol ýörelgeleriň häzirkizaman toplumy, esasan-da, BMG-niň Tertipnamasynda berkidilmek bilen, ilkinji nobatda, şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) döwletleriň özygtyýarlylygynyň deňligi;
2) güýç ulanmazlyk ýa-da güýç ulanmak wehimini salmazlyk;
3) döwlet serhetleriniň mizemezligi;
4) döwletleriň çäk bitewüligi;
5) halklaryň we milletleriň öz-özlerini kesgitlemekligi;
6) hyzmatdaşlyk;
7) içerki işlere gatyşmazlyk;
8) halkara jedelleriniň parahatçylykly çözülmegi;
9) adam hukuklaryna ählumumy hormat goýulmagy;
10) halkara borçlaryny tüýs ýürekden ýerine ýetirmek.

Ýokarda agzalan ýörelgeler jemlenen görnüşde parahatçylykly ýaşaşmak we howpsuzlygy bilelikde üpjün etmek boýunça ählumumy häsiýetli ýörelgä esaslanýarlar.

Degişlilikde, halkara gatnaşyklary ulgamyna baha berlende hem, döwletara gatnaşyklarynda deňagramlylygy üpjün etmek meselesinde harby-syýasy kuwwata daýanmak ýa-da syýasy-diplomatik usullary netijeli ulanmak ýörelgeleri özara gapma-garşylykly häsiýete eýe bolýarlar. Şu esasda-da, halkara gatnaşyklary ulgamyna bolan garaýyşlaryň iki sany esasy topary, ýagny liberal-idealistik we syýasy realizm konsepsiýalary üns merkezinde saklanýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Milli kuwwat näme?
2. Daşary syýasatyň esasy ýörelgeleri nähili häsiýetlendirilýär?
3. BMG-niň Tertipnamasynda haýsy ýörelgeler bar?

## § 3. Daşary syýasatyň kuwwatyny we täsirli güýjüni kesgitleýji faktorlar

Islendik döwletiň geografiki taýdan oňaýly ýerleşmegi gadymy wagtlardan bäri onuň daşary syýasat we ykdysady kuwwatynyň esasyny emele getirýän faktorlaryň biri hasaplanýar. Şonuň üçin hem, strategiki nukdaýnazardan wajyp bolan guryýer we suw ýollarynyň çatryklary, açyk deňizdäki adalar we ýarym adalar, ekerançylyk we maldarçylyk taýdan baý ýerler, ýerasty gorlaryň, ilkinji nobatda bolsa, energiýa serişdeleriniň bol ýerleri dünýäniň harby-syýasy we maliýe--ykdysady merkezleriniň üns merkezlerinde durýar. Taryhy ösüşiň dowamynda bolup geçen uly möçberli harby ýörişler, halklaryň göçüşligi, imperiýalaryň döremegi, jahan uruşlary, Ýüpek ýoly ýaly global söwda ýollarynyň emele gelmegi ýaly ýagdaýlar hem, esasan, geografiki we geosyýasy artykmaçlyklary gazanmagyň hatyrasyna bolup geçipdir.

Şol bir wagtda-da, häzirkizaman globallaşma şertlerinde ýokary tehnologiýalaryň, ilkinji nobatda, ulag-aragatnaşyk we internet arkaly habarlaşyk tehnologiýalarynyň ösmegi bilen, geografiýanyň fiziki ölçegleriniň ähmiýeti yza çekilen ýaly görünýär. Emma bu beýle däldir we geografiki düşünjeler syýasy nukdaýnazardan täze many--mazmuna eýe bolýarlar. Hususan-da, tehnikanyň we tehnologiýalaryň ösen häzirki döwründe wagt hem-de fiziki uzaklyk düşünjeleri täze ölçeglere eýe boldular. Mysal üçin, birwagtlar ençeme aýlyk ýol hasaplanan Aşgabat-Stambul aralygy bu gün bary-ýogy birnäçe sagatlyk ýol bolup durýar we ş.m. Ýaponiýada uçar bilen bäsleşýän örän ýokary tizlikli otlularyň ulanyşa berilmegi bilen, ýurduň paýtagty Tokiodan 300-400 km uzaklykdaky ýerlerden her gün merkeze gatnap işleýän işgärleriň sany barha artýar. Şonuň ýaly-da, Beýik Britaniýa bilen kontinental Ýewropanyň arasynda La-Manş bogazy arkaly gatnawlaryň açylmagy, Italiýanyň Alp daglarynda halkara tonnelleriniň gurulmagy hem munuň mysaly bolup biler. Şeýlelik bilen, belli bir taryhy döwürlerde halkara ösüşine päsgelçilik döreden fiziki uzaklyklar ýa-da tebigy päsgelçilikler bu gün özüniň ähmiýetini ýitirýär diýilse hem, hakykatdan daş düşüldigi bolmaz.

Şeýle şertlerde, geografiki giňişlikleri gönüden-göni eýelemek ýa-da golastyna geçirmek maksatlary olary geosyýasy täsir astynda saklamak wezipesine orun berýär. Bu babatda hem daşary syýasatyň

kuwwaty has derwaýys häsiýete eýe bolýar. Häzirkizaman geosyýasy ylmynyň düýbüni tutujy alymlaryň biri bolan, amerikan admiraly Alfred Thaýer Mahan özüniň «Deňiz güýjüniň taryhy täsiri» atly işinde deňiz we strategiki suw ýollaryny öz täsiri astyna alan döwletleriň dünýä möçberindäki kuwwatly güýje eýe bolýandyklaryny görkezipdir. Olaryň uly artykmaçlyga eýe bolmagy baradaky pikirlerini öňe sürmek bilen, A.Mahan Beýik Britaniýanyň taryhdaky deňiz hökmürowanlygyny mysal getirýär. Iňlis geografy Halford Makinder bolsa guryýer güýjüniň ähmiýetini nygtamak bilen, Germaniýanyň we Russiýanyň Ýewraziýany, diýmek, tutuş dünýäni öz täsiri astyna geçirip biljek kuwwata eýe bolup biljekdiklerini beýan edipdir.

Geografik ýagdaýyň döwletleriň daşary syýasatynda tutýan ornuny kesgitlemek nukdaýnazaryndan mysal hökmünde Türkiýäniň daşary syýasatyna salgylanmak bolar. Mysal üçin, Türkiýe öz geografiki ýerleşişi boýunça örän özüne çekiji bolup durýar we dünýäniň güýç merkezleriniň täsiri astynda bolmak bilen, paýhasly daşary syýasat ugruny saýlamaly bolýar. Hususan-da, II Jahan urşy tamamlanandan soňra, «sowuk urşuň» güýjemegi sebäpli, Türkiýe NATO guramasyna girmegi maksadalaýyk hasaplady we şol harby bileleşigiň tarapynda çykyş edip gelýär. Şunuň ýaly mysallaryň ençemesini getirmek bolar we geografiki artykmaçlyklary ýerlikli ulanmak ýa-da bu babatdaky ýetmezçilikleriň üstüni beýleki serişdeler bilen dolmak örän möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Geografiki taýdan oňaýly ýerleşmek we ulag-aragatnaşyk geçelgeleriniň giň mümkinçilikleri bilen birlikde, ýurduň ykdysady kuwwatyny kesgitleýän faktorlaryň hataryna onuň tebigy baýlyklary, ilat sany ýaly görkezijiler hem girýär. Şu nukdaýnazardan, islendik döwletiň strategiki ähmiýetli tebigy baýlyklara, süýji suw çeşmelerine we bol hasylly topraklara eýe bolmagy hem esasy faktorlar hökmünde seredilýär. Belli amerikan diplomaty G.Morgentaunyň pikirine görä, tebigy baýlyklar bir döwletiň beýleki döwletlere görä has ýokary güýjüni alamatlandyrýan we durnukly faktordyr. Häzirki eýýamda aýgytly orna eýe bolan tebigy baýlyklaryň arasynda energiýa çeşmelerini, ilkinji nobatda, uglewodorod ýataklaryny, şeýle hem süýji suw gorlaryny, ekerançylyk üçin ýaramly ýerleri, maldarçylyk üçin oňaýly öri meýdanlaryny, daglary we düzlükleri, derýa we deňiz baýlyklaryny we ş.m. görkezmek bolar.

Döwletiň ykdysady kuwwaty barada aýdylanda, onuň eksport mümkinçiliklerine we dünýä bazarynda eýeleýän ornuna uly ähmiýet berilýär. Mysal üçin, Türkmenistan tebigy gazy eksport etmek boýunça dünýäde öňdäki orunlaryň birini eýeleýär we şonuň üçin hem kuwwatly energetiki döwlet hasaplanýar.

Ösen industrial senagatyň bolmagy we onuň ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylyş derejesi hem ykdysady kuwwatyň esasy görkezijisi bolup durýar. Mysal üçin, Kongo döwleti tebigy uranyň ýataklaryna baý ýurt bolsa-da, onda ABŞ, Russiýa ýa-da Beýik Britaniýa ýaly döwletleriň eýe bolan kuwwaty ýokdur. Şu sebäpden hem, çuň derejede senagatlaşan ösen döwletleriň şol bir wagtyň özünde dünýä derejesinde kuwwatly döwletler hasaplanmaklary ýöne ýerden däldir. Şonuň üçin hem häzirki döwürde döwletleriň uly ýa-da güýçli döwlet diýlip ykrar edilmeginde olaryň senagat göwrümleri we tehnologik ösüşiniň ýagdaýlary esasy görkezijiler bolup durýar. Senagat göwrümi bilen bilelikde tebigy baýlyklaryň hem goşulyp bilinjek ykdysady ýagdaýy üçin, ýurduň eksport göwrümi, içerki talabyň ýokarydygy, önümçilik göwrümi, hasyllylygy, jemi içerki önümi we adam başyna düşýän umumy girdeji ýaly faktorlara bir döwletiň güýjüni kesgitlemek üçin iň zerur bolan faktorlar hökmünde seredilýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Oňaýly geografiki ýerleşmekligiň nähili ähmiýeti bar?
2. Geografiýa bilen geosyýasatyň arabaglanyşygy nähili?
3. Tebigy baýlyklaryň we ykdysady kuwwatyň ähmiýeti nämede?

## § 4. Dünýä tertibi we halkara syýasaty

Ýokarda bellenilişi ýaly, döwletiň daşary syýasaty halkara gatnaşyklary ulgamynda amala aşyrylýar.

Öz gezeginde, halkara gatnaşyklary ulgamy dürli nukdaýnazarlardan häsiýetlendirilýär we degişlilikde atlandyrylýar. Syýasy jähtden seredilende, halkara gatnaşyklary ulgamy dünýä syýasy tertibi görnüşinde suratlandyrylýar. Dünýä tertibi bolsa, esasy dört ölçegden ybaratdyr:

1) güýç deňagramlylygynyň ulgamy;

2) geosyýasy taýdan kuwwatlylyk derejelerine görä iýerarhik ulgam;

3) polýarly ulgam;

4) bitaraplyk we goşulyşmazlyk syýasatynyň döwletleriniň ulgamy.

Häzirkizaman dünýä syýasy tertibiniň binýadyny tutujy düzüm hökmünde Birleşen Milletler Guramasyny görkezmek bolar.

Güýçleriň deňagramlylygy ulgamy XVIII-XIX asyrlarda Ýewropada nusgawy güýçleriň deňagramlylygy ulgamyna esaslanyp, döwrebap özgertmeler esasynda şu günlere çenli gelip ýeten ulgamdyr. Bu ulgamda halk gurluşynda güýçleriň deňagramlylygyny tapawutlandyrmak üçin takmynan güýçleri deň bolan we bir-birlerine garşy açyk üstünlikleri bolmadyk iň azyndan üç sany uly döwletiň bolmagy zerurdyr. XVIII we XIX asyrlarda ýaşap geçen, nusgawy ulgamdan ugur alan U.Morton we A.Kaplan güýçleriň deňagramlylygynyň durnukly dowam etmegi üçin bäş ýa-da alty döwletiň gerekdigini möhüm hasaplapdyrlar. Eger şu möçberden aşakda bolsa, onda netijede bu ulgamyň ýykylmagyna getirer. Mysal üçin, A.Kaplan bu möçberiň üçden aşak düşen ýagdaýynda haýsy-da bolsa iki döwletiň ylalaşyp, beýleki bir döwleti aradan aýyrmak ýoluna düşüp biljekdigine ünsüňi çekýär. Emma esasy güýçleriň daşyndan birnäçe kiçi döwletler hem gatnaşyp bilerler.

Beýleki tarapdan, K.J.Holsti belli bir mukdar bermegiň deregine köp döwletlilik kesgitlemesini ulanýar, Deutch we Singer ulgamda döwletiň mukdarynyň artmagy bilen onuň durnuklylygynyň hem artmagyny belleýärler. Ýene-de bir tarapdan, K.Waltz we G.Morgentau güýçleriň deňagramlylygy ulgamynyň dowam etmegi üçin güýçleri biri-birine ýakyn bolan üç döwletiň ýeterlikdigini aýdýarlar. Hatda K.Waltz, ulgamyň bolmagy üçin iki döwletiň hem ýeterlikdigini, «sowuk uruş» döwründe ABŞ-nyň we SSSR-iň arasyndaky deňagramlylyk bilen delillendirmek arkaly görkezipdir. Emma realistleriň deňagramlylyk ýagdaýy bilen halkara ulgamynyň deňagramlylygynyň ýagdaýy tapawutlydyr. Alymlaryň pikirine görä, bu belli bir döwre degişli ulgamdyr.

Şu görnüşli halkara ulgamynda onuň içinde hiç hili koalision ýa-da döwlet ulgamynyň ýykylmagyna ýol açyp biljek düzümlere ýol berilmeýär. Her bir döwletiň göwrümini artdyrmak we ulgamda ilkinji orunlara geçmek duýgusy bilen hereket edýändigi sebäpli, başgalaryň maksatlaryna bökdençlik döredip biler. Netijede hiç

bir döwlet beýleki döwletiň üstünden öz hökümini ýöredip bilmez. Şunda iň wajyp zat, täsir ediji güýçleriň biri-birine ýakyn bolmagydyr. Bir döwlet öňe çyksa-da, ol wagtlaýyndyr. Başga bir tarapdan, birleşmeleriň wagtlaýyn maksatlara ýetmek üçin döredilýändigi sebäpli, şol maksatlara ýetilenden soň olaryň hereketi tamamlanýandyr. Sebäbi döwletleriň bähbitleriniň yzygiderli üýtgäp durýandygy üçin, örän uzak wagtlaýyn dowam edýän birleşmäni emele getirmek mümkin däldir. Şu babatda belli bir meselede düşünişilmän hem bilner. Şonuň üçin hem güýçleriň deňagramlylygy ulgamynda döwletler durnukly birleşmeleri döredip bilmezler. Aýratyn-da, bu ulgamda döwletleriň arasynda ideologiýa daýanýan birleşmeler ýokdur. Ideologiýa döwletleriň birleşmeleri döretmegine bökdençlik däldir. Başgaça aýdylanda, güýçleriň deňagramlylygy ulgamynda tapawutly ideologiýa eýe bolan döwletleriň birleşmeleri döredip bilşi ýaly, birmeňzeş ideologiýany alyp barýan döwletler bolsa, haýsydyr bir ýörite birleşmäni döretmän hem bilerler.

Güýçleriň deňagramlylygy ulgamynda mejbury bolmak bilen birlikde ulgamyň dowam etmeginde bähbidi bolan we güýçsüz döwlet ýa-da koalision birleşmäniň ýanyndan, ulgamyň ýykylmagynyň öňüni alýan döwlet ýa-da başgaça aýdylanda, deňleýji döwlet bolup biler. Deňleýji döwletiň ýeke-täk aladasy deňligiň bozulmagynyň öňüni almakdyr, deňligiň kim tarapyndan bozulandygy onuň üçin möhüm däldir. Şonuň üçin hem deňleýji döwletler birleşmelere goşulmaýarlar. XVII asyrda Beýik Britaniýa Ýewropada güýçleriň deňagramlylygy ulgamynyň deňleýjisi hökmünde çykyş edýärdi. Munuň sebäbi Beýik Britaniýanyň çaknyşyklardan uzakda bolandygy we kuwwatly deňiz güýjüniň bar bolmagydyr. Beýik Britaniýa XX asyryň başlaryna çenli bu işi üstünlikli alyp bardy we bu asyrda ol Ýewropanyň tarapdarlarynyň biri boldy. Onuň sebäbi hem Beýik Britaniýanyň ozalky güýjüni ýitirmegi, geografik faktorynyň getiren peýdasynyň bolmazlygy, Ýewropada güýçleriň deňagramlylygy ulgamynyň giňelmegi we SSSR-iň güýjüniň artmagydyr.

Polýarly ulgamlar hem özara garşy durýan güýç merkezleriniň mukdaryna görä birnäçe ýa-da köp polýarly ulgamlara bölünýär.

Ýarym asyra golaý dowam eden «sowuk uruş» döwründäki dünýä tertibi iki polýarly ulgam hökmünde häsiýetlendirilýär. Onuň bir tarapynda ABŞ-nyň liderligindäki Günbatar blogy, beýleki tarapynda

bolsa öňki SSSR-iň golastyndaky Gündogar blogy bardy. 1990-njy ýyllaryň başynda Sowet Soýuzynyň dargamagy bilen we ABŞ-nyň ýeke-täk hökmürowanlygy bolan belli bir döwürde bir polýarly ulgam hereket etdi. Emma Russiýanyň güýçlenmegi we Hytaý, Hindistan, Günorta Afrika, Braziliýa ýaly beýleki käbir döwletleriň dünýä syýasy giňişligine ynamly girmegi bilen köp polýarly ulgam emele geldi.

Iki polýarly ulgama gaýdyp gelmek bilen, onuň emele gelen we hereket eden taryhy şertlerine üns bermek zerurdyr. Günbataryň we Gündogaryň gapma-garşylygy, ilkinji nobatda, NATO we Warşawa şertnamasy ýaly harby-syýasy bileleşikleriň özara garşy durmalarynda ýüze çykypdy. Bu bileleşikleriň esasy maksady dünýäde ýeke-täk hökmürowanlygy eýelemek bolup durýardy. Şunuň bilen baglylykda hem, «sowuk urşuň» barşynda ýaraglanyşygyň haýdadylmagy, ýerli uruşlar dynuwsyz dowam edipdi.

Iki dünýä merkeziniň özara gapma-garşylygynyň netijeleri Goşulyşmazlyk hereketiniň döremegine getiripdi. 1950-nji ýyllaryň ortalaryndan soňky döwürden başlap, Hindistan, Müsür, Indoneziýa we Gana ýaly goşulyşmazlyk hereketine agza bolan ýurtlar olaryň esasy mysallaryny emele getirýärler. Şeýle ulgamlaryň başga aýratynlygy, bu ulgamda köp döwletleriň BMG-niň agzasy bolan uniwersal subýektleriň hem bolmagydyr. Dünýä syýasy ulgamynyň barha çylşyrymlaşmagy bilen bilelikde sebitleýin we sebitara, giň halkara derejesindäki düzümler döräp ugrady we olar halkara syýasatyna öz täsirini güýçlendirdi. Munuň mysaly hökmünde Ýewropa Bileleşigini, Aziýa döwletleriniň ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy bolan ASEAN, Demirgazyk Amerika döwletleriniň NAFTA ýaly guramalaryny görkezmek bolar.

«Sowuk urşuň» tamamlanmagy netijesinde dörän dünýä tertibi baradaky dürli garaýyşlar we jedeller şu wagt hem, tas çärýek asyr geçen hem bolsa, dowam edýär, esasan-da, 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky wakalardan soňra dörän we 2008-nji hem-de 2014-nji ýyllaryň dünýä çökgünliginden gelip çykýan ýagdaýlar, şeýle hem «arap bahary» diýlip atlandyrylan Ýakyn Gündogar wakalary sebäpli «sowuk uruşdan» soň dörän dünýä tertibi baradaky täze pikir-garaýyşlaryň emele gelmegine sebäp boldy.

«Sowuk uruşdan» soňky döwürde ABŞ dünýäde ýeke-täk güýç bolup, bir polýarly ulgamyň döründigi baradaky mesele ýüze çykypdy.

Emma soňky döwürlerde Yrakdaky we Siriýadaky dörän çylşyrymly ýagdaýlaryň netijesinde şeýle ulgam baradaky garaýyşlar üýtgedi. Bu täze ulgam Riçard Haas tarapyndan bloksuz ulgam hökmünde tanalan bolsa, Farid Zakariýa tarapyndan «post-amerikan dünýäsi» hökmünde kesgitlenildi. Riçard Haas tarapyndan ilkinji gezek ulanylan «bloksuz ulgam» adalgasy, esasan hem, Jorj Buşuň prezidentlik eden ikinji döwrüni öz içine alýan 2005-nji ýylyň ahyrlarynda ýüze çykan halkara ulgamyny kesgitlemek üçin peýdalanylypdy.

R.Haasyň pikirine görä, täze ulgamyň köp blokly ulgamdan tapawutly tarapy, belli bir döwletleriň birleşmelerinden emele gelen blokdan ýa-da bloklardan bolmazlygydyr. Onuň ýerine köp mukdarda garaşsyz hereket etmek mümkinçiligine eýe bolmak güýji çykyş edýändir. Sebäbi köp polýarly ulgamda blok lideriniň belli bir möçberde çözgütleri kabul etmek ýaly ygtyýarlyklary bardyr. Emma ABŞ-ny, Hytaýy, Russiýany, Ýewropa Bileleşigini, Ýaponiýany umumylykda alanyňda, halkara ulgamy köp polýarly bolmak bilen, olaryň kada döredýän we kadalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän blok lideri ornunda bolmaklary ünsi çekýändir. Bularyň daşynda döwlet we döwletiň daşyndaky faktorlardan emele gelen birnäçe güýç merkezleri bolandyr. Amerikada Braziliýa, Argentina, Wenesuella, Meksika, Orta Gündogarda Ysraýyl, Müsür, Saud Arabystany Patyşalygy, Eýran, Türkiýe we Aziýada Pakistan, Indoneziýa, Awstraliýa, Günorta Koreýa, Nigeriýa we Günorta Afrika ýaly garaşsyz hereket edýän döwletler bardyr.

BMG, ÝB, ÝHHG, ASEAN, OPEC, IMF, Dünýä Banky, Arap Bileleşigi, Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasy we Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly birnäçe guramalar hem-de başga döwletiň daşyndaky guramalar nusgawy köp polýarly ulgamyň tersine, ulgamyň polýarsyz görnüşi hökmünde nygtalmaga ýol açdy.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Dünýä tertibi hakyndaky düşünjäniň mazmuny nämede?
2. Daşary syýasata täsir edýän içerki we daşarky faktorlar haýsylar?
3. «Sowuk urşuň» netijeleri nähili boldy?

## § 5. Daşary syýasatyň wezipelerini ýerine ýetirmäge we diplomatiýany alyp barmaga ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary

Daşary syýasaty amala aşyrmak üçin ygtyýarlandyrylan edara daşary syýasat edarasy diýilýär we ol öz wezipesini diplomatik gullugyň çäklerinde ýerine ýetirýär.

«Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda daşary syýasat işlerini amala aşyrmak bilen bagly diplomatik gullugyň wezipeleri şu aşakdaky görnüşde göz öňünde tutulýar:

«Diplomatik gulluga şu wezipeler ýüklenilýär:

1) Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny we Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmek;

2) Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny, howpsuzlygyny, çäk bitewüligini we serhediniň mizemezligini, onuň halkara giňişliginde we beýleki döwletler bilen özara gatnaşyklarynda syýasy, söwda-ykdysady hem-de özge bähbitlerini goramagy diplomatik serişdeler we usullar arkaly üpjün etmek;

3) Türkmenistanyň bitaraplygyny berkitmek, halkara bileleşiginiň agzasy hökmünde ählumumy we sebit meselelerini çözmekde onuň tutýan ornuny ýokarlandyrmaga ýardam etmek;

4) Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen diplomatik we konsullyk gatnaşyklaryny amala aşyrmak;

5) Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn syýasy, söwda-ykdysady, ylym-bilim, medeni, ynsanperwerlik we beýleki ulgamlaryndaky gatnaşyklaryny ösdürmek;

6) sebitde we dünýäde bolup geçýän syýasy we ykdysady ýagdaýlary, halkara gatnaşyklarynyň ösüş meýillerini, daşary ýurt döwletleriniň daşary we içeri syýasatyny, halkara guramalaryň işini seljermek;

7) Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny ösdürmek boýunça teklipleri işläp düzmek we Türkmenistanyň Prezidentine garamak üçin hödürlemek;

8) daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen gatnaşyklarda Türkmenistanyň ýeke-täk daşary syýasat ugruny geçirmegi üpjün etmek boýunça degişli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň işini utgaşdyrmak;

9) Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky raýatlarynyň hem-de ýuridik şahslarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak;

10) Türkmenistanyň döwlet edaralaryny halkara gatnaşyklaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan maglumatlar bilen üpjün etmek;

11) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki wezipeleri amala aşyrmak».

Döwlet derejesinde daşary syýasaty alyp baryjy iň ýokary wezipe döwlet Baştutanyna degişlidir. Şeýle hem, halkara gatnaşyklaryny alyp baryjy we daşary syýasaty amala aşyryjy döwlet edaralary hökmünde ýurduň Hökümeti we Daşary işler ministrligi özlerine degişli wezipeleri ýerine ýetirýärler. Käbir ýurtlarda daşary syýasat boýunça ygtyýarlandyrylan edara başgaça-da atlandyrylyp bilner, mysal üçin, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda oňa Döwlet Departamenti diýilýär.

Döwletiň daşary ýurtlardaky daşary syýasat wezipeleri wekilçilikli edaralaryň üstüne ýüklenýär. Şeýle edaralara «diplomatik wekilhanalar» diýilýär hem-de olar hemişelik ýa-da wagtlaýyn häsiýetli bolýarlar. Hemişelik edaralara diplomatik wekilhanalar (ilçihanalar, missiýalar), halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalar, konsullyk edaralary girýärler. Wagtlaýyn edaralara halkara maslahatlarynda ýa-da halkara edaralarynda wekilçilik edýän ýörite missiýalar we wekiliýetler degişlidir. Daşary döwletlerdäki hemişelik diplomatik wekilhana «Ilçihana» diýilýär, halkara guramalarynyň ýanyndaky wekilhanalara bolsa – «Hemişelik wekilhana» diýilýär. Hususan-da, «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda: «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary (mundan beýläk – diplomatik wekilhanalar) bolýan döwleti bilen resmi döwletara gatnaşyklary saklamak, Türkmenistanyň we onuň raýatlarynyň hukuklaryna we bähbitlerine wekilçilik etmek hem-de goramak üçin döredilýär» diýlip bellenilýär. Şol Kanunyň 7-nji maddasynda bolsa, diplomatik wekilhanalaryň käbir wezipeleri şu görnüşde kesgitlenilýär:

«Diplomatik wekilhanalar aşakdaky işleri amala aşyrýarlar:

1) bolýan döwletinde Türkmenistana wekilçilik edýärler;

2) bolýan döwleti we halkara guramalary bilen Türkmenistanyň syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we özara gyzyklan-

ma bildirýän beýleki çygyrlarda gatnaşyklarynyň we arabaglanyşyklarynyň ösdürilmegine ýardam edýärler;

3) bolýan döwletinde halkara hukugy we bu döwlet bilen ikitaraplaýyn halkara şertnamalary, şeýle hem döwletleriň ikisiniň gatnaşyjylary bolup durýan köptaraplaýyn şertnamalary bilen bellenen çäklerde Türkmenistanyň, onuň raýatlarynyň we ýuridik şahslarynyň hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny üpjün edýärler;

4) bolýan döwletinde Türkmenistanyň daşary we içeri syýasaty, onuň durmuş-ykdysady, medeni we ruhy durmuşy baradaky resmi maglumatlary ýaýradýarlar;

5) bolýan döwletiniň hökümeti we beýleki guramalary hem-de edaralary bilen gepleşikleri alyp barýarlar;

6) ýokary, hökümet we parlament derejelerinde döwletara gatnaşyklaryny, şeýle hem resmi wekiliýetleriň saparlaryny taýýarlamaga we amala aşyrmaga gatnaşýarlar, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň tabşyrmagy boýunça bolýan döwletine Türkmenistanyň wekiliýetlerini ugratmagyň meselelerini ylalaşýarlar» we beýlekiler.

«Diplomatik gulluk hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilişi ýaly, diplomatik gullugynyň ulgamyna şular girýärler: «Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary, halkara guramalarynyň ýanyndaky Türkmenistanyň wekilhanalary, Daşary işler ministrliginiň Türkmenistanyň çägindäki wekilhanalary, şeýle hem Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin döredilen we bellenilen tertipde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň garamagyna degişli edilen edaralar, guramalar, okuw mekdepleri (mundan beýläk – diplomatik gullugyň ulgamyna girýän edaralar we guramalar)».

Şu Kanunda kesgitlenilişi ýaly, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi daşary syýasat işini alyp barýar we Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň ulgamyna ýolbaşçylyk edýän merkezi ýerine ýetiriji edara bolup durýar.

«Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji we 5-nji maddalarynda bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ulgamyna girýär-

ler we öz işinde oňa hasabat beriji bolup durýarlar. Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary ilçihanalara we missiýalara bölünýär. Türkmenistanyň ilçihanalaryna Türkmenistanyň ilçileri baştutanlyk edýärler.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary syýasat edarasy hakyndaky düşünjäniň mazmuny nämede?
2. Diplomatik wekilhana näme?
3. Diplomatik wekilhanalaryň nähili wezipeleri bar?

## § 6. Daşary syýasat strategiýasyny maksatlaýyn amala aşyrmagyň ylmy-tejribeleýin esaslary

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan häzirki zamanyň öňdebaryjy we okgunly ösýän döwletleriniň hatarynda bolmak bilen, milli Liderimiziň baştutanlygynda ösüşiň we rowaçlygyň ýoly bilen öňe tarap ynamly barýar. Türkmenistanyň halkara giňişliginde alyp barýan işleri yzygiderli we toplumlaýyn esasda, ýurdumyzyň hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýyna laýyklykda, şeýle hem sebitde we dünýäde emele gelen ýagdaýlary nazara almak bilen amala aşyrylýar. Munuň özi ýurdumyza goňşy we beýleki ýurtlar bilen syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwerlik ugurlarynda gatnaşyklary ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Şeýle kuwwatly ösüş köp babatda hormatly Prezidentimiziň çuňňur paýhasy bilen esaslandyrylan we tutanýerli durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň strategiki ugurlary boýunça kesgitlenýär. Şunuň bilen baglylykda, esasy wezipe hökmünde durmuşa geçirilýän ähli özgertmeleriň ýurdumyzy ösüşiň häzirkizaman derejesine çykarmak boýunça strategik maksatnamalaryň esasynda duran ileri tutulýan ugurlary kesgitlemekden başlanýar. Munuň şeýledigini biz ençeme mysallarda, ilkinji nobatda, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň» hemmetaraplaýyn we üstünlikli amala aşyrylyşynda hem görýäris. Bu Maksatnamanyň strategiki ýörelgeleri hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly eserinde we beýleki ylmy işlerinde deslapdan öz beýanyny tapdy. Türkmenistanyň ösüşiniň häzirkizaman şertlerinde

bu Maksatnamanyň maksady ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagy, her bir maşgalanyň bolelinlikde ýaşamagy bolup durýar. Şonda jemgyýeti ösdürmegiň ähli meselelerine: syýasy, kanunçylyk, ykdysady, durmuş, medeni meselelerine bir-birleriniň üstüni ýetirýän, biri-birlerini baýlaşdyrýan meseleler hökmünde berk baglanyşyklylykda garalýar, bularyň üstesine olar ösüşiň umumydünýä meýilleri, ähli adamzadyň oňyn ösüşi bilen hem baglanyşyklydyr.

Şular bilen baglylykda, daşary syýasat strategiýasy we strategiki meýilleşdiriş meselelerini ylmy taýdan öwrenmeklik şu günki günüň derwaýys meseleleriniň hatarynda durýar, aýratyn hem, daşary syýasat işinde strategiki meýilleşdiriş we saýlanyp alnan strategiki ugurdaky kesgitlenen wezipeleri yzygiderli, talabalaýyk we netijeli görnüşde ýerine ýetirmeklik uly ähmiýete eýedir.

Sözüň has giň manysynda, strategiýa – bu degişli çäklerde, mysal üçin, daşary syýasatda uzak möhletdäki ösüş ugrudyr. Ol ösüş netijesinde ýetilmeli maksatlary, ösüşiň esasy tapgyrlaryny, hereketleriň usullaryny, serişdelerini we beýleki şertlerini görkezýär. Strategiýa düşünjesiniň etimologiki gelip çykyşy «strategia» diýlen gadymy grek sözünden emele gelen hasaplanýar. Onuň manysy, ilkinji nobatda, harby mana eýe bolupdyr we «serkerdelik sungatyny» aňladýar. Strategiýa öz mazmuny boýunça giň çäklere eýe bolsa-da, onuň harby-syýasy manysy häli-häzire çenli belli bir derejede saklanyp gelýär. Gadymy Gresiýada «strateg» diýlip atlandyrylan meşhur serkerdeleriň halk arasyndaky şöhraty giňden ýaýrapdyr we olaryň uruş alyp barmak sungatyna hem strategiýa diýlipdir. Şol bir wagtda, strategiýa sungaty dünýäniň beýleki çäklerinde hem ösdürilipdir. Gadymy Hytaýda b.e.ö. 480-221-nji ýyllar aralygynda Sun-Szy atly awtor tarapyndan ýazylan hasap edilýän «Strategiýa sungaty» eseri meşhurdyr. Häzirki döwürde strategiýa düşünjesi jemgyýetçilik we döwlet durmuşynyň ençeme ugurlary üçin mahsusdyr. Mysal üçin, durnukly ösüş strategiýasy, ykdysady strategiýa, işewürlik strategiýasy, ylym-bilim we tehnologiki ösüş strategiýasy we ş.m.

Bu ugurdaky ylmy-teoretiki we amaly işleriň barha artmagy bilen bir hatarda, strategiýa barada umumy kabul edilen ýeke-täk kesgitleme ýokdur. Düýp manysyna görä aýdylanda, strategiýa – munuň özi maksatlaryň, olara gönükdirilen baş ugurlaryň we serişdeleriň

özara deňagramlylygyny üpjün etmekdir. Munuň çäklerinde ýetilmeli sepgitler, mümkinçilikler we serişdeler, usullar kesgitlenilýär. Şol bir wagtyň özünde-de, strategiýanyň amala aşyrylyşynda ahyrky maksatlar, olara ýetmegiň usullary we serişdeleri iş ýüzündäki tejribä laýyklykda kämilleşdirilýär.

Strategiýa has umumy häsiýete eýe bolmak bilen, adaty meýilnamadan tapawutlydyr. Meýilnama yzygiderli çäreleriň ýa-da wakalaryň özara baglanyşykly toplumy bolup durýar. Her bir geljekki çäre onuň öň ýanyndaky çäräniň ýerine ýetirilmegine garaşlydyr we olar üçin anyk möhletler, hatda seneler hem goýulýar. Strategiýa bolsa meýilnama ýaly kesgitli häsiýete eýe bolman, eýsem has çeýe we duş gelýän päsgelçilikleri ýeňip geçmek wezipelerini hem çözmäge gönükdirilendir. Şunuň bilen bir hatarda, strategiýany amala aşyrmagyň özi belli bir meýilleşdiriş çärelerini göz öňünde tutýar. Şu mynasybetli, strategiki meýilleşdiriş – bu strategiki dolandyryşyň, şol sanda daşary syýasaty amala aşyrmagyň esasy wezipeleriniň biridir. Onuň ilkinji wezipesi strategiki maksatlary kesgitlemek, olaryň arasyndan iň wajyplaryny saýlap almak we olara ýetmegiň ýollaryny anyk beýan etmek bilen baglydyr. Strategiki meýilleşdiriş – ähli dolandyryş çözgütleriniň esasynda durýar. Strategiki meýilnama esasynda daşary syýasat ulgamynyň amala aşyrmaly işleri, ol işleri amala aşyrmagyň sebäpleri, daşary syýasat çäreleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň usullarynyň işlenilip düzülmegini üpjün edýär.

Strategiki meýilleşdiriş döwletiň strategiki ösüşini üpjün etmegiň esasy gurallarynyň hatarynda durýar. Şunuň bilen bilelikde, ýurduň içki ösüşine we ony gurşap alýan geosyýasy giňişlikdäki ornunyň berkemegine gönükdirilen maksatlar uzak möhletiň dowamyna bellenen tapgyrma-tapgyr kesgitlenýär. Strategiki meýilleşdiriş daşarky syýasy hereketleriň baş ugruna laýyklykda amala aşyrylýar. Onda strategiki wezipeler, serişdeler we ädimleriň yzygiderliligi hem-de beýleki şertler anyklanýar. Döwlet syýasatynda, şol sanda daşary syýasatda-da strategiýa paýhas-parasatly we hemme tarapdan ölçerilen öňdengörüjilik bilen baglydyr. Stragеiki dolandyryş döwürleýin ýa-da gündelik dolandyryşdan has ýokary derejede duran dolandyryşdyr. Strategiki meýilleşdiriş degişli tejribe bilen bir hatarda, çuňňur ylmy esasda ýerine ýetirilýär. Onuň çäklerinde döwletiň we jemgyýetiň

ösüşi, onuň sebitde we dünýäde eýeleýän ähmiýetli we täsirli orny, häzirki zamanyň globallaşmak akymlary we şunuň bilen döreýän derwaýys meseleler, dürli mümkinçilikler we howplar, başga-da ençeme faktorlar göz öňünde tutulýar. Bu, aýratyn hem, ylmyň öňdengörüjilik we çaklaýyş mümkinçilikleriniň kämilleşmegi bilen baglydyr. Bu bolsa dünýä ösüşiniň kanunalaýyklyklaryna hemmetaraplaýyn aň ýetirmekligi we iş ýüzünde olara laýyk jogap berýän syýasaty amala aşyrmaklygy aňladýar.

Strategiki meýilleşdirişde uzak möhlet üçin ýetilmeli sepgitleriň we maksatlaryň kesgitlenmegi, durmuşa geçirilmeli çäreleriň we wezipeleriň aýdyňlaşdyrylmagy belli bir derejede öňünden göz öňünde tutulmadyk hereketleri çäklendirýär. Eger-de ol hereketler belli bir döwrüň öňe süren şertlerine görä maksadalaýyk bolsa, onda meýilnamadaky bellenen çäreleriň üsti ýetirilip bilner. Eger-de strategiki meýilleşdiriş amala aşyrylmasa, onda daşary syýasat ulgamynyň düzüm bölekleriniň arasy üzňe bolýar we olaryň her biri umumy maksada düşünip bilmeýär. Şeýlelik bilen, strategiki meýilleşdiriş – daşary syýasat ulgamynyň ähli düzüm böleklerini bir umumy ulgam görnüşinde dolandyrmagyň esasydyr.

Daşary syýasatda strategiki meýilleşdiriş (DSSM) işi birnäçe esasy tapgyrlardan durýar: 1) daşary syýasatyň iň esasy maksadyny kesgitlemek we milli bähbitler nukdaýnazaryndan seljermek; 2) geosyýasy nukdaýnazardan döwletiň güýçli we gowşak taraplaryny öwrenmek, mümkinçiliklerini hasaplamak, gurşap alýan daşary syýasy ýagdaýlara baha bermek; 3) daşary syýasat strategiýasyny saýlap almak; 4) daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek; 5) daşary syýasat strategiýasynyň amala aşyrylyşyna gözegçilik etmek we baha bermek; 6) daşary syýasat strategiýasyny amala aşyrmagyň netijelerini öwrenmek we DSSM-iň indiki tapgyry üçin teklipleri hödürlemek.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugurlarynyň 2008-2012, 2013-2017 we 2017-2023-nji ýyllar üçin konseptual esaslarynyň ýörite resminama görnüşinde tassyklanmagy we ýerine ýetirilmegi hem strategiki meýilleşdirişiň mysaly bolup durýar. Konsepsiýanyň esasynda Türkmen döwletiniň oňyn bitaraplygynyň düýbüni tutýan ýörelgeler goýlandyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda

işlenilip düzülen maksatnamalaýyn daşary syýasat resminamasy Türkmenistanyň alyp barjak halkara işiniň mazmunyna we ileri tutulýan ugurlaryna garaýyşlarynyň toplumyny öz içine alýar. Konsepsiýanyň esasy mazmuny Türkmenistanyň Baştutanynyň daşary syýasat meselelerine bagyşlanan maksatnamalaýyn çykyşlarynda, şeýle hem bu ugurda kabul eden degişli çözgütlerinde öňe sürlen strategik wezipelerden gelip çykýar. Konsepsiýa esasy üç ugur boýunça amala aşyrylýar we olary şu görnüşde toparlara bölmek mümkindir: 1. Geosyýasy ugur. 2. Geoykdysady ugur. 3. Ynsanperwerlik ugry.

Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň häzirki döwrüň talaplaryna görä ýokary derejä göterilmeginiň subutnamasy hökmünde «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017-2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» durmuşa geçirilip başlanmagy çykyş edýär. Munuň özi ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky parahatçylyk söýüjilikli ugrunyň mundan beýläk hem ösmeginde hil taýdan täze tapgyry aňladýar we öňde belent wezipeleriň durandygyny görkezýär. Strategiki ähmiýetli möhüm we maksatnamalaýyn daşary syýasat resminamasy bolan bu Konsepsiýanyň esasynda Türkmen döwletiniň oňyn bitaraplygyny düzýän möhüm ýörelgeler durýar. Öňde goýlan wezipeler Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň mundan beýläk hem parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna netijeli alnyp baryljakdygyna güwä geçýär.

Daşary-syýasy meýilleşdiriş gündelik we döwürleýyn, uzakmöhletleýin, strategiki we çaklaýyş döwürlerini öz içine alýar. Gündelik we döwürleýyn meýilleşdiriş – uzakmöhletleýin häsiýetli bolan strategiki meýilleşdirişiň ýerine ýetiriliş tapgyrlaryna degişli bolup durýar. Strategiýany amala aşyrmakdaky döwürleýin durmuşa geçirilýän dürli hereketleriň toplumyna taktika diýilýär. Taktikany amala aşyrmak boýunça meýilleşdirmeklige – operatiw meýilleşdiriş diýilýär.

Operatiw meýilleşdiriş kesgitli çäreleri ýa-da bir maksada gönükdirilen çäreler toplumyny, ýagny operasiýalary amala aşyrmak bilen baglydyr. Adatça, operatiw meýilleşdiriş – belli bir uly bolmadyk möhletiň içinde anyk daşary syýasat hereketlerini ýa-da çärelerini amala aşyrmak boýunça işlenilip düzülýär. Onuň mazmunynda anyk hereketler ýa-da çäreler, olaryň yzygiderliligi, jogapkär taraplar we

adamlar, serişdeler we işgärler toplumy hem-de beýleki zerur maglumatlar grafiki görnüşde beýan edilýär.

Gündelik meýilleşdiriş – diplomatik wekilhana berilýän dürli tabşyryklar esasynda düzülýär. Baş wezipeleri ýerine ýetirmek babatynda gündelik meýilleşdiriş döwürleýin we strategiki meýilnamada görkezilen çärelerden durýar. Her bir diplomatik işgär hem özi üçin gündelik meýilnama düzýär we şol esasynda işlerini guraýar. Gündelik meýilnama – mydama dürli üýtgetmelere sezewar bolýar we ony berjaý etmek wajyp bolup durýar.

Strategiki meýilnamany işläp düzmek birnäçe tapgyrdan durýar. Strategiki meýilnama işläp düzülende, çözgüt kabul edilişiniň durmuşda ýüze çykýan hakyky şertleri göz öňünde tutulmalydyr. Howaýy maksatlar ýa-da durmuşa aşmajak hereketler bolmaly däldir. Şeýle meýilleşdirmede indikatiw we direktiw çemeleşmeleri özara tapawutlandyrýarlar.

Indikatiw çemeleşmede daşary syýasat işlerini amala aşyrmagyň esasy ugurlarynyň görkezijileri kesgitlenýär. Onuň mysaly hökmünde strategiki nukdaýnazardan ileri tutulýan ugurlar bolup biler. Indikatiw çemeleşmede hereketleriň görnüşleri ýa-da serişdeleriň moçberleri çäklendirilmeýär. Olar üçin esasy ugur ýa-da uzak möhletdäki sepgit, jemleýji görkeziji ýa-da maksat kesgitlenýär. Indikatiw meýilleşdirmede bellenilen möhlet boýunça daşary syýasatyň strategiki taýdan ileri tutulýan ugurlary esasy orny eýeleýär.

Direktiw çemeleşmede her ugur boýunça amala aşyrylmaly çäreler umumy we maksatlaýyn görnüşde beýan edilýär. Daşary syýasatda strategiki meýilleşdirme tejribesinde indikatiw we direktiw çemeleşmeleriň ikisiniň hem utgaşdyrylyp ulanylmagy maksadalaýyk hasaplanýar. Strategiki meýilleşdiriş üçin zerur bolan geljekki çäreleri işläp düzmekde çaklaýyş işi örän möhüm ähmiýete eýedir. Meýilnama – bu ýerine ýetirilmegi hökmany bolan resminamadyr. Onda amala aşyrylmaly işler we çäreler wagt hem-de giňişlik nukdaýnazaryndan beýan edilýär. Çaklama bolsa, uzak möhletiň dowamynda bolup biljek ösüşiň we özgertmeleriň takmynan beýanyny aňladýar. Umuman aýdylanda, meýilleşdiriş we çaklaýyş özara ýakyndan arabaglanyşykly bolmak bilen birlikde, göz öňünde tutulýan möhletdäki we strategiki gözýetimdäki maksatlar we hereketler

özara birmeňzeş hem bolup gidýän ýaly bolýar. Çaklaýyş gözýetimi strategiki meýilleşdiriş gözýetiminden has uzaklara tarap gönükdirilýär. Ylmy-tejribe taýdan baha berlende, syýasy çaklaýyş, şol sanda, daşary syýasat we geosyýasy çaklaýyş meseleleri şu günki günüň derwaýys meselesi bolup durýar. Olar esasynda halkara syýasy ýagdaýlarynyň ösüşiniň birnäçe ssenarisi, ýagny geljekki ýüze çykyp biljek ýagdaýlaryň beýanaty görnüşinde işlenilip düzülýär.

Daşary-syýasy meýilleşdirişiň ylmy esasy giň bolup durýar we ol, ilkinji nobatda, çaklama we daşary syýasatyň nazaryýeti ýaly ylmy ugurlara daýanýar. Olar esasynda umumy usulyýet işlenilip düzülýär. Has umumy görnüşde – çaklamanyň we meýilleşdirişiň usulyýetiniň esasynda jemgyýetiň we halkara gatnaşyklary ulgamynyň ösüş kanunalaýyklyklaryny hasaba almak meselesi goýulýar.

Çaklama wezipeleri ösüşiň umumy filosofiki ýörelgelerinden ugur alýar we gapma-garşylygyň bitewüligi we özara göreşi, mukdar taýdan özgermeleriň hil taýdan bolan özgermelere getirmegi inkär etmegi inkär etmek ýaly kanunlardan ugur alýar.

Halkara gatnaşyklarynyň, daşary syýasatyň, sebit we dünýä syýasatynyň ösüşi baradaky garaýyşlary emele getirmekde halkara gatnaşyklary we syýasy nazaryýetlerine esasy orun degişlidir. Metodologiýa, ýagny usulyýet – daşary syýasatda çaklaýyş we meýilleşdiriş işinde binýatlyk ähmiýete eýedir. Metodologiýanyň çäklerinde esasy ýörelgeler, çemeleşmeler we usullar, hasaplamalar, çaklamalaryň we olary meýilleşdirmegiň, amala aşyrmagyň logikasy kesgitlenýär.

Çaklama ýörelgeleri meýilleşdirmäniň esasgoýujy düzgünlerini döretmekde uly orun tutýar. Has giň manyda, ýörelgeler meýilleşdirişiň we çaklamanyň başlangyç ädimlerini kesgitleýär. Ýörelgelere göra meýilnamalaryň maksada gönükdirlen bolmagy, ulgamlaýyn düzülmegi, meýilnamanyň gurluş düzümi, logikasy we işlenilip düzülmeginiň guramaçylyk çäreleri we ş.m. kesgitleýär. Umuman aýdylanda, ýörelgeler – bu meýilleşdirişe we çaklama işine bildirilýän talaplary esaslandyrýan düşünjelerdir.

Çaklamanyň logikasy we usulyýeti hem esasgoýujy häsiýete eýedir. Logika – bu çaklama geçirilende we meýilleşdirişiň çözgütleri esaslandyrylanda hereketleriň bir tertibe görä yzygiderliligidir. Usul – bu usulyýetiň esasy düzüm birligi hökmünde çykyş edýär. Ol kesgitli

görnüşdäki çaklama we meýilleşdiriş çözgütleri işlenilip düzülende ulanylýan anyk usullaryň we çemeleşmeleriň toplumydyr.

Logika meýilleşdirişiň iň wajyp bölegi bolup durýar. Logika bu meýilnamany işläp düzmegiň we ony esaslandyrmagyň yzygiderli hereketlerini aňladýar. Meýilleşdiriş logikasynyň esasy düzüm bölekleri şulardan ybaratdyr:

1) meýilleşdirişiň we çaklaýşyň maksatlar ulgamy;

2) daşary syýasat strategiýasynyň geçen döwürdäki we häzirki wagtdaky ýagdaýyny seljermek, onuň amala aşyrylyşyna baha bermek we geljekki ugurlaryny anyklamak;

3) daşary syýasatyň şertlerini öwrenmek we milli bähbitleri amala aşyrmagyň oňaýly ýollaryny we çemeleşmelerini kesgitlemek;

4) daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan serişdeleri we mümkinçilikleri anyklamak;

5) göz öňünde tutulan ähli sepgitleri we çäreleri milli bähbitler nukdaýnazaryndan seljermek we olara baha bermek.

Usullar – meýilnamalar, çaklamalar, maksatnamalar işlenilip düzülende ulanylýar we olar çaklamanyň we meýilleşdirmäniň metodologiki ýörelgelerini amala aşyrmagyň gurallary bolup durýarlar.

Çaklamalar we meýilnamalar işlenilip düzülende, metodologiki ýörelgelere esaslanylýar we olar, esasan, şulardan ybaratdyr:

1. Taryhy nukdaýnazardan çemeleşmek ýörelgesi – her bir daşary syýasat ugry meýilleşdirilende, oňa taryhda mälim bolan analoglar (meňzeşlikler) taýdan baha berilmelidir. Şeýle ýagdaýda, öňden mälim bolan ýalňyşlyklar we üstünlikler göz öňünde tutulmalydyr.

2. Toplumlaýyn çemeleşmek ýörelgesiniň çäklerinde genetiki we maksatlaýyn çemeleşmeler özara arabaglanyşykly ulanylýar.

3. Genetiki çemeleşme – bu daşary syýasat we halkara ýagdaýlarynyň mümkin bolan ösüş ýollaryny seljermek esasynda häzirki we geljekki ösüşlere çaklama bermegi aňladýar. Şol esasda ösüşiň kanunalaýyklyklary ýüze çykarylýar we geçmişde ýa-da şu wagtda haýal ýüze çykýan, emma geljege täsir edip biljek ýagdaýlar anyklanylýar. Genetiki çemeleşme geçmişden geljege gönükdirilen häsiýetli barlagdyr.

4. Maksatlaýyn çemeleşmede ýetilmeli maksatlar we olara ýetmegiň ýollary, serişdeleri we usullary kesgitlenilýär.

5. Çaklamanyň alternatiw ýörelgesi – köp wariantly (alternatiw) çaklamalary taýýarlamagy talap edýär. Olaryň esasynda iň oňat we talabalaýyk görnüşi saýlanylyp alynýar.

6. Ulgamlaýyn çemeleşmek ýörelgesi – halkara gatnaşyklary we daşary syýasat ulgamlarynda mukdar we hil taýdan häsiýetlendirilýän kanunalaýyklyklary öwrenmekligi aňladýar. Ol esasda seredilýän meselä ulgamlaýyn häsiýetnama berilýär we amala aşyrylmaly işler öňde duran umumy maksat we oňa ýetmek üçin ähli düzümleriň bir umumy ugra gönükdirilmegi üçin çäreler bellenilýär.

Beýan edilenleriň dowamy hökmünde strategiki meýilleşdirişiň şu aşakdaky ýörelgeleri has möhüm häsiýete eýedir:

7. Meýilleşdirmegiň yzygiderli arabaglanyşygy ýörelgesi ýa-da, başgaça aýdylanda, çaklamanyň we meýilnamanyň özara yzygiderli arabaglanyşygyny üpjün etmek. Mysal üçin, orta möhletli meýilnamalar geljege gönükdirilen, ýagny uzak möhletli meýilnamalara baglanyşykly bolmaly we olardan gelip çykmaly. Gysga möhletli meýilnamalar bolsa, öz gezeginde orta möhletli meýilnamalardan gelip çykmaly we ş.m. Uzakmöhletleýin meýilnamalar döwürleýin esasda gaýtadan seredilip durulmaly we hakyky ýagdaýlardan ugur alyp, oňa degişli düzedişler ýa-da goşmaçalar girizilmeli.

8. Maksada gönükdirmek ýörelgesine görä, her bir meýilnama bellenilen maksada gönükdirilen bolmalydyr. Onuň esasynda daşary syýasatda ileri tutulýan ugurlar we garaýyşlar durýar.

9. Ileri tutulýan ugurlar we toplumlaýyn amala aşyrmak ýörelgesi – amala aşyrylmaly işlere we çärelere hemmetaraplaýyn seretmeli, seljermeli we baha bermeli. Olaryň milli bähbitlere laýyk gelmegini üpjün etmeli.

10. Optimallyk ýörelgesi daşary syýasat ulgamynyň netijeli işlemegi üçin ileri tutulýar. Optimal diýmeklik, mümkin bolan wariantlardan iň oňadyny saýlap almaklygy aňladýar.

11. Laýyklyk ýörelgesi halkara we geosyýasy ýagdaýlar modelirlenende ulanylýar. Laýyklyk ýörelgesi hakyky ýagdaýlary hasaba almaklygy we şolara görä daşary syýasat çärelerini amala aşyrmaklygy aňladýar.

12. Deňagramlylyk we deň ölçeglilik ýörelgesi ähli görkezijileriň özara baglanyşygyny aňladýar we iş ýüzünde olary gyradeň berjaý et-

melidigini talap edýär. Başgaça aýdylanda, göz öňünde tutulan işler bar bolan mümkinçiliklerden ugur almalydyr.

Mälim bolşy ýaly, döwletiň daşary syýasaty onuň içeri syýasaty bilen berk baglanyşykda durýar we ol milli ösüşi üpjün ediji oňyn halkara şertlerini döretmekde wajyp orna eýedir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly kitabynyň birinji tomunda «Türkmen döwleti jemgyýetde, içerki durmuşda parahatçylygy söýüjiligiň, agzybirligiň, jemgyýetde hoşniýetliligiň we ynsanperwerligiň ýörelgelerini yglan etmek we amala aşyrmak arkaly bu düşünjeleri dünýä bilen özara gatnaşyklarynda hem geçirýär» diýip, aýratyn nygtaýar. Şu jähtden Milli Liderimiz ýurduň realistik, oýlanyşykly daşary syýasat strategiýasynyň içerki döwlet gurluşynyň ahlak taýdan berk binýadyna esaslanyp, onuň logiki dowamyna öwrülýändigine hem-de türkmen halkynyň iň oňat häsiýetlerini äşgär edýändigine ünsi çekýär.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz 2009-njy ýylyň 10-njy dekabrynda geçirlen «Türkmenistanyň Bitaraplyk daşary syýasaty we onuň sebitde hoşniýetli gatnaşyklaryň ösüşini üpjün etmekdäki ähmiýeti» atly halkara maslahatyna gatnaşyjylara özüniň iberen Gutlagynda «Biz daşary syýasatymyzy öz milli ýörelgelerimize we halkymyzyň bähbitlerine laýyklykda, yzygiderli alyp barýarys. Bu syýasat geljekde-de biziň alyp barýan strategiýamyzyň esasy bolar» diýip nygtady. Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 20-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň häzirki zamanyň meselelerine çemeleşmeleriniň esasynda global gatnaşyklaryň geljeginiň täze ýörelgelerine çykmak düşünjeleriniň durandygyny bellemek bilen bir hatarda, «Biz muny geljegiň Strategiýasy diýip atlandyrýarys we bu düşünjäni ösüşiň esasy meseleleri – syýasy, durmuş-ykdysady, energetika, ekologiýa meseleleri boýunça giň we berk halkara ylalaşygyny gazanmak bilen baglanyşdyrýarys» diýip, nygtap geçdi. Bu düşünjäni has çuňňur düşündirmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti özüniň 2010-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda beren metbugat konferensiýasynda eden çykyşynda bu strategiýanyň howpsuzlygyň bitewüligi bilen berk baglanyşyklydygyny açyp görkezdi. Hususan-

da, Türkmenistanyň Lideri häzirki döwürde, biziň dünýämiziň bitewi bolşy ýaly, howpsuzlygyň hem bitewüdigini aýtdy. «Şoňa görä-de, biz dünýä bileleşigine häzirki zamanyň esasy meselelerini çözmek boýunça döwletleriň mundan beýläk-de bilelikde hereket etmegi üçin başlangyç syýasy dünýägaraýşyň esasy hökmünde ýeke-täk howpsuzlyk konsepsiýasyny döretmek barada oýlanmagy teklip edýäris. Men özümiň Birleşen Milletler Guramasynda eden çykyşymda ony Geljegiň strategiýasy diýip atlandyrdym. Şonuň bilen bilelikde, bu düşünjede geosyýasy bäsdeşlik, çäklere we serişdelere gözegçilik etmek ugrundaky göreş, täsir ediş çäklerini bölüşmek we şoňa meňzeş garaýyşlar agdyklyk eden öňki ýörelgelerden ýüz döndermek baradaky garaýşy jemledim. Biz umumy strategik maksatlaryň hatyrasyna bölekler, taktiki meseleler boýunça gapma-garşylyklary ýeňip geçmegi dogry talap edýän häzirki zamanyň hakyky ýagdaýlary barada oýlanmagyň täze derejesine çykmagy teklip edýäris. Men ählumumy howpsuzlygy we ösüşi üpjün etmek boýunça köpçülikleýin tagallalar bilen baglylykda döwletleriň özara gatnaşyklarynyň nusgasyny «Bähbitleriň köpdürlüligi – maksatlaryň bitewüligi» diýip beýan ederdim» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow nygtady.

Dünýä syýasaty we halkara gatnaşyklary derejesinde hem döwletleriň uzak möhletlere gönükdirilen maksatlara ýetmek ugrundaky bilelikdäki hereketleriniň strategiki taýdan utgaşdyrylan hyzmatdaşlygyny alyp barmak hem parahatçylyk we durnukly ösüş üçin wajyp ähmiýete eýedir.

2015-nji ýylyň sentýabrynda öz işine başlan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji ýubileý maslahatynyň gün tertibinde hem bu mesele aýratyn orun eýeledi. Ilkinji nobatda, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş baradaky gün tertibine bagyşlanan sammitde öňde duryan wezipeleri çözmek boýunça hereketleriň köpugurly, toplumlaýyn meýilnamasyny kabul etmek barada giňişleýin pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bu täze global strategiýany işläp taýýarlamaga gös-göni gatnaşandygyny bellemek gerek. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan degişli milli geňeşmeleri geçirmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde saýlanylyp alnan döwletleriň toparyna girdi. Munuň özi dünýä bileleşiginiň Türkmen döwletiniň oňyn

tejribesine gyzyklanmasynyň artýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi. Çünki Türkmenistan durmuşyň ähli ugurlarynda oňyn özgertmeler syýasatyny amala aşyrýar hem-de durmuş-ykdysady taýdan ösüşinde uly üstünlikleri gazanýar. Şu mynasybetli, Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «Häzir biz Müňýyllygyň jarnamasynda beýan edilen Ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde gazanylan üstünlikleriň ýakyn 15 ýyllyk döwürde bilelikde işlemek üçin berk esas bolup hyzmat etjekdigini ynam bilen aýdyp bileris. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda gutarylman galan işleri tamamlamak hem möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, dünýä bileleşigine häzirki döwrüň hakyky ýagdaýlaryna esaslanýan we uzakmöhletleýin geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň täze, ählumumy strategiýasy zerurdyr. Ýokary derejedäki şu duşuşykda tassyklamak üçin hödürlenen, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin ösüş baradaky Gün tertibi şeýle strategiýa bolup durýar. Türkmenistan bu resminamany doly goldaýar we onuň kabul edilmeginiň tarapdary bolup çykyş edýär».

Ýokarda aýdylanlar bilen baglanyşyklylykda, daşary syýasatda strategik meýilleşdiriş işiniň ylmy we amaly-tejribeleýin esaslarynyň hemmetaraplaýyn öwrenilmeginiň barha derwaýys häsiýete eýe bolýandygyny görmek bolýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary-syýasy meýilleşdirişiň maksady nämede?
2. Strategiki meýilleşdirişiň nähili aýratynlyklary bar?
3. Çaklama näme?

# II BAP
# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ BINÝATLYK ÝÖRELGELERI WE ESASY UGURLARY

## § 1. Hemişelik bitaraplyk syýasaty Türkmenistanyň özygtyýarly saýlap alan taryhy ýoludyr

Türkmenistan özüniň Konstitusiýasy we BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly A/50/80 belgili ýörite Rezolýusiýasy esasynda hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwletdir. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan halkara gatnaşyklarynyň taryhynda ilkinji gezek şeýle ýörite Rezolýusiýanyň kabul edilmegi dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ykrar edilmegidir.

BMG-niň Baş Assambleýasy her bir döwletiň öz daşary syýasat strategiýasyny kesgitlemekde özygtyýarlylyk hukugynyň bardygyny, şeýle hem Türkmenistanyň sebit we bütin dünýä döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen işjeň we oňyn ornuny goldady. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygyny goldamak bilen, bu baradaky garaýyşlaryny ýokarda agzalan Rezolýusiýasynda BMG-niň Baş Assambleýasy şeýle beýan edýär, ýagny BMG:

«1. Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar;

2. Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar».

Baş Assambleýa Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygyny ykrar etmek bilen, BMG-ä agza döwletleri Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäk bitewüligine hormat goýmaga çagyrdy. Şol bir wagtda-da, Milletler Bileleşigi hakykat ýüzünde Türkmenistanyň bitaraplygynyň halkara-hukuk kepillikle-

rini aýan etdi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň girişinde Türkmenistanyň bitaraplygy «sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkemegine ýardam eder» diýlip kesgitlenilýär. Munuň özi ýurduň umumy ykrar edilen halkara hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasat ugrunyň oňyn häsiýetlidigininiň aýratyn bellenilmegidir.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etmekde BMG bilen bilelikde Goşulyşmazlyk hereketi we Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy ýaly iri we abraýly guramalaryň uly goldawyny nygtamak zerurdyr. Hususan-da, Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny goldamagy üpjün edýän wajyp halkara hukuk resminamalary bolan EKO-nyň 1995-nji ýylyň 15-nji martynda kabul edilen Yslamabat Jarnamasynda we Goşulyşmazlyk Hereketiniň 1995-nji ýylyň oktýabrynda kabul eden Kartahena Rezolýusiýasynda Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etmek ugrundaky tagallalary oňlanyldy.

Türkmenistanyň beýleki ýurtlar bilen baglaşylan halkara-hukuk derejesindäki birnäçe ikitaraplaýyn resminamalary (ylalaşyklar, beýannamalar, beýanatlar, jarnamalar) hem onuň hemişelik bitaraplyk syýasatynyň ykrar edilmeginiň hukuk esasy hökmünde bolup durýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap amala aşyrýan oňyn bitaraplyk daşary syýasatynyň BMG derejesinde ykrar edilmegi halkara gatnaşyklary ulgamynda synagdan geçen institutlaryň biri bolan bitaraplygyň taryhynda-da ilkinji tejribe boldy. Halkara bileleşigi Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň mysalynda halkara gatnaşyklarynyň hil taýdan täze nusgasynyň döremeginiň şaýady boldy. Türkmenistanyň bitaraplygy Merkezi Aziýa sebitinde we ondan hem has giň çäklerde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, durnukly ösüşiň özboluşly we netijeli guraly hökmünde herekete girdi.

Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň BMG-niň derejesinde şu hili halkara-hukuk resminamasy görnüşinde berkidilmegi oňa has köp durnuklylyk we berklik berýär hem-de dünýä bileleşiginiň ýurtlary tarapyndan bu bitaraplygy kepillendirýär. Gürrüň, hususanda, ýurduň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny saklamakda we berkitmekde BMG-niň ähli agzalarynyň öz borçnamalaryny ýerine ýetirmegine we şunda olaryň hereketleriniň jebisligine bagly bolan Türkmenistanyň

bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň halkara kepillikleri barada barýar. Şunuň bilen baglylykda örän möhüm bir ýagdaý ýüze çykýar, ýagny BMG-niň ähli agzalarynyň razylygy bolmasa, şeýle hukuk ýagdaýy birtaraplaýyn tertipde üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilinmez.

Türkmenistanyň Prezidenti özüniň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda beren leksiýasynda, taryhy pursadyň we ýurduň daşary syýasat strategiýasynyň many-mazmunyny açyp görkezmek bilen, şeýle diýdi: «Biz özümiziň oňyn Bitaraplyk syýasatymyzy işläp taýýarladyk we onuň binýatlaýyn düzgünlerini – parahatçylyk söýüjilik, beýleki ýurtlaryň işlerine gatyşmazlyk, olaryň özygtyýarlylygyna we çäk bitewüligine hormat goýmak, halkara harby guramalaryna we şertnamalaryna gatnaşmazlyk ýaly ugurlaryny kesgitledik. Şeýle ýoluň saýlanyp alynmagynyň zerurlygy nämede? Elbetde, ilkinji nobatda, biz milli bähbitlerimizden ugur aldyk. Anyk dünýägaraýşa daýanyp, biz goňşularymyz bilen parahatçylykda we ylalaşykda ýaşamak, ähli ýurtlar bilen dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary saklamak, olar bilen özara bähbitli ykdysady, söwda gatnaşyklaryny ösdürmek isleýäris. Şol dünýägaraýşyň esasynda bolsa bitaraplygyň, parahatçylygy söýüjiligiň we hyzmatdaşlygyň mizemez ýörelgeleri durandyr. Biz diňe şeýle şertlerde halkymyzyň parahatçylygyny we asudalygyny üpjün edip boljakdygyna, ýurdumyzy ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň meýilnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirip boljakdygyna ynanýarys».

Milli Liderimiz Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň 15 ýyllygyna bagyşlanan «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatyndaky çykyşynda Türkmenistanyň bitaraplyk daşary syýasat ugrunyň işlenip taýýarlanylmagynyň we kabul edilmeginiň öňüsyrasyndaky taryhy-syýasy şertlere aýratyn ünsi çekdi. Onuň belleýşi ýaly: «Garaşsyzlyk ýoluna düşen islendik ýurduň iňňän gysga möhletlerde ummasyz köp meseleleri çözmegi, täze hakykatyň düzüminde öz ýerini gözläp tapmagy, taryhyň onuň öňünde goýan obýektiw soraglaryna jogap bermegi zerurdyr. Halkara gatnaşyklarynyň uruşdan soňky ulgamynyň hakykat ýüzünde döwlen örän çylşyrymly şertlerinde, Sowet Soýuzynyň dargamagy netijesinde garaşsyzlygyny alan Türkmenistan hem mundan sowlup

geçmedi. Şol sebäpli daşary syýasat ugruny saýlap almak biziň üçin iň esasy we iň kyn mesele boldy. Ol nähili bolmaly, dünýä bileleşigi bilen gatnaşyklary biz nähili alyp barmaly, hyzmatdaşlygy haýsy ýörelgeler esasynda ösdürmeli? Türkmen döwletliliginiň, biziň garaşsyzlygymyzyň we özygtyýarlylygymyzyň ykbaly, esasan, biziň saýlap alan ýolumyza baglydy».

Bu pikiri ösdürmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda geçirlen «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara maslahatyndaky çykyşynda şulary aýratyn belläp geçdi: «Biziň saýlap alan bitaraplygymyz Türkmenistanyň halkynyň özboluşlylygyna, onuň taryhy we medeni däplerine, şeýle hem özüniň geografiki ýerleşişini we serişdeler kuwwatyny nazara almak bilen, biziň ýurdumyzyň ýüzbe-ýüz bolýan anyk ýagdaýlaryna sazlaşykly laýyk gelýän nusga boldy. Bitaraplyk ugry we onuň esasyna goýlan ýörelgeler bize parahatçylyk söýüjilik, beýleki halklara, olaryň medeniýetine we däp-dessurlaryna hormat goýmak hem-de sabyr-takatlylyk ýaly binýatlaýyn ölçeglere eýermäge mümkinçilik berýär. Bu ölçegler iş ýüzünde Türkmenistanyň daşary syýasatynda we diplomatiýasynda hem öz aýdyň beýanyny tapýar. Wagt Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň parahatçylyk we howpsuzlyk şertlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň uzakmöhletleýin maksatlaryna hem-de dünýäniň döwletleriniň we halklarynyň ösüşiniň bähbitlerine laýyk gelýändigini görkezdi».

Türkmenistanyň bitaraplygynyň 15 ýyllyk ýubileýi mynasybetli 2010-njy ýylyň dekabrynda BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa iberen gutlagynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygyny tassyklamak we goldamak bilen, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda biragyzdan kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň A/50/80 belgili Rezolýusiýasy barada aýratyn nygtady: «Munuň özi Türkmenistanyň halky üçin taryhy gün we Türkmenistanyň Hökümetiniň daşary syýasatynda gazanylan täsin galdyryjy üstünlik bolup durýar. Türkmenistan diňe bir hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy barada strategiki çözgüdi kabul etmek bilen çäklenmän, goňşy ýurtlar bilen özara sazlaşykly gatnaşyklaryň guralmagyny hem-de global möçberde halkara parahatçylygynyň we howpsuzlygynyň pugtalandyrylmagyny borç edindi».

Biziň ýurdumyzyň bitaraplygy onuň amatly geosyýasy ýagdaýy, abyrsyz ykdysady, energetiki we medeni baýlyklary bilen utgaşyklylygynda sebitde we Ýewraziýa giňişliginde howpsuzlygy we durnuklylygy saklamagyň girewidir. Biziň ýurdumyz we halkymyz özleriniň bitaraplyk syýasatynyň netijesinde bäş müň ýyllyk taryhy we medeniýeti, ägirt uly tebigy baýlyklary bilen berkararlyk we bagtyýarlyk döwründe beýik geljege ümzük atýan täze keşbe eýe boldy. Türkmenistanyň bitaraplygy, daşary syýasy ugry onuň harby-syýasy birleşiklere goşulmazlyk we dünýäniň ähli halklary bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek bilen häsiýetlendirilýän döwletiň aýratyn halkara-hukuk ýagdaýydyr.

Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna girmeginiň 20 ýyllygyna bagyşlanan gutlag hatynda BMG-niň Baş sekretary, şu iki onýyllygyň dowamynda garaşsyz Türkmen döwletiniň energetika, ulag, daşky gurşaw we neşe söwdasyna, terrorçylyga, ekstremizme garşy göreş, şeýle hem Owganystanda ýagdaýy durnuklylaşdyrmak ýaly esasy meseleler boýunça ýakyndan hyzmatdaşlyk edendigi barada belläp geçdi. 1995-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan ykrar edilen Türkmenistanyň bitaraplygy Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde parahatçylyga we howpsuzlyga ýardam etdi. Aşgabat şäherinde BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň (UNRCCA) ýerleşdirilendigi mynasybetli Türkmenistanyň Liderine hoşallyk bildirmek bilen, Müňýyllygyň Ösüş maksatlaryna ýetmek üçin Türkmenistan üstünlikler gazanmagyny dowam edýär diýip, Pan Gi Mun aýratyn belledi, şeýle hem BMG ýurtda öňe gidişliklere we dünýäde oňyn özgertmelere ýetmekde Türkmenistanyň halkyny goldamagyny dowam eder diýip nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň bitaraplygynyň şanly 20 ýyllyk senesi mynasybetli 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly ýokary dereјeli halkara maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «Biz daşary syýasatda oňyn Bitaraplyk diýip atlandyran ugrumyzy saýlap aldyk. Parahatçylyk söýüjiligi, beýleki döwletleriň işlerine gatyşmazlygy, olaryň özygtyýarly ösüş ýoluna we çäk bitewüligine hormat goýmagy, halkara harby guramalara we şertnamalara gatnaşmazlygy daşary syýasat ugrumyzyň esasy düzgünleri hökmünde kesgitle-

dik. Biz näme üçin şeýle ýoly saýlap aldyk? Ilkinji nobatda, elbetde, biz ýurdumyzyň milli bähbitlerinden ugur aldyk. Ýaş Türkmen döwleti öz goňşy ýurtlary bilen parahatçylyga we agzybirlige eýerip hyzmatdaşlyk etmek isleýärdi. Dünýäniň ähli ýurtlary bilen dostlukly, deňhukukly gatnaşyklary saklamagy, özara bähbitli ykdysady, söwda gatnaşyklaryny ösdürmegi maksat edinýärdi. Diňe şeýle şertlerde mähriban halkymyzyň asudalygyny we abadançylygyny üpjün edip, ykdysady hem-de durmuş taýdan ösüşiň maksatnamalaryny ýerine ýetirip boljakdygyna biz berk ynanýardyk».

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň esasy maksady nämeden ybarat?
2. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň esasy bölümlerini häsiýetlendiriň.
3. Türkmenistanyň bitaraplygynyň nähili kepillikleri bar?

## § 2. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň milli kanunçylyk we halkara-hukuk esaslary

Türkmenistan öz Garaşsyzlynyň ilkinji günlerinden başlap bitaraplyk daşary syýasatyny esasy ugur hökmünde ilkinji bolup yglan etdi we onuň halkara-hukuk derejesinde ykrar edilmegi ugrunda yzygiderli we tapgyrma-tapgyr hereket etdi.

Ýokarda bellenilişi ýaly, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Rezolýusiýasynyň ähli 185 agza döwletleriň biragyzdan ses bermeginde kabul edilmegi Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygynyň ilkinj günlerinden amala aşyrýan oňyn bitaraplyk daşary syýasat ugrunyň halkara hukuk ýagdaýyna doly eýe bolmagyny aňlatdy. Munuň özi, tutuş diplomatiýanyň taryhynda bolşy ýaly, halkara gatnaşyklary ulgamynda synagdan geçen institutlaryň biri bolan bitaraplygyň taryhynda-da ýeke-täk ajaýyp waka boldy. Halkara bileleşigi Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň mysalynda halkara gatnaşyklarynyň tejribesiniň hil taýdan täze nusgasynyň döremeginiň şaýady boldy. Türkmenistan çylşyrymly Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylykly hem-de durnukly ýaşaşmagyň we ösmegiň konsepsiýasyny dünýä teklip etdi.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky Rezolýusiýany kabul etmek bilen, BMG-niň Baş Assambleýasy her bir döwletiň öz daşary syýasat strategiýasyny kesgitlemekde özygtyýarlylyk hukugynyň bardygyny, şeýle hem Türkmenistanyň sebitiň ýurtlary we bütin dünýäniň döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge çalyşýan işjeň we oňyn ornuny tassyklady. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygyny ykrar etmek we goldamak bilen, BMG-niň agzalary bolan döwletleri Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga we ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çägleriniň bitewüligine hormat goýmaga çagyrmak bilen, Baş Assambleýa, Türkmen döwletiniň parahatçylyk söýüjilikli syýasatyna özüniň gyzyklanma bildirýändigine baglylykda, hakykat ýüzünde diňe bir ykrar etmek däl-de, eýsem onuň bolmagyna kepillikleri üpjün etmegiň hem ýoluna düşdi. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasynyň girişinde Türkmenistanyň bitaraplygy «sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkemegine ýardam eder» diýlip kesgitlenilýär. Munuň özi ýurduň umumy ykrar edilen halkara hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasat ugrunyň oňyn häsiýetlidigini aýratyn bellenilmegidir.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň dünýä derejesinde BMG-niň Baş Assambleýasynda ähli agza döwletleriň biragyzdan ses bermeginde ykrar edilmegi halkara gatnaşyklary we diplomatiýa taryhynda ilkinji gezek bolup geçdi we şu wagta çenli ýeke-täk tejribe bolmagynda galýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bitaraplygynyň aşakda görkezilen aýratyn esaslaryna ünsi çekmek zerurdyr:

1. Türkmenistanyň bitaraplygy özüniň gelip çykyşy boýunça halkara hukugynyň düzgünlerine laýyklykda – ykrar edilen bolup durýar, ýagny ol halkara-hukuk ýagdaýy BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly ýörite Rezolýusiýasy bilen berkidilendir.

2. Türkmenistanyň bitaraplygy özüniň görnüşi boýunça hemişelikdir, ýagny ol taryhy döwürlere we şertlere garamazdan, harby ýagdaýlarda-da, parahatçylykly durmuşda-da hereket edýär we berk berjäý edilýär.

3. Türkmenistanyň bitaraplygy özüniň mazmuny boýunça oňyn häsiýete eýedir, ýagny ol halkara syýasatynyň işjeň guraly bolmak bilen, barha kämilleşýär we parahatçylygy goldamakda giň mümkinçilikleri açýar.

Halkara taryhynyň ösüşi nukdaýnazaryndan seredilende, Türkmenistanyň bitaraplygynyň dünýäde özboluşly ilkinji tejribe hökmündäki aýratynlyklary onuň ykrar edilmeginiň «sowuk uruşdan» soňky dünýäniň syýasy şertlerinde hem-de onuň halkara-hukuk taýdan resmileşdirilmeginde öz beýanyny tapýar. Mälim bolşy ýaly, halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýanyň taryhynda ýurtlaryň bitaraplygy, Şweýsariýany hem goşmak bilen, uruş döwrüniň ýagdaýlaryny we gapma-garşylyklaryny aňladýan, atlandyrylyşy ýaly, «urşa bolan hukuga» esaslanýar. Üstesine-de, haýsydyr bir döwletiň bitaraplyk baradaky başlangyjy, däp bolşy ýaly, onuň özi tarapyndan däl-de, eýsem özara uruş dawasynda bolan döwletleriň topary tarapyndan öňe sürülýärdi. Güýçleriň deňagramlylygynyň bozulan mahalynda bolsa bitaraplyk ideýasynyň özi-de ýoga çykýardy. Hususan-da, 1907-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda kabul edilen Gaaga konwensiýalary hem döwletleriň bitaraplygyny, olaryň hukuklaryny we borçlaryny uruş döwrüniň şertleri hem-de uruşýan döwletleriň talaplaryna baglylykda kesgitleýärdi.

Bitaraplygyň Türkmen nusgasy halkara-hukuk tejribesinde täze waka boldy. Ol halkara gatnaşyklary ulgamyndaky bitaraplyk instituty baradaky dowam edip gelýän düşünjäni düýpgöter üýtgetdi. Bu nusga sebitde we dünýäde parahatçylygy saklamagyň hem-de howpsuzlygy üpjün etmegiň täze konsepsiýasy hökmünde öňe çykdy.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýynyň giňden goldanylmagynyň wajyp şertleriniň biri-de, onuň milli kanunçylyk taýdan berkidilmegidir. Türkmenistanyň milli kanunçylygynda ýurduň hemişelik bitaraplyk daşary syýasaty babatyndaky maksatlary we wezipeleri anyk hem-de yzygiderli beýan edildi we berkidildi. Türkmenistanyň bitaraplyk daşary syýasatynyň ýörelgeleýin düzgünleri, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we beýleki kanunlarynda berkidilendir. Olarda Türkmenistan BMG tarapyndan hemişelik bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmek bilen, öz üstüne alan halkara borçnamalaryny berk we gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi kepillendirilýär. Türkmenistan halkara-hukuk kadalaryny, ilkinji no-

batda, BMG-niň Tertipnamasynda we onuň esasgoýujy resminamalarynda beýan edilen ýörelgeleri ileri tutýar.

Ýokarda nygtalyşy ýaly, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň milli derejedäki syýasy-hukuk esaslary, ilkinji nobatda, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda we 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Konsepsiýasynda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 1-nji maddasynda bellenilişi ýaly: «Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwlet dolandyryşy prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistan öz çäginde häkimiýetiň hökmürowanlygyna we dolulygyna eýedir, ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çägi bitewüdir hem bölünmezdir. Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün edýär». Esasy Kanunymyzyň 2-nji maddasynda «Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we kanun esasynda berkidilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasy özüniň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Rezolýusiýalarynda Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar; Türkmenistanyň bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäk bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy onuň içeri we daşary syýasatynyň esasy bolup durýar» diýip bellenilendir.

Türkmenistanyň Esasy Kanunyndaky ýaly, konstitusiýalaryň şu hili beýan ediliş usuly dünýäniň hiç ýerinde ýokdur, sebäbi ol BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji we 2015-nji ýyllardaky kabul eden degişli Rezolýusiýalarynyň mazmunyny özünde saklaýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasynda şeýle bellenilýär: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň

içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz döndermek, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär».

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň konseptual ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny saklamak we berkitmek, halkara gatnaşyklary ulgamynda öz ornuny we ähmiýetini ösdürmek;

2) döwletiň içerki ösüşi üçin iň amatly daşary syýasat şertlerini döretmek;

3) halkara tejribesinde bar bolan diplomatik gatnaşyklarynyň ähli görnüşleri arkaly Türkmenistanyň milli bähbitlerini gorap saklamak we durmuşa geçirmek;

4) syýasy, diplomatik serişdeler arkaly howpsuzlygy üpjün etmek;

5) deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak esasynda ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli oňyn hyzmatdaşlygy ösdürmek;

6) daşary syýasat boýunça hereketleriň halkara hukugyna we BMG-niň Tertipnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmek.

1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny kabul edildi we onda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» Rezolýusiýasynda dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we goldanylan Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň syýasy, ykdysady we ynsanperwerlik esaslary kesgitlenildi. Türkmenistanyň bu Konstitusion Kanunynda degişli daşary syýasat ýörelgeleri berkidildi we olary umumylaşdyrylan görnüşde şeýle görkezip bolar:

1) Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygyny saklamak we berkitmek, halkara gatnaşyklary ulgamynda öz ornuny we ähmiýetini ösdürmek;

2) döwletiň içerki ösüşi üçin iň amatly daşary syýasat şertlerini döretmek;

3) halkara tejribesinde bar bolan diplomatik gatnaşyklarynyň ähli görnüşleri arkaly Türkmenistanyň milli bähbitlerini gorap saklamak we durmuşa geçirmek;

4) syýasy, diplomatik serişdeler arkaly howpsuzlygy üpjün etmek;

5) deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak esasynda ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli oňyn hyzmatdaşlygy ösdürmek;

6) daşary syýasat boýunça hereketleriň halkara hukugyna we BMG-niň Tertipnamasyna doly laýyk gelmegini üpjün etmek.

«Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Konstitusion Kanunda Türkmenistanyň özygtyýarly döwletiň aýrylmaz hukuklaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde özüniň hemişelik bitaraplygy hakynda meýletin yglan edýänligi we ony goldajakdygy hem-de yzygiderli durmuşa geçirjekdigi beýan edilýär.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň mazmunyny we maksadyny aýan etmek bilen bu Konstitusion Kanunda onuň içeri we daşary syýasatynyň jemgyýetde durnuklylygy we ylalaşygy berkitmäge, sebitiň we bütin dünýäniň döwletleri bilen dostlukly we birek-birege peýdaly gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen esasy bolup durýandygy barada nygtalýar.

Türkmenistan öz bitaraplygyna eýe bolmak bilen bir hatarda BMG bilen gatnaşyklarynyň ählumumy kabul edilen halkara-hukuk kadalary esasynda dowam ediljekdigini tekrarlaýar. Hususanda, bu Konstitusion Kanunyň 2-nji maddasynda şeýle bellenilýär: «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny kabul etmegi onuň Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyndan gelip çykýan borçlarynyň ýerine ýetirilmegine täsir etmeýär. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlarynyň hasyl bolmagyna ähli çäreler arkaly ýardam eder. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň çözgütleriniň ileri tutulmagyny ykrar edýär».

«Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda hemişelik bitaraplygyň türkmen nusgasynyň harby-syýasy, ykdysady we ynsanperwerlik ugurlary öz beýanyny tapýar. Onda Türkmenistanyň özüniň içeri we daşary syýasatynyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyna we şunuň bilen baglanyşykly öz üstüne kabul eden halkara borçnamalaryna

gyşarnyksyz we takyk laýyk gelmegini kepillendirýändigi anyk kesgitlenilýär.

Umumy ykrar edilen hemişelik bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýyna esaslanýan Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasy, ýurduň beýik özgertmeler ýoluna düşen we umumylykda jemgyýetiň galkynyşyna gönükdirilen häzirkizaman taryhy eýýamynda düýpli täze mana we mazmuna eýe bolýar. Şunlukda, Türkmenistanyň beýleki döwletler we halkara guramalary bilen hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyga hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasaty mazmun we hil taýdan has ýokary derejelere çykdy.

2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy maslahatynda 47 döwletiň awtordaşlygynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly Rezolýusiýasy ikinji gezek biragyzdan kabul edildi. Rezolýusiýa ýene bir gezek Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyny BMG-niň goldaýandygyny görkezdi we ähli agza döwletlerini bu hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga, goldamaga hem-de Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, özbaşdaklygyny we çäk bitewüligini hormatlamaga çagyrdy. Munuň özi bolsa, Türkmenistanyň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen netijeli daşary syýasatynyň ählumumy ykrar edilmeginiň doly subutnamasy bolup durýar. Rezolýusiýada sebitde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmeginde Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň taryhy tejribesi we aýgytly ähmiýeti, halkara gatnaşyklary ulgamynda dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekdäki hyzmaty ykrar edilýär.

Bu Rezolýusiýanyň kabul edilmeginiň özi, hormatly Prezidentimiziň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen netijeli syýasatynyň ählumumy ykrar edilmeginiň ajaýyp subutnamasy bolup durýar. Bellenilişi ýaly, bu wajyp köptaraplaýyn resminama ýurdumyzyň Bitaraplygynyň tutuş 20 ýyllyk tejribesini özünde jemleýär hem-de türkmen Bitaraplygynyň öňünde durýan täze wezipeleri kesgitleýär.

Türkmenistanyň Prezidenti bu barada aýtmak bilen, özüniň 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirlen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatynda sözlän sözünde şeýle

diýdi: «Geçen 20 ýyl Türkmenistanyň bitarap, parahatçylyk söýüji daşary syýasat ugrunyň diňe bir milli bähbitlere däl-de, eýsem dünýä bileleşiginiň uzak möhlete niýetlenen maksatlaryna hem doly gabat gelýändigini aýdyň subut etdi. Halkara derejede durnukly ýagdaýy we howpsuzlygy üpjün etmekde netijeli işleri alyp barmagyň we oýlanyşykly çemeleşmegiň ölçeglerine, döwletara gatnaşyklaryň esasy hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň kadalaryna doly laýyk gelýändigini görkezdi. Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýa biragyzdan gaýtadan kabul edildi. Bu bolsa biziň özygtyýarly saýlap alan ýolumyzyň dogrudygyny ýene-de bir gezek tassyklady. Bu resminamada Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatyna goldaw berilýändigi, Garaşsyz döwletimiziň halkara giňişlikde ylalaşdyryjy, parahatçylygy goldamaga esaslanýan netijeli ornunyň ykrar edilýändigi beýan edildi».

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda bitaraplyk hukuk ýagdaýy nähili beýan edilýär?
2. «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Konstitusion Kanunyň esasy maddalaryny düşündiriň.
3. BMG-niň degişli rezolýusiýalarynyň mazmuny we ähmiýeti barada gürrüň beriň.

## § 3. Türkmenistanyň daşary syýasatyny amala aşyrmagyň syýasy-diplomatik serişdeleri

Öz üstüne alan halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerýän Türkmenistan, halkara durmuşynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak we berkitmek, halkara meýdanynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek işine öz mynasyp goşandyny goşýar. Türkmenistan parahatçylyk söýüji, BMG-niň beýik maksatlaryna we ýörelgelerine wepaly, saýlap alan bitaraplyk syýasatyna çuňňur ygrarly döwlet hökmünde dünýä bileleşiginiň öňünde örän ýokary abraýa eýe bolmagy başardy.

Türkmenistanyň Baştutanynyň belleýşi ýaly, häzirkizaman şertlerinde ýüze çykýan meseleleri hasaba almak bilen, dünýä bilele-

şiginiň ylalaşykly çärelerini döretmek we tagallalaryny birleşdirmek üçin oňa hil taýdan täzeçe çemeleşmek zerurdyr. Şunda diňe bir lenç edilen meseläni görmek bilen ýa-da wagtlaýyn häsiýetli bölekleýin hereketler etmek bilen çäklenmek ýeterlik däldir. Üstesine-de, soňky onýyllyklaryň dowamynda dünýä syýasatynyň çygryna ykdysady gatnaşyklaryň we olaryň has köp sanly gatnaşyjylarynyň hem goşulmagy, bilelikde hereket etmegiň, onda-da, ilkinji nobatda, köptaraplaýyn diplomatiýanyň çäklerinde bilelikde hereket etmegiň bütinleý ölçegini täzeçe görmegiň zerurdygyny şertlendirýär.

Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň fewralynda Russiýada neşir edilýän «Türkmenistan» žurnalyna beren interwýusynda şeýle diýdi: «Biziň döwletimiziň bitaraplyk ýörelgesine esaslanýan daşary syýasaty üýtgewsiz durnuklylygy we ýeterlik derejedäki açyklygy saklaýar. Türkmenistan dünýäniň strategik durnuklylygyny üpjün etmegi we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna doly eýermegi halkara gatnaşyklarynyň netijeliligniň esasy şerti hasap edýär. Biziň ýurdumyz parahatçylygy döredijilik we hoşniýetli goňşuçylyk, dünýä bileleşiginiň ylalaşyklylygyny we durnukly ösüşini gazanmak boýunça işlere işjeň ýardam etmek syýasatyny maksada okgunly durmuşa geçirýär. Biz daşary syýasatyň we döwletara gatnaşyklarynyň guraly hökmünde harby güýji ulanmak tejribesine üzül-kesil garşydyrys, bu babatda sebit we halkara derejelerinde Merkezi Aziýada we Hazar basseýni zolagynda parahatçylygy we durnuklylygy saklamak boýunça birnäçe başlangyçlar bilen çykyş etdik. Bu başlangyçlar dünýä bileleşiginde makullaýyş we goldaw tapdy» .

Bu sözler Türkmenistanyň dünýä ýüzündäki daşary syýasatynyň uzakmöhletleýin esasy ugruny şöhlelendirýär we ol Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň münberinden şeýle beýan edildi: «Dünýä bileleşiginiň global howpsuzlygy saklamak we berkitmek, gapma-garşylyklaryň döremek howpunyň öňüni almak we aradan aýyrmak, döwletleriň hem-de halklaryň durnukly ösmegi, giň we oňyn halkara hyzmatdaşlygy üçin şertleri üpjün etmek babatdaky tagallalarynda oňa hemmetaraplaýyn ýardam bermek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksady bolupdy we şeýle bolmagynda galýar».

Bu garaýyşlary ösdürmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyndaky çykyşynda anyk

maksatlary öňde goýmaga, olaryň çözgüdini öňünden görmäge we bu maksatlar üçin netijeli halkara gurallaryny saýlap almaga esaslanýan ulgamlaýyn çäreleriň has zerurdygyna ünsi çekdi. Türkmenistanyň Baştutany bu maksatlary biri-birinden aýratynlykda seredip bolmaýan «Ösüş arkaly parahatçylyk» diýen sözler bilen atlandyrdy. Parahatçylygyň we ösüşiň arasyndaky gös-göni arabaglanyşygy görkezmek bilen, Türkmenistan şu hili çemeleşmäniň syýasy erkini, Milletler Bileleşiginiň intellektual we maddy serişdelerini jebisleşdirmäge, syýasatda, ykdysadyýetde we ynsanperwerlik çygrynda çydamly, durnukly we şol bir wagtda çeýe hem-de deňagramly halkara aragatnaşyklarynyň häzirkizaman ulgamyny döretmäge uly mümkinçilik açýanlygyndan ugur alýar. «BMG-niň Tertipnamasyna berk eýerilmegini uzakmöhletleýin parahatçylygy we strategik durnuklylygy üpjün etmegiň binýatlaýyn şerti hasaplamak bilen, Türkmenistan parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ylalaşdyryjylyk işlerine işjeň goldaw bermek syýasatyny gyşarnyksyz we maksada laýyk durmuşa geçirýär. Biz daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklarynyň guraly hökmünde harby güýji düýbünden ret edýäris» diýip, Türkmenistanyň Lideri öz çykyşynda beýan etdi. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň halkara möçberinde alyp barýan işiniň üýtgewsiz we binýatlaýyn häsiýetnamasy onuň halkara arenasynda ýurduň milli bähbitlerini üpjün etmäge, ösüş maksatnamalaryny netijeli amala aşyrmak üçin oňaýly daşarky şertleri döretmäge we halkyň hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmaga, halkara bileleşigine mundan beýlägem işjeň integrirlenmäge gönükdirilenligindedir. Bu işler taraplaryň özara hereketine täzeçe çemeleşmesi we gatnaşyklaryň täzeçe görnüşleri bilen has-da baýlaşýar. Olaryň ýörelgeleýin gurallary bolsa Türkmen döwletiniň Lideriniň öňe sürýän halkara başlangyçlarynda öz beýanyny tapýar. Häzirki döwrüň global ideýalary bilen sazlaşykly bolmak bilen, olar halkara syýasatynyň derwaýys meselelerini çözmäge aýratyn itergi berýär.

Ýurdumyzyň Bitaraplygynyň 17 ýyllygy mynasybetli öz Gutlag hatynda Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Bitaraplyk dünýäniň halklary we sebitleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde Türkmenistan Watanymyzyň abraýynyň has-da artmagyna getirdi. Bu gün oňyn bitaraplyk ýörelgeleri döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny

kesgitlemek bilen çäklenmän, eýsem, sebit derejesinde hem, dünýä bileleşiginiň çäklerinde hem syýasy durnuklylygy saklamak we goldamak, hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek babatda halkara tagallalaryny has-da rowaçlandyrýar. Türkmenistan geljekde hem bütin adamzadyň möhüm meselelerini çözmäge örän işjeň gatnaşmagyny, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy berkitmek, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin giň şertleri döretmegini dowam eder. Biz parahatçylygyň we ynsanperwerligiň asylly maksatlarynyň hatyrasyna dünýä bileleşigi bilen halkara syýasatyna düýpli täsir edýän hem-de durnukly ösüşlere ýetmäge güýçli itergi berýän gatnaşyklary işjeňleşdirmäge hemişe taýýardyrys».

Halkara durmuşynda Türkmenistanyň tutýan başlangyçlara baý, döredijilikli orny günbe-günden has meşhur häsiýete eýe bolýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýaragsyzlanmak, energetika howpsuzlygyny, daşky gurşawy we ekologiýany goramak, Merkezi Aziýada jedelli ýagdaýlaryň öňüni almak we bitaraplaşdyrmak, iri halkara ykdysady meýilnamalarynyň başyny başlamak ýaly teklipleri we başlangyçlary ýurduň daşary syýasatynyň parahatçylyga we hyzmatdaşlyga ýugrulan filosofiýasyny görkezýär. Bu bolsa sebitde we onuň daşynda döwletara gatnaşyklarynyň häsiýetine we mazmunyna oňyn täsir edýär, köptaraplaýyn bähbitleriň, gyzyklanmalaryň deňagramlylygynyň, dürli garaýyşlaryň ylalaşyjylyklydygynyň pähimli ýörelgelerine bilelikde eýermegiň ýoluny gözlemegiň hakykat ýüzündäki esaslaryny döredýär.

Şunlukda Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň başlangyç ýörelgesiniň üýtgewsiz galýandygy düşnüklidir. Onuň mazmuny Türkmenistanyň bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýynyň düzgünlerinden we şol hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan borçlardan hem-de halkara syýasatynyň meselelerine çemeleşmelerden ybaratdyr. Olar bolsa daşarky jedellere goşulmazlyk, millilikden ýokarda durýan häsiýetli köptaraplaýyn harby, syýasy we başga gurluşlara gatnaşmazlyk, döwletara gapma-garşylyklaryň parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar bilen çözülmegine ygrarlylyk, döwletleriň özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bitewüligine hormat goýmak, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerini özüne birikdirýär.

Dünýäniň ösüşiniň täze şertlerine laýyklykda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan döredijilikli pikir eleginden geçirilen bu ýörel-

geleriň gyşarnyksyz amala aşyrylmagy bitaraplygyň esaslylygyny, onuň hakyky döwlet we milli bähbitlerine laýyk gelýändigini görkezýär. Türkmenistanyň öz syýasy özbaşdaklygyny saklamagy, halkara we sebit boýunça jedellere hem-de gapma-garşylyklara çekilmekden saklanmagy, öz araçäkleriniň töwereklerinde asudalygy we howpsuzlygy üpjün etmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Bitaraplygyň ýörelgelerine gyşarnyksyz eýermegi, olary döredijilikli ösdürmegi we iş ýüzünde baýlaşdyrmagy Türkmenistanyň halkara abraýynyň has ýokarlanmagyna ýardam etdi we ynamdar, jogapkärçilikli, yzygiderli hyzmatdaş hökmünde dünýä syýasatynda onuň tutýan ornuny berkitdi.

Türkmenistanyň Prezidenti 2016-njy ýylyň 6-njy aprelinde ýurdumyzyň Ýaşlar Maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «Biziň Garaşsyz, Bitarap Watanymyzyň at-abraýy dünýäde barha ýokarlanýar. Sebäbi, berkarar döwletimiz bitaraplyk, parahatçylygy söýmek, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek we ynsanperwerlik ýörelgelerine eýerýär. Ýer ýüzüniň döwletleri we halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Häzirki döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan sebitde ylalaşdyryjy, parahatçylygy dörediji merkez hökmünde barha giňden tanalýar. Parahatçylygy üpjün etmäge, halklaryň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga we ekologiýany gowulandyrmaga gönükdirilen örän möhüm başlangyçlary öňe sürýär we üstünlikli durmuşa geçirýär».

Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanan netijeli parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatyň yzygiderli amala aşyrylmagy netijesinde Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň çägi giňelýär. Türkmenistan goňşy döwletler bilen däbe öwrülen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary yzygiderli berkidýär. Şol döwletleriň hatarynda Merkezi Aziýa we Hazar sebitiniň ýurtlaryny aýratyn bellemek gerek. Şol bir wagtda Orta we Ýakyn Gündogaryň, Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen hyzmatdaşlyk ösýär. Ýewropa we Amerika yklymlarynyň ýurtlary bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlyk hem Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar. Soňky döwürde milli Liderimiziň tabşyrygy boýunça Afrika döwletleri bilen netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça işler geçirilýär.

Abraýly halkara guramalary we düzümleri bilen hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek boýunça ýurdumyzda degişli çäreler görülýär. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan halkara guramalarynyň 44-siniň agzasy

bolup durýar. Ýurdumyzyň hemişelik wekilleri BMG (Nýu-Ýork we Ženewa şäherlerinde), Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (Wena ş.), Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasy (Er-Riýad ş.), GDA (Minsk ş.), Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy (Tähran ş.) ýaly iri we abraýly halkara guramalarynyň ýanynda akkreditirlenildi we hereket edýärler. Bulardan başga-da, Türkmenistan öz hemişelik wekilleriniň üsti bilen BMG-niň bilim, ylym, medeniýet boýunça guramasy (UNESKO), Ýadro synaglarynyň ähli görnüşlerini ýatyrmak hakynda Şertnama Guramasynyň Taýýarlaýyş topary, Himiýa ýaraglaryny gadagan etmek boýunça gurama, Halkara deňiz guramasy we beýlekiler ýaly iri halkara düzümleriniň işine hem gatnaşýar.

Türkmenistan BMG-niň Geňeşleriniň, Komitetleriniň we Komissiýalarynyň sekizisiniň düzümine saýlandy. Abraýly guramalar bilen özara gatnaşyklar yzygiderli esasda amala aşyrylýar, 2016-2020-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň we BMG-niň arasynda ösüş maksadynda hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasy, 2016-2020-nji ýyllar üçin UNISEF we UNFPA bilen hyzmatdaşlyk etmek boýunça Ýurt maksatnamalarynyň hereketler meýilnamalary, beýleki birnäçe resminamalar munuň subutnamasydyr. Olaryň hemmesi ýurdumyzda durmuş-ykdysady, energetika, ekologiýa, hukuk we beýleki ugurlar boýunça bilelikdäki anyk maksatnamalary amala aşyrmaga gönükdirilendir.

Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen habarlar ulgamynda, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ugry boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça hem anyk ädimler ädilýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2013-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) girmegi bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek we zerur bolan degişli işleri geçirmek boýunça Hökümet toparyny döretmek hakynda Karara gol çekdi. Bu çözgüdiň amala aşyrylmagy geljekde Türkmenistanyň dünýäniň ykdysady ulgamyna ynamly we netijeli girmegine, biziň ýurdumyzyň önümçiliginiň we onda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, halkara derejesine laýyklykdaky kanunçylyk esasynda bazar gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga ýardam eder.

Türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň gün tertibinde milli bähbitleri goramak bilen birlikde, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda halkara tagallalaryny bilelikde amala aşyrmak, dünýä syýasatynyň ählumumy ykrar edilen ýörelgelerini üpjün etmek,

parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna oňyn gepleşikleriň netijeli gurallaryny döretmek ýaly meseleler durýar. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýäniň döwletlerine amala aşyrýan resmi we iş saparlarynyň netijelerinde görmek bolýar. Öz nobatynda, biziň ýurdumyza daşary döwletleriň döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň derejesindäki wekiliýetler resmi we iş saparlary bilen yzygiderli gelýärler. Türkmenistan BMG-niň Baş sekretary, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary, Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy, GDA-nyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň ýolbaşçylary bilen hem ýygy-ýygydan duşuşýar we derwaýys halkara meseleleri barada pikir alyşýar.

Türkmenistanyň daşary syýasaty we ony amala aşyrmagyň diplomatik serişdeleri halkara bileleşiginiň ýörelgelerine laýyklykdaky Türkmenistanyň milli bähbitlerinden ugur almak bilen, amatly halkara şertlerini döretmäge, halkara gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir. Diplomatiýanyň esasy guraly bolan halkara gepleşikleri we resmi saparlar döwletleriň baştutanlarynyň arasynda dostlukly, ynamdarlykly gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge ýardam edýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary ýurtlara saparlarynyň hem maksatlaýyn esasda guralýandygyna ünsi çekmek zerurdyr. Bu saparlaryň ugry, syýasy we ykdysady taýdan zerurlygy, milli bähbitlerimiz nazarda tutulyp, dykgat bilen, pugta barlanylyp, deňeşdirilip, seljerilip görülýär. Şol saparlaryň geografiýasy iň täze, ýokary netijeli tehnologiýalary, ýokary önümçilik, ylmy-tehniki we maýa goýum mümkinçilikleri bolan, industrial taýdan ösen Ýewropa ýurtlaryny, okgunly ösýän ykdysadyýete eýe bolan iri Aziýa döwletlerini hem öz içine alýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň resmi saparlary şol bir wagtyň özünde daşary ýurtlary häzirkizaman Türkmen döwleti we onuň ösüşi bilen özboluşly tanyşdyrylyşy bolup durýar. Daşary ýurtlaryň işewür adamlary bilen duşuşyklaryny geçirende, Türkmen Lideri olary Türkmenistanyň maýa goýum we ykdysady mümkinçilikleri, energetiki kuwwaty we örän uly çig mal serişdeleri, ulag-aragatnaşyk gurluşlary, baý taryhy we medeni mirasy bilen tanyşdyrýar. Şunuň bilen birlikde, senagat we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň mümkin bolan

ugurlaryny, Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýum serişdelerini çekmek maksady bilen, anyk ykdysady taslamalary teklip edýär. Şunlukda, ykdysady hyzmatdaşlyk üçin ol ýa-da beýleki ugurlary teklip edende, Türkmenistanyň Prezidenti özara bähbitli we daşary ýurtly maýadarlar üçin özüne çekiji ugurlara aýratyn üns berýär.

Netijede, iň ýokary derejedäki duşuşyklaryň we gepleşikleriň her biri halkara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmeklige, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň halkara-hukuk binýadyny berkitmeklige ýardam edýän giň mümkinçilikleri açýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. «Ösüş arkaly parahatçylyk» düşünjesiniň mazmuny nämede?
2. Ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn tagallalaryň nähili mysallary bar?
3. Halkara guramalarynyň çäklerindäki gatnaşyklar haýsy esasda ösdürilýär?

## § 4. Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki hyzmatdaşlygy

Türkmenistan ikitaraplaýyn gatnaşyklary ileri tutmak bilen bir hatarda, köptaraplaýyn diplomatiýany işjeň ösdürýär. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň agza bolup durýan halkara guramalary bilen köpugurly hyzmatdaşlygyny giňeltmegiň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň hatarynda durýandygyny aýratyn nygtaýar.

Türkmenistanyň iri halkara guramalaryna gatnaşmagy we olardaky işi barada aýdylanda, BMG bilen örän ýakyndan amala aşyrylýan hyzmatdaşlygy aýratyn belläp geçmek zerurdyr. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn hyzmatdaşlygy biziň döwletimiziň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan we möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Şeýle hyzmatdaşlyk dünýäde we sebitde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamagyň mäkäm usullaryny döretmek babatda Türkmenistanyň we Milletler Bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlarynyň gabat gelmegine esaslanýar. Şunuň bilen baglylykda, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek, global syýasy, ykdysady, sosial meseleleri çözmegiň hökmany şerti bolup gulluk edýär. Şu jähtden Türkmenistanyň tagallalary howpsuzlygyň bitewiligi we bölünmezligi ýörelgelerini BMG-niň çözgütlerinde mundan beýlägem ösdürmäge gönükdirilendir.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda, Nýu-Ýork şäherinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti bu barada aýratyn belläp geçdi: «Biziň üçin bitaraplyk diňe bir hukuk ýagdaýy däldir. Munuň özi işjeň pozisiýany, ylalaşdyryjylyk arkaly halkara proseslerine giňden gatnaşmagy, ykdysady hyzmatdaşlygyň netijeli nusgalaryny işläp taýýarlamakda ýardam bermegi aňladýar. Bu berk parahatçylygy, howpsuzlygy berkarar etmek, durnukly ösüş üçin amatly şertleri döretmek maksadynda sebitde we onuň çäginden daşda bar bolan meseleleri çözmek üçin syýasy platformany bermekden hem ybaratdyr. Biziň dünýä giňişligindäki ädimlerimiziň we başlangyçlarymyzyň esasy many-mazmuny hem şundadyr. Türkmenistanyň häzirki zamanyň meselelerine çemeleşmeleriniň esasynda halkara bileleşiginiň olary çözmegiň dogry ýollaryny tapmaga ukyplylygyna göz ýetirmek, köne ýörelgeleri ýeňip geçmek, özakymlaýyn pikirlenmäniň ýüküniden halas bolmak we global gatnaşyklaryň geljeginiň täze ýörelgelerine çykmak düşünjeleri durandyr. Biz muny geljegiň Strategiýasy diýip atlandyrýarys we bu düşünjäni ösüşiň esasy meseleleri – syýasy, durmuş-ykdysady, energetika, ekologiýa meseleleri boýunça giň we berk halkara ylalaşygyny gazanmak bilen baglanyşdyrýarys».

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Pan Gi Munuň 2015-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky baýramçylyk gutlagynda şeýle sözler bar: «Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen parahatçylygyň, adalatlylygyň we adamlaryň abadan durmuşynyň hatyrasyna ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Men Türkmenistanyň Hökümetine we türkmen halkyna Birleşen Milletler Guramasynyň Aşgabatda ýerleşýän Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işine uly howandarlyk edýändikleri hem-de sebitde parahatçylygy saklamak babatynda oňyn başlangyçlar bilen çykyş edýändikleri üçin öz hoşallygymy bildirýän. Birleşen Milletler Guramasynyň we Türkmenistanyň geljekde-de türkmen halkynyň, şeýle-de Merkezi Aziýa sebitinde we onuň çäklerinden daşarda parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek, adam hukuklaryny goramak boýunça bilelikdäki işlerini dowam etjekdigine umyt edýärin» .

BMG Türkmenistany ynamdar we jogapkärçilikli hyzmatdaş hökmünde görýär. Munuň özi häzirkizaman dünýäsiniň derwaýys meseleleriniň çözgütlerini gözläp tapmak boýunça halkara geple-

şiklerinde işjeň orny eýeleýän, ýurduň oňyn içeri we daşary syýasaty bilen şertlendirilendir. Şu jähtden BMG-niň Baş Assambleýasynyň işine Türkmenistanyň işjeň gatnaşýandygyny, munuň bolsa ýurdumyza Baş Assambleýanyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji we 71-nji maslahatlarynyň wise-başlyklygyna saýlanylmagyna mümkinçilik berendigini belläp geçmek gerek. Milletler Bileleşiginiň işine Türkmenistanyň işeňňir gatnaşmagyna biziň ýurdumyzyň 2012-2015-nji ýyllar üçin BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň, 2012-2015-nji ýyllar üçin BMG-niň Neşe serişdeleri boýunça komissiýasynyň, şeýle hem hemişelik esasda – BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji komitetiniň düzümine we beýleki abraýly guramalara agzalyga saýlanmagy aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň 2012-nji ýylyň noýabrynda BMG-niň alty sany esasy edaralarynyň biri bolan – 2013-2015-nji ýyllar üçin BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň (YDG) agzasy hökmünde saýlanmagy köptaraplaýyn diplomatiýanyň taryhynda örän ähmiýetli wakalaryň biri boldy. Munuň özi dünýäniň has ösüp barýan döwletleriniň arasynda Türkmenistan üçin öňdäki orunlary üpjün edýän, täze garaýşyň syýasatçysy bolan türkmen Lideri – Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan ugrunyň netijeliliginiň nobatdaky saldamly delili boldy.

YDG-niň düzümine saýlanmagy Türkmenistanyň öňünde sebit we global möçberlerinde sosial-ykdysady meseleleriň çözülmegine gönükdirilen, milletiň Lideri tarapyndan başy başlanan meýilnamalary we maksatnamalary amala aşyrmagyň maksatlaryna laýyklykda, başga döwletler we abraýly halkara guramalary bilen Türkmen döwletiniň köpugurly hyzmatdaşlygynyň globallaşmagy we işjeňleşmegi üçin uly mümkinçilikleri açdy. Milletiň Lideriniň ençeme gezek belläp geçişi ýaly, dünýä bileleşiginiň ýurtlary bilen Türkmenistanyň ykdysady gatnaşyklarynyň ýola goýulmagynyň we ösdürilmeginiň esasy ýörelgeleri milli we umumy bähbitleriň deňagramlylygy, özara bähbitler we deňhukukly hyzmatdaşlyk bolup durýar.

BMG bilen ýakyndan gatnaşyklaryň we Türkmenistanyň gazanan üstünlikleriniň şu günki gün bu gatnaşyklaryň täze derejesine çykmaga mümkinçilik berendigini hem belläp geçmek gerek. 2016-njy ýylyň 5-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady

we Durmuş Geňeşiniň maslahatynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň 2017-2020-nji ýyllar üçin Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça komissiýasyna, 2016-2020-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş boýunça komissiýasyna hem-de 2017-2021-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça komissiýasyna biragyzdan saýlanyldy. Türkmenistanyň täze taryhynda bu şatlykly waka mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 25 ýyllyk şanly baýramynyň bellenýän ýylynda has-da ähmiýetli boldy. Munuň özi Türkmen döwletiniň halkara abraýynyň okgunly ýokary göterilýändiginiň we Milli Liderimiziň tutuş dünýäde parahatçylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ýörelgesiniň giňden ykrar edilýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Türkmenistanyň we onuň ozaldan gelýän hyzmatdaşlary bolan BMG-niň iri agentlikleriniň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynyň, BMG-niň Çagalar gaznasynyň we BMG-niň Ilat gaznasynyň bilelikdäki işleri netijesinde 2016-2020-nji ýyllaryň döwri üçin Türkmenistanda adam hukuklary baradaky Hereketleriň milli meýilnamasy, Türkmenistanyň Hökümeti bilen UNISEF-iň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça Hereketleriň ýurt meýilnamasynyň maksatnamasy we Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça Hereketleriň ýurt meýilnamasynyň maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy.

Soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen bilelikde ozalky iki sany bäşýyllyk Çarçuwaly maksatnamalara laýyklykda dürli ulgamlarda 264 sany taslamany durmuşa geçirdi. Şunuň bilen baglylykda, 2016-njy ýylyň 5-nji aprelinde Aşgabatda 2016-2020-nji ýyllarda Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen, Çarçuwaly maksatnama gol çekilendigini belläp geçmelidiris. Ol 2011-2030-njy ýyllarda Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň wezipelerine, 2015-nji ýylyň sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji maslahatynyň çäklerinde kabul edilen 2016-2030-njy ýyllarda Durnukly ösüş maksatlaryna doly laýyk gelýär.

Mälim bolşy ýaly, EKOSOS-yň düzümine ähmiýetli guramalar we dürli toparlar girmek bilen, olar özüne degişli meseleler toplumyna gözegçilik edýärler. Olaryň hatarynda BMG-niň ösüş maksady

bilen Ylym we tehnika baradaky komissiýasy, Ilat we ösüş baradaky komissiýasy we Durmuş ösüşi komissiýasy bardyr. Türkmenistan ýakynda şol komissiýalaryň doly hukukly agzalygyna saýlanyldy. Ozal ýurdumyzyň ýokarda sanalan düzümleriň hataryna girendigi bellenilmelidir we onuň gaýtadan saýlanmagy Türkmenistanyň alyp barýan köpugurly işe goşýan goşandynyň nobatdaky ykrar edilmegidir.

Şeýlelikde, BMG-niň Ilat gaznasynyň we Ösüş baradaky komissiýasynyň düzümine biziň ýurdumyz 2012-2015-nji ýyllarda girdi. Ol EKOSOS-yň kömekçi guramasy bolup durýar we öz hatarynda BMG-ä agza döwletleriň 47 wekilini birleşdirýär. 1946-njy ýylda döredilen bu gurama ilat gaznasy we migrasiýa babatda umumy syýasat meseleleri boýunça geňeşleri, demografiýa syýasatyny işläp taýýarlamakda ýurtlara ýörite kömegi berýär we demografik, ykdysady we durmuş şertleriniň özara baglanyşygy hakyndaky maglumatlary barlaýar hem-de ýaýradýar.

2014-nji ýylyň aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň BMG-niň Nýu-Ýork şäherindäki ştab-kwartirasynda geçirilen nobatdaky maslahatynda Türkmenistan 2014-nji ýyldan 2016-njy ýyla çenli döwür üçin ösüş maksady bilen BMG-niň Ylym we tehnika baradaky komissiýasynyň, şeýle hem 2014-2017-nji ýyllarda BMG-niň Durmuş ösüşi komissiýasynyň agzalygyna saýlandy. Ýurdumyzyň agzalyga hödürlenilmegi bu abraýly guramalaryň ähli agzalary tarapyndan biragyzdan goldanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji maslahatynda sözlän sözünde BMG-niň belli bir ugurlar boýunça guramalary we agentlikleri bilen örän işjeň hem-de netijeli hyzmatdaşlyk etmäge Türkmenistanyň taýýardygyny belläp geçdi. Ol bu ugurlarda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasyna, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasyna we Çagalar gaznasyna esasy hyzmatdaşlarymyz hökmünde garaýandygyny nygtady.

Türkmenistan halkara gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak bilen, daşary syýasatyň ileri tutulýan meselelerini çözmekde uly gyzyklanmasynyň we taýýarlygynyň bardygyny görkezýär. Mälim bolşy ýaly, şu maksat bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda, 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda açylan BMG-niň Mer-

kezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi BMG-niň bu ugurdaky täze tejribesine şaýatlyk edýär. Bu Merkeziň işleri we onuň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň ýollary tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň bähbitlerine laýyk gelmek bilen, ýurtlaryň, sebit we giň halkara guramalarynyň, şeýle hem beýleki gyzyklanýan taraplaryň bilelikdäki gatnaşyklarynyň öňdebaryjy iş ýüzündäki mysaly bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň Hökümetiniň ýakyndan ýardam bermeginde bu günki gün Sebit merkezi gaýragoýulmasyz sebit wezipeleriniň ähli toplumyny çözmekde degişli döwletleriň bilelikdäki işiniň aýrylmaz bir bölegi hökmünde gatnaşýar.

2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda öz işine başlan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň esasy maksady – Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň we Özbegistanyň hökümetlerine jedelleri parahatçylykly çözmek üçin mümkinçilikleri ösdürmek we gepleşikler ýoly bilen hem-de degişli meýilnamalaryň çözülmegi üçin halkara goldawyny çekmek boýunça ýardam bermekdir. Bu ýerde Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde Türkmenistanyň tutýan orny barada belläp geçmek zerurdyr.

Şu babatda, Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda goňşy döwlet bolan Owganystanyň durmuş-ykdysady we medeni galkynyşyna ähli taraplaýyn hemaýat berip gelýär. Owgan meseleleri boýunça halkara tagallalaryna işjeň gatnaşmak bilen, Türkmenistan bu goňşy döwletdäki ýagdaýy diňe diplomatik, gepleşikler usuly arkaly kadalaşdyrmagyň tarapdary bolup çykyş edýär. Goňşy Owganystanda ýagdaýy kadalaşdyrmak boýunça, owgan ykdysadyýetini ösdürmäge hem-de wajyp sosial meseleleri çözmäge çagyrýan Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlaryna BMG-niň örän ýokary baha berýändigini bellemek gerek. Şonuň ýaly-da, BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPEKA) çygrynda Türkmen döwletiniň öz günorta goňşusyna berýän saldamly goldawyny hem bellemelidir.

BMG-niň çygryndaky energetika bilen baglanyşykly başlangyçlardan işjeň öňe gidişlik hökmünde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda we 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda Baş Assambleýa tarapyndan kabul edilen «Energiýa seriş-

delerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýalary mysal getirip bolar. Olar Türkmenistanyň teklip eden halkara-hukuk gurallarynyň, ýagny energiýa serişdelerini öndürijileriň hem, üstaşyr geçirýän ýurtlaryň hem, energiýany sarp edijileriň hem bähbitlerini goramagy üpjün etmäge, şeýle hem umumy bähbitleri goramaga gönükdirilendir we ykdysady hyzmatdaşlygy hem-de durnukly ösüşi berkitmäge hyzmat edýärler.

Türkmenistan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen Aşgabatda sebitleýin we sebite garaşly BMG-niň agentlikleriniň döredilmeginiň başyny başlady. Mysal hökmünde BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasyny, BMG-niň Azyk we oba hojalyk maksatnamasyny görkezip bolar. Şular babatda ýene-de bir zady bellemek gerek, Türkmenistanda ýurt boýunça 2010-2015--nji ýyllar üçin BMG-niň üç sany agentliginiň – BMG-niň Çagalar gaznasynyň, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň we BMG-niň Ilat gaznasynyň maksatnamalary hereket etdi.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde 2013-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda geçirlen «Türkmenistan-BMG» Strategik maslahatlar geňeşiniň mejlisinde Türkmenistan bilen BMG-niň hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy we geljegi, hususan-da, BMG-niň Türkmenistanda işleýän esasy agentlikleri we ofisleri bilen hyzmatdaşlyk baradaky meselelere seredildi. Duşuşyga gatnaşyjylar Strategik maslahatlar geňeşiniň işiniň görnüşleri, onuň ygtyýarlyklarynyň çägindäki öňe sürülýän ugurlar, bilelikdäki maksatnamalary we meýilnamalary işläp düzmegiň we ýerine ýetirmegiň usullary baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

2013-nji ýylyň 9-11-nji apreli aralygynda BMG-niň Ženewadaky bölümçesinde BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň 65-nji maslahatynyň bäşinji mejlisi bolup geçdi we onda Komissiýanyň başlygynyň we wise-başlyklarynyň iki ýyllyk möhlete saýlawlary geçirildi. Bu saýlawlaryň jemi boýunça Komissiýanyň ýolbaşçy düzümi yglan edildi: Niderlandlar Patyşalygy – BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň başlygy, Türkmenistan we Şweýsariýa bolsa, bu Komissiýanyň wise-başlyklary boldular.

Komissiýanyň başlygy we wise-başlyklary şol bir wagtyň özünde iki ýylyň dowamynda BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň

Ýerine ýetiriji komitetiniň dolandyryş edarasy hökmünde çykyş edýän bu komitetiň başlygy we wise-başlyklary bolup durýarlar. Ýewropa ykdysady komissiýasynyň 65-nji maslahatynyň jemleri boýunça resmi doklad Komissiýanyň agzalary bolan 56 döwletiň biragyzdan çykaran çözgüdini şöhlelendirýär.

Şeýlelik bilen, 2013-nji ýylyň aprelinden 2015-nji ýylyň apreline çenli döwürde Türkmenistan BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň wise-başlygy boldy. BMG-niň bu komissiýasynyň wise-başlygy bolmak bilen, Türkmenistan häzirki döwrüň global meselelerini çözmek boýunça strategik başlangyçlary öňe sürmek üçin täze mümkinçiliklere eýe boldy. Şonuň bilen bir hatarda, BMG-niň düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlygyň mundan beýlägem artdyrylmagy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda gülläp ösüşiň ýolunda ynam bilen öňe barýan Türkmenistan döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşine hem ýardam berer.

Türkmenistan BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy (BMG ÝYK) bilen hyzmatdaşlyga örän uly ähmiýet berýär. Bu gurama BMG-niň bäş sany Sebitleýin komissiýalarynyň biridir. BMG ÝYK bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygy barada aýdylanda, onuň energetika, daşky gurşawy goramak, suw, ulag we söwda serişdelerini netijeli peýdalanmak çygyrlaryndaky ylalaşykly hereketleri özünde jemleýändigini bellemek gerek. Soňky ýyllarda BMG ÝYK bilen hyzmatdaşlyk Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan işlenilip düzülen Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin BMG-niň Ýörite Maksatnamasynyň (SPEKA) bilermenler toparlarynyň, komitetleriniň mejlislerinde has uly ösüşlere eýe boldy. Şu ýerde Türkmenistanyň iki ýyl yzly-yzyna SPEKA-nyň başlyklygyna saýlanandygyny hem ýatlap geçmek zerurdyr. Energetika howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky meseleler boýunça Türkmenistanyň alyp barýan işlerini, bu ugurda amala aşyrýan anyk çärelerini göz öňünde tutmak bilen, 2010-njy ýylyň noýabrynda biziň döwletimiz BMG ÝYK-nyň Ygtybarly energetika boýunça komitetiniň wise-başlyklygyna saýlandy.

SPEKA hyzmatdaşlyga tehniki ýardam bermäge niýetlenilen sebitleýin guramadyr. Onuň Dolandyryş Geňeşi 2010-njy ýylyň 19-njy oktýabrynda Ženewada geçirlen 5-nji maslahatynda Türkmenistany biragyzdan 2011-nji ýyl üçin SPEKA-nyň başlygy hökmünde saýlady.

2011-nji ýylyň 7-8-nji iýunynda SPEKA agza bolan ýurtlaryň wekilleriniň duşuşygy geçirildi. Onuň dowamynda Owganystanda asudalygy berkitmek we durnukly ösüşe ýardam bermek üçin hereketleriň meýilnamasy, sebitleýin ykdysady gatnaşyklary mundan beýlägem ösdürmegiň meseleleri, şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Owganystanyň arasyndaky infrastruktura, ulag, söwda, tebigy serişdeleri bilelikde dolandyrmak ugurlaryndaky anyk ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bu forumyň jemleri boýunça Aşgabat Beýanaty kabul edildi. Onda sebitleýin hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meselelerini çözmek maksady bilen netijeli gepleşikleri, BMG we onuň düzümleri, beýleki halkara guramalar-hyzmatdaşlar bilen özara oňyn gatnaşyklary dowam etmäge SPEKA gatnaşyjy ýurtlaryň taýýardygy öz tassyklamasyny tapdy.

2011-nji ýylyň 10-njy noýabrynda «Sebitleýin Ykdysady hyzmatdaşlyga we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň integrirlenmegine 20 ýyl: üstünlikler, garşylyklar we mümkinçilikler» atly SPEKA-nyň Ykdysady forumy geçirildi. 2011-nji ýylyň 11-nji noýabrynda geçirilen SPEKA-nyň Ýolbaşçylyk ediji geňeşiniň altynjy maslahatynda SPEKA-nyň 2012-2013-nji ýyllar üçin Iş Meýilnamasy hödürlenildi. Oňa Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek ýoly bilen, Owganystanda asudalygy berkitmek we onuň durnukly ösüşine ýardam bermek boýunça hereket etmegiň Meýilnamasyna degişli taslamalar hem girizildi. Maslahatyň dowamynda SPEKA-nyň Maksatnamasynyň esasy ugurlary bolan suw serişdeleriniň, daşky gurşawy goramagyň, ulag, söwda, gender ykdysadyýetiniň, statistik mümkinçiligiň ösdürilmeginiň oýlanyşyky we netijeli ulanylmagy boýunça meselelere hem seredildi. Türkmenistanyň SPEKA-nyň Maksatnamasynyň başlygy hökmünde 2012-nji ýyl üçin gaýtadan saýlanylmagy Ýolbaşçylyk ediji geňeşiň nobatdaky maslahatynyň jemi boldy.

Türkmenistanyň dünýäniň dürli döwletleri we halkara düzüm birlikleri bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň şu we başga-da köp mysallary biziň ýurdumyzyň hili boýunça – oňyn, wagt ölçegi boýunça – hemişelik, mazmuny boýunça – tutanýerli bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat konsepsiýasyna çuňňur ygrarlydygyna şaýatlyk edýär. Hut şu görkezijiler Türkmenistana oňyn döwletara

gatnaşyklar syýasatyny işjeň durmuşa geçirmäge, ony has ýokary derejelere götermäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň BMG-niň ähli esasy çärelerine gatnaşmagy hem, onuň ýolbaşçylygynda iri halkara forumlarynyň biziň ýurdumyzda geçirilmegi hem munuň aýdyň subutnamasydyr. 2011-nji ýylyň martynda BMG-niň birnäçe möhüm edaralarynyň ýerleşen ýeri bolan onuň Ženewadaky bölümçesiniň ýanynda Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň açylmagy hem Türkmenistan-BMG derejesinde barha ösüp barýan hyzmatdaşlygyň şaýadydyr.

Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky alnyp barylýan ýakyn hyzmatdaşlygyň tejribesi bilelikde taýýarlanylýan we amala aşyrylýan milli derejedäki uzakmöhletleýin we toplumlaýyn maksatnamalarda hem öz beýanyny tapýar. 2010-2015-nji ýyllar üçin ösüşe ýardam etmek boýunça BMG-niň Çarçuwaly maksatnamasynyň (UNDAF) işlenilip taýýarlanylmagynda we amala aşyrylmagynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň hyzmatdaşlygy munuň aýdyň mysalydyr. Bu maksatnama ozal bäş ýyla niýetlenilen bolsa, indi alty ýyla niýetlenilýär we örän giň, şol sanda strategik ugurlary, ýagny Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan özgertmeler syýasatynyň netijesinde ummasyz işler amala aşyrylan bilim, saglygy goraýyş, ekologiýa we sosial ugurlaryny özüne birikdirýär. Soňky ýyllarda hukuk mümkinçiliklerini berkitmek boýunça amala aşyrylýan taslamalaryň tejribesini hasaba almak bilen, türkmen jemgyýetiniň mundan beýlägem demokratizasiýalaşdyrylmagy, adam hukuklarynyň ilkinjiliginiň tassyklanmagy, kanunyň agalyk etmegi çygyrlaryndaky bilelikdäki iş boýunça hyzmatdaşlyklara hem aýratyn orun berilýär.

UNDAF-yň ileri tutýan esaslaryny düzýän BMG-niň Müňýyllygyň Jarnamasynyň maksatlary we wezipeleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan işlenilip düzülen we amala aşyrylýan «2020-nji ýyla çenli döwür üçin Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň strategiýasy milli Maksatnamasy» bilen sazlaşyklydyr. UNDAF-yň derejesinde hyzmatdaşlygyň biri-biri bilen baglanyşykly, adam ösüşiniň binýatlaýyn düýbüni berkitmäge gönükdirilen dört sany ileri tutulýan ugurlary işlenilip düzüldi. Olar türkmen jemgyýetiniň mundan beýläk hem demokratizasiýalaşdyrylmagynyň çuňlaşdyrylmagy, kanunyň agalyk etmegi, BMG-niň Müňýyllygyň ösüş

maksatlaryna gönükdirilen adam ösüşiniň berkidilmegi, jemgyýetiň giň gatlaklaryny çekmek bilen durnukly ösüşi üpjün etmek, parahatçylyga we howpsuzlyga hemaýat bermek ýaly möhüm ugurlary öz içine alýar.

2013-nji ýylyň 10-njy aprelinde Aşgabat şäherinde 2010-2015-nji ýyllar döwründe Türkmenistany ösdürmäge ýardam etmek boýunça BMG-niň Çarçuwaly maksatnamasynyň her ýyldaky synyna bagyşlanan ýygnak geçirildi. Forumda 2012-nji ýylda UNDAF-yň maksatnamasyny ýerine ýetirmek boýunça gazanylan netijeler ara alnyp maslahatlaşyldy we nobatdaky ýyl üçin hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri kesgitlenildi. Türkmenistanyň geosyýasatynyň ileri tutulýan ugurlary özara bähbitli sebitleýin hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi, ýurdumyzy taryhy, syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklar arkaly baglanyşdyrýan goňşy ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary berkitmek bolup durýar. Olar bilen dostlukly we doganlyk gatnaşyklaryny, ähli ugurlar boýunça giň hyzmatdaşlygy biziň ýurdumyz öz bitaraplyk hukuk ýagdaýyny we özygtyýarlylygyny berkitmegiň, öz daşary syýasatynyň maksatlaryny üstünlikli berkitmegiň kepilligi hökmünde garaýar. Şonuň bilen baglylykda Türkmenistan ýakyn goňşy döwletler bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary, şeýle hem giň sebitara hyzmatdaşlygy saklaýar we giňeldýär. Sebitiň beýleki döwletleri bilen bilelikde Türkmenistanyň eýýäm amala aşyran birnäçe iri taslamalary, şeýle hem geljekde amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýan taslamalary muňa şaýatlyk edýär. Bu taslamalar, ilkinji nobatda, umumy bähbitleriň, durnukly ösüşiň we abadançylygyň üpjün edilmeginiň hatyrasyna söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge, transmilli ulag-aragatnaşyk ulgamyny döretmäge, tebigy we energiýa serişdeleriniň ulanylmagyna gönükdirilendir.

Şu babatda 2012-nji ýylda, Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk eden döwründe ýokary halkara derejesinde geçiren birnäçe halkara çäreleri göreldeli häsiýete eýedir. 2012-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti GDA döwletleriniň ýolbaşçylarynyň Sammitinde eden çykyşynda Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmeginiň öndürijilikli bolandygy, onuň hyzmatdaşlygyň saýlanyp alnan ileri tutulýan ugurlarynyň dogrudygyny tassyklaýandygy we olaryň amala aşyrylmagy üçin täze mümkinçilikleri açýandygy ba-

rada belläp geçdi. «Bu biziň umumy üstünligimiz we Arkalaşygyň ýurtlarynyň halklarynyň progresine we ösmegine goşandymyzdyr» diýip, ol aýtdy, şeýle hem Türkmenistanyň tagallalarynyň Arkalaşygyň giňişliginde parahatçylygy, asudalygy, howpsuzlygy goldamaga we berkitmäge, özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegi we giňelmegi üçin amatly şertleri döretmäge, giň medeni, ynsanperwerlik, ylym, bilim we sport boýunça aragatnaşygy höweslendirmäge gönükdirilendigine ünsi çekdi.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we halkara hyzmatdaşlygynyň gazanan aýdyň netijeleriniň biri hem dünýäniň döwletleri bilen, ilkinji nobatda-da, ýakyn goňşulary bilen dostlukly gatnaşyklary mundan beýlägem ösdürmegidir. Muňa 2013-nji ýylyň 21-23-nji martynda ýokary halkara derejesinde Nowruz baýramynyň geçirilmegi şaýatlyk edýär. Baýramçylyk çärelerine, şol sanda «Nowruz – parahatçylygyň we ynsanperwerligiň baýramydyr» atly Halkara maslahatyna gatnaşmak üçin Aşgabada gelen BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary we beýleki ýokary derejeli wekilleri, Eýran Yslam Respublikasynyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Owganystan Yslam Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidentleri, şeýle hem Azerbaýjan Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň hökümet agzalary gatnaşdylar.

Sebitde hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek bilen bir hatarda, Türkmenistan giň halkara geriminde deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy hem ösdürýär. Türkmenistan Aziýanyň, Ýewropanyň, Demirgazyk we Günorta Amerikanyň, Afrikanyň, Awstraliýanyň ösen we çalt ösüp barýan ýurtlary bilen özara bähbitli gatnaşyklary guraýar. Türkmenistanyň sebitdäki hyzmatdaşlyga işjeň we uly gyzyklanma bilen gatnaşmagy özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp düzmek we amala aşyrmak, derwaýys meseleleri çözmek boýunça tagallalary birleşdirmek bilen bir hatarda alnyp barylýar. Bu babatda Türkmenistan aragatnaşyk infrastrukturasyny ösdürmäge, ekologiýa we tebigaty goraýyş boýunça netijeli çäreleri işläp düzmäge, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer aragatnaşyklaryny giňeltmegiň binýadynda hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmäge aýratyn üns berýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasgoýujy ýörelgeleri özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin şertleri döretmegi üpjün etmek, dürli ugurlarda özara bähbitli ykdysady taslamalary amala aşyrmak, döwletleriň arasynda dostlugy, özara düşünişmekligi we hyzmatdaşlygy döretmek bolup durýar. Bu, aýratynam, biziň ýurdumyz bilen geografiýasynyň, taryhynyň, medeniýetiniň umumylygy bilen baglanyşykly bolan sebit boýunça goňşularymyza degişlidir. Hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukuklylyk umumy eşretleriň hatyrasyna hyzmatdaşlyk üçin iň gowy esasdyr.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynda BMG-niň nähili orny bar?
2. Birleşen Milletler Guramasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» hakyndaky Rezolýusiýalarynyň ähmiýeti.
3. Türkmenistan bilen BMG-niň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary haýsylar?

## § 5. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň 2013–2017-nji ýyllar üçin konsepsiýasy

Türkmenistanyň Prezidenti Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda geçirilen giňişleýin mejlisindäki maksatnamalaýyn çykyşynda ýurduň daşary syýasat ugry, onuň ileri tutulýan wezipeleri amala aşyrylan mahalynda diplomatik gulluklara bildirilýän hil taýdan täze talaplary çuňňur esaslandyrylan görnüşde kesgitledi. Hususan-da, Türkmenistanyň Lideri şeýle belläp geçdi: «Häzirki wagtda dünýäde çylşyrymly, öňünden bilip bolmaýan, käbir ýerlerde bolsa, dartgynly ýagdaýlar ýüze çykýar. Biz halkara giňişliginde ählumumy howpsuzlygyň üpjün edilmegine hemmetaraplaýyn ýardam bermek başlangyjy bilen çykyş edýäris. Şoňa görä-de, ählumumy howpsuzlyk we parahatçylykly ýaşamak ideýalaryny işjeň durmuşa geçirmek boýunça ulanýan usullarymyzy, ýörelgelerimizi we kadalarymyzy doly derejede we dogry amala aşyrmak üçin biz dünýäde bolup geçýän wakalardan ugur alyp, çalt hem-de netijeli hereket etmelidiris».

Türkmenistanyň oňyn syýasy gepleşikleri, dünýäniň köp ýurtlary bilen ulgamlaýyn esasda özara bähbitli söwda-ykdysady we

ynsanperwerlik-medeni gatnaşyklary üstünlikli ösdürmegi muňa aýdyň mysal bolup biler. «Bitarap Türkmenistanyň 2008–2012-nji ýyllar üçin daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmegiň esasy ugurlarynda» kesgitlenilen maksatnamalaýyn wezipeleriň ýerine ýetirilmegi onuň jemleri boldy. Ýerine ýetirilen işleri häsiýetlendirmek bilen, Türkmenistanyň Baştutany ýurdumyzyň halkara arenasyndaky alyp barýan işleriniň soňky ýyllarda yzygiderli we maksada okgunly, onuň bitaraplyk hukuk ýagdaýyna berk laýyklykda, şeýle hem sebitde we umuman, dünýäde emele gelen hakykat ýüzündäki wakalary nazarda tutmak bilen amala aşyrylandygyna ünsi çekdi. Bu Türkmenistana syýasy, söwda-ykdysady we ynsanperwerlik çygyrlarynda goňşy we beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklary oňyn derejede ösdürmäge mümkinçilik berdi. Biz hyzmatdaşlygyň geografiýasyny giňeldip, oňa geljegi uly bolan täze ugurlary goşmagy başardyk. «Beýleki bir tarapdan bolsa, dünýäde Türkmenistana, biziň ýurdumyz bilen uzakmöhletli we köpugurly gatnaşyklary ýola goýmaga bildirilýän gyzyklanmanyň has-da artandygyny bellemek isleýärin. Türkmenistanyň dürli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň alyp barýan halkara gatnaşyklarynyň gerimi hem giňeldi. Häzirki döwürde şol gatnaşyklar has anyk many-mazmuna eýe bolýar» diýip, ol nygtady.

Bu babatda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti şu günki Türkmenistanyň abraýly we dünýäde hormat goýulýan döwletdigi, sebitde asudalygyň we howpsuzlygyň aýrylmaz bölekleriniň biridigi barada belläp geçdi.

Şeýle häsiýetnama halkara arenasynda Türkmen döwletiniň daşary syýasat boýunça alyp barýan işleriniň mundan beýläk hem işjeňleşdirilmeginiň konseptual esaslandyrylmasy, üstünlikli amala aşyrylmagy sebitleýin we global derejede howpsuzlygy we asudalygy üpjün etmek işinde Türkmenistanyň ornuny we ähmiýetini tassyklaýan bitaraplygyň ýörelgelerine hil we amaly taýdan täze mazmunyň berilmegi bilen delillendirilýär.

Şu nukdaýnazardan, parahatçylyk söýüjilik ugrunyň mundan beýlägem ösdürilmeginiň başlangyç nokady bolup, döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda işlenilip düzülen we onuň 2012-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky degişli Karary bilen tassyklanan «2013–2017-nji ýyllar döwri üçin Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň

konsepsiýasynyň» durmuşa geçirilip başlanmagy hyzmat etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasatyň meseleleri boýunça maksatnamalaýyn çykyşlaryna, şolarda öz beýanyny tapýan uzakmöhletleýin maksatnamalara hem wezipelere, şeýle hem bu çygyrda döwletiň Baştutany tarapyndan kabul edilen çözgütlere esaslanýan Konsepsiýa geljek bäşýyllyk döwür üçin Türkmenistanyň halkara işleriniň mazmunyna we ileri tutulýan ugurlaryna ulgamlaýyn garaýyşlaryň jemi bolup durýar.

Ýokarda görkezilen Konsepsiýa, edil milli bähbitleriň nazarda tutulyşy ýaly, ählumumy abadançylygyň hem bähbitleriniň göz öňünde tutulmagy bilen alnyp barylýan Türkmenistanyň oňyn bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny hil taýdan düýpgöter täze derejä çykarmak maksady bilen taýýarlanyldy. Resminamanyň esaslanýan ýörelgeleri Türkmenistanyň dünýäniň ýurtlary, şol sanda goňşy ýurtlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryny berkitmek we ösdürmek üçin anyk çelgilere, şeýle hem sebitde we planetada parahatçylygy, howpsuzlygy we asudalygy berkitmek boýunça halkara gatnaşyklarynyň we daşary syýasatyň beýleki ugurlaryna gönükdirilendir. Türkmenistanyň halkara guramalarynyň çygrynda alyp barýan köpugurly diplomatiýasyny ösdürmekde hem uly mümkinçilikler açylýar, ilkinji nobatda, ol BMG bilen, biziň ýurdumyzyň bu abraýly guramanyň birnäçe düzümlerine saýlanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Şeýlelikde, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan öz daşary syýasatyny durmuşa geçirmek bilen, Türkmenistan diňe bir milli bähbitlerini däl, eýsem umumadamzat bähbitlerini-de goramaga çalyşýar.

Konsepsiýanyň esasy mazmuny Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat meseleleri boýunça maksatnamalaýyn çykyşlarynda we öňe sürlen başlangyçlarynda, kabul eden degişli çözgütlerinde beýan edilen wezipeleri we garaýyşlary şöhlelendirýär. Hususanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda eden taryhy çykyşynda adamzat ösüşiniň global derejedäki we gaýragoýulmasyz wezipeleri babatynda halkara hyzmatdaşlygynyň esasy şu ugurlaryny öňe sürdi:

1. Syýasy meseleler. 2. Ykdysady ulgam. 3. Energetika. 4. Ekologiýa we daşky gurşawy goramak. 5. Ynsanpewerlik meseleleri.

Syýasy meseleler barada aýdylanda, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksadynyň parahatçylygy berkitmek we howpsuzlygy üpjün etmek bolup durýandygyny aýratyn bellemek gerek. Bu babatdaky ulgamlaýyn çäreleriň esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi baradaky konsepsiýasy durýar. Ol howpsuzlygyň milli, sebit we global derejeleriniň, şeýle hem onuň harby-syýasy, ykdysady, energiýa, suw, ekologiýa, azyk we beýleki ugurlarynyň toplumlaýyn üpjün edilmelidigini görkezýär. Bu taglymata esaslanmak bilen, Türkmenistan halkara meseleleriniň ählisini diňe syýasy-diplomatik ýollar bilen çözmegiň tarapdary bolup durýar.

Türkmenistan daşary syýasatyň we halkara gatnaşyklarynyň guraly hökmünde harby güýji düýbünden ret edýär. Sebäbi güýç ulanmak bilen gapma-garşylyklaryň çeşmelerini we sebäplerini aradan aýryp bolmaýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň Prezidenti islendik ýagdaýlary parahatçylykly serişdeler we usullar arkaly kadalaşdyrmagyň gerekdigini aýtdy we syýasy-diplomatik serişdeleri ileri tutup ulanmak hakyndaky Jarnamany işläp taýýarlamak barada teklip etdi.

Türkmenistanyň Baştutanynyň dünýä we sebit ykdysadyýeti baradaky pikir-garaýyşlaryna halkara derejesinde uly ähmiýet berilýär. Bu babatda, ol häzirkizaman maliýe-ykdysady ýagdaýlaryna çuň manyly we giň mazmunly häsiýetnama bermek bilen, Türkmenistanyň bu ugurdaky halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşmaga taýýardygyny aýan edýär, ony anyk işler bilen subut edýär. Bu hyzmatdaşlyk Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzümleri, ilkinji nobatda, Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň çäklerinde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň strategiki taýdan ileri tutulýan ugurlarynyň biri energetika pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak we energiýa serişdelerini dünýä bazaryna çykarmagyň ygtybarly ulgamyny döretmek bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan diňe bir döwletiň däl, eýsem sebit we global ösüşiň geljegine gönükdirilen energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda yzygiderli halkara ähmiýetli işlerini dowam edýär. Munuň üçin Türkmenistan dünýä bileleşiginiň öňünde duran möhüm wezipeleriň biri hökmünde global energetika infrastrukturasynyň howpsuz hereket etmegi üçin hemmetaraplaýyn gurallary işläp düzmeklik ugrunda çykyş edýär we anyk çäreleri yzygiderli amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri ekologik meseleleri çözmekde täze çemeleşmeleri gözlemek we olary özara gatnaşyklaryň has netijeli gurallary esasynda durmuşa geçirmek bolup durýar. Türkmen döwletiniň Baştutanynyň bu ugurdaky başlangyçlary, ilki bilen, tebigaty goramak ulgamynda dünýä ýurtlarynyň bilelikdäki hereketlerini mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan tebigaty goramak meselelerine uly üns bermek bilen, has işjeň halkara tagallalarynyň tarapdary bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan bäri ekologik ýagdaýlar bilen bagly wehimleri azaltmak boýunça, ilki bilen, sebit derejesindäki çäreleri amala aşyryp gelýär. Şu nukdaýnazardan, bu günki gün dürli döwletleriň, halkara we sebit guramalarynyň şu ugurda alyp barýan bilelikdäki işlerini kadalaşdyrmak üçin döredilen halkara-hukuk giňişligi ekologiýa howpsuzlygynyň global ulgamyny saklamakda, şeýle hem halklaryň we döwletleriň durnukly ösüşinde giň we oňyn halkara söhbetdeşligi alyp barmakda berk binýat bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda uly möçberli maksatlaýyn resminama – Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýa döredildi we amala aşyrylýar. Mundan başga-da, döwlet Baştutanymyz howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň sebitara merkezini döretmek baradaky teklibi hem öňe sürdi.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda eden çykyşynda Hazar sebitinde daşky gurşawy goramak meselelerine aýratyn üns bermek bilen, bu babatda Hazar ekologiýa forumyny guramak barada teklip etdi.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ynsanperwerlik ugry babatynda, ilkinji nobatda, BMG we beýleki abraýly halkara guramalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlygyň alnyp barylýandygyny bellemek zerurdyr. Hususan-da, biziň ýurdumyzda adam hukuklaryna degişli meseleler boýunça birnäçe halkara taslamalary we maksatnamalary durmuşa geçirilýär. Bu babatda Türkmenistanyň ministrlikleri, döwlet edaralary we jemgyýetçilik guramalary Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy, Çagalar Gaznasy, Bosgunlar

baradaky Baş komissarynyň müdirligi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropa Bileleşigi we beýleki guramalaryň wekilhanalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Prezidenti halkara hyzmatdaşlygynyň ynsanperwerlik ugruny mundan beýläk hem ösdürmek maksatlaryndan ugur alyp, Aşgabatda birnäçe örän möhüm halkara duşuşyklaryny geçirmek başlangyçlary bilen Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden çykyş etdi.

Ýokarda agzalan meseleler Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny emele getirýän strategik wezipeleriniň esasynda durýar. Häzirki zamanyň çalt ösýän halkara şertlerinde alnyp barylýan syýasy-diplomatik işde ileri tutulýan wezipeleri kesgitlemek we olary ýerine ýetirmegiň usullary soňlugy bilen 2013–2017-nji ýyllar döwri üçin işlenilip taýýarlanan we kabul edilen Konsepsiýada öz beýanyny tapdy. Bu strategiki resminamanyň esasynda Türkmenistanyň häzirkizaman halkara syýasatynyň derwaýys meseleleri boýunça garaýyşlary wajyp orun tutýar. Olaryň arasynda dünýäde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen oňyn halkara hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösdürilmegine, sebit we global ölçeglerde durnukly ösüş üçin iň amatly şertleri döretmäge gönükdirilen ugurlar hem öz beýanyny tapýar.

Konsepsiýanyň hukuk binýadyny Türkmenistanyň Konstitusiýasy, kanunlary we daşary syýasat çygrynda döwlet häkimiýet edaralarynyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgeleri we kadalary, şeýle hem Türkmenistanyň gatnaşýan halkara şertnamalary düzýär. Konsepsiýa Türkmenistanyň diplomatik gulluklarynyň görkezilen döwür üçin tejribedäki işini kesgitleýän esasy resminamadyr. Konsepsiýada görkezilen esasy sepgitler Türkmenistanyň döwlet edaralary üçin hem halkara hyzmatdaşlygynyň gündelik we uzakmöhletleýin meýilnamalary işlenilip taýýarlanylanda esas bolup hyzmat edýär.

Konsepsiýa Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ýörelgelerini, maksatlaryny we ileri tutulýan ugurlaryny anyk we aýdyň kesgitleýär. Bu ýerde daşary syýasat ugrunyň esasy hökmünde onuň başlangyç ýörelgesi we dünýägaraýyş binýady bitaraplyk bolmagynda galýar.

Türkmenistanyň dünýä bileleşigine doly derejede goşulyşmagy, onuň halkara-syýasy, ykdysady, maýa goýum, ylmy, medeni, bilim beriş, tebigaty goraýyş taslamalaryna netijeli gatnaşmagy içerki kanunçylyk binýadyny halkara ülňülerine we ölçeglerine yzygiderli laýyk getirmegi talap edýär. Bu babatda halkara tejribesini öwrenmek we milli bähbitler esasynda seljerip görmek wajyp bolup durýar. Döwletleriň özara baglanyşygynyň barha ösýän döwründe halkara-hukuk we milli kanunçylyk boýunça dünýä tejribesini mümkin boldugyça doly hasaba almak, bu ugurda parlamentara gatnaşyklarynyň ornunyň güýçlendirilmegi iň ýokary derejede derwaýys bolup durýar. Konsepsiýa şu şertlerde möhüm wezipe hökmünde Türkmenistanyň halkara konwensiýalaryna we ylalaşyklaryna gatnaşmagyny yzygiderli giňeltmäge, Türkmenistanyň kanunçylygyny onuň halkara borçnamalaryna laýyk getirmäge, ýurduň uzakmöhletleýin gyzyklanmalaryna jogap berýän halkara resminamalaryna goşulmaga gönükdirýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň parasatly ýolbaşçylygynda yzygiderli amala aşyrylýan halkara gatnaşyklary ulgamyna ýurdumyzyň netijeli gatnaşmagyna, bütin adamzady tolgundyrýan, ilki bilen, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak we berkitmek, durnukly ösüşi üpjün etmek ugurlaryndaky meseleleriň çözülmegine gönükdirilen Türkmenistanyň daşary syýasat ugry giň ölçegli ädimlerde öz amaly beýanyny tapýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary syýasat konsepsiýasynyň ähmiýeti nämeden ybarat?
2. «2013–2017-nji ýyllar döwri üçin Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň konsepsiýasynyň» esasy mazmuny nämede?
3. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň strategiki ugurlary haýsylar?

## § 6. Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň dünýäde dabaralanmagy we täze döwür üçin strategiki wezipeler

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji maslahatynda 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Şeýle ýokary halkara derejesindäki çözgüdiň kabul edilmegi Türkmenistanyň

daşary syýasatynyň umumadamzat bähbitlerine laýyk gelýänligini we onuň hemişelik bitaraplygynyň dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde wajyp orun tutýanlygyny subut etdi. Türkmenistanyň öňe sürýän daşary syýasat başlangyçlarynyň halkara giňişliginde giňden goldanylmagy we yzygiderli ösdürilmegi onuň Milletler Bileleşiginiň çäklerinde köptaraply diplomatiýasynyň netijeliliginiň barha ýokarlanýandygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezýär.

Bu resminamada bellenilişi ýaly, bitaraplyk milli syýasaty degişli sebitlerde hem-de ählumumy derejede parahatçylygyň we howpsuzlygyň pugtalandyrylmagyna ýardam berýär we parahatçylykly, dostlukly hem-de özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup biler. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan, şeýle hem türkmen bitaraplygynyň netijeli gatnaşyklaryň hem-de ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak maksady bilen hyzmatdaşlygyň täsirli guraly bolup, geljege gönükdirilendigi nygtalýar.

Mälim bolşy ýaly, Halkara Bitaraplyk gününi döretmek baradaky başlangyç Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan 2015-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň 20 ýyllygyna bagyşlanyp Aşgabatda geçirilen ýokary derejeli Halkara maslahatynda öňe sürüldi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministler Kabinetiniň 2017-nji ýylyň 7-nji fewralynda geçirilen mejlisinde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara Bitaraplyk güni» atly Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi mynasybetli ýurdumyzyň halkyna Ýüzlenme bilen çykyş etdi. Döwlet Baştutanymyz watandaşlarymyzy bu şanly waka bilen tüýs ýürekden gutlady we Türkmenistanyň öz bitaraplyk halkara hukuk ýagdaýyna üýtgewsiz ygrarly bolmak bilen, bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny iş ýüzünde durmuşa geçirýändigi, bu hukuk ýagdaýynyň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasyny düzýändigi barada aýratyn nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2017-nji ýylyň 18-nji fewralynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýakyn geljekdäki ýedi ýyl üçin Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitledi we «Bitarap

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» tassyklady.

«Häzirki döwürde dünýä çalt depginler bilen özgerýär. Dürli-dürli syýasy we ykdysady guramalar peýda bolýar. Täze howplar hem-de wehimler ýüze çykýar. Şeýle şertlerde jogapkärli we oýlanyşykly daşary syýasaty alyp barmagyň aýratyn möhüm ähmiýeti bardyr. Bu syýasat bitaraplygyň anyk esaslaryna hem-de aýdyň ugurlaryna laýyk gelmelidir, hemişe halkymyzyň taryhy tejribesine daýanmalydyr. Uzak asyrlaryň dowamynda toplan gymmatlyklaryna, däp-dessurlaryna we ahlak sütünlerine esaslanmalydyr» diýip, Türkmenistanyň Baştutany öz çykyşynda aýratyn nygtady.

Türkmenistnyň Prezidenti döwletimiziň hemişelik bitaraplyk ýörelgeleriniň binýatlyk ähmiýetini nygtamak bilen, parahatçylyk söýüjilik, beýleki halklara, olaryň medeniýetine hem-de däp-dessurlaryna, garaýyşlaryna we dini ynançlaryna hormat goýmak esasynda netijeli we deňhukukly gatnaşyklaryň ösdürilýänligine ünsi çekdi. Bitaraplygyň ähmiýeti barada aýtmak bilen, milli Liderimiz onuň dürli meselelerde anyk hem-de giň gepleşikleri geçirmäge şert döredýänligini, özara kabul edip boljak çözgütleri tapmaga, hyzmatdaşlygyň täze halkara görnüşlerini işjeň ösdürmäge ýardam edýänligini aýratyn belledi. Şoňa görä-de, Türkmenistan ählumumy ösüşiň örän möhüm meseleleri boýunça giň we köptaraply pikir alyşmalaryň ykrar edilen merkezleriniň biri hökmünde özüniň ornuny barha berkidýär.

Hormatly Prezidentimiz «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, döwletimiziň daşary syýasatynyň ýakyn ýyllar üçin şu esasy wezipelerini kesgitledi we olary özüniň taryhy ähmiýete eýe bolan çykyşynda beýan etdi:

1. Birleşen Milletler Guramasy bilen giňden we köptaraply hyzmatdaşlyk etmek Bitarap döwletimiziň halkara işiniň strategik ugry boldy we şeýle bolmagynda hem galýar.

2. Bitarap döwletimiz möhüm meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny geljekde hem dowam eder. Bu meseleler daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini dolandyrmak, tebigy we tehnogen häsiýetli betbagtçylyklardan goranmak bolup durýar. Biziň ýurdumyz şu halkara meselelerine Birleşen Milletler Guramasynyň has giňden we täsirli çekilmegine ýardam berer.

3. Türkmenistanyň ekologiýa we suw diplomatiýasynyň aýratyn ähmiýete eýedigini bellemek bilen, ýurdumyzyň 2016–2019-njy ýyllarda Araly halas etmegiň Halkara gaznasynda başlyklyk etmegi göz öňünde tutulanda, bu ugurda degişli Konsepsiýanyň düzgünlerini durmuşa geçirmek zerur bolup durýar. Şoňa görä-de, bu işe anyk häsiýet bermek we ony ahyrky netijeleri gazanmaga gönükdirmek möhümdir.

4. Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek boýunça Baş Assambleýanyň kabul eden rezolýusiýalarynyň düzgünlerini anyk hem-de gyşarnyksyz ýerine ýetirmek üçin zerur işleri geçirmek bilen bu ugurda Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler, bu Guramanyň Sekretariaty bilen hyzmatdaşlygy işjeň dowam etmeli. Energetika howpsuzlygy babatda we durnukly energetika ulgamynda Guramanyň köptaraply halkara-hukuk resminamasyny işläp taýýarlamak boýunça halkara bilermenler toparynyň işlemegi üçin amatly şertleri döretmeli. Türkmenistanyň 2017-nji ýylda Energetika Hartiýasynyň Konferensiýasynda başlyklyk etmegi bilen, bu ugurda öňde duran işleri ýokary derejede guramaçylykly hem-de many-mazmunly geçirmeli.

5. Ulag ulgamy hem Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň esasy ugurlarynyň biri bolmalydyr. Şoňa görä-de, ulag geçelgelerini döretmek boýunça ýurdumyzyň başlangyçlaryny işjeň durmuşa geçirmeli we Merkezi Aziýany kontinent ähmiýetli iri üstaşyr geçiriş çatrygyna öwürmek üçin ähli işleri amala aşyrmaly. 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda geçirilen Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahaty ulag meselesi boýunça giň halkara gatnaşyklaryny iş ýüzünde durmuşa geçirmekde badalga öwrüldi. Bu ugurda alyp barýan işlerimizi geljekde hem dowam etmeli we Aşgabatda kabul edilen jemleýji resminamanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilmegini gazanmaly.

6. Garaşsyz ýurdumyz beýleki halkara we sebit guramalary – Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk hereketi bilen gatnaşygy yzygiderli giňelder. Şoňa görä-de, parahatçylygy we howpsuzlygy, ykdysady hem-de ynsanperwer hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, anyk halkara işlerini alyp barmak üçin bu guramalaryň

mümkinçiliklerini işjeň peýdalanmaly. Şol bir wagtda, Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna assosiirlenen agza bolmak bilen, Arkalaşygyň çäklerindäki işini öz bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň esasy kadalaryna laýyklykda mundan beýläk-de ösdürer. Soňky ýyllar-da ýurdumyzyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen alyp barýan arkalaşykly işinde hem belli bir derejede ilerleme boldy. Şunuň bilen baglylykda, bu iri sebit halkara guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmegiň mümkin bolan görnüşlerini öwrenmeli.

7. Ýakyn goňşularymyz bilen ysnyşykly we köptaraply gatna-şyklary ösdürmek hem Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň örän möhüm ugrudyr. Sebitiň döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmek, özara düşünişmek we ynanyşmak Merkezi Aziýada parahatçylygy hem-de howpsuzlygy gorap saklamagyň we pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýar. Sebitiň ykdysady we durmuş taýdan depginli ösüşini kesgitleýär. Dünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulmaga, maýa goýumlaryny giňden çekmäge mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň sebit strategiýasynyň mazmuny – giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek we möhüm ösüş meselelerini çözmek üçin, Merkezi Aziýada amatly geosyýasy hem-de ykdysady şertleri döretmäge doly ýardam bermekden ybaratdyr. Şundan ugur alyp, Garaşsyz ýurdumyz sebitiň döwletleri bilen ikitaraplaýyn görnüşde hem, halkara guramalarynyň ugry boýunça hem anyk maksada gönükdirilen işleri mundan beýläk-de dowam eder. Türkmenistanyň alyp barýan bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we özara hormatlamak syýasaty netijesinde, bize Azerbaýjan, Owganystan, Eýran, Gaza-gystan we Özbegistan bilen, Merkezi Aziýanyň beýleki döwletleri – Gyrgyzystan hem-de Täjigistan bilen dostluk, hyzmatdaşlyk we özara düşünişmek gatnaşyklaryny ýola goýmak başartdy. Türkmenistan bu ýurtlary, olarda ýaşaýan halklary doganlyk ýurtlar we halklar hasap-laýar. Olar bilen biziň ýurdumyzy geografiýa taýdan ýerleşmegimiz, taryhymyz, medeniýetimiz we däp-dessurlarymyz birleşdirýär. Şoňa görä-de, biz sebitde alnyp barylýan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn berkideris. Söwda, ykdysady we ynsan-perwerlik gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam bereris. Şunuň bilen baglylykda, biz Owganystana aýratyn ähmiýet berýäris. Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda bu ýurtda ýagdaýyň para-

hatçylykly, syýasy taýdan düzgünleşdirilmegi ugrunda çykyş edýäris. Owganystanyň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine iş ýüzünde kömek bermekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge çalyşýarys.

8. Biz Hazar deňzi boýunça bäştaraplaýyn hyzmatdaşlyga hem işjeň gatnaşmagy dowam ederis. Soňky ýyllarda Hazar deňzi bilen bagly birnäçe esasy meseleler, şol sanda onuň hukuk ýagdaýyna çemeleşmeleri ylalaşmak boýunça düýpli öňegidişlik gazanyldy. Türkmenistanyň öňe süren we ähli gatnaşyjy döwletleriň makullan, Hazar deňziniň suw-biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakyndaky hem-de Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyklara gol çekildi. Biz Hazar deňzinde söwda-ykdysady we ulag ulgamlarynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky resminamalaryň üstünde işlemek baradaky başlangyç bilen hem çykyş etdik. Şoňa görä-de, hazarýaka ýurtlary bilen şu başlangyçlary goldamak boýunça yzygiderli iş alyp barmaly. Hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan bu ugurlarynda yzygiderli we anyk maksada gönükdirilen gatnaşyklary ýola goýmaly.

9. Russiýa Federasiýasy Türkmenistanyň strategik hyzmatdaşy bolup durýar. Russiýa bilen ikitaraplaýyn görnüşde, şeýle hem halkara guramalarynyň çäklerinde alnyp barylýan hyzmatdaşlyk özüniň netijelidigini, iki ýurduň hem düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigini subut etdi. Biz Russiýanyň sebitleri bilen göni hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdüreris. Bu sebitler türkmen bazaryna barha uly gyzyklanma bildirýärler.

10. Biz Zakawkazýe döwletleri, Ukraina, Belarus Respublikasy, Moldowa Respublikasy bilen gatnaşyklary giňeltmegi dowam ederis. Bu ýurtlar däp bolan hyzmatdaşlarymyz bolup durýar. Olar bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklar möhüm ähmiýete eýedir. Söwda-ykdysady, maýa goýum, medeni-ynsanperwer ugurlarda hem bu döwletler bilen hyzmatdaşlyk etmekde uly mümkinçilikler bar diýip hasap edýäris.

11. Hytaý Halk Respublikasy bilen ýurdumyzy ysnyşykly dostluk we strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýar. Häzirki döwürde Hytaý Türkmenistanyň iri daşary söwda hyzmatdaşy

bolup durýar. Bu ýurt bilen hyzmatdaşlyk etmek özara bähbitli we uzak möhletli esasda ýola goýulýar. Daşary syýasatymyzyň gündogar ugry bilen baglylykda, biz Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň beýleki döwletleri bilen gatnaşyklarymyzy hem pugtalandyrarys. Soňky ýyllarda Ýaponiýanyň, Malaýziýayň we Koreýa Respublikasynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklar geçirildi. Bu duşuşyklar hyzmatdaşlyk etmäge taraplaryň özara gyzyklanýandygyny, munuň üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny doly tassyklady.

12. Biz Ýewropa ýurtlary, Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen, ilkinji nobatda, Merkezi Aziýada parahatçylygy hem-de durnuklylygy saklamak ýaly möhüm meselelerde işjeň hyzmatdaşlygy dowam ederis. Täze wehimlere we howplara garşy göreşde, energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde netijeli gatnaşyklary alyp bararys.

13. Latyn Amerikasy ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini hem düýpli öwrenmeli diýip hasap edýäris. Bu sebitiň birnäçe uly döwletleri Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge uly gyzyklanma bildirýärler. Şoňa görä-de, dürli halkara çärelerinde bu ýurtlar bilen syýasy taýdan hyzmatdaşlyk etmegiň mümkinçiliklerini işjeň ulanmaly. Olaryň ösýän ýurtlaryň bähbitlerini goramak babatda däp bolan garaýyşlaryndan peýdalanmaly.

14. Biz daşary syýasatymyzyň Afrika ugruny hem işjeň alyp barmalydyrys. Afrika Birleşigi bilen başlan gatnaşyklarymyzy berkitmelidiris hem-de giňeltmelidiris.

15. Halkara maliýe-ykdysady edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek häzirki döwürde dünýä hojalyk gatnaşyklaryna Türkmenistanyň üstünlikli goşulmagynda örän möhüm wezipedir. Şunuň bilen baglylykda, biz geljekde hem Bütindünýä banky, Halkara Pul Gaznasy, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş banky, Aziýanyň Ösüş banky, Yslam Ösüş banky we beýleki iri maliýe guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp bararys. Bütindünýä Söwda Guramasyna girmegi düzgünleşdirýän amallary öwrenmegi dowam ederis.

16. Däp bolşy ýaly, biz halkara medeni hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly ähmiýet berýäris. Bu hyzmatdaşlygy parahatçylygyň, adamlaryň özara düşünişmeginiň we ýakynlaşmagynyň örän möhüm usuly hasaplaýarys. Türkmenistan medeniýet, döredijilik wekilleri bilen gatnaşyk etmek üçin açykdyr. Ýurdumyzda her ýyl halkara

bäsleşikleri we festiwallary geçirilýär. Şeýle çärelere bütin dünýäden medeniýet we sungat işgärleri, özi-de diňe bir ykrar edilen ussatlar däl-de, eýsem ýaşlar we çagalar hem gatnaşýarlar. Bu çäreler dürli halklaryň we dinleriň wekilleriniň arasynda birek-birege hoşniýetli garamak, dostlaşmak, özara hormatlamak hem-de ynanyşmak gatnaşyklaryny ýola goýmaga ýardam berýär.

17. Nesip bolsa, şu ýyl Aşgabatda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryny geçireris. Bu bolsa, Aziýanyň Olimpiýa komitetiniň ýurdumyza bildiren uly ynamydyr. Türkmenistanyň sport ulgamynda gazanan üstünlikleriniň, dünýä olimpiýa hereketine, sporty we sagdyn durmuş kadalaryny wagyz etmäge goşan goşandynyň ykrar edilmegidir. Şunuň bilen baglylykda, bu Oýunlaryň başlanmagyna çenli galan döwürde ýurdumyzyň taryhynda örän möhüm bolan bu halkara çäresine görülýän taýýarlyk barada dünýä jemgyýetçiligini habardar etmekde alnyp barylýan işleri güýçlendirmeli. Şu meselede halkymyzyň açyklygyna, özboluşlylygyna, beýleki medeniýetlere hormat goýýandygyna aýratyn ähmiýet bermeli. Dürli ýurtlardan bu çärä gatnaşyjylary hem-de myhmanlary örän ýokary derejede guramaçylykly kabul etmäge taýýardygymyzy habar bermeli. Olaryň ählisini türkmen halkynyň ajaýyp däp-dessurlaryna laýyklykda myhmansöýerlik we göwnaçyklyk bilen garşylamaly.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Daşary işler ministrligine Konsepsiýany durmuşa geçirmek, bu resminamada bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça işleri üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle hem, Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň we beýleki döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryna öz halkara işleriniň gündelik hem-de geljek üçin meýilnamalary düzülende, şu resminama esaslanmak tabşyryldy.

Türkmenistanyň Prezidenti döwletimiziň daşary syýasatynyň, haýsy ugurda amala aşyrylsa-da, hemişe sazlaşykly we oýlanyşykly alnyp barylmalydygyny aýratyn nygtamak bilen, daşary syýasat baradaky şu talaplary öňe sürdi:

1. Daşary syýasatymyz bir maksada – Türkmenistanyň içerki ösüşi üçin amatly halkara şertlerini döretmäge gönükdirilmelidir.

2. Daşary syýasatymyz dünýä giňişliginde Bitarap döwletimiziň kanuny bähbitlerini üpjün etmäge ýardam bermelidir.

3. Daşary syýasatymyz ygrarly we durnukly hyzmatdaş hökmünde ýurdumyzyň abraýyny ýokarlandyrmaga hyzmat etmelidir.

2017-nji ýylyň 18-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly maslahat geçirildi. Ol şanly seneleriň ikisine – Diplomatik işgärleriniň gününe hem-de Döwlet baýdagynyň gününe bagyşlandy. Maslahata gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň iberen Gutlag hatyny ruhubelentlik bilen diňlediler. Milli Liderimiz öz Gutlagynda Türkmenistanyň şu günler özüniň kuwwatly ösüş ýolunyň täze taryhy tapgyryna gadam basandygyny, geçen döwürlerde we häzirkizaman şertlerinde toplanan baý tejribäniň geljege tarap öňe gitmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitläp, Türkmenistanyň daşary syýasatdaky tagallalaryny halkara gatnaşyklarynyň möhüm ugurlaryna gönükdirjekdigini belledi. Ähli umumy parahatçylygy üpjün etmek, durnukly ösüşiň maksatlaryny gazanmak, şeýle hem ählumumy gün tertibinde duran birnäçe möhüm meseleleriň çözgüdini tapmak boýunça hyzmatdaşlygyň üns merkezinde saklanjakdygy aýratyn nygtaldy.

Daşary döwletleriň ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň hem-de abraýly guramalarynyň ýolbaşçylary Türkmenistanyň häzirkizaman halkara gatnaşyklary ulgamynda toplan oňyn tejribesini belläp, türkmen diplomatiýasynyň toplan oňyn tejribesiniň ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslaryny pugtalandyrmagyň bähbidine bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ägirt uly parahatçylyk döredijilik kuwwatyndan has netijeli peýdalanmaga ýardam etjekdigine ynam bildirdiler. Şunuň bilen baglylykda, ýygnananlar döwletimiziň hemmetaraplaýyn ösmegi hem-de halkara giňişliginde özara gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlyk üçin giň sepgitleri açýan Bitaraplygyň tejribesini düýpli öwrenmegiň we dünýä ýaýmagyň wajypdygyny bellediler.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa Ýüzlenme kabul etdiler. Onda Daşary işler ministrliginiň işgärleri hem-de daşary ýurtlarda döwletimiziň bähbitlerine wekilçilik edýän diplomatlar döwlet Baştutanymyza diplomatik gullugy mundan beýläk-de ösdürmek we kämilleşdirmek me-

selelerine uly üns berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler we Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasyny durmuşa geçirmekde bilimlerini, güýç-gaýratlaryny hem-de tejribelerini gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Halkara Bitaraplyk gününiň bellenmeginiň nähili ähmiýeti bar?
2. Hormatly Prezidentimiz daşary syýasata nähili talaplary bildirýär?
3. «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» haýsy esasy ugurlary göz öňünde tutýar?

# III BAP
# DAŞARY SYÝASATYŇ BAŞ MAKSADY – PARAHATÇYLYK WE HOWPSUZLYK UGRUNDA HYZMATDAŞLYK

## § 1. Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konseptual düşünje

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan daşary syýasatyň maksada okgunly, yzygiderli we netijeli häsiýeti Türkmen döwletiniň halkara abraýynyň ynamly berkemegine we onuň sebitleýin hem-de global geosyýasatda eýeleýän ornunyň ösmegine täsir edýän wajyp ýagdaýdyr. Türkmenistanyň soňky birnäçe ýylyň dowamyndaky daşary syýasat işiniň seljerilmegi, onda Dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmekde işjeň we oňyn gatnaşmak, döwletara gatnaşyklaryny giňeltmek we çuňlaşdyrmak ýoly bilen parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy berkitmegiň meselelerini çözmäge aýratyn ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýär.

Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi hakyndaky konseptual garaýyşlaryny beýan etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda eden çykyşynda şular barada aýtdy: «Dünýä möçberinde howpsuzlygy üpjün etmegiň möhümdigi barada aýdanymyzda, biz onuň diňe bir syýasy ugruny göz öňünde tutmaýarys. Ählumumy howpsuzlygy häzirkizaman dünýäsiniň ösüşiniň ugurlaryny kesgitleýän esasy şertleriň umumylygyna we bölünmezligine esaslanýan bitewi ulgam hasaplaýarys. Munuň özi ykdysady, energetika, ekologiýa, azyk we ynsanperwerlik meselelerini çözmekden ybaratdyr. Häzir milli we sebit derejesinde parahatçylygy hem-de ylalaşygy gazanmazdan, ählumumy howpsuzlygy üpjün edip bolmaýandygy görnüp duran hakykatdyr».

Türkmenistanyň ýokary milli bähbitlerine, Dünýä bileleşiginiň umumy ykrar edilen ýörelgelerine laýyk gelýän parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ugry döwletimiziň içeri we daşary syýasatlarynyň jebisliginiň anyk beýanydyr. Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan Türkmenistanyň daşary syýasaty ýurduň garaşsyzlygyny berkitmä-

ge, parahatçylygy saklamaga, onuň ykdysadyýetiniň joşgunly ösmegine, bazar özgertmelerini amala aşyrmaga ýardam edýär. Hut şu esasda Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň ulgamyna we dünýä hojalyk aragatnaşyklaryna işjeň goşulýar. Türkmenistanyň halkara giňişliginde işjeň alyp barýan we giň goldaw tapýan daşary syýasaty häzirki zamanyň ileri tutulýan ugurlary boýunça oýlanyşykly we oňyn hereketleriň mysaly bolup durýar. Munuň özi, ilkinji nobatda, sebitde we dünýäde parahatçylygy saklamak we howpsuzlygy üpjün etmek meselesinde aýdyň ýüze çykýar.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan işlenilip düzülen howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi hakyndaky Konsepsiýanyň esasy ýörelgeleri we maksatlary halkara bileleşiginiň uly forumlarynda türkmen tarapynyň öňe sürýän tekliplerinde we başlangyçlarynda, ilkinji düýpli esaslandyrylan tekliplerde we başlangyçlarda öz beýanyny tapýar. Şu syýasy dünýägaraýyş esasynda Türkmenistan öz giň we köpugurly hyzmatdaşlyga gönükdirilen strategiýasyny gurýar. Şonuň bilen birlikde, şeýle hyzmatdaşlygyň düşünjesine anyk geosyýasy we geoykdysady mazmun siňdirilýär. Türkmenistan iri halkara başlangyçlaryny teklip etmek we goldamak bilen, dürli ýurtlaryň bähbitleriniň oňşuklylyga we utgaşyklylyga esaslanýan hyzmatdaşlygyň nusgalaryny bilelikde işläp düzmäge çagyrýar. Bu Konsepsiýa ählumumy howpsuzlygyň üpjün edilmeginiň meselelerini işläp düzmekde olaryň geosyýasy, harby-syýasy, ykdysady, energetik, azyk, ekologik, tehnogen we başga onuň özara baglanyşykly aýry-aýry jähtleriniň umumy esasa daýanýanlygyndan ugur alýar.

Milli Liderimiziň iri halkara başlangyçlary, ilkinji nobatda, ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmegiň global maksatlaryna gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda howpsuzlygyň harby-syýasy, ykdysady, energetika, ekologiýa, azyk, ynsanperwerlik we başga meseleleriniň özara arabaglanyşygy, şeýle hem howpsuzlygyň milli, sebit we global derejeleriniň biri-birini şertlendirmegi howpsuzlygyň bitewüliginiň we bölünmezliginiň baş ýörelgelerini emele getirýärler. Şeýle çemeleşme ählumumy parahatçylyk maksatlarynyň çuňňur we toplumlaýyn häsiýetde kabul edilmegine esaslanandyr. Şu esasgoýujy kadadan gelip çykyşy ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatyndaky möhüm wezipe global

we sebit möçberinde parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy ähli taraplaýyn berkitmek boldy we şeýle bolmagynda galýar. Bu wezipeleriň amala aşyrylmagy babatynda Türkmenistan BMG bilen hyzmatdaşlyga strategiki ähmiýet berýär we Milletler Bileleşigine häzirkizaman global özara hereketleriniň binýatlyk esasyny, parahatçylygy we halkara arenasynda bähbitleriň deňligini, howpsuzlygyň bar bolan binagärligini saklamagyň we goldamagyň kepili hökmünde garaýar. Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esaslarynyň ýene-de biri uzakmöhletleýin milli maksatnamalaryň bu guramanyň wezipeleri bilen gabat gelmegidir. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa we Hazar deňzi sebitlerinde sazlaşykly we durnukly döwletara gatnaşyklarynyň alnyp barylmagy, durnukly ykdysady, durmuş we ynsanperwer ösüş üçin esasy şert hökmünde sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy gorap saklamagyň netijeli ugurlary amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň dünýäde we sebitde parahatçylyk we howpsuzlyk ugrundaky bilelikdäki hereketleri BMG bilen birlikde iri halkara guramalary, şol sanda ÝHHG bilen hyzmatdaşlykda hem öz beýanyny tapýar. Ol hyzmatdaşlyk halkara dawalarynyň öňüni almak we olary gowşatmak üçin netijeli gurallary döretmek, syýasy we dini ekstremizme, terrorçylyk howplaryna, neşeleriň bikanun dolanyşygyna we halkara jenaýatçylygyna garşy durmak, ykdysady, energetika, ekologiýa çygyrlarynda halkara gatnaşyklarynyň häzirkizaman nusgalaryny işläp düzmek we başga-da ençeme wajyp ugurlary öz içine alýar. Bu babatda Türkmenistan, şeýle hem Goşulyşmazlyk Hereketiniň, GDA-nyň, Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki abraýly halkara we sebit guramalarynyň alyp barýan işlerine öz bitaraplyk hukuk ýagdaýyna laýyklykda işjeň gatnaşmak bilen, netijeli we oňyn gatnaşyklary alyp barýar.

Global syýasy giňişlikde hyzmatdaşlygyň täze gözýetimlerini we ölçeglerini kesgitlemäge mümkinçilik berýän çözgütleri işläp düzmekde Türkmenistanyň işjeň hereketleri häzirki şertlerde has aýdyň görünýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlary ählumumy goldawa mynasyp bolýar. Dünýä bileleşigi tarapyndan hut şolaryň goldanylmagy Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň ýokary derejede derwaýyslygyny kesgitleýän esasy ölçegdir. Ösüşiň maksatlarynyň umumylygyna bü-

tin adamzat tarapyndan aň ýetirilmegi, häzirki wehimlere we howplara bilelikde garşy durmagyň zerurlygyna düşünmek, bu ugur boýunça amaly ädimleri amala aşyrmaga taýýar bolmak şu günki gün halkara gatnaşyklarynyň bütin ulgamynyň durnuklylygynyň esasy şerti bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň özeni harby serişdeler bilen däl-de,Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan işlenilip düzülen howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi hakyndaky Konsepsiýanyň özeni hökmünde syýasy-diplomatik serişdeler arkaly döretmäge ýardam bermek baradaky garaýyş bolup durýar. Şeýle esasda amala aşyrylýan daşary syýasat we diplomatik tagallalar halkara ýagdaýlarynyň çylşyrymly ösüşine hemmetaraplaýyn we ulgamlaýyn baha bermegiň netijesinden gelip çykýar.

Daşary syýasaty konseptual esasda ösdürmek we alyp barmak babatynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 18-nji fewralynda, ýagny Döwlet Baýdagynyň gününiň öňüsyrasynda ýurduň diplomatik topary bilen geçiren duşuşygy taryhy waka boldy. Türkmenistanyň Baştutany öz çykyşynda ýurduň daşary syýasat strategiýasynyň amala aşyrylmagyna täzeçe çemeleşmeleri esaslandyrmak bilen birlikde, birnäçe ugurlara, şol sanda harby-syýasy, durmuş-ykdysady, ekologik, energetik, azyk, suw we başgalary özünde jemleýän global howpsuzlyk düşünjesine onuň bitewülik nukdaýnazaryndan giňişleýin baha berdi. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti: «Dünýäde parahatçylygy saklamak we howpsuzlyk meselesi adamzadyň hem-de dünýä jemgyýetçiliginiň şu günki we geljekki ösüşini hem-de ykbalyny kesgitleýän mesele bolup durýar. Biz öz syýasatymyzda howpsuzlygyň bitewülik nukdaýnazaryndan ugur alýarys. Bu düşünje milli, sebitleýin we dünýä howpsuzlygy meseleleriniň bir bitewüdigini aňladýar. Olara aýry-aýrylykda seretmeli däl-de, olary hemmetaraplaýyn çemeleşmek arkaly çözmeli. Her bir döwletiň öz milli howpsuzlygyny üpjün etmek bilen bir hatarda, halkara jemgyýetçiliginiň sebit we umumy dünýä howpsuzlygyny üpjün etmek ugrundaky tagallalaryna hem işjeň gatnaşmalydygyny aýratyn nygtamak isleýärin. Howpsuzlygyň bitewüligi onuň dürli ugurlarynyň özara baglydygyny aňladýar. Howpsuzlygyň harby-syýasy, ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, tebigat, energetika, azyk, suw we

beýleki taraplary bilelikde ählumumy howpsuzlygyň esasyny döredýärler. Hut şu garaýyşdan ugur almak bilen, Türkmenistan howpsuzlyk babatda özüniň daşary syýasat ugruny gyşarnyksyz we hemmetaraplaýyn çemeleşmek esasynda alyp barýar. Ýurdumyz halkara ulgamynda bilelikde amala aşyrylýan hereketleriň netijeli ýollaryny işläp düzýär we hödürleýär. Howpsuzlygy üpjün etmegiň syýasy meseleleri, ilkinji nobatda, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmek bilen baglydyr» diýip belledi.

Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi baradaky ideýany öňe sürmek bilen, milli Liderimiz onuň konseptual esaslaryny işläp düzdi, bu düşünjäniň möhüm aýratynlyklaryny we ýörelgeleýin taraplaryny açyp görkezdi. Onuň esasynda sebitde, yklymda, dünýäde howpsuzlygyň bolmadyk ýagdaýynda, milli howpsuzlygy hem doly üpjün edip bolmajakdygy baradaky garaýyş bardyr. Bu bolsa, öz gezeginde, şu günki gün ähli ýurtlary we sebitleri öz içine alýan, syýasy we durmuş-ykdysady ýagdaýa öz güýçli täsirini ýetirýän global wehimleriň hakykylygyny şöhlelendirýär. Dünýä bileleşigi tarapyndan ösüşiň maksatlarynyň umumylygyna akyl ýetirilmegi, häzirki wehimlere we howplara bilelikde garşy durmagyň zerurdygyna düşünilmegi, bu ugurda hakykat ýüzündäki ädimleri amala aşyrmaga taýýar bolmak şu günki gün halkara gatnaşyklarynyň bütin ulgamynyň pugtalygynyň esasy şerti bolup durýar.

Şu nukdaýnazardan seredilende, howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi konsepsiýasy barada aýtmak bilen, onuň parahatçylygy üpjün etmek boýunça halkara tagallalarynyň netijeliliginiň hem özboluşly ölçegi bolup durýandygyna ünsi çekmek zerurdyr. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti 2009-njy ýylyň 23-nji aprelinde «Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty» atly ýokary derejeli halkara maslahatynda sözlän sözünde şu barada aýratyn belläp geçdi: «Şeýle hem ykdysady, energetiki, azyk howpsuzlygy üpjün edilmese, ekologik, tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň we howplaryň öňi alynmasa we aradan aýrylmasa, halkara terrorçylygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglaryň ýaýradylmagyna, global derejedäki beýleki howplara garşy netijeli hereket edilmese, syýasy

ýa-da harby howpsuzlyk uzakmöhletleýin we doly derejede üpjün edilen ýagdaýda bolup bilmez».

Şu garaýyşdan ugur almak bilen, Türkmenistan geosyýasy we geoykdysady çäklerdäki halkara hyzmatdaşlygyny ýurduň milli bähbitleri bilen bilelikde dünýä ösüşindäki öňde goýlan ählumumy maksatlary hem göz öňünde tutýar. Şoňa görä-de, Türkmenistan häzirki zamanyň derwaýys meseleleri boýunça teklipleri öňe sürýär we netijeli taslamalaryň öňbaşçysy bolup çykyş edýär. Olar halkara ykdysady, energetika, azyk, ekologiýa we beýleki ugurlarda howpsuzlygy üpjün etmekden başlap, daşary syýasat häsiýetli strategik meseleleri, ilkinji nobatda bolsa, Merkezi Aziýa sebiti bilen baglanyşykly meseleleri amala aşyrmaga çenli bolan başlangyçlary öz içine alýar. Bu babatda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynyň belent münberinden aýdyň beýan edilen Geljegiň Strategiýasy häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmek boýunça ylalaşykly halkara tagallalaryny durmuşa geçirmäge we oňyn netijeleri gazanmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň sentýabr aýynyň ahyrynda Türkmenistanyň wekiliýetiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynyň umumy mejlisine gatnaşmagynyň jemleri boýunça geçiren metbugat konferensiýasynda daşary ýurt habarçylarynyň sowallaryna jogap berdi. Onda Türkmenistanyň Lideri dünýä syýasatynda howpsuzlyk düşünjesiniň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konsepsiýanyň ulgamlaýyn esaslaryny düşündirdi. Şunda parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek ulgamynda, adamzadyň ykbaly üçin jogapkärçiligi deňhukukly paýlamakda özygtyýarly döwletler hökmünde halkara hukugynyň ähli subýektleriniň möhüm ähmiýetlidigi anyk bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň pikirine görä, geçen asyryň ahyrynda iki ulgamyň özara gapma-garşylykda durmagynyň we ahyrynda «sowuk urşuň» tamamlanmagynyň netijelerine baha bermek bilen ol: «Hawa, şu günki dünýä çylşyrymly, köpdürlüdir, ýöne ol ýeke-täkdir. Milletler Bileleşiginiň öňünde durýan maksatlar hem ýeke-täkdir. Olaryň amala aşyrylmagy hem hakykatdyr, ýöne diňe iki sözde – parahatçylyk we howpsuzlyk diýen iki sözde jemlenen düýpli şertiň bolan mahalynda ol ýerine ýetirilip bilner. Şonuň üçin hem, hal-

kara bileleşiginiň jogapkär agzasy hökmünde, Türkmenistanyň ähli ýagşy niýetleri we maksatlary, dünýä arenasynda biziň iş ýüzündäki ähli ädimlerimiz, tekliplerimiz we başlangyçlarymyz bu şerti üpjün etmäge gönükdirilendir» diýip belledi.

Bu barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şu gün howpsuzlyk saýlama esasda, ýagny belli bir döwlet ýa-da döwletleriň topary üçin bolup bilmez diýen ynamy beýan etdi. Şonuň üçin, Türkmenistanyň Baştutany: «Hiç bir döwlet, ol nähili kuwwatly we baý bolsa-da, bütin dünýäni alada goýýan meselelerden we howplardan özüni aýry tutup bilmez. Ösen we ösüp barýan döwletleriň arasyndaky üzňeligi aradan aýyrmak, bütin ýurtlary we sebitleri azyk bilen üpjün etmek, energiýa çeşmelerine deňhukukly ygtyýar bermek, ekologik we tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň öňüni almak, terrorçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna we transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy netijeli hereket etmek bilen baglanyşykly köp sanly durmuş-ykdysady meseleleri çözmezden, umumy howpsuzlygy, durnukly we gapma-garşylyksyz global ösüşi gazanyp bolmaz. Başga sözler bilen aýdanyňda, edil dünýäniň bölünmesiz bolşy ýaly, howpsuzlyk hem şu gün bölünmezdir. Şonuň üçin biz, häzirki döwrüň esasy meselelerini çözmek boýunça döwletleriň mundan beýläk bilelikdäki hereketleri üçin başlangyç syýasy-dünýägaraýyş platformasy hökmünde howpsuzlygyň ýeke-täk konsepsiýasyny döretmek hakynda pikirlenmegi dünýä bileleşigine teklip edýäris. Geosyýasy bäsdeşlik, çäklere we serişdelere gözegçilik etmek üçin göreş, täsir edişiň paýlaşylmagy we şoňa meňzeşler ozalky agdyklyk eden galyplardan ýüz döndermegi bu düşünjä girizmek bilen, BMG-däki öz çykyşymda men ony «geljegiň Strategiýasy» diýip atlandyrdym» diýip nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti, Merkezi Aziýa we Hazar basseýninde howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk boýunça ýokary derejedäki Forumy döretmek hakyndaky öz başlangyjyny öňe sürmeginiň mazmunyny düşündirmek bilen, umumy maksatlaryň hatyrasyna aýry-aýry we taktiki meseleler boýunça düşünişmezlikleri aradan aýyrmagy obýektiw talap edýän häzirkizaman hakykatyna aň ýetirmegiň täze derejesine çykmagy teklip etdi. Başlangyçlary durmuşa geçirmegiň möhüm ähmiýetli esaslarynyň biri hökmünde döwletleriň syýasy erki we jogapkärçiligi görkezildi.

Türkmenistan halkara gatnaşyklary ulgamynda, ikitaraplaýyn görnüşlerde bolşy ýaly, köptaraplaýyn görnüşlerde-de özara bilelikde hereket etmegiň meselelerinde öz okgunly daşary syýasat işini dowam edýär. Bütindünýä bileleşigi üçin gün tertibiniň derwaýys meseleleri, ozalkysy ýaly, halkara narkotrafigi, terrorçylyga we guramaçylykly jenaýata garşy göreş, goňşy Owganystanda ýagdaýlary kadalaşdyrmak bolmagynda galýar.

Bu işler Türkmen döwletiniň Lideriniň öňe sürýän halkara başlangyçlarynda düýbi tutulan ýörelgeleýin gurallarynda taraplaryň özara ylalaşykly hereketlerine täzeçe çemeleşmeler we ölçegler bilen baýlaşýar. Häzirki zamanyň global ideýalaryna sazlaşykly bolmak bilen, olar halkara syýasatynyň derwaýys meseleleriniň çözülmegine aýratyn itergi berýär. Şunlukda, halkara arenasyndaky hyzmatdaşlykda täze gözýetimleri we ölçegleri kesgitlemäge mümkinçilik berýän, ýurduň Prezidentiniň alyp barýan okgunly işleri netijesinde Türkmenistanyň ähmiýetiniň has-da artýandygyny belläp geçmek ýerliklidir.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň we beýleki halkara guramalarynyň belent münberlerinden çykyş etmek bilen, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň ideýalaryny yzygiderli ösdürýär. Şunda deňhukuklylyk, parahatçylykly hyzmatdaşlyk we ýüze çykýan ähli meseleleri syýasy-diplomatik usullary ulanmak arkaly, gepleşikler geçirmek ýoly bilen çözmek konseptual esas bolup hyzmat edýär. 2007-nji ýylyň awgustynda, Bişkek şäherinde, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ŞHG) sammitinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti: «Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen, parahatçylyk, howpsuzlyk, durnuklylyk we durnukly ykdysady we sosial ösüş işine öz goşantlaryny goşýan ähli döwletler we halkara guramalary bilen deňhukukly we oňyn hyzmatdaşlyk etmegiň tarapynda çykyş edýär. Şunlukda biziň ýurdumyzyň syýasy ugry Türkmenistanyň halkynyň milli bähbitlerine, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda bellenen ýörelgelere we kadalara esaslanýar» diýip belläpdi.

Bu ideýany ösdürmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji maslahatynda eden çykyşynda: «Türkmenistan öz garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap, hal-

kara bileleşigi bilen gatnaşyklarda biziň maksatlarymyza doly laýyk gelýän BMG-niň ideallaryny kabul etdi. BMG-niň ýörelgeleri – parahatçylyk, deňhukuklylyk, döwletleriň özygtyýarlylygyna, olaryň öz ösüş ýoluna bolan hukugyna hormat goýmak ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy bolup, BMG bilen hyzmatdaşlyk bolsa onuň ileri tutulýan ugry boldy» diýip belledi. Şu babatda döwlet Baştutanymyz Aşgabat şäherinde ştab-kwartirasy bolan Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjyň BMG tarapyndan goldanylmagyny mysal hökmünde getirdi.

Ozal öňe sürlen ideýalary we teklipleri ösdürmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň bitaraplyk ýörelgelerine laýyklykdaky sebitleýin özara hereketini ösdürmegiň ýörelgeleýin esaslaryna ünsi çekdi. Hususan-da, ol şeýle diýip belledi: «Şu babatda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we şunuň bilen baglylykda onuň hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary Merkezi Aziýadaky hem-de Hazar deňziniň sebitindäki prosesleriň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmek üçin Milletler Bileleşiginiň öňünde oňat mümkinçilikleri açýar diýip hasaplaýarys. Gürrüň sebitleýin meseleleriň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak we olar boýunça özara kabul ederlikli hem-de ylalaşykly çözgütleri işläp taýýarlamak üçin bu ýerde halkara gepleşikleriniň hemişelik hereket edýän gurallaryny ýola goýmak barada barýar. Türkmenistan BMG-niň howandarlygyndaky syýasy-diplomatik ylalaşdyryjylygyň bar bolan tejribesine daýanyp, şu iş üçin dünýä bileleşigine ähli zerur bolan syýasy we guramaçylyk-tehniki şertleri döretmäge taýýardygyny mälim edýär».

Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň strategiki ugry hökmünde dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekdäki tagallalary birleşdirmek bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatynda sözlän sözünde bu babatda şeýle nygtady: «Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly we ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň ileri tutýan strategik ugry bolmagynda galýar. Biziň üçin Birleşen

Milletler Guramasy diňe bir iň köp wekilçilikli halkara gurama bolmak bilen çäklenmeýär. Biz bu gurama bütin dünýäde özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegiň tutuş häzirkizaman ulgamynyň daýanjy hökmünde seredýäris. Dünýäde parahatçylygy we bähbitleriň deňligini saklamagyň hem-de goldamagyň, howpsuzlyk binýadynyň durnukly bolmagyny üpjün etmegiň kepili hökmünde garaýarys. Dünýäde emele gelen häzirki täze şertlerde, Ýer ýüzüniň dürli sebitlerinde dartgynlylygyň ýokarlanýan döwründe biz Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň belent ynsanperwer maksatlarynyň hem-de kadalarynyň halkara gatnaşyklarda hukuk we ruhy taýdan daýanç bolup galmalydygyna berk ynanýarys».

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň ösüşiniň häzirkizaman tapgyryndaky daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny şöhlelendirýän konseptual garaýyşlar sebit derejesinde we has giň halkara möçberlerinde özara hereket etmegiň täze, has netijeli ölçeglerini işläp düzmek we ösdürmek üçin esas bolup durýar. Olar ikitaraplaýyn we has giň gerimli hyzmatdaşlygyň platformasynda, hyzmatdaşlygyň dürli derejelerinde, şol sanda global, Milletler Bileleşiniň çäklerinde we sebit derejesinde, ähli gyzyklanýan taraplar üçin umumy, kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp düzmäge ýardam edip biler.

Bu babatda aýtmak bilen, Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň netijesi hökmünde 2007-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagyny görkezip bolar. Türkmenistanyň Prezidenti şu hili düzüm birligini döretmek baradaky başlangyjy iki sany düýpi deliller bilen şertlendiripdi:

Birinjiden – dünýä bileleşiginiň parahatçylygy döredijilik tagallalaryna Merkezi Aziýada ulgamlaýyn häsiýet bermegiň, olaryň BMG-niň derejesinde institusional berkidilmeginiň zerurlygy bilen. Sebite täsirli, netijeli, degişli hukuk ýagdaýy we ygtyýarlyklary bolan, jedelleriň öňüni almak we bitaraplaşdyrmak üçin halkara guralynyň zerurdygy biziň üçin aýdyňdy.

Ikinjiden – daşary syýasatyň bitaraplyk nusgasy bilen halkara öňüni alyş diplomatiýasynyň maksatlarynyň, sebit we global derejelerde parahatçylygy we howpsuzlygy saklamakda örän möhüm ýagdaý hökmünde olaryň biri-biriniň üstüni ýetirýändigine bolan garaýşyň umumylygyna aň ýetirmek bilen.

Sebit merkezi, ýurtlaryň özara hereketleri üçin iň amatly platforma bolmak bilen, halkara guramalarynyň sebitdäki meselelere işjeň gatnaşmagy bilen, energetika howpsuzlygy, ulag we aragatnaşyk, ekologiýa howpsuzlygy, owgan meselesi ýaly we başga-da birnäçe möhüm ugurlar boýunça öz zerurlygyny görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidenti daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlary hökmünde energetika we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, ulag we aragatnaşyk çygyrlaryny ösdürmek boýunça sebitara hyzmatdaşlygy ýola goýmak, owgan meselesiniň çözgüdini gözlemek, ýaragsyzlanmak ugrundaky bilelikdäki tagallalary güýçlendirmek ýaly halkara durnuklylygyny üpjün etmegiň düýpli ugurlarynyň aýrylmaz özara baglanyşygyny görkezýär.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan işlenilip düzülen, howpsuzlyk düşünjesiniň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konsepsiýanyň özi häzirkizaman halkara syýasay tejribesine we ylmyna düýpli goşant bolup durýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Howpsuzlyk barada düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?
2. Howpsuzlygyň bitewüligine nähili düşünýärsiňiz?
3. Milli, sebit we global howpsuzlygynyň ölçegleriniň manysy nämede?

## § 2. Parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti dünýä we sebit syýasatynyň derwaýys ugurlary boýunça iri halkara başlangyçlary bilen yzygiderli çykyş edýär. Onuň daşary syýasat başlangyçlary halkara arenasynda Türkmen döwletiniň ösüş häsiýetlidigini we işjeň ornuny aýdyň görkezýär. Ýurduň milli bähbitlerini üpjün etmegiň strategik maksatlary şu günki gün halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmegiň wezipeleri, häzirki zamanda adamzada abanýan howplar we wehimler bilen göreşmekde tagallalaryň birleşdirilmegi, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň mundan beýlägem giňeldilmegi boýunça sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek we berkitmek, yklymara ulag-aragatnaşyk ulgamyny döretmek we

ygtybarly işlemegini üpjün etmek üçin amatly şertleri döretmek baradaky meseleler bilen has ýakyndan utgaşýar.

Türkmen bitaraplygynyň açyklygy we parahatçylyk söýüjilikli häsiýeti, onuň sebit derejesinde bolşy ýaly, global derejelerde-de häzirki zamanyň wagty gelen meseleleriniň çözgüdini bilelikde gözläp tapmaga we çözmäge gönükdirilendigi, Türkmenistanyň Baştutanynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň belent münberinden beýan edilen iri halkara başlangyçlary we anyk teklipleri netijesinde, olaryň oňyn kabul edilmeginiň geografiýasyny has hem giňeldýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ileri tutulýan meseleleri halkara arenasynda milli-döwlet bähbitleriniň yzygiderli goralmagy, döwletiň we jemgyýetiň parahatçylykly hem-de durnukly ösüşi üçin amatly daşarky şertleri üpjün etmek, adam mümkinçiliklerini açmak, şahsyýetiň bähbitlerini we hukuklaryny berjaý etmek bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasat işiniň esasy maksatlarynyň arasynda, ilkinji nobatda, ýurduň ulgamlaýyn we ygtybarly goragyny üpjün etmegi, onuň garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny we çäk bitewüligini saklamagy hem berkitmegi bellemelidir. Türkmenistan halkara bileleşiginiň mäkäm we uzakmöhletleýin parahatçylygy, strategik durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmekdäki halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we BMG-niň Tertipnamasyna esaslanýan tagallalaryna işjeň ýardam etmegini hem dowam eder.

Türkmenistan sebitdäki ösüşiň we hyzmatdaşlygyň derwaýys meselelerine üns bermek bilen, sebit we global möçberlerdäki geosyýasy ýagdaýlaryň ösüşini hasaba almak esasynda öz daşary syýasat başlangyçlaryny amala aşyrýar. Şeýle çemeleşme biziň ýurdumyzyň dünýä bileleşiginiň durmuşyna işjeň gatnaşmagyna, häzirki dünýäde Türkmen döwletiniň ähmiýetiniň has ýokary galmagynyň üpjün edilmegine gönükdirilen geosyýasy strategiýanyň esasydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan iri halkara başlangyçlarynyň we teklipleriniň öňe sürülmegi, hususan-da, ýaragsyzlanmak işiniň anyk ugurlary, öňüni alyş diplomatiýasynyň wezipeleýin düzümlerini döretmek, energiýa serişdeleriniň howpsuz üstaşyr geçirilmegini, suw-energetik hem-de Merkezi Aziýa sebitindäki we Hazar basseýnindäki başga-da birnäçe derwaýys meseleleriň halkara-hukuk üpjünçiligi, yklymara turba geçirijileriniň we ulag-aragatnaşyk

taslamalarynyň, şeýle hem ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky medeni-ynsanperwerlik gatnaşyklarynyň güýçlendirilmegi – täze eýýamyň Türkmen bitaraplygynyň dürli ugurlaryny açyp görkezýän aýdyň mysallardyr.

Halkara guramalarynyň, şol sanda BMG-niň ýolbaşçy düzümlerine Türkmenistanyň yzygiderli saýlanmagy onuň parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlaryny has netijeli durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Munuň özi halkara gatnaşyklarynyň düýpli işjeňleşmegi we olaryň mazmunynyň hil taýdan ýokarlanmagy netijesinde Türkmenistanyň daşary syýasat serişdeleriniň ep-esli artandygyna, onuň syýasy-diplomatik gurallarynyň giňelendigine, halkara işlerinde ýurduň goşmaça agrama we abraýa eýe bolandygyna, şeýle hem ähmiýeti az bolmadyk derejede, ýurduň öz abraýynyň artandygyna şaýatlyk edýär. Bu ýerde gürrüň, şu günki gün Türkmenistanda diňe bir halkara durmuşynyň aýry-aýry meselelerine aýry-aýry çemeleşmeleriniň bardygy barada däl-de, eýsem dünýä bileleşiginiň äň ýetirijilige we jogapkärçilige, umumadamzat we global maksatlara hem-de geljege bolan ynamyna, onuň aýry-aýry agzalarynyň hut şu minutdaky bähbitlerinden has ýokary galmagyna bolan ynamyna esaslanýan ýurduň daşary syýasat ugrunyň ulgamlaýyn ideologiýasynyň dörändigi barada gidýär.

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň münberinden döwlet ýolbaşçysy we maslahatyň wise-başlygy hökmünde eden çykyşy Milletler Bileleşigine agza döwletleriň her biriniň anyk goşandy esasynda döreýän, häzirki zamanda adamzadyň döredijilikli mümkinçiliklerini amala aşyrmagynyň anyk ýüze çykýan geljegini dünýä bileleşigine ýene-de bir gezek äşgär görkezdi. Parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna öz başlangyçlaryny we tekliplerini öňe sürmek bilen, Türkmenistanyň Lideri olary mazmun taýdan ýekän-ýekän açyp görkezdi. Olaryň umumy ykrar edilen hemişelik bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýynyň ýörelgelerine, BMG-niň Tertipnamasyna, parahatçylygyň we howpsuzlygyň wagty gelen meselelerini çözmek üçin täze we netijeli çemeleşmeleriň zerurlygyna çuňňur düşünilmegine esaslanýandygyny belläp geçdi.

Iş ýüzünde Türkmenistanyň Prezidentiniň Milletler Bileleşiginiň wekillerine her bir ýüzlenmesi, geçen ýüzýyllygyň ikinji ýarymynda

we täze müňýyllygyň başynda dünýä syýasatynyň taryhynyň özi tarapyndan barlanylyp görlen, BMG-niň çäklerinde döwletleriň öňdebaryjy gepleşikleriniň umumadamzat tejribesiniň aňrybaş gymmatlyklary we möhümligi hakyndaky ideýasy bilen baýlaşandyr. Türkmenistanyň Lideri şeýlelik bilen, BMG-niň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagynyň we uniwersal gurama hökmünde onuň tutýan ornunyň berkidilmeginiň köptaraplaýyn diplomatiýany diňe bir toplumlaýyn çözmek we onuň halkara-hukuk esaslaryny kämilleşdirilmek bilen däl-de, eýsem XXI asyryň global wehimlerine mynasyp jogap bermäge ukyply, umumy adamzadyň ösüşiniň uzakmöhletleýin geljegi bilen baglylykda tagallalaryň birleşdirilmegine ýardam etmek bilen bilelikde alnyp barylmalydygyny subut edýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we onuň hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary Milletler Bileleşigi üçin sebit derejesindäki ýagdaýlaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmäge, halkara arabaglanyşyklaryň hemişelik hereket edýän gurallaryny ýola goýmaga, ikitaraplaýyn kabul ederlikli we ylalaşykly çözgütleriň işlenip düzülmegine iş ýüzünde oňat mümkinçilikleri açýar.

Döwlet Lideriniň global syýasy giňişlikde hyzmatdaşlygyň täze gözýetimlerini we ölçeglerini kesgitlemäge mümkinçilik berýän ýadawsyz täzeçillik işiniň netijesinde, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky ähmiýetliligi günsaýyn aýdyňlaşýar. Durnukly ösüşiň ileri tutulýan dürli meseleleri boýunça Türkmenistanyň tutýan ornunyň oňyn we yzygiderli bolmagy, derwaýyslygyň ýokary derejesini kesgitlemek bilen, häzirkizaman bütindünýä meýillerine sazlaşyklydyr.

Şol sebäpli «2013–2017-nji ýyllar döwri üçin Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasynda» Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Baş Assambleýanyň maslahatlarynda we BMG-niň beýleki iri forumlarynda öňe sürlen möhüm halkara başlangyçlarynyň amala aşyrylmagyna aýratyn üns berildi. Olaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagy Konsepsiýada Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde hem kesgitlenildi. Hususan-da, gürrüň Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmek, jedelleriň öňüni almak we gow-

şatmak, Owganystanda ýagdaýy parahatçylykly we syýasy taýdan düzgünleşdirmäge ýardam bermek hem-de bu ýurdy durmuş-ykdysady taýdan dikeltmek hakynda barýar. Mundan başga-da, Türkmenistanyň daşary ykdysady, söwda, medeni, ynsanperwerlik gatnaşyklaryny ösdürmäge we diwersifikasiýalaşdyrmaga, onuň ykdysadyýetini, halkyň durmuşynyň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýän oňyn halkara şertlerini döretmek boýunça ulgamlaýyn iş alnyp barlar. Daşary ýurtlarda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini hemmetaraplaýyn goramak hem daşary syýasat işiniň wajyp bölegi boldy we bolmagynda galar. Türkmenistan asuda, durnukly, parahatçylyk söýüjilikli, açyk we okgunly ösýän demokratik döwlet hökmünde dünýäde öz tutýan ornuny yzygiderli berkider.

Daşary syýasat başlangyçlaryny amala aşyrmak boýunça işiň anyk ugurlary şu aşakdaky ileri tutulýan meseleler boýunça kesgitlenilýär:

1) Halkara bileleşigi tarapyndan halkara meseleleri çözülen mahalynda, ilkinji nobatda, syýasy-diplomatik serişdeleriň ulanylmagy hakyndaky Jarnamany işläp düzmek we kabul etmek;

2) halkara energiýa serişdelerini iberiş infrastrukturasynyň ygtybarly we howpsuz hereket etmegini üpjün etmek, olara ygtyýar almak we olardan netijeli peýdalanmak maksady bilen halkara energetika giňişliginde döwletleriň we kompaniýalaryň işini düzgünleşdirmäge ýaramly BMG-niň köpugurly syýasy-hukuk resminamasyny işläp düzmek;

3) köptaraplaýyn syýasy gepleşikleriň hemişelik hereket edýän guralyny, ýagny häzirki we geljekki ösüşiň möhüm meselelerine özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp taýýarlamak maksady bilen, sebitiň, goňşy döwletleriň we gyzyklanýan halkara düzümleriniň gatnaşmagynda Merkezi Aziýada parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça Forumy döretmek;

4) «Demirgazyk–Günorta», «Gündogar–Günbatar» ugurlary boýunça ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek we olaryň netijeli hereket etmegine gönükdirilen anyk, ygtybarly we ulgamlaýyn çäreleri işläp düzmek;

5) BMG bilen hyzmatdaşlykda howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça Sebitara merkeziň ýöriteleşdirilen gurluşyny döretmek.

Türkmenistan ýaragsyzlanmak, ýarag gorhanalaryny, ilkinji nobatda, köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglary kemeltmek meselelerine işjeň ýardam etmekligi dowam eder.

Türkmenistanyň halkara arenasyndaky barha ösüp barýan orny we ähmiýetliligi bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ýurduň geoykdysady strategiýasynyň anyk şekillere eýe bolýandygyny aýratyn belläp geçmek gerek. Täze yklymara ulag-aragatnaşyk ugurlarynyň döredilmegine, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna has tygşytly daşalmagyna gönükdirilen, uly möçberli taslamalaryň yzygiderli durmuşa geçirilmegi we beýleki teklipler üstünlikli alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasatynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagy bolup durýar.

Türkmenistan şu syýasy dünýägaraýyş esasynda öz giň we köpugurly hyzmatdaşlyga gönükdirilen sebitleýin strategiýasyny gurýar. Şunda Türkmenistan şeýle hyzmatdaşlygyň düşünjesine diňe bir geografik ýakynlygy we taryhy umumylygy däl-de, eýsem oňa anyk geosyýasy we geoykdysady mazmuny hem siňdirýär. Şu ýerde sebitiň döwletleriniň, başga ýurtlaryň we halkara düzümleriniň gatnaşmagyndaky iri halkara taslamalaryny teklip etmek we goldamak bilen, dürli ýurtlaryň bähbitleriniň oňşuklylyga we utgaşyklylyga esaslanýan, sebitdäki hyzmatdaşlygyň nusgalarynyň bilelikde işlenilip düzülmegi baradaky ideýa hakynda aýdyp bolar.

Jedelleriň öňüni almak boýunça tagallalary utgaşdyrmak çygrynda halkara düzümlerini döretmek barada Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan ideýalar, şeýle hem dünýä bazarlaryna energiýa serişdeleriniň daşalmagynyň ygtybarly goralmagy we howpsuzlygy üçin halkara-hukuk kepilliklerini döretmek, halkara söwda-ykdysady geçelgelerini döretmek baradaky teklipler şeýle çemeleşmä anyk mysallar bolup durýar. Olaryň dünýä bileleşigi tarapyndan giň goldaw alýanlygy hakynda 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 1995-nji we 2013-nji ýyllarda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakyndaky», 2008-nji we 2013-nji ýyllarda «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny», şeýle

hem 2014-nji we 2015-nji ýyllarda «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly Rezolýusiýalaryň kabul edilmegi subut edýär.

Türkmen Lideri tarapyndan öňe sürülýän halkara başlangyçlarynda-da, dünýä syýasatynyň meselelerini diňe syýasy-diplomatik serişdeler bilen gepleşikleri geçirmek arkaly çözmäge hemmetaraplaýyn ýardam etmek, ählumumy howpsuzlygyň uzakmöhletleýin we durnukly ulgamyny döretmek baradaky garaýyşlar esasy orunda durýar.

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan soňky ýyllarda öňe sürlen başlangyçlarda parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek işinde Milletler Bileleşigine agza bolan döwletleriň mundan beýläk hem tagallalarynyň birleşdirilmegine ýardam bermäge çagyrýan şu aşakdaky konseptual ýörelgeler esaslandyryldy we teklip edildi:

1. Umumy howpsuzlyk düşünjesiniň bitewüligi we bölünmezligi hakyndaky konsepsiýanyň öňe sürülmegi, onuň geosyýasy we başga nukdaýnazarlarynyň özara baglanyşyklylygy. Türkmenistanyň Prezidentiniň sebitde, yklymda we dünýäde howpsuzlygyň bolmazlygynda diňe bir ýurduň howpsuzlygynyň üpjün edilip bilinmezligi baradaky tezisi düýpli ähmiýete eýedir. Şeýle hem ykdysady, energetika, azyk howpsuzlygyny üpjün etmezden, ekologik, tehnogen häsiýetli töwekgelçilikleriň we howplaryň öňüni almazdan, halkara terrorçylygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga, köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglaryň ýaýradylmagyna we başga global wehimlere garşy netijeli hereket etmezden, syýasy ýa-da harby howpsuzlyk uzakmöhletleýin we doly manyly bolup bilmez.

2. Energetika howpsuzlygynyň derejesini global howpsuzlygyň iň derwaýys düzüm bölekleriniň biridir diýip kesgitlemek, ilkinji nobatda, häzirki döwürde halkara energiýa serişdelerini iberiş ulgamynyň dünýä ykdysadyýetiniň iň gowşak goralýan bölegi bolup durýandygy bilen şertlendirilendir. Şunuň bilen baglylykdaky esasy meseleler hökmünde planetanyň aýry-aýry sebitlerindäki syýasy durnuksyzlyk, umumy ykrar edilen düzgünleşdiriji halkara-hukuk guralynyň bolmazlygy, infrastrukturanyň kämil dälligi, turbageçiriji ugurlarynyň geografiýasynyň birtaraplaýynlygy görkezildi. Ener-

getika howpsuzlygynyň we bu ugurdaky halkara tagallalarynyň birleşdirilmeginiň meseleleri Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň maslahatlarynyň münberinden eden çykyşlarynyň her birinde gozgalyp, birin-birin bellenilip geçildi.

3. Global energetiki özara hereket etmegiň strategik ugruny işläp düzmek – dünýä energetika giňişliginde gatnaşyklaryň ýörelgeleýin täze, köpugurly nusgasyny, ýagny köptaraplaýyn gyzyklanmalaryň deňligine, energetika howpsuzlygynyň global binagärligine garaýyşlaryň we düşünjeleriň utgaşmagyna, hyzmatdaşlygyň uzakmöhletleýin peýdasyna we artykmaçlyklaryna aň ýetirmäge esaslanýan nusgasyny döretmek. 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji maslahatynda kabul edilen «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Baş Assambleýanyň Rezolýusiýasy, şeýle hem 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda BMG-niň şol resminamasynyň düzgünlerini ösdürmek bilen, nobatdaky Rezolýusiýanyň kabul edilmegi, energiýa üpjünçiliginiň meseleleri boýunça giň halkara aragatnaşyklaryny ýola goýmak, anyk we degerli gyzyklanmalar arkaly özara hereket etmek üçin esas döretmek boýunça logiki ädim boldy.

4. Halkara energiýa serişdelerini iberiş ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge gönükdirilen, energiýa göterijiler ulgamynyň goraglylygyny hem goşmak bilen, energiýa serişdeleriniň üstaşyr geçirilmegi babatda BMG-niň geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek boýunça bilermenler toparyny döretmek hakyndaky teklibi durmuşa geçirmek (gyzyklanýan ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini hem nazarda tutmak bilen).

5. Ýaragsyzlanmak çäreleri boýunça, ýarag gorhanalaryny, ilkinji nobatda bolsa, köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglary kemeltmek meselelerinde bilelikdäki özara hereketi işjeňleşdirmek. Şu babatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça, 2010-njy ýylyň iýunynda BMG-niň guramagynda Aşgabatda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde ýaragsyzlanmak meselesine bagyşlanan ýokary derejeli halkara maslahaty geçirildi.

6. Energiýa serişdeleriniň global ölçeglerde howpsuz we ygtybarly üstaşyr geçirilmegini üpjün etmegiň meselelerini köptaraply, ulgamlaýyn ara alyp maslahatlaşmagyň zerurlygyna ünsi çekmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda geljekde BMG-niň institusional ulgamynda bu ugur boýunça ýeke-täk guramaçylyk we utgaşdyryş düzümini – BMG-niň Energetika Geňeşini döretmegi teklip etdi. Onuň işiniň manysy we mazmuny – energetika meselesiniň soraglarynyň ähli toplumyny ulgamlaýyn, professional derejede ara alyp maslahatlaşmak üçin syýasy ölçegleri we guramaçylyk şertlerini üpjün etmek bolup durýar.

7. Sebit derejesinde Müňýyllygyň Maksatlaryny berjaý etmegiň wajyp bölegi hökmünde hasap etmek bilen, möhüm ekologik meseleleri, ilkinji nobatda, Araly halas etmek bilen baglylykdaky meseleleri çözmek we Hazar deňziniň ajaýyp tebigy baýlyklaryny dikeltmek barada Türkmenistanyň Prezidenti Ýörite halkara bilermenler toparyny döretmegi teklip etdi. Bu topar BMG we onuň düzümleri bilen hyzmatdaşlykda Araly halas etmek boýunça ulgamlaýyn halkara hukuk resminamasyny taýýarlap bilerdi.

8. Şu babatda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň gös-göni bolmaklary üçin mümkinçilikleri gözläp tapmak barada teklip öňe sürüldi. Hususanda, Türkmenistanyň Prezidenti sebitiň döwletleriniň birinde BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasynyň sebitleýin edarasyny (UNEP) açmak baradaky meselä seretmegi teklip etdi we munuň üçin zerur bolan infrastrukturany bermäge Türkmenistanyň taýýardygyny beýan etdi.

9. Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynyň münberinden beýan edişi ýaly, bar bolan meseleleri we jedelleri parahatçylykly, gepleşikler usullary bilen çözmäge ygrarlylyk Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde howpsuzlygyň hem-de durnuklylygyň pugta we netijeli ulgamyny döretmegiň aýgytly şertleri bolup çykyş edýär. Bu ýerde özara düşünişmek, ynanyşmak we açyklyk, islendik derwaýys meseläni päk ýürekden we obýektiw ara alyp maslahatlaşmak ilkinji hatara çykýar. Umumysebit gepleşikleriniň, şeýle hem köptaraplaýyn gepleşikleriň hemişelik we ulgamlaýyn işiniň, ol ýa-da beýleki meselelere özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp

taýýarlamagyň gurallaryny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti ýokary derejede wagtly-wagtynda özara hereket etmek üçin syýasy ölçegi teklip etdi – ol Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde howpsuzlyk, parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça Forumdyr. Bu Forumy yzygiderli esasda, nobatyna laýyklykda sebitiň her bir döwletinde geçirmegi maksadalaýyk hasaplap, Türkmenistanyň Prezidenti onuň ilkinji mejlisini kabul ederlikli möhletlerde Aşgabatda guramaga taýýardygyny mälim etdi.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Owganystandaky ýagdaýlary kadalaşdyrmak, bu ýurduň durmuş-ykdysady ýagdaýyny dikeltmek we oňa ynsanperwerlik ýardamyny bermek babatynda hem ençeme başlangyçlary öňe sürdi we olaryň ählisi iş ýüzünde öz beýanyny tapýar.

11. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyndaky öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti «Ösüş arkaly parahatçylyk» ideýasyny öňe sürdi. Islendik ýagdaýy parahatçylyk serişdeleri we usullary bilen düzgünleşdirmegi esasy mesele hökmünde görmek bilen, olary dünýä bileleşiginiň elinde bar bolan esasy kanuny çeşme hasap edip, Türkmenistanyň Prezidenti halkara meseleleri çözülen mahalynda syýasy-diplomatik serişdeleriň ilkinji nobatda ulanylmagy, soňlugy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynda seredilmegi hakyndaky Jarnamany işläp düzmäge girişmegi teklip etdi.

12. Energiýa üpjünçiligi çygry boýunça halkara-hukuk esasyny döretmekde işjeň gatnaşýan BMG-ä agza döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek maksady bilen, Türkmenistan täze guraly – BMG-niň howandarlygynda Sebitara energetika gepleşiklerini döretmegi teklip etdi.

13. Türkmenistanyň Prezidenti ulagy ösdürmek boýunça BMG-niň Ýörite maksatnamasyny işläp düzmäge girişmegi hem teklip etdi. Şeýle Maksatnama üçin, hususan-da, Hazar we Gara deňizleriniň, Merkezi Aziýanyň we Ýakyn Gündogaryň arasyndaky üstaşyr-ulag mümkinçiliklerini öwrenmek mynasyp çelgi bolup bilerdi.

14. Has jebis köptaraplaýyn özara hereket babatda Türkmenistanyň Prezidenti howanyň üýtgemegi çygrynda hyzmatdaşlygyň ulgamlaýyn gurallaryny döretmäge girişmegi teklip etdi. Munuň üçin ýöriteleşdirilen düzüm birligini – howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini döretmek baradaky ideýa öňe sürüldi. Onuň işi üçin ähli zerur bolan

infrastrukturany Türkmenistanyň paýtagty – Aşgabat şäherinde üpjün etmäge taýýardygymyz barada aýan edildi.

15. Türkmenistanyň Prezidenti şeýle hem Hazar deňziniň ajaýyp tebigy baýlyklaryny aýawly saklamak babatda halkara tagallalaryna anyk mazmun bermekligiň zerurdygyny belläp geçdi. Şunuň bilen baglylykda, ol Hazar basseýninde daşky gurşawy goramak meselesine seretmek we degişli teklipleri işläp düzmek üçin hemişelik hereket edýän platforma hökmünde Hazar ekologik Forumyny guramagy teklip etdi.

16. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýan eden başlangyjyna laýyklykda, 2012-nji ýylyň 11-12-nji maýynda Aşgabatda «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly Halkara maslahaty geçirildi. Onuň işine Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasyna (YHG) agza bolan 57 ýurtdan ministrler, ministrleriň orunbasarlary, başga ýokary wezipeli hökümet işgärleri, 40-a golaý iri halkara we hökümetara guramalarynyň wekilleri, 21 döwletden, şol sanda Russiýa Federasiýasyndan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryndan we başga ýerlerden synçylar gatnaşdylar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň daşary syýasatynda parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň maksatlaryny nähili beýan edip bolar?
2. Türkmenistanyň sebit we halkara derejeleriniň daşary syýasy ähmiýetini nähili düşündirip bolar?
3. Türkmenistanyň haýsy wajyp halkara başlangyçlaryny bilýärsiňiz?

## § 3. Türkmenistanyň ýaragsyzlanmak baradaky tagallalary we halkara hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara howpsuzlygy boýunça tagallalarynda köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglaryň ýaýradylmagy, halkara terrorçylygy, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy we guramaçylykly transmilli jenaýatçylyk bilen bagly global wehimlere garşy durmak babatynda bilelikdäki çäreleriň amala aşyrylmagy boýunça öňe sürýän ideýalary we teklipleri binýatlyk ähmiýete eýe bolup durýar. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Baştutany ýa-

ragsyzlanmak ulgamynyň çäklerinde alnyp barylýan ýaraglaryň, ilkinji nobatda, köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglaryň we olaryň gorlarynyň kemeldilmegi ugrunda netijeli çäreleriň amala aşyrylmagynyň zerurdygyny nygtaýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň sentýabrynyň ahyrynda daşary ýurt habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin metbugat maslahatynda belleýşi ýaly: «Geçen asyryň ahyrynda iki ulgamyň ideologik garşylykda durmagy, iki äpet döwletiň geosyýasy bäsdeşligi, şunlukda beýleki ähli döwletlere, köp bolsa, diňe hasabat ýöredijiniň ornunyň berilmegi tamamlandy. Şu gün, global ölçegde, arany bölýän çyzyklar ýokdur. Olary döretmäge, şol sanda şübheli «siwilizasiýalaryň gapma-garşylygy» nazaryýetini öňe sürmäge bolan islendik synanyşyklar esassyzdyr we olaryň geljegi ýokdur».

Türkmenistan Ýer ýüzünde parahatçylykly we döredijilikli ösüşiň, özara ynanyşmak, açyklyk we hyzmatdaşlyk ruhuny berkitmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde ýaragsyzlanmak hereketiniň işjeňleşmegini hasap edýär. Türkmenistan bu ugurda anyk hereketleri amala aşyrmak bilen, wajyp kanunçylyk resminamalarynyň toplumyny kabul etdi. Olar köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglary ýaýratmazlyk, şol sanda ýadro, himiki, bakteriologik we beýleki ýaraglaryny edinmezlik, öndürmezlik, saklamazlyk, daşamazlyk baradaky borçnamalary yglan edýärler. Şunuň bilen baglylykda global howpsuzlyk ulgamyny goldamak we berkitmek, halkara dawalarynyň ýüze çykmagyna ýol bermezlik, döwletleriň we halklaryň durnukly ösüşine ýardam bermek, giň we oňyn halkara hyzmatdaşlygynyň alnyp barylmagyna gönükdirilen bilelikdäki tagallalara mynasyp goşant goşmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksady bolup durýar.

Hususan-da, biziň döwletimiz 1994-nji ýylda Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy hakyndaky Şertnama goşuldy, 1998-nji ýyldan bäri bolsa, Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama Guramasynyň agzasy bolup durýar. Şu ulgamda öz borçnamalaryny amala aşyrmak nukdaýnazaryndan, häzirki döwürde Türkmenistan Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakyndaky Şertnama Guramasynyň Monitoringiniň halkara ulgamyna ýurdumyzyň goşulmagy ugrundaky işlerini dowam edýär. Bu hyzmatdaşlyk Türkmen döwletiniň ähli gyzyklanýan taraplar, ilkinji nobatda, halkara gu-

ramalary we edaralary bilen, geljegi uly bolan ugurlar boýunça netijeli gatnaşyklaryň berkidilmegine we çuňlaşdyrylmagyna ygrarlydygyny ýene-de bir gezek aýdyň subut edýär.

Türkmenistan şeýle hem himiki ýaraglaryny döretmegi, öndürmegi, toplamagy we ulanmagy gadagan etmek hem-de bu ýaragy ýok etmek baradaky Konwensiýa, Bakteriologik (biologik) we toksinli ýaraglary döretmegi, öndürmegi we olaryň gorlarynyň toplanylmagyny gadagan etmek we olary ýok etmek hakyndaky BMG-niň Konwensiýasyna, Pyýada goşuna garşy minalaryň ulanylmagyny, gorlarynyň toplanylmagyny, öndürilmegini we berilmegini gadagan etmek we olary ýok etmek hakyndaky Konwensiýa, Ýadro terrorçylygy hereketleriniň garşysyna göreşmek hakyndaky Konwensiýa we ýaragsyzlanmak meselelerine degişli beýleki uly möçberli halkara-hukuk resminamalaryna goşuldy. Şu resminamalara gatnaşyjy döwletleriň esasy maksady Ýer ýüzünde ählumumy parahatçylygyň, ylalaşygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine ýardam bermek bolup durýar.

Türkmenistanyň öz halkara borçnamalaryna ygrarlylygy şeýle-de onuň milli kanunçylygynda, ilkinji nobatda, konstitusion derejede we beýleki resminamalarda berkidilendir. Türkmenistan ýadro, himiki, bakteriologik we köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglaryň beýleki bar bolan we täze görnüşleriniň hem-de olary öndürmegiň tehnologiýalaryna eýe bolmakdan, olary öndürmekden, saklamakdan, daşamakdan ýüz dönderýändigini yglan etdi, şeýle hem biziň ýurdumyz köpçülikleýin heläkçilige getirýän ýaraglaryň ýaýradylmagyna garşy halkara guramalarynyň başlangyçlaryny goldaýandygyny aýan etdi.

2005-nji ýylda halkara guramalarynyň köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglaryň ýaýradylmagyna garşy göreş baradaky başlangyçlaryny goldamak hakyndaky Beýannama milli derejede kabul edildi. Türkmenistan 2006-njy ýylda sebitiň beýleki döwletleri bilen bilelikde Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek hakyndaky Şertnama gol çekdi.

Türkmenistanyň Prezidenti «Dünýäde näçe ýarag az bolsa, onuň ösüşiniň şonça-da durnukly we asuda boljakdygyna, ýurtlaryň we halkaryň arasynda özara ynanyşmagyň we düşünişmegiň artjakdygyna ynanýarys» diýip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynda eden çykyşynda beýan etdi. Harby çaknyşyklaryň ýüze

çykmak ähtimallygynyň töwekgelçiligini düýpli peseltmek, gapma-garşylyklaryň parahatçylykly, syýasy serişdeler we gepleşikler ýoly bilen çözülmegi diňe bir aýry-aýry ýurtlaryň we sebitleriň ykbalynda däl-de, eýsem tutuş halkara bileleşiginiň ykbalynda-da uzakmöhletleýin we strategik ähmiýete eýedir.

Türkmenistan ýaragsyzlanmak we ýaraglary ýaýratmazlyk babatynda öz üstüne alan halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmek bilen, sebitde we bütin dünýäde parahatçylygy hem howpsuzlygy üpjün etmäge bolan öz ymtylyşlaryny hakykat ýüzündäki hereketleri bilen aýdyň görkezýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 24-nji iýunynda ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Merkezi Aziýa we Hazar basseýniniň döwletleriniň halkara maslahatyna gatnaşyjylara iberen Ýüzlenmesinde birnäçe derwaýys meseleler barada nygtap geçdi. Türkmenistan birnäçe örän ähmiýetli halkara-hukuk namalaryna gatnaşyjy ýurt bolmak bilen, ýaragsyzlanmak meselelerini halkara guramalarynyň we forumlarynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň we onuň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça düzümleýin toparynyň üsti bilen çözülmeginiň zerurlygy baradaky ýörelgelere eýerýär.

Ozal bellenilip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň öz halkara borçnamalaryna ygrarlydygy milli kanunçylykda-da, ilkinji nobatda, konstitusion derejede we beýleki kanunçylyk resminamalarynda-da berkidilendir. Hususan-da, halkara hukugynyň esasgoýujy ýörelgelerini ileri tutýan Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda hem bu ugurda ýadro, himiki, bakteriologik we köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglarynyň beýleki görnüşlerinden, olary öndürmegiň täze görnüşlerinden we tehnologiýalaryndan, olara eýe bolmakdan, öndürmekden, saklamakdan, daşamakdan ýüz dönderýändigi barada yglan edilýär.

Türkmenistan ýaragsyzlanmak boýunça esasy halkara konwensiýalaryna we şertnamalaryna gatnaşyjy bolup durýar. Şu babatda Türkmenistanyň öz garaşsyz ösüşiniň ilkinji ýyllaryndan başlap we ondan soňky döwürlerde köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglary, ilkinji nobatda, onuň ýadro, himiki, bakteriologik görnüşlerini gadagan edýän möhüm konwensiýalara goşulandygyny belläp bolar. Bu hatarda Türkmenistan şu möhüm resminamalara gatnaşyjy bolup durýar:

1) Himiki ýaragyň işlenip taýýarlanylmagyny, öndürilmegini, toplanylmagyny we ulanylmagyny gadagan etmek hakynda Konwensiýa (1993-nji ýylyň 13-nji ýanwary, Pariž şäheri);

2) Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakynda Şertnama (1968-nji ýylyň 1-nji iýuly, Moskwa, Waşington, London şäherleri);

3) Bakteriologik we zäherleýji ýaraglaryň gorlarynyň işlenip taýýarlanylmagyny, öndürilmegini we toplanylmagyny gadagan etmek we olary ýok etmek hakynda BMG-niň Konwensiýasy (1972-nji ýylyň 10-njy apreli, Nýu-Ýork şäheri);

4) Ýadro synaglaryny hemmetaraplaýyn gadagan etmek hakynda Şertnama (1996-njy ýylyň 24-nji sentýabry, Nýu-Ýork şäheri);

5) Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama (2006-njy ýylyň 8-nji sentýabry, Semipalatinsk şäheri);

6) Ýadro terrorçylyk aktlaryna garşy göreş hakynda Halkara konwensiýasy (2005-nji ýylyň 13-nji apreli, Nýu-Ýork şäheri) we başga halkara-hukuk namalary. Bulardanam başga, uruş we uruş gapma-garşylyklarynyň pidalary hem-de uruş döwründe raýat ilatyny goramak barada halkara-hukuk düzgünleşdirmesiniň esasy bolup durýan, 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa konwensiýalaryna we onuň protokollaryna goşulmagy, Türkmenistanyň ýokary ynsanperwerlik gymmatlyklaryna we ýörelgelerine ygrarlydygyna şaýatlyk edýär.

Şeýle hem Türkmenistan halkara terrorçylygynyň, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygynyň, guramaçylykly jenaýatyň we häzirki zamanda adamzada howp salýan başga howplaryň we wehimleriň garşysyna göreşiň halkara-hukuk binýadyny yzygiderli ösdürýär we berkidýär. Türkmenistan öz garaşsyzlygynyň ilkinji döwürlerinde şu resminamalara goşuldy:

1) Neşe serişdeleri hakynda 1961-nji ýylyň bitewi Konwensiýasyna, oňa üýtgetmeler girizmek hakynda 1972-nji ýyldaky Protokol bilen bilelikde (1961-nji ýylyň 30-njy marty, Nýu-Ýork şäheri);

2) 1971-nji ýyldaky Psihotrop maddalar hakynda BMG-niň Konwensiýasy (1971-nji ýylyň 21-nji fewraly, Wena şäheri);

3) Neşe serişdeleriniň we psihotrop maddalarynyň bikanun dolanyşygyna garşy göreş hakynda BMG-niň Konwensiýasy (1988-nji ýylyň 19-njy dekabry, Wena şäheri);

4) Hakyna tutmalary işe çekmegiň, ulanmagyň, maliýeleşdirmegiň we okatmagyň garşysyna göreş hakynda BMG-niň Konwensiýasy (1990-njy ýylyň 31-nji ýanwary, Nýu-Ýork şäheri);

5) Bombalaýyş terrorçylygyna garşy göreş hakynda Halkara konwensiýasy (1997-nji ýylyň 15-nji dekabry);

6) Adamlary girew hökmünde ele salmagyň garşysyna göreş hakynda Halkara konwensiýasy (1979-njy ýylyň 17-nji dekabry, Nýu-Ýork şäheri);

7) Terrorçylygy maliýeleşdirmegiň garşysyna göreş hakynda Halkara konwensiýasy (1999-njy ýylyň 9-njy dekabry);

8) Transmilli guramaçylykly jenaýatçylyga garşy BMG-niň Konwensiýasy (2000-nji ýylyň 15-nji noýabry) we başgalar.

Türkmenistan 1997-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Ottawa şäherinde (Kanada) kabul edilen Pyýada goşuna garşy minalaryň ulanylmagyny, gorlarynyň toplanylmagyny, öndürilmegini, berilmegini gadagan etmek we olary ýok etmek hakynda Konwensiýanyň awtordaşy we gatnaşyjysy bolup durýar. Ottawa prosesi boýunça Türkmenistan Wenada, Bonnda, Brýusselde we Aşgabatda geçirlen halkara forumlaryna işjeň gatnaşdy. Şol forumlar Pyýada goşuna garşy minalaryň ulanylmagyny, gorlarynyň toplanylmagyny, öndürilmegini, berilmegini gadagan etmek we olary ýok etmek hakynda Konwensiýany döretmek baradaky işe uly goşant goşdy.

Türkmenistan Pyýada goşuna garşy minalar boýunça Maputu, Mozambik (1999) Konferensiýalaryna bilelikdäki başlyk hökmünde saýlandy. Şeýlelik bilen, Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasynda pyýada goşuna garşy minalary global gadagan etmek boýunça 1997-nji ýylyň dekabrynda Ottawa şäherinde (Kanada) geçirlen konferensiýada Pyýada goşuna garşy minalary gadagan etmek boýunça Şertnama gol çeken ilkinji döwlet boldy.

Türkmenistanyň Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolagy döretmek hakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1-nji komitetiniň Rezolýusiýasyny goldamagy we onuň awtordaşy bolmagy hem ajaýyp wakadyr. Şu babatda, 2006-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda Semipalatinsk şäherinde Türkmenistan, Gazagystan, Gyrgyz Respublikasy, Täjigistan we Özbegistan tarapyndan Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama gol çekilmegi, sebit ölçe-

ginde köpçülikleýin gyryş ýaraglaryny ýaýratmazlyk we ýaragsyzlanmak çygrynda döwletleriň özara hereketleriniň işjeňleşmeginiň wajyp tapgyry boldy.

Türkmenistan Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnamanyň kabul edilmeginiň öňüsyrasyndaky uly we yzygiderli taýýarlyk işine örän janypkeşlik bilen işjeň gatnaşdy. Ilkinji gezek Şertnama baglaşmak hakyndaky ideýa Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň 1997-nji ýyldaky Almaty duşuşygynda kabul edilen Jarnamada yglan edildi. Şonda hem degişli halkara resminamasyny taýýarlamak üçin Sebitleýin bilermenler topary (SBT) döredildi. 1997-nji ýyldan 2002-nji ýyla çenli BMG-niň Ýaragsyzlanmak boýunça Departamentiniň we Atom energiýasy boýunça Halkara agentliginiň (MAGATE) bilermenleriniň ýakyndan ýardam etmeginde SBT bu mesele boýunça Ženewada, Aşgabatda, Daşkentde we iki gezek − Sapporoda we Samarkantda işjeň duşuşyklaryň birnäçesini geçirdi.

2002-nji ýylda BMG-niň ştab-kwartirasynda iki gezek «ýadro bäşliginiň» (Beýik Britaniýa, Hytaý, Russiýa, ABŞ we Fransiýa) bilermenleriniň geňeşmeler duşuşyklary geçirildi. 2005-nji ýylyň fewralynda Daşkentde SBT-niň ýedinji duşuşygy geçirlip, onda gatnaşyjy ýurtlaryň, BMG-niň we MAGATE-niň tekliplerini we teswirlemelerini hasaba almak bilen, Şertnamanyň mazmuny boýunça Merkezi Aziýa ýurtlarynyň garaýyşlary ylalaşyldy.

BMG-niň Baş Assambleýasy, Aziýa yklymynda ýadro ýaraglaryndan azat giň sebitiň döremegi üçin halkara-hukuk esasyny emele getirjek resminama hökmünde, bu Şertnama ýokary ähmiýet bermek bilen, 2006-njy ýylyň 6-njy dekabrynda we 2009-njy ýylyň 12-nji ýanwarynda degişli rezolýusiýalary kabul etdi. Olara laýyklykda, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama, sebitleýin we global parahatçylygy hem-de howpsuzlygy berkitmäge, şeýle hem halkara terrorçylygyna garşy göreşmäge we ýadro materiallarynyň hem-de tehnologiýalarynyň jenaýatçylykly subýektleriň eline düşmeginiň öňüni almaga ýardam edýändigini ykrar edýär.

2009-njy ýylyň 21-nji martynda Şertnamanyň ähli gatnaşyjylary tarapyndan ony resmi taýdan ykrar etmek (ratifikasiýa) işi tamam-

lanyldy we bu wajyp halkara-hukuk resminamasy güýje girdi. Halkara özara hereket etmegiň gapma-garşylyksyz nusgasynyň we bütinleý sebitde durnukly hem-de howpsuz ösüşiň girewi bolmaklygyň esasy bolup durýan, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama ýadro ýaraglaryny ýaýratmazlyk düzgüniniň, ýadro energiýasyny parahatçylykly ulanmak boýunça hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň berkidilmegine uly goşant goşdy.

Bu resminamanyň örän möhüm ähmiýeti onuň kabul edilmegi bilen, hakyky iş ýüzünde Aziýa yklymynda ýadro ýaraglaryndan azat giň sebitiň döremegi üçin halkara-hukuk esasyny döretmek boýunça ilkinji ädimiň ädilenligindedir. Bu Şertnamanyň gatnaşyjylary bolmak bilen, Merkezi Aziýa döwletleri öz çäklerinde ýadro ýaragynyň we onuň düzüm bölekleriniň ýa-da ýadro partladyjy gurluşlarynyň öndürilmegini, satyn alynmagyny we ýerleşdirilmegini gadagan etmek boýunça öz üstlerine borçnama aldylar. Şunlukda Şertnama gatnaşyjylar ýadro ýaragsyzlanmagy we ýadro ýaraglarynyň ýaýradylmazlygy hem-de global we sebit howpsuzlygyny üpjün etmek işine bilelikdäki goşantlaryny tassykladylar. Munuň özi terrorçylyga garşy göreş boýunça we köpçülikleýin ýok ediş ýaraglarynyň terrorçylykly düzümleriň eline düşmegine ýol bermezlik babatynda aýratyn hem derwaýysdyr.

Taraplaryň umumy ylalaşygy esasynda, 2010-njy ýylda Türkmenistan Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnamanyň çäklerinde özara hereketi guramak boýunça utgaşdyryjy döwlet hökmünde kesgitlenildi.

Öz üstüne şu ýokary we jogapkärçilikli wezipäni almak bilen, Türkmenistan Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnamanyň düzgünlerini has netijeli amala aşyrmak we olary durmuşa geçirmek üçin degişli gurallary döretmegi teklip etdi. Türkmenistan, utgaşdyryjy ýurt hökmünde, 2009-njy ýylyň 15-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde, Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama gatnaşyjy döwletleriň birinji geňeşme-duşuşygyna gatnaşyjy wekillerini kabul etdi. Bu duşuşygyň dowamynda resminamada berkidilen borçnamalaryň ýerine ýetirilmegine, ýaragsyzlanmak meselesi boýunça halkara gurluşlary bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrmaga gönükdirilen Merkezi Aziýa

döwletleriniň özara hereketleri kesgitlenildi, şeýle-de mundan beýläk hem geçirilmäge degişli bolan özara bilelikdäki hereketler boýunça birnäçe guramaçylyk meseleleri çözüldi.

Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakynda Şertnama gatnaşyjy döwletleriň Aşgabat duşuşygy bu Şertnamanyň işiniň başlanmagyna we onuň amala aşyrylmagy boýunça ilkinji ädimleriň ädilmegine itergi berdi. Şertnama gatnaşyjy taraplar köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglaryň gorhanalarynyň kemeldilmegi, global ölçegde parahatçylygy, asudalygy we howpsuzlygy berkitmek boýunça bütin dünýä bileleşiginiň tagallalary bilen baglanyşyklylykda uly ähmiýeti bolan, ýaragsyzlanmak işine ähli taraplaýyn ýardam bermekde öz gaýduwsyzlygyny görkezdiler.

Şunlukda Türkmenistan bu Şertnamanyň çäklerinde işleri utgaşdyryjy döwlet hökmünde, 2010-njy ýylyň dowamynda we ondan soňky döwürde sebitde ýaragsyzlanmak işine hemmetaraplaýyn ýardam etdi we edýär.

Türkmenistan, ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça öz borçnamalaryny amala aşyrmak bilen baglylykda, ýadro synaglaryny onuň hemme meseleleri bilen birlikde gadagan etmek hakynda Şertnamanyň Halkara syn ediş ulgamyna girmek boýunça işjeň hereketlerini dowam edýär. Bu ugurdaky ýakyndan edilýän hyzmatdaşlyk Türkmen döwletiniň ähli gyzyklanýan taraplar, ilkinji nobatda, halkara düzümleri bilen netijeli hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan ugurlaryny berkitmäge we çuňlaşdyrmaga bolan meýilleriniň ýene-de bir tassyklamasydyr.

Türkmen döwletiniň ýadro ýaragynyň kämilleşdirilmegine we onuň ýaýradylmagyna böwet goýýan şeýle möhüm halkara-hukuk resminamasyna goşulmagy, bitarap döwlet hökmünde öz üstüne alan halkara borçnamalaryna ygrarly, parahatçylygyň we umumy howpsuzlygyň bähbitlerinde giň halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmak ugruny gyşarnyksyz amala aşyrýan ýurtdugyny aýdyň görkezdi. 2009-njy ýylyň 17-nji iýulynda ýadro synaglaryny onuň hemme meseleleri bilen birlikde gadagan etmek hakynda Şertnamanyň Halkara syn ediş ulgamynyň bölüminiň direktory jenap Federiko Guýendel iş sapary bilen Aşgabatda boldy. Ol Türkmenistanyň Hökümetinde we Daşary işler ministrliginde kabul edildi, şeýle hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Seýsmologiýa institutynda gepleşikler geçirdi.

Duşuşyklaryň çäklerinde, taraplar mundan beýläk-de özara bähbitli ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga gyzyklanmalaryny tassykladylar, şeýle hem seýsmologiýa çygryndaky bilelikdäki taslamanyň ýagdaýy we onuň amala aşyrylmagynyň geljegi hakynda pikir alyşdylar. Bu taslamanyň ýerine ýetirilmegi – şu ýyllarda kemala gelen, ösüşiniň uly geljegi bolan, netijeli gatnaşyklary ähli taraplaýyn berkitmäge we çuňlaşdyrmaga taraplaryň maksatlarynyň ýene-de bir tassyklamasydyr.

Türkmenistanyň öz üstüne alan halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýändiginiň, parahatçylygyň we umumy howpsuzlygyň bähbitleri üçin giň halkara hyzmatdaşlygy syýasatynyň iş ýüzünde amala aşyrylýandygynyň wajyp ugurlarynyň biri hem MAGATE bilen onuň hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapýar. Mälim bolşy ýaly, MAGATE – atom energiýasyny parahatçylyk üçin ulanmak boýunça halkara gatnaşyklaryny ösdürmek maksatlary bilen döredilen abraýly hökümetara gurluşdyr. Ol 1957-nji ýylda awtonom gurama hökmünde BMG-niň düzüminde döredildi. Türkmenistan 1994-nji ýylyň sentýabryndan bäri Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakyndaky Şertnama gatnaşyjy ýurt bolmak bilen, 2005-nji ýylyň maýynda Ýadro ýaragyny ýaýratmazlyk hakyndaky Şertnama we oňa Goşmaça Protokol bilen baglanyşyklylykdaky kepillikleri ulanmak hakynda MAGATE bilen Ylalaşyga gol çekdi. Bu waka ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbitleri üçin oňyn hyzmatdaşlygyň ýolunda täze möhüm ädim boldy.

2007-nji ýylyň baharynda Türkmenistan we MAGATE her ýylky milli hasabaty düzmäge jogapkär bolan ygtyýarly milli edaranyň hukuk ýagdaýyny ylalaşdylar. Taraplaryň ylalaşmagy boýunça, şeýle hukuk ýagdaýyna «Gün» ylmy-önümçilik birleşigi ygtyýarlandyryldy. Oňa hasabat resminamalaryna gözegçilik etmek we olary taýýarlamak boýunça gyzyklanýan ministrlikleriň we pudaklaryň işgärleri üçin bilelikdäki öwrediji seminarlary we treningleri geçirmäge ygtyýarlyklar berildi.

Ýadro we ionlaşdyryş materiallarynyň hasabaty boýunça Türkmenistanyň ähli ministrliklerinden we pudak edaralaryndan toplanan maglumatlaryň netijesine laýyklykda, MAGATE üçin gyzyklanma döredip biljek haýsydyr bir ýadro materiallarynyň Türkmenistanyň çäklerinde ýoklugy we bu ugurda hiç hili işläp taýýarlamalaryň alnyp barylmaýandygy döwletimiziň Milli hasabatynda tassyklanyldy.

2008-nji ýylyň 11-15-nji fewraly aralygynda MAGATE-niň wekiliýeti Aşgabatda boldy we olaryň gatnaşmagynda mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça ýurdumyzyň gyzyklanýan ministrliklerinde we pudak edaralarynda gepleşikler geçirildi.

Özleriniň Türkmenistanda bolmaklarynyň çäklerinde MAGATE-niň hünärmenleri ýurdumyzyň Milli hasabatynda berlen maglumatlaryň hakykylygyny barladylar. Hususan-da, Daşary işler ministrliginiň we ygtyýarly milli edaranyň resmi wekilleri bilen bilelikde olar radioaktiw galyndylaryň gömülýän ýöriteleşdirilen ýerine baryp gördüler we radiasiýa fonunyň ölçegini geçirdiler. Şunda enjamlar onuň ýolbererlikli kadadan geçmeýändigini görkezdi. Mundanam başga, MAGATE-niň bilermenleri hökmany her ýyllyk milli hasabatlary täze elektron görnüşinde düzmek boýunça trening geçirdiler. Şeýlede hyzmatdaşlygyň mundan beýläkki ugurlary hem anyklaşdyryldy.

2009-njy ýylyň 18-19-njy martynda Aşgabatda MAGATE bilen bilelikde, deslapky ýüze çykaryş enjamlarynyň kömegi bilen ýadro materiallaryndan, ionizirleýji elementlerden fiziki goranyşa bagyşlanan seminar geçirildi. Seminaryň işine birnäçe gyzyklanýan ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, şol sanda Daşary işler, Içeri işler, Milli howpsuzlyk, Goranmak, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Döwlet Serhet we Gümrük gulluklarynyň, şeýle hem «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugynyň wekilleri gatnaşdylar. Seminaryň çäklerinde MAGATE-niň bilermenleriniň gatnaşmagynda deslapky ýüze çykaryş enjamlarynyň häzirkizaman, iň täze görnüşleriniň tanyşdyrylyşy geçirildi. Türkmenistana Agentlik tarapyndan berlen enjamlar howply radioaktiw maddalary diňe bir çalt ýüze çykarmaga däl-de, eýsem onuň koduny, gelip çykýan çeşmesiniň barabarlygyny kesgitlemäge-de mümkinçilik berýär.

2009-njy ýylyň 31-nji martynda Aşgabatda MAGATE-niň kepillikler Departamentiniň we Türkmenistanyň Milli ygtyýarly edarasynyň guramagynda Ýadro materiallaryna döwlet hasabaty we gözegçilik ulgamlary boýunça Milli okuw kursy açyldy. Forumyň işine halkara bilermenleri we Türkmenistanyň birnäçe degişli ministrlikleriniň hem-de pudak edaralarynyň, şol sanda Daşary işler ministrliginiň, hukuk goraýjy edaralarynyň, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň, Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler ministrliginiň

we beýlekileriň wekilleri gatnaşdylar. MAGATE-niň bilermenleriniň belleýşi ýaly, ekologiýa howpsuzlygynyň we adamlaryň saglygyny goramagyň meselelerine aýratyn ähmiýet bermek bilen, giň gerimli özgertmeler maksatnamalaryny üstünlikli amala aşyrýan Türkmenistanyň oňyn tejribesi dünýä bileleşiginde uly gyzyklanma döredýär. Onuň aýdyň tassyklamasy – alyp barýan işleri atom energiýasyny we ýadro tehnologiýalaryny parahatçylykly maksatlar üçin ulanmaklygy gazanmaga gönükdirilen halkara guramasy – MAGATE bilen hyzmatdaşlykdyr. Okuw kursy Departamentiň hünärmenleri tarapyndan tehniki we maslahat beriji ýardam etmek maksady bilen alnyp barylýan bilelikdäki işiň nobatdaky tapgyry boldy. Şeýle hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýadro materiallarynyň we desgalarynyň hasabaty hem-de olara gözegçilik etmegiň meseleleri boýunça Aşgabatda we Agentligiň çagyrmagy boýunça, MAGATE-niň ştabkwartirasynyň ýerleşýän ýeri bolan – Wena şäherinde (Awstriýa) birnäçe okuw seminarlary geçirildi.

Aşgabatda bolmak bilen, MAGATE-niň kepillikler Departamentiniň bilermenleri birnäçe ministrliklerde we pudak edaralarynda duşuşyklar we gepleşikler geçirdiler, olaryň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mundan beýläk alnyp baryljak esasy ugurlary kesgitlenildi. Milli okuw kursunyň esasy maksady kepillikleriň maksatlaryny, ýagny ýadro materiallaryny diňe parahatçylykly maksatlar üçin ulanmaklygy üpjün etmäge gönükdirilen MAGATE tarapyndan ýerine ýetirilýän toplumlaýyn çäreleri düşündirmek boldy. Bu okuwlaryň dowamynda oňa gatnaşyjylar MAGATE-niň işiniň kepillikler hakyndaky ylalaşyklarda göz öňünde tutulan hasabatlary we jarnamalary taýýarlamak, ýadro eksportuna we importuna, ýaýratmazlyk düzgüniniň üpjün edilmegine, ýadro materiallarynyň degişli hasabyny geçirmäge we beýlekilere gözegçilik ulgamyny guramak ýaly möhüm ähmiýetli ugurlary bilen tanyşdylar. MAGATE-niň gözegçileri Türkmenistanda bolmaklarynyň çäklerinde Milli ygtyýarly edaranyň (MYE) wekilleri bilen bilelikde, kepilliklere degişli bolan we ylalaşyga laýyklykdaky her ýyllyk hasabatlarda MYE tarapyndan görkezilen ýadro materiallaryna ilkinji barlagy geçirdiler.

Özara hereket etmegiň çäklerinde 2011-nji ýylyň 25-nji maýynda kepillikler boýunça Departamentiň amallar bölüminiň direktory jenap Nobuhiro Muroýanyň ýolbaşçylygynda MAGATE-niň wekiliýe-

ti Türkmenistana geldi. Toparyň Aşgabatda bolan döwründe birnäçe ministrliklerde we pudaklarda, şol sanda Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler ministrliginde, Ylymlar akademiýasynda we Içeri işler ministrliginde birnäçe duşuşyklar geçirlip, olaryň dowamynda hyzmatdaşlygyň geljegi barada gyzyklanmalaýyn pikir alşyldy. BMG-niň möhüm ähmiýetli agentlikleri we maksatnamalary, hususan-da, MAGATE bilen hyzmatdaşlyga Türkmenistanyň gatnaşmagy babatdaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Duşuşyklara gatnaşyjylar Müňýyllygyň global ösüş maksatlaryna ýetmegiň hatyrasyna Türkmenistanyň we BMG-niň halkara düzümleriniň netijeli hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk hem işjeňleşdirilmegine çuňňur gyzyklanma bildirdiler.

Ýadro ýaraglaryny ýaýratmazlyk çygrynda geçirilýän çäreler babatda Türkmenistanyň halkara düzümleri, hususan-da, Demirgazyk Atlantik Şertnamasy Guramasy (NATO) bilen oňyn hyzmatdaşlyk edýändigini belläp geçmek zerurdyr. NATO-nyň «Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» (PHH) maksatnamasy boýunça Türkmenistan bilen özara hereketleriniň ugurlarynyň biri daşky gurşawy we adamlaryň saglygyny goramak çygryndaky hyzmatdaşlykdyr. Şunda import edilýän senagat we tehnologik enjamlarynyň ekologik taýdan, şol sanda radioaktiw nukdaýnazaryndan arassalygy örän wajyp meseledir. Okgunly ösüp barýan döwlet hökmünde, şu gün Türkmenistan joşgunly ykdysady we senagat ösüşi bilen baglylykda şeýle meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolup biler. Radioaktiw maddalardan peýdalanylmagyna esaslanýan öz önümçiligi bolmasa-da, ýurtda ulanylýan enjamlarda olaryň elementleri bolmagy mümkindir.

Öz wagtynda NATO-nyň hünärmenleriniň – fransiýaly bilermenleriň tehniki we maslahatlaýyn goldawynda Türkmenistanyň käbir senagat kärhanalary üçin ýörite enjamlar alyndy we Fransiýada türkmen hünärmenleriniň okuwy guraldy. Häzirki duşuşyklaryň dowamynda bu çygyrdaky hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary ylalaşyldy, ekologik howpsuzlygynyň talaplarynyň doly berjaý edilmegi bilen radioaktiw galyndylaryna gözegçilik, olary daşamak we monitoring meseleleri boýunça ýardam etmek barada ylalaşyga gelindi.

Şu hyzmatdaşlygyň çäklerinde, 2009-njy ýylyň iýunynda radioaktiw galyndylarynyň meseleleri boýunça bilermen jenap Žan Luis Tisonyň baştutanlygyndaky NATO-nyň wekiliýeti Türkme-

nistana geldi. Toparyň düzüminde şeýle hem NATO-nyň «Ylym parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna» maksatnamasynyň taslamasynyň ýolbaşçysy jenap Kristian De Wispelar hem boldy. Alýansyň wekilleriniň bu saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Goranmak ministrliginde, ýurduň Tebigaty goramak ministrliginde, şeýle hem «Türkmenhimiýa» Döwlet konserninde birnäçe duşuşyklar we gepleşikler geçirildi. Olaryň dowamynda ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ilkinji nobatda durýan meseleleri we geljekde olary ösdürmek ara alnyp maslahatlaşyldy. Şu babatda radioaktiw galyndylaryny howpsuz daşamak we saklamak baradaky meselelere seredildi.

Parahatçylygyň we hoşniýetli goňşuçylygyň ýörelgelerine gyşarnyksyz eýermek bilen, Türkmenistan sebit we global derejelerde ýaragsyzlanmak syýasatyny yzygiderli amala aşyrmaga gönükdirilen durnukly, ylalaşykly we doly möçberli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň tarapdary bolup çykyş edýär. Bu mesele, aýratyn hem, dünýä syýasy giňişliginiň çägine onuň wajyp merkezleriniň biri hökmünde okgunly çekilýän sebitler üçin has hem derwaýysdyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2009-njy ýylyň sentýabryndaky 64-nji maslahatynda ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Merkezi Aziýa we Hazar basseýniniň döwletleriniň Halkara maslahatyny geçirmek baradaky başlangyç bilen çykyş etmegi ýöne ýerden däldir. Bu başlangyç BMG-niň we sebitiň döwletleriniň giň goldawyna mynasyp boldy. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidentiniň öz ýurdunyň bu çäräniň guramaçysy bolmaga taýýardygyny beýan etmegi BMG-ä agza ýurtlar tarapyndan ýokary gyzyklanma bilen garşylanyldy.

Merkezi Aziýa we Hazar basseýni zolagy bir bitewi taryhy-geografik giňişligi düzýär. Onda şu gün energetik, ulag we aragatnaşyk ulgamlaryny özüne birikdirýän global ähmiýetli möhüm strategik merkez emele gelýär. Hut şu ýerde ýaragsyzlanmak meselesi BMG-niň işiniň wajyp ugurlarynyň biri bolmalydyr diýen pikir döreýär. Merkezi Aziýa we Hazarýaka sebitleriniň giňişligi, Ýewraziýa yklymynyň ulag ugurlaryny we energiýa köprülerini üstünden geçirýän, uglewodorod çig malynyň tükenmez hazynasy ýerleşýän, dünýä ähmiýetli möhüm çatryk bolup durýar. Munuň özi yklymyň, has takygy, bü-

tin dünýäniň howpsuzlygynyň ykbaly belli bir derejede hut şu ýerde çözülýär diýip tassyklamaga mümkinçilik berýär.

Şol sebäpli Türkmenistanyň Prezidentiniň Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça BMG-niň howandarlygynda wekilçilikli halkara maslahatyny geçirmek baradaky öňe süren ideýasy ýaragsyzlanmak çygrynda halkara tagallalaryny güýçlendirmek işinde möhüm waka boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan bu halkara maslahaty köpugurly häsiýete eýe bolan ýaragsyzlanmak meseleleriniň jeminiň giň spektri boýunça döwletleriň we halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň syýasy gepleşikleri üçin giň platformany kesgitlemäge çagyrdy.

2009-njy ýylyň 2-nji dekabrynda Aşgabatda ilkinji geňeşme duşuşygy geçirildi, oňa Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň we Russiýa Federasiýasynyň daşary işler edaralarynyň we diplomatik wekilhanalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Olar öz ýurtlarynyň adyndan Türkmenistanyň Prezidentiniň ýokarda görkezilen halkara maslahatyny geçirmek hakyndaky başlangyjyna goldaw bildirdiler. Halkara maslahatyny geçirmäge taýýarlanmak boýunça çäreleriň yzygiderli amala aşyrylandygyna 2010-njy ýylyň 23-nji fewralynda Aşgabatda geçirlen ikinji geňeşme duşuşygy hem şaýatlyk edýär.

Geçiriljek halkara forumyna taýýarlyk görmek we onuň geçirilmegi boýunça meseleleri ara alyp maslahatlaşmak bilen, global howpsuzlygyň bitewi ulgamyny üpjün etmek babatynda ýaragsyzlanmak we ýaraglary ýaýratmazlyk meseleleriniň halkara gün tertibinde derwaýyslaşýan şertlerinde türkmen başlangyjynyň örän wagtyndalygy barada duşuşyklara gatnaşyjylar bellediler. Aşgabat halkara forumynyň sebit hem-de global ölçeglerde parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlygy we ylalaşygy giňeltmek üçin esas boljakdygy, şeýle hem global howpsuzlyk meseleleri boýunça döwletleriň we halkara guramalarynyň özara hereketiniň netijeli guralyny döretjekdigi barada jebisleşikli garaýyş beýan edildi.

Işjeň ýagdaýda we oňyn usulda geçen duşuşyklaryň dowamynda geçiriljek maslahatyň guramaçylyk we mazmun taýdan meseleleri

boýunça pikir alşyldy. Hususan-da, forumyň maksatnamasynyň taslamasyna seredildi, olara Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça ýagdaýa syn we seljeriş geçirmek, ýaragsyzlanmak çygrynda halkara-hukuk binýady, global we sebit ölçeglerinde ýaragsyzlanmak meselelerini çözmekde halkara guramalarynyň orny ýaly temalaryň goşulmagy göz öňünde tutuldy.

Soňra, has takygy, 2010-njy ýylyň 24-nji iýunynda Aşgabatda ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitiniň döwletleriniň halkara maslahaty geçirildi. Türkmenistanyň Prezidenti maslahata gatnaşyjylara Ýüzlenmesinde: «Forumyň işine dürli ýurtlaryň, abraýly halkara guramalarynyň, bilermenler birleşiginiň, habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň şeýle giňden gatnaşmagy biziň ýurdumyzyň ýokary abraýynyň ykrar edilýändiginiň, maslahatyň işiniň çäklerinde ara alnyp maslahatlaşyljak meseleleriň örän derwaýyslygyna we möhümligine dünýä bileleşiginiň doly düşünýändiginiň aýdyň şaýady bolup durýar» diýip, aýratyn belläp geçdi.

Foruma gatnaşyjylara Gutlag ýüzlenmesinde Türkmenistanyň Prezidenti global we sebit ölçeglerinde ýaragsyzlanmak meseleleriniň gün-günden derwaýyslaşýandygyny görkezýän birnäçe ýörelgeleýin düzgünleri kesgitledi. Hususan-da, ol XXI asyrda «global howpsuzlygyň ýeke-täk maksatnamasyny kabul etmezden dünýä düzgünlerini göz öňüne getirmek akyla sygmaýar. Ýüze çykýan halkara meselelerini düzgünleşdirmegiň serişdesi hökmünde jedelli meseleleri çözmekde güýç ulanmakdan we onuň çendenaşa toplanylmagyndan döwletleriň meýletin ýüz döndermek baradaky esasgoýujy ýörelgesi çykyş etmelidir. Diňe şeýle çemeleşme Ýerde parahatçylygy we asudalygy, ony uruşlardan we çaknyşyklardan gorap üpjün edip biler» diýip belledi.

Strategik howpsuzlygy üpjün etmek boýunça şu döwre çenli bar bolan düýpli halkara-hukuk binýadyny, oňa girýän we köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglaryň dürli görnüşleri boýunça wagt synagyndan geçen ylalaşyklary we konwensiýalary hem-de ýadro ýaragyndan azat zolaklary döretmek boýunça resmi taýdan tassyklanan sebit ylalaşyklaryny hasaba almak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti global durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça halkara-hukuk binýadyny geljekde-de berkitmegiň we ösdürmegiň

zerurdygyny beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, ol şeýle belledi: «Türkmenistan ýaragsyzlanmak meselelerini syýasy-diplomatik gurallary ulanmak arkaly, halkara guramalarynyň we forumlarynyň, ilki bilenem BMG-niň we onuň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça düzümleýin toparlarynyň kömegi bilen çözmekligiň ilkinjiligi we zerurlygy ýörelgesine gollanýar. Köpugurly özara hereketi guramakda oňyn çemeleşmeleri işläp düzmek boýunça bilelikde işlemek üçin başga ýoluň ýokdugyna çuňňur ynanýaryn».

Umumylykda we bitewülikde Türkmenistanyň tagallalary we başlangyçlary yzygiderli, toplumlaýyn we ylalaşykly özara herekete, ýaragsyzlanmak işini tersine öwrüp bolmazlygyna täze itergi bermäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň konseptual düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti bitewi, gapma-garşylyksyz dünýägaraýşy döretmäge, Ýer şarynyň şu bölegindäki döwletleriň gatnaşyklarynda köpugurly özara hereketi guramakda oňyn çemeleşmeleri işläp düzmäge ýardam edýän, ýüze çykýan meseleleri we jedelleri çözmek üçin harby güýji gural hökmünde ulanmazlyk baradaky esasgoýujy ýörelgelere düşünmäge amatly şertleri döredýän düýpli täze syýasy-psihologik ýagdaýy görkezdi.

Bu barada Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belläp geçdi: «Hut şeýle çemeleşme Merkezi Aziýa giňişliginde we Hazar basseýni sebitinde hakyky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny guramak üçin ähmiýetli ýagdaý bolup çykyş edýär, hyzmatdaşlygyň we geljekki ösüşiň has netijeli ýollaryny gözlemek üçin, adamlaryň durmuşynyň hilini we sosial-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, gapma-garşylyklaryň we jedelli meseleleriň döremek töwekgelçiliginden azat sebit hökmünde, halkara ulgamyna üstünlikli integrirlenmegine täze mümkinçilikleriň bütin toplumyny açýar».

Ara alyp maslahatlaşmalaryň we pikir alyşmalaryň dowamynda maslahata gatnaşyjylar hyzmatdaşlygyň, şol sanda ýaragsyzlanmak çygryndaky hyzmatdaşlygyň giň gerimini öz içine alýan Türkmenistanyň halkara başlangyçlarynyň ähmiýetini aýratyn belläp geçdiler. Bu ugurdaky konseptual ideýalar we teklipler halkara hyzmatdaşlygynyň ölçeglerini, olara okgunly we belli bir maksada gönükdirilen häsiýet bermek bilen, has giňeltmäge çagyrýan ýörelgeleýin täze çemeleşmeleri binýat edinýär.

Forumyň gün tertibiniň çäklerinde ýaragsyzlanmak çygrynda halkara-hukuk binýadyny kämilleşdirmegiň ýollary baradaky meselelere seredildi, ýaragsyzlanmak işinde halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda bolsa, BMG-niň ornunyň ýokarlandyrylmagynyň zerurlygy bellenildi. Şunda Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnamany amala aşyrmagyň barşyna seretmek meselesine, bu Şertnamanyň çäklerindäki mundan beýläkki özara hereketiň geljeginiň ara alnyp maslahatlaşylmagyna uly üns berildi. Bulardan başga-da, maslahata gatnaşyjylar ýaragsyzlanmak çygrynda oňyn tejribesi bolan halkara edaralary we institutlary bilen, şeýle hem bu işde uly mümkinçilikleri bolan täze düzümler, hususan-da, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň zerurlygy barada bellediler. Halkara maslahatynyň ähmiýetiniň sebitiň çäklerinden has uzaga çykjakdygyna, onuň netijeleriniň BMG-niň ornuny güýçlendirjekdigine we özara hereketiň halkara gurallarynyň netijeliligini has ýokarlandyrjakdygyna, global ölçeglerde bu meseläniň anyk ugurlary boýunça hyzmatdaşlygyň has kabul ederlikli görnüşlerini döretjekdigine ynam bildirildi.

Aşgabat forumy ýaragsyzlanmak we ýaraglary ýaýratmazlyk meseleleri boýunça özara hereketiň sebitara we has giň çäklerdäki görnüşlerini döretmek boýunça hil taýdan täze ölçegleriň döremegi üçin özboluşly görelde bolup biljekdigini görkezdi. Maslahatda toplumlaýyn teklipleri taýýarlamak arkaly geljekde BMG-niň derejelerine öňe sürmek üçin ösdürilip bilinjek ideýalara we pikirlere seredildi.

Munuň manysy bu işiň başlangyç tapgyrynda Baş Assambleýanyň tabynlygynda durýan, maslahat beriji edara bolan, BMG-niň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Departamentinde oňa seretmek we ara alyp maslahatlaşmak bolup biljekdigindedir. Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde howpsuzlyk ulgamyny üpjün etmegiň toplumlaýyn halkara-hukuk binýadyny döretmek bilen baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Rezolýusiýasyny taýýarlamak we kabul etmek strategik pursat bolup biler.

Maslahatyň öňüsyrasynda, 2010-njy ýylyň 23-nji iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň howandarlygynda geçirilýän bu foruma gatnaşmak üçin türkmen paýtagtyna gelen BMG-niň Baş

sekretarynyň orunbasary, ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça BMG-niň Ýokary wekili Seržiu de Kueýros Duarteni kabul etdi. Maslahaty geçirmek ideýasynyň wajyplygyny we öz wagtyndalygyny bellemek bilen, Seržiu de Kueýros Duarte parahatçylygy we ählumumy howpsuzlygy goldamak boýunça tutuş dünýä bileleşiginiň tagallalaryna öz saldamly goşandyny goşýan Türkmenistanyň işjeň garaýşyna ýokary baha berdi. Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň bähbitlerini goramakda Türkmenistanyň garaýşyny doly goldamak bilen, BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary bu ugurda türkmen Lideriniň edýän aýgytly ädimleriniň, şeýle hem onuň amala aşyrýan ykdysady we durmuş özgertmeleriniň Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilikli mümkinçiliklerini has doly açmaga itergi berýändigine, bularyň bolsa bütin progressiw adamzadyň bähbitlerine gös-göni jogap berýändigine ynam bildirdi.

Habar beriş serişdelerine beren öz interwýusynda Seržiu de Kueýros Duarte Merkezi Aziýada we Hazar basseýni sebitinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça halkara maslahatynyň geçirilmegini «sebitde parahatçylygy we durnuklylygy saklamak üçin soňky döwürlerde Türkmenistanyň amala aşyran hereketlerine doly laýyk gelýän, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy örän wagtynda hem-de möhümdir» diýip häsiýetlendirdi.

2010-njy ýylyň 3-nji sentýabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde ýadro synaglarynyň garşysyna hereketleriň Halkara gününe bagyşlanan «tegelek stol» we surat sergisi geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, ýurtda akkreditirlenen diplomatik missiýalarynyň we wekilhanalarynyň, halkara guramalarynyň we habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Duşuşyga BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň baştutany jenap Miroslaw Ýença hem gatnaşdy.

«Tegelek stoluň» çäklerindäki pikir alyşmalaryň dowamynda Türkmenistanyň ýaragsyzlanmak çygryndaky başlangyçlarynyň, şol sanda bütin sebitde durnukly we howpsuz ösüşiň girewi, halkara özara hereketiniň gapma-garşylyksyz nusgasynyň esasy bolmaga gönükdirilen birnäçe konseptual ideýalarynyň möhümligi bellenilip geçildi.

«Tegelek stola» gatnaşyjylar sebitde esasy orny eýeleýän we häzirki zamanyň global wehimleri bilen göreşde bilelikdäki çemeleşmäni işläp düzmäge işjeň gatnaşýan Türkmenistanyň garaýşyna örän ýokary baha berdiler. Bellenip geçilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynda eden teklibi esasynda, 2010-njy ýylyň iýunynda Aşgabatda geçirlen Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitiniň döwletleriniň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Halkara maslahaty Türkmenistanyň oňyn ideýalarynyň we teklipleriniň giň goldaw alýandygyna aýdyň mysaldyr.

Şeýlelikde, BMG-niň goldamagy bilen, 2010-njy ýylyň iýunynda Aşgabatda geçirlen Merkezi Aziýa sebitiniň we Hazarýaka döwletleriniň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Halkara maslahaty, ýaragsyzlanmak meselesiniň giň gerimi boýunça, halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň gatnaşmagynda döwletleriň syýasy gepleşikleri üçin giň platformany döretmek işinde uly ähmiýetli waka boldy. Bu maslahatyň jemleri, ýaragsyzlanmak düzgünlerine we ýaraglary ýaýratmazlyga howp salýan meseleleriň hereket edýän halkara-hukuk gurallarynyň çäklerinde çözülmelidigi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär. Türkmen tarapynyň pikirine görä, bar bolan halkara serişdeleri täze resminamalar we özara hereketiň köptaraplaýyn görnüşleri bilen üsti ýetirilip kämilleşdirilmelidir.

Şunuň bilen baglylykda Türkmenistan, Halkara maslahatynyň netijeleri boýunça, onuň binýadynda Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitlerinde ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça syýasy gepleşikler üçin hemişelik hereket edýän platformany döretmegi teklip etdi we bu işe BMG-niň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça Müdirliginiň gatnaşmagyny has hem makullaýandygyny beýan etdi.

2010-njy ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatyndaky çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti: «Biziň tagallalarymyz Merkezi Aziýa we Hazar sebitleri zolagynda sebit howpsuzlygynyň we asudalygynyň berk hem-de netijeli ulgamyny döretmäge gönükdirilendir, olar ýüze çykýan ýa-da jedelli meseleleri parahatçylykly we gepleşikler ýoly bilen çözmäge ygrarlylyga esaslanýar. Bu ýerde çözüji şertler bolup özara düşünişmek, ynanyşmak we açyklyk, islendik derwaýys meseläni dogruçyl we obýektiw ara

alyp maslahatlaşmak çykyş edýär» diýip belledi we şu babatda ol ýa-da beýleki meselelere özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp düzmek üçin umumysebit gepleşikleriniň we hemişelik köptaraplaýyn aragatnaşyklaryň guralynyň zerurdygyny nygtady. Şeýle gepleşik ulgamlaýyn esasda, anyk bellenilen gün tertibine laýyklykda geçirilmelidir, oňa gös-göni gatnaşyjylaryň bolsa çözgüt kabul etmek üçin ygtyýarlyklary bolmalydyr. Gepleşikleriň bu hili görnüşini sebit ösüşiniň şu günki hakykatynyň obýektiw talap edýändigini bellemek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle özara hereketiň syýasy ölçegi hökmünde Merkezi Aziýada we Hazar basseýninde howpsuzlyk, parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça ýokary derejedäki Forumy döretmegi teklip etdi we onuň ilkinji mejlisini kabul ederlikli möhletlerde Aşgabatda guramak barada beýan etdi.

Şunda global gün tertibiniň esasy meseleleriniň biri bolan ýadro ýaragyny ýaýratmak howpunyň öňüni almak boýunça tagallalary birleşdirmek barada aýratyn nygtaldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň Awstriýa Respublikasyna resmi saparynyň dowamynda 2015-nji ýylyň 12-nji maýynda MAGATE-niň Baş direktory Ýukiýo Amano bilen duşuşdy. Bu abraýly halkara guramasy 1957-nji ýylda döredilmek bilen, onuň baş maksady atom energiýasyny parahatçylykly maksatlar üçin ulanmak bolup durýar. 2015-nji ýylyň ýanwar aýynda bolsa MAGATE-niň wekiliýeti Türkmenistanda sapar bilen bolupdy.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň Baştutany ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini bellemek bilen, 2005-nji ýylda gol çekilen Ýadro ýaragynyň ýaýradylmazlygy baradaky Şertnama bilen bagly aragatnaşyklaryň kepilliklerini ulanmak hakyndaky Ylalaşyga we onuň Goşmaça Protokolyna gol çekilendigini nygtap geçdi.

Ýukiýo Amano hem öz gezeginde hyzmatdaşlygyň mazmun we hil taýdan ýokary derejä göterilýändigini belledi we Türkmenistanyň öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýändigini aýratyn kanagatlanmak bilen nygtady. Aradan köp wagt geçmänkä, 2015-nji ýylyň sentýabr aýynyň başynda, MAGATE-niň Baş maslahatynyň 59-njy mejlisinde Türkmenistan biragyzdan ses berilmegi bilen bu abraýly halkara guramasynyň doly ygtyýarly agzasy boldy.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Ýaragsyzlanmak barada umumy düşünjäniň mazmuny nähili?
2. Näme üçin ýaragsyzlanmak möhüm halkara meselesi hökmünde durýar?
3. Ýaragsyzlanmak babatynda Türkmenistanyň goşulyşan haýsy halkara resminamalaryny aýdyp bilersiňiz?

## § 4. Türkmenistanyň goňşy Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge gönükdirilen hyzmatdaşlygynyň halkara ähmiýeti

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça bilelikdäki we netijeli tagallalary üstünlikli amala aşyrmak bilen baglydyr. Milli Lidermiziň öňe sürýän häzirki zamanyň derwaýys wezipelerine mynasyp jogap berýän halkara başlangyçlarynyň we teklipleriniň yzygiderli durmuşa geçirilmegi bolsa Türkmenistanyň dünýä we sebit syýasatyndaky ähmiýetli ornuny has-da berkidýär we mazmun taýdan baýlaşdyrýar.

Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan öz üstüne alan halkara borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýär we munuň özi hem sebit howpsuzlygyny üpjün etmegiň aýgytly faktorlarynyň biri bolup durýar. Bu barada aýratyn nygtamak bilen, hormatly Prezidentimiz: «Bu borçnamalar: syýasy, ykdysady, harby birleşiklere we bileleşiklere goşulmazlykdan ybaratdyr; ýurdumyzyň parahatçylygyny we azatlygyny goramak üçin ýeterlik bolan, döwletimiziň zerur möçberdäki öz goşunynyň bolmagydyr; köpçülikleýin heläkçilige getiriji ýaraglardan ýüz döndermekdir, şol ýaraglary ýurduň çäklerinden we howa giňişliginden daşamagy gadagan etmekdir; umumadamzat gymmatlyklaryny, demokratik däpleri ileri tutmak, ýurtda raýatlaryň agzybirligini we parahatçylygyny kepillendirmek bolup durýar; ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatyny Birleşen Milletler Guramasy we halkara ynsanperwer guramalary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlykda alyp barmakdan ybaratdyr» diýip belleýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat we diplomatik başlangyçlarynyň esasy ugurlarynyň biri hem goňşy Owganystanda parahatçylykly dur-

muşy dikeltmek bilen baglydyr. Hormatly Prezidentimiz bu barada aýtmak bilen: «Syýasy meselelerden başga-da, Owganystana anyk ykdysady goldaw bermek, ýurdy sebit derejesindäki gatnaşyklara hem-de geljegi uly bolan taslamalara çekmek zerur bolup durýar» diýip nygtaýar.

Türkmenistan Owganystandaky ýagdaýy diňe syýasy-diplomatik ýollar bilen düzgünleşdirmegiň tarapdary bolup çykyş edýär we muňa işeňňir gatnaşýar. Hususan-da, Türkmenistan Stambul prosesiniň çäklerinde uly işleri amala aşyrýar. Mälim bolşy ýaly, bu çäklerde biziň ýurdumyz «Sebit üpjünçilik ulgamlary» atly ynanyşmagy pugtalandyrmak çärelerine ýolbaşçylyk edýär. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan 2017-nji ýylda Owganystan boýunça nobatdaky 7-nji sebit ykdysady maslahatyny geçirmek boýunça borçnamalary öz üstüne almaga taýýardygyny hem teklip etdi.

Türkmenistan owgan halkyna ynsanperwerlik kömegini yzygiderli ugradýar, onuň durmuş-ykdysady düzüminiň dikeldilmegine iş ýüzünde goldaw berýär. Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy boýunça türkmen tarapynyň serişdelerine Owganystanda Saglyk öýi, mekdep we durmuş maksatly desgalar guruldy. Türkmenistan şeýle hem owgan raýatlaryna bilim we saglygy goraýyş ulgamynda bahasyna ýetip bolmajak ýardamlary berýär.

Bitarap Türkmenistan giň halkara hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryna esaslanýan daşary syýasat ugruny yzygiderli amala aşyrmak bilen, goňşy ýurtlar, şol sanda Owganystan bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýär. Türkmenistan bu ugurda wajyp başlangyçlar bilen çykyş edýär we iri halkara düzümleriniň, ilkinji nobatda bolsa, BMG-niň howandarlygynda amala aşyrylýan sebitara we halkara maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmeginde ygtybarly hyzmatdaş bolup durýar. Bu babatda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň belent münberinden öňe sürýän we Türkmenistanyň owgan meselesi boýunça oňyn garaýşyny beýan edýän döredijilikli başlangyçlary örän uly ähmiýete eýe bolup durýar we halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýar. Bu ugurda, aýratyn hem, Owganystanda parahatçylygy dikeltmek we kadaly durmuşy ýola goýmak, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, ýurduň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegini gazanmaga ýardam etmek,

ynsanperwerlik goldawyny bermek ýaly çärelere möhüm orun degişlidir.

Türkmenistan sebit syýasatynda çylşyrymly we ýönekeý bolmadyk owgan meselelerini çözmäge gönükdirilen halkara tagallalaryna işjeň gatnaşýar. Owganystanda ýagdaýyň kadalaşmagy we parahatçylygy dikeltmek – bu diňe bir Merkezi Aziýa sebitinde däl, eýsem has giň – global ölçeglerde-de ähli howpsuzlyk ulgamy we durnukly ösüş üçin esasy ýagdaýdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň belent münberinden we beýleki ýokary derejeli halkara maslahatlarynda çykyş etmek bilen, goňşy doganlyk döwletdäki ýagdaýlaryň diňe parahatçylykly, syýasy-diplomatik usullar we ikitaraplaýyn gepleşikler geçirmek arkaly düzedilmelidigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan öz tarapyndan bu meselede dünýä bileleşigine hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardygyny iş ýüzünde görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatyndaky öz çykyşynda Owganystandaky ýagdaýy düzgünleşdirmek boýunça esasy 5 ugur boýunça şu teklipleri öňe sürdi:

1) Owganystanda ynanyşmak çärelerini berkitmek we döwlet häkimiýetiniň netijeli institutlaryny ösdürmek boýunça Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda ýokary derejedäki Halkara duşuşygyny geçirmek;

2) BMG-niň howandarlygynda we onuň maksatnamalary boýunça dürli pudaklardaky dolandyryş düzümleri üçin owgan hünärmenlerini Türkmenistanda taýýarlamaga kömek etmek;

3) ulag infrastrukturasyny ösdürmekde Owganystana ýardam etmek we şu maksatlara laýyklykda Türkmenistandan Owganystana demirýol gurluşygynyň taslamasyny, geljekde halkara guramalarynyň, donorlyk edýän ýurtlaryň we halkara maliýe institutlarynyň gatnaşmagynda owgan çäklerinde ony dowam etmegi amala aşyrmak;

4) «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygyna gönükdirilen tagallalary düýpli işjeňleşdirmek. Transowgan gaz geçirijisi Owganystanyň ykdysadyýetini ösdürmäge möhüm täsir etmek bilen, iri sosial meseleleri, şol sanda ilatyň iş üpjünçiligi bilen baglylykda kömek edip, maýa goýumlaryny çekmeklige ýardam berer we ýurtdaky syýasy ýagdaýa oňyn täsir edip biler;

5) Owganystana öz elektrik energiýasyny bermegi artdyrmagyň meselelerine seretmäge Türkmenistanyň taýýarlygy, şeýle hem soňlugy bilen owgan çäklerine çykarmak we ondaky kuwwatlyklara birikdimek maksady bilen, öz energetik infrastrukturasyny giňeltmek.

Owganystanyň ýolbaşçylary Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk, parahatçylyk we açyklyk esaslaryna daýanýan syýasatynyň iki goňşy döwletiň dostlukly halklarynyň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň has-da pugtalandyrylmagyna, ýurtda parahatçylygyň berkidilmegine, onuň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine uly ýardam berýändigini belleýärler. Ýakyn goňşy bolmak bilen, ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň çäklerinde birnäçe iri taslamalar amala aşyrylýar. Owgan halkynyň asuda we abadan durmuşa bolan gyzyklanmalaryna goldaw bermek bilen, Türkmenistan Owganystana ýeňillikli baha bilen elektrik energiýasyny we suwuklandyrylan gazy yzygiderli ugradýar hem-de goňşy döwletde durmuş ulgamyna degişli, aýratyn-da, lukmançylyk we bilim maksatly desgalaryň gurluşygyna, ýaşlaryň bilim almagyna, degişli hünärmenleriň taýýarlanmagyna işjeň gatnaşýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen durmuşa geçirilýän «Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan» demir ýolunyň gurluşygy Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasynda halkara ulag gatnawlarynyň möhüm bölegi bolup durýar. Demir ýoluň ulanylmaga berilmegi bilen, üç döwletiň ulag-üstaşyr kuwwatyny netijeli durmuşa geçirmek, olaryň häzirkizaman halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün etmek üçin täze mümkinçilikleri döreder.

«Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygy ikitaraplaýyn gatnaşyklarda ägirt uly ähmiýete eýedir. Bu iri möçberli energetika taslamasynyň durmuşa geçirilmegi Owganystanyň ykdysadyýetiniň pugtalandyrylmagyny, maýa goýumlaryň çekilmegini, durmuş ulgamyna degişli möhüm meseleleriň çözülmegini, şol sanda täze iş orunlarynyň döredilmegini şertlendirer. Şol bir wagtyň özünde elektrikleşdirmegi we senagaty ösdürmekde Owganystanda tebigy gazyň sarp edilişiniň giňeldilmegi bilen baglanyşykly ugurlar emele gelýär.

Şeýlelikde, elektrik energiýasy, türkmen gazy we täze polat ýoly häzirki döwürde Owganystanyň senagat taýdan ösmeginiň möhüm şerti bolup durýar. Ulag geçelgesi we energetika köprüsi Owganysta-

nyň ykdysadyýetiniň beýleki pudaklarynyň, hususan-da, oba hojalygynyň, mineral dökünleriň öndürilişiniň ýokarlanmagy üçin goşmaça mümkinçilikleri açýar. Täze demir ýolunyň gurulmagy owganystanly işewürleriň öz önümlerini sebitiň daşyna çykarmaga we ugradýan ýurtlarynyň sanyny artdyrmaga ýol açar.

Türkmenistan Owganystana saglygy goraýyş we bilim ýaly möhüm ugurlarda kömek bermegini dowam edýär. Birnäçe ýyllaryň dowamynda ýurdumyz ýokary hünärli işgärleri taýýarlamaga goldaw berýär we serhetýaka etraplaryň ilatyna mugt saglygy goraýyş kömegini berýär.

Türkmenistanyň owgan ýagdaýy barada çemeleşmeleri we iş ýüzündäki ädimleri taraplaryň ähli meselelerini diňe parahatçylykly, diplomatik serişdeler we usullar arkaly çözmek bolup durýar. Owganystandaky ýagdaýy syýasy taýdan düzgünleşdirmek barada aýdylanda, 2010-njy ýylyň ýanwarynda Owganystan boýunça geçirilen London maslahatynda Türkmenistan şu günki günüň hakykatyna we uzakmöhletleýin geljege gönükdirmelere esaslanýan täze syýasy-diplomatik gurallary döretmek barada ýene-de çykyş etdi.

Şu babatda Türkmenistan 2011-nji ýylyň 2-nji noýabrynda geçirilen Stambul maslahatynyň tarapdary we işjeň agzasydyr. 2012-nji ýylyň 29-njy fewralynda Kabulda sebit howpsuzlygy we Owganystan bilen hyzmatdaşlyk boýunça Stambul prosesiniň mundan beýläkki işi boýunça birinji taýýarlyk mejlisi geçirildi. Onda «Stambul prosesi: «Aziýanyň ýüreginde» sebit hyzmatdaşlygy üçin täze gün tertibi. Howpsuz we durnukly Owganystan üçin sebit howpsuzlygy we hyzmatdaşlyk boýunça Stambul prosesini amala aşyrmagyň konsepsiýasy» atly taslama seredildi. Şonda mejlise gatnaşyjylar owgan tarapynyň taýýarlan taslamasyna seretdiler we terrorçylyga, ekstremizme, guramaçylykly jenaýatçylyga we neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna garşy göreşde sebit hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek barada çözgüde geldiler. Bu ugurlar sebit hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde kesgitlenildi we Kabul Jarnamasynyň taslamasynda görkezildi.

Owganystan boýunça Kabul maslahatyna uly wezipeli adamlaryň ikinji resmi taýýarlyk duşuşygyny 2012-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda geçirmek hakyndaky Türkmenistanyň wekiliýetiniň başlangy-

jyny mejlise gatnaşyjylaryň goldandyklaryny aýratyn belläp geçmek gerek. Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek boýunça maksatlaryň umumylygyny nazara almak bilen, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň, «Atamyrat–Ymamnazar–Akina–Andhoý» demir ýolunyň gurluşyklary boýunça bilelikdäki uly möçberli taslamalary hakyky iş ýüzünde amala aşyrmak, şeýle hem Türkmenistandan Owganystana elektrik energiýasynyň geçirilişiniň möçberlerini ýokarlandyrmak bilen, Türkmenistan öz garaýşyna ynamdar bolmagynda galýar.

Stambul prosesine gatnaşyjy ýurtlaryň uly wezipeli adamlarynyň birinji duşuşygynyň netijelerine laýyklykda, Owganystan boýunça Kabul maslahatyna resmi taýýarlyk görmegiň ikinji duşuşygy 2012-nji ýylyň 18-nji aprelinde Aşgabatda geçirildi. Onuň işine 15 ýurduň wekiliýetleri, 14 ýurtdan synçylar, şol sanda Azerbaýjan Respublikasynyň, Owganystan Yslam Respublikasynyň, Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygynyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň, Hindistan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Saud Arabystany Patyşalygynyň, ABŞ-nyň, Täjigistan Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Fransuz Respublikasynyň, Ýaponiýanyň, şeýle hem BMG, ÝB, NATO, ÝHHG we UNAMA ýaly iri guramalary hem goşmak bilen, 10 sany halkara we sebitara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Mälim bolşy ýaly, Owganystanyň meseleleri boýunça Halkara maslahatynyň özi daşary işler ministrleriniň derejesinde 2012-nji ýylyň 14-nji iýunynda Kabul şäherinde geçirildi.

Owganystan boýunça Stambul maslahatynyň işine gatnaşan Türkmenistanyň resmi wekiliýeti tarapyndan owgan meselesi boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýörelgeleýin çemeleşmeleri onuň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda eden çykyşynyň esasynda birin-birin beýan edildi. Onuň Stambul maslahatyndaky öňe süren başlangyçlary babatda Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy dikeltmäge ýardam etmek boýunça bäş sany esasy bentleri ýene-de bir gezek nygtaldy. Türkmenistanyň Owganystana berýän kömegi we ýardamlary, syýasy-diplomatik, ykdysady we yn-

sanperwerlik çygyrlaryndaky hakyky çäreleri hem goşmak bilen, şu gün giň gerimlere eýedir.

2011-nji ýylyň 4-5-nji dekabrynda Türkmenistanyň resmi wekiliýeti Bonn şäherinde (Germaniýa Federatiw Respublikasy) Owganystan boýunça geçirilen halkara maslahatyna gatnaşdy. Türkmenistanyň wekiliýetiniň çykyşynda Owganystany dikeltmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlaryna hem uly üns berildi. Owganystany dikeltmek boýunça tagallalary birleşdirmek babatda, Türkmenistan Owgan döwletiniň durmuş-ykdysady infrastrukturasyny berkitmäge gönükdirilen we sebitde giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek üçin möhüm ähmiýeti bolan uly möçberli taslamalaryň amala aşyrylmagynyň wajypdygyny belleýär. Türkmenistanyň wekiliýeti «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň uly möçberli taslamasyny amala aşyrmak boýunça öz ýurdunyň garaýşyny jikme-jik şöhlelendirdi.

2013-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda Owganystan boýunça Türkmenistanyň paýtagtynda geçirilen işjeň duşuşyklaryň jemleri hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara başlangyçlarynyň yzygiderli amala aşyrylyşynyň ýene-de bir mysalydyr. Oňa Azerbaýjanyň, Owganystanyň, Beýik Britaniýanyň, Hindistanyň, Eýranyň, Italiýanyň, Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Pakistanyň, Russiýanyň, ABŞ-nyň, Türkiýäniň milli utgaşdyryjylary we halkara guramalarynyň – BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň (BMG ÖM), ESKATO-nyň, Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň (ÝYK), OES-iň, BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň we beýleki käbir düzümleriň wekilleri gatnaşdylar. Duşuşygyň dowamynda Owganystan boýunça ynanyşmagy berkitmek çäreleriniň çäklerinde Türkmenistan tarapyndan taýýarlanylan «Sebitleýin infrastrukturalar» Meýilnamasy boýunça çäreleriň taslamasyna seredildi. Mälim bolşy ýaly, Stambul taslamasynyň çäklerinde Türkmenistan «Infrastruktura taslamalary» ýaly, ynanyşmagyň möhüm çärelerine ýolbaşçylyk etmek boýunça jogapkärçiligi öz üstüne aldy. Aşgabat duşuşygynyň ähmiýeti – onuň Owganystana ähli taraplaýyn goldaw bermek meseleleri boýunça halkara gepleşiklerini iş ýüzünde amala aşyrmak ýolunda ilkinji tapgyr bolanlygyndadyr.

2016-njy ýylyň 5-nji iýunynda Owganystanyň Hyrat welaýatynyň Turgundy şäherçesinde Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangy-

jy boýunça bina edilen çaga dogrulýan öýüň açylyş dabarasy boldy we munuň özi türkmen tarapynyň nobatdaky ynsanperwerlik kömeginiň aýdyň mysalyny aňlatdy. Bu wakanyň öň ýanynda, ýagny 3-nji iýunda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, saglyk edarasynyň goňşy ýurtda gurulmagy we açylmagy Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik gymmatlyklaryna esaslanýan döredijilikli daşary syýasatynyň aýdyň netijesidir. Bu wakanyň ähli oňyn başlangyçlaryň we asylly işleriň döwri bolan mukaddes Oraza aýynyň başlanmagyna gabat gelmeginiň aýratyn mana eýedigini belläp, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň mundan beýläk-de goňşy owgan halkyna Owganystanda parahatçylykly durmuşyň, durmuş-ykdysady ösüşiň berkidilmegine hemmetaraplaýyn goldaw berjekdigini aýtdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken Kararyna laýyklykda, goňşy ýurda täze desgany saglygy goraýşa degişli önümler, dermanlar we beýleki lukmançylyk serişdeleri bilen üpjün etmek maksady bilen, Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, muzdsuz ynsanperwerlik ýükleri bolan awtoulag kerweni goňşy ýurda ugradyldy. 2016-njy ýylyň 24-nji iýuny türkmen-owgan dostlukly gatnaşyklarynyň ýylýazgysyna ýene bir ajaýyp sahypany ýazdy. «Serhetabat–Hyrat–Turgundy» ugry boýunça Owganystana iberilýän elektrik energiýasynyň möçberi 200 million kilowat sagat bolanlygyndan 400 million kilowat sagada ýetirildi.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň Owganystanda parahatçylygy dikeltmek babatyndaky tagallalarynyň esasy ugurlary haýsylar?
2. Owganystanda parahatçylygy dikeltmek babatynda halkara bileleşigi nähili aladalary görkezýär?
3. Owganystan döwletinde parahatçylygy dikeltmek boýunça geçirilen halkara maslahatlaryna Türkmenistan nähili gatnaşýar?

# IV BAP
# TÜRKMENISTANYŇ ÖŇÜNI ALYŞ DIPLOMATIÝASY BOÝUNÇA BAŞLANGYÇLARY WE OLARYŇ IŞ ÝÜZÜNDE AMALA AŞYRYLYŞY

## § 1. Türkmenistanyň Prezidentiniň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça halkara başlangyçlary we olaryň taryhy ähmiýeti

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň wajyp ugurlarynyň biri hem parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek babatynda derwaýys häsiýete eýe bolan öňüni alyş diplomatiýasyny işeňňir durmuşa geçirmek bilen baglydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, öňüni alyş diplomatiýasyny iş ýüzünde ulanmak meselesi oýlanyşykly we dürli sebitleriň ýa-da ýurtlaryň syýasy taryhy, medeniýeti, ykdysadyýeti we ýaşaýyş-durmuşy baradaky giň maglumatlara esaslanýan çemeleşmäni taýýarlamagy talap edýär. BMG-niň Baş sekretary 2012-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly halkara ylmy-amaly maslahaty mynasybetli iberen Gutlagynda howanyň üýtgemeginiň ýaramaz netijeleriniň öňüni almakda, neşeleriň bikanun dolanyşygy we terrorçylyk ýaly howplara garşy göreşmekde halkara tagallalarynyň zerurdygyny belledi.

Şu nukdaýnazardan hem öňüni alyş diplomatiýasyny alyp barmakda halkara hyzmatdaşlygy aýratyn ähmiýetli bolup durýar. Ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkarar etmekde Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky utgaşykly hyzmatdaşlygyň netijesi hökmünde hut Türkmenistanyň başlangyçlary netijesinde öňüni alyş diplomatiýasynyň taryhynda ilkinji gezek 2007-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi döredildi. Bu merkeziň ýerleşjek ýeri hökmünde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň saýlanylyp alynmagy dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkarar etmek

işinde Türkmenistanyň BMG-niň ygtybarly hyzmatdaşyna öwrülenligini doly subut etdi.

Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly:

birinjiden, munuň özi dünýä bileleşiginiň Merkezi Aziýadaky parahatçylyk döredijilik tagallalarynyň yzygiderli häsiýetli bolmagyny üpjün etmek, olary BMG-niň derejesinde berkitmek zerurlygy bilen baglanyşyklydyr. Gapma-garşylyklaryň öňüni almak we olary aradan aýyrmak babatda degişli hukuk ýagdaýyna hem-de ygtyýarlyklara eýe bolan täsirli we netijeli halkara guralynyň sebit üçin örän zerurdygy bize äşgär boldy;

ikinjiden, bu daşary syýasatyň bitaraplyk nusgasy bilen halkara öňüni alyş diplomatiýasynyň maksatlarynyň umumylygyna, sebit we ählumumy derejede parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamagyň möhüm şertleri hökmünde olaryň biri-biriniň üstüni ýetirýändigine düşünmek bilen baglanyşyklydyr.

Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi şu sebitde gabat gelýän serhetüsti howplaryň täsirlerini azaltmak, milli özgerişlikleriň sebitiň durnukly ýagdaýyna täsirleri azaltmak hem-de tebigy resurslaryň bilelikde dolandyrylmagy we ekologiki ýagdaýyň ýaramazlaşmagynyň öňüni almak ugrunda sebit döwletleriniň arasynda özara ynamy berkitmek we hyzmatdaşlygy jebisleşdirmek ugrunda işleri alyp barýar. Şeýle hem BMG-niň bu sebitleýin merkezi öz maksatlarynyň çäginde, ilkinji nobatda, sebit döwletleri hem-de beýleki halkara guramalary we sebitleýin guramalar bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Pan Gi Mun 2007-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy bilen baglanyşykly şeýle belledi: «Ynsan ömürleri biderek ýitirildi. Ykdysadyýetler çökdi. Durnukly ösüş barasynda arzuw-umytlar söndi. Düşünişmezlikler ýüze çykmanka öňüni almak biziň iň oýlanyşykly maýa goýumymyzdyr.»

Türkmenistanyň bitaraplyk ýörelgesi BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ştab-kwartirasyny ýurduň paýtagty Aşgabat şäherinde ýerleşdirmek baradaky kararyň kabul edilmeginde möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu Merkez sebitde terrorçylyk we ekstremizm, neşeleriň bikanun dolanyşygy,

guramaçylykly jenaýatçylyk we daşky gurşawyň ýaramazlaşmagy ýaly howplara garşy durmakda bilelikdäki tagallalara ýardam bermek maksady bilen, Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň konsensusynyň esasynda döredildi.

Bu Merkez BMG-niň sebit möçberinde öňüni alyş işine ýöriteleşdirilen ilkinji sebit düzümidir we ol dünýäniň beýleki sebitlerinde şeýle tagallalar üçin nusgalyk bolup durýar. Merkez esaslandyrylan gününden bäri geçen ýyllaryň dowamynda sebit döwletleriniň hökümetleri we beýleki hyzmatdaşlar bilen hereket edip, Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmegiň guraly we gepleşikler üçin meýdança hökmünde öz ýagdaýyny pugtalandyrdy. Bu ýyllarda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi Merkezi Aziýa ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek we ynanyşmagy berkitmek boýunça tagallalara işjeň gatnaşdy, şeýlelikde, gapma-garşylygyň döremek howpuny peseltdi.

Türkmenistanyň teklibi boýunça we BMG-niň Baş sekretarynyň çözgüdine laýyklykda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmegi umumy sebit wehimlerine garşy durmaga, hyzmatdaş taraplar bilen jebis aragatnaşyklary saklamaga we hökümetlere ýardam bermeklige esaslanýan, BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasyna täzeçe çemeleşmek bolup durýar. Ol BMG-niň we sebit bileleşiginiň, ilkinji nobatda, Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda şeýle Merkeziň zerurlygy hakynda, şonuň bilen bir hatarda-da, öňüni alyş diplomatiýasynyň parahatçylygy döretmäge maýa goýumy boljakdygyny görkezmäge taýýardyklaryna düşünmekligi we razylygy bilen berkidilendir. Öňüni alyş diplomatiýasynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagy üçin täze we netijeli çemeleşmäni döretmek ideýasyny öňe sürmek bilen, Türkmenistanyň Lideri bütin dünýäde halkara dawalaryny düzetmek we gapma-garşylyklary çözmek boýunça wezipäniň hut BMG-niň we oňa agza bolan döwletleriň üstüne ýüklenendigine ünsi çekdi. Bu barada BMG-niň Tertipnamasynyň bu halkara edarasyna halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamak üçin, şol maksat bilen parahatçylyga salynýan howpuň öňüni almak we ony ýok etmek üçin köpçülikleýin netijeli çäreleri görmäge ygtyýarlyk berýän 1-nji maddasynda bellenilendir.

Şu kada esaslanýan öňüni alyş diplomatiýasynyň wajyplygy barada heniz 1950-nji ýylda BMG-niň Baş sekretary Trýugwe Li ilkinji gezek belläpdi. Halkara syýasatynda öňüni alyş çäreleri käbir sebäplere görä dawalaryň ýitileşmeginiň we agyr netijelere getirýän gapma-garşylyga öwrülmeginiň öňüni almak maksady bilen hem ulanylyp bilner. Öňüni alyş diplomatiýasynyň çärelerini amala aşyrmak boýunça hereketleri utgaşdyrmak maksatlary bilen, 1992-nji ýylda BMG-niň Sekretariatynyň syýasy meseleler boýunça Departamenti döredildi. Bu Departament bütin dünýä boýunça syýasy ösüşe syn geçirýär we mümkin bolan ýa-da bar bolan jedelleri ýüze çykarmaga tagalla edýär. Soňra ol harby hereketleri ýatyrmak ýa-da öňüni almak boýunça degişli hereketler hakynda we içerki ýa-da döwletara gapma-garşylyklary düzgünleşdirmek boýunça Baş sekretara teklipleri taýýarlaýar.

Şunuň bilen baglylykda BMG-niň iş tejribesi Baş Assambleýanyň 52-nji maslahatynda BMG-niň Baş sekretarynyň çykyşynda beýan edildi. Şonda öňüni alyş diplomatiýasynyň umumy kabul edilen konseptual düzgünleri berildi. Hususan-da, çykyşda «gowy guralan jemgyýetiň düýp özeni onuň agzalarynyň güýje daýanmazdan, öz aralaryndaky jedeli haýsydyr bir başga ýol bilen çözmekligi kepillendirmegindedir... BMG-niň ilkinji maksatlarynyň biri – jedelleri saklap bilmek we çözmek, şeýle hem onuň ilkinji sebäplerini aradan aýyrmak üçin serişdeleri bermek bilen parahatçylykly özgertmeleriň gerimlerini giňeltmekdir» diýip bellenildi. Öňüni alyş diplomatiýasynyň baş maksady hökmünde «içerki jedelleriň hem, döwletara jedelleriniň hem öňüni almak... dartgynlylygyň mümkin bolan çeşmelerine hemişe üns bermek we... dartgynlylygyň gapma-garşylyga öwrülmezligi üçin gaýragoýulmasyz çäreleri görmek» kesgitlenildi. Bu maksady amala aşyrmak üçin BMG-niň Sekretariaty halkara parahatçylygyna we howpsuzlygyna wehimi ýüze çykarmaga, Howpsuzlyk Geňeşine öňüni alyş hereketlerini geçirmegi üpjün etmäge ýa-da olaryň amala aşyrylmagyna ýardam etmäge niýetlenilen global syn edişiň guralyny berkitmegiň üstünde işledi.

Bu strategiýa üns berlip seljerilende, ol XX asyryň 90-njy ýyllarynyň öňüni alyş diplomatiýasynyň köp halatlarda gapma-garşylyklaryň getiren netijelerini ýok etmäge we gapma-garşylyklaryň yz

ýanyndaky döwürde olaryň täzeden ýüze çykmagynyň öňüni almaga gönükdirilendigini görkezýär.

Öňüni alyş diplomatiýasynyň çäreleri şu aşakdaky wezipeleri amala aşyrmak üçin esas bolup durýar:

Birinjiden – mümkin bolup biläýjek gapma-garşylygyň we onuň bilen baglanyşykly töwekgelçiligiň başlangyç döwründe, has ir öňüni almak.

Ikinjiden – bolup biläýjek gapma-garşylyk babatda netijeli we şoňa barabar öňüni alyş çärelerini saýlap almak.

Üçünjiden – öňüni alyş çärelerini amala aşyrýan taraplaryň arasyndaky ylalaşyklylygy üpjün etmek.

Dördünjiden bolsa – gapma-garşylykly meseleleriň çözülmegini onuň tüýs öz wagtynda, ýagny anyk hasaplamak arkaly, wagtyndan öň ýa-da wagtyndan gijä galmak bilen geçirilmegini aradan aýyrýan şertlerde üpjün etmek.

Bu görkezilenleriň öňüni alyş diplomatiýasynyň eýýäm ýüze çykan ýa-da oňat gizläp bolmaýan gapma-garşylykly bölegine has köp degişlidigini belläp geçmek gerek. Şu babatdaky mesele BMG-niň we onuň institutlarynyň iş ýüzündäki tejribesinde ýeterlik derejede işlenilendir. Düzgün bolşy ýaly, şu häsiýetdäki öňüni alyş çärelerini guramak we geçirmek boýunça esasy agram BMG-niň Sekretariatynyň syýasy meseleler boýunça Departamentine düşýär. Ozal bellenip geçilişi ýaly, bu Departament 1992-nji ýylda döredildi we BMG-niň Baş sekretarynyň gönümel tabynlygynda durýar. Öňüni alyş işi babatda Departamentiň esasy wezipesi zerur çäreleriň anyk we barabar görnüşlerini tapmak hem-de bu çäreleri amala aşyrmak üçin başarnyklary bolan bilermenleri saýlap almak bolup durýar.

Şol maksatlar bilen, Departament şu aşakdaky bäş ugur boýunça öz işini alyp barýar:

1) bütin dünýä boýunça syýasy ösüşe monitoring etmek, seljeriş geçirmek we baha bermek;

2) ýüze çykmagy mümkin bolan ýa-da bolup duran gapma-garşylygy identifisirlemek;

3) her bir ýagdaý sebäpli degişli hereketler hakynda Baş sekretara teklipleri taýýarlamak;

4) diňe diplomatik häsiýetli ylalaşylan syýasy ugry amala aşyrmak;

5) öňüni alyş diplomatiýasy, parahatçylygy döredijilik, ýaraglara we ýaragsyzlanmaga gözegçiligi hem goşmak bilen, parahatçylygy we parahatçylyk gurluşygyny goldamak çygyrlaryndaky Baş sekretaryň öz çözgüdi ýa-da Baş Assambleýanyň ýa-da Howpsuzlyk Geňeşiniň mandaty bilen kesgitlenen syýasy işinde Baş sekretara kömek bermek.

Ýokarda görkezilen dokladyň beýan edilen pursatyndan bäri geçen döwrüň dowamyndaky sebitiň ösüşine syn bermek bilen we BMG-niň hem-de onuň agentlikleriniň sebitde gazanan oňyn tejribesini hasaba almak bilen, täze ýüzýyllygyň başynda öňüni alyş diplomatiýasy baradaky düşünjelere gaýtadan seretmek zerurlygy ýüze çykdy. Şu nukdaýnazardan, öňüni alyş diplomatiýasy düşünjesiniň özi hil taýdan täze mazmuna eýe boldy we onuň konseptual çäkleri has giňeldildi. Hususan-da, Türkmenistanyň mysalynda bitaraplyk ýörelgeleriniň netijeli ulanylmagy, jemgyýetde berjaý edilýän konstitusion kepillikleriniň we durmuş-ykdysady ösüşiň uzakmöhletleýin maksatnamalarynyň amala aşyrylmagy bilen durnuklylygyň berk esaslary döredildi. Munuň bolsa, parahatçylygy we howpsuzlygy goldamak, dürli dartgynly ýagdaýlaryň öňüni almak babatynda örän uly we aýgytly orny bardyr.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň açylmagy bilen öňüni alyş diplomatiýasy täze görnüşe eýe bolýar. Şeýle Merkeziň Aşgabatda açylmagy ilkinji tejribe boldy we dünýäde öňüni alyş diplomatiýasyny amala aşyrmagyň şu hili gurluşyna meňzeş başga edara ýokdur. Hakykat ýüzünde BMG, bu Sebit merkezini döretmek bilen, hili boýunça düýbünden täze ýol bilen gitdi. Halkara arenasynda öňüni alyş diplomatiýasynyň nazaryýeti we tejribesi erbet öwrenilmedik hem bolsa, şeýle Merkeziň Aşgabatda peýda bolmagy dünýä syýasatynyň bu örän inçe we ýönekeý bolmadyk çygrynda birinji tejribe boldy. Şeýlelik bilen, halkara arenasyndaky köneleşen ýörelgelerden we birmeňzeşliklerden azat täze syýasy psihologiýanyň döremeginiň ýolunda aýgytly ädim ädildi. Öňüni alyş diplomatiýasy amala aşyrylan mahalynda döwletleriň özygtyýarlylygyny hormatlamaga, olaryň içerki işlerine gatyşmazlyga, deňhukuklylyga we hoşniýetlilige esaslanýan BMG-niň syýasy-hukuk gurallaryna daýanmak örän wajyp bolup durýar.

BMG-niň bu Sebit merkezini Aşgabatda açmagy onuň Merkezi Aziýa sebitinde parahatçylygy we howpsuzlygy, durnukly ösüşi we abadançylygy üpjün etmäge gönükdirilen maksatlaryny anyk we kesgitli görkezdi. BMG-niň sebitleýin düzümi Milletler Bileleşiginiň syýasy we guramaçylyk serişdelerini, şeýle hem Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ulanmaga mümkinçilik berýär.

BMG-niň ýokary derejede kabul eden çözgütleri köp babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara gatnaşyklaryny işjeňleşdirmäge gönükdirilen başlangyçlary bilen bilelikde edilen onuň anyk we çynlakaý ädimleriniň netijeli bolmagyna esaslandy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň bu sebitleýin edarany döretmek baradaky başlangyjy Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) gatnaşýan ýurtlar tarapyndan hem goldanyldy. Hususan-da, 2007-nji ýylyň 16-njy awgustynda Bişkekde geçirlen ŞHG-niň sammitinde eden çykyşynda Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow sebit we sebitara derejelerindäki özara hereket söwda-ykdysady, ulag-aragatnaşyk we medeni-ynsanperwerlik çygyrlarynda ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmekligiň oňaýly şertlerini döretmek üçin durnuklylygy we howpsuzlygy saklamagyň täsirli ýagdaýy boldy diýip beýan etdi. «Bu babatda öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň Sebit merkeziniň ştab-kwartirasynyň Aşgabatda döredilmegi tüýs öz wagtynda we derwaýys bolup durýar. Pursatdan peýdalanmak bilen, şu günki duşuşyga gatnaşýan ähli döwletleriň hem-de wekiliýetleriň baştutanlaryna görkezilen Merkezi Aşgabatda döretmek boýunça Türkmenistanyň başlangyjyny goldandyklary üçin hoşallyk bildirýärin» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti nygtady. Ol «Merkeziň işiniň ugurlarynyň biri halkara düzümleri, şol sanda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen özara hereket bolup durýar. Bu bilelikdäki işiň anyk ugurlary boýunça ähli gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrmakda ýene-de bir mümkinçilik bolar» diýip belledi.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Öňüni alyş diplomatiýasyna nähili düşünýärsiňiz?
2. Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasy babatyndaky başlangyçlarynyň nähili mazmuny we ähmiýeti bar?
3. Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebitara hyzmatdaşlygyny ösdürmekdäki orny nähili?

## § 2. Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň sebit merkeziniň döredilmegi halkara tejribesinde nusgalyk ädimdir

Merkeziň döredilmegi BMG-niň, şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hökümetleriniň, maksatnamalarynyň we agentlikleriniň derejesinde geçirilen öndürijilikli geňeşmeleriň netijesidir. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi Baş sekretaryň wekili tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän syýasy missiýa hökmünde döredildi.

Şeýlelik bilen, öňüni alyş diplomatiýasyny amala aşyrmagyň konseptual ideýasy, BMG-niň işjeň goldamagynda türkmen tarapynyň başyny başlan, BMG-niň Aşgabatdaky sebit merkezi görnüşinde ilkinji gezek düzümleýin-guramaçylyk häsiýetine eýe bolýar.

Merkezi döretmegi şertlendirýän esasy ideýalar BMG-niň Baş Assambleýasynyň tabşyrygy boýunça ýörite doklad taýýarlan BMG-niň Ýokary derejeli toparynyň materiallarynda-da görkezildi. Netijede, uly taýýarlyk işleriniň jemleri BMG-niň Baş sekretarynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 60-njy maslahatyndaky çykyşynda berkidildi (2005 ý.). BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun 2007-nji ýylyň 7-nji maýynda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşine iberen № S/2007/279 belgili hatynda şeýle beýan etdi: «Men Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalaryna BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezini Türkmenistanda döretmek baradaky niýetim hakynda habar berdim».

Onuň belleýşi ýaly, öňüni alyş merkezini döretmegiň maksatlarynyň biri gapma-garşylyklaryň öňüni almak çygrynda BMG-niň mümkinçiliklerini güýçlendirmegiň zerurlygydyr. Şonuň bilen baglylykda, öňüni alyş merkezine aşakdaky wezipeler ýüklenildi:

1. Döredilýän merkez BMG bilen, şeýle-de öňüni alyş diplomatiýasyny amala aşyrmak meseleleri bilen baglanyşyklylykda, onuň başga düzümleri bilen hem, sebitiň döwletleriniň hökümetleriniň özara hereketlerini üpjün etmäge niýetlenilendir. Munuň özi sebitde parahatçylygy we durnuklylygy üpjün etmegiň anyk ugurlary boýunça, ilkinji nobatda bolsa, öňüni alyş diplomatiýasynyň derwaýys meseleleri boýunça, ähli gyzyklanýan taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň we özara hereketiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ýene-de bir mümkinçilik bolar.

2. Monitoring we ýagdaýa ýerinde seljeriş geçirmek, BMG-niň Baş sekretaryny gapma-garşylyklaryň öňüni almak boýunça tagallalaryň çygryndaky hakyky ýagdaýlar baradaky maglumat bilen üpjün etmek. Şu nukdaýnazardan, öňüni alyş diplomatiýasynyň mazmuny we usullary geosyýasy ýagdaýlara çuňňur monitoring geçirmek, sebitiň ösüşiniň geljegine strategik baha bermek we uzakmöhletleýin çaklamany amala aşyrmak bilen şertlendirilendir. Şunda diňe bir gapma-garşylyklary ýüze çykaryjy ýagdaýlara däl-de, eýsem parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek boýunça sebitiň düýpli mümkinçiliklerine-de üns bermek zerurdyr. Öňüni alyş diplomatiýasynyň käwagtlar halkara durmuşynyň iňňän inçe meselelerini çözýändigi sebäpli, takyk ylymlaryň dili bilen aýdylanda, bu ýerde sepleşmeleriň nätakyklygy ýolberilmesizdir. Bu nukdaýnazardan, öňüni alyş diplomatiýasynyň usullaýyn ölçegleri ýokary tehnologik ösüşleriň, şol sanda häzirkizaman maglumat senagatynyň esasyny düzýän häzirkizaman nanotehnologiýalarynyň ölçegleri bilen deňeşdirilip bilner.

3. Merkez öz işinde Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG), Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA), Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG) we beýleki sebit guramalary bilen aragatnaşyk saklar. ÝHHG, GDA, ŞHG we başga sebit guramalary bilen, olara parahatçylygy döredijilik tagallalarynda we başlangyçlarynda ýardam bermek arkaly özara gatnaşyklary ýola goýmak we olaryň ýörite mandatlarynyň çäklerinde utgaşdyryş we maglumat alyşmak meselelerini alyp barmak işleri parahatçylygy döredijilik tagallalaryny we başlangyçlaryny goldamak boýunça halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga gönükdirilendir. Şeýle özara hereket has ýokary guramaçylykly derejede hem utgaşdyryş işlerini we maglumat alyşmagy göz öňünde tutýar.

4. BMG-niň sebitleýin düzümi bolmak bilen, Merkez BMG-niň ulgamynyň utgaşdyryjy-rezidentleriniň tagallalaryny goldamak üçin syýasy şertleri üpjün etmäge hem niýetlenilendir. Olar, ilkinji nobatda, öňüni alyş çärelerini amala aşyrmakda we ynsanperwerlik kömegini bermekde ýeke-täk çemeleşmäni döretmek bilen kesgitlenilýär. Bu wezipäni ýerine ýetirmäge sebitde BMG-niň missiýasynyň öňüni alyş işi üçin syýasy mümkinçilikleri we öňdebaryjy orny üpjün etmek, BMG-niň ulgamynyň Hemişelik utgaşdyryjylarynyň we ähli wekilçilikleriniň, Bretton-Wud institutlaryny hem goşmak bilen,

tagallalaryna ýardam etmek, öňüni alyş çärelerini ösdürmekde hem-de ynsanperwerlik goldawynda özara ylalaşylan çemeleşmäni amala aşyrmak meseleleri niýetlenendir.

5. Bu sebit edarasynyň üstüne ýüklenen derwaýys wezipeleriň biri, ýerlerde monitoringi amala aşyrmak we ýagdaýy seljermek, BMG-niň Baş sekretaryny parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek meseleleri boýunça taraplaryň özara hereketleri we geçirýän çäreleri hakynda maglumat bilen hemişe üpjün etmek bolup durýar.

6. Sebitdäki ýagdaýyň doly we integrirlenen seljerişini üpjün etmek üçin BMG-niň Owganystana ýardam bermek boýunça missiýasy (UNAMA) bilen ýakyn aragatnaşygy ýola goýmakdyr.

BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň (BMG HG) Başlygynyň 2007-nji ýylyň 15-nji maýyndaky №/2007/280 belgili jogap hatynda BMG HG-niň agzalarynyň razylygy beýan edildi we BMG-niň täze düzüminiň, hususan-da, sebitde işe başlan wagtyndan ýarym ýyl geçenden soň, onuň işi hakynda mälim etmek barada haýyş bildirildi.

Merkeziň işiniň geljegine seretmek bilen, durmuşa geçirilýän guramaçylyk ädimleri bilen bir hatarda, XXI asyryň täze hakykatynyň şertlerinde öňüni alyş diplomatiýasynyň amala aşyrylmagynyň özboluşlylygy bilen baglylykda, konseptual meseleleriň bütin spektrini işläp düzmek boýunça uly barlag we seljeriş işleriniň alnyp barlandygyny bellemek zerurdyr. Parahatçylygy döredijilik babatynda Türkmenistanyň tejribesi we onuň BMG bilen iş ýüzündäki ýakyndan alyp barýan gatnaşyklary, ýüze çykýan gapma-garşylyklaryň we wehimleriň howplulygyny azaltmak boýunça hakyky çäreleriň işlenip düzülmegine ýardam edýän şol oňyn daýanç nokadydyr.

Wezipelere şeýle düşünmek, öňüni alyş diplomatiýasynyň bar bolan nazaryýetiniň we tejribesiniň, Aşgabatda döredilen Merkeziň tejribesine laýyklykda, mundan beýläk ösýän we baýlaşýan, öňünden dörän şerti boldy.

Öňüni alyş diplomatiýasynyň usullarynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagy boýunça düýpli ýörelgeler Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylyş dabarasyndaky çykyşynda bellenildi. Merkeziň açylmagy baradaky mesele çözülende görkezilen oňynlyk we hyzmatdaşlyk üçin BMG-niň Baş sekretary jenap Pan Gi Muna we Howp-

suzlyk Geňeşine hoşallyk bildirmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Merkeziň açylmagyny Merkezi Aziýada bolup geçýän ýagdaýlara halkara bileleşigi tarapyndan uly üns berilýändigine, global işlerde sebitiň ornuna we ähmiýetine aýdyň düşünilýändigine, sebit meselelerini çözmekde ýokary derejedäki oňyn ýardamlary bermäge çalşylýandygyna, Merkezi Aziýa sebitiniň döwletleriniň we halklarynyň howpsuzlygyny, asudalygyny, hyzmatdaşlygyny we durnukly ösüşini üpjün etmek boýunça uzakmöhletleýin maksatlara ýetmäge jan edilýändigine şaýatdygy hökmünde häsiýetlendirdi. Merkeziň ýerleşýän ýeri hökmünde Bitarap Türkmenistanyň paýtagtynyň saýlanyp alynmagy BMG we Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan Türkmen döwletine bolan uly ynama we jogapkärçilige şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda syýasatçylaryň, diplomatlaryň, jemgyýetçilik işgärleriniň, habar beriş serişdeleriniň wezipesi bolan oňyn gepleşikleri ýola goýmak, ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin täze, gapma-garşylyksyz çemeleşmeleri işläp düzmek, olaryň irki ýüze çykaryş we öňüni alyş guralyny herekete getirmek bilen baglanyşykly ähli mümkinçilikleri ulanmak baradaky konseptual ideýany öňe sürdi. Türkmenistanyň Baştutany ýöriteleşdirilen milli we halkara düzümleriniň işine gatyşmazdan we olary özi bilen çalyşmazdan, Sebit merkezi bu möhüm çygyrda anyk syýasy çözgütleri kabul etmek üçin hödürnamalary we teklipleri, obýektiw baha bermäni işläp düzmek boýunça diplomatlaryň we bilermenleriň köptaraplaýyn utgaşdyryş işini ýola goýup biljekdiginiň möhümdigine ünsi çekdi. Şeýle iş, ilkinji nobatda, sebitleýin özara hereketiň ähli taraplarynyň bähbitlerini nazara almak esasynda, çemeleşmeleriň ýakynlaşdyrylmagy babatynda iş ýüzünde uly peýda getirmäge gönükdirilýär.

Merkeziň işiniň beýleki bir wajyp ugry hökmünde BMG-niň sebit merkeziniň çäklerinde köptaraplaýyn maslahat beriş we gepleşikler guralyny döretmek görkezildi. Ol gural sebitiň durmuş-ykdysady ösüşiniň meselelerinde çemeleşmeleri ylalaşmak üçin oňyn täsir etmäge, energiýa üpjünçiliginde, serhetýaka söwdasynda, suwy bilelikde ulanmakda, ulag aragatnaşygynda, ynsanperwerlik çygrynda deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga ukyply bolmalydyr.

2007-nji ýylyň 26-njy sentýabrynda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň Nýu-Ýorkda geçirlen, Türkmenistanyň wise-başlyk bolup

çykyş eden 62-nji maslahatynyň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun bilen duşuşdy. Ýurduň BMG bilen hyzmatdaşlyk babatda işjeň garaýşy üçin hoşallyk bildirmek bilen, ol BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň Aşgabatda açylmagy baradaky Türkmenistanyň başlangyjyny aýratyn makullady, şeýle hem türkmen paýtagtynda Bitaraplyk gününiň öňüsyrasynda geçiriljek «Öňüni alyş diplomatiýasy we halkara hyzmatdaşlygy» atly Halkara maslahatynyň açylyş dabarasyna gatnaşmaga çakylyk üçin hoşallyk bildirdi.

Gürrüňdeşligiň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljegi barada özara gyzyklanma bilen pikir alşyldy. BMG bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýändigi barada bellemek bilen, döwletiň Baştutany BMG-niň halkara parahatçylygynyň we durnuklylygynyň kepili hökmünde, onuň ornunyň we wezipeleriniň giňeldilmegine tarap özgerdilmegi baradaky ideýany Türkmenistanyň makullaýandygyny nygtady. Halkara hyzmatdaşlygy we sebitde parahatçylygy döredijilik tagallalary babatda Türkmenistanyň öz öňünde goýýan we çözýän maksatlary hem-de wezipeleri hakynda aýtmak bilen, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow mundan beýläk bu möhüm işde Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezine aýratyn orun berilýär, Merkeziň döredilmegi bolsa BMG bilen işjeň we ýakyndan amala aşyrylýan hyzmatdaşlygyň aýdyň mysaly boldy diýip belledi. BMG-niň Baş sekretary täze guralyň, ýagny BMG-niň taryhynda ilkinji bolan öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň – Müňýyllygyň esasy Maksatlaryny öňe sürýän guralyň kömegi esasynda mundan beýläk hem üstünlikleri arzuw etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji maslahatynyň münberinden eden çykyşynda şu meselelere ünsi çekdi: «BMG bilen hyzmatdaşlyk mundan beýläk hem biziň daşary syýasatymyzyň kesgitleýji ugry bolmagynda galar. Şunlukda aýratyn bellemek isleýärin – şeýle hyzmatdaşlyk biziň ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklarymyzy baýlaşdyrýar, olary täze mazmun bilen doldurýar. Sebitdäki işlerde, haçan-da hut BMG-niň, onuň düzümleriniň gatnaşmagy bilen, ol ýa-da beýleki meselelere döwletleriň çemeleşmelerini ýakynlaşdyrmaga, olary bilelikde çözmek üçin amatly syýasy, diplomatik, hukuk şertlerini döretmäge ýardam edende bu

aýratynam anyk ýüze çykýar. Şu babatda BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň döredilmegi hakyndaky çözgüdini iň ýokary derejede derwaýys diýip hasap edýärin. Şu ýylyň ahyryna göz öňünde tutulýan, bu Merkeziň açylmagynyň Sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek boýunça biziň ýurdumyzyň we biziň hormatly goňşularymyzyň işinde hil taýdan täze ädimiň nyşany boljakdygyna ynanýaryn».

Türkmen Lideri Türkmenistanyň Merkez bilen oňyn we netijeli hyzmatdaşlyga doly derejede taýýardygy, biziň sebitimiziň ýüzbeýüz bolýan meselelerini çözmäge ummasyz oňyn täsir etmäge onuň işiniň ukyplydygyna ynanýandygy barada beýan etdi. «Biz Merkeziň bolýan ýeri hökmünde Bitarap Türkmenistanyň paýtagty – Aşgabadyň saýlanyp alynmagyna örän ýokary baha berýäris we muňa BMG tarapyndan biziň ýurdumyza bildirilen ynam hökmünde garaýarys. Ýokary jogapkärçiligi duýmak bilen, Merkeziň netijeli we önjeýli işlemegi üçin biziň ýurdumyz ähli mümkinçilikleri döreder diýip ynandyrmak isleýärin» – diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Wakalaryň şondan soňky ösüşi, BMG-niň Merkezi Aziýada öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň alyp barýan işi, Aşgabatda ştab-kwartirasy bolan bu gurluşy döretmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ideýalarynyň we başlangyçlarynyň esaslandyrylandygyny aýdyň görkezdi.

Sebit merkezi ähli taraplara kabul ederlikli çözgütleri kesgitlemek üçin amatly şertleri döretmäge çalyşmak ýoly bilen Merkezi Aziýa ýurtlaryny goldaýar. Şeýle şertleri döretmek üçin Merkez gepleşikleri goldaýar, ara alyp maslahatlaşmalar we pikir alyşmalar üçin syýasy platformany üpjün edýär, gapma-garşylyklary parahatçylykly çözmek we öňüni almak düzgüninde döwletleriň mümkinçiliklerini berkitmäge goşant goşýar, hyzmatdaşlyga we ynanyşmagyň berkemegine ýardam edýär, şeýle hem, zerur ýerinde, BMG-niň ulgamynyň çygrynda tehniki seljermeleri we ýardam etmegi ulanýar.

Hususan-da, 2009-njy ýylyň martynda BMG-niň guramagynda geçirlen «Merkezi Aziýa we häzirkizaman global wehimleri» atly halkara seminary derwaýys halkara meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin Aşgabadyň ýygy-ýygydan açyk meýdança bolup durýandy-

gyny görkezdi. Munuň özi BMG we sebit boýunça goňşy döwletler bilen hyzmatdaşlygy guramaga türkmen tarapynyň örän jogapkärçilikli çemeleşýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň wekiliýetiniň ýolbaşçysynyň beýan etmegine görä, eger sebitiň, yklymyň, bütin dünýäniň ýurtlary howpa sezewar edilýän bolsa, onda diňe bir ýurduň howpsuzlygy üpjün edilip bilinmez. Sebit hyzmatdaşlygynyň has kämil hereket ediji görnüşini işläp düzmek maksatlarynda BMG-niň Merkezi bilen iň jebis görnüşde özara hereket etmegi mundan beýläk hem meýilleşdirýän Türkmenistan hut şu syýasy-dünýägaraýyş esasynda öz syýasatyny alyp barýar.

Ýola goýlan hyzmatdaşlygyň derejesine ýokary baha bermek bilen, soňky döwürlerde örän köp başlangyçlar, şol sanda suw, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çykyş eden Türkmenistanyň işjeň garaýşyny aýratyn bellemek bilen, hut şu hili gyzyklanmalaýyn çemeleşme sebitiň iň derwaýys we möhüm meselelerini çözmek üçin has amatly ýagdaýy döredýär diýip, Sebit merkeziniň baştutany Miroslaw Ýença belledi.

Seminaryň gün tertibi giň halkara hyzmatdaşlygyny, ilkinji nobatda, öz ýakyn goňşulary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge birinji derejede üns berýän Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlary bilen berk baglanyşykly boldy. Şunuň bilen baglylykda, goňşy Owganystanda ýagdaýy durnuklaşdyrmaga Türkmenistanyň uly oňyn goşant goşandygyny bellemek bilen, Miroslaw Ýença özüniň Kabula baryp gelmeginiň dowamynda, Owganystana elektrik energiýasyny berýän we durmuş ähmiýetli desgalaryň gurluşyklaryna işjeň gatnaşýan Türkmenistan bilen dostluga nähili ýokary derejede hormat goýýandyklaryna şol ýerde göz ýetirendigi barada nygtap geçdi.

Türkmenistanyň Hökümetiniň işjeň ýardam bermegi bilen, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň (UNRCCA) guramagynda geçirlen bu wekilçilikli foruma 15 ýurtdan, şol sanda Gazagystandan, Gyrgyz Respublikasyndan, Täjigistandan, Özbegistandan, şeýle hem Azerbaýjandan, Owganystandan, Germaniýadan, Eýrandan, Hytaýdan, Türkiýeden, Russiýadan, Fransiýadan, Slowakiýadan we ABŞ-dan sebitiň döwletleriniň daşary işler ministrlikleriniň jogapkär işgärleri, strategik barlaglar milli insti-

tutlarynyň ýolbaşçylary, halkara bilermenleri we belli syýasatşynaslar çagyryldy. Giň halkara ölçegine eýe bolan bu duşuşyga Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik missiýalaryň we BMG-niň iri halkara agentlikleriniň ýolbaşçylary tarapyndan hem gyzyklanma bildirildi.

Duşuşyga gatnaşyjylar BMG-niň Aşgabat merkeziniň asylly işine ählitaraplaýyn goldaw bildirmek bilen, ýüze çykyp biläýjek gapma-garşylygyň öňüni almagyň we olaryň ýüze çykmagynyň sebäpleriniň özüni ýok etmegiň netijeli guralyny işläp düzmek boýunça ähli adamzadyň tagallalary babatda forumyň gün tertibiniň örän derwaýysdygyny bellediler. Olaryň belleýşi ýaly, taryhy jähtden Ýewraziýa ulag ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän we halkara koordinatlarynyň ulgamynda şu günki gün has wajyp orny eýeleýän Merkezi Aziýa ýurtlary ösüş ýolunda uly üstünliklere ýeten hem bolsalar, sebitde heniz çözülmedik meseleleriň bardygy sebäpli, ýagdaý ýeterlik derejede çylşyrymlylygyna galýar. Üstesine-de, gürrüň şu gün ähli dünýä bileleşiginiň ýüzbe-ýüz bolan, häzirki zamanyň diňe bir ýerli däl-de, eýsem global wehimleri barada barýar. Olara daşky gurşawyň üýtgemegi hem, suw we energiýa serişdeleriniň ulanylmagy hem, şeýle-de terrorçylygy, dini ekstremizmi, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyny, ýaragy we başgalary hem öz içine almak bilen, gürrüňsiz, serhetüsti guramaçylykly jenaýatçylyk hem degişlidir.

Adamzadyň parahatçylygy we howpsuzlygy Merkeziniň (Fransiýa) direktory, professor, hanym Şarbanu Tadžbakş şeýle belledi: «Global meseleler şu gün Merkezi Aziýa döwletlerine-de täsir edýär, häzirki zamanyň wehimlerine wagtynda jogap bermek, sebitiň içindäki meseleleri hem çözmek wajypdyr. Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkezi şunda kömek etmäge, Merkezi Aziýanyň we dünýä bileleşiginiň arasynda hoşniýetli wekilçilik etmäge hem niýetlenilendir. Ýeri gelende aýtsak, bu edarany döretmek baradaky mesele ýaňy çözülmäge başlanan döwründe dürli ýurtlardan teklipler az bolmady, ýöne onuň hut Aşgabatda ýerleşmegi doly kanunalaýyklykdyr. Sebäbi Türkmenistan – uly mümkinçilikleriň ýurdy, onuň geosyýasy ýerleşişi şowly, ol halkara bileleşigine işjeň integrirlenýär. Bu saýlawyň dogry bolandygyna wagt şaýatlyk edýär, şu forum hem onuň aýdyň tassyklamasydyr. Üstesine-de, Türkmenistan parahatçylygy dörediji-

likli başlangyçlar bilen ençeme gezek çykyş etdi we şu günem goňşy Owganystandaky ýagdaýy düzgünleşdirmek meselelerinde-de möhüm orny eýeleýär. Şonuň üçin, sebitde dartgynlylygyň öňüni alyp biljek hakyky gurallar bar we olary kämilleşdirmegi dowam etmek gerek».

BMG-niň şu hili iri sebit düzüminiň hereket etmeginiň derwaýysdygyny nygtamak bilen, Azerbaýjanyň Daşary işler ministrliginiň ýokary wezipeli wekili Guseýn Guseýnow şeýle diýdi: «Şu forumyň hem, Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň özüniň hem ähmiýeti mese-mälim görnüp dur. Türkmenistan bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir we bu onuň daşary syýasat orny üçin örän oňaýly mümkinçilikdir. Aşgabat şu gün hyzmatdaşlygyň we howpsuzlygyň meselelerini gyzyklanma bilen we obýektiw ara alyp maslahatlaşmak üçin özboluşly geňeşmeler meýdançasy boldy we Ýewraziýa giňişliginde merkezi, baglaýjy halka ornuny eýelemäge hakykatdan bäsdeşlik edýär».

Ýokarda ýatlanylyp geçilen seminaryň yzysüre, şol aýyň özünde, Aşgabatda, Türkmenistanyň Hökümetiniň goldamagynda, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň binýadynda BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary komissarynyň müdirligi (BMG BÝKM) bilen bilelikde «Owganystan: howpsuzlyk we töwekgelçilik toparlary çygrynda häzirkizaman meýilleri» atly halkara seminary geçirildi. Ol owgan gapma-garşylyklary bilen baglylykda adam howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň meselelerine bagyşlanyldy. Seminaryň işine bilermenler, birnäçe halkara guramalarynyň, Merkezi Aziýa döwletleriniň, Owganystan bilen araçäkleşýän ýurtlaryň wekilleri gatnaşdylar. Duşuşykda Owganystandaky häzirki ýagdaý, halkara goragyna mätäç bolan adamlar babatda umumy syn berildi, şeýle hem bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny we hukuklaryny kadalaşdyrýan şu günki hukuk düzgünleri düşündirildi.

Duşuşygyň dowamynda BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary komissarynyň müdirliginiň wekilleri we Ýewropa Bileleşiginiň Owganystan boýunça Ýörite wekili ýygnananlary Owganystandaky häzirki ýagdaýlar bilen tanyşdyrdylar, olara başga döwletlerde, ilkinji nobatda, goňşy ýurtlarda gaçybatalga gözleýän we halkara goragyna örän mätäç bolan adamlar hem-de töwekgelçilik toparlary

hakynda maglumat berdiler. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny we hukuklaryny kadalaşdyrýan binýatlaýyn hukuk düzgünleri düşündirildi. Seminara gatnaşyjylaryň pikirine görä, sebitiň degişli edaralary tarapyndan bosgunlaryň hukuk ýagdaýy kesgitlenilende olar aýratyn uly ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany» resmi taýdan tassyklamagy bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýändigi we şu ýylyň ýanwaryndan başlap, eýýäm özbaşdak, BÝKM-iň ýardamy bolmazdan, bosgunlaryň, hususan-da, Owganystandan bolan bosgunlaryň hukuk ýagdaýynyň meseleleri boýunça çözgütleri kabul edýändigi bellenildi.

Öz wagtynda, Owganystandaky ýagdaýlary düzgünleşdirmek baradaky başlangyç bilen çykyş edenleriň biri bolmak bilen, Türkmenistan şu gün hem goňşy ýurduň dikeldilmegine we köpýyllyk urşuň getiren netijeleriniň ýok edilmegine ummasyz uly goşant goşýar. Owganystanda pugta parahatçylygy we durnuklylygy gazanmaga çuňňur gyzyklanýan döwlet hökmünde, Türkmenistan, bir tarapdan, bu ýurtda ýagdaýy durnuklylaşdyrmak we durmuş-ykdysady ösüşi üpjün etmek boýunça amatly şertleri döretmek baradaky çäreleri geçirmäge girişýän bolsa, ikinji tarapdan, sebit hyzmatdaşlygyny berkitmäge kuwwatly faktor bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan möhüm taslamalar, ilkinji nobatda, diňe bir gatnaşyjy ýurtlar üçin aýratyn wajyp bolman, eýsem bütinleý sebit üçin hem möhüm bolan energetika we ulag çygyrlaryndaky taslamalar barada barýar. Owganystanyň durnukly ösüşine ýardam etmek bilen, Türkmenistan birnäçe ýyllaryň dowamynda onuň serhetýaka etraplaryna elektrik energiýasyny ýeňillikli esasda berýär, şeýle hem durmuş ähmiýetli wajyp taslamalary amala aşyrýar. Türkmenistanyň bu tejribesine salgylanmak bilen, seminara gatnaşyjylar howpsuzlygyň sebit guşaklygyny döretmek nukdaýnazaryndan onuň örän wajypdygyny we wagtyndadygyny bellediler.

Türkmenistanyň Hökümetiniň ýardam etmeginde we goldawynda, 2009-njy ýylyň iýulynyň ortasynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy sebit merkezinde «tegelek stol» geçirildi. Onuň esasy meselesi Araly halas etmek boýunça Halkara gaznasyny (AHHG) döredijі döwletleriň baştutanlarynyň Almaty sammitindäki çözgütlerini amala aşyrmakda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň mundan

beýläkki özara hereketini ara alyp maslahatlaşmak boldy. «Tegelek stoluň» işine Merkezi Aziýa döwletleriniň bäşisiniň hökümetleriniň wekiliýetleri, AHHG-niň Ýerine ýetiriji komitetiniň, iri maliýe gurluşlarynyň we donorlaryň wekilleri, şeýle hem BMG-niň birnäçe düzümleriniň, sebit we halkara guramalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Türkmenistan ähli gyzyklanýan taraplar, ilkinji nobatda, goňşular bilen açyklyk we oňyn hyzmatdaşlyk syýasatyna ygrarly bolmak bilen, suw-energetika meselesi ýaly durmuş taýdan örän wajyp çygyrda gyzyklanmalaýyn gepleşiklere uly ähmiýet berýär. Bu özara hereketi ösdürmäge, hususan-da, Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň Bişkekdäki duşuşygynda öňe sürlen, Araly halas etmek boýunça halkara gaznasyny döredijі döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygynyň çäklerinde doly goldaw alan Türkmenistanyň Prezidentiniň täze halkara başlangyçlary gönükdirilendir. Ýurt tarapyndan öňe sürlen suw-energetik başlangyçlaryny amala aşyrmakda Garagumda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň birinji nobatdakysynyň açylmagy wajyp ädim hökmünde ykrar edildi. Bu köl geljekde ýurt üçin hem, bütinleý sebit üçin hem bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýe bolar.

Ekologik meseleleri çözmekde we daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmakda Türkmenistanyň saldamly goşandyny bellemek bilen, duşuşyga gatnaşyjylar BMG-niň tebigaty goramak hakyndaky binýatlaýyn Konwensiýasyna goşulmak bilen, ýurduň ekologiýa boýunça halkara bileleşiginiň bilelikde amala aşyrýan taslamalaryna işjeň gatnaşýandygyny, suwy we başga tebigy serişdeleri aýawly saklamak we dikeltmek, howanyň global üýtgemegi bilen bagly meseleler boýunça, goňşy döwletler bilen bolşy ýaly, abraýly halkara guramalary bilen hem ýakyndan hyzmatdaşlyk edýändigini bellediler.

Şunuň bilen baglylykda, agzybirlik bilen gelnen pikir boýunça, BMG-niň we onuň suw meseleleri hem-de suw-energetik serişdeleri bilen meşgullanýan degişli düzümleri, şeýle hem başga halkara guramalary bilen birlikde Araly halas etmek boýunça toplumlaýyn halkara-hukuk resminamasyny taýýarlamak üçin ýörite bilermenler toparyny döretmek hakynda türkmen Lideriniň Almatyda aýdan başlangyjy aýratyn derwaýyslyga eýe bolýar.

Şol döwürde BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary bolup işlän, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň ýerine ýetiriji sekretary Ýan Kubişiň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly

Berdimuhamedowyň giň we açyk hyzmatdaşlyk syýasaty BMG-de gyzgyn goldaw tapýan gymmatly we derwaýys başlangyçlary özüne siňdirýär. «Aşgabatda bolmak bilen, biz Türkmenistanyň öz parahatçylygy döredijilik mümkinçiligini hakyky iş ýüzünde amala aşyrmaga taýýardygyna gözümiz bilen görmek arkaly ynanýarys» diýip, Ýan Kubiş belledi.

Administratoryň assistenti, BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Ýewropa we GDA ýurtlary boýunça Sebit býurosynyň direktory hanym Kori Udowiçki Aşgabatdaky şu duşuşygyň, birinjiden, bellenilen hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda iş ýüzünde edilen wajyp ädimdigine, ikinjiden bolsa, umumy iş üçin bähbitli bu ädimleriň yzygiderli boljakdygynyň görnüp duran şaýadydygyna ünsi çekdi. «Duşuşygyň BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň sebit merkeziniň ýerleşýän ýerinde, Bitarap Türkmenistanyň paýtagtynda geçirilýändiginiň özi oňa özara kabul ederlikli çözgütleri işläp düzmäge ýardam edip biljek işjeň häsiýet berýär» diýip, hanym K. Udowiçki belledi.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň sebit merkeziniň döredilmeginiň ähmiýeti nämede?
2. Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň sebit merkeziniň öňünde nähili maksatlar we wezipeler goýuldy?
3. Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň sebit merkeziniň alyp barýan işleriniň haýsy mysallaryny getirip bolar?

## § 3. Bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň bilelikdäki mümkinçilikleriniň netijeli ugurlary

Türkmenistanyň bitaraplygy ählumumy howpsuzlygy üpjün etmekde we ony berkitmekde, häzirki zamanyň howplarynyň hem-de wehimleriniň öňüni almakda we ýok etmekde, döwletleriň we halklaryň durnukly ösüşi üçin şertleri döretmekde, şeýle hem giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryna hemmetaraplaýyn ýardam bermäge gönükdirilen netijeli gural bolup çykyş edýär. Munuň şeýledigini iş ýüzünde subut edýän Türkmenistan dünýäniň daşary syýasat arenasynda özüniň işjeň çemeleşmeleri bilen Milletler Bileleşigine gatnaşýan ýurtlar bilen halkara syýasatynyň gün

tertibinde duran strategiki taýdan möhüm wezipeleri çözmekde hyzmatdaşlygy alyp barmaga isleginiň bardygyny hemişe görkezýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2009-njy ýylyň 28-nji sentýabrynda BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň (UNRCCA) baştutany, ilçi Miroslaw Ýençany kabul etdi.

Amala aşyrýan syýasaty Merkezi Aziýada parahatçylygyň we durnuklylygyň möhüm faktory bolup çykyş edýän Türkmenistanyň garaýşyna ýokary baha bermek bilen, sebit we umumy howpsuzlygyň bähbitlerine görä, mundan beýlägem oňyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine BMG öz tarapyndan çuňňur gyzyklanma bildirýär diýip, Miroslaw Ýença belledi. Şu ýyllaryň dowamynda BMG-niň iri agentlikleri bilen netijeli hyzmatdaşlykda gazanylan baý tejribe hem, şolar bilen birlikde ýurtda birnäçe bilelikdäki wajyp başlangyçlaryň, şol sanda Aşgabatda ýöriteleşdirilen düzümiň – BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy hem oňa şaýatlyk edýär.

Merkezi Aziýanyň tutýan ornunyň barha ösýändigini bellemek bilen, gürrüňdeşler bu baý sebitiň durnukly ösüşi, sebitde ýerleşýän döwletleriň integrirlenme işine we durmuş-ykdysady ösüşiniň depgini bökdeýän bu ýerde bar bolan meseleleriň çaltrak çözülmegini talap edýändigini bellediler. Bu meseleleriň arasynda suwy rejeli ulanmak, energetika howpsuzlygy ýaly we sebitiň durnuklylygyna täsir edýän birnäçe başga ýagdaýlar hem aýdyldy.

2010-njy ýylyň ýanwarynda Howpsuzlyk Geňeşi BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň Sebit merkeziniň ýolbaşçysy Miroslaw Ýençanyň öz ýolbaşçylyk edýän düzüminiň işi hakyndaky maglumatyny diňledi we ara alyp maslahatlaşdy. Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalary Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hökümetleri, şeýle hem bu ýerde işleýän sebit we halkara guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy berkitmekdäki Merkeziň edýän tagallalaryny doly goldaýandyklaryny aýtdylar.

BMG-niň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça täze edarasynyň öňünde durýan wezipeleriň möhümdigi bellenildi, şeýle-de Howpsuzlyk Geňeşiniň agzalary, Türkmenistanyň parahatçylygy döredijі mümkinçiliklerine we onuň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň baý tejribesine daýanmak bilen, sebitde gapma-garşylyklaryň has ir öňüni al-

mak, jedelleri we dartgynlylyk ýagdaýlaryny parahatçylykly çözmek meselelerinde Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň mundan beýlägem hakyky hereket ediş guraly bolup hyzmat etjekdigine ynam bildirdiler. Şu gün, sebitde parahatçylygy we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin täze höweslendirmeleriň talap edilýän döwründe, onuň has hem derwaýysdygy nygtaldy.

Şeýlelikde, Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işine ýokary baha berilmegine, ilki bilen, Türkmenistanyň we onuň Lideriniň işjeň garaýyşlaryny makullamak diýlip düşünilýär. Bu ýerde gürrüň Türkmenistanyň birnäçe wajyp başlangyçlary, şol sanda suw we energetika howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça, şeýle hem sebitiň iň derwaýys we möhüm meselelerini çözmek üçin has amatly şertleri döretmek, umumy parahatçylygyň we durnukly ösüşiň bähbitlerine laýyklykda has netijeli we özara kabul ederlikli çemeleşmeleri bilelikde işläp düzmek baradaky başlangyçlary öňe sürmegi barada barýar.

Şol aýyň özünde, Merkezi Aziýa döwletleriniň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň Almatydaky duşuşygynda, BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň 2010-njy ýyl üçin Iş meýilnamasy kabul edildi. Bu ikinji duşuşykdy. Duşuşyklaryň birinjisi bolsa, 2008-nji ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirlipdi, onuň dowamynda şu ölçegdäki çäreleri yzygiderli esasda geçirmek barada oňa gatnaşyjylar ylalaşyga gelipdiler. Duşuşyga gatnaşyjylar gapma-garşylyklar, Merkezi Aziýada howpsuzlyga wehim salyp biljek ýagdaýlar hakynda, ekologiýa meseleleri, suw-energetik serişdelerini aýawly we netijeli ulanmak, ekologik, azyk we energetika howpsuzlygy, şeýle hem Owganystandaky ýagdaýlar we olary durnuklylaşdyrmak hem-de bu ýurda ýardam etmek meseleleri barada pikir alyşdylar.

Gün tertibiniň meseleleriniň biri-de, Sebit merkeziniň 2010-njy ýyl üçin Iş meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak boldy. Oňa gatnaşyjylar şu aşakdaky meselelere syrygýan, 2010-njy ýyl üçin Sebit merkeziniň işiniň esasy ugurlaryny goldadylar: suw-energetik serişdelerini dolandyrmak, daşky gurşawy goramak we adamyň howpsuz durmuş ýagdaýyny üpjün etmek; neşe serişdelerine garşy göreş çygrynda sebit hyzmatdaşlygyna ýardam etmek; sebitde BMG-niň terrorçylyga garşy strategiýasyny amala aşyrmakda Merkezi Aziýa döwletlerine kömek bermek; Owganystandaky ýagdaýy düzgünleşdirmäge Merkezi Aziýa ýurtlarynyň gatnaşmagy; halkara hukugy we öňüni

alyş diplomatiýasy çygrynda Merkezi Aziýadan hünärmenleriň hünär derejelerini ýokarlandyrmak.

BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun 2010-njy ýylyň aprelinde Merkezi Aziýa ýurtlaryna öz saparynyň dowamynda Sebit merkezine baryp gördi, onuň aýtmagyna görä, «Merkez her bir ýurduň gepleşikler arkaly umumy meseleleri çözmekligiň umumy ýollaryny gözlemegi üçin täsirli borçnamalaryna wekilçilik edýär». Sebit merkeziniň orny bu sebitiň hökümetlerine dartgynlylygyň sebäplerini kesgitlemek, öňüni alyş hereketleri arkaly dartgynlylygyň, umumy howpsuzlyga howp salyp biljek we ösüşi bökdejek gapma-garşylyga öwrülmezden ozal öňüni almak meseleleri boýunça ýardam bermegindedir.

2010-njy ýylyň aprelinde Aşgabatda «Merkezi Aziýada durnuklylyk we howpsuzlyk: halkara we sebit guramalary bilen özara hereket» atly iki günlük seminar geçirildi. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi tarapyndan guralan duşuşyga gatnaşmaga Türkmenistanyň, Fransiýanyň, Eýranyň, Norwegiýanyň, Russiýanyň, Türkiýäniň, ABŞ-nyň, Germaniýanyň, Gazagystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Owganystanyň we beýleki ýurtlaryň wekilleri, şeýle hem iri halkara we sebit guramalarynyň, şol sanda GDA-nyň, Kollektiwleýin Howpsuzlyk Şertnamasy Guramasynyň, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşyk Guramasynyň, Gyzyl Hajyň Halkara Komitetiniň we BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň, BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary komissarynyň müdirliginiň we beýleki ýöriteleşdirilen edaralarynyň işgärlerini hem goşmak bilen, dürli agentlikleriniň wekilleri çagyryldylar. Forumyň şeýle uly wekilçilikli düzümi ummasyz baýlyklara, syýasy, ykdysady mümkinçiliklere eýe bolmagyň netijesinde halkara arenasynda has-da möhüm orun alýan Merkezi Aziýa sebitine barha ösýän gyzyklanmanyň nobatdaky şaýady boldy.

BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy sebit merkeziniň baştutanynyň orunbasary Fýodor Klimçugyň belleýşi ýaly, forumda Merkezi Aziýadaky halkara we sebit guramalarynyň öňünde durýan wezipeler we bu sebitde howpsuzlyk we durnuklylyk meseleleriniň çözülmeginde olaryň ornunyň we täsiriniň ýokarlanmagynyň ýollary seljerildi. Şu babatda Owganystandaky ýagdaýlar, energetika howpsuzlygy, suw serişdelerini ulanmak, howanyň üýtgemegi we se-

bite global ykdysady akymlaryň täsiri bilen baglanyşykly meselelere seredildi. 2010-njy ýylyň 20-nji iýulynda türkmen paýtagtynda «Suw serişdeleriniň meseleleri boýunça gepleşikler: Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň sammitiniň çözgütlerini amala aşyrmak we BMG-niň Baş sekretarynyň Merkezi Aziýa ýurtlaryna saparynyň jemleri» atly halkara forumy geçirildi. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde geçirilen bu foruma sebitiň ýurtlarynyň hökümetleriniň, şeýle hem birnäçe abraýly halkara guramalarynyň, şol sanda BMG-niň, Ýewropa Bileleşiginiň, ÝHHG-niň, Halkara Bankynyň, Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň ýokary wezipeli wekilleri gatnaşdylar. Duşuşyga Owganystanyň Hökümetiniň, Owganystana ýardam etmek boýunça BMG-niň Missiýasynyň wekilleri synçylar hökmünde gatnaşdylar.

Duşuşyga gatnaşyjylar mundan beýläk alnyp barylmaly işiň esasy ugurlaryny kesgitlediler, suwy aýawly ulanmak ýaly sebitiň ýurtlary üçin örän wajyp meselede oňyn gepleşikleri çuňlaşdyrmagyň zerurdygy hakyndaky umumy pikire geldiler. Aşgabadyň nobatdaky gezek şeýle uly ähmiýetli halkara duşuşygynyň geçirilýän ýeri bolmagy bolsa, Türkmenistanyň halkara abraýynyň gyşarnyksyz ösýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. 2011-nji ýylyň 31-nji maýynda türkmen paýtagtynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň derejesinde duşuşyk geçirildi. Foruma gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň, şeýle hem BMG-niň Sekretariatynyň syýasy meseleler boýunça Departamentiniň wekilleri Aşgabada geldiler. Gün tertibine sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, Merkezi Aziýa ýurtlary üçin umumy çözgütleri kabul etmäge iň amatly we özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp düzmek boýunça soraglar goşuldy. Duşuşygyň dowamynda netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýlägem giňeltmegiň geljegi, şeýle hem ekologiýa we energetika howpsuzlygy, suw serişdelerini aýawly we netijeli ulanmak, sebitiň durnuklylygyna daşarky täsirleriň azaldylmagy we başgalar baradaky meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistanyň halkara arenasyndaky işjeň garaýyşlaryna ýokary baha bermek bilen, duşuşyga gatnaşyjylar Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe sürýän, hyzmatdaş ýurtlaryň bähbitleriniň hasaba alynmagy, açyklyk we özara ynanyşmak

ýörelgelerine esaslanýan oňyn gepleşikleri ýola goýmaga gönükdirilen başlangyçlarynyň aýratyn ähmiýetlidigi we derwaýysdygy barada nygtadylar. Bu başlangyçlaryň parahatçylygy we umumy howpsuzlygy saklamak üçin has amatly ýagdaýy döretmäge ýardam edýändigi hem bellenilip geçildi.

Pikir alyşmalaryň çäklerinde, Merkezi Aziýada asudalygy we durnukly ösüşi berkitmegiň maksatlarynda, häzirki zamanyň howplary we wehimleri bilen has işjeň göreşmek üçin sebitiň ýurtlarynyň hereketiniň ýeke-täk konsepsiýasyny işläp düzmekde bilelikdäki tagallalaryň örän wajypdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, gün tertibine çykarylan soraglaryň ähmiýeti we sebitde hereket edýän iri halkara gurluşlary, ilkinji nobatda-da, alyp barýan işi taraplaryň arasynda ynanyşmak ýagdaýyny we açyk gepleşikler geçirmek üçin şertleri döretmäge ýardam edýän Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň zerurdygy nygtaldy.

2011-nji ýylyň dekabrynyň başynda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde suw serişdelerini serhetüsti dolandyrmak çygryndaky halkara-hukuk gurallary boýunça sebit seminar-treningi geçirildi. Duşuşygyň maksady – halkara suw hukugynyň meseleleri boýunça bilimleri giňeltmek we çuňlaşdyrmak, ähli Merkezi Aziýa döwletleriniň bähbitlerine laýyklykda serhetüsti suw ulanylyşynyň netijeliligi üçin sebitiň ýurtlarynyň hünärmenleriniň degişli endiklerini ösdürmekdir.

Üç günlük interaktiw treningiň işine Merkezi Aziýa sebitiniň ähli bäş ýurdunyň – Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Gyrgyz Respublikasynyň suw serişdelerini goramak we dolandyrmak çygryndaky ministrlikleriniň we pudaklarynyň wekilleri, şeýle hem BMG-niň Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň, Araly halas etmek boýunça halkara gaznasynyň halkara we sebit maslahatçylary gatnaşdylar.

Seminaryň dowamynda halkara suw meselelerini dolandyrmak boýunça umumy kabul edilen hukuk kadalary, halkara ylalaşyklarynyň – hereket edýän Nýu-Ýork we Helsinki konwensiýalarynyň esasy düzgünleri boýunça tanyşdyryş işleri bilen çykyş edildi. Treningiň çäklerinde serhetüsti suw ulanylyşy çygryndaky hukuk gurallaryna we bu ugurda gazanylan halkara tejribesine hem seredildi. 2012-nji

ýylyň 11-nji dekabrynda türkmen paýtagtynda Türkmenistanyň Prezidentiniň gatnaşmagynda, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagynyň 5 ýyllygyna we Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň 17 ýyllygyna bagyşlanan «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» atly Halkara maslahaty geçirildi. Sebit merkeziniň işiniň wajypdygy, birinji nobatda, Merkezi Aziýanyň ýüzbe-ýüz bolýan howplarynyň we wehimleriniň öňüni almak boýunça möhümdigi, bu ýerde parahatçylyk, howpsuzlyk we durnuklylyk üçin pugta esaslary berkitmegiň zerurdygy hakyndaky pikiri aýtmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti öňüni alyş diplomatiýasynyň we jedelleri has ir düzgünleşdirmegiň barha ösýän ähmiýeti bilen baglylykda BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi tarapyndan bu düzümiň ornuna mynasyp baha berlendigini we goldanylandygyny nygtady. Merkeziň başga halkara, sebit guramalary bilen, şol sanda GDA, ÝHHG, ÝB, ŞHG, EKO we beýlekiler bilen terrorçylyk, ekstremizm, guramaçylykly jenaýatçylyk, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy, serhetüsti suw-energetik serişdelerini dolandyrmak, Owganystandaky ýagdaý ýaly derwaýys meselelere umumy çemeleşmeler işlenilip düzülýär diýip, milletiň Lideri belledi. Hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda energetik, ekologik, ulag, aragatnaşyk howpsuzlygyny we başgalary nygtamak bilen ol sözüni dowam etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti dünýäniň geosyýasy ýagdaýynyň çalt üýtgeýän şertlerinde, sebit we global prosesleriň barşyna we mazmunyna garaýyşlaryň üýtgeýän ýagdaýynda öňüni alyş diplomatiýasynyň örän möhüm bolup durýandygy, käbir halatlarda bolsa, gapma-garşylyga ýol bermezligiň, jedelleriň we gapma-garşylyklaryň öz wagtynda gepleşikler ýoluna geçirilmegi üçin aýgytly ýagdaý bolýandygy barada aýtdy. Ol Sebit merkeziniň açylan wagtyndan bäri geçen bäş ýylyň dowamynda bu babatda amala aşyrlan işler saýlanyp alnan ugruň dogrudygyny görkezdi, Merkez sebitde parahatçylygy we durnuklylygy berkitmekde, hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk ýagdaýyny döretmekde uly goşant goşdy we goşmagyny dowam edýär diýip belledi.

Syýasy meseleler boýunça BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Dželfri Feltman bu forumdaky öz çykyşynda BMG-niň Merkezi

Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işine berýän ýardamy üçin Türkmenistanyň Baştutanyna tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi hem-de «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» Halkara maslahaty mynasybetli BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Munuň iberen gutlag hatyny okady. BMG-niň Baş sekretarynyň hatynda «Açyk gapylar» syýasatyna, oňyn bitaraplyk syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmäge ygrarly bolan Türkmenistan şu günki gün Merkezi Aziýada durnuklylygy, bu sebitiň giňişliginde netijeli özara gatnaşyklary berkitmäge uly goşant goşýar diýip nygtalýar. Aşgabatda 2007-nji ýylda açylan Sebit merkeziniň işi barada aýtmak bilen, Pan Gi Mun öz hatynda, bu düzümiň işiniň esasy ugry öňünden duýdurmak, halkara gurallarynyň kömegi bilen gapma-garşylyklaryň has ir öňüni almak, ähli ugurlar boýunça jedelli ýagdaýlaryň öňüni almak ýaly meselelere aýratyn üns bermek bilen, BMG-niň Baş sekretarynyň 5 ýyllyk Maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda berkidilendir, ýagny öňüni alyş çemeleşmesi onuň halkara-hukuk konsepsiýasynda şu günki gün adamzadyň durnukly ösüşiniň möhüm şertine öwrülýär, bu has abadan geljege, howpsuzlygy we durnuklylygy berkitmäge bütin planetada adamlaryň ýaşaýşyny gowulandyrmaga biziň edip biljek iň gowy maýa goýumymyzdyr diýip belledi.

Şu babatda sebit hyzmatdaşlygynyň ummasyz uly mümkinçiligi bardyr diýip BMG-niň Baş sekretary belledi. Howanyň üýtgemegi, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygy, terrorçylyk we ekstremizm – bular ýekeje ýurduň hem bir özüniň eýgerip bilmejek wehimleridir. Mundanam başga, bilelikde hereket etmek bir sebitiň döwletlerine tebigy serişdeleri rejeli ulanmaga, söwdany giňeltmäge we ulag ulgamlaryny gowulandyrmaga kömek edýär. Ine, şu günki gün BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bu strategik maksatlara ýetmek üçin Gazagystanyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň hökümetleriniň tagallalaryny birleşdirmäge ýardam edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşynda belleýşi ýaly, şu günki gün dünýäniň dürli böleklerinde bolup geçýän wakalar onuň geosyýasy ýagdaýyny, global we sebit prosesleriniň barşyny hem-de mazmunyny örän çalt üýtgedýär. Şeýle şertlerde öňüni alyş diplomati-

ýasy örän möhüm bolup durýar, käbir halatlarda bolsa, gapma-garşylyga ýol bermezlik, jedelleri we garşylyklary özwagtynda gepleşikler akymyna öwürmek üçin aýgytly faktor bolýar. «Geçen bäş ýylyň dowamynda bu ugurda geçirlen işler saýlanyp alnan ugruň dogrudygyny görkezdi. Bitarap Türkmenistanyň paýtagtynda döredilen Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça merkez sebitde parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek, hoşniýetli goňşuçylyk we hyzmatdaşlyk ýagdaýyny döretmek işlerine uly goşant goşdy we goşmagyny dowam edýär. Bu iň ýokary baha mynasypdyr» diýip, Türkmenistanyň Baştutany belledi. Ol «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçirilen halkara maslahatynda sözlän sözünde sebit howpsuzlygy meselelerine aýratyn üns bermek bilen öňüni alyş diplomatiýasynyň hem aýratyn wajyp orny barada belläp geçdi. Türkmenistanyň bu ugurda Owganystandaky ýagdaýy parahatçylyk ýoly bilen düzgünleşdirmek, ýaraglaryň möçberlerini azaltmak we ýaragsyzlanmak boýunça sebit derejesinde alnyp barylýan işlere ýardam bermek, suw-energetika meselelerini ähli taraplaryň bähbitlerini göz öňünde tutup çözmek, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly örän möhüm meselelerde Birleşen Milletler Guramasynyň ygtybarly hem-de netijeli hyzmatdaşy hökmünde çykyş etmäge taýýardygyny beýan etdi.

«Bu meseleleri çözmekde Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezine aýratyn orun degişlidir, – diýip, Türkmenistanyň Lideri nygtady, – Siziň bilşiňiz ýaly, ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşýän bu Merkez sebitiň ähli döwletleriniň goldaw bermeginde dünýä bileleşigi tarapyndan 2007-nji ýylyň dekabrynda döredildi. Şol döwürden başlap, sebitde ylalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işlere täze uly itergi berildi. Halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary esasynda döwletleriň özara hyzmatdaşlyk etmeginiň netijeli usullaryny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak üçin giň mümkinçilikler açyldy. Bu ugurda alnyp barylýan işlerde Birleşen Milletler Guramasynyň ägirt uly abraýyna, dawaly ýagdaýlary düzgünleşdirmekde toplan baý tejribesine daýanyldy. Şunuň bilen baglylykda, bu Sebit merkeziniň işiniň çäklerinde diplomatlaryň we bilermenleriň gatnaşmagynda köptarap-

ly gepleşikleri geçirmek we maslahat bermek boýunça netijeli usuly ýola goýmak maksadalaýyk bolar diýip pikir edýäris. Bu usul sebitiň durmuş-ykdysady ösüşi bilen bagly ýüze çykýan meseleleri ylalaşmaga ýardam bermäge gönükdirilmelidir. Öňüni alyş diplomatiýasynyň usullarynyň diňe Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda netijeli işläp, anyk netijelere getirip biljekdigini tejribe görkezýär».

***Barlag üçin soraglar:***

1. BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi nähili ähmiýetli işleri alyp barýar?
2. Aşgabatda geçirilýän halkara maslahatlarynyň we forumlarynyň esasy mazmuny nämeden ybarat?
3. BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň Türkmenistanda ýerleşmegine nähili ähmiýet berdi?

# V BAP
# ENERGETIKA HOWPSUZLYGY GLOBAL PARAHATÇYLYGYŇ WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ AÝGYTLY ESASYDYR

## § 1. Dünýä ösüşini üpjün etmekde energetika howpsuzlygynyň orny we ähmiýeti

Häzirki döwürde global howpsuzlyk dünýäniň ösüşiniň obýektiw şertleri bilen baglylykdaky faktorlaryň jemidir. Olaryň arasynda energetika howpsuzlygy esasy meseleleriň biri bolup çykyş edýär. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi energetika çeşmeleriniň elýeterliligi, bu ugurda ösen infrastrukturanyň bolmagy, häzirkizaman ykdysadyýetiniň ösmegi, halklaryň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy, bütin adamzadyň medeni we ruhy taýdan ösmegi üçin maddy binýady döretmegiň esasy faktory bolup durýar. Aslyýetinde, energetika howpsuzlygy global howpsuzlygyň institusional esaslarynyň biri bolup hyzmat edýär. Adamzadyň durmuşynyň esasy çeşmeleriniň biri bolmak bilen, energiýa üpjünçiliginiň dünýäde bar bolan infrastrukturasy şu günki gün gysga wagtlyk ýa-da uzakmöhletleýin häsiýetli dürli görnüşli howplara duçar bolujydyr, bu bolsa bütin dünýä bileleşiginiň durmuşynyň hiline gös-göni täsir edýär. Şu nukdaýnazardan giňişleýin düşünilende, energetika howpsuzlygy çylşyrymly, köpugurly ýüze çykma bolup, ondan biri-biri bilen berk baglanyşykly bolan çeşme-çig mal, harby-syýasy, maliýe, ekologik we tehnologik faktorlar bölünip çykýar.

Umumy howpsuzlygy üpjün etmegiň meselelerine öz çemeleşmelerini işläp düzende, Türkmenistan sebitde, yklymda, dünýäde howpsuzlygyň bolmadyk mahalynda diňe belli bir ýurduň howpsuzlygyny üpjün edip bolmajakdygyndan ugur alýar. Mälim bolşy ýaly, global howpsuzlygyň iň derwaýys düzümleriniň biri energetika howpsuzlygydyr. Şu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG tarapyndan ykrar edilen şol meselä köpugurly we ulgamlaýyn, oňa gatnaşýan ähli taraplaryň bähbitlerini nazara almak bilen, energiýa çeşmelerini ibermegiň ugurlary boýunça olaryň garaýyşlarynyň utga-

şyklylygyna we ylalaşyklylygyna esaslanýan çemeleşmäni işläp düzmäge başlamak baradaky başlangyjy, gürrüňsiz, täzeçillikdir.

Bu meselede Türkmenistanyň garaýşy dünýä syýasatynyň esasy maksadyny şöhlelendirýär. Dünýä syýasatynda halkara parahatçylygyny, asudalygyny we durnuklylygyny üpjün etmegiň esasy faktorlarynyň biri bolan energetika howpsuzlygy esasy orunda durýar. Şunuň bilen baglylykda, dünýäniň energetiki giňişliginde özara gatnaşyklarynyň ýörelgeleýin täze nusgasynyň düýp binýady bolmaga niýetlenilen, global ösüşiň öňe gidişini üpjün etmekde, köptaraplaýyn ylalaşykly çözgütleri işläp düzmekde energetika howpsuzlygynyň esasy faktory hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilmegi aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Şu nusganyň esasy hökmünde hormatly Prezidentimiz energiýa çeşmelerini iberijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň bähbitleriniň utgaşyklylygyna we ylalaşyklylygyna, olaryň geljekki iberiliş ýollary babatda dünýä bileleşiginiň ýeke-täk bir netijä gelmäge ukyplylygyna esaslanýan ýörelgeleri goýýar.

Konwensiýada bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek bilen baglylykda, dünýäniň energetika giňişligindäki ýagdaýlary öwrenmäge we seljermäge, energetiki taslamalary amala aşyrmak boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny we ylalaşyklaryny taýýarlamaga, başga döwletler, halkara energetik guramalary we maliýe insitutlary bilen hyzmatdaşlygyň öňe tutulýan ugurlaryny kesgitlemäge aýratyn üns berler.

Energiýa üpjünçiligi bilen bir hatarda, bu ugurdaky oýlanyşykly syýasat döwletiň ösmegi, onuň halkynyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagy üçin wajyp görkeziji bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistanyň ösüşiniň maksatnamalaýyn esasyna Türkmenistanyň Prezidentiniň «Döwlet adam üçindir!» diýen ideýasy goýlandyr. Adamlaryň durmuş goraglylygyna gönükdirilen Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň amala aşyrylmagynyň hakyky iş ýüzündäki netijeleriniň biri hem ýurduň ilaty üçin tebigy gazy, elektrik energiýasyny we başga ýangyçlary ulanmak mugt bolmagynda galýar. Dünýäde örän ýokary bahasy bolan zatlary türkmenistanlylar ýa mugt ýa-da ujypsyzja bahalar bilen alýarlar. Bu döwletiň öz halky hakyndaky aladasynyň netijesidir. Ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny, adamlaryň mätäçlikden azat durmuşyny üpjün etmek üçin bolsa birnäçe ýeňillikler berilýär. Energetika çygryny ös-

dürmegiň milli maksatnamasy, onuň durmuş goraglylygyna gönükdirilenligi, adamzadyň ýokary gymmatlyklaryna, BMG-niň durnukly ösüşiň Maksatlaryna doly derejede jogap berýär.

Global energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, giň halkara tagallalary bilen birlikde, anyk döwletler tarapyndan degişli çäreleriň berjaý edilmegine gös-göni baglydyr. Şol sebäpli, bir ýurduň çägindäki energetika howpsuzlygy islendik döwletiň obýektiw we aýrylmaz maksady bolýar. Energetika howpsuzlygynyň ölçeglerini düzmek we kesgitlemek, şeýle hem howpsuzlygyň wehimlerini hem-de töwekgelçiliklerini ýüze çykarmak birmeňzeş daşary we içeri syýasaty işläp düzmäge ýardam berýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň noýabrynda geçirlen «Energiýa bazarlarynyň global integrirlenmegi – energetika howpsuzlygyny üpjün etmek» atly halkara maslahatyna gatnaşyjylara Gutlagynda şeýle belledi: «Energetika howpsuzlygy biziň ýurdumyzyň daşary ykdysady strategiýasynyň esasy düzüm bölegi, onuň ösüşiniň kesgitleýji faktorlarynyň biri bolup durýar. Şonuň üçin, häzirki şertlerde täze ýurtlaryň we sebitleriň hyzmatdaşlyga çekilmeginiň hasabyna, energetika ugurlarynyň diwersifikasiýasy we olaryň geografiýasynyň giňelmegi halkara energetika bazaryna gatnaşyjylaryň gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmaga ýardam eder».

Halkara bazarlaryna nebiti we gazy ibermegiň durnuklylygyny üpjün etmek we olaryň üsti bilen soňky sarp edijilere çenli ibermek energetika howpsuzlygynyň esasy mazmunyny düzýär. Şu babatda ýangyç-energetika serişdeleriniň bolmagy we elýeterliligi, olaryň sarp edijilere bökdençsiz iberilmegini üpjün etmek we olaryň netijeli ulanylmagy dünýä ykdysadyýetiniň, şonuň ýaly-da umumylykda, dünýä bileleşiginiň ösmeginiň esasy faktory bolup durýar. Uglewodorod energetikasyna barha artýan zerurlyk olaryň çeşmeleriniň bölünişiniň deň bolmazlygy, üstaşyr geçiriji ulgamyň ýeterlik derejede ösen däldigi, üstaşyr geçirýän ýurtlaryň sanynyň artmagy, agyr howa şertlerinde ýa-da deňiz şelfinde täze nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmek we ulanmak üçin zerur bolan uly göwrümli maýa goýumlarynyň goýulmagy, okgunly ösüp barýan täze ýurtlaryň–sarp edijileriň ýüze çykmagy bilen baglylykda has hem çuňlaşýar.

Munuň özi halkara bazarlaryna energiýa serişdelerini alyp barmagyň, olaryň ygtybarlylygynyň we goraglylygynyň derejesiniň ilkinji nobatdaky ähmiýete öwrülýändigini aňladýar. Ol dünýäniň umumy ýagdaýyna, sebit we halkara hyzmatdaşlygynyň häsiýetine we gönükdirilýän ugruna, ol ýa-da beýleki döwletleriň dünýäniň ösüş prosesine gatnaşmagynyň derejesine barha güýçli täsir edýär.

Hut şonuň üçinem, global energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde bilelikdäki netijeli çemeleşmäni işläp düzmäge zerurlyk ýüze çykýar. Häzirki döwrüň şertlerinde energiýa çeşmeleriniň bazaryna gatnaşýanlaryň ählisiniň bähbitlerini hasaba almaga, oýlanyşykly ylalaşyklar ýoluny gözlemäge, energiýany ibermegi syýasy we başga töwekgelçiliklerden goramaga mümkinçilik berýän, ylalaşylan ýörelgeleri işläp düzmäge esaslanýan çemeleşmeler gün tertibinde durýar.

Munuň üçin eksport ýa-da import edýän, şeýle hem uglewodorody üstünden geçirýän ýurtlaryň bu çeşmeleri özleşdirmäge we olaryň täze känlerini gözläp tapmaga gönükdirilen maýa goýumlaryny giňeltmäge, innowasion tehnologiýalary ulanmak arkaly nebitiň we gazyň çykarylyşynyň we täzeden işlenilişiniň, şeýle hem olary sarp edijilere ýetirmek üçin ulag serişdeleriniň we başgalaryň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin bilelikdäki tagallalaryny talap edýär.

Türkmenistan ähli gyzyklanýan taraplaryň energetika howpsuzlygynyň ygtybarly halkara-hukuk kepilliklerini we berk esaslaryny döretmek boýunça, ilki bilen, BMG-niň çäklerinde oňyn we netijeli hyzmatdaşlyk etmeginiň tarapynda çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň energetika howpsuzlygynyň mazmunyny okgunly global ösüşi üpjün etmekligiň, dünýäniň energetiki giňişliginde ýörelgeleýin täze nusganyň esasy binýady bolmaga gönükdirilen köptaraplaýyn çözgütleri işläp düzmekligiň esasy faktory hökmünde kesgitlemegi aýratyn möhüm häsiýete eýe bolýar. Şeýle nusganyň esasyna Türkmenistanyň Lideri energiýa çeşmelerini iberijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň bähbitleriniň utgaşyklylygyna hem-de ylalaşyklylygyna, olaryň geljekki iberiliş ýollary babatda dünýä bileleşiginiň umumy bir netijä gelmäge ukyplylygyna esaslanýan ýörelgeleri goýýar. Bu babatda şu günki gün haýsydyr bir öňüni alyş çäresini, ýangyjy daşamagyň aýry-aýry ugurlary boýunça ýerli häsiýetli gepleşikleri geçirmek hakynda gürrüň gitmeýändigi,

eýsem dünýäniň energetiki giňişliginde gatnaşyklaryň ýörelgeleýin täze, köpugurly nusgasyny döretmek hakynda gidýändigi baradaky Türkmenistanyň Prezidentiniň pikiri çuňňur oýlanyşyklydyr. Bu nusga köptaraplaýyn bähbitleriň deňligine, energetika howpsuzlygynyň global binagärçiligi hakyndaky garaýyşlaryň we düşünjeleriň utgaşmagyna, hyzmatdaşlygyň uzakmöhletleýin peýdalylygyna we bähbitliligine esaslanýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Dünýä ösüşine nähili düşünýärsiňiz?
2. Energetika howpsuzlygynyň parahatçylyk üçin nähili ähmiýeti bar?
3. Türkmenistanyň global howpsuzlyk barada nähili garaýyşlary bar?

## § 2. Energiýa serişdelerini howpsuz üstaşyr geçirmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary

Türkmenistanyň Prezidenti energiýa çeşmelerini durnukly we uzakmöhletleýin esasda dünýä bazarlaryna çykarmak üçin köpugurly turbageçirijiler ulgamyny döretmek çygrynda oňyn özara hereketiň meseleleri boýunça yzygiderli we köpugurly geňeşmeleriň geçirilmegi barada çykyş edýär. Şeýle gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biri energiýa serişdelerini ygtybarly üstaşyr geçirmegi kepillendirýän, ählumumy we doly möçberli howpsuzlygy gazanmagyň netijeli ýollaryny işläp düzmek bolup durýar. Halkara hukugynyň kadalarynyň ilkinjiligini ykrar edýän esasda oňyn hyzmatdaşlygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň umumy ykrar edilen ýörelgelerini we gymmatlyklaryny çelgi edinmegiň, häzirki döwürde ýüze çykýan meseleleriň parahatçylykly we özara kabul ederlikli çözgüdini tapmaga gönükdirilenliginiň jemleri halkara arenasynda Türkmenistanyň daşary syýasat başlangyçlarynyň we diplomatik ädimleriniň güýçli taraplaryny düzýär.

Türkmenistanyň Lideriniň dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini ygtybarly goragly we howpsuz daşamagyň halkara guralyny döretmek baradaky barha derwaýyslaşýan başlangyçlary hem şol beýik maksatlara gulluk edýär. Şol sebäpli, hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň sentýabrynda Milletler Bileleşiginiň ýokary wekilçilikli edarasynyň – BMG-niň Baş Assambleýasynyň münberinden eden çy-

kyşynda global energetika howpsuzlygyny üpjün etmek ideýasynyň esasy pikir bolandygy ýöne ýerden däldir.

Öz ýurdunyň Ýewraziýa ýollarynyň çatrygynda, geografik taýdan amatly şertlerde ýerleşýändigini nygtamak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda häzirkizaman ulag we aragatnaşyk infrastrukturalary döredildi diýip, öz çykyşynda belläp geçdi. Halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň möhüm halkasy hökmünde, ol halklaryň ýakynlaşmagyna we özara düşünişmegine ýardam etmek bilen, sebitleriň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň has işjeňleşmeginiň we çuňlaşmagynyň faktory bolup biler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň aýratyn belleýşi ýaly, hut şu jähtden Türkmenistan durnukly we uzakmöhletleýin esasda türkmen energetik çig mallaryny dünýä bazarlaryna çykarmak üçin turbageçirijileriniň köpugurly görnüşlerini ösdürmegi maksat edinýän öz halkara energetiki strategiýasyny gurýar. Şeýle strategiýa hiç hili syýasy ýagdaý bilen hem, ideologik gyzyklanmalar bilen hem şertlendirilmeýär.

Türkmenistanyň Lideri: «Biziň garaýşymyz bu meselede ýörelgeleýin we iňňän açykdyr: biz ykdysady taýdan esaslandyrylan we howpsuzlyk, şol sanda ekologiýa babatynda kepillendirilen turbageçirijileriň taslamalarynyň amala aşyrylmagynyň tarapdarydyrys. Şonuň bilen hem onuň köp ugra gönükdirilenligi şertlendirilýär. Şu babatda Türkmenistan energiýa çig malyny, olary iberijileriň hem, sarp edijileriň hem ikitaraplaýyn bähbitli ulanmagynyň tarapdarydyr. Şol nukdaýnazardan, türkmen energiýa serişdeleriniň halkara bazarlaryna çykarylmagy boýunça taslamalaryň amala aşyrylmagynyň döwletara we sebitara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek üçin goşmaça itergi berjekdigine ynanýarys» diýip belledi.

Şeýlelik bilen, bu meselede diňe dünýä bileleşiginiň giňden gatnaşmagy esasynda netijeli çözgüde gelnip bilinjek şol meseläniň global ähmiýeti anyk ölçegleriň üsti bilen aýdyň görkezildi. Şular ýaly strategiýa, turbageçirijiler çäklerinden üstaşyr geçýän ýurtlaryň ykdysady taýdan mundan beýläk ösmegine, adamlary ýagtylyk we ýylylyk bilen üpjün etmek meselelerini çözmäge, önümçilik we durmuş infrastrukturalary ösdürmäge, iş orunlaryny köpeltmäge hem ýardam eder, bu bolsa, ahyrky netijede, sebitde we onuň daşlarynda umumy syýasy ýagdaýa oňyn täsir eder.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy hakyky täzeçillik boldy. Soňky döwürlere çenli energiýa serişdelerini ibermegiň bökdençsizligi we goraglylygy babatdaky şertnamalar, düzgün bolşy ýaly, ikitaraplaýyn, iň gowy ýagdaýlarda bolsa, üç ýa-da köpräk taraplaýyn ylalaşyklara we şertnamalara esaslanýardy. Üstesine-de, bu ylalaşyklarda ykdysady taraplary ilkinji nobatda goýlup, olar söwdanyň şertlerine baglylykda, anyk häsiýete eýe bolýar. Olary amala aşyrmagyň ygtybarly halkara kepillikleriniň ýokdugy sebäpli, şular ýaly hukuk resminamalary, gazanylan ylalaşyklar köp ýagdaýlarda ykdysady çygyrlarda-da, syýasy çygyrlarda-da ýüze çykýan dürli ýagdaýlara bagly bolýar we gowşak goralýar. Bu ýagdaý ol ýa-da beýleki sebitlerde, ýa bolmasa dünýäniň başga etraplarynda syýasy ýagdaýyň çylşyrymlaşýan döwürlerinde has hem anyk görünýär. Ozal hyzmatdaş bolan taraplaryň özara gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşan mahalynda soňra çözmesi kyn bolan meseleler döreýär, bu bolsa energetika çygrynda umumy ýagdaýa oňaýly täsir etmeýär.

Şu maksatlara laýyklykda, ähli gyzyklanýan taraplaryň geosyýasy ýagdaý bilen baglylykda energiýa serişdelerini ibermegi ulanmagyny aradan aýyrýan özara hereket etmegiň halkara-hukuk guralyny döretmek binýatlaýyn şertleriň biri bolup durýar. Soňky ýyllardaky halkara gatnaşyklarynyň tejribesi, energiýany ibermegi syýasy maksatlara ýetmek üçin ýa-da haýsydyr bir korporatiw bähbitleriň hatyrasyna gural hökmünde ulanmaklygyň hem energetika çygrynda siwilizleşen hyzmatdaşlygyň umumy kabul edilen düzgünlerine garşy gelýändigini görkezdi. Mundanam başga, şeýle hereketler, haçan-da, birtaraplaýyn bähbitleri aramak däl-de, eýsem ikitaraplaýyn mümkinçilikleriň goşulmagy özara bähbitli hyzmatdaşlygyň uzakmöhletleýin maksatlaryna ýetmäge ýardam edýän halatynda, häzirkizaman global ösüşiň akymlaryna we logika düýpli gapma-garşy gelýär. Bu negatiw birtaraplaýynlygy ýeňip geçmek, energiýa serişdelerini iberiş infrastrukturasyny döwletleriň we halklaryň ösüşine hyzmat etmäge, halkara ýagdaýlaryny durnuklylaşdyrmaga gönükdirmek global ölçeglerde durnukly ösüşiň maksatlaryny üstünlikli amala aşyrmagyň iňňän zerur şerti bolýar.

Şu nukdaýnazardan, energiýany iberiş howpsuzlygynyň meselesi, olary harby-syýasy, ekologik, tehnogen häsiýetli, halkara terror-

çylygynyň salýan howplarynyň töwekgelçiliklerinden goramak, hakykat ýüzünde global ölçeglere eýe bolýar we şonuň üçinem halkara bileleşiginiň degişli gatnaşygyny we ünsüni talap edýär. Bu babatda, ähli gatnaşyjy taraplaryň bähbitlerini, energiýa çeşmelerini ibermegiň geljekki ugurlary hakyndaky garaýyşlarynyň utgaşyklylygyny we ylalaşyjylyklylygyny göz öňünde tutmak esasynda halkara özara hereketiň iň amatly ölçeglerini döretmekde köpugurly, ulgamlaýyn çemeleşmäni işläp düzmek barha derwaýyslaşýan meselä öwrülýär.

Şonuň bilen baglylykda, şol sanda iri halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda, BMG-niň mümkinçiliklerini ulanmak arkaly halkara arenasynda oňyn özara hereket etmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm we ileri tutulýan ugry bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidenti dünýäniň parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş boýunça strategik meselelerine seretmek üçin uniwersal ygtyýarlygy bolan BMG-niň ýolbaşçylygynda halkara bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berýär.

Şu mesele boýunça giň halkara gepleşiklerini geçirmek ideýasy bilen, energetika howpsuzlygynyň ýeke-täk ulgamyny döretmäge gönükdirilen döwletleriň utgaşdyrylan hereketlerine başlamak baradaky başlangyç bilen hut Türkmenistanyň çykyş etmegi doly kanunalaýyklykdyr. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň öz ummasyz energiýa mümkinçiliklerini diňe bir öz ykdysady maksatlary we bähbitleri üçin däl, eýsem bütin dünýäniň halklarynyň parahatçylyk, durnuklylyk we howpsuzlyk şertlerinde ösmeginiň we abadançylygynyň hatyrasyna ulanmaga gyzyklanýandygy barada ençeme gezek nygtady.

Bu meselede Türkmenistanyň garaýşy halkara parahatçylygyny, durnuklylygyny we howpsuzlygyny üpjün edýän esasy meseleleriň biri bolan energetika howpsuzlygy aýdyň görnüp duran dünýä syýasatynyň esasy ugruny şöhlelendirýär. Meseläni global howpsuzlygyň iň bir derwaýys düzüm bölegi hökmünde häsiýetlendirmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti häzirki halkara energiýa iberiş ulgamynyň dünýä ykdysadyýetiniň ynjyk halkasy bolandygyna ünsi çekýär. Şeýle ynjyklyk birnäçe sebäpler bilen, has takygy, dünýäniň käbir sebitlerindäki syýasy durnuksyzlyk, umumy ykrar edilen düzgünleşdiriji halkara-hukuk gurallarynyň ýokdugy, infrastrukturanyň kämil däldigi, turbageçirijileriň geografiýasynyň birtaraplaýynlygy bilen

baglydyr. Bu barada Türkmenistanyň Baştutany energiýa çeşmeleriniň dünýä bazaryndaky umumy ýagdaýa öz ýaramaz täsirini ýetirýändigini aýratyn belledi. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň münberinden dünýäniň liderlerini «bu ýagdaýy üýtgetmäge, stereotipleriň öz badyna gitmegini ýeňip geçmäge, häzirki talaplara jogap berýän pikirlenişiň täze derejesine çykmaga» çagyrdy.

Türkmenistanyň Prezidenti energiýa çeşmelerini üstaşyr geçirmek meseleleri hiç hili ýagdaýda dünýäde öz-özünden döreýän syýasy, ykdysady ýa-da başga meselelere bagly bolmaly däldir diýip, aýratyn belleýär. Hyzmatdaşlygyň özara bähbitleri araýan we ykdysady maksadalaýyklyga hem-de sagdyn bäsdeşlige esaslanýan halkara ulgamyny döretmegiň kämil hukuk binýady bolmalydyr. Şunlukda, gürrüň, haýsydyr bir öňüni alyş çäresini, ýangyjy daşamagyň aýry-aýry ugurlary boýunça ýerli häsiýetli gepleşikleri geçirmek hakynda gitmeýär-de, eýsem dünýäniň energetiki giňişliginde gatnaşyklaryň ýörelgeleýin täze, köpugurly nusgasyny döretmek hakynda gidýär. Bu nusga köpugurly bahbitleriň deňligine, energetika howpsuzlygynyň global binagärligi hakyndaky garaýyşlaryň utgaşmagyna, hyzmatdaşlygyň köpugurlaýyn peýdalylygyna we artykmaçlyklaryna aň ýetirmäge esaslanýar.

Şeýle çemeleşmäniň amala aşyrylmagy diňe bir sebitde däl, eýsem global derejelerde hem halkara bileleşiginiň oňa bolan gatnaşygyny we ünsüni talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň bitaraplygyny öz ýörite Rezolýusiýalary bilen yglan eden BMG dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini daşamagyň geljekki howpsuzlyk ulgamynyň, durnuklylygynyň we ygtybarlylygynyň syýasy we hukuk taýdan kepilliklerini üpjün etmäge ukyply iň wekilçilikli halkara guramasy bolup durýar. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň görkezilen meseläni BMG-niň derejesine çykarmagy örän paýhaslylykdan nyşandyr, sebäbi energiýa üpjünçiligi häzirkizaman siwilizasiýasynyň bolmagy we ösmegi üçin durmuşda örän möhüm orny tutýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň energetika howpsuzlygynyň meseleleriniň bütin toplumyny BMG-niň derejesinde ara alyp maslahatlaşmaga çykarmak baradaky ideýasynyň özi bu meseläniň öňünden dörän şerti hökmünde kesgitlenilýär. Şu babatda ilkinji başlangyç

hökmünde bu mesele boýunça degişli Rezolýusiýanyň taslamasy Baş Assambleýada ara alyp maslahatlaşmak üçin hödürlenildi. Bu bolsa, mälim bolşy ýaly, diňe bir goldaw tapmak däl, eýsem bütin dünýäde oňyn seslenme aldy. Şeýlelik bilen, anyk ugurly köptaraplaýyn gepleşiklere badalga berildi, bu bolsa oňa aýgytly ähmiýet berýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ynamly beýan edişi ýaly, hut BMG energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna daşalmagynyň geljekki howpsuzlyk ulgamynyň syýasy we hukuk taýdan kepilliklerini üpjün etmäge ukyply ýeke-täk dünýä gurluşy boldy we bolmagynda hem galýar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, Türkmenistanyň iri daşary syýasat başlangyçlary häzirki zamanyň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşylanda we çözülende Milletler Bileleşigine gatnaşyjy ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň syýasy-hukuk esasyny giňeltmäge gönükdirilendir.

Şoňa esaslanmak bilen, Türkmenistan energiýany ibermegiň halkara infrastrukturasynyň ygtybarly we howpsuz işlemegini, onuň elýeterliligini we netijeli sarp edilmegini üpjün edip biljek uniwersal gurallary işläp düzmäge başlamak baradaky teklip bilen BMG-de çykyş etdi. Bu ýolda ilkinji ädim bolup, BMG-niň «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýasynyň taslamasyny kabul etmek hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy hyzmat etdi. Rezolýusiýanyň taslamasy BMG-niň agzasy bolan döwletleriň ünsüni özüne çekdi. Olaryň köpüsi taslamanyň Baş Assambleýada ara alnyp maslahatlaşylmagynyň öňüsyrasyndaky giň geňeşmelere işjeň gatnaşdylar.

Resminamanyň mazmunyna girizilen ideýalar bütin halkara bileleşiginiň maksatlary bilen sazlaşykly bolup çykdy. Energetika howpsuzlygyny gazanmazdan, global howpsuzlygy, energiýa iberilişini durnuklylaşdyrmazdan dünýä ösüşini üpjün edip bolmajakdygyna aň ýetirilmegi Rezolýusiýanyň şeýle giň goldaw almagyny öňünden kesgitledi.

Turbageçirijileriniň howpsuzlygy hakyndaky Türkmenistanyň başlangyjy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji maslahatynda doly we gürrüňsiz goldaw tapdy. Şonda, ýagny 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda, A/RES/63/210 belgili «Energiýa serişdelerini ygtybar-

ly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Bu resminama energetika howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda, şeýle hem energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ygtybarly daşalmagyny amala aşyrmak boýunça geljekde halkara-hukuk kepilliklerini döretmekde görlüp-eşidilmedik ädim bolar. Halkara bileleşigi energiýa serişdelerini ygtybarly daşamaklyga we bu ugurda halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny gollanmak bilen, tagallalaryň birleşdirilmegine ýokary gyzyklanma görkezdi. BMG-niň «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýasynyň awtordaşy bolup 57 döwlet çykyş etdi.

BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan bu Rezolýusiýanyň biragyzdan kabul edilmegi dünýäniň energiýa üpjünçiliginiň, has takygy, onuň energetika howpsuzlygynyň halkara-hukuk binýadyny döretmegiň ýolundaky ilkinji ädimleriň biri boldy. Munuň özi, elbetde, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň mynasyp üstünligidir. Rezolýusiýanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we oňyn hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat ugrunyň dogrudygynyň şaýadydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, BMG-niň derejesinde bu iňňän möhüm resminamanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň üstüne düýpli jogapkärçiligi ýükleýär. Bu energetika howpsuzlygynyň türkmen nusgasynyň durmuşa geçirilmeginiň ýolundaky ilkinji ädim bolmak bilen, bütin dünýä bileleşiginiň ölçeglerinde ygtybarly energiýa üpjünçiliginiň halkara-hukuk binýadyny döretmek boýunça wezipeleri amala aşyrmaklygyň başlangyç nokady boldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýokarda görkezilen Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň Prezidenti energetika başlangyjyny BMG-niň çäklerinde mundan beýläk hem öňe sürmek boýunça yzygiderli we işjeň çykyş edýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji we 65-nji maslahatlarynda türkmen tarapynyň öňe süren oňyn teklipleri hem şoňa gönükdirilendir.

Düýp mazmuny boýunça Türkmenistanyň başlangyçlary, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna ygtybarly we howpsuz üstaşyr geçirmegi üpjün etmek boýunça uniwersal gurallary işläp taýýarlamak

üçin BMG-niň çäginde bilermenler toparyny döretmek işinde yzygiderli ädimleriň başyny başlady. Bu bolsa, geljekde energetika meseleleriniň ähli toplumyny ulgamlaýyn, ýokary hünärleýin derejelerde ara alyp maslahatlaşmak üçin syýasy ölçegleri we guramaçylyk şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen ýörite edarany – BMG-niň Energetika Geňeşini döretmäge tarap ädimdir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 22-nji dekabrynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň gün tertibiniň merkezi meselesi döwletara energetika infrastrukturasynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmegiň zerurdygy hakyndaky Türkmen döwletiniň Baştutanynyň öňe süren başlangyjyna baglylykda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden taryhy çözgüdi boldy. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda: «Şular ýaly möhüm resminamanyň kabul edilmegi dünýäniň energiýa üpjünçiliginiň, has takygy, onuň energetika howpsuzlygynyň halkara-hukuk binýadyny döretmegiň ýolundaky ilkinji ädimleriň biri boldy. Munuň özi, elbetde, biziň daşary syýasatymyzyň gazanan mynasyp üstünligidir» diýip belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan häzirkizaman ösüşine hakyky baha berilmegine esaslanýan yzygiderli we takyk syýasy ugruň amala aşyrylmagy ýöne bir nazaryýet nukdaýnazaryndan ýolbaşçy görkezmelere we hasaplamalara däl-de, eýsem hereket etmegiň anyk we netijeli guraly hökmünde Türkmen döwletini ösdürmegiň uzakmöhletleýin maksatnamalaryny anyk kesgitlemegi hakykat ýüzünde üpjün edýär. Şular ýaly düýpli esasda halkara gatnaşyklarynyň energetika çygryndaky Türkmenistanyň başlangyçlary BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyna laýyklykda ulgamlaýyn hereketiň amala aşyrylmagynyň başyny başlady. Şunuň bilen baglylykda hem-de Merkezi Aziýada we bütin dünýäde energetika meseleleriniň derwaýyslygynyň ösmegi bilen, BMG-niň Baş Assambleýasy energetika çygrynda gepleşiklere başlamak baradaky Türkmenistanyň başlangyjyny goldady. Şeýlelik bilen, dünýäniň energiýa serişdelerini iberiş infrastrukturasynyň işlemegine ýeke-täk çemeleşmeleri gözläp tapmak we işläp düzmek boýunça işe başlanylmagyny aňladýan möhüm ädim ädildi.

Netijede, 2009-njy ýylyň 23-24-nji aprelinde Aşgabatda «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de

durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly ýokary derejedäki halkara maslahatyny guramak arkaly geňeşmeler işine badalga berildi. Ol energetika howpsuzlygy bilen bagly meseleleri çözmek boýunça hemme zady öz içine alýan we täze çemeleşmeleriň esasyny goýdy. Maslahatyň işine dürli döwletleriň, halkara guramalarynyň, halkara maliýe institutlarynyň wekilleri, alymlar, diplomatlar, şeýle hem energiýa serişdelerini işläp taýýarlamak we daşamak çygrynda iş alyp barýan öňdebaryjy milli we transmilli kompaniýalar gatnaşdylar. Hususan-da, ýokary derejeli forumyň işinde BMG-niň, ÝHHG-nyň, Energetika Hartiýasynyň, EKO-nyň, ŞHG-nyň we GDA-nyň ýolbaşçy düzümleri wekilçilik etdiler. Bulardanam başga, halkara maslahatynyň işine 40-dan gowrak ýurtlaryň wekiliýetleri, şol sanda 250-den gowrak hökümet agzalary, nebit-gaz we energetika ulgamlarynda işleýän 113 iri kompaniýalaryň 300-den gowrak wekilleri gatnaşdylar.

Ýokary derejeli halkara maslahatynda netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň, şeýle hem ulag ulgamlaryny we turbageçirijiler toplumlaryny ösdürmek boýunça döwletara, sebitara we global derejelerde özara hereketiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini durnukly we ygtybarly ibermegi, energiýa çeşmelerini daşamagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmagy, nebit we gaz geçirijilerini taslamalaşdyrmagy, öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmagy, turbageçirijiler ulgamyny kämilleşdirmegi we energetika çygrynda dünýä meýillerini nazarda tutmak bilen, turbageçirijiler ulagynyň infrastrukturasyny ösdürmegi şertlendirýän meseleleriň jemine aýratyn üns berildi.

Forumyň netijeleri, köplenç, indiki, has giň möçberli maksada – pugta halkara-hukuk binýadyny, hyzmatdaşlygyň netijeli guralyny döretmäge gönükdirilendir. Olar adalatly we paýhasly ýörelgelere – deňhukuklylyga, özara bähbitlilige we birek-biregiň bähbitlerini hasaba almaga we hormatlamaga esaslanmalydyr. Şolara gyşarnyksyz eýermek we milli derejede bu ugurda işe başlamak bilen, Türkmenistan häzirki döwürde dünýäde halkara howpsuzlygynyň, durnuklylygynyň we ösüşiniň möhüm faktory bolup çykyş edýän energetika howpsuzlygynyň täze, uniwersal ulgamyny döretmäge mundan beýlägem öz goşandyny goşmaga taýýardygyny görkezdi.

«Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly ýokary derejedäki Aşgabat maslahatynyň netijeleri boýunça kabul edilen Beýannamada bu gatnaşyklarda ýüze çykýan meseleleri düzgünleşdirmäge niýetlenilen degişli köpugurly ulgamlaýyn resminamany işläp düzmegiň maksadalaýyklygy bellenildi.

Şu babatda Beýannamada kesgitlenilen, gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmäge teklipleri taýýarlamak üçin Bilermenler toparyny döretmek meselesine seretmek hakyndaky haýyş bilen BMG-ä ýüz tutmak baradaky teklip maslahatyň wajyp netijeleriniň biri boldy.

Geçirilen giň pikir alyşmalar dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini durnukly we ygtybarly ibermegi üpjün etmek çygrynda hyzmatdaşlaryň bähbitlerini utgaşdyrmaga gönükdirilen gurallary gözläp tapmaga bolan ymtylyşlary görkezdi.

Uglewodorod serişdelerini öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň bähbitlerini deň derejede hasaba alýan iberiş ulgamynyň işlemegini üpjün etmäge gönükdirilen halkara-hukuk gurallaryny işläp taýýarlamak hakyndaky teklipler berildi. Şunuň bilen baglylykda döwletleriň we halkara guramalarynyň jemlän tejribesini hasaba almak bilen, BMG-niň hemaýatkärliginde degişli halkara-hukuk ýörelgelerini we kadalaryny işläp taýýarlamak boýunça başlangyjy mundan beýläk hem öňe sürmek ideýasy aýdyldy.

Maslahata gatnaşyjylar häzirkizaman halkara hukugynyň kadalaryny we ýörelgelerini nazara almak bilen, energiýa çeşmelerini öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň ähli hukuklarynyň hem-de borçlarynyň jemini anyk düzgünleşdirmegiň zerurlygyny göz öňünde tutýan energiýa serişdelerini ulanmaga konseptual çemeleşmäniň derwaýysdygyny bellediler.

Şoňa laýyklykda, gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini hasaba almak bilen, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmäge teklipleri taýýarlamak üçin bilermenler toparyny döretmek meselesine seretmek hakynda haýyş bilen BMG-ä ýüz tutmak teklip edildi.

Häzirki zamanyň gapma-garşylyklaryny göz öňünde tutup, energiýa serişdelerini ulanmakda hyzmatdaşlyga, ilkinji nobatda, parahatçylyk we howpsuzlyk, durnukly ösüşi üpjün etmek, şeýle hem durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwerlik, tebigy-ekologik çygyrlarynda derwaýys meseleleri çözmek boýunça döwletleriň, halkara guramalarynyň we kompaniýalarynyň meýillerini bellemek bilen, ýokary derejedäki maslahat bu foruma şu ugurdaky halkara hukuk gatnaşyklaryny döretmek boýunça mundan beýläk özara hereket etmegiň ilkinji we möhüm ädimi hökmünde baha berdi. Ýokary derejeli Aşgabat halkara maslahaty energiýa serişdelerini ulanmak, hususanda, energiýa göterijilerini öndürmek, üstaşyr geçirmek, sarp etmek çygyrlarynda giň halkara hyzmatdaşlygy üçin hukuk giňişligini döretmegiň başyny başlady.

2009-njy ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň münberinden şol ýylyň aprel aýynda Aşgabatda geçirlen halkara energetika forumynyň jemleri barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti gyzyklanma bildirýän ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini göz öňünde tutup, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmäge teklipleri taýýarlamak üçin BMG-niň ýanynda Bilermenler toparyny döretmek meselesine ähli taraplaýyn ýardam bermäge Türkmenistanyň taýýardygy hakynda beýan etdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, «BMG-niň çäklerinde şeýle Topary döretmekde ýardam bermäge Türkmenistan taýýar we gyzyklanýan ähli döwletleri onuň işi boýunça teklipleri işläp düzmäge çagyrýar. Energiýa göteriji ulgamlarynyň goraglylygynyň meselelerini hem goşmak bilen, halkara energiýa iberiş ulgamynyň netijeli işlemegini üpjün etmäge gönükdirilen BMG-niň toplumlaýyn resminamasyny taýýarlamak işinde Toparyň döredilmegi ilkinji ädim bolup biler».

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatyndaky öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti energetika howpsuzlygyny üpjün etmek babatda halkara özara hereketiniň mundan beýläk hem öňe sürülmeginiň konseptual düzgünlerini esaslandyrdy. Şunda ilkinji nobatda durýan mesele hökmünde energiýa akymlarynyň diwersifikasiýasy, täze, köp görnüşli turbageçirijileri döretmek görkezildi. Bular babatda Türkmenistan öz çig mal binýadyna hakyky baha

bermeklige we ony geljekde ulanmak mümkinçiliklerine esaslanyp, döwlet syýasatynyň ýörelgelerini kesgitledi. Ynamly deliller hökmünde Türkmenistanyň Baştutany şu täze, «Türkmenistan–Hytaý» we «Türkmenistan–Eýran» gaz geçirijileriniň gurluşygynyň üstünlikli tamamlanmagyny we ulanmaga berilmegini mysal getirdi. Milli Liderimiziň öz çykyşynda belleýşi ýaly, «Biz olara halkara energetika hyzmatdaşlygyny ýola goýmaga hakyky goşant hökmünde, umumy ýagdaýlara oňyn täsir etmäge, Aziýa yklymynda syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň bütin ulgamyna goşmaça durnuklylygy bermäge ukyply hakyky faktor hökmünde garaýarys».

Türkmenistanyň energetika syýasaty diňe söwda-ykdysady häsiýetli däl-de, eýsem has giň ölçeglerdäki wezipeleri çözmäge gönükdirilendir. Şuňa baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti ýene-de bir taslamanyň, ýagny «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» (TOPH) gaz geçirijisiniň amala aşyrylmagynyň derwaýyslygyny belledi. «Biz onuň amala aşyrylmagynyň ähli gatnaşyjylar üçin bähbitlidigine ynanýarys: bu − ykdysadyýeti galdyrmak, köpsanly goşmaça iş orunlarynyň döredilmegi, durmuş infrastrukturasyny döretmek, bütin sebitde syýasy durnuklylygy saklamak we berkitmekdir» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti beýan etdi.

Önüm öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrýan ýeke-täk ýörelgeleriň, anyk düzgünleriň işlenilip düzülmegi bilen baglanyşykly energetika özara hereketiniň iri meseleleriniň Türkmenistan tarapyndan BMG-niň garamagyna yzygiderli hödürlenilmegi ýöne ýerden däldir. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynyň dowamyndaky öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti: «Türkmenistan häzirki maslahatyň dowamynda dünýäde durnukly energiýa iberilişiniň halkara guralyny işläp düzmek boýunça BMG-niň tabynlygynda bilermenler toparyny döretmek hakynda Baş Assambleýanyň Rezolýusiýasyny kabul etmek baradaky başlangyç bilen çykyş etmegi niýet edinýär» diýip, beýan etdi. Bu ideýa energiýa çeşmelerine we olary daşamagyň serişdelerine deňhukukly, bökdençsiz we kepillendirilen ygtyýarlygyň berilmeginiň meseleleriniň global ölçeglere eýe bolýandygy sebäpli barha derwaýyslaşýar. Ol dünýädäki umumy ýagdaýa, halkara hyzmatdaşlygynyň häsiýetine we ugruna, ol ýa-da beýleki döwletleriň

we sebitleriň ösüş işine çekilmeginiň derejesine barha ösýän täsirini ýetirýär.

Dünýäniň energetika çygryndaky gatnaşyklaryň bütinleý çylşyrymlylygyny nazarda tutýan şeýle çemeleşme paýhasly ylalaşyklara gelmek üçin wagtyň, tagallalaryň, jogapkärçiligiň, çeýeligiň we taýýar bolmagyň zerurlygyna, syýasy-diplomatik, intellektual, maliýe we guramaçylyk serişdeleriniň bolmagyna, hususan-da, global howpsuzlyk we durnuklylyk nukdaýnazaryndan strategiki maksatlara ýetmäge gönükdirilendir.

Beýan edilen teklibi durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça, 2010-njy ýylyň 3-9-njy awgustynda Türkmenistanyň resmi wekiliýeti BMG-niň ştab-kwartirasyna bardy we bu ýerde birnäçe duşuşyklary we gepleşikleri geçirdi. Hususan-da, BMG-niň durmuş-ykdysady meseleler boýunça Departamentiniň, birnäçe ýurtlaryň BMG-niň ýanynda akkreditirlenen diplomatik missiýalarynyň, şeýle hem energetika çygryndaky iri kompaniýalaryň wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi.

Nýu-Ýorkda geçirlen duşuşyklar we gepleşikler energetika howpsuzlygy çygryndaky, bu ugurda giň möçberli hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlarynyň uly gyzyklanma döredýändigini we goldaw alýandygyny ýene-de bir gezek aýdyň görkezdi. Energiýa serişdeleriniň howpsuz we ygtybarly üstaşyr geçirilmegini üpjün etmek meselesiniň ulgamlaýyn, köpugurly ara alnyp maslahatlaşylmagynyň zerurlygyna Milletler Bileleşiginiň oňat düşünýändigi Türkmenistanyň başlangyjynyň goldanylmagy we 2008-nji ýylyň dekabrynda Baş Assambleýanyň Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi bilen tassyklanylýar.

Energetika özara hereket işini ösýän ugurlar boýunça amala aşyrmak üçin, Türkmenistanyň Prezidenti ony hil taýdan täze, institusional derejä çykarmagy teklip etdi. Şu babatda, gepleşikleriň iň ýokary derejesini, ilkini nobatda, BMG-niň – dünýä ähmiýetli meseleleri çözmekde uniwersal legitimligi, ummasyz ahlak abraýy, hukuk gurallary we giň tejribesi bolan guramanyň hemaýatkärliginde üpjün etmek mümkindir. «Şol sebäpli Türkmenistan geljekde ýörite edarany – BMG-niň Energetika Geňeşini döretmegiň meselesine seretmegi teklip edýär. Onuň işiniň manysy we mazmuny – energetika mesele-

leriniň ähli toplumynyň ulgamlaýyn, ýokary hünär derejesinde geňeşmek üçin syýasy ölçegini we guramaçylyk şertlerini üpjün etmekdir» diýip, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynyň münberinden beýan etdi.

2011-nji ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyndaky çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti energetika howpsuzlygy boýunça halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk hem ösdürmek hakynda başlangyjy öňe sürdi. Energiýa serişdelerini daşamagy düzgünleşdirmek boýunça anyk çäreleri işläp düzmek we energiýa üpjünçiligi çygrynda halkara-hukuk esasyny döretmäge işjeň gatnaşýan BMG-ä agza bolan döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti täze guraly – BMG-niň tabynlygyndaky Sebitara energetika gepleşigini döretmegi teklip etdi. Bu guramanyň hemmeler üçin açyk we transparent görnüşli hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna ýardam etjekdigi çak edilýär.

Türkmenistanyň Baştutanynyň belleýşi ýaly, «Oňa gatnaşyjylaryň hatarynda Merkezi we Günorta Aziýanyň, Hazar, Gara deňiz we Baltika sebitleriniň döwletlerini, Russiýany, Hytaýy, Ýewropa Bileleşigini, Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlaryny, beýleki ähli gyzyklanýan döwletleri, kompaniýalary we halkara maliýe institutlaryny görýäris».

Ýokary derejedäki yzygiderli duşuşyklar we gatnaşyklar häzirki zamanyň derwaýys meseleleri boýunça, şol sanda energetika howpsuzlygyny üpjün etmek çygryny hem goşmak bilen, has jikme-jik ara alyp maslahatlaşmalara we pikir alyşmalara ýardam edýär. Şu babatda, soňky ýyllarda Türkmenistanyň Prezidenti dünýä liderleriniň ençemesi, döwlet we hökümet baştutanlaryny hem goşmak bilen, abraýly halkara guramalarynyň, şol sanda BMG-niň, ÝHHG-niň, ÝB-niň, GDA-nyň, YHG-nyň, ŞHG-niň, EKO-nyň we başgalaryň ýolbaşçylary bilen duşuşyklary geçirdi.

Hususan-da, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynyň açylmagynyň öňüsyrasynda, 2011-nji ýylyň sentýabrynda geçirilen duşuşykda Türkmenistanyň Prezidenti we BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda netijeli gürrüňdeşlik geçirdiler. Halkara meseleleriniň global ölçeglerde ileri tutulýan progressiw ugry bolan, energetika howpsuzlygyny üpjün etmek

barada Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bu meseläni Türkmenistanyň anyk energetika taslamalaryny amala aşyrmak bilen çözmegi niýet edýändigini belledi. Has takygy, ol Aziýa sebitiniň döwletleriniň durnukly durmuş-ykdysady ösüşine hakyky goşant goşmaga niýetlenilen TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasyny amala aşyrmak boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde işjeň alnyp barylýan işlere ünsi çekdi. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, ummasyz energetiki mümkinçiligi bolan we energiýa serişdeleriniň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgesine ygrarly bolan Türkmenistan, beýleki ugurlar, şol sanda Ýewropa ugurlary boýunça-da, energiýa göterijileriniň iri taslamalaryny amala aşyrmagy göz öňünde tutýar. Öňe sürlen başlangyçlaryň çäklerinde, Türkmenistan BMG-niň dürli düzümleri, şeýle hem başga iri halkara guramalary bilen özara hereket boýunça anyk ädimleri amala aşyrýar.

Hususan-da, 2010-njy ýylyň 1-nji dekabrynda ÝHHG-niň gatnaşyjy ýurtlarynyň döwlet we hökümet baştutanlarynyň Sammitindäki çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti energetika howpsuzlygyny üpjün etmek meselesinde bu abraýly guramanyň ýakyndan özara hereketiniň zerurdygyny nygtap geçdi. Onuň belleýşi ýaly, energiýa serişdeleriniň halkara iberilişiniň howpsuzlygyny üpjün etmegiň derwaýyslygy «şu gün eýýäm şübhesizdir. Ol ÝHHG-niň agzalarynyň aglaba köpüsiniň durmuşy bähbitlerine, yklymdaky geostrategik ýagdaýyň durnuklylygyna gös-göni täsir edýär». Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti ÝHHG-niň çäklerinde energogepleşiklerini işjeňleşdirmegi, köp görnüşli turbageçirijiler infrastrukturasynyň gurluşygy we ulanylmagy üçin syýasy, maliýe-ykdysady, tehnologik, ekologik meseleleri boýunça köptaraplaýyn geňeşmeleri geçirmegiň guralyny işläp düzmegi teklip etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti: «Bu çygyrda häzirkizaman hakykatyna göz ýetirmegiň täze derejesine çykmak, energiýany ibermek meselelerini syýasatlaşdyrmakdan ýüz döndermek, ak ýürekli, deňhukukly we aýdyň hyzmatdaşlygy ýola goýmak zerur. Bu ýerde ÝHHG-niň has işjeň ornuna bil baglaýarys. Biziň Guramamyzyň energetika pudaklarynyň baştutanlarynyň energetika howpsuzlygynyň meselelerine bagyşlanan ýörite duşuşygyny çagyrmak mümkinçiligine seret-

megi teklip edýäris. Şeýle duşuşygy Aşgabatda geçirmäge biz taýýardyrys» diýip nygtady.

Türkmenistan 2010-njy ýylyň 26-njy noýabrynda Ženewada BMG-niň Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň (BMG ÝYK) durnukly energetika boýunça Komitetiniň Býurosynyň wise-başlyklygyna saýlanyldy. Bu Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň we durnuklylygyň maksatlary üçin doly möçberli halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen daşary syýasat ugrunyň dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylýandygynyň ýene-de bir aýdyň tassyklanmasy boldy. Türkmenistandanam başga, BMG-niň ÝYK-nyň durnukly energetika boýunça Komitetiniň Býurosynyň düzümine Şweýsariýa, Fransiýa, Italiýa, ABŞ, Wengriýa, Beýik Britaniýa, Russiýa, Norwegiýa ýaly ýurtlar hem girýär. Bitewülikde alnanda, munuň özi bütindünýä ösüşiniň derwaýys meselelerini çözmäge saldamly goşant goşýan Türkmenistanyň öňdebaryjy syýasatynyň giň halkara ykrar edilmeginiň ýene-de bir subutnamasy boldy.

BMG-niň münberinden yglan edilen Türkmenistanyň garaýşy döwletiň bütinleý energetika syýasatynda öz şöhlelenmesini tapýar. Bu syýasat diňe bir ýakyn döwürler üçin ýurduň ýangyç-energetika toplumynyň öňe sürülýän ugurlaryny kesgitlemegi däl-de, eýsem türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny amala aşyrmak ýolunda anyk ädimleri göz öňünde tutýar.

2013-nji ýylyň 17-nji maýynda Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistan tarapyndan başy başlanan «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýasyny biragyzdan kabul etdi. BMG-ä agza bolan döwletleriň 71 sanysynyň bu resminamanyň taýýarlanylmagyna awtor hökmünde gatnaşmagynyň özi-de göreldeli görkezijidir. Türkmen tarapy bu Rezolýusiýanyň kabul edilmegine uly daşary syýasat üstünligi hökmünde, onda-da diňe bir Türkmenistanyň üstünligi däl-de, eýsem bütin halkara bileleşiginiň, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça açyk we oňyn gepleşiklere, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we köptaraplaýyn bähbitleri berjaý etmek esasynda şu günüň hakykatyna

we ösüşiň obýektiw zerurlygyna laýyklykda olary ara alyp maslahatlaşmaga taýýar döwletleriň üstünligi hökmünde garaýar.

Kabul edilen Rezolýusiýanyň wajyplygy, ilkinji nobatda, energetika çygrynda global hyzmatdaşlyga başlamak boýunça täze, ähli meseleleri öz içine alýan resminamany taýýarlamak üçin bilermenler toparyny döretmäge we onuň hereket etmegine esas goýýanlygyndadyr. Hususan-da, Rezolýusiýada Türkmenistanyň Hökümetiniň 2014-nji ýylyň başynda bu mesele boýunça bilermenleriň halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibini kanagatlanma bilen belleýändigi barada aýdylýar. Mundanam başga, Rezolýusiýa laýyklykda, BMG-niň Baş sekretary energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmäge, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygynyň mümkin bolup biljek görnüşlerine degişli meseleler boýunça BMG-ä agza ýurtlaryň we onuň degişli düzümleriniň pikirlerini soramagy hem-de bu pikirleri Sekretariatyň umumylaşdyrylan habarnamasy görnüşinde Baş Assambleýa onuň 69-njy maslahatynda seretmek üçin ibermegi öz üstüne aldy.

Bu resminamanyň kabul edilmegi energetika howpsuzlygynyň meseleleri boýunça giň we oňyn gepleşikleri guramaga gönükdirilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan syýasatyň logiki dowamy boldy. Onuň ahyrky maksady global energiýa iberiş ulgamyny düzgünleşdirýän we onuň ygtybarly goragyny hem-de howpsuzlygyny üpjün edýän uniwersal halkara-hukuk guralyny işläp düzmek we BMG-niň derejesinde kabul etmek bolup durýar.

2008-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi bilen bu mesele babatda çuň mazmunly we ulgamlaýyn halkara gepleşikleriniň başy başlandy. Rezolýusiýanyň düzgünlerine laýyklykda 2009-njy ýylyň aprelinde Aşgabatda «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly ýokary derejedäki halkara maslahaty geçirildi. Şonda foruma gatnaşyjylar tarapyndan gyzyklanýan ýurtlaryň we halkara guramalarynyň tekliplerini nazara almak bilen, geljekki halkara-hukuk resminamasyny işläp düzmek boýunça teklipleri taýýarlamak üçin halkara bilermenler toparyny döretmek ideýasy

ilkinji ädim hökmünde doly goldanyldy. 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň täze Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi bilen, bu oňyn ideýa energetika çygrynda giň halkara gatnaşyklaryny öňe sürmekde täze döwri alamatlandyryp, öz hakyky şekiline eýe bolup başlaýar.

BMG-niň bu resminamasynda Baş Assambleýa «turbageçirijiler boýunça we daşamagyň başga ulgamlaryny ulanmak arkaly energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna ygtybarly daşamagy üpjün etmäge ýardam etmek maksatlary bilen giň halkara hyzmatdaşlygynyň zerurdygyny ykrar edýär» diýlip gös-göni görkezilýär. Şunuň bilen baglylykda, BMG-niň ýokary edarasy «Türkmenistanyň Hökümetiniň 2009-njy ýylyň 23-nji aprelinde «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» diýen tema boýunça Aşgabatda geçirilen ýokary derejeli maslahatyň çözgütlerini ýerine ýetirmäge bagyşlanan bilermenleriň halkara ýygnagyny 2014-nji ýylyň başynda geçirmek baradaky teklibini kanagatlanma bilen belleýär» diýip nygtady.

Resminamada «BMG-niň Baş sekretaryna, BMG-ä agza döwletleriň hem-de onuň degişli düzümleriniň, şol sanda sebitleýin toparlaryň energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegine, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygynyň mümkin bolan usullaryna degişli meseleler babatdaky pikirlerini bilmek hem-de bu pikirleri Sekretariatyň umumylaşdyrylan hasabaty hökmünde Baş Assambleýa onuň 69-njy maslahatynda seretmek üçin ibermek» teklip edildi.

Elbetde, energiýa serişdelerini ygtybarly, durnukly we howpsuz üstaşyr geçirmegiň Türkmenistan üçin aýratyn derwaýysdygy tebigydyr. Ýöne welin, bu biziň ýurdumyzyň dünýäde gözlenip tapylan jemi tebigy gazyň gorlarynyň dörtden birine eýe bolmagy bilen iň iri uglewodorod çig malyny iberijileriň biri bolmagy üçin däldir. Halkara bileleşiginiň jogapkärçilikli agzalarynyň biri bolmak bilen, biz, iň pesinden, häzirki energiýa iberiş ulgamynyň kämil däldigi, onuň birtaraplaýynlygy, köp halatlarda syýasy şertlere we beýleki töwekgelçiliklere, şol sanda ekologik, tehnogen we ş.m. häsiýetli ýagdaýlara baglydygy baradaky esaslandyrylan howsalaly pikirler bilen doly ylalaşýarys we olara goşulýarys.

Şonuň üçin Türkmenistan dünýäniň energetika giňişligindäki işinde halkara energiýa iberilişini diwersifikasiýalaşdyrmagyň tarapdary bolup çykyş edýär. Bu ugurda biziň ýurdumyzyň özi, hususan-da, diňe bir soňky ýyllaryň dowamynda, gündogar we günorta ugurlary boýunça iki sany iri turbageçirijiler taslamasyny amala aşyrmak bilen, hakyky iş ýüzündäki ädimleri ätdi. Türkmenistan energiýa akymlaryny diwersifikasiýalaşdyrmagyň global ykdysadyýeti durnukly ösdürmegiň, onuň gyşarnyksyz berjaý edilmeginiň we onlarça ýyllar öňünden bökdençsiz işlemegini kesgitlemegiň kepillikeriniň biridigine doly ynanýar we onuň tarapdary bolmagynda galýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Energiýa serişdelerini howpsuz üstaşyr geçirmek çygryndaky Türkmenistanyň haýsy derwaýys başlangyçlaryny bilýärsiňiz?
2. «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýanyň nähili mazmuny bar?
3. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň maslahatlarynda nähili teklipleri öňe sürdi?

## § 3. Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny dünýä ýetirmekde ählumumy howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, şu günki gün türkmen topragynyň baýlyklary, onuň energetiki çeşmeleri türkmen halkynyň bähbitlerine gulluk edýär we onuň abadançylygyny üpjün edýär. Türkmen topragynyň täsin aýratynlyklary, onuň sahylygy, mineral serişdelerine baýlygy, ýangyç-energetika toplumynyň çäksiz mümkinçilikleri, ýurduň durnukly ösüşi, onuň oňaýly geosyýasy ýerleşişi – bularyň ählisi ösüşiň möhüm düzüm bölekleridir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň bu strategiýasy ýurduň ykdysadyýetini okgunly ösdürmäge we onuň dünýäniň ykdysady ulgamyna işjeň integrirlenmegine mümkinçilik berýär. Ahyrky netijede bularyň hemmesi ýurduň ykdysady taýdan gülläp ösüşiniň, türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ösdürmegi üpjün etmegiň we parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy berkitmegiň maksatlaryna hyzmat edýär.

Energiýa çeşmeleriniň düzüminiň esasy bölegininiň uglewodorod çig malydygy hemmelere mälimdir. Energiýanyň alternatiw çeşmeleri diýlip atlandyrylýan meseläniň ähli özüne çekijiligi bilen birlikde, esasy uglewodorod çig maly – nebit we gaz – ýakyn geljekde energiýa generasiýasy üçin esasy çeşme bolup durýar we bolmagynda galýar. Şu nukdaýnazardan, dünýä ykdysadyýetiniň energiýa çig malyna, aýratyn-da, nebit-gaz serişdelerine bolan talaby diňe ýokarlanmak häsiýetine eýe bolýar.

Türkmenistan baý nebit we gaz gorlaryna, elektrik energiýasyny öndürmek üçin oňaýlylyklara, amatly geografik ýerleşişi bilen şertlendirilen giň mümkinçiliklere eýe bolmak bilen, olary diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem bütin adamzadyň bähbitleri üçin ulanýar. Olar ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam etmäge gönükdirilendir. Türkmenistan uly möçberlerde energiýa serişdelerini eksport edýän döwlet bolmak bilen, halkara ölçeglerinde iri gaz geçirijileriniň taslamalaryny amala aşyrýar. Bu ýerde strategik esas hökmünde türkmen we halkara bilermenleri tarapyndan subut edilen tebigy gazyň ummasyz gorlary, şeýle hem dünýäde energiýa serişdeleriniň giňden ulanylmagy we uglewodorod çig malyna bolan islegleriň barha artýandygy hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýan türkmen ýangyç-energetika toplumynyň nebit-gaz pudaklarynyň kärhanalaryny täze tehnologiýalar bilen üpjün etmek üçin düýpli maýa goýumlaryny goýbermäge gönükdirilen öňdebaryjy ösüşleriniň strategiýasy, häzirkizaman ulag we energetika infrastrukturalaryny döretmek, hereket edýän döwletara gaz geçirijilerini kämilleşdirmek we täze transmilli gaz magistrallaryny gurmak çygrynda durmuşa geçirilýän we geljege niýetlenilen taslamalar – bularyň ählisi global energetiki hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň geljege ýol açýar.

Türkmenistanyň Lideri 2009-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda halkara habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin öz metbugat konferensiýasynda «Türkmenistan – dünýäde iň iri uglewodorod çig malyny eksport edijileriň biridir we onuň bu ýagdaýy wagtyň geçmegi bilen gowşamaz, sebäbi biz onlarça ýyllap işjeň eksport etmäge ýetjek uglewodorod çig malynyň tassyklanan gorlaryna eýediris... Ýeri gelen-

de aýtsak, tiz wagtlardan planeta üçin gaz bazarynyň ähmiýeti nebitiň satylmagyndan kem bolmaz» diýip, oňa gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi.

Bu sözler tebigy gazyň global bazarynyň ýaňy kemala gelip başlaýandygyny we ösüşiň okgunly depginlerine eýe bolýandygyny, şol bir wagtyň özünde nebitiň bolsa dünýäde energiýa serişdelerini sarp etmekde esasy orny tutýandygyny aňladýar. Şu günki döwürde global energobalansyň anyk düzüm gurluşy kesgitlenildi, ýagny tebigy gaz, edil kömür ýaly, elektrik generasiýasynda esasy orny tutýar, nebite bolsa, ulag we daşamak işleri üçin esasy ýangyç hökmündäki orun degişlidir. Käbir çaklamalar boýunça, 2030-njy ýyla çenli nebiti ulanmagyň möçberi häzirkisinden sähelçe artar, tebigy gazy sarp etmegiň tutýan orny bolsa iki esseden hem köpeler we dünýä energobalansynyň möçberiniň üçden bir bölegini tutar. Tebigy we suwuklandyrylan gazy import edýänleriň Demirgazyk Amerikanyň, Ýewropanyň we Aziýanyň iň iri ykdysadyýetleri bolmagynda galar, bu ýerde ABŞ, Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri, Hytaý, Hindistan, Ýaponiýa we Günorta Koreýa esasy orny eýelär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda uglewodorod serişdeleriniň we başga çeşmeleriň ummasyz ätiýaçlyk gorlarynyň bardygy garaşsyz halkara auditiniň netijeleri bilen tassyklanyldy. Munuň özi türkmen tebigy baýlyklarynyň diňe bir ýurduň birnäçe nesilleriniň abadançylygyny we gülläp ösüşini üpjün etmäge däl-de, eýsem energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna ýeterlik derejede eksport etmek arkaly, daş-töwerekdäki sebitleriň energetik abadançylygyna ýardam etmäge hem ukyplydygyny görkezýär.

Uglewodorod serişdeleriniň şeýle kuwwatly çig mal gorlarynyň bar bolmagy, täze ýataklary we känleri özleşdirmek arkaly, gazyň çykarylyşynyň derejesini durnukly ösdürmäge, türkmen gazynyň eksporty boýunça öz meýilnamalaryny ynamly gurmaga Türkmenistana mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň günortasynda açylan «Galkynyş» gaz känleriniň toplumy özüniň ätiýaçlyk serişdeleri boýunça biziň ýurdumyzy dünýäde iň öňdäki orunlara çykardy. Bu ägirt uly gaz känleriniň çaltlandyrylan depginlerde özleşdirilmegi we ulanmaga berilmegi üçin döwlet ummasyz serişdeleri goýýar, olar ABŞ-nyň milliardlarça dollaryna barabar bolup durýar. Hytaý Halk Respublikasynyň, Koreýa Respublikasynyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň öňdebaryjy kompa-

niýalarynyň bu taslamany amala aşyrmakdaky hyzmatdaşlygy işleriň depgininiň çaltlandyrylmagyna, ähli tapgyrlarda, burawlamak hem-de gazy taýýarlamak we täzeden işlemek boýunça iri önümçilik toplumlaryny gurmak işlerini hem goşmak bilen, iň öňdebaryjy tehnologiýalaryň we häzirkizaman enjamlarynyň ulanylmagyna ýardam eder.

Türkmenistanyň çäginde gaz ýataklarynyň ägirt uly zolagynyň açylmagy we ony özleşdirmek bilen baglylykda, şeýle hem nebit-gaz toplumynyň, himiýa senagatynyň we balyk hojalygynyň işgärleriniň tekliplerini nazara almak bilen, Günorta Ýolöten-Osman, Minara we oňa golaý gaz känlerini ýeke-täk ulgama birikdirmegi maksat edinip, 2011-nji ýylyň noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Günorta Ýolöten-Osman, Minara we oňa golaý gaz känleri «Galkynyş» gaz känleri diýlip atlandyryldy.

Türkmenistanyň Baştutany şu babatda abraýly halkara bilermenleriniň anyk maglumatlaryna esaslanýar. Türkiýe Respublikasyna resmi saparynyň öňüsyrasynda, 2012-nji ýylyň fewralynyň ahyrynda, türk habar beriş serişdelerine beren interwýusynda Türkmenistanyň Prezidenti «Galkynyş» (Günorta Ýolöten-Osman, Minara we Ýaşlar) gaz känine garaşsyz audit geçiren «Gaffney, Cline&Associates» (Beýik Britaniýa) abraýly halkara kompaniýasynyň baha bermegi boýunça bu unikal hazynanyň ätiýaçlyk gorlarynyň 26,2 trillion kubmetr gaza barabardygyny kesgitländigini, ýagny onuň dünýäde ikinji ýerde durýandygyny aýratyn belledi.

2012-nji ýylyň 28-nji fewralyndan 1-nji marty aralygyndaky Türkiýä resmi saparynyň çäklerinde türkmen-türk biznes-forumynda öz eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti biziň ýurdumyzdaky tebigy serişdeleriň ummasyz ätiýaçlyk gorlarynyň, ilkinji nobatda bolsa, energiýa çeşmeleriniň bolmagynyň, alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasatynyň, türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgesiniň yzygiderli durmuşa geçirilmeginiň, şeýle hem ýurtda döredilen amatly maýa goýum ýagdaýynyň daşary ýurtly işewürler bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin gowy esas bolup hyzmat edýändigini belläp geçdi.

Bu barada aýtmak bilen, türkmen Lideri «Galkynyş» gaz känini aýdyň mysal hökmünde getirdi we dünýäniň şu hili gaz känleriniň arasynda ikinji ýerde durýan bu baý uglewodorod ojagynyň özleşdi-

rilmegi boýunça giň möçberli işleriň uly tejribesi bolan we Türkmenistanda şertnamalaýyn esasda işleýän iri daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda alnyp barylýandygyny nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti: «Galkynyş» gaz käni ýurduň tebigy baýlyklarynyň bary-ýogy diňe bir bölegidir. Öňde bize uly açyşlar garaşýar. Şuňa laýyklykda biz geologiýa-gözleg işlerini we maýa goýum taslamalaryny anyk maksatlara eýermek bilen, giňden alyp barýarys. Türkmenistanda elektrik energiýasyny öndürmek ýokary depginler bilen ösdürilýär, ýurtda kuwwatly elektrotehniki desgalar guruldy, elektrik energiýasyny eksport etmäge mümkinçilik berýän ulgamlar döredildi» diýip aýtdy.

2011-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Türkmen döwlet habarlar gullugynyň konferens-zalynda Türkmenistanyň iň iri – Günorta Ýolöten-Osman, Minara we Ýaşlar gaz känleriniň gorlarynyň garaşsyz auditiniň ikinji tapgyryny geçiren «Gaffney, Cline&Associates» (Beýik Britaniýa) abraýly halkara kompaniýasynyň işewürligi ösdürmek boýunça menejeri jenap Jim Gillettiň gatnaşmagynda metbugat konferensiýasy geçirildi. Daşary ýurt we milli habar beriş serişdeleriniň žurnalistlerinden başga-da, duşuşyga biziň ýurdumyzda akkreditirlenen diplomatik missiýalaryň, degişli ministrlikleriň we pudaklaryň wekilleri hem gatnaşdylar.

Metbugat konferensiýasynyň çäklerinde jenap Jim Gillet ýokarda görkezilen gaz känleriniň başlangyç geologik gorlaryna baha bermek boýunça geçirilen işleriň jemleri beýan edilen tanyşdyrylyşy geçirdi. Ol auditiň nobatdaky tapgyrynyň jemlerini tassyklady. Onuň jemleri boýunça Günorta Ýolöten-Osman, Minara we Ýaşlar gaz känleriniň zolagynyň geologik gorlarynyň möçberi ýokary derejede, ýagny 26 trillion 200 milliard kubmetr tebigy gaz möçberinde tassyk edildi. Munuň özi «mawy ýangyjyň» bu tebigy hazynasyny dünýäde ikinji ýere çykarýar. Jenap J. Gillet: «Ýöne bu görkezijileriň üýtgemegi, onda-da diňe olaryň ösýän tarapyna üýtgemegi mümkin, sebäbi häzirlikçe Günorta Ýolöten-Osman ajaýyp türkmen gaz käniniň demirgazyk-günbatar, günorta-gündogar we günbatar çäkleri heniz kesgitlenmedi. Şeýlelik bilen, geljekki geologiýa-gözleg işleriniň netijeleri bu känleriň we bitewülikde – ýurduň tebigy gaz boýunça şu günki bar bolan gorlarynyň möçberiniň has ýokarydygyny görkezme-

gi örän mümkindir. Munuň özi Türkmenistanyň häzirki hereket edýän we geljekki gaz geçirijilerini islendik möçberde «mawy ýangyç» bilen üpjün edip biljekdiginiň iş ýüzündäki hakyky kepilidir» diýip, beýan etdi.

Hünärmenleriň baha bermegi boýunça, bu iňňän uly ýatakda uglewodorodlaryň açylmagy tebigy baýlyklaryň soňky çägi däldigini görkezýär, çünki gözleg işleriniň meýilleşdirilen maksatlarynyň diňe ýarysy ýerine ýetirildi. Goşmaça seýsmiki barlaglar bilen bilelikde täze guýularyň gazylmagy häzirki deslapky bahalandyrmalaryň düýpli ýokarlanmagyny üpjün edip biler.

Halkara we milli bilermenleriň baha bermegi boýunça, Türkmenistan nebit çeşmeleriniň hem 20,8 milliard tonna möçberine eýedir. Özleşdiriş babatynda iş ýüzünde heniz el degrilmedik Hazar känleri, Amyderýanyň sag kenarynyň meýdanlary Türkmenistanyň ummasyz tebigy baýlyklaryny aýdyň görkezýär.

Häzirkizaman barlaglaryndan başga-da, dünýäniň energetiki balansyndaky Türkmenistanyň ýeri we orny taryhy faktlar bilen hem tassyk bolýar. Hususan-da, 2007-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda ABŞ-nyň Kolumbiýa uniwersitetiniň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň öňünde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Türkmen ýeri, onuň ýerasty hazynalary nebite we tebigy gaza örän baýdyr. Heniz jenap Nobel, ýagny şu günki Nobel baýragyny esaslandyryjy dünýä belli şahs, Hazar deňziniň kenarynyň golaýyndaky ýerleriň ýüzünden nebit ýygnap alyp, ony satmaga iberipdir. Ondan bäri, elbetde, köp wagt geçdi, şu gün nebit we gaz çykarmak hem-de işläp taýýarlamak boýunça biziň kärhanalarymyz iň häzirkizaman önümçilikleridir».

Türkmenistanyň Prezidentiniň sözleri taryhyň özi tarapyndan tassyklanýar. Hususan-da, bütin dünýäde nebit känlerini özleşdirmegi senagat esasyna goýmak 1859-njy ýylyň awgustynda amerikaly inžener Dreýk tarapyndan Pensilwaniýanyň Kanada bilen araçäge ýakyn ýerinde ilkinji dikguýyny (skwažinany) gazan wagtyndan başlanýar diýlip hasap edilýär. Şeýle-de bolsa, şol döwre çenli häzirki Türkmenistanyň günbatarynda nebitiň eýýäm ýeterlik derejedäki eksporty ýola goýlupdy. Türkmenistanda nebitiň çykarylyşy hakyndaky ilkinji anyk maglumatlar XVIII asyryň ortalaryna degişlidir. Has takygy,

1743-nji ýylyň barlag ýazgylarynda bellenilişi ýaly, Çeleken adasynda ýerli ilat çuň bolmadyk çukurlardan we guýulardan nebiti bedreler bilen susup alyp, özleri üçin örän bähbitli satýardylar. 1765-nji ýyla çenli bu adada «nebit guýulary» diýip atlandyrylýan guýularyň eýýäm 20 sanysy bardy we nebitiň çykarylyşynyň ýyllyk möçberi 1000 put töweregidi (1 put = 16,38 kg). Türkmen nebitiniň eksportynyň ýyllyk möçberi 1821-nji ýylda 40 000 puta çenli ösdi. Nebitiň çykarylyşynyň depginleri hakyndaky şu sanlar hem onuň yzygiderli ösüşine şaýatlyk edýär: eýýäm 1826-njy ýylda Çelekende 80 000 put, 1836-njy ýylda – 136 000 put, 1891-nji ýylda bolsa 200 000 put nebit gazylyp alyndy. Şol döwrüň ölçegleri boýunça ýokary tehnologiýaly senagat derejeli nebit çykarylyşyny 1907-nji ýylda Çelekende doganlar Nobelleriň firmasy ýola goýdy. Şonda burawlanan 85 metr çuňlukdan bir gije-gündizde 35 000 put nebit berýän kuwwatly çüwdürim atylyp çykdy. Şol ýylyň özünde nebitiň çykarylyşy 800 000 puta, ýene bir ýyldan bolsa – 1 200 000 puta barabar boldy. 1910-njy ýylda bu möçberler 8 gezekden gowrak ösüp, 9,6 million put, 1911-nji ýylda bolsa türkmen känlerinden nebitiň çykarylyşy 13,3 million put boldy.

Türkmenistanda uglewodorodlaryň gazylyp alnyşyna we degişlilikde olaryň gözlegine hem-de barlagyna ýüzlerçe ýyllar bolan hem bolsa, üsti açylýan barha täze-täze ýerasty baýlyklarynyň öz möçberleri boýunça şu güne çenli haýran galarlyklydygyny hakykat görkezýär. Ýer ýüzünde «nebit rowaçlygy» diýip at alan döwrüň başlanmagyndan bir asyr geçenden soň, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan öz tutýan ornuny iň iri tebigy gazy iberijileriň biridigi hökmünde görkezýär. Türkmenistan şu günki gün Russiýa, Kanada, Norwegiýa we Alžir bilen bir hatarda, tebigy gazy eksport ediji döwletleriň ilkinji bäşliginiň düzümine girýär.

Türkmenistanyň Lideri şol bir wagtda-da tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak we ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary ulanmak syýasatyny ileri tutýar. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti gazy eksport ediji ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda Tähranda geçirilen sammitinde eden çykyşynda şeýle nygtady: «Türkmenistan dünýäde tebigy gazy öndüriji iri ýurtlaryň biri bolmak bilen, bu energiýa serişdesini ibermek boýunça halkara taslamalaryna gatnaşýar. Şoňa görä-de, biziň ýurdumyz bu

ugurda özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegiň ekologiýa meselelerine ýokary derejede jogapkärçilikli çemeleşýär. Turbageçirijiler gurlanda ekologiýa talaplaryny berjaý etmek, tebigy gurşawy gorap saklamaga aýawly we uzak döwri göz öňünde tutup çemeleşmek häzirki döwürde energetika pudagynyň öňünde durýan möhüm wezipeleriň biridir. Uglewodorod serişdelerini çykarmak ýokary ekologiýa talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Ykdysady bähbitleri, halkara hyzmatdaşlygyny ekologiýanyň talaplaryny berjaý etmek bilen utgaşdyrmak biziň umumy wezipämizdir».

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň esasy tebigy baýlyklary haýsylar?
2. Türkmenistanyň çägindäki gaz ýataklarynyň ähmiýeti nämede?
3. Türkmenistanyň çäklerinde ilkinji nebit ýataklarynyň tapylmagynyň taryhy barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?

## § 4. Türkmenistanyň diwersifikasiýa syýasatynyň ähmiýetli ugurlary

Türkmenistanyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn, yzygiderli we uzakmöhletleýin çäreleri, netijeli hereket edýän häzirkizaman energoeksport infrastrukturasyny döretmek, energiýa çeşmeleriniň eksportynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we olaryň dünýä bazarlaryna daşalmagynyň köptaraplaýyn ugurlarynyň taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň çuňňur oýlanyşykly strategiýasynyň düzüm bölegi bolup durýar. Türkmenistan şu maksatlara laýyklykda birnäçe iri möçberli taslamalary daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde işläp taýýarlamak we amala aşyrmak bilen, öz energiýa serişdelerini dünýäniň söwda bazarlaryna daşamagyň köp görnüşli ulgamyny maksada okgunly döredýär.

Energiýa serişdelerini daşamagyň diwersifikasiýasy – munuň özi diňe bir bähbitli we geljegi uly bolan milli taslama däldir. Ol şu günki gün dünýä bazarynyň kanunlarynyň hakykat ýüzündäki talabydyr, global ykdysadyýetiň sagdyn işlemeginiň möhüm şertidir, ony üýtgemekden we gyşarmakdan goraýan özboluşly germewdir. Bulardan başga-da, ol energetika infrastrukturasyny goramak meselesindäki

netijeli köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýan, onuň kadaly işlemegi, turbageçirijiler taslamalarynyň ähli gatnaşyjylarynyň – öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, energiýa serişdelerini sarp edijileriň hem oňyn hyzmatdaşlygy üçin amatly daşary syýasat şertlerini döretmegiň kuwwatly durnuklaşdyryjy faktorydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň energiýa çeşmeleriniň eksportunyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we olaryň dünýä bazarlaryna daşalmagynyň köptaraplaýyn ugurlarynyň taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirilen, çuňňur oýlanyşykly strategiýasy şol maksatlara-da hyzmat edýär. Şunlukda ýörelgeleýin ýagdaýy belläp geçmek zerurdyr, ýagny gürrüň energiýa serişdelerini ibermegiň bir görnüşiniň beýleki bir görnüşi bilen çalşyrylmagy, onuň geografiýasynyň ugrunyň üýtgedilmegi barada däl-de, eýsem bu meselede Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň anyk kesgitlenilen strategiýasyna esaslanmak, ýurduň öz çeşmeler binýadyna we ony geljekde ulanmak mümkinçiliklerine hakyky baha bermek bilen, onuň giňeldilmegi we üstüniň ýetirilmegi hakynda barýar. Şu babatda turbageçirijiler infrastrukturasynyň ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün edýän halkara-hukuk gurallaryna esaslanylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň ençeme gezek belleýşi ýaly, Türkmenistan energiýa serişdelerini iberişi diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny amala aşyrmak bilen, türkmen gazynyň islendik mümkin bolan ugurlarynyň doldurylmagyny kepillendirmek üçin ähli zerur şertleri döretmäge çalyşýar. Şeýle çemeleşme ýörelgeleýin derejede örän möhüm bolup durýar we ygtybarly global energetika howpsuzlygy ulgamyny döretmek işine Türkmenistanyň netijeli gatnaşmagynda uly ähmiýete eýedir. Eksporta gidýän gaz magistrallarynyň mümkin bolup biläýjek görnüşlerini göz öňünde tutmak bilen, Türkmenistan, ilkinji nobatda, taslamalaryň ykdysady maksadalaýyklygyndan, olaryň ekologik howpsuzlygyndan, şeýle hem üstaşyr geçiriji we sarp ediji ýurtlar bilen ýörelgeleýin gepleşikleriň bolmagyndan ugur alýar.

Eksport ugurlaryny ösdürmek boýunça bähbitleriň deňleşdirilmegi we garaýyşlaryň ylalaşylmagy iň çylşyrymly wezipeleriň biridir. Şunda diplomatiýa sungatyndan başga-da, takyk ykdysady hasaplamalar we döwlet ýolbaşçylary tarapyndan syýasy öňdengörüjilik talap edilýär. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Türkmenistan şu babatda söwda-täjirçilik taslamalaryny syýasatlaşdyrmakdan özüni çetleş-

dirmek bilen, diňe pragmatik çemeleşmelere eýerýär. Türkmenistan şeýle çemeleşmeler esasynda ençeme ýurtlaryň hökümetleri, banklary we kompaniýalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlykda gaz geçirijileriniň taslamalarynyň birnäçesini işläp taýýarlady.

Şular ýaly iri energiýa taslamalaryny hakyky iş ýüzünde amala aşyrmak, energetika çygrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň halkara başlangyçlarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde we energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatynda ýüze çykýar.

Hususan-da, 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenistanyň Prezidenti «Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý» gaz geçirijisiniň dabaraly açylyşynda eden çykyşynda: «Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý» gaz geçirijisiniň gurluşygy – diňe bir özara bähbitli ykdysady we söwda taslamasy däldir. Bu örän uly syýasy ähmiýetli wakadyr. Ol halkara energetika giňişliginde, diýmek, äpet geosyýasatda – döwletleriň bähbitleriniň birikmeginiň we ylalaşyklylygynyň real hakykatdygyny we amala aşyryp bolýandygyny görkezýär. Häzirki taslama – syýasy erkiň we oňyn çemeleşmäniň bar mahalynda baş maksada ýetmegiň, ýagny energetik triada gatnaşyjylaryň – öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň ählisiniň hem-de her biriniň bähbitleriniň deňligini üpjün etmegiň mümkindigine aýdyň şaýatlyk edýär» diýip belledi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň sözlerine laýyklykda, täze gaz geçirijisi ozal Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda güýçli depginde hereket eden söwda alyş-çalyş ýoly bolan gadymy Ýüpek ýoluny dikeltdi. Ylmyň iň soňky gazananlary, häzirkizaman tehnologiýalary we inženerçilik çözgütleri ulanylan bu örän çylşyrymly taslamanyň amala aşyrylmagyna dürli döwletlerden onlarça iri kompaniýalar gatnaşdy diýip aýtmak bilen, Türkmenistanyň Lideri gaz magistralynyň ähli ekologik ülňüleriniň berjaý edilmegi bilen gurlandygyny nygtady. Ol «Şeýle derejeli taslamalary diňe ykdysady taýdan güýçli, durnukly, öz geljegine ynam bilen garaýan, bilelikdäki maksatlara takyk düşünýän, uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň geljegine aýdyň göz ýetirýän döwletler amala aşyryp biler» diýip belledi.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda «Döwletabat–Sarahs–Hangeran» gaz geçirijisiniň dabaraly açylyşynda çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Ygtybarly energiýa üpjünçiligi

bilen bagly bolan energetika howpsuzlygy, sözüň göni manysynda, umumy howpsuzlygyň aýrylmaz bölegi bolup durýar, ýagny energetika howpsuzlygyna ählumumy howpsuzlygyň dürli ugurlary bilen berk baglanyşyklylykda garalmalydyr. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini çykaranda, sarp edijilere olaryň ýetirilmeginiň durnukly, uzakmöhletleýin bolmak ygtybarlylygynyň üýtgewsizlik ýörelgelerine eýerýär we öz hyzmatdaşlary bilen anyk taslamalary amala aşyrýar. Özara bähbitli we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek bilen, Türkmenistan we Eýran Yslam Respublikasy biziň halklarymyzyň arasyndaky mizemez dostlugy mundan beýläk hem berkitmek maksatlaryna laýyklykda ýakyndan hyzmatdaşlyk edýärler. Uly halkara ähmiýeti bolan «Döwletabat–Sarahs–Hangeran» gaz geçirijisiniň gurulmagy onuň aýdyň mysalydyr. Bu gaz geçirijisi, biziň ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň arasyndaky doganlyk we dostluk gatnaşyklaryny berkidýän ýene-de bir ygtybarly köpri bolmak bilen, durnukly energiýa üpjünçiliginiň dünýä ulgamynyň aýrylmaz bölegi hem bolup durýar. Onuň aýratyn ähmiýeti hem şundadyr».

Şeýlelikde, energiýa serişdelerini eksport etmegiň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasyny kesgitlemek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti uglewodorod serişdeleriniň dünýä bazarynyň Aziýa ugruna ileri tutulýan ugur hökmünde garaýar, bu babatda 2009-njy ýylyň dekabrynda «Türkmenistan–Hytaý» transmilli gaz geçirijisiniň işe girizilmegi uly ädimdir.

Hytaý Halk Respublikasy bilen iri möçberli bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň energetika diplomatiýasynyň üstünlikli ösmeginiň mysalydyr. Soňky ýyllarda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky adaty hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykdy. Munuň özi iki ýurduň tagallalarynyň hem strategik hyzmatdaşlyga, özara hereket etmegiň ummasyz mümkinçilikleriniň ýokary derejede amala aşyrylmagyna gönükdirilenliginiň aýdyň tassyklamasydyr. Bu ýurtlaryň iş tejribesinde dürli çygyrlarda üstünlikli amala aşyrlan we häzirki döwürde durmuşa geçirilýän birnäçe bilelikdäki taslamalar bardyr. Olaryň hatarynda 2009-njy ýylyň ahyrynda ulanmaga girizilen transmilli «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisini gurmak boýunça XXI asyryň ägirt uly taslamasyny belläp geçmek zerurdyr. Bu gaz geçiriji boýunça türkmen «mawy ýangyjy» Asmanyň

aşagyndaky ýurda daşalýar, has takygy, «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň ulanmaga berilmegi bilen türkmen tebigy gazy Hytaý Halk Respublikasyna baryp başlady. Bu magistral her ýylda 40 milliard kubmetr «mawy ýangyjy» ibermäge niýetlenilendir. Energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmek maksatlary bilen, 2011-nji ýylyň noýabrynda her ýylda 25 milliard kubmetr möçberinde türkmen gazyny Hytaýa goşmaça ibermegi göz öňünde tutýan täze ylalaşyga gol çekildi. Şeýlelikde, bu ylalaşygyň iş ýüzünde amala aşyrylmagy bilen, Türkmenistandan Hytaýa tebigy gazyň eksportunyň möçberi her ýylda 65 milliard kubmetre ýetirildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisini ulanmak diňe iki tarap üçin bähbitli däl-de, eýsem Merkezi Aziýanyň beýleki döwletlerine-de, olaryň halkara energetika ulgamyna goşulmagy üçin amatly şertleri üpjün etmek bilen uly goldaw etdi we edýär.

Türkmenistana HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň 2013-nji ýylyň 3-4-nji sentýabryndaky döwlet sapary bozulmaz dostluk gatnaşyklaryna, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak we oňynlyk ýörelgelerine esaslanýan netijeli türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de berkidilmeginiň we ösdürilmeginiň ýolunda nobatdaky möhüm ädim boldy. Türkmenistanyň we Hytaýyň baştutanlarynyň gepleşikleriniň dowamynda «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň täze – dördünji şahasynyň gurluşygy bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy we onuň ugry kesgitlenildi. Aziýa yklymynyň üstünden geçjek täze turbageçiriji energetika pudagynda ikitaraplaýyn türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysaly bolup hyzmat etdi. Onuň gurluşygy Türkmenistanyň energiýa serişdelerini eksport etmegi diwersifikasiýalaşdyrmak strategiýasynyň dogrudygyny we netijelidigini hem tassyklaýar.

2013-nji ýylyň 4-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin Mary welaýatyna geldiler. Olar şol ýerde «Galkynyş» gaz käninde söwda gazyny taýýarlamak boýunça zawodlar toplumynyň ulanmaga berliş dabarasyna gatnaşdylar.

Öz çeşme baýlygynyň ätiýaçlyk gorlary boýunça dünýäde ikinji ýerde durýan «Galkynyş» gaz kläniniň senagatlaýyn esasda ulanylyp başlanmagy Türkmenistanyň energetika syýasatyny amala aşyrmak

ýolunda örän möhüm ädim bolandygyny görkezýär. Tebigy gazyň bu äpet käniniň toplumlaýyn özleşdirilmeginiň döwri 2009-njy ýylyň dekabryndan başlanýar. Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, «Galkynyş» gaz känine belli halkara maslahatçysy – «Gaffney, Cline&Associates» (Beýik Britaniýa) kompaniýasynyň geçiren garaşsyz auditiniň netijeleri boýunça bu ajaýyp hazynanyň ätiýaçlyk gorlary 26,2 trillion kubmetr gaza deňdir, ýagny ol gaz mümkinçilikleri boýunça Türkmenistany dünýäde dördünji orna çykarýar.

Her ýylda 10 milliard kubmetr söwda gazyny öndürmäge niýetlenilen «Galkynyş» gaz käniniň desgalar toplumy Türkmenistan bilen Hytaýyň arasyndaky netijeli gatnaşyklaryň sazlaşykly ösdürilmeginiň aýdyň şaýadydyr. Gurlan bu desgalar toplumy şeýle hem halkara kompaniýalarynyň, hususan-da, Hytaý Halk Respublikasyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden we Koreýa Respublikasyndan gelen iri kompaniýalaryň bilelikdäki sazlaşykly işiniň netijesidir. Munuň özi «Açyk gapylar» syýasatynyň netijeliliginiň görkezijileriniň biridir.

Dabaraly açylyşdaky eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: «Bu taslamanyň amala aşyrylmagy energetika pudagynda Türkmenistanyň we Hytaýyň netijeli hyzmatdaşlygynyň nobatdaky aýdyň mysalydyr. Soňky ýyllarda bu hyzmatdaşlyk türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň berkidilmeginiň wajyp faktory bolmak we yklymda makroykdysady ýagdaýa oňyn täsir etmek bilen, aýratyn üstünlikli we netijeli ösýär».

Türkmen tebigy gazyny Hytaýa daşamaga niýetlenilen häzirkizaman zawodlar toplumynyň gurluşygy, energiýa serişdelerini ykdysady we geografik nukdaýnazarlaryndan, has amatly ugurlar boýunça eksport etmek çygrynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge ýardam eder. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow halkara energetika syýasatynyň we onuň möhüm düzüm bölegi bolan – energetika howpsuzlygynyň esasy meseleleri boýunça iki ýurduň doly özara düşünişýändiklerini kanagatlanmak bilen belledi.

Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin öz çykyşynda «Galkynyş» gaz käniniň desgalar toplumynyň gurluşygynyň üstünlikli tamamlanmagynyň türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň üstünlikli ösýändiginiň ýene-de bir nyşany bolup durýandygy barada belläp geçdi. «Häzirki döwrüň ýokary ruhubelentligine laýyklykda, iki ýurduň gurluşykçylary işleri hil taýdan ýokary we çalt depginde ýerine

ýetirmek bilen, beýik ussatlyk görkezdiler. «Galkynyş» sözi energiýany we galkynmagy aňladýar. Munuň özi täze energiýa we anyk netijeler bilen biziň gatnaşyklarymyzyň üsti dolduryldy diýmekdir» diýip, HHR-iň Başlygy Si Szinpin aýtdy.

Energetika çygrynda iki ýurduň arasyndaky syýasy özara ynanyşmagyň ýokary derejesini şöhlelendirýän türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny bellemek bilen, Si Szinpin iş ýüzünde amala aşyryljak taslamalar bilen berkitmek arkaly, bu çygyrda bilelikdäki işleri ösdürmek barada aýtdy. Şu babatda, häzirki gepleşikleriň dowamynda «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň dördünji şahasynyň ugry barada taraplaryň ylalaşandyklaryny aýtmak bilen, HHR-iň Başlygy gaz geçirijisiniň şu ugry boýunça Hytaý tarapynyň tekliplerini doly goldandygy üçin Türkmenistanyň Prezidentine aýratyn hoşallyk bildirdi. Bu barada aýtmak bilen, ýokary derejeli hytaý myhmany, şu taslamanyň çalt depginde amala aşyrylmagy biziň iki döwletimiziň we üstaşyr geçiriji degişli ýurtlaryň abadançylygynyň bähbitlerine, şeýle hem Merkezi Aziýa sebitinde gülläp-ösüşiň we durnukly ösüşiň bähbitlerine hyzmat eder diýip belledi. Bu barada dowam etmek bilen, HHR-iň Başlygy Si Szinpin hyzmatdaşlyk çygryny işjeň giňeltmek barada aýtdy.

Gepleşikleriň netijeleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalaryň bukjasynda beýlekiler bilen bir hatarda şu resminamalara hem gol çekildi:

1) «Türkmengaz» Döwlet konserni we «Hytaýyň Döwlet ösüş banky» Paýdarlar jemgyýetiniň arasyndaky «Galkynyş» gaz känini enjamlaşdyrmagyň ikinji tapgyryny maliýeleşdirmek boýunça hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk;

2) «Türkmengaz» Döwlet konserni we Hytaýyň Milli Nebit-gaz Korporasiýasynyň arasyndaky her ýylda 25 milliard kubmetr tebigy gazy satyn almak-satmak boýunça Şertnama;

3) «Türkmengaz» Döwlet konserni we Hytaýyň Milli Nebit-gaz Korporasiýasynyň arasyndaky «Galkynyş» gaz käninde her ýylda 30 milliard kubmetr möçberinde söwda gazyny öndürmek boýunça desgany taslamalaşdyrmak we ony ulanmaga doly taýýar edip gurmak boýunça Şertnama;

4) dostlukly gatnaşyklary ösdürmek we hyzmatdaşlyk hakynda Mary şäheriniň (Türkmenistan) we Sian şäheriniň (Hytaý) arasyndaky Ylalaşyk.

«Energetika çygrynda deňhukuklylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgeleri esasynda iki döwletiň hyzmatdaşlygynyň netijelerine we ösüşiniň geljegine Taraplar örän ýokary baha berýärler we energetikada uzakmöhletleýin durnukly strategik hyzmatdaşlygy ösdürmegi dowam ederler» diýip, Türkmenistanyň we Hytaýyň döwlet Baştutanlary tarapyndan gol çekilen Türkmenistan bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny amala aşyrmak hakynda Jarnamada aýratyn bellenilýär. Bu wajyp resminamada «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň A we B şahalarynyň howpsuz we durnukly işlemegini, öz jogapkärçiliginiň çäklerinde Amyderýanyň sag kenaryndaky tebigy gaz känlerini özleşdirmek boýunça taslamalaryň amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin Taraplaryň degişli çäreleri geçirjekdikleri beýan edilýär. «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň gurluşygynyň Türkmenistanyň we Hytaýyň bähbitlerine laýyklykdaky strategik taslamadygyny Taraplar nygtadylar. Taraplar C şahasynyň gurluşygyny tamamlamak we ulanmaga taýýarlamak üçin tehniki meseleleriň çözgüdini çaltlandyrmak, 2016-njy ýylda gurluşygyny doly tamamlamak we ulanyşa goýbermek maksatlary bilen, D şahasynyň ugurlaryny kesgitlemek we gurluşygyna başlamak, şeýle hem gaz geçirijisi boýunça her ýyldaky iberilýän türkmen tebigy gazynyň möçberini 65 milliard kubmetre ýetirmek boýunça degişli ugurlarda zerur bolan tagallalary etmek babatda ylalaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 11-13-nji sentýabry aralygyndaky Ýaponiýa resmi saparynyň dowamynda hem tapgyrlaýyn ylalaşyklara gelindi we möhüm resminamalara gol çekildi. Dünýä boýunça öňdebaryjy tehnologiýalaryň lideri hökmünde ykrar edilen Ýaponiýa ýangyç-energetika çygrynda ylmy we önümçilik işläp taýýarlamalaryny teklip etmäge, Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumyny modernizasiýalaşdyrmaga işjeň gatnaşmaga taýýardygyny mälim etdi. Ýaponiýanyň 2013-nji ýylyň maýynda BMG-de Türkmenistanyň teklip eden «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýasyny goldamagy hem aýratyn belläp geçmeli ýagdaýdyr. Şu babatda, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň wajyp ugurlarynyň arasynda ýangyç-energetika çyg-

ryndа hem özara hereket etmeklige aýratyn üns berlipdi. Hususan-da, Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasyndaky täze hyzmatdaşlyk hakynda gol çekilen Bilelikdäki Beýannamanyň «Ykdysady gatnaşyklaryň we ykdysady hyzmatdaşlygyň mundan beýläkki ösdürilmegi» atly II bölüminde şeýle beýan edilýär:

4. Taraplar soňky ýyllarda iki ýurduň arasyndaky ykdysadyýet çygryndaky dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygyň ösýändigini kanagatlanma bilen bellediler. Hususan-da, Türkmenistanyň uly üns berýän ugry bolan, Türkmenistanda senagaty ösdürmegi diwersifikasiýalaşdyrmaga ýokary hilli ýapon tehnologiýalary öz goşandyny goşdy diýip, Taraplar ykrar etdiler. Iki ýurduň kompaniýalarynyň dürli ugurlarda, şol sanda nebit, gaz we himiýa zawodlarynyň gurluşygynda işjeň hyzmatdaşlyk edýändigine Taraplar üns berdiler.

5. Taraplar dürli ugurlardaky, has takygy, ýapon kompaniýalarynyň Türkmenistanyň çeşmelerini işläp taýýarlamagy, gazy suwuklandyrmak boýunça tehnologiýalary girizmek, infrastrukturanyň portlaryny, elektrik beketlerini we başga desgalaryny kämilleşdirmek, awtoulaglaryň importy boýunça lomaý kompaniýalary döretmek we audio-wideo gepleşikleri üçin enjamlary oturtmak ýaly hyzmatdaşlygyň çygyrlarynyň mundan beýläk hem giňeljekdigine ynam bildirdiler. Taraplar şeýle hem lukmançylyk hyzmatlaryny we enjamlaryny hem goşmak bilen, saglygy goraýyş we lukmançylyk çygryndaky hyzmatdaşlygy berkitjekdikleri barada umumy düşünişmeklige geldiler».

Mundanam başga, gol çekilen ikitaraplaýyn resminamalaryň saldamly bukjasynda «Türkmengaz» Döwlet konserni bilen nebit, gaz we metallar boýunça Ýaponiýanyň milli korporasiýasynyň arasynda özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama hem bardyr.

2013-nji ýylyň 17-18-nji oktýabrynda Aşgabatda «Energiýa howpsuzlygy we durnukly ösüş – ÝHHG-niň geljegi» atly ýokary derejeli halkara maslahatynyň geçirilmegi dünýä derejesindäki uly waka boldy. Global energiýa howpsuzlygynyň derwaýys meseleleriniň halkara derejesinde ara alnyp maslahatlaşylmagyna bagyşlanan forumyň biziň ýurdumyzda geçirilmeginiň özi-de örän göreldeli faktdyr. Munuň özi Türkmenistanyň barha ösýän halkara abraýyna, BMG-niň münberinden Milli Liderimiz tarapyndan yzygiderli öňe sürülýän, se-

bit we bütindünýä ösüşiniň wajyp meseleleriniň çözülmegine gönükdirilen hem-de halkara bileleşiginiň doly goldawyna mynasyp bolýan oňyn başlangyçlaryň giňden ykrar edilmegine şaýatlyk edýär.

Aşgabatda geçirilen şu aşakdaky halkara maslahatlarynyň dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly ibermegi üpjün etmek çygrynda hereket etmegiň ýeke-täk strategiýasyny işläp taýýarlamaga bagyşlanandygyny belläp geçmek zerurdyr:

1) «Ýewraziýada durnukly we ygtybarly energiýany üpjün etmek üçin Merkezi Aziýada sebitleýin hyzmatdaşlygy berkitmek» (2010 ý.);

2) «Transkaspi turbageçirijileriniň ekologik nukdaýnazary» (2011 ý.);

3) «Energetika bazarlarynyň global integrasiýasy – energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek» (2011 ý.).

Bu çygyrda energiýa çeşmeleriniň global bazarynyň ösmeginiň meýilleri, energetika integrasiýa we howpsuzlyk, halkara hyzmatdaşlygynyň hukuk esaslary – her ýyl biziň ýurdumyzda geçirilýän halkara gaz kongreslerine we başga pudaklaýyn forumlara gatnaşyjylaryň gyzyklanmalar esasynda ara alyp maslahatlaşýan meseleleridir.

Energetika çygryndaky halkara hyzmatdaşlygyna şu günki gün ählumumy abadançylygyň, durnukly ösüşiň we gülläp-ösmegiň kesgitleýji ýagdaýlarynyň biri hökmünde garalýandygyna Türkmenistanyň mysaly görkezýär. Giň halkara hyzmatdaşlyk ugruna ygrarly bolmak, öz ummasyz serişdeler mümkinçiliklerini bütin adamzada hyzmat etmäge gönükdirmäge ymtylmak bilen, Türkmenistan dünýäniň iň öňdebaryjy energetika döwletleriniň biri hökmünde soňky ýyllaryň dowamynda global energiýa howpsuzlygynyň täze binagärligini döretmäge yzygiderli goşant goşýar, ony durmuşa geçirmek boýunça anyk çäreleri geçirýär.

Häzirki döwürde Türkmen döwletiniň energetika strategiýasynyň möhüm ugry uglewodorodlary daşamagyň köpugurly ulgamyny, dünýä bazarlaryna energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmegiň ygtybarly guralyny döretmek bolup durýar. Türkmenistan tarapyndan amala aşyrylan we häzirki döwürde durmuşa geçirilýän ýangyç-energetika toplumyndaky iri infrastruktura taslamalary, şeýle hem energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek çygryndaky biziň ýurdumyzyň halkara başlangyçlary munuň aýdyň tassyklamasydyr.

Halkara energetika forumyna gatnaşmak üçin halkara guramalarynyň, ÝHHG-ä gatnaşyjy döwletleriň, dünýäniň iri nebit-gaz kompaniýalarynyň, hususy sektoryň ýolbaşçylary we ýokary wezipeli wekilleri, şeýle hem alymlar Aşgabada geldiler. Bu halkara maslahatyna gatnaşmak üçin 60-dan gowrak ýurtlar öz wekiliýetlerini iberdiler.

Halkara maslahatynyň esasy mejlisini açmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda energiýa howpsuzlygy, bu ugurda uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň strategiýasyny işläp düzmek meseleleri babatda ÝHHG bilen Türkmenistanyň hyzmatdaşlygynyň oňyn ähmiýetini belläp geçdi. Türkmenistanyň Baştutanynyň belleýşi ýaly, derwaýyslygy şübhesiz, mese-mälim görnüp duran energiýa howpsuzlygyny çözmegiň meseleleri, ÝHHG-niň agzalarynyň aglabasynyň durmuş bähbitlerine degip geçýär we yklymda geosyýasy ýagdaýyň durnuklylygyna, häsiýetine we makroykdysady proseslere gös-göni täsir edýär.

Şu babatda Türkmenistanyň Prezidenti ÝHHG-niň çäklerinde energiýa gepleşiklerini işjeňleşdirmegiň, energiýa howpsuzlygynyň syýasy, maliýe-ykdysady, tehnologik, ekologik ugurlary boýunça köptaraplaýyn geňeşmeleriň guralyny düzmegiň, ÝHHG-niň giňişliginde energiýa serişdelerini daşamagyň köp görnüşli halkara infrastrukturasyny döretmegi höweslendirmegiň zerurdygyny nygtady. Ol häzirki maslahatyň möhüm ähmiýetini bellemek bilen, bu ugurda häzirkizaman hakykatyna aň ýetirmegiň täze derejesine çykmagyň, energiýany ibermegi syýasatlaşdyrmakdan ýüz döndermegiň, halal, deňhukukly we aýdyň hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň zerurdygy barada aýtdy.

ÝHHG ýokary abraýdan peýdalanýan, täsirli syýasy we intellektual mümkinçilikleri bolan halkara guramasy hökmünde dünýäniň energetika giňişliginde netijeli, adalatly we deňagramly özara gatnaşyklaryň nusgasyny döretmegiň hatyrasyna, döwletleriň tagallalaryny birleşdirmekde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeläp biler we eýelemelidir diýip, Türkmenistanyň Baştutany ynam bildirdi.

Halkara maslahatynyň jemleri boýunça ÝHHG-niň hereket edýän Başlyklygynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi. Energetika forumynyň üstünlikli geçirilendigini bellemek bilen, Taraplar energiýa howpsuzlygynyň meseleleri boýunça ÝHHG-niň häzirki gepleşiklerinde bu maslahatyň möhüm ädim bolandygyny nygtadylar.

Bilelikdäki Beýannamada bellenilişi ýaly: «Maslahatyň dowamynda geçirilen giň pikir alyşmalar, energiýany halkara bazarlaryna ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmegi üpjün etmegiň häzirkizaman we netijeli gurallaryny işläp düzmäge uly gyzyklanmany görkezýär. Şu babatda birnäçe gatnaşyjylar şeýle gurallaryň işlemegini üpjün etmek üçin ähli meseleleri öz içine alýan halkara-hukuk guralyny işläp taýýarlamagyň möhümdigini bellediler. Bu ugur boýunça käbir gatnaşyjylar halkara bilermenler toparyny döretmegi hakyky iş ýüzündäki ädim hökmünde teklip etdiler. Şunuň bilen baglylykda, Maslahata gatnaşyjylar 2014-nji ýylyň başynda Aşgabat şäherinde bilermenleriň halkara duşuşygyny geçirmek baradaky Türkmenistanyň Hökümetiniň teklibini makulladylar».

«Türkmenistan–Hytaý» transmilli turbageçirijisiniň we «Türkmenistan–Eýran» ugry boýunça ikinji gaz geçirijisiniň işe girizilmegi, öz mazmuny boýunça, Ýewraziýa yklymynda ýörelgeleýin täze ýangyç-energetika infrastrukturasynyň dünýä inmegidir.

Gündogar ugrunyň saýlanyp alynmagy ýöne ýerden däldir. Munuň özi Aziýa döwletleri bilen ykdysady hyzmatdaşlygyň ýangyç-energetika çygryny hem goşmak bilen, bu ulgamyň bütin ugruny çuňlaşdyrmaga ilkinjilik ähmiýetini berýän türkmen Lideriniň strategik öňdengörüjiligini ýene-de bir gezek subut edýär. Hususan-da, energiýa serişdeleri bazarynyň döremeginiň ösüş depginlerine birnäçe görkezijiler şaýatlyk edýär. Mysal üçin, eger-de 1970-nji ýylda Aziýanyň paýyna energiýany sarp etmegiň global möçberiniň 15% düşýän bolsa, eýsem täze ýüzýyllygyň başyna bu san hakykat ýüzünde iki esse ösdi. Energiýany global sarp etmegiň umumy möçberiniň 25% öz paýyna düşýän Demirgazyk Amerika we Ýewropa ýurtlary bilen deňeşdirilende, 2030-njy ýyla çenli Aziýa ýurtlarynyň tas 1,5 esse olardan köp sarp etmegine garaşylýar. Şeýle çaklamanyň esaslarynyň biri şu deňeşdirmeler bolup durýar, ýagny Aziýada energiýany sarp etmegiň ösüş depginleri ýylda 3% töweregini düzýär, bu bolsa Demirgazyk Amerikanyň sarp edişiniň iki essesinden hem köpdür we ýewropalylaryň sarp edişinden bolsa 3 esse köpdür.

Türkmen uglewodorodlaryny halkara bazarlaryna daşamak üçin niýetlenilen turbageçirijileriniň çekilmegi, özüniň mazmuny boýunça, diňe bir energiýa howpsuzlygynyň çäklerinden has daşary çykýar. Hususan-da, «Türkmenistan–Hytaý» we «Türkmenistan–Eýran» täze

gaz geçirijileriniň gurluşygynyň üstünlikli tamamlanmagynyň möhümdigini häsiýetlendirmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatyndaky öz çykyşynda şeýle beýan etdi: «Biz olara halkara energetika hyzmatdaşlygyny ýola goýmakda hakyky iş ýüzündäki goşant hökmünde, umumy ýagdaýlara oňyn täsir etmäge, hakykat ýüzündäki durnuklaşdyryjy faktor bolmaga, Aziýa yklymyndaky syýasy we ykdysady gatnaşyklaryň bütin ulgamyna goşmaça durnuklylygy bermäge ukyply faktor hökmünde garaýarys».

Energetika çygrynda halkara başlangyçlaryny öňe sürmekde we amala aşyrmakda Türkmenistanyň Prezidentiniň yzygiderliliginiň ýene-de bir aýdyň subutnamasy hem asyryň iri taslamasyny, ýagny «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» (TOPH) gaz geçirijisiniň gurluşygyny amala aşyrmak boýunça hyzmatdaşlykdyr. Uzaklygy 1735 kilometre barabar bolan TOPH gaz geçirijisi iňňän iri gaz känleriniň mekany bolan günorta-gündogar Türkmenistandan başlangyjyny alar hem-de Owganystanyň we Pakistanyň çäkleri boýunça geçip, pakistan-hindi araçäginde Hindistanyň Fazilka ilatly mekanyna baryp ýeter.

TOPH diňe bir hyzmatdaş ýurtlary energiýa serişdeleri bilen durnukly üpjün etmek işinde däl-de, eýsem Owganystanyň ykdysadyýetini dikeltmekde-de, bütin sebitde onlarça müň goşmaça iş orunlaryny döretmekde-de, sosial infrastrukturany düzmekde-de, syýasy durnuklylygy saklamakda we berkitmekde-de aýgytly ähmiýete eýedir.

Şular babatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda beýan eden we halkara bileleşiginiň makullamasyny hem-de goldawyny alan, global energiýa howpsuzlygyny, hususan-da, TOPH gaz geçirijisiniň taslamasynyň howpsuzlygyny üpjün etmäge degişli başlangyçlary, Türkmenistanyň öz ummasyz uglewodorod mümkinçiliklerini bütin adamzadyň hyzmatynda goýmaga ygrarlydygyny we taýýardygyny ýene-de bir gezek görkezdi.

Ýokarda bellenip geçilişi ýaly, Milletler Bileleşiginiň belent münberinden ýüzlenmek bilen, Türkmenistanyň Baştutany owgan meseleleriniň toplumyna Türkmenistanyň ileri tutýan bäş sany çemeleşmesini öňe sürdi. Şolaryň arasynda TOPH taslamasynyň amala aşyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Şunuň bilen baglylykda, tagallalaryň düýpgöter işjeňleşdirilmeginiň «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygyna gönükdirilendigi bellenip geçildi. Türkmenistanyň Prezidenti: «Transowgan gaz geçirijisi Owganystanyň ykdysadyýetiniň ösmegine düýpli täsir edip, iri sosial, şol sanda ilat üçin iş orunlary bilen baglylykdaky meselelerini çözmäge, maýa goýumlaryny çekmäge ýardan edip biler we umumylykda ýurtdaky syýasy ýagdaýa oňyn täsir eder» diýip, beýan etdi. Şoňa laýyklykda, Türkmenistanyň öz elektrik energiýasyny Owganystana ibermegini ýokarlandyrmak meselelerine seretmäge, şeýle hem owgan çäklerine çykarmak we soňlugy bilen onuň kuwwatlyklaryna birikdirmek maksady bilen, öz energetika infrastrukturasyny giňeltmäge taýýardygy nygtaldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň TOPH taslamasyny okgunly öňe sürmäge ýardam edýän başlangyçlary halkara we sebit çäklerinde syýasy we tehniki-ykdysady derejelerde iş ýüzünde berkidilýär.

Hususan-da, 2008-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Owganystan Yslam Respublikasyna döwlet saparynyň dowamynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ýangyç-energetika toplumy çygryndaky hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi. Resminamada Transowgan gaz geçirijisiniň taslamasynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň ähmiýeti bellenildi. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan tarapyndan dostlukly Hindistan bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça anyk ädimler ädildi. Has takygy, 2008-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler ministrligi bilen Hindistan Respublikasynyň Nebit we tebigy gaz ministrligi nebit we gaz çygrynda hyzmatdaşlyk boýunça özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekdiler. Resminama Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we transmilli energiýa köprüsini geçirmegiň taslamasyny amala aşyrmaga Hindistanyň ýokary gyzyklanma bildirýändigini tassyklan, Hindistanyň wise-prezidenti, Ýokary palatasynyň başlygy Hamid Ansari gol çekdiler. Hut şol aýyň özünde Türkmenistan, Owganystan, Pakistan we Hindistan TOPH-y gurmak hakynda Çarçuwaly ylalaşyga gol çekdiler.

Eýýäm 2008-nji ýylyň maýynda Aşgabatda TOPH taslamasynyň Tehniki iş toparynyň birinji mejlisi geçirildi. Onda gatnaşyjy ýurtla-

ryň bilermenleri «mawy ýangyjy» iberiji ýurt hökmünde Türkmenistanyň garaýşynyň doly esaslandyrylandygyny tassykladylar we dünýä energetika bazaryndaky ýagdaýy hasaba almak bilen, gazyň bahasyny işläp düzmek hakynda ylalaşdylar. Şonda-da degişli resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak boýunça işler başlandy. Olaryň hatarynda bu iri möçberli taslamanyň her bir gatnaşyjysynyň hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemäge gönükdirilen, gazy üstaşyr geçirmek, satyn almak-satmak, konsorsium hakynda Ylalaşyklar bardyr.

2009-njy ýylyň martynda Tähranda geçirlen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 10-njy Sammitiniň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Aly Zardari duşuşdylar. Döwletara gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda iki döwletiň baştutanlary hyzmatdaşlygyň iň möhüm taslamalarynyň arasynda TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygyny nygtadylar. Pakistanyň bu taslama ygrarlydygy, 2010-njy ýylyň dekabrynda Aşgabatda, Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň Türkmenistana iş saparynyň çäklerinde ýokary derejedäki türkmen-pakistan gepleşiklerinde öz anyk tassyklamasyny tapdy.

2010-njy ýylyň maýynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Hindistan Respublikasyna döwlet saparynyň dowamynda bu ägirt uly taslamanyň çalt depginler bilen ösmegine kuwwatly itergi berildi. Onda türkmen Lideriniň bu ýurduň döwlet liderleri – Premýer-ministr Manmohan Singh we Prezident Pratibha Dewising Patil bilen üstünlikli gepleşikleri geçirildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Hindistanyň Premýer-ministri Manmohan Singh bilen duşuşygy mahalynda energetika pudagyndaky hyzmatdaşlygyň aýratyn ähmiýetini belledi. Ol: «Şunuň bilen baglylykda biz Hindistana öz geljekki strategik hyzmatdaşymyz, ony diwersifikasiýalaşdyrmak ýoly bilen halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi hökmünde garaýarys. Bu bolsa türkmen tebigy gazynyň eksportunyň täze ugurlaryny ulanmaklygy, goşmaça turbageçirijiler ulgamlarynyň gurluşygyny göz öňünde tutýar. Şonuň üçin biz türkmen energiýa serişdelerini daşamagyň günorta ugry boýunça, ýagny hindi bazaryna çykmak bilen, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan ugry

boýunça taslamanyň amala aşyrylmagynyň geljegi bar hasap edýäris. Hindistanyň ykdysadyýýetiniň we senagatynyň energiýa serişdelerine bolan talaby artýar. Öz nobatynda, uzakmöhletleýin esasda öz energiýa serişdelerini Hindistana eksport etmek üçin Türkmenistanyň ähli mümkinçilikleri bar» diýip nygtady.

Şu ýeriň özünde Türkmen döwletiniň Baştutany ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesini, şol sanda Hindistanyň Nebit we tebigy gaz ministri jenap Murli Deora bilen duşuşyk geçirdi. Bu möhüm energetik taslama ygrarlydygyny tassyklamak bilen, hindi tarapy Hindistanyň okgunly ösýän ykdysadyýýetiniň energiýa serişdelerine barha ösýän talaby bilen şertlendirilen, türkmen «mawy ýangyjynyň» iberilmegine öz ýokary gyzyklanmasyny aýratyn belledi. Häzirki wagtda bu ýurtda energiýa serişdelerine bildirilýän talap her ýylda 10 % ösýär.

«Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň taslamasy boýunça Tehniki iş toparynyň we Ýolbaşçy komitetiniň Aşgabatda geçirilen nobatdaky mejlislerinde TOPH taslamasy boýunça saldamly ösüşler gazanyldy. Olaryň işleriniň netijeleri boýunça geljekki gaz magistralynyň we «mawy ýangyjy» ibermegiň şertleriniň birnäçe anyk tehniki taraplary ylalaşyldy.

2010-njy ýylyň sentýabrynda Aşgabatda geçirilen TOPH-yň Ýolbaşçy komitetiniň 11-nji mejlisiniň jemleri boýunça Türkmenistanyň, Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň pudaklaýyn ministrlikleriniň ýolbaşçylary gaz geçirijisini gurmak boýunça Çarçuwaly ylalaşyga, dört ýurduň pudaklaýyn kompaniýalary bolsa, tebigy gazy satyn almak-satmak hakyndaky Ylalaşygyň degişli baplaryna goşmaça Protokola gol çekdiler. Şeýle hem TOPH gaz geçirijisiniň taslamasyny amala aşyrmak hakynda Türkmenistanyň, Owganystanyň, Pakistanyň we Hindistanyň hökümetleriniň arasyndaky Ylalaşygyň taslamasyny utgaşdyrmak boýunça uly işler geçirildi.

2010-njy ýylyň noýabrynda TOPH-yň taslamasy boýunça Tehniki iş toparynyň 8-nji mejlisiniň çäklerinde gaz geçirijisini amala aşyrmak hakynda oňa gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky hökümetara ylalaşygynyň taslamasynyň gutarnykly görnüşi ylalaşyldy. Şeýle hem türkmen tebigy gazyny satyn almak-satmak hakyndaky Ylalaşyk boýunça onuň möhüm meseleleri ylalaşyldy. Noýabr duşuşygynda Pakistan tarapy geljekki gaz magistralynyň geçjek çäklerinde howp-

suzlygy üpjün etmegiň meseleleri boýunça tanyşdyryş geçirdi. Türkmenistanyň wekilleri, öz nobatynda, turbageçirijiler boýunça tebigy gazy uzakmöhletleýin ibermek üçin çeşmeleriň binýady hakyndaky maglumaty geljekki satyn alyjylara ýetirdi.

2010-njy ýylyň 7-10-njy dekabrynda Aşgabatda TOPH-yň Tehniki iş toparynyň 9-njy mejlisi geçirildi. Onuň dowamynda Taraplar birnäçe galan meseleleri, şol sanda tebigy gazy satyn almak-satmak hakyndaky Ylalaşygy taýýarlamak boýunça meseleleri ylalaşdylar we TOPH-yň taslamasyny çalt depginlerde öňe sürmegiň meýilnamasyny takykladylar.

TOPH-yň taslamasyny amala aşyrmak hakynda gatnaşyjy ýurtlaryň arasyndaky hökümetara Ylalaşygyň taslamasynyň we gaz geçiriji hakynda ozal parafirlenen Çarçuwaly ylalaşygyň gutarnykly görnüşleri 2010-njy ýylyň 10-njy dekabrynda Türkmenistanyň paýtagtynda geçirilen TOPH-yň Ýolbaşçy komitetiniň 12-nji mejlisine gatnaşyjylar tarapyndan seredildi. 2010-njy ýylyň 11-nji dekabrynda Aşgabat sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Hamid Karzaý, Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Aly Zardari we Hindistan Respublikasynyň Nebit we tebigy gaz ministri Murli Deora «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi hakynda» Türkmenistanyň Hökümetiniň, Owganystan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň, Pakistan Yslam Respublikasynyň Hökümetiniň we Hindistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Çarçuwaly ylalaşyga gol çekdiler.

Türkmenistanyň Prezidenti sammitde çykyş etmek bilen, 1735 kilometr uzynlykdaky TOPH gaz geçirijisi boýunça her ýylda türkmen tebigy gazynyň 33 milliard kubmetr möçberini ibermek amala aşyrylar diýip belledei we «Täze energiýa köprüsi biziň ýurtlarymyzy bilelikdäki maksatlara anyk aň ýetirmek, uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň geljegine göz ýetirmek esasynda hakyky dostlugyň we doganlygyň halkasy bilen has mäkäm baglar» diýip nygtady. Taslama laýyklykda, TOPH gaz geçirijisi – Türkmenistanyň iň iri gaz känleriniň ýerleşen gündogar sebitinden öz başlangyjyny alar we Owganystanyň, Pakistanyň çäkleri boýunça geçirilip, pakistan-hindi araçäginde Hindistanyň Fazilka ilatly mekanyna ýetiriler.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygy – diňe bir özara bähbitli energetika we ykdysady taslama däl-de, eýsem halkara energetika giňişliginde, diýmek, uly geosyýasatda hem, döwletleriň bähbitleriniň utgaşyklylygynyň we sazlaşyklylygynyň hakykatdygyny we iş ýüzünde amala aşyryp bolýandygyny tassyklaýan ummasyz syýasy ähmiýetli wakadyr. Bu taslama – syýasy erkiň we oňynlygyň bar mahalynda esasy maksada, ýagny energiýa serişdelerini öndürijileriň, üstaşyr geçirijileriň we sarp edijileriň bähbitleriniň deňligini üpjün etmäge ýetip bolýandygynyň ynamly şaýadydyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň nygtaýşy ýaly, şu taslama amala aşyrylanda ähli dört döwlet, ilkinji nobatda, özara hormat goýmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk, köptaraplaýyn bähbitlilik we birek-biregiň bähbitlerini hasaba almak ýörelgelerine esaslanýarlar. Türkmenistan tebigy gazy öndüriji ýurt hökmünde «mawy ýangyjy» TOPH turbageçirijisi boýunça ibermek bilen, Pakistanyň we Hindistanyň ykdysadyýetleriniň barha ösýän uzakmöhletleýin talaplaryny üpjün eder. Owganystan üçin bu taslamanyň amala aşyrylmagy ykdysady we sosial ugurlarda hakyky bähbitleri getirer, aýratyn hem, täze senagat infrastrukturasyny döretmegiň maksatnamalarynda we ilatyň iş bilen üpjün edilmeginde ol has ähmiýetli bolar.

Türkmenistanyň Baştutany şeýle hem uzakmöhletleýin durnuklylygy we howpsuzlygy berkitmek nukdaýnazaryndan, TOPH gaz geçirijisini gurmak boýunça taslamanyň örän uly ähmiýetiniň bardygyny belledi. Dört döwleti umumy gyzyklanmalar we maksatlar bilen birikdirýän TOPH-yň taslamasynyň bilelikde amala aşyrylmagy olaryň arasynda çuňňur özara düşünişmäge we ynanyşmaga ýardam eder, şeýle-de, Aziýadaky ýagdaýlary we syýasy klimaty gowulandyrmaga gulluk eder.

«Biz şeýle hem TOPH taslamasynyň amala aşyrylmagyna Türkmenistanyň halkara energetik strategiýasynyň wajyp ugurlarynyň biri hökmünde garaýarys. Onuň esasgoýujy ýörelgesi dünýä bazarlaryna türkmen energiýa serişdelerini, şol sanda köp görnüşli turbageçirijiler infrastrukturasyny döretmek arkaly ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmak bolup durýar. Şeýlelik bilen, TOPH taslamasy, dürli ugurlar boýunça täze gaz geçirijilerini gurmagy göz öňünde tutýan, Türkmenistanyň giň halkara hyzmatdaşlygy baradaky syýasatynyň logiki dowamy bolýar. Şunuň bilen birlikde, bu taslamanyň täjirçilik we yk-

dysady bähbitlerden başga-da, sebitdäki we onuň daşyndaky umumy ýagdaýlara durnuklaşdyryjy täsir etmäge gönükdirilendigini belläp geçesim gelýär» diýip, milletiň Lideri nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti 2011-nji ýylyň 14-nji noýabrynda Pakistan Yslam Respublikasyna öz sapary wagtynda Pakistan tarapyna, aýratyn hem, onuň Prezidenti Asif Aly Zardarä Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryny we tekliplerini goldandyklary üçin hoşallyk bildirdi. Gürrüň energiýa howpsuzlygy çygryndaky we şu maksatlar bilen degişli halkara-hukuk binýadyny döretmek hakyndaky Türkmen döwletiniň başlangyçlary barada barýar. Pakistan 2008-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyny işjeň goldady we onuň awtordaşlarynyň biri boldy. Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary barada aýtmak bilen, iki döwletiň Baştutanlary energetika çygryndaky özara hereketi aýratyn nygtadylar. Ol bilelikdäki tagallalaryň netijesinde okgunly öňe barýan TOPH gaz geçirijisiniň taslamasyny amala aşyrmak boýunça strategik hyzmatdaşlykdyr. Ýatlanyp geçilen saparyň dowamynda TOPH gaz geçirijisiniň taslamasy boýunça gazy satyn almak-satmak bilen baglanyşykly ylalaşyk babatda Bilelikdäki jarnama gol çekildi.

2012-nji ýylyň 23-nji maýynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda III gaz kongresiniň açylyş dabarasynda ýurtlaryň degişli pudaklarynyň arasynda tebigy gazy satyn almak-satmak hakynda şertnamalara gol çekildi, şeýle hem şol ýeriň özünde TOPH taslamasy boýunça Ýolbaşçy komitetiň 15-nji mejlisiniň dowamynda taslama boýunça geljekki işler ara alnyp maslahatlaşyldy.

2012-nji ýylyň 2-3-nji awgustynda türkmen paýtagtynda TOPH gaz geçirijisiniň taslamasy boýunça Tehniki iş toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa bu ägirt uly taslamanyň amala aşyrylmagyna gatnaşýan dört ýurduň hem, şeýle-de Aziýa ösüş bankynyň (AÖB) wekilleri gatnaşdylar. Mejlisde gaz geçirijisini gurmak we geljekde onuň ulanylmagyny üpjün etmek üçin bu taslamany maliýeleşdirmegiň we konsorsium döretmegiň nobatdaky möhüm ädim boljakdygy bellenildi. Munuň üçin zerur bolan hukuk binýadynyň eýýäm döredilendigi aýratyn nygtalyp geçildi.

Mejlisiň barşynda taslamany iňňän çalt depginlerde amala aşyrmak bellenildi we bu ugurdaky bilelikdäki tagallalary işjeňleşdirmegiň zerurdygy nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda duşuşygyň gün tertibiniň esasy meseleleriniň biri dünýäniň aýry-aýry künjeklerinde, has takygy, Singapur, Nýu-Ýork, London şäherlerinde biznes-tury, duşuşyklary, tanyşdyryş dabaralaryny guramak we geçirmek boldy. Onuň maksady dünýäniň öňdebaryjy halkara nebit-gaz kompaniýalaryny we maliýe institutlaryny TOPH taslamasyny amala aşyrmak üçin döredilýän konsorsiuma çekmek boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen, 2012-nji ýylyň sentýabr aýynyň dowamynda bu tanyşdyryş çäreleri üstünlikli geçirildi. Olar Türkmenistanyň energetika syýasatynyň wajyp ugrunyň dünýäniň başga döwletleri we işewürleri bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek bolup durýandygynyň, biziň ýurdumyzyň, adatça, bu hyzmatdaşlygy hoşniýetlilik we özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda guraýandygynyň aýdyň şaýady boldy.

2015-nji ýylyň ahyrynda TOPH taslamasy iş ýüzünde amala aşyrylyp başlandy. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti ýokarda ýatlanylyp geçilen gazy eksport ediji ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň sammitinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Halkara energetika ulgamyna täze sebitleriň we bazarlaryň çekilmegi dünýäde senagat önümçiligine, söwdanyň ösmegine, maýa goýumlarynyň artmagyna goşmaça kuwwatly itergi berer. Şonuň ýaly-da, täze iş orunlaryny döretmäge ýardam eder. Bu bolsa, sebitleriň we döwletleriň syýasy ýagdaýynyň durnuklaşmagyna uly goldaw berer. «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasy bu ugurda möhüm ähmiýete eýedir. Biz bu taslama birek-birege hormat goýup, deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegiň mysaly hökmünde garaýarys. Bu taslama gatnaşýan ýurtlaryň uzak möhlete niýetlenen bähbitleri we ösüş gazanmak boýunça maksatlary umumydyr. Biz bu döwletleriň taslamany durmuşa geçirmäge jogapkärçilikli we hakyky ýagdaýlardan ugur alyp çemeleşýändiklerine ýokary baha berýäris. Biziň Aziýadaky we Ýewropadaky hyzmatdaşlarymyz, örän iri maliýe edaralary, ilkinji nobatda bolsa, Aziýanyň Ösüş banky bu taslamany durmuşa geçirmäge uly goldaw berýär. Bu bolsa, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň taslamasyny amala aşyrmagyň möhüm ähmiýetiniň bardygyna düşünmek bilen garalýandygyny aýdyň subut edýär. Häzirki döwürde bu taslama

iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlandy. Türkmenistan ýakyn günlerde bu gaz geçirijiniň öz çäklerinden geçýän böleginiň gurluşygyna başlar. «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň taslamasynyň ylalaşylan möhletlerde, ýagny 2018-nji ýylda doly tamamlanjakdygyna men berk ynanýaryn!»

Aradan köp wagt geçmänkä, has takygy, 2015-nji ýylyň 13-nji dekabrynda bu dört döwletiň baştutanlarynyň gatnaşmagynda TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygyna dabaraly ýagdaýda badalga berildi.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Energiýa serişdeleriniň diwersifikasiýasyna nähili düşünýärsiňiz?
2. Transmilli «Türkmenistan–Hytaý» gaz geçirijisiniň ähmiýeti nämede?
3. «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisiniň gurluşygy barada aýdyp beriň.

## § 5. Türkmenistanyň Ýewropa tarap gönükdirilen energetika strategiýasynyň esasy ugurlary

Türkmenistanda türkmen gazyny eksport etmegiň geljegi bar bolan dürli ugurlary işjeň öwrenilýär. Hususan-da, tebigy gazy öndürijileriň has irileriniň biri bolan Türkmenistanyň eýýäm ýakyn onýyllykda energiýa serişdeleriniň importynyň ösmegi çak edilýän Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen bähbitleriniň utgaşmagy soňky ýyllarda döwletara derejelerinde barha ösýän özara gatnaşyklary şertlendirdi.

Türkmenistan energetika çygrynda Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça yzygiderli ädimleri amala aşyrýar. Ýewropa Bileleşigine agza bolan ähli döwletleriň 2008-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek hem durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyny ähli taraplaýyn goldandygyny we onuň ko-sponsory bolup çykyş edendigini belläp geçmek zerurdyr. Bu Ýewropa Bileleşigine girýän ýurtlaryň dünýäde nebiti we gazy öndürijileriň iň irileriniň biri bolan Türkmenistan bilen energetika babatynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ymtylmalarynyň aýdyň şaýadydyr.

Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hoşniýetlilige, açyklyga, birek-birege hormat goýmaklyga we özara ykdysady bähbitlere esaslanýan, hil taýdan täze gatnaşyklaryň ýangyç-energetika çygrynyň binýadynda döremegi doly kanunalaýyklykdyr. Ýewropa ýurtlarynyň çak edilýän energiýa serişdelerini sarp etmäge bolan talaplarynyň ösmegi, iri energiýa serişdelerini iberiji we dünýäniň energetika bazaryndaky esasy oýunçylaryň biri hökmünde, olaryň Türkmenistana bolan gyzyklanmalaryny şertlendirýär.

Bu işleriň başy 2007-nji ýylyň güýzünde Türkmen döwletiniň Baştutanynyň birleşen Ýewropanyň Brýusseldäki ştab-kwartirasyna saparynyň çäklerinde başlandy. Şonda geçirilen gepleşikleriň dowamynda gazanylan netijeleriň biri Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky energetika hyzmatdaşlygy çygrynda özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama boldy. Soňra oňa 2008-nji ýylyň maýynda Aşgabatda gol çekildi we türkmen paýtagtynda Ýewropa Öýi açyldy. Şondan soň Ýewropa Bileleşiginiň Energetika boýunça komissarynyň Aşgabada, şeýle hem Türkmenistanyň Hökümetiniň wekiliýetiniň Brýussele saparlary bolup geçdi. Energetika babatyndaky hyzmatdaşlygyň meseleleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýewropa ýurtlaryna, şol sanda Germaniýa, Awstriýa, Fransiýa, Rumyniýa, Bolgariýa, Italiýa we beýleki Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlara saparlarynyň dowamynda ara alnyp maslahatlaşyldy.

Tebigy gazy sarp etmegiň barha ösýän möçberlerini kanagatlandyrmak üçin Hytaý hem, Hindistan hem uglewodorodyň bu görnüşiniň importuny ösdürmegi çelgi edinýär, şunda Türkmenistana strategik iberijileriň biri hökmünde garalýar.

Uglewodorod çig malynyň ummasyz ätiýaçlyk gorlary, türkmen ýangyç-energiýa ulgamynyň öňdebaryjy ösüş strategiýasy we şoňa laýyklykda pudaga uly möçberlerdäki maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi, amatly maýa goýum ýagdaýy, ýurduň ygtybarly hyzmatdaş hökmündäki abraýy, öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi – bularyň ählisi Türkmenistan bilen dünýä nebit-gaz işewürliginiň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň haýryna saldamly delil bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, Türkmenistan dünýä bazarlaryna ýurduň energiýa serişdelerini çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak ugruna yzygiderli eýerýär we özara bähbitli iri halkara taslamalary-

na gatnaşmak üçin öz ähli mümkinçiliklerini ulanýar. 2009-njy ýylyň noýabrynda özüniň Italiýa sapary mahalyndaky biznes-forumda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti türkmen uglewodorodlaryny ulanmagyň möçberlerini anyk kesgitledi. «Ýurduň jemlenen uglewodorod ätiýaçlyklarynyň 45 milliard tonna şertli ýangyja barabar bolmagy, ýagny onuň ummasyz çeşmeler mümkinçiliklerine eýe bolmagy bilen, Türkmenistan öz tebigy baýlyklaryny bütin adamzada hyzmat etmäge gönükdirmegi niýet edinýär» diýip, ol beýan etdi.

Türkmenistanyň Baştutany şunlukda ýurduň energetika pudagyny ösdürmegiň uly geljekki meýilnamalary hakynda şaýatlyk edýän anyk sanlara salgylandy. Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, 2030-njy ýyla çenli nebiti we gaz kondensatyny çykarmagyň möçberini 110 milliard tonna çenli, tebigy gazy bolsa – 250 milliard kubmetre çenli ösdürmek göz öňünde tutulýar. Bu maksatlar nebitiň we gazyň çykarylyşynyň möçberlerini köpeltmek we geologiýa-gözleg işlerini giňeltmek üçin iri maýa goýumlaryny goýmak esasynda, täzeden işleýiş senagatynda täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek, Türkmenistanyň nebit-gaz pudagyny çuňňur ösdürmek üçin gönükdirilendir. Olar özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygynyň netijesinde mümkindir.

Türkmen energiýa serişdeleriniň eksportynyň Ýewropa ugruny kesgitlemek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti: «Biziň ýurdumyz, umumylykda Ýewropa ýurtlary bilen gatnaşyklarymyz ýaly, Italiýa bilen hem deňhukukly özara hyzmatdaşlyk üçin açykdyr diýip ynandyryp bilerin. Ýewropa Bileleşigi bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň ösdürilmegi köp babatda bu gurama bilen Merkezi Aziýanyň strategiýasyna ýardam edýär. Mälim bolşy ýaly, 2007-nji ýylda kabul edilen bu strategiýanyň ileri tutulýan ugry energetika hyzmatdaşlygydyr. Şu ýörelgeden ugur alyp, türkmen tarapy Ýewropa Bileleşigine agza döwletler bilen işjeň gepleşikleri alyp barýar. Olaryň netijesinde 2008-nji ýylyň maýynda Ýewropa Bileleşigi bilen Türkmenistanyň arasynda energetika çygrynda özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi» diýip belledi.

Şu ýerde, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň noýabrynda Bakuda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň üçünji Sammitindäki çykyşynda Hazaryň düýbi boýunça turbageçirijini çekmek babatdaky esasy meselä öz garaýşyny beýan edendigini ýat-

lap geçmek ýerliklidir. Şonda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow: «Hazar deňziniň düýbi boýunça turbageçirijileriniň gurluşygy biziň üçin ýörelgeleýin meseledir. Türkmenistan Hazarda suwasty turbageçirijini gurmagyň diňe öz deňizdüýbi çäklerinden şeýle turbalaryň geçiriljek taraplaryň razylygy bilen amala aşyrlyp bilinjekdigine berk ynanýar. Elbetde, şunlukda iň ýokary halkara ekologik ülňüleri we kadalary üpjün ediler» diýip nygtady.

Türkmen-ýewropa gatnaşyklarynda Ýewropa komissiýasynyň başlygy Žoze Manuel Barrozunyň 2011-nji ýylyň ýanwaryndaky Türkmenistana resmi sapary möhüm waka boldy. Gepleşikleriň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow häzirkizaman dünýäsinde energiýa howpsuzlygynyň meseleleriniň derwaýyslygyna we ony üpjün etmegiň ýörelgeleýin täze çemeleşmelerini işläp taýýarlamagyň zerurdygyna hyzmatdaşlar tarapyndan düşünilýändigini we oňat göz ýetirilýändigini mübärekledi. Türkmenistanyň Prezidenti gepleşikleriň dowamynda: «Şu babatda Türkmenistan öz energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgelerini işläp düzýär we yzygiderli durmuşa geçirýär» diýip, sözüni dowam etdi. Energiýa syýasatynda Ýewropa ugruny ösdürmäge Türkmenistanyň taýýardygyny bellemek bilen, Türkmenistanyň Baştutany munuň üçin ähli şertleriň bardygyny nygtady. Ýewropa bazarlaryna Türkmenistandan tebigy gazy daşamagyň ýollary babatda bolsa, onuň birnäçe görnüşleri bardyr.

Täjirçilik, maliýe we infrastrukrura nukdaýnazarlaryndan olaryň iň özüne çekijisi – Hazaryň düýbi boýunça turbageçirijiniň gurluşygydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň 18-nji noýabrynda Bakuda geçirlen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň üçünji Sammitindäki çykyşynda Hazaryň düýbi boýunça turbageçirijini çekmek babatdaky, bu suwasty turbageçirijini gurmak üçin öz deňizdüýbi çäklerinden şeýle turbalaryň geçiriljek taraplaryň razylygynyň ýeterlikdigi, şunlukda iň ýokary halkara ekologik ülňüleriniň we kadalarynyň üpjün edilmelidigi baradaky meselelere öz garaýşyny beýan edendigini ýatladyp geçdi. Gazy daşamagyň ýollary hakynda aýtmak bilen, Türkmenistanyň Baştutany suwasty turbageçirijiler bilen bir hatarda Hazaryň üsti bilen gysylan tebigy gazy daşamak mümkinçiliklerine hem ünsi çekdi. Hormatly Prezidentimiz «Munuň üçin ýöriteleşdirilen infrastrukturany döretmek

we tanker flotunyň bolmagy talap edilýär. Türkmen gazyny Ýewropa daşamagyň şu we başga görnüşleri Türkmenistanyň hem-de gyzyklanma bildirýän Ýewropa döwletleriniň hökümetleriniň we kompaniýalarynyň arasynda iň düýpli ara alyp maslahatlaşmalaryň predmeti bolup biler diýip hasaplaýaryn» diýip aýtdy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça, Ýewropa komissiýasynyň başlygy Žoze Manuel Barrozunyň 2011-nji ýylyň ýanwaryndaky Türkmenistana resmi saparynyň dowamynda energetika hyzmatdaşlygy boýunça Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Ýewropa Bileleşiginiň gatnaşmagynda üçtaraplaýyn işçi toparyny döretmek hakynda ylalaşyk gazanyldy. 2011-2012-nji ýyllaryň dowamynda görkezilen toparyň birnäçe duşuşyklary geçirildi, olaryň nobatdakysy 2012-nji ýylyň sentýabrynda Aşgabatda geçdi. Bu mejlisleriň barşynda ýokarda görkezilen ylalaşygyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunlukda türkmen tarapy Ýewropa ugry boýunça türkmen tebigy gazyny ibermek üçin kepillikleri üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleleri öňe sürdi.

2011-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyna gatnaşmak üçin sapar bilen Nýu-Ýorkda bolan mahalynda, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ýewropa komissiýasynyň başlygy jenap Žoze Manuel Barrozu bilen duşuşdy. Jenap Žoze Manuel Barrozu umumy howpsuzlygy, durnuklylygy we sebitde hem-de dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmek üçin şertleri döretmäge gönükdirilen, Türkmenistanyň Baştutany tarapyndan öňe sürlen halkara başlangyçlarynyň möhümdigini we öz wagtyndadygyny ýene-de bir gezek aýratyn nygtady. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan alnyp barylýan progressiw daşary syýasat ugruny Ýewropa Bileleşigi doly goldaýar diýip Ýewrokomissiýanyň başlygy beýan etdi. Pikir alyşmalaryň dowamynda ileri tutulýan ugur hökmünde energetika çygry aýratyn tapawutlandyryldy. Türkmenistanyň we Ýewropa Bileleşiginiň bu ugurdaky hyzmatdaşlygy global energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň bähbitlerine laýyk gelýär. Bu çygyrda-da, ähli daşary syýasat strategiýasyndaky ýaly, Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny goldaýar we Ýewropa kompaniýalaryny ýangyç-energetika çygrynda özara peýdaly giň hyzmatdaşlyga çagyrýar, olaryň köpüsi eýýäm ýurdumyzda üstünlikli işleýärler diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Türkmenistan-Ýewropa energogepleşikleri Türkmenistanyň Prezidentiniň Ýewropa Bileleşiginiň ýokary wezipeli wekilleri bilen duşuşyklarynyň gün tertibinde durýar. Hususan-da, 2010-njy ýylyň 14-nji aprelinde Türkmenistanyň Baştutany Aşgabatda geçirilýän I Halkara gaz kongresine uly wekiliýetiň ýolbaşçysy hökmünde gatnaşmak üçin gelen, Ýewropa Bileleşiginiň Energetika meseleleri boýunça komissary jenap Gýunter Ottingeri kabul etdi.

Ýurduň daşary syýasatynyň ileri tutulýan möhüm tarapy Ýewropa ugry bolup durýar we bolmagynda galýar diýip, tassyklamak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti soňky ýyllarda ýewropaly hyzmatdaşlar bilen ýokary derejeli gepleşikleriň ýola goýlandygyny kanagatlanma bilen belledi. Onuň belleýşi ýaly, bu hyzmatdaşlyk Türkmenistan tarapyndan saýlanyp alnan köpugurly daşary syýasat ugrunyň dogrudygyny tassyklap, täze hil we mazmun bilen onuň üstüni ýetirdi.

Adat bolşy ýaly, işjeň we oňyn ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda parahatçylygy we global howpsuzlygy, şol sanda energiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen umumy maksatlaryň hem wezipeleriň çäklerinde Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we ony giňeltmegiň geljegi hakynda gyzyklanmalaýyn pikir alyşmalar geçirildi. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Prezidenti we onuň myhmany 2008-nji ýylyň maýynda gol çekilen özara düşünişmek we Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda energetika çygryndaky hyzmatdaşlyk hakyndaky, öz mazmuny boýunça bu strategik wajyp ugurdaky oňyn özara hereketiň başyny başlan Ähtnamanyň möhüm ähmiýetini bellediler.

Ýangyç-energetika çygrynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýewropaly hyzmatdaşlaryň ähli tarapdan gyzyklanma bildirýändigi barada aýtmak bilen, Gýunter Ottinger, ýokary gyzyklanmanyň birnäçe ýagdaýlar, ilkinji nobatda, ýurtda saklanyp gelýän syýasy durnuklylyk, Türkmenistanyň ummasyz çeşmeleri we ykdysady mümkinçilikleri hem-de onuň ygtybarly we borçnama ygrarly hyzmatdaş hökmündäki abraýy bilen şertlendirilýändigini belledi. Bellenip geçilişi ýaly, Ýewropanyň bütin dünýäde belli bolan iri kompaniýalary Türkmenistan bilen doly möçberli, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga taýýardyklaryny barha köp isleg bildirýärler. Şunuň bilen baglylykda myhman öz häzirki saparyny iň ýokary derejede peýdaly bolar ýaly ulanmagy niýet edinýändigi barada beýan etdi. Onuň çäklerinde ýewropaly işewürleriň

gyzyklanmalaryny öňe sürmek maksady bilen, Ýewropa Bileleşiginiň wekiliýetiniň agzalarynyň türkmen paýtagtynda ilkinji gezek geçirilýän Halkara gaz kongresine we sergisine gatnaşjakdyklaryny aýtdy.

Hyzmatdaşlyk baradaky pikirleri dowam edip, Türkmenistanyň Prezidenti uglewodorod çig malynyň garaşsyz bilermenler tarapyndan tassyklanan ummasyz gorlaryna eýe bolmak bilen, Türkmenistanyň türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň eksport ugurlaryny giňeltmek boýunça islendik tekliplere seretmäge taýýardygyny beýan etdi. Bu garaýyş bilen doly ylalaşmak we ony goldamak bilen, Ýewropa Bileleşiginiň Komissary ýurduň örän baý çeşmeler mümkinçiligini dünýä bileleşiginiň hyzmatynda goýmaga gönükdirilen Türkmenistanyň öňe sürýän energetika taslamalarynyň uly ähmiýetini belledi we täze bilelikdäki taslamalaryň amala aşyrylmagyna ähli taraplaýyn gyzyklanma bildirdi hem-de olaryň, gürrüňsiz, Türkmenistanyň we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň arasynda mundan beýläk hem ýakynlaşmaga we özara düşünişmäge hyzmat etjekdigini nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň 15-nji noýabrynda Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça Ýörite wekili, Ilçi jenap Pýer Moreli kabul etdi. Myhman Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga Ýewropa Bileleşiginiň uly gyzyklanma bildirýändigini aýtdy. Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlary bilen uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyk strategiýasy hakynda aýtmak bilen, jenap Pýer Morel energetika çygrynda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň dürli ugurlaryna üns berdi, ýurduň ummasyz ykdysady we çeşmeler mümkinçiliklerini hem-de global energiýa howpsuzlygyny berkitmekde onuň barha ösýän ornuny nazarda tutmak bilen, hyzmatdaşlygyň geljeginiň aýratyn uludygyny belledi.

2012-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanda iş sapary bilen bolýan Ýewropa Bileleşiginiň Energetika boýunça baş müdirliginiň direktorynyň wezipesini ýerine ýetiriji jenap Žan-Arnold Winuanyň baştutanlygyndaky Bileleşigiň wekiliýeti Türkmenistanyň Hökümetinde kabul edildi. Bu ýerde bolan duşuşyklaryň çäklerinde Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, şol sanda ýangyç-energetika çygryndaky häzirki ýagdaý we ony ösdürmegiň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Jenap Žan-Arnold Winua bu öňdengörüjilikli strategiýany, şeýle hem

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan öňe sürülýän täze, häzirkizaman hakykatyna we energiýa howpsuzlygynyň global ulgamynyň talaplaryna jogap berýän halkara başlangyçlaryny Ýewropada mübärekleýändiklerini belledi. Gepleşikleriň dowamynda halkara energetika giňişliginde Türkmenistanyň we Ýewropa Bileleşiginiň hyzmatdaşlygynyň ygtybarly we berk hukuk esaslaryny döretmek boýunça bilelikdäki işi dowam etmegiň zerurdygyna aýratyn üns berildi.

2012-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Energetika we tebigy serişdeler ministri jenap Taner Ýyldyzy kabul etdi. Türkmenistanyň energetika syýasatyny, hususan-da, energiýa serişdeleriniň eksportynyň diwersifikasiýasy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda işlenip taýýarlanylan milli strategiýasynyň amala aşyrylmagynyň uly ähmiýeti barada belläp geçmek bilen, myhman türkmen tarapynyň oňyn başlangyçlaryna dünýä arenasynda ähli taraplaýyn ýardam bermäge we goldamaga, şeýle hem ýurduň ýangyç-energetika toplumynyň infrastruktura obýektlerini täzeden enjamlaşdyrmak boýunça biziň ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän wajyp energetika taslamalaryny amala aşyrmaga, türkmen energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna ibermegiň köpgörnüşli ösen ulgamyny döretmäge iň işjeň görnüşde gatnaşmaga Türkiýäniň hemişe taýýardygyny nygtady.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky energetika hyzmatdaşlygy çygrynda özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnamanyň mazmunyny düşündiriň.
2. Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmekde halkara hyzmatdaşlygynyň mazmuny nämede?
3. Türkmenistanyň Ýewropa ýurtlary bilen gatnaşyklary nähili ösýär?

## § 6. Energetika diplomatiýasy giň möçberli halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň netijeli guralydyr

Türkmenistanyň Prezidentiniň global energetika giňişliginde milli bähbitleri goramak boýunça wezipeleri netijeli amala aşyrmaga, dünýä bazaryna türkmen uglewodorodlaryny çykarmagyň köp görnüşli taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin daşary syýa-

sat şertlerini üpjün etmäge bildirýän ýokary talaby, ýurduň energetika diplomatiýasynyň maksatlaryny we wezipelerini guramaga ýörelgeleýin täze çemeleşmelere hem doly degişlidir. Şu babatda 2009-njy ýylyň 18-nji fewralynda ýurduň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Daşary işler ministrliginiň, daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalaryň we missiýalaryň öňündäki anyk we jogapkärçilikli wezipeleri kesgitledi. Şunda döwlet Baştutanymyz: «Türkmenistanyň energiýa howpsuzlygyna bolan daşary syýasat ýörelgeleri we garaýyşlary halkara jemgyýetçiligine anyk ýetirilmelidir. Bu borç, ilkinji nobatda, biziň diplomatlarymyzyň üstüne ýüklenilýär. Döwletiň has netijeli daşary syýasat ulgamyny we diplomatiýasyny, döwrüň talabyna laýyklykdaky iş usullaryny gözlemelidir. Sebäbi daşary syýasat içeri syýasat bilen berk baglanyşyklydyr we ýurduň bütinleý ösüşiniň kesgitleýji şertleriniň biri bolup çykyş edýär» diýip belledi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi we Günorta Aziýa, Orta we Ýakyn Gündogar, şeýle hem Hazarýaka sebitleriniň döwletlerinde ýerleşýän biziň ýurdumyzyň diplomatik korpusynyň ornuny aýratyn nygtady. Olaryň işi «häzirki döwrüň derwaýys meselelerine düşünmekden gelip çykýar. Olardan iň möhümi, iň derwaýysy dünýäniň energiýa bilen üpjünçiliginiň meselesidir. Şu babatda Türkmenistan açyk we gönüden-göni syýasaty alyp barýar. Biz energiýa serişdeleri bilen üpjünçiligi energiýa howpsuzlygynyň zerur şerti hasaplaýarys. Bu bolsa, öz gezeginde, umumy ösüşiň we parahatçylygyň esasy kepillikleriniň biri bolup çykyş edýär» diýip, hormatly Prezidentimiz belledi.

Energetika diplomatiýasynyň wezipesi ýurduň ykdysady bähbitleriniň goragy boýunça ýokary jogapkärçilik bilen, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň aýrylmaz düzüm bölegi bolup durýan geoykdysady strategiýany seljermeleýin we guramaçylyklaýyn amala aşyrmagy üpjün etmek bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, seljermeler we çaklamalar işi ilçihanalaryň gündelik işiniň wajyp ugry bolmalydyr. Onuň çäklerinde olar «biziň hyzmatdaşlyk edýän we saparlary amala aşyrýan döwletlerimiziň häzirkizaman ösüşini üns bilen öwrenmelidir we çuňňur seljermelidir, olaryň syýasy, ykdysady, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ýagdaýlaryny bilmelidir, alnyp barylýan sosial syýasatyndan habarly bolmalydyr» diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Türkmenistanyň Prezidentiniň bu sözleri ýöne ýerden däldir, olar dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň maksatlaryny we barşyny, tebigy gazyň udel agramynyň tutýan ornunyň yzygiderli ösýän şertlerinde global energiýany sarp edişiň düzümleýin deňligini takyk görmegiň netijeleri bolup durýar. Global bileleşik tarapyndan uglewodorod çig malynyň bu görnüşi boýunça ony eksport edýän we import edýän ýurtlaryň arasynda ýakyndan gatnaşyklar etmek üçin täze gurallary döretmegiň zerurdygyna düşünilip başlanmagy, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlaryň we onuň uglewodorody ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatynyň öňdengörüjiliklidiginiň şaýadydyr. Bu strategik wezipe gyzyklanýan taraplaryň özara gatnaşyklarynyň, ýagny syýasy-ykdysady gepleşiklerden başlap, gaz-ulag industriýasynyň infrastrukturasyna iri maýa goýumlaryny goýmaga çenli ähli ugurlaryny özünde jemleýär.

Ýurduň energetika diplomatiýasyny netijeli amala aşyrmak işinde Türkmenistanyň Prezidentiniň birnäçe guramaçylyk çäreleri ähmiýeti az bolmadyk ýagdaýdyr. Olara laýyklykda, ulgamlaýyn esasda häzirkizaman dünýä prosesleriniň seljermesini we çaklamasyny amala aşyrmaga, oňyn tejribeleri öwrenmäge gönükdirilen, halkara gatnaşyklary bilen iş salyşýan ministrlikleriň we pudak edaralarynyň düzümleriniň işi has işjeňleşdirildi. Türkmenistanyň degişli ýurtlar, sebitler, halkara guramalary we iri kompaniýalary bilen syýasy, ykdysady we maliýe çemeleşmeleriniň nukdaýnazaryndan ähli taraplaýyn esaslandyrylan hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagy baradaky teklipleriň taýýarlanylmagy bu işiň netijeleriniň biridir.

Türkmenistanyň Prezidenti halkara tagallalaryny birleşdirmek üçin esaslary ýola goýmak bilen, ýurduň Hökümeti tarapyndan, daşary syýasat we daşary ykdysadyýet pudaklary bilen birlikde beýleki degişli edaralary hem goşmak arkaly netijeli utgaşdyryş işlerini amala aşyrmak boýunça anyk ädimleri ädýär. Ýurduň halkara işiniň ileri tutulýan bu ugrunda netijeli hereket etmegiň çärelerini işläp taýýarlamagy we amala aşyrmagy hökümet derejesinde utgaşdyrmaga gönükdirilen 2009-njy ýylyň 13-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen energetika diplomatiýasy boýunça Pudagara iş toparynyň döredilmegi bu ugur boýunça döwürleýin waka boldy. Pudagara toparynyň wezipelerine energetika çygryndaky halkara hyz-

matdaşlygyny mundan beýläk hem işjeňleşdirmek, dünýäniň energetika giňişliginde bolup geçýän wakalary ulgamlaýyn seljermek, milli energetika strategiýasyny amala aşyrmagyň meseleleri boýunça teklipleri taýýarlamak işleri girýär.

Türkmenistanyň energetika boýunça ileri tutulýan ugurlarynyň az bolmadyk derejede köptaraplaýyn diplomatiýanyň çygyrlarynda amala aşyrylýandygyny belläp geçmek zerurdyr. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça, şeýle-de onuň işjeň gatnaşmagynda geçirilýän uly wekilçilikli halkara forumlary muňa şaýatlyk edýär.

Mysal üçin, 2008-nji ýylyň başynda Türkmenistan özünde we daşary ýurtlarda iri energetika forumlaryň birnäçe tapgyryny geçirdi. Hususan-da, 2008-nji ýylyň 29-31-nji martynda Aşgabatda «Türkmenistanyň gaz känlerini we mineral serişdelerini gözlemek, barlamak we işläp taýýarlamak» diýlip umumy atlandyrylan Halkara sergisi we onuň çäklerinde maslahat geçirildi. Onuň işine dünýäniň ýigrimiden gowrak ýurtlaryndan onlarça daşary ýurt firmalarynyň we kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Foruma gatnaşyjylara öz Ýüzlenmesinde Türkmenistanyň Prezidenti: «Eger geçen ýyllarda biziň ýurdumyzda, adat bolşy ýaly, her ýylyň ahyrynda diňe Halkara sergisini we maslahatyny geçirmek bilen çäklenilýän bolsa, eýsem şu ýyl Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga barha ösýän gyzyklanmalary kanagatlandyrmak maksady bilen, biz şeýle çäreleriň dördüsini geçirmek barada karara geldik, hormatly hanymlar we jenaplar, olaryň ilkinjisiniň gatnaşyjylary bolsa, Siz bolduňyz diýip, kanagatlanma bilen belläsim gelýär» diýip nygtady.

Nebit-gaz pudagynyň uly geljegini bellemek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti: «Dünýäniň energetika bazarynyň zerurlyklaryna öz wagtynda hem-de netijeli jogap bermek üçin Türkmenistanda nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy. Ol 2030-njy ýyla çenli nebiti gaz kondensaty bilen çykarmagy 110 million tonna, tebigy gazy bolsa – 250 milliard kubmetre ýetirmegi göz öňünde tutýar» diýip nygtady. Şu babatda Türkmenistanyň Baştutany uly möçberli geologik gözlegleri, geljegi uly bolan düzümleriň gözleg-barlag burawlamasyny we çuňňur gatlaklaryň gözýetimini belledi: günorta-günbatar känleri – Körpeje, Akpatlawuk, Şatut, Nebitlije, Ekerem; Türkmenistanyň günortasyn-

da – Günorta Ýolöten we Osman nebit-gazly meýdanlar; gündogarda bolsa – 2007-nji ýylda ägirt uly «Türkmenistan–Hytaý» täze magistral gaz geçirijisiniň taslamasyna başlanan, Amyderýanyň sag kenaryndaky tebigy gazyň örän iri ýataklary.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly: «Türkmen döwleti tarapyndan amala aşyrylýan ýangyç-energetika syýasaty babatda, Hazar deňziniň türkmen böleginde uglewodorod çig malynyň känleriniň gözlegi we barlagy, täzeden işläp taýýarlaýyş kuwwatlyklarynyň modernizasiýasy, iň täze tehnologiýalaryň we häzirkizaman enjamlarynyň ornaşdyrylmagy, nebit-gaz toplumynyň önümçilik infrastrukturasynyň obýektleriniň gurluşygy boýunça iri maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmak ýaly ugurlar boýunça halkara hyzmatdaşlygy aýratyn ähmiýete eýe bolýar». Geçirilen duşuşyklaryň we gepleşikleriň çäklerinde Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň düzümleriniň ýolbaşçylary we olaryň potensial hyzmatdaşlary ykdysadyýetiň bu strategik pudagyndaky uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygy mundan beýläk hem ösdürmek boýunça meseleleriň ählisini diýen ýaly ara alyp maslahatlaşdylar.

Aşgabat forumyna gatnaşyjylar uglewodorod çig malyny gözlemek we çykarmak, täzeden işläp taýýarlaýyş kuwwatlyklaryny modernizasiýalaşdyrmak, turbageçirijiler infrastrukturasyny ösdürmek, häzirkizaman enjamlaryny getirmek we ornaşdyrmak meselelerini hem goşmak bilen, nebit-gaz pudagyny ösdürmegiň ähli ugurlary boýunça netijeli özara hereket babatda pikir alyşdylar. Konferensiýanyň gün tertibiniň merkezi meseleleriniň biri hem Hazar deňziniň türkmen böleginde deňiz ýataklaryny bilelikde özleşdirmegiň we işläp taýýarlamagyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak boldy. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň hut şu ugur boýunça hyzmatdaşlyga ýokarlandyrylan gyzyklanmalary uglewodorod çig malynyň Western Geophysical (ABŞ) tarapyndan berlen maglumatlar bilen tassyklanylan iňňän baý gorlarynyň bolmagy bilen şertlendirilendir. Şol maglumatlara laýyklykda, bu ýerde çak edilýän uglewodorod serişdeleri 11 milliard tonna nebite we 5,5 trillion kubmetr gaza barabardyr. Foruma gatnaşyjylaryň ünsüni çeken ýene-de bir uly geljegi bolan özara gyzyklanmalar çygry – gury ýerdäki hyzmat ediş işleri, şol sanda gaz senagatynyň häzirkizaman infrastrukturasyny döretmeklige gatnaşmak boldy.

Ýokarda ýatlanylyp geçilen Aşgabat gaz kongresiniň yzysüre, 2008-nji ýylyň 17-18-nji aprelinde Türkmenistanyň Hökümetiniň howandarlygynda Londonda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2008» atly maslahat geçirildi. Bu maslahat şowly işleýän britan kompaniýalarynyň ýolbaşçylaryny birikdirýän, has täsirli we abraýly assosiýasiýalaryň biri bolan London Direktorlar institutynda bolup geçdi. Nebit-gaz forumynyň esasy maksady dünýäniň işewür toparlaryny Türkmenistanyň ummasyz energetika mümkinçilikleri we şonuň bilen baglylykda özara ykdysady bähbitleriň şertlerinde giň halkara hyzmatdaşlygy üçin uly geljegiň açylýandygy bilen tanyşdyrmak boldy. Dünýäniň işewürlik paýtagtlarynyň birinde ýöriteleşdirilen maslahaty geçirmek, ilkinji nobatda, uglewodorod serişdelerini özleşdirmek çygrynda Türkmenistan bilen ýakyndan hyzmatdaşlygy ýola goýmaga halkara bileleşiginiň barha ösýän gyzyklanmalary bilen şertlendirildi. Foruma gatnaşmak üçin 23 ýurtdan, dünýäniň nebit-gaz çygrynda işleýän 160 sany öňdebaryjy kompaniýalarynyň isleg bildirmegi bu gyzyklanmalara şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň Londona gelen agzalaryny mübäreklemek bilen, Beýik Britaniýanyň döwlet ýolbaşçysynyň tabşyrygy boýunça, ýurduň Energetika ministri Malkolm Wiks dünýäniň energetika bazarynda liderlik ornuna ynam bilen çykýan Türkmenistan bilen uzakmöhletleýin özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga Birleşen Patyşalygyň gyzyklanmalary barada nygtady. Tebigy gazyň eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak babatda Türkmenistanyň garaýşy bilen doly ylalaşyp, Malkolm Wiks Russiýa we Hytaýa goşmaça hökmünde, Ýewropa hem türkmen uglewodorodlaryny ýerlemegiň möhüm bazary bolup bilerdi diýip nygtady.

Gyzyklanma bildirýän kompaniýalary bu maksatnamany amala aşyrmaga gatnaşmaga çagyrmak bilen, Türkmenistanyň wekilleri bu ýerde tebigy baýlyklaryň känlerini özleşdirmekde-de, iň öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak esasynda häzirkizaman senagat infrastrukturasyny döretmek çygrynda-da hyzmatdaşlygyň ägirt uly meýdany açylýar diýip bellediler.

Foruma gatnaşyjylaryň çykyşlarynda Türkmenistan bilen giň we netijeli hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine ýokary baha bermeler beýan edildi. Ýurduň dünýä üçin açyklygy, Türkmenistanyň Prezidenti

tarapyndan alnyp barylýan progressiw özgertmeler, ýurtda döredilen amatly maýa goýum ýagdaýy – bularyň hemmesi, çykyş edenleriň pikiri boýunça, Türkmenistanyň nebit-gaz ulgamyna gönükdirilýän maýa goýumlarynyň doly goralmagynyň berk syýasy we ykdysady kepili bolup durýar. Türkmenistanyň ummasyz serişdeler mümkinçilikleriniň nukdaýnazaryndan hem, global energiýa howpsuzlygyny üpjün etmekdäki onuň barha ösýän ornuny hasaba almak bilen hem, türkmen tarapy bilen hyzmatdaşlygyň geljeginiň örän uludygy barada Ýewraziýa sebitinde ABŞ-nyň Energetika diplomatiýasynyň meseleleri boýunça utgaşdyryjysy, ilçi Stiwen Mann aýratyn belledi. Bu garaýşy Ýewropa Bileleşiginiň ýokary wezipeli wekilleri, şol sanda Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça Ýörite wekili Pýer Morel, şeýle hem dünýäniň birnäçe iň iri nebit-gaz kompaniýalarynyň ýolbaşçylary doly goldadylar.

2010-njy ýylyň apreliniň ortasynda geçirilen Türkmenistanyň Birinji Halkara gaz kongresi uly waka boldy. Onuň işine 35 ýurtdan 600 töweregi wekil – alymlar we bilermenler, ugurdaş pudaklaryň we dünýäniň öňdebaryjy ýangyç-energetika kompaniýalarynyň wekilleri, Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalaryň we missiýalaryň baştutanlary gatnaşdylar. Wekilçilikli halkara forumynyň guramaçylary bolup «Türkmengaz» Döwlet konserni, Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasy we «Summit Trade Events Ltd.» britan kompaniýasy çykyş etdiler.

Türkmenistanyň halkara guramalary bilen oňyn özara hereket etmeginiň mysallarynyň biri hem «Ýewraziýada durnukly we ygtybarly energiýa ýardam etmek üçin Merkezi Aziýada sebit hyzmatdaşlygyny berkitmek» atly halkara maslahaty boldy. Ol 2010-njy ýylyň 3-4-nji maýynda biziň döwletimiziň Hökümetiniň goldamagynda, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) howandarlygynda Aşgabatda geçirildi. Türkmenistanyň Prezidenti foruma gatnaşyjylara öz Ýüzlenmesinde, energiýa serişdelerini durnukly, bökdençsiz we howpsuz dünýä bazaryna eksport etmegi kepillendirmegi göz öňünde tutýan biziň ýurdumyzyň energetika çygryndaky garaýşyny anyk belledi. Türkmenistanyň bu ugry bolsa, energiýa serişdeleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek maksatlary bilen, dünýä döwletleriniň tagallalaryny birleşdirmegiň zerurlygyna esaslanýar.

Bu çäräniň ýokary derejelidigine oňa gatnaşyjylaryň örän köp sany we ýokary wekilçiliklidigi şaýatlyk edýär. Forumyň işine ÝHHG-ä gatnaşyjy ýurtlaryň 26-syndan resmi wekiliýetler, alymlar, bilermenler we energetika kompaniýalarynyň ýolbaşçylary, şeýle hem abraýly halkara guramalarynyň we düzümleriniň – Birleşen Milletler Guramasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, Bütindünýä bankynyň, Halkara gaz bileleşiginiň, Energetika Hartiýasynyň Sekretariatynyň, Energetika bileleşiginiň Sekretariatynyň wekilleri gatnaşdylar. Mundanam başga, ÝHHG-niň hyzmatdaşy bolan iki döwlet – Owganystan we Awstraliýa maslahatyň işine synçylar hökmünde gatnaşdylar. Hut Türkmenistanyň şu meseleler toplumy boýunça giň halkara gepleşiklerini geçirmek baradaky ideýa bilen çykyş etmegi, energiýa howpsuzlygynyň ýeke-täk ulgamyny döretmäge gönükdirilen, döwletleriň utgaşdyrylan hereketleriniň başyny başlaýjy bolmagy logiki yzygiderlilikdir we ol doly kanunalaýyklykdyr. Biziň döwletimiziň Baştutany Türkmenistan öz baý energiýa mümkinçiliklerini diňe bir öz ykdysady maksatlary we bähbitleri üçin däl-de, eýsem planetanyň halklarynyň parahatçylyk, durnuklylyk we howpsuzlyk şertlerinde ösmeginiň we abadançylygynyň hatyrasyna ulanmaklyga gyzyklanýar diýip, birnäçe gezek nygtady.

Ýewropa ugry boýunça türkmen tebigy gazyny eksport etmegiň mümkinçilikleri babatda, Hazarüsti gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasy 2012-nji ýylyň martynda Brýusselde jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy. Üçtaraplaýyn duşuşygyň çäklerinde Ýewropa Bileleşiginiň, Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň işçi toparlary ýokarda agzalan gaz geçirijisini gurmak hakynda Çarçuwaly ylalaşygyň taslamasyna seretdiler.

2012-nji ýylyň 14-15-nji martynda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Berlin şäherinde «Türkmenistan-Ýewropa: hyzmatdaşlygyň geljegi» halkara maslahaty geçirildi. Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň hyzmatdaşlygynyň çäklerinde guralan bu forumyň işine, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň agzalary, şeýle hem iri halkara guramalarynyň we dünýäniň nebit-gaz kompaniýalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri gatnaşdylar. Hususan-da, forumyň işine dünýäde belli kompaniýalaryň – Exxonmobil, Eni, CNPC, Petronas, Rurried

Hill, RWEDeaAG, Wintershall Holding GmbH, ITERA, şeýle hem Ýewropa komissiýasynyň, Energetika Hartiýasynyň, ABŞ-nyň Döwlet departamentiniň wekilleri gatnaşdylar. Forumda Türkmenistana nebit-gaz toplumynyň, himiýa senagatynyň hem-de Nebit we gaz institutynyň ýolbaşçylary we hünärmenleri wekilçilik etdiler.

Türkmenistanyň Prezidenti maslahata gatnaşyjylara iberen öz Gutlag hatynda şular ýaly örän wajyp forumyň geçirilmeginiň – nebit-gaz serişdeleriniň möçberi boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň biri bolan Türkmenistana barha ösýän gyzyklanmalara aýdyň şaýatlyk edýändigini belledi, ýurtda daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleriň döredilendigini nygtamak bilen, ol öz Gutlag hatynda häzirki döwürde Türkmen döwletiniň diňe öz halkynyň abadançylygyny ýokarlandyrmak üçin tebigy baýlyklaryň ägirt uly ýataklaryny netijeli ulanmak bilen çäklenmän, eýsem olary bütin adamzadyň bähbitlerine ulanmak üçin gönükdirmegi hem meýilleşdirýändigi barada aýtdy. Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň ösýän geljegi, ýurduň dünýä bazarlaryna uglewodorod çig malyny ibermegiň global halkara ulgamyna girmegini işjeňleşdirmek, şeýle hem bu çygyrda maýa goýum mümkinçilikleri baradaky meseleler boýunça netijeli pikir alyşmalar geçirildi.

2013-nji ýylyň 6-7-nji iýunynda Aşgabatda Merkezi Aziýa Sebitleýin Ykdysady Hyzmatdaşlygynyň (MASYH) Energetika ugry boýunça Utgaşdyryş komitetiniň 15-nji mejlisi geçirildi. Oňa MASYH Maksatnamasyna gatnaşyjy ýurtlaryň – Owganystan Yslam Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Mongoliýanyň, Pakistan Yslam Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň energetika ugrunyň wekilleri, şeýle hem Aziýa Ösüş bankynyň, Dünýä bankynyň, Yslam Ösüş bankynyň (YÖB), BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň we ÝUSAID-iň wekilleri gatnaşdylar. Mejlise gatnaşyjylar sebitleýin häsiýetli meselelere seretdiler, şol sanda Merkezi Aziýa–Günorta Aziýa energetika geçelgesini ösdürmek, sebitleýin dispetçer gözegçiliginiň we elektrik energiýasynyň söwdasynyň wezipelerini çözmek, Bütindünýä Söwda Guramasynyň çäklerinde energetika ulgamynda geçirilýän özgertmeler we bu çygyrda ileri tutulýan taslamalary amala aşyrmak boýunça meselelere seredildi.

Şeýlelik bilen, ýangyç-energetika toplumynyň giň möçberli ösdürilmegi we onuň dünýäniň energetika ulgamyna okgunly integrirlenmegi boýunça döwletiň Baştutanynyň başlangyjyna laýyklykda, Türkmenistanyň täze energetika syýasatyny ynam bilen amala aşyrýandygy aýdyň görünýär. Nebit-gaz pudagyny tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmaga uly maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi, häzirki-zaman ulag, gurluşyk we energetika infrastrukturalaryny döretmek çygryndaky taslamalar – bularyň ählisi global energetika hyzmatdaşlygy üçin uly geljegi açýar.

2013-nji ýylyň 13-14-nji martynda Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2013» halkara maslahaty geçirildi. Maslahata gatnaşyjylara Gutlagynda Türkmenistanyň Prezidenti: «Geçirilýän bu halkara maslahaty Türkmenistanyň uglewodorod baýlyklaryny çykarmakda hem-de gözleg işlerini güýçlendirmekde, nebitiň we gazyň gaýtadan işlenýän möçberlerini artdyrmakda, nebit-gaz hem-de himiýa senagatyny ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolar. Munuň şeýledigini geçen ýyllarda Türkmenistanyň Singapurda, Germaniýa Federatiw Respublikasynda geçirilen şular ýaly halkara maslahatlary doly subut edýär. Şol halkara maslahatlaryna gatnaşan maýadarlaryň we iri kompaniýalaryň ýolbaşçylarynyň ýurdumyzyň nebit-gaz pudagynda hyzmatdaşlyk etmäge uly isleg bildirmekleri Türkmenistanyň maýa goýmak üçin örän ygtybarly ýurt hasaplanýandygyny tassyklaýar. Şu halkara maslahatyny geçirmek bilen, biz Ýewraziýa yklymynda ýerleşýän döwletler bilen nebit-gaz pudagynda netijeli, özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmegi, bu ýurtlaryň gyzyklanma bildirýän nebit-gaz kompaniýalarynyň maýa goýumlaryny ýurdumyzda amala aşyrylýan taslamalara çekmegi hem-de häzirki wagtda dünýädäki öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary özleşdirmegi maksat edinýäris» diýip belledi.

2013-nji ýylyň 21-23-nji maýynda Aşgabatda Türkmenistanyň IV Halkara gaz kongresi geçirildi. Halkara kongresine gatnaşmak üçin türkmen paýtagtyna dünýäniň 30-dan gowrak ýurdundan 500 sany wekiliýet agzalary, şol sanda ABŞ-dan, Ýewropa Bileleşiginden, Ýaponiýadan, HHR-den, Koreýa Respublikasyndan, BAE, GDA, Türkiýe döwletlerinden we beýleki ýerlerden wekiller geldiler. Olaryň arasynda hökümet guramalarynyň, iri nebit-gaz düzümle-

riniň, 150 sany kompaniýalaryň, öňdebaryjy habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar. Bularyň ählisi dünýäniň biznes-elitasynyň hakykat ýüzünde dünýäniň örän uly energetika döwletiniň hukuk ýagdaýyna eýe bolan Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga ägirt uly gyzyklanma bildirýändiginiň nobatdaky jedelsiz şaýadydyr. IV Halkara gaz kongresiniň işiniň başyny oňa bagyşlanan pudaklaýyn sergi başlady. Serginiň dabaraly açylyşyna Hökümet agzalary, Mejlisiň, ministrlikleriň we pudaklaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary, Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik wekilhanalaryň we missiýalaryň baştutanlary, nebit-gaz pudagynyň hünärmenleri, habar beriş serişdeleriniň wekilleri we başgalar gatnaşdylar.

2016-njy ýylyň maýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda VII halkara Gaz kongresi we oňa bagyşlanyp guralan pudaklaýyn sergi geçirildi. Bu ýokary derejeli foruma dünýäniň 40-a golaý ýurdundan 400-e golaý wekil gatnaşdy. Olaryň hatarynda Amerikanyň, Ýewropanyň we Aziýanyň döwletleriniň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary, iri nebit-gaz kompaniýalarynyň, innowasion merkezleriň, maliýe we taslama institutlarynyň wekilleri, bilermenleri, daşary ýurtlaryň Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň, abraýly halkara guramalarynyň baştutanlary, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar. Munuň özi «mawy ýangyjyň» halkara bilermenleri tarapyndan tassyklanan ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň abraýynyň barha ýokarlanýandygynyň nobatdaky subutnamasydyr.

Gaz kongresine Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlaryndan, Russiýadan, ABŞ-dan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Ýaponiýadan, Koreýa Respublikasyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Pakistandan, Hindistandan, Eýrandan we beýleki döwletlerden wekiliýetler gatnaşdy. Daşary ýurtlaryň we Türkmenistanyň nebit-gaz kompaniýalary täze ýataklary özleşdirmek, gazy çykarmak, arassalamak we gaýtadan işlemek, gaz kondensatyny, suwuklandyrylan gazy öndürmek we «mawy ýangyjy» içerki hem-de daşarky sarp edijilere ugratmak boýunça işläp taýýarlamalaryny, ýeten sepgitlerini görkezdiler.

Kongresiň barşynda tebigy gazyň bazarlarynyň häzirki ýagdaýy, Türkmenistanyň dünýä gaz ulgamynda eýeleýän orny, eksport bazarlarynyň köpugurlylygy, energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek, gaz ýataklaryny gözlemegiň hem-de ony işläp

taýýarlamagyň täzeçil usullary, ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak üçin dünýäniň ösen tehnologiýalaryny we usullaryny peýdalanmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

«Tegelek stoluň» başynda geçirilen duşuşykda TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygynyň taslamasyny maliýeleşdirmegiň we oňa maýa goýumlaryny çekmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunlukda, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň, esasan, üç ugur boýunça gatnaşygyna seredildi:

1) taslamany turba önümleri we gaz enjamlary bilen üpjün etmegi göz öňünde tutýan söwda ulgamy boýunça;

2) karz serişdelerini gönükdirmegi ugur edinýän maliýeleşdirmek ulgamy boýunça;

3) maýa goýum ulgamy boýunça, munuň özi Türkmenistanyň iň iri gaz ýatagy bolan «Galkynyş» gaz känini döwrebaplaşdyrmagy maksat edinýän maýadarlar üçin geljekki ugurlardan we «TAPI Pipeline Company Limited» konsorsiumyna gatnaşmakdan ybaratdyr.

«Tegelek stoluň» ikinjisi «Gündogar–Günbatar» turbageçirijisiniň ulanmaga berilmegi arkaly türkmen energiýa göterijilerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň täze kepillendirilen mümkinçiliklerine bagyşlandy.

Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde Türkmenistan özüniň ykdysady we energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmagy ugur edinýän energetika önümlerini öndüriji islendik döwlet ýaly milli bähbitlerine örän jogapkärçilikli çemeleşýär.

Döwlet strategiýasynyň rejelenen ýörelgelerine daýanmak, özüniň serişde binýadyna we ony geljekde ulanmagyň mümkinçiliklerine anyk baha bermek bilen, ýurdumyz energiýa göterijileriň ugurlaryny üýtgetmegi däl-de, eýsem ony dünýäniň gyzyklanma bildirýän döwletleriniň we sebitleriniň täze bazarlaryna çykmagyň hasabyna giňeltmegi hem-de üstüni ýetirmegi nazarlaýar.

Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygy ýaly giň möçberli taslamalara gyzyklanmalarynyň barha ýokarlanýandygyny bellemelidir. Türkmen tebigy gazy Hindistanda we Pakistanda «mawy ýangyja» bolan islegleri kanagatlandyrmaga mümkinçilik berer. Çaklamalara görä, ol ýurtlarda 2030-njy ýyla çenli gaza bolan islegler iki esse artar. Mundan başga-da, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirýän Owganystanda bu serişdeleriň gytçylygy

yzygiderli azalar. Bangladeşiň hem bu taslama uly gyzyklanma bildirýändigini bellemek gerek. TOPH taslamasynyň durmuşa geçirilmegi bilen, Hindistan özüniň ilkinji halkara gaz geçirijisini ediner. Häzirki döwürde bu ýurt gazy suwuklandyrylan görnüşde, tankerleriň daşamagynda satyn alýar. Bu forumda taslamanyň durmuşa geçirilmeginde işewür hyzmatdaşlyk etmäge gyzyklanma bildirýän iri nebit-gaz kompaniýalarynyň wekilleri öz isleglerini mälim etdiler.

«Gündogar–Günbatar» gaz geçirijisiniň milli ykdysadyýetimizi senagatlaşdyrmakda, ýurdumyzyň baý uglewodorod serişdelerini doly möçberde ulanmagyň hasabyna ony köpugurly esasda ösdürmekde, eksport mümkinçiliklerini artdyrmakda möhüm wezipeleriň çözülmegini şertlendirmegi bilen baglanyşykly meseleler ikinji «tegelek stoluň» başynda geçirilen söhbetdeşligiň ähmiýetini artdyrdy.

Halkara Gaz kongresine gatnaşyjylaryň pikirine görä, Günbatar Ýewropa ugry turbageçirijiler taslamasynyň geljegi uly bolan ugry bolup durýar. Onuň gurluşygy işjeň häsiýete eýe bolýar. Bu iri möçberli taslamanyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň täze möhüm we köptaraply energetika strategiýasynyň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň başlangyjyny alamatlandyrar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Energetika diplomatiýasyna nähili düşünýärsiňiz?
2. Energetika diplomatiýasyny ösdürmek babatynda hormatly Prezidentimiz nähili tagallalary amala aşyrýar?
3. Ýangyç-energetika toplumynyň giň möçberli ösdürilmegi üçin nähili maksatlaýyn çäreler amala aşyrylýar?

# VI BAP
# DERWAÝYS SEBIT MESELELERI BOÝUNÇA DAŞARY SYÝASAT HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÖSÜŞI

## § 1. Hazar deňzi parahatçylygyň we dostlukly gatnaşyklaryň deňzidir

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda amala aşyrylýan Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty goňşy döwletler bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek we çuňlaşdyrmak boýunça esasgoýujy ýörelgeler bilen şertlendirilendir. Bu gatnaşyklar dürli ugurlary, şol sanda Hazarýaka döwletler bilen hyzmatdaşlygy hem özüne birikdirýär. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat ulgamynda möhüm orun eýeleýän hyzmatdaşlyk ugurlarynyň biri hem Hazar deňzi bilen baglanyşykly meseleleriň oňyn çözülmegi bilen baglydyr.

Bu ugurda ýurdumyz parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan syýasaty durmuşa geçirýär. Bitarap Türkmenistan sebitara we halkara hyzmatdaşlyk meselelerinde möhüm orny eýelemek bilen, parahatçylygyň, durnuklylygyň, Hazar deňzi sebitinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, köp asyrlyk taryhy-medeni gatnaşyklar arkaly baglanyşýan Hazarýaka ýurtlarynyň halklarynyň arasynda dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň bähbidine mynasyp goşant goşýar. Munuň hut şeýledigine hormatly Prezidentimiziň 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň IV Sammitine gatnaşmagy we onda çykyş etmegi aýdyň şaýatlyk edýär. Sammitiň gün tertibine Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek, Hazarda howpsuzlygy üpjün etmek, ykdysady, ulag, daşky gurşawy we bu ajaýyp deňziň biologik serişdelerini goramak hemde beýleki ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Hazar deňziniň daşky gurşawyny goramak, onuň biologik serişdelerini aýawly hem rejeli peýdalanmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipeleriniň hatarynda durýar. Hazaryň ekologiýa ýagdaýy barada Türkmenistanyň aýdyň we esaslandyrylan garaýşy bar. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşine görä, sebitde tebigaty goramak meselelerini çözmekde, ilki bilen, Hazar sebitiniň özboluşly we gaýtalanmajak tebigy toplum bolup durýandygy hakyndaky düşünjeden ugur almak gerek. Bu toplum bitewi ekologik ulgam bolmak bilen, Hazar deňzini, oňa guýýan derýalary, kenarýaka giňişliklerini we beýleki tebigy desgalary öz içine alýar. Hazaryň tebigaty, onuň biologik serişdeleri rejeli we seresaply çemeleşmegi talap edýär. Şonuň üçin Türkmenistan ekologiýa ulgamynda ähli Hazarýaka döwletleriniň we gyzyklanma bildirýän halkara guramalarynyň tagallalarynyň birleşdirilmegini we hereketleriň özara sazlaşygyny gazanmagy maksadalaýyk hasaplaýar.

Astrahan şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň IV Sammitiniň netijeleri boýunça Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga, Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga, Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Şeýle hem, Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Beýannamasy we Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň IV Sammitiniň Beýanaty kabul edildi.

Bu halkara-hukuk resminamalaryny işläp düzmek baradaky teklipler ilkinji gezek Türkmenistanyň Baştutany tarapyndan 2010-njy ýylyň noýabrynda Bakuda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň üçünji sammitinde öňe sürlüpdi.

Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary dürli ugurlary, şol sanda, Hazar deňziniň meseleleri boýunça hyzmatdaşlygy öz içine alýar. Sebitara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna degişli Hazar meselesinde Türkmenistan yzygiderli garaýyşlara eýerýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň nygtaýşy ýaly, Hazar deňzi dostlugyň hem parahatçylygyň deňzidir. Şonuň bilen birlikde, biziň döwletimiz birek-birege sarpa goýmagyň we özara bähbitli hoşniýetli

goňşuçylygyň ählumumy ýörelgelerine daýanýar. Şu nukdaýnazardan, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany taýýarlamak işine Türkmenistanyň gatnaşmagy örän möhüm bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasgoýujy ýörelgesi gyzyklanmalaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin amatly şertleri üpjün etmek, dürli çygyrlarda özara bähbitli ykdysady taslamalary amala aşyrmak, döwletleriň arasynda dostluk, özara düşünişmek ýagdaýyny döretmek bolup durýar, aýratyn hem, bu Türkmenistanyň taryhy, medeni-ynsanperwerlik we geografik umumylyk bilen bagly bolan goňşy döwletlerine degişlidir. Hoşniýetli goňşuçylyk, özara hormat goýmak, deňhukuklylyk Hazar deňziniň çäklerinde parahatçylygy berkitmegiň, howpsuzlygyň we halkara hyzmatdaşlygyň hatyrasyna bilelikde hereket etmek üçin möhüm faktorlar bolup durýar.

Asyrlaryň jümmüşinden bäri Hazar deňzi onuň kenarynda ýaşaýan halklaryň umumy we özara baglaşdyryjy esasy bolup hyzmat edip gelýär. Bu deňizde hiç haçan hem uly uruşlaryň ýa-da döwletara ýaragly dawalaryň ýüze çykan ýagdaýlary bolmandyr. Şeýlelik bilen, bu giňişliklerde kenarýaka halklaryň parahatçylykly, hoşniýetli goňşuçylykda ýaşaşmaklaryny üpjün edýän aragatnaşyklaryň özboluşly nusgasy döredi. Häzirkizaman şertlerinde Hazar sebitiniň döwletleriniň wezipesi – tebigatyň bu gaýtalanmajak özboluşly obýektini gorap saklamakdan we ony rejeli ulanmakdan ybaratdyr.

Türkmenistan Hazar meseleleri boýunça ikitaraplaýyn ölçeglerde-de, köptaraplaýyn ölçeglerde-de, hyzmatdaşlar bilen özara gatnaşyklarda birek-birege hormat goýmak we oňynlyk ýörelgelerine gyşarnyksyz eýerýär, onuň dowamynda ýüze çykýan meseleleri çözmäge işjeň gatnaşýar. Biziň ýurdumyz gepleşikler prosesini goldaýar, hazarýaka döwletleriniň täze, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän we geljege niýetlenilen, sebitdäki hyzmatdaşlygyň hukuk gurallaryna gönükdirilen her bir başlangyçlaryna örän üns bilen garaýar. Bu guralyň birinji tapgyrda anyk kesgitlenilen guramaçylyk görnüşiniň bolmandygyny hem belläp geçmek gerek.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň anyk we yzygiderli garaýşy, Hazar deňziniň dostlugyň we parahatçylygyň deňzi bolmalydygyndan ybarat bolup durýar. Şunlukda Türk-

menistan ikitaraplaýyn hormat goýmak we özara bähbitli goňşuçylyk ýörelgelerini goldanýar. Häzirki döwürde döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipesi Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany taýýarlamaga we kabul etmäge işjeň gatnaşmakdyr. Türkmenistan öz milli bähbitlerine goldanmak we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny esas edinmek bilen, bu mesele çözülende, hemişe, hazarýaka döwletleriniň özygtyýarlylyk hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün edýän özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemek ýoly bilen barýar.

2009-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň belent münberinden çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Global howpsuzlyk ulgamyny saklamak we berkitmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ähli taraplaýyn ýardam etmek, gapma-garşylyklaryň öňüni almak we gowşatmak, döwletleriň we halklaryň durnukly ösmegi üçin şertleri döretmegi, giň we oňyn halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy maksady boldy we bolmagynda galýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy we şonuň bilen baglanyşykly onuň hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary Milletler Bileleşigi üçin Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde ýagdaýlaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmek üçin iş ýüzünde oňat mümkinçilikleri açýar diýip hasap edýäris».

Şunlukda Türkmen döwletiniň Lideri sebitleýin meseleler toplumynyň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak we olar boýunça özara kabul ederlikli we ylalaşykly çözgütleri işläp düzmek üçin sebitde halkara gatnaşyklarynyň hemişelik hereket edýän gurallaryny ýola goýmagyň zerurdygyny göz öňünde tutýar. Türkmenistan bu iş üçin zerur bolan ähli syýasy we guramaçylyk-tehniki şertleri dünýä bileleşigine bermäge taýýardygyny beýan edýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň gün tertibiniň ileri tutulýan meseleleriniň biri Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek bolup durýar. Şunlukda Türkmenistan, gepleşikler prosesiniň ähli gatnaşyjylarynyň milli bähbitlerini üpjün etmäge özüniň ygrarlydygyny beýan edýär hem-de halkarahukuk kadalaryny gyşarnyksyz goldanyp, Hazar bilen baglanyşykly

meseleler toplumyny diňe diplomatik ýollar arkaly çözmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Türkmenistan, 1992-nji ýylda başlangyjy goýlan, Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky bäştaraplaýyn gepleşikler prosesiniň işjeň gatnaşyjysydyr. Alnyp barylýan işjeň gepleşikleriň çäklerinde gyzyklanýan taraplar netijeli we özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemek we işläp taýýarlamak bilen meşgullanýarlar, ol, ilkinji nobatda bolsa, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meselesidir.

Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň birinji duşuşygy 1996-njy ýylyň 11-12-nji noýabrynda Aşgabatda geçirildi. Ol Hazar deňzi sebitiniň döwletleriniň häzirkizaman taryhynda möhüm tapgyr boldy. Bu duşuşykda Ýörite iş topary görnüşinde hemişelik hereket edýän gepleşikler guralynyň guramaçylyk-hukuk gurluşy kesgitlenildi. Hut şu ýerde Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany işläp taýýarlamagyň gaýragoýulmasyzdygy we zerurdygy barada ylalaşyga gelindi. Soňky ýyllarda Ýörite iş toparynyň çäklerinde işleriň aýratyn işjeňleşdirilýändigi bellenilýär.

Hazar meseleleriniň köpgyraňlylygy we çylşyrymlylygy olary çözmekde täze çemeleşmeleri talap etdi. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň birinji Hazar sammiti 2002-nji ýylda Aşgabatda geçirildi. Bu sammitiň taryhy ähmiýeti örän uludyr we hut Aşgabat duşuşygynda Hazaryň kenarýaka ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň kesgitlenmegine, Hazarda özara arkalaşykly hereket etmek bilen bagly bolan köpsanly meseleleriň çözülmegine özara kabul ederlikli çözgütleriň işlenip taýýarlanmagyna badalga berildi. Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Birinji sammiti Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meselesini oňyn çözmegiň ýolunda giňişleýin işleriň başy boldy. Aşgabat sammiti gepleşiklere uly itergi bermek bilen, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meseleleri boýunça syýasy we hukuk geňeşmelerini dowam etmek üçin täze esaslary goýmak bilen, ony hil taýdan ýokary derejä çykardy. Aşgabatda Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygy Ýörite iş toparynyň işine hem oňat täsir etdi. Mysal üçin, eger Birinji sammite çenli Topar jemi alty mejlis geçiren bolsa, ondan soňra onuň işiniň ýygjamlygy we netijeliligi has artdy. Netijede, taraplar Konwensiýanyň taslamasynyň köp düzgünleri boýunça ylalaşyga geldiler.

Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Birinji Aşgabat sammitiniň çäklerinde Jarnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy, ol indiki duşuşygyň – 2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Tähranda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Ikinji sammitini geçirmegiň esasy bolup hyzmat etdi.

Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Tähran sammitinde Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly: «Hazaryň deňiz gurşawyny goramak çygrynda biziň özara hereketlerimiziň netijesi we hyzmatdaşlygyň käbir beýleki ugurlarynda hukuk düzgünleşdiriş gurallaryny döretmegiň derwaýyslygy Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýanyň taslamasynyň üstünde işlemegi tizräk tamamlamak zerurlygyny ýüze çykarýar». Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany kabul etmek, ilkinji nobatda, Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak, ösdürmek we ulanmak, söwda gämi gatnawy çygrynda, şeýle hem Hazaryň düýbüniň uglewodorod serişdelerini we tebigy baýlyklaryny ulanmakda häzirki döwürde bar bolan meseleleri aradan aýyrmaga mümkinçilik berer.

2007-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Hazar deňziniň meseleleri boýunça Pudagara topar döredildi. Bu toparyň çäklerinde Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň gatnaşmagynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasy we Hazar deňziniň Ekologik maksatnamasy bilen bilelikde, hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy we ol 2008-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanyldy. Hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasy Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy wezipeleri bolup durýan Hazar deňziniň tebigy baýlyklaryny meýilnamalaýyn we oýlanşykly ulanmagy, özboluşly ekologiýasyny goramagy we ilatyň sosial howpsuzlygyny üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Bu resminama sosial-ynsanperwerlik we ekologik wezipeleri, şeýle hem Türkmenistanyň we umumylykda sebitiň meselelerini çözmekde möhüm ähmiýete eýedir.

2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Tähranda Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Ikinji sammitinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Hazaryň meseleleriniň toplumy babatda Türkmenistan döwletiniň ýörelgeleýin garaýyşlaryny esaslandyrdy.

Umumylaşdyrylan görnüşde olary şu aşakdaky yzygiderlilikde görkezip bolar:

1) ýokary derejedäki duşuşyklaryň we gepleşikleriň, ýagny hut Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň sammitlerinde Hazaryň meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda we çözmekde düýpgöter täze çemeleşme hökmünde esasy ähmiýeti. Şu ölçegde bu işleriň başy 2002-nji ýylyň 22-24-nji aprelinde geçirlen Aşgabat sammitinde başlandy. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, «Aşgabat sammiti Hazaryň hukuk ýagdaýynyň meseleleri boýunça syýasy we hukuk geňeşmelerini dowam etmek üçin hil taýdan täze esaslary goýdy. Birinji sammitiň çäklerinde Jarnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy, ol häzirki duşuşyga esas hökmünde alyndy»;

2) Hazar deňzi sebitiniň täze hukuk giňişligini döretmegiň konseptual meselelerine seretmegiň zerurlygy bilen baglylykda Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany işläp taýýarlamaga we kabul etmäge esasgoýujy orun berilýär;

3) ýokarda görkezilen mesele bilen baglylykda Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak, köpeltmek we ulanmak, brakonýerçiligiň garşysyna göreş, söwda gämi gatnawyny ösdürmek, syýahatçylyk, şeýle hem Hazaryň düýbüniň uglewodorod serişdelerini we tebigy baýlyklaryny ulanmak boýunça bäştaraplaýyn şertnamalaryň we ylalaşyklaryň üstünde parallel işlemek üçin şertler zerur bolup durýar. Bu maksatlar üçin gurallaryň biri hökmünde, gepleşikleriň ozaldan bar bolan görnüşleri bilen birlikde, Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň duşuşyklarynyň yzygiderli esasda, has takygy, azyndan ýylda bir gezek geçirilmegi teklip edildi;

4) Hazar deňzinde birtaraplaýyn hereketleriň, ilkinji nobatda bolsa, taraplaryň ylalaşyklarynyň bolmadyk ýerinde nebitçilik işlerini geçirmek boýunça hereketleriň kabul edilmesizligi.

2009-njy ýylyň 5-nji noýabrynda Türkmenistanyň paýtagtynda Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň derejesindäki Ýörite iş toparynyň nobatdaky 26-njy mejlisi öz işini tamamlady.

Iki günüň dowamynda geçirlen duşuşyklaryň çäklerinde Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň

wekilleri bu möhüm mesele boýunça özara kabul ederlikli çözgütlere ýetmäge umumy ymtylmalary tassyklamak bilen, Konwensiýanyň düzgünlerini maddalaýyn ara alyp maslahatlaşmagy dowam etdiler.

Gepleşikleriň nobatdaky tapgyryny teswirlemek bilen, wekiliýetleriň baştutanlary Hazar sebitindäki ýurtlaryň özara gatnaşyklarynyň ygtybarly hukuk gurallarynyň jemi bolmaga gönükdirilen resminamanyň gutarnykly mazmunyny ylalaşmagy tizräk tamamlamak üçin bilelikde işlemäge öz ýurtlarynyň ygrarlydyklaryny ýenede bir gezek nygtadylar. Adat bolşy ýaly, hoşniýetlilik ýagdaýynda geçirilen ara alyp maslahatlaşmalaryň netijeliligini bellemek bilen, taraplar Konwensiýanyň taslamasynyň aýry-aýry maddalary boýunça garaýyşlaryň we ylalaşyklaryň ýakynlaşýandygyny kanagatlanma bilen bellediler.

Mejlise gatnaşyjylar ähli kenarýaka ýurtlaryň tagallalarynyň birleşdirilmegini talap edýän, ylalaşylmadyk ýagdaýlaryň galandygyna garamazdan, ajaýyp tebigy suw howdanynyň saklanylmagynyň, onuň iňňän baý serişdeleriniň oýlanyşykly özleşdirilmeginiň hatyrasyna gepleşikler işine gatnaşyjylar, nähili-de bolsa, Hazar meselesiniň iň amatly çözgüdini taparlar diýip umyt bildirdiler. Tizden-tiz çözülmegi talap edilýän bitewi meseleler toplumynyň häzirki mejlisiň gün tertibine çykarylmagy ýöne ýerden däldir. Olaryň hatarynda ulag aragatnaşygyny ösdürmek, deňizde howpsuzlygy üpjün etmek we elbetde, Hazaryň ekologik ýagdaýy, hususan-da, onuň biologik serişdelerini gorap saklamak meseleleri görkezildi.

Alnyp barlyşynyň dowamynda birnäçe täze oňyn teklipler öňe sürlen häzirki mejlisiň ähmiýetini bellemek bilen, Hazar «bäşligine» gatnaşyjylar, Aşgabat duşuşygynyň ähli bäş döwletiň milli bähbitlerini we garaýyşlaryny hasaba alýan umumy ylalaşygy gözlemek ýolunda täze ädim bolandygy barada ýeke-täk bir pikire geldiler. Bu ugurda gyzyklanmalaýyn gepleşikleri ösdürmek baradaky öz meýillerini tassyklamak bilen, taraplar mundan beýläk hem, ikitaraplaýyn möçberlerde-de, köptaraplaýyn möçberlerde-de geňeşmeleri dowam etmegiň möhümdigini bellediler.

Mähirli kabul edilendikleri we forumy ajaýyp gurandyklary üçin türkmen tarapyna hoşallyk bildirmek bilen, daşary ýurtlaryň wekiliýetleriniň agzalary geçirilen pikir alyşmalaryň we mejlisiň gün tertibine girizilen derwaýys meseleleriň oňyn ara alnyp

maslahatlaşylmagynyň Hazary köpgyraňly, gyzyklanmalaýyn sebit gatnaşygyny birleşdirýän ýagdaýa öwürmäge umumy ymtylyşlara şaýatlyk edýändigini bellediler.

2010-njy ýylyň 18-nji noýabrynda Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriň baştutanlarynyň Üçünji sammiti Hazar gepleşikleriniň oňyn öňe sürülmegi üçin möhüm waka boldy. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda Hazar meselesi boýunça ýörelgeleýin garaýyşlar hakynda anyk beýan etdi we köp babatda gepleşikleriň oňyn häsiýetini kesgitlän we Sammitiň netijeleri boýunça özara ylalaşykly çözgütleriň kabul edilmegine ýardam eden birnäçe teklipleri öňe sürdi, hususan-da, Türkmenistanyň Baştutany şu aşakdaky düzgünler barada aýtdy:

1) Hazar basseýni – bu möhüm strategik sebit, bu ýerde ähli taraplaýyn hyzmatdaşlygy we özara hereketi ösdürmek ähli Hazarýaka döwletleriniň bähbitlerine jogap berýär. Şeýle düşünmekligiň özi hem dürli ölçeglerde geçirilýän oňyn gepleşikler prosesiniň düýp özeni hökmünde hyzmat edýär;

2) başlangyjy 2002-nji ýylda Aşgabatda goýlan Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň sammiti Hazar gepleşikleriniň hil taýdan täze derejesi hökmünde çykyş edýär. Gepleşikleriň bu ölçegi Hazar meseleleriniň ähli toplumy boýunça öňde durýan wezipelere laýyk getirilmäge gönükdirilendir;

3) 2007-nji ýylda Tähranda geçirlen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Ikinji sammitiniň ähmiýeti, onda özara hereketiň öňe tutulýan ugurlarynyň kesgitlenilmeginde, hyzmatdaşlygyň hukuk binýadyny döretmek boýunça oňyn ädimleriň ädilmeginde, guramaçylyk meseleleriniň kämilleşdirilmegindedir. Tähran sammitiniň möhüm netijesi onda Bilelikdäki Jarnama gol çekilmegindedir;

4) Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýanyň taslamasynyň üstünde işlemek oňyn häsiýete eýe boldy, şonuň netijesinde taraplar bu resminamanyň esasy düzgünleri boýunça ylalaşyga geldiler. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly: «Biziň bilelikde gazanan üstünliklerimiziň hataryna deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýa gol çekilmegini goşmak bolar. Häzirki döwre çenli Hazar deňziniň howpsuzlygy çygryndaky hyzmatdaşlyk hakynda bäştaraplaýyn Ylalaşygyň taslamasy ylalaşyldy. Şu gün Ha-

zarýaka döwletleriniň bilermenleri bu resminamanyň teswirnamalarynyň taslamasyny taýýarlamagyň üstünde işjeň we anyk işleýärler. Bularyň ählisi hyzmatdaşlygyň uly mümkinçiliginiň bardygyna we biziň ýurtlarymyzyň çuňňur mazmunly özara hereketi berkitmäge taýýardygyna şaýatlyk edýär»;

5) gazanylan netijeleri hasaba almak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Hazarda dürli görnüşli işleriň alnyp barylmagyny mundan beýläk hukuk taýdan düzgünleşdirmäge gönükdirilen ylalaşyklaryň taslamalaryny işläp taýýarlamaga başlamak barada teklip etdi. Ol: «Biz, hususan-da, Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak we oýlanyşykly ulanmak hakynda Ylalaşygyň taslamasyny taýýarlamaga başlamagy zerur hasap edýäris. Bu Ylalaşygyň kabul edilmegi şol çygyrda işlemek üçin mäkäm hukuk esasyny döretmäge mümkinçilik berer. Has anyklap aýdylanda, munuň özi, biologik serişdeleri ulanmagyň kadalaryny, hususan-da, halkara hukuk kadalaryny hasaba almak bilen, Hazarýaka döwletleriniň arasynda osetr görnüşli balyklary tutmak üçin olar boýunça paýlary bellemegi we özleşdirmegi üpjün etmek çygrynda bäştaraplaýyn esasda ylalaşmagy amala aşyrmaga mümkinçilik berer. Bu ugur boýunça täze usullar 2007-2008-nji ýyllarda biziň Hazar deňziniň suw bioserişdeleri boýunça Komissiýasyna başlyklyk eden döwrümizde Türkmenistan tarapyndan teklip edilipdi» diýip belledi. Mundanam başga, Türkmenistanyň Prezidenti adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olaryň getiren netijelerini ýok etmek çygrynda hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşygyň taslamasyny işläp başlamagy teklip etdi. Bu resminama adatdan daşary ýagdaýlaryň dörän ýa-da olaryň döremek howpy abanan halatynda Hazarýaka döwletleriniň hereketlerini utgaşdyrmagyň esasy düzgünlerini kesgitlemäge gönükdirilendir.

Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň Üçünji sammitindäki çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti heniz çözülmän galan üç sany meseläni öňe sürdi:

1) birinjiden, Hazar deňziniň düýbüni we ondaky baýlyklary kesgitlemek. Türkmenistanyň Prezidenti: «Onuň seredilmegine Türkmenistanyň garaýşy Hazaryň delimitasiýasynyň umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna, özara hormat goýmak we hyzmatdaşlaryň bähbitlerini hasaba almak ýörelgelerine esaslanmak bilen amala

aşyrylmalydygyna düşünmeklige esaslanýar» diýip, beýan etdi. Şunlukda ol, türkmen tarapynyň «Hazar boýunça haýsydyr bir çözülmedik meselelere syýasy öwüşgin berilmegine garşydygyny, hususan-da, Hazar deňziniň düýbüni we ondaky baýlyklary kesgitlemek – bu hukuk meselesidir, ol parahatçylyk, diplomatik ýollar we hukuk serişdeleri hem-de usullary bilen çözülmelidir» diýip aýtmak bilen, meseläniň diňe hukuk häsiýetlidigini nygtady;

2) ikinjiden, Hazar deňziniň düýbi boýunça turbageçirijileri gurmak meselesi Türkmenistan üçin ýörelgeleýin häsiýetlidir. Türkmenistanyň Prezidentiniň beýan edişi ýaly: «Hazaryň düýbi boýunça suwasty turbageçirijilerini çekmek diňe öz suwasty çäkleriniň üsti bilen bu turbageçirijileriň gurulmagyna taraplaryň razylygy bilen amala aşyrylyp bilinjekdigine Türkmenistan berk ynanýar. Elbetde, şunlukda iň ýokary halkara ülňüleri we kadalary üpjün ediler»;

3) üçünjiden, bu Hazaryň akwatoriýasynyň kesgitlenilmegidir. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň «Hazar deňziniň akwatoriýasy içerki suwlar, territorial deňiz we umumy suw giňişligi» baradaky berk garaýşyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistan «territorial deňzi degişli kenarýaka döwletiň doly ygtyýarlygynda boljak 20 deňiz mili giňliginde bellemek, territorial deňziň daşky çäginiň Döwlet araçägi bolmalydygy barada çykyş edýär» diýlip, beýan edildi.

Şu gün Hazar deňziniň biziň ýurtlarymyzy we halkalarymyzy biri-birinden aýyrmaýandygy, eýsem birleşdirýändigi gepleşikler prosesine Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan berlen möhüm baha boldy. Şunlukda Türkmenistanyň Baştutany: «Hazarýaka döwletleriniň köptaraplaýyn özara hereketi, ol ýa-da beýleki meseleler boýunça garaýyşlaryň ýakynlaşmagy ulgamlaýyn we tersine özgermeýän häsiýete eýe boldy... . Şu gün bizde ýapyk ýa-da oňaýsyz mesele ýok. Hazar meseleleriniň toplumynyň ähli ugurlary boýunça biz, hoşniýetli goňşulara we dostlara mahsus bolşy ýaly, açyk we özara ynanyşmak bilen gepleşýäris. Biziň şu Sammitimiz muny doly derejede tassyklaýar» diýip, beýan etdi.

Hazar meseleleriniň toplumy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň esasy ideýalary, halkara başlangyçlary we teklipleri onuň BMG-niň Baş Assambleýasynyň maslahatlaryndaky, Hazarýaka döwletleriniň sammitlerindäki, şeýle hem başga resmi duşuşyklardaky we ýokary derejedäki gepleşiklerdäki çykyşlarynda öz beýanyny tapýar.

2010-njy ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmen döwletiniň bitaraplygynyň uly ähmiýeti we mümkinçilikleri barada nygtady. Ol BMG bilen hyzmatdaşlyk nukdaýnazaryndan, Merkezi Aziýadaky we Hazar deňzi sebitindäki wakalaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmekde aýratyn hem möhümdir. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda: «Gürrüň bu ýerde sebit meseleleriniň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak, olar boýunça özara kabul ederlikli we ylalaşykly çözgütleri işläp düzmek üçin halkara gepleşikleriniň hemişelik hereket edýän gurallaryny ýola goýmak barada barýar. BMG-niň howandarlygynda syýasy-diplomatik parahatçylygy döredijiliginiň bar bolan tejribesine daýanmak bilen, Türkmenistan bu iş üçin dünýä bileleşigine zerur bolan ähli syýasy we guramaçylyk-tehniki şertleri döredip bermäge özüniň taýýardygyny beýan edýär» diýip belledi. Bulardanam başga, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylda BMG-niň howandarlygynda, Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde ýaragsyzlanmak meseleler toplumyna bagyşlanan ýokary wekilçilikli halkara maslahatyny Aşgabatda geçirmek baradaky teklibi hem tapgyrlaýyn ähmiýete eýedir. Şol ýylyň 24-nji iýunynda Aşgabatda geçirlen halkara maslahatynda parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, şol sanda Hazar sebitinde, oňyn özara hereketiň örän möhümdigi aýratyn bellenildi. Türkmenistanyň Prezidenti Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Astrahan şäherinde geçirilen IV sammitinde çykyş etmek bilen, birnäçe ileri tutulýan ugurlara ünsi çekdi we derwaýys teklipleri öňe sürdi. Olaryň esasylary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) Hazar deňzinde bäştaraplaýyn aragatnaşyklaryň ösdürilmegi esasy ugur bolup durýar. Şoňa görä-de, islendik, hatda çylşyrymly meseleler hem hoşniýetli goňşuçylyga we ysnyşykly hyzmatdaşlyga mahsus ýagdaýda ara alnyp maslahatlaşylmalydyr;

2) Hazar deňzinde döwletara gatnaşyklarynyň häzirkizaman hukuk binýadynyň döredilmgi zerurdyr we onuň düzgünleri Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýa goşulmalydyr. Hazary parahatçylyk zolagyna, halkara strategiki durnuklylygyň we howpsuzlygyň möhüm bölegine, ähli meseleleri diňe syýasy-diplomatik serişdeler arkaly, döwletleriň özygtyýarlylygyna we çäkleriniň

bitewüligine hormat goýmak esasynda çözmegiň nusgasyna öwürmek ugrundaky aýgytly we tutanýerli maksadymyz şol resminamanyň kesgitleýji many-mazmuny bolup durýar;

3) Ýörite iş toparynyň işi bilen birlikde, Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň derejesindäki duşuşyklaryň we geňeşmeleriň işjeňleşdirilmegi maksadalaýykdyr;

4) Türkmenistan Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli ulanmak hakyndaky Ylalaşygy işläp taýýarlamak baradaky teklip bilen çykyş etdi. Ylalaşygyň çäklerinde utgaşdyryjy edaranyň – Hazaryň suw-biologik serişdeleri boýunça Toparyň döredilmegi şu ugurdaky özara gatnaşyklaryň tertipleşdirilmegine, hyzmatdaşlygyň netijeli, ählumumy kabul edilen halkara tejribesindäki esaslarynyň döredilmegine ýardam berer;

5) Türkmenistan Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we aradan aýyrmak babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyk boýunça başlangyjy öňe sürdi we onuň taslamasyny işläp taýýarlady;

6) Türkmenistan Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy we onuň hapalanmagyna gözegçilik etmek boýunça Utgaşdyryjy komitetiň (KASPKOM) ugry boýunça bilelikdäki işler bilen baglylykda, Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy boýunça hyzmatdaşlyk baradaky Ylalaşyga gol çekmegiň möhümdigini öňe sürdi;

7) söwda-ykdysady gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegi Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy ugurlarynyň hatarynda durýar. Kenarýaka döwletleriniň tebigy serişdeler, energetiki, senagat, ulag-üstaşyr geçirmek we beýleki ugurlar babatdaky mümkinçilikleriniň örän uludygyny göz öňünde tutmak bilen, ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek we ony hil taýdan täze derejä ýetirmek üçin ähli mümkinçilikler bar we olary netijeli ulanmak zerurdyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Ylalaşygyň taslamasyny taýýarlamak baradaky meselä garamagy teklip etdi;

8) Türkmenistan ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmegine we berkidilmegine täzeden badalga bermek maksady bilen, hemişelik hereket edýän Hazar Ykdysady Forumyny döretmek we onuň mejlislerini kenarýaka döwletlerde gezekli-gezegine geçirmek baradaky teklibi girizdi;

9) Türkmenistan Hazar sebitiniň Ýewraziýa yklymyndaky uly ulag ulgamy hökmündäki ähmiýetiniň has-da artmagy bilen strategiki ugur bolan ulag ulgamy boýunça Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpgöter täze ulgamyny döretmek barada garaýyşlary öňe sürdi. Aýratyn hem, Hazar, Gara we Baltika deňizleriniň arasynda täze ulag geçelgelerini döretmek üçin tagallalary birikdirmeklige çagyrdy. Şunuň bilen birlikde, Hazar deňzini Ýakyn Gündogar we Ortaýer deňzi, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa bilen baglanyşdyrýan ulag ulgamyny döretmegiň meseleleri boýunça düýpli işleri geçirmekligiň zerurlygyna ünsi çekdi. Şu ýagdaýy hem-de Hazarýaka ýurtlarynyň ulag ulgamlarynyň özara goşulyşmagynyň, sebit we ählumumy derejelerde multimodal gatnawlaryň utgaşdyrylmagyny üpjün etmegiň möhümdigini göz öňünde tutmak arkaly, Hazar deňzinde ulag boýunça hyzmatdaşlyk baradaky Ylalaşygyň taslamasynyň işlenip taýýarlanmagynyň maksadalaýykdygyny nygtady. Bu hyzmatdaşlygy iş ýüzünde amala aşyrmagyň wajyp ädimleriniň biri hökmünde Hazar sebitiniň ulag-logistik merkeziniň döredilmeginiň-de möhüm bolup durýanlygyny belledi;

10) Türkmenistan Hazarýaka döwletleriniň energetika ulgamyndaky hyzmatdaşlygynyň ýokary derejede oňaýlydygyna we uly geljegine ünsi çekdi. Hazar basseýninde energetika ulgamlaryndaky bähbitleriň çuňňur gapma-garşylykly däldigini bellemek bilen, ol Hazar deňziniň düýbi boýunça ýangyç geçirijileri çekmegiň geljekki mümkinçiliklerine doly derejede degişlidir. Şu meselede ählumumy ykrar edilen halkara-hukuk kadalaryna, özara hormat goýmagyň we hyzmatdaşlaryň bähbitlerini göz öňünde tutmagyň ýörelgelerine berk eýermek zerurdyr.

Şeýlelik bilen, Türkmenistan Hazar deňziniň dostlugyň, parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň deňzi bolmagy ugrunda çykyş edýär we bu babatdaky garaýyşlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Halkara gatnaşyklarynda Hazar deňziniň nähili ähmiýetli orny bar?
2. Hazaryň meseleler toplumy babatda Türkmenistanyň ýörelgeleýin garaýyşlary barada aýdyp beriň.
3. Türkmenistanyň Prezidentiniň Hazarýaka döwletleriniň sammitlerindäki öňe süren teklipleri barada aýdyp beriň.

## § 2. Hazaryň deňiz gurşawyny we biologik gorlaryny aýawly saklamak babatyndaky halkara hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatyndaky öz çykyşynyň dowamynda Hazarda howpsuzlyk we netijeli ýaşaýşa ukyplylyk meseleleri boýunça başlangyçlary yzygiderli öňe sürdi. Türkmenistanyň Prezidenti, hususan-da, sebitiň ýerleşişiniň geljegi uly bolan ähmiýetini aýratyn nygtamak bilen, Merkezi Aziýada we Hazar basseýni zolagynda ulag-aragatnaşyk infrastrukturasynyň ösüşiniň geljegine gyzyklanmalaýyn çemeleşmegi Birleşen Milletler Guramasyna teklip etdi we iň ýakyn özara hereketlere Türkmenistanyň taýýardygyny nygtady. Bu işe BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, ilkinji nobatda, Ýewropa ykdysady komissiýasynyň, Aziýa we Ýuwaş ummany üçin ykdysady we sosial komissiýasynyň işjeň goşulyşmagynyň maksadalaýykdygy bellenildi.

Türkmenistanyň Baştutany Araly halas etmek boýunça geçirilýän çäreler bilen bir hatarda, sebit nukdaýnazaryndan, Müňýyllygyň Maksatlaryna ýetmegiň wajyp bölegi bolup durýan Hazar deňziniň ajaýyp tebigy baýlyklaryny dikeltmegiň ähmiýetini hem belledi.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleriniň Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde gönüden-göni bolmagy üçin mümkinçilikleri gözlemek hakyndaky teklip bilen çykyş etdi. Ol: «Ilkinji nobatda, bu ýerde BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasynyň (DGGM) işjeňlik bilen iş alyp barmagyna bil baglaýarys. Sebitiň döwletleriniň birinde DGGM-iň Sebit edarasynyň açylmagy baradaky meselä seretmegi teklip edýäris. Türkmenistan munuň üçin zerur bolan infrastrukturany bermäge taýýar» diýip, beýan etdi.

Bar bolan ýa-da jedelli meseleleri çözmegiň parahatçylykly we gepleşikler usullary ýörelgelerine esaslanýan Merkezi Aziýa sebitinde we Hazar basseýni zolagynda sebitleýin howpsuzlygyň we durnuklylygyň mäkäm we netijeli ulgamyny döretmek maksatlary bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi Aziýada we Hazar basseýninde howpsuzlyk, parahatçylyk we hyzmatdaşlyk boýunça ýokary derejedäki Forumy döretmegi teklip etdi.

Forumyň döredilmegi umumysebitleýin gepleşikleriň, ol ýa-da başga meseleler boýunça özara kabul ederlikli çemeleşmeleri işläp düzmek üçin köptaraplaýyn gepleşikler işiniň hemişelik gurallaryny döretmegiň esasyny goýmalydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň beýan edişi ýaly: «Şeýle gepleşikler, anyk bellenen gün tertibi bilen, ulgamlaýyn esasda geçmelidir, oňa gös-göni gatnaşyjylaryň bolsa, çözgüt kabul etmek üçin zerur bolan ygtyýarlyklary bolmalydyr».

Hazar babatda Türkmenistanyň garaýşynyň konseptual düzgünlerini ösdürmek bilen, milli Liderimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda birnäçe başlangyçlar bilen çykyş etdi. Şol başlangyçlar umumylaşdyrylan görnüşde, esasan, şu ugurlary öz içine alýar:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi Aziýada we Hazar basseýni zolagynda parahatçylygy we durnuklylygy saklamak boýunça ozal öňe süren başlangyçlary babatda, Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde howpsuzlyk boýunça wekilçilikli Forumyň geçirilmegini teklip etdi. Ol «Türkmenistan ony geljek ýyl özünde geçirmegi teklip edýär. Merkezi Aziýanyň we Hazar deňzi sebitiniň parahatçylykly ösmegi boýunça Konsultatiw Geňeşi döretmek bu Forumyň syýasy netijeleriniň biri hökmünde bolup biler» diýip, beýan etdi.

2. Energiýa üpjünçiligi çygrynda halkara-hukuk esasyny döretmäge işjeň gatnaşýan, BMG-niň agzasy bolup durýan döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti täze guraly – BMG-niň howandarlygynda Sebitara energetika gepleşigini döretmegi teklip etdi. Şunlukda, Hazar sebitiniň döwletleri Merkezi we Günorta Aziýanyň, Gara deňiz we Baltika sebitleriniň, Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri, Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlary, Hytaý we beýleki ähli gyzyklanma bildirýän döwletler, kompaniýalar we halkara maliýe institutlary bilen bir hatarda Gepleşikleriň işjeň gatnaşyjysy bolar diýip çak edilýär.

3. Ýewraziýa giňişliginde ulag akymlaryny, ilkinji nobatda, «Demirgazyk–Günorta» we «Gündogar–Günbatar» geçelgeleri boýunça ulag akymlaryny kadalaşdyrmak boýunça iri taslamalary netijeli amala aşyrmak maksatlary bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Hazar we Gara deňiz, Merkezi Aziýa we Ýakyn Gündogar aralygynda ulag-üstaşyr geçiriş mümkinçiliklerini göz öňünde tutýan ulagy ösdürmek boýunça BMG-niň Ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamaga başlamagy teklip etdi.

4. Global ähmiýeti bolan Hazar deňziniň ekologiýasy babatda, Türkmenistanyň Prezidenti Hazar basseýninde daşky gurşawy goramak meselesine seretmek we degişli teklipleri işläp düzmek üçin, hemişelik hereket edýän edara hökmünde Hazar Ekologik forumyny guramagy teklip etdi. Bu Forumyň işi Hazaryň ajaýyp tebigy baýlyklaryny gorap saklamak boýunça halkara tagallalaryna anyk mazmun bermäge gönükdiriler.

Türkmenistanyň Baştutanynyň halkara başlangyçlarynyň anyk ugurlarynyň Türkmenistanyň Hökümetiniň we pudaklarynyň BMG-niň düzümleri we sebit guramalary bilen bilelikde geçirýän dürli forumlarynda we maslahatlarynda iş ýüzünde amala aşyrylmak bilen öz beýanyny tapýandygyny belläp geçmek zerurdyr. Olar Türkmenistanyň Hazar deňziniň tebigy baýlyklaryny netijeli we howpsuz özleşdirmegiň hereket edýän gurallaryny we ýörelgelerini döretmek boýunça möhüm halkara merkezine öwrülýändigine şaýatlyk edýär.

Şu babatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça 2011-nji ýylyň 28-nji fewralynda Aşgabatda geçirlen «Hazarüsti turbageçirijileriniň ekologiki meseleleri» atly halkara ylmy maslahatyň ähmiýetini hem bellemek wajypdyr. Türkmenistanyň Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler ministrligi tarapyndan geçirlen bu forumyň işine dünýäniň 20 ýurdundan ylym institutlaryna, tebigaty goraýyş pudaklaryna we bu ugurdaky işewürlige wekilçilik edýän 300 töweregi wekiller, şeýle hem Türkmenistanda akkreditirlenen diplomatik korpusyň wekilleri, daşary ýurt we türkmen žurnalistleri gatnaşdylar.

Türkmenistan tarapyndan degişli ministrlikleriň we pudaklaryň, döwlet konsernleriniň, Ylymlar akademiýasynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky uglewodorod serişdelerini dolandyrmak we ulanmak boýunça Döwlet agentliginiň, Tebigaty goramak ministrliginiň, Türkmen politehniki institutynyň, Nebit we gaz institutynyň, «Türkmengaz» Döwlet konserniniň, «Nebitgazylmytaslama» institutynyň, «Türkmennebit» Döwlet konserniniň, Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň ýolbaşçylary we esasy hünärmenleri gatnaşdylar.

Daşary ýurtly foruma gatnaşyjylaryň arasynda – Azerbaýjanyň Ylymlar akademiýasynyň, senagat we energetika, ekologiýa we tebigat serişdeleri, Daşary işler, ulag ministrlikleriniň, Ýewropa Bileleşiginiň Ýe-

rine ýetiriji komitetiniň, beýleki öňdebaryjy halkara guramalarynyň we ABŞ-nyň, Kanadanyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Awstriýanyň, Norwegiýanyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Koreýa Respublikasynyň, Gazagystanyň, Malaýziýanyň, Türkiýäniň we birnäçe beýleki döwletleriň nebit-gaz kompaniýalarynyň wekilleri bar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň maslahata gatnaşyjylara Gutlag hatynda belleýşi ýaly, «bu sebitde ählitaraplaýyn hyzmatdaşlygy we özara ylalaşykly hereketleri ösdürmek ähli Hazarýaka döwletleriniň uzakmöhletleýin gyzyklanmalaryna jogap berýär». 2010-njy ýylyň noýabrynda Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Üçünji sammitinde Hazar deňziniň düýbi boýunça turbageçirijilerini çekmek meselesi babatda Türkmenistanyň öz garaýşyny anyk beýan edendigini ýatlatmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti deňiz aragatnaşyk ulgamlary gurlanda we ulanylanda halkara ekologik ülňülerini berjaý etmegiň zerurdygyny belledi.

Hazarýaka sebitiniň gaýtalanmajak, ýeke-täk ekologik ulgamy bolan seýrek duş gelýän tebigy toplumdygyny bellemek bilen, Türkmenistanyň Lideri ekologik meseleleri çözmek üçin Hazarýaka döwletleriniň we halkara guramalarynyň tagallalaryny birleşdirmegiň zerurdygy hakynda aýtdy.

Maslahatyň möhüm ähmiýetini nygtamak bilen, döwlet Baştutanymyz suwasty, Hazarüsti turbageçirijileri iň ýokary halkara ekologik ülňüleriniň we kadalarynyň berjaý edilmegi bilen gurlan mahalynda işleri ýerine ýetirmek üçin maslahatyň işiniň peýdaly we netijeli başlangyç boljakdygyny belledi. Şunlukda döwlet Baştutanymyz häzirki forumyň jemleri «bu möhüm meseläni anyk we dogry çözmegiň ýollaryny gözlemekde uly goldaw bolar, şonuň netijesinde biz Hazar sebitini parahatçylygyň we gülläp ösüşiň mekanyna öwürmek boýunça umumy maksatlara has ýakynlaşarys» diýip, ynam bildirdi.

Maslahatyň gün tertibine Hazarda halkara ekologik hyzmatdaşlygynyň giň ugurlaryny öz içine alýan derwaýys meseleler girizildi. Bu ugurdaky gazanylanlar we netijeli özara hereketiň geljegi hakynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we Tebigaty goramak ministrliginiň, Azerbaýjanyň Ekologiýa we tebigy serişdeler

ministrliginiň, «British Gas» kompaniýasynyň, Ýewropa Bileleşiginiň Ýerine ýetiriji komitetiniň wekilleri forumyň münberinden habar berdiler.

Hazar deňziniň uglewodorod serişdeleri özleşdirilen we ulanylan mahalynda ekologiýanyň talaplaryny we kadalaryny berjaý etmek meseleleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky uglewodorod serişdelerini dolandyrmak we ulanmak boýunça Döwlet agentliginiň, Azerbaýjanyň Ekologiýa we tebigy serişdeler ministrliginiň Hazar toplumlaýyn ekologik syn ediş müdirliginiň, şeýle hem Petronas (Malaýziýa), Dragon Oil (BAE-Beýik Britaniýa), Hytaý milli nebitgaz korporasiýasynyň (HHR), OMV (Awstriýa) kompaniýalarynyň wekilleriniň çykyşlarynda beýan edildi.

Azerbaýjanyň Döwlet nebit kompaniýasynyň «Nebitgazproýekt» ylmy-barlag institutynyň, Türkmen politehniki institutynyň, RWE Dea AG kompaniýasynyň (Germaniýa) hünärmenleri Hazarda turbageçirijiler çekilende ekologik howpsuzlygy üpjün etmegiň dürli ugurlary we halkara tejribesini ulanmak meselelerini öz çykyşlarynda açyp görkezdiler.

Deňiz turbageçirijilerini çekmegiň sebitleýin we global tejribesiniň jikme-jik syny Chevron (ABŞ) we Statoil (Norwegiýa) belli nebit-gaz kompaniýalarynyň bilermenleriniň çykyşlarynda beýan edildi. Hazarda ekologik gözegçiliginiň milli we sebit tejribesi hakynda «Türkmengaz» Döwlet konserniniň Nebit we gaz institutynyň, Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň, «Türkmennebit» Döwlet konserniniň «Nebitgazylmytaslama» institutynyň, Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň «Kaspekogözegçilik» kärhanasynyň ylmy işgärleri we hünärmenleri gürrüň berdiler.

Deňiz turbageçirijileri ulanylanda, häzirkizaman tehnologiýalarynyň we tebigaty goraýyş işini dolandyrmagyň usullaryndan peýdalanmagyň mümkinçilikleri Total, Enviromental Solutions International kompaniýalarynyň wekilleriniň çykyşlarynda görkezildi.

Türkmenistanyň Lideri tarapyndan başy başlanan ekologik maslahatyň aýratyn derwaýyslygyny nygtamak bilen, oňa gatnaşyjylar, häzirki döwürde Hazar sebitiniň we deňziň akwatoriýasynyň uglewodorodlary gözlemek, işläp taýýarlamak we daşarky bazarlara çykarmak boýunça birnäçe halkara taslamalarynyň amala aşyrylýan zolagyna öwrülýändigini bellediler.

Hususan-da, Ýewropa komissiýasynyň energetika boýunça Baş direktorynyň wekili Žan Arnold Winýe şeýle diýdi: «Siziň myhmansöýer ýurduňyzda Ýewropa Bileleşiginiň wekili hökmünde ilkinji gezek bolup görýändigime we turbageçirijileri gurmaga we ulanmaga bagyşlanan şu maslahata gatnaşýandygyma örän şatdyryn we ony örän ähmiýetli, wagtynda hem-de netijeli diýip hasap edýärin. Şu ýerde energiýa serişdelerini eksporta taýýarlamak infrastrukturasyny we olary ibermegiň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça Ýewropa Bileleşiginiň Ýerine ýetiriji komitetine wekilçilik etmek bilen, halkara forumynda men ýurtda nebit kompaniýalarynyň nähili işleýändigine, daşky gurşawy goramagyň, aýratyn hem, nebit we gaz çykaryş desgalarynyň golaýynda, nähili ýokary derejede gurlandygyna jikme-jik düşünerin. Ýeri gelende aýtsak, bu ýerde Ýewropany we Aziýany Hazaryň üsti bilen baglanyşdyrjak şeýle turbageçirijilerini amala aşyrmak üçin örän oňat şertler döredilipdir».

2011-nji ýylyň 14-15-nji martynda Aşgabatda BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň howandarlygynda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrliginiň guramagynda Hazaryň deňiz gurşawyny goramak meselelerine bagyşlanan sebit maslahaty geçirildi. Duşuşyga Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Russiýanyň we Eýranyň tebigaty goraýyş döwlet düzümleriniň bilermenleri, BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň, Ösüş Maksatnamasynyň we beýleki halkara guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

Forum sebitiň we umumylykda planetanyň ekologik abadançylygyny döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde kesgitlän Türkmenistanyň ýokary halkara abraýynyň nobatdaky aýdyň tassyklamasy boldy. Hazaryň kenarynda ekologiýa meselelerine deňagramly çemeleşmäni hasaba almak bilen «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyny döretmek boýunça ajaýyp taslamanyň üstünlikli amala aşyrylmagy müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen bu täsin tebigy ajaýyplygyň aýawly saklanylmagynyň aýdyň mysalydyr.

Global ekologiýa gaznasy we BMG-niň Ösüş maksatnamasy Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi bilen bilelikde «Hazar deňziniň kenarynda Hazar goraghanasyndaky biologik dürlüligi saklamak we kadaly ulanmak» atly taslamany amala aşyrýar .

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy taslamasy Hazar deňziniň basseýnini parahatçylygyň we ylalaşygyň sebitine öwürmek isleýän Türkmenistanyň bu babatda öz halkara başlangyçlaryny hakyky iş ýüzünde durmuşa geçirýändiginiň subutnamasydyr .

2007-nji ýylyň ahyrynda, «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygy başlananda, bu ägirt uly taslama maliýe serişdeleriniň ummasyz möçberleri maýa goýuldy. Indi şu günki gün Hazaryň kenaryny ajaýyp binagärçilik toplumlary – dynç alýanlaryň birbada üç müňden gowragyny kabul edip biljek kaşaň myhmanhanalar, kottejler, ýokary amatlyklary bolan çagalar sagaldyş merkezleri bolan «Watançy», «Hazyna», «Nebitçi», «Kerwen», «Kuwwat», «Serdar», «Arzuw», «Daýanç», «Şapak», «Bereket» ýaly we başga-da birnäçe ymaratlar bezeýär hem-de olaryň sany gün-günden artýar.

Tehnikanyň iň soňky gazananlary bilen enjamlaşdyrylan halkara aeroporty, kuwwatly gazturbinaly elektrik bekedi, deňiz suwuny arassalaýjy zawod dynç alyş infrastrukturasynyň üstüni ýetirdi. «Awazany» ýedi kilometrlik gämi gatnawly derýa kesip geçdi. Awtoulag we pyýada köprüleriniň nepis toplumlary bilen birikdirilen onuň kenarlary boýunça amfiteatrlar, ajaýyp suw çüwdürimler toplumlary, kafeler, restoranlar, deňiz ýahtalary we gezelenç gaýyklary üçin kenarýaka gämi duralgalary bilen abadanlaşdyrylan dynç alyş zolagy uzalyp gidýär.

Häzirki döwürde «Awazada» täze desgalaryň gurluşyklary güýçli depginlerde dowam etdirilýär. Olar hyzmat etmegiň ähli görnüşleri we maşgala bilen dynç almaga ähli şertleri bolan, ähli ministrlikleriň we pudaklaryň diýen ýaly, şeýle hem ýurduň Mejlisiniň, paýtagtyň we welaýatlaryň häkimlikleriniň buýurmalary boýunça gurulýan dürli maksatly belent myhmanhanalar, kaşaň kottejler toplumlarydyr. Olaryň käbirleri eýýäm 2013-nji ýylda ulanylmaga berildi.

Işe girizilmegi bilen «Awazada» bir wagtyň özünde dynç alýanlaryň sanyny ýedi müň adama çenli artdyrmaga mümkinçilik berjek myhmanhanalardan, pansionatlardan we şypahana-dynç alyş toplumlaryndan başga-da, bu ýerde köp sanly sport desgalarynyň, akwaparklaryň, medeni-dynç alyş toplumlarynyň, halkara çärelerini, döredijilik festiwallaryny we ş.m. geçirmäge niýetlenilen işewürlik merkezleriniň gurluşyklary meýilleşdirilen we alnyp barylýar.

Tähran konwensiýasynyň Wagtlaýyn sekretariatynyň baştutany Fris Şlingemannyň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň geçirýän halkara ekologik forumlarynyň toplan oňyn tejribesi we netijeliligi, hususan-da, Tähran konwensiýasynyň binýatlyk resminamalarynyň biri bolan «Hazar deňzini ýerüsti çeşmelerden we gury ýerde amala aşyrylýan işleriň netijesinde hapalanmakdan goramak boýunça Protokol» işlenip taýýarlanylandaky geňeşme duşuşyklary ýene-de türkmen paýtagtyny konwensiýa laýyklykdaky hereketiň Milli meýilnamalaryny taýýarlamak boýunça birinji sebit mejlisiniň geçiriljek ýeri hökmünde öňünden kesgitledi.

Mejlisiň dowamynda deňiz gurşawyny goramak, onuň biologik köpdürlüligini saklamak we köpeltmek, tebigy serişdeleri dolandyrmak boýunça kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, goraghana çäklerini we tebigatyň ýadygärliklerini goramak, ilatyň ekologik biliminiň derejesini ýokarlandyrmak we başgalar boýunça geljekki wezipeler hem-de geçirilmeli çäreler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan Hazar meseleler toplumy boýunça kesgitlenen maksatlara hem-de wezipelere laýyklykdaky geçirilmeli çäreleriň anyk ugurlary Türkmenistanyň Hazar meseleleri boýunça Pudagara toparynyň mejlislerinde yzygiderli ara alnyp maslahatlaşylýar. Hususan-da, 2011-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda ýurduň Daşary işler ministrliginde bu Pudagara toparyň nobatdaky 11-nji mejlisi geçirildi. Onda Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak we oýlanyşykly ulanmak hakyndaky bu mesele boýunça Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky özara hereket boýunça netijeli guraly döretmegi maksat edinýän Ylalaşygyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Şu babatda mejlise gatnaşyjylar bu meselede abraýly halkara düzümleri – BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasy (DGGM), Hazar ekologik Maksatnamasy (HEM) ýaly düzümleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk saklaýan Türkmenistanyň oňyn garaýşyny bellediler.

Toparyň agzalary Hazaryň ykdysady, syýahatçylyk we şypahanadynç alyş mümkinçiliklerini oýlanyşykly ulanmagyň maksatlaryna hem-de wezipelerine laýyklykda, bu ajaýyp tebigy toplumyň florasyny we faunasyny gorap saklamagyň, onda alnyp barylýan dürli işleri düzgünleşdirmegiň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny mundan beýläk hem ösdürmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Gadymdan bäri Merkezi Aziýanyň «deňiz derwezesi» diýlip atlandyrylýan Türkmenbaşy şäheriniň geljekki ösüşi bilen Hazarýaka döwletleriniň özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy üçin giň mümkinçilikler açylýar. Bu şäherde deňiz, demirýol, awtomobil, howa ulaglary, ýagny ulaglaryň ähli görnüşleri diýen ýaly jemlenendir. Şu babatda şäher Hazarýaka döwletleriniň iri ulag-logistik merkezine öwrülmek boýunça uly artykmaçlyga eýedir.

Şunuň bilen baglylykda logistika şu günki gün global daşary söwda gatnaşyklarynyň möhüm baglaýjy halkasy bolup durýar. Ulaglaryň dürli görnüşleriniň has ýakyndan özara hereketini üpjün etmek bilen, ulag-logistik hyzmatlarynyň bazaryny ösdürmek we kämilleşdirmek milli ulag ulgamlarynyň çuňňur halkara integrirlenmegi, edilýän hyzmatlaryň hiliniň ýokarlandyrylmagy üçin oňaýly şertleri döredýär. Türkmenbaşy şäherinde ulag logistikasyny ösdürmek üçin ähli mümkinçilikler bardyr.

Deňiz boýunça daşaýşyň möçberlerini mundan beýläk hem artdyrmak üçin deňiz portunyň, parom terminalynyň durkuny täzelemegiň nobatdaky tapgyry, halkara talaplaryna we ülňülerine laýyklykda portuň infrastrukturasyny kämilleşdirmek we täze priçallary gurmak göz öňünde tutulýar, ýokary derejede enjamlaşdyrylan deňiz floty döredilýär, deňiz portuny kämilleşdirmek meýilleşdirilýär. Bularyň ähisi Hazarýaka döwletleriniň söwda-ykdysady mümkinçiliklerini täze derejä çykarar.

2011-nji ýylyň 22-nji sentýabrynda Türkmenbaşy şäheriniň «Çarlak» myhmanhanasynyň maslahatlar jaýynda geçirlen Hazarýaka döwletleriniň deňiz portlarynyň dolandyryş edaralarynyň baştutanlarynyň 3-nji mejlisi ýokarda görkezilenlere we beýleki ugurlara bagyşlandy.

Bu mejlisiň işine Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň wekilleri, Russiýa Federasiýasynyň Deňiz we derýa ulaglary federal agentliginiň, Eýran Yslam Respublikasynyň Portlar we deňizde ýüzüş Guramasynyň, Azerbaýjanyň we Gazagystanyň degişli suw-ulag düzümleriniň ýolbaşçylary we esasy hünärmenleri, şeýle hem Ýewropa Bileleşiginiň hemaýat bermeginde amala aşyrylýan halkara ulag geçelgesini ösdürmek boýunça sebit maksatnamasynyň (TRASEKA) wekilleri gatnaşdylar.

Mejlisiň dowamynda gämi gatnawy, deňiz ýük daşalyşy, Hazarda suwda ýüzmegiň howpsuzlygyny we ekologik abadançylygyny üpjün etmek çygyrlaryndaky hyzmatdaşlygyň dürli ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşyga gatnaşyjylaryň çykyşlarynda bellenilişi ýaly, geografik ýerleşişiniň aýratynlygy we baý tebigy serişdeleri netijesinde, okgunly ösüp barýan Hazar sebiti şu günki gün Ýewraziýa giňişliginde möhüm geosyýasy we ykdysady merkezleriň biri bolup durýar. Iň iri ulag-üstaşyr geçiriji çatryk hökmünde onuň orny gyşarnyksyz artýar. Şonça-da bu ýerde anyk hukuk kadalaryna we özara bähbitleri hasaba almaklyga esaslanýan ylalaşykly halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak has ähmiýetli bolup durýar. 2009-njy ýyldan bäri geçirilip gelýän Hazarýaka ýurtlarynyň deňiz pudaklarynyň wekilleriniň yzygiderli bäştaraplaýyn duşuşyklary netijeli hyzmatdaşlygy öňe sürmäge gönükdirilendir. Hazar portlarynyň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak we halkara reýtingini galdyrmak bilen, şol sanda olaryň önümçilik infrastrukturasyny modernizirlemek, tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrmak, ýük daşaýjy gämilere hyzmat etmek çygryna häzirkizaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen baglanyşykly meseleler häzirki gepleşikleriň özbaşdak temalary boldy. Şeýlelikde, Hazarýaka döwletleriniň gämi gatnaw kompaniýalarynyň Assosiýasiýasyny (Caspian Sea Shipping Association) döretmegiň taslamasy boýunça gyzyklanmalaýyn pikir alyşmalar geçirildi. Bu bolsa goňşy ýurtlaryň arasyndaky özara ýük geçiriş möçberlerini we olaryň portlaryndan üstaşyr geçirilýän ýükleri köpeltmäge, hususy maýa goýumlaryny çekmäge ýardam etmeklige gönükdirilendir.

Şu babatda, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynyň garamagyna çykarylan, sebit we sebitara – Hazar bilen Gara deňiz we Merkezi Aziýa bilen Ýakyn Gündogaryň arasyndaky ulag aragatnaşyklaryny ösdürmäge degişli halkara başlangyçlarynyň ähmiýetiniň möhümdigi bellenildi.

Duşuşygyň dowamynda suwda ýüzmek we gämi gatnawynyň howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerine, Hazar basseýni zolagynda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almaga gönükdirilen çärelere aýratyn üns berildi. Hususan-da, Hazarda dürli görnüşli işleri geçirmegi mundan beýläk hem hukuk taýdan düzgünleşdirmäge niýetle-

nilen birnäçe resminamalaryň taslamalary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem ähli Hazarýaka ýurtlarynyň halas ediş işleri çygryndaky hünärmenleriniň gatnaşmagynda bilelikdäki türgenleşik okuwlaryny geçirmegiň zerurdygy bellenildi.

Mejlisiň çäklerinde Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugynyň mümkinçilikleri we ösüşiniň geljegi, şol sanda Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunyň durkuny täzelemegiň nobatdaky tapgyryny amala aşyrmaga niýetlenilen taslamalar bilen tanyşdyryş geçirildi. Mejlisiň jemleri boýunça Hazarýaka döwletleriniň gämi gatnawy we port infrastrukturasyny ösdürmek çygrynda mundan beýläk özara hereket etmegiň giň ugurlary boýunça gelnen ylalaşyklary şöhlelendirýän degişli Protokola gol çekmek bellenildi.

2011-nji ýylyň 22-25-nji noýabrynda Aşgabatda Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýanyň (Tähran konwensiýasy) çäklerinde hereket etmegiň milli meýilnamalaryny işläp taýýarlamak boýunça Iş toparlarynyň sebitleýin duşuşygy geçirildi. Bu üç günlük ekologik forum Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi tarapyndan Tähran konwensiýasynyň wagtlaýyn Sekretariaty bilen bilelikde BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň Ýewropa býurosynyň (UNEP), «KaspEko» Global ekologik gaznasynyň (GEG), BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň Sebit taslamasynyň howandarlygynda guraldy. Duşuşyga Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Azerbaýjanyň, Russiýanyň we Eýranyň daşky gurşaw boýunça halkara maslahatçylary we döwlet edaralarynyň bilermenleri, UNEP-iň, «KaspEko-nyň», Türkmenistandaky Ýewropa Öýüniň we jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Mälim bolşy ýaly, Tähran konwensiýasy planetada iň uly içerki suw howdanyny, onuň ajaýyp tebigy we gidrogeologik gurşawyny gorap saklamak, geljekki nesiller üçin kenarýaka çäklerini durnukly ösdürmegi üpjün etmek boýunça Hazarýaka döwletleriniň hyzmatdaşlyk strategiýasynyň çelgilerini kesgitlän Hazar deňzi sebitinde ilkinji köptaraplaýyn şertnamalaýyn resminama bolup durýar.

Sebitleýin duşuşyk, degişlilikde, Tähran konwensiýasy boýunça hereket etmegiň milli meýilnamalaryny işläp taýýarlamak, meýilnamalaryň düzüm bölegi hökmünde jemgyýetçiligiň gatnaşmagy strategiýasy, Hazar deňziniň daşky gurşawyna syn etmegiň sebit mak-

satnamasyny taýýarlamak meselelerine bagyşlanan üç mejlis ölçeginde geçirildi. Birinji mejlisiň dowamynda konwensiýa boýunça hereket etmegiň uzakmöhletleýin milli meýilnamalarynyň taslamalary bilen tanyşdyryldy we ara alnyp maslahatlaşyldy. Olar her bir Hazarýaka ýurt üçin milli bähbitleri hasaba alyp, ekologik institusional we hukuk düzgünlerini hem goşmak bilen, anyk wezipeleri we maksatlary kesgitleýär. Biologik köpdürlüligi goramak, deňziň balyk we başga serişdelerini oýlanyşykly ulanmak, daşky gurşawy we goraghana çäklerini goramak boýunça kanunçylyk binýadyny güýçlendirmek, antropogen işlerden bolan galyndylary dolandyrmak, ilatyň ekologik bilimliliginiň derejesini ýokarlandyrmak we beýleki meseleler ileri tutulýan ugurlar diýlip ykrar edildi.

Hazarda daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri netijeli ulanmak boýunça tagallalarda jemgyýetçilik birleşikleriniň we raýatlaryň gatnaşmagy konwensiýa boýunça bu meýilnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagynyň möhüm faktory bolup durýar. Bu tema ikinji mejlisde ara alnyp maslahatlaşylan mesele boldy. Onda tebigaty goramak işine raýat jemgyýetini çekmek we onuň tutýan ornuny güýçlendirmek strategiýasyny taýýarlamak boýunça tanyşdyryş synlaryna seredildi.

Üçünji, jemleýji mejlis Global ekologik gaznasynyň (GEG) we BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň goldaýan, Hazar deňziniň balyk gorlaryny dikeltmäge we dolandyryşyň hemişelik tebigaty goraýyş düzümini jemlemäge gönükdirilen sebit taslamasynyň çäklerinde geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda oňa gatnaşyjylara daşky gurşawyň ýagdaýy hakynda toplumlaýyn çykyşlaryň we Hazar basseýniniň ekologik ulgamyna syn etmegiň sebitleýin maksatnamasynyň tanyşdyrylyşy hödürlenildi. Şunuň bilen baglylykda, kenarýaka ýurtlar tarapyndan bioserişdelere we suwuň hiline gözegçilik boýunça milli maksatnamalary durmuşa geçirmegiň iş ýüzünde gazanylan netijeleri hakynda pikir alşyldy. Tähran konwensiýasy boýunça hereket etmegiň milli meýilnamalaryny, şeýle hem bu meýilnamalaryň bir bölegi hökmünde Hazar deňziniň daşky gurşawyny goramaklyga raýat jemgyýetini çekmek boýunça strategiýany kabul etmek planetanyň bu ajaýyp tebigy göwherini ekologik taýdan ygtybarly goramagy üpjün etmek

boýunça Hazarýaka döwletleriniň ylalaşykly tagallalaryny döretmekde nobatdaky ädim boldy. 2012-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda ýurduň Daşary işler ministrliginde Hazar deňziniň meseleleri boýunça Türkmenistanyň Pudagara toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onda 2011-nji ýylda amala aşyrylan işleriň jemleri ara alnyp maslahatlaşyldy we ýakyn geljegiň wezipeleri kesgitlenildi.

Duşuşyga Daşary işler, Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler, Tebigaty goramak ministrlikleriniň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça döwlet kärhanasynyň, Balyk hojalygy döwlet komitetiniň, Döwlet serhet gullugynyň, birnäçe pudaklaýyn ylmy-barlag institutlarynyň we beýlekileriň ýolbaşçylary düzümine girýän toparyň agzalary gatnaşdylar. Mejlisiň barşynda Pudagara toparyň işiniň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Onuň möhüm wezipeleriniň biri, bu ajaýyp suw howdanyny gorap saklamaga, iňňän baý biologik serişdelerini köpeltmäge we oýlanşykly ulanmaga, onuň ekologik howpsuzlygyny üpjün etmäge, netijeli sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan öňe sürülýän halkara başlangyçlaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça teklipleri işläp taýýarlamak bolup durýar.

Şu babatda, seredilýän döwrüň dowamynda birnäçe işleriň, şol sanda halkara hukugynyň kadalary esasynda Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny işläp düzmek boýunça resminamalary taýýarlamak babatda, şeýle hem Hazar meseleler toplumynyň ähli ugurlarynda halkara derejesindäki forumlary guramak we geçirmek boýunça işleriň alnyp barlandygy bellenildi.

Türkmenistan Hazar basseýni sebitinde parahatçylygy, ylalaşyklylygy we durnuklylygy saklamagyň yzygiderli tarapdary bolmak bilen, ähli taraplaryň milli bähbitlerini nazarda tutmak, geljegi uly bolan taslamalary amala aşyrmakda umumy tagallalary birleşdirmek, şeýle hem Hazar boýunça meseleleriň ähli ugurlary boýunça goňşuçylykda ýaşaýan ýurtlaryň öňünde durýan wezipeleri çözmegiň toplumlaýyn çemeleşmesi esasynda oňyn gepleşikler ugrunda çykyş edýär.

Hoşniýetlilik, deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak we sagdyn pragmatizm halkara hyzmatdaşlygy meselelerinde Türkmenistanyň garaýşyny kesgitleýän esasy ýörelgeler bolup durýar. Haza-

ryň we onuň kenarynyň köp ugurly mümkinçiliklerini doly we hemmetaraplaýyn amala aşyrmagyň ähli goňşy ýurtlaryň, şol sanda-da Türkmenistanyň ykdysadyýeti üçin strategik ähmiýeti bardyr.

2012-nji ýylyň 14-nji iýunynda türkmen paýtagtynda Hazarýaka döwletleriniň balyk hojalygy boýunça ygtyýarlandyrylan edaralarynyň wekilleriniň mejlisi açyldy. Oňa gatnaşyjylar Hazar deňziniň biologik serişdelerini saklamak we oýlanyşykly ulanmak boýunça Ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşdylar. Bu mejlisiň baş temasy her bir tarapyň ykdysady we ekologik bähbitlerine jogap berýän tebigatdan peýdalanmagyň ylalaşykly derejesini üpjün etmek bilen, Hazaryň baý tebigy dünýäsini gorap saklamaga gönükdirilen sebit resminamasyny taýýarlamak boýunça işleriň barşyny ara alyp maslahatlaşmak boldy. Işlenip taýýarlanylýan Hazar deňziniň biologik serişdelerini saklamak we oýlanyşykly ulanmak boýunça Ylalaşygyň maksady – bu wajyp meselede Hazarýaka döwletleriniň özara hereketiniň netijeli guralyny döretmekdir.

Mejlise gatnaşyjylar Türkmen Lideriniň ekologik başlangyçlaryna we Türkmen döwletiniň BMG we onuň bu çygyrda ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen özara hereketi işjeňleşdirmek babatda geçirýän maksadaokgunly çärelerine ýokary baha berdiler. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66--njy maslahatynyň belent münberinden beýan eden Hazar basseýninde daşky gurşawy goramak meselelerine seretmek we degişli teklipleri we hödürlemeleri işläp taýýarlamak üçin hemişelik hereket edýän platforma hökmünde Hazar ekologik forumyny döretmek baradaky teklibiniň möhümdigi bellenildi.

2012-nji ýylyň 5-nji noýabrynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň howandarlygynda Hazar ekologik forumy öz işine başlady. Hazaryň ekologik abadançylygyny gorap saklamak çygrynda mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmak üçin bu ýere Azerbaýjan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Türkmenistanyň, şeýle hem BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň (UNEP), Ösüş Maksatnamasynyň (ÖM), Ýewropa Ykdysady komissiýasynyň we beýleki abraýly halkara guramalarynyň ýokary wekiliýetleri gatnaşdylar.

Milli Liderimiz foruma gatnaşyjylara özüniň Gutlagynda Hazaryň kenarynda geçirilýän bu forum ekologiýa çygrynda halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk hem ösdürmäge ýardam eder diýip ynam bildirdi. Onuň belleýşi ýaly, Hazaryň seýrek duş gelýän tebigy serişdelerini aýawly saklamak we netijeli ulanmak, deňziň ajaýyp ekologiýasy we biologik köpdürlüligi barada ilaty habarly etmek, Hazarýaka sebitinde daşky gurşawy goramak we degişli teklipleri işläp taýýarlamak meseleleri bu hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary bolup durýar.

Duşuşyga gatnaşyjylar Türkmenistanyň başlangyçlaryny, hususan-da, BMG-niň Baş Assambleýasynyň maslahatlaryndaky we durnukly ösüş boýunça «Rio+20» Maslahatyndaky başlangyçlaryny biragyzdan goldadylar. Ilkinji nobatda, ol Hazar basseýninde daşky gurşawy goramak meselelerine seretmek we degişli teklipleri hemde hödürlemeleri işläp taýýarlamak üçin platforma bolmaga gönükdirilen, Hazar ekologik forumyna hemişelik hereket edýän halkara edarasynyň hukuk ýagdaýyny bermäge, şeýle hem howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini döretmäge hem-de Araly halas etmegiň ýörite maksatnamasyny işläp taýýarlamaga niýetlenilen başlangyçlaryna degişlidir.

Hazarýaka döwletleriniň umumy wezipesi – obýektiw ykdysady bähbitleri Hazaryň daşky gurşawyny we suw serişdelerini, biologik köpdürlüligini gorap saklamagyň zerurlygy bilen birikdirmek, onuň näzik ekologik balansynyň bozulmagyna ýol bermezlik bolup durýar. Şu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça hemişelik hereket edýän Hazar ekologik forumyny döretmek Hazar sebitiniň ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň netijeli strategiýasyny işläp taýýarlamak üçin hakyky iş ýüzündäki mümkinçilikdir. Ol durmuş-ykdysady ösüşi hakykat ýüzünde adamlaryň gülläp ösmeginiň we abadançylygynyň ekologik ugurlary bilen deňleşdirer.

Bu ýerde 1998-nji ýylda döredilen, Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň, şeýle hem abraýly halkara guramalary bolan hyzmatdaşlaryň – BMG-niň Global ekologik gaznasynyň (GEG), BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň (ÖM), Daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamasynyň (UNEP) we Bütindünýä bankynyň tagallalaryny birleşdirýän Hazar ekologik maksatnamasy (HEM) oňyn mysal bolup hyzmat edýär.

HEM-iň çäklerinde Hazaryň ajaýyp ekologik ulgamyny gorap saklamaga gönükdirilen netijeli taslamalaryň birnäçesi amala aşyryldy. Olaryň hatarynda şu taslamalary belläp geçmek zerurdyr: syn edişiň we daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä merkezi bilen bilelikde Hazaryň gowşak goralýan zolagynyň anyk ekologik kartasyny döretmek; haýwanat we ösümlik dünýäsiniň wekilleriniň kenarýaka we deňizdäki ýerleriniň sanawyny düzmek hem-de san taýdan baha bermek; darak görnüşli «mnemiopsisleriň» – göçüp barýan görnüşlileriň ýaýramagyny syn ediş usuly bilen öwrenmek; ekologik telekeçiligi ösdürmek. Mundanam başga, TASIS tehniki ýardam beriş maksatnamasynyň üsti bilen Ýewropa Bileleşiginiň goldamagynda «Balyk hojalygynyň durnukly ösüşi», «Hazaryň kenarýaka bileleşikleriniň durnukly ösüşi», «Hazar deňziniň suwunyň hiline syn etmek we ýokary derejede hapalanýan zolaklary üçin hereket etmegiň meýilnamasy (Caspian MAP)» we beýleki taslamalar amala aşyryldy.

Hazarýaka döwletleriniň bäşisiniň hem hökümetleri tarapyndan resmi taýdan tassyklanan we 2006-njy ýylyň 12-nji awgustynda güýje giren, Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýa (Tähran konwensiýasy) HEM-iň gazanan möhüm netijesi boldy. Bu resminamanyň esasy düzgünleriniň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna, hususan-da, «Hazar deňzi: balyk gorlaryny dikeltmek we «KaspEko» sebitleýin hemişelik tebigaty goraýyş düzümini döretmek» taslamasy gönükdirilendir.

Forumyň işiniň dowamynda BMG-niň tebigaty goramak hakyndaky esasy konwensiýalaryny iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça Hazar sebitinde geçirilýän işlere, şol sanda Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasynyň wagtlaýyn Sekretariaty we BMG-niň Ýewropa Ykdysady Komissiýasy bilen bilelikde alnyp barylýan işlere syn berildi.

Şu babatda tebigata we onuň serişdelerine aýawly çemeleşmek bilen utgaşyklylykda ykdysady we sosial meseleleri toplumlaýyn çözmäge esaslanýan Türkmenistanyň tebigaty goraýyş strategiýasyna ýokary baha berildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça işlenip düzülen hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasy biziň ýurdumyzyň ekologik howpsuzlyga we durnukly ösüşe ygrarlydygyny aýdyň görkezýär. Bu resminamada industrial obýektler ta-

rapyndan daşky gurşawyň hapalanmagynyň öňüni almaga we oňa ýol bermezlige, Hazaryň biologik köpdürlüligini gorap saklamaga, onuň biologik serişdelerini oýlanyşykly ulanmaga we köpeltmäge gönükdirilen esasy wezipeler we anyk çäreler düzgünleşdirilendir. Hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasynda tebigy serişdeleri dolandyrmak we kenarýaka zolagy ösdürmegi meýilleşdirmek boýunça, goraghana çäklerini we tebigatyň ýadygärliklerini goramak, ilatyň sosial-ykdysady durmuş şertlerini gowulandyrmak we ekologik biliminiň derejesini ýokarlandyrmak baradaky meselelere aýratyn orun berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzyň jemgyýetçilik, döwlet-syýasy we konstitusion gurluşyny kämilleşdirmek, bazar ykdysadyýetine doly geçmek baradaky belent özgertmeleriniň konstitusion esaslaryny üpjün etmek, geçirilýän ykdysady özgertmeleriň depgininiň ýokarlanmagyna we geriminiň giňelmegine ýardam etmek baradaky tagallalary netijesinde, halkara hukuk kadalaryna laýyklykda kämilleşdirmek esasynda, 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy rejelenen görnüşinde kabul edildi. Esasy Kanunymyzyň 13-nji maddasynda döwletimiziň adamyň we jemgyýetiň bähbitlerine ykdysady işi düzgünleşdirmegi amala aşyrýandygy, ähli halkyň abadançylygynyň hatyrasyna durnukly ösüşi üpjün edýändigi baradaky düzgünler bellenilýär. Onuň 14-nji maddasynda bolsa, «Ýer we ýerasty baýlyklar, suwlar, ösümlik we haýwanat dünýäsi, şeýle hem beýleki tebigy baýlyklar Türkmenistanyň umumy milli baýlygy bolup durýar, döwlet tarapyndan goralýar we rejeli peýdalanylmaga degişlidir» diýlip kesgitlenilendir. Bulardanam başga, döwletiň daşky gurşawyň abat saklanylmagynyň üpjün edilmegi üçin jogapkärdigi bellenilýär. Esasy Kanunymyzyň kämilleşdirilen görnüşiniň kabul edilmegi we onda şeýle düzgünleriň berkidilmegi biziň döwletimiziň syýasatynda ekologik ileri tutulmalaryň möhümdigine şaýatlyk edýär. Umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna laýyklykda kabul edilen «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň, şeýle hem Hazar deňzine nebitiň guýulmagynyň öňüni almak we ýok etmek boýunça Milli meýilnamanyň, Türkmenistanyň kenarýaka suwlarynyň gämilerden hapalanmagyndan goramak hem-de beýleki senagat, ulag, jemagat

we başga kärhanalaryň işini düzgünleşdirýän beýleki kadalaşdyryjy hukuk resminamalarynyň kabul edilmegi bilen, öz işlerinde ekologik kadalary üpjün etmek olaryň borjy hökmünde göz öňünde tutuldy.

Hazaryň meseleleri boýunça Pudagara topar bu ugurlaryň ählisi boýunça netijeli işleýär. Onuň düzümine Daşary işler ministrliginiň, Nebit-gaz senagaty we mineral serişdeler ministrliginiň, Tebigaty goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça Döwlet kärhanasynyň, Balyk hojalygy döwlet komitetiniň, Döwlet Serhet gullugynyň, birnäçe pudaklaýyn ylmy-barlag institutlarynyň we beýlekileriň wekilleri girýär.

Bu forumda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça Döwlet kärhanasynyň we Halkara ummanlar institutynyň (IOI) arasynda özara düşünişmek we hyzmatdaşlyk hakynda Ähtnama gol çekildi. Onuň esasy maksady – ylmy barlaglary geçirmek, daşky gurşawy we Hazaryň ekologiýasyny goramak, bilim beriş we okuw maksatnamalaryny taýýarlamak çygrynda ýakyndan hyzmatdaşlygy ýola goýmak bolup durýar.

Şu Ähtnama laýyklykda 2013-nji ýylda seminar geçirildi. Onuň dowamynda IOI-niň bilermenleri nebit-gaz serişdelerini gözlemek we ulanmak, deňiz gurşawyny goramak, gämi gatnawyny düzgünleşdirmek, deňiz söwdasyny, ulagy, portlary, gämileri bellige almagy, balyk tutmagy ösdürmek meseleleri boýunça Hazar deňziniň mysalynda halkara hukuk kadalaryny tanyşdyryş işleri bilen çykyş etdiler.

2012-nji ýylyň 17-18-nji dekabrynda Aşgabatda Hazarýaka döwletleriniň – Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň derejesinde Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda konwensiýanyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça Ýörite iş toparynyň mejlisi geçirildi.

Ähli kenarýaka döwletleriniň wekiliýetleri gepleşikleriň nobatdaky tapgyryna gatnaşmak üçin Aşgabada geldiler. Mejlisiň dowamynda, oňa gatnaşyjylara Türkmenistanyň Prezidentiniň bäştaraplaýyn forumyň çäklerinde netijeli işleri arzuw edýän gutlag sözleri ýetirildi. Onda gün tertibine girizilen ähli meseleleri ara alyp maslahatlaşmagyň birek-birege hormat goýmak, ýokary derejeli oňynlyk we özara kabul ederlikli çözgütleri gözläp tapmaga gönük-

dirilenlik häsiýetine eýe boljakdygyna ynam bildirildi. Hut şu ýörelgeleriň Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky netijeli gepleşikler işiniň esasy bolandygy we bolmagynda galýandygy nygtaldy.

Soňky ýyllaryň dowamynda bilelikde amala aşyrlan işleriň ýokary netijeli bolandygyny kanagatlanma bilen belläp, wekiliýetleriň agzalary Hazar meseleleriniň bilelikde ara alnyp maslahatlaşylmagynyň taraplaryň garaýyşlaryny has ýakynlaşdyrmaga we ylalaşygy gazanmakda oňyn hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik berendigini nygtadylar. 2003-nji ýylyň noýabrynda ilkinji köptaraplaýyn halkara-hukuk resminamasynyň – Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly konwensiýanyň kabul edilmegi bu işleriň anyk netijesi boldy. Onuň binýadynda şu günki gün Hazarda tebigaty goraýyş işleri amala aşyrylýar. Mundanam başga, 2010-njy ýylyň 18-nji noýabrynda gol çekilen Hazar deňzinde howpsuzlyk çygryndaky hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk alnyp barylýan işleriň netijeliliginiň ýene-de bir subutnamasydyr.

Bu resminamalarda düýbi tutulan halkara-hukuk esaslary täze hukuk namalarynyň kabul edilmeginde öz ösüş beýanyny tapýar. Has takygy, 2010-njy ýylyň noýabrynda Baku şäherinde geçirlen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Üçünji sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti käbir aýratyn möhüm kadalaşdyryjy resminamalaryň, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we onuň netijelerini ýok etmek çygryndaky hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşygy, şeýle hem biologik serişdeleri ulanmagyň kadalaryny bäştaraplaýyn esasda amala aşyrmaga, hususan-da, osetr görnüşli balyklary tutmaklygy paýlamagy we özleşdirmegi üpjün etmäge mümkinçilik berýän Hazar deňziniň biologik serişdelerini goramak we oýlanyşykly ulanmak hakynda Ylalaşygy işläp taýýarlamaga başlamak barada teklip girizdi. Hazarda özara ylalaşykly hereketleri geçirmek üçin zerur bolan köptaraplaýyn hukuk resminamalaryny wagtynda taýýarlamagyň we kabul etmegiň derwaýysdygyny bellemek bilen, türkmen tarapy ähli Hazarýaka döwletleriniň wekiliýetlerini Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy çygrynda Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşygyň taslamasynyň üstünde işlemegi tamamlamak üçin hemme tagallalary etmäge çagyrdy. Bu Ylalaşyga 2013-nji ýylyň güýzünde, KASPKOM-yň Türkmenistanyň başlyklyk

etjek 18-nji maslahatynda gol çekmekligiň maksat edilýändigi hem bellenildi.

Hazar basseýniniň, ýagny bu strategik sebitiň dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk şertlerinde ösmeginiň adat bolan, köp asyrlyk parahatçylyk, durnuklylyk we howpsuzlyk gatnaşyklary bilen baglanyşykda bolan ähli Hazarýaka hyzmatdaş döwletleriň uzakmöhletleýin bähbitlerine jogap berýändigi bellenilip geçildi. Şunuň bilen baglylykda, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýanyň gutarnykly görnüşiniň üstünde işlemegi tizräk tamamlamak, şeýle hem Hazar meseleleriniň dürli ugurlarynda bäş sany kenarýaka ýurtlarynyň özara gatnaşyklarynyň ygtybarly hukuk guraly bolup hyzmat etmäge gönükdirilen bu esasgoýujy resminamanyň konseptual düzgünleri boýunça özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemegi dowam etmäge umumylykda çalyşmak barada özara gyzyklanmalar bildirildi.

Ýörite iş toparynyň mejlisiniň yzysüre, 2012-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Aşgabat Hazar deňziniň biologik serişdelerini saklamak we oýlanşykly ulanmak hakynda Ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmaga bagyşlanan sebit mejlisine gatnaşyjylary kabul etdi. Onuň işine Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň degişli ugurlar boýunça ministrlikleriniň we pudaklarynyň – balyk hojalygy, tebigatdan peýdalanmak, daşky gurşawy goramak we başga döwlet düzümleriniň ýolbaşçylary we esasy hünärmenleri gatnaşdylar.

Hazar deňziniň biologik serişdelerini goramak we oýlanyşykly ulanmak hakynda Ylalaşygyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň özi, bu wajyp ugurda Hazarýaka ýurtlarynyň özara hereket etmeginiň netijeli guralyny döretmäge gönükdirilendir. Mälim bolşy ýaly, bu barada 2010-njy ýylyň noýabrynda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Üçünji sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan beýan edildi. Türkmen Lideriniň Hazarda işleriň dürli görnüşlerini düzgünleşdirýän täze hökümetara ylalaşyklarynyň bukjasyny taýýarlamak hakyndaky başlangyjy, Hazar sebitiniň ekologik howpsuzlygynyň bitewi hem-de berk ulgamyny döretmek ýaly strategik ugurlarda bilelikde işlemäge taýýardygyny bildiren, duşuşyga ýokary derejeli gatnaşyjylaryň ählisi tarapyndan goldanyldy.

Bilermenler derejesindäki mejlisiň dowamynda giňişleýin, gyzyklanmalaýyn pikir alyşmalar geçirildi. Onuň çäklerinde her bir tarap seredilýän ähli meseleler boýunça garaýyşlary mundan beýläk ylalaşmaga gönükdirilen teklipleri beýan etdi. Hususan-da, ol osetr görnüşli balyklary tutmagyň paýlaryny, daşky gurşawy goramak çygrynda milli maksatnamalary utgaşdyrmaklygy hem goşmak bilen, biologik serişdeleri ulanmagyň kadalaryny kesgitlemegiň tertibine degişlidir.

2013-nji ýylyň 11-nji martynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda «Hazar deňzi – durnukly ösüş we dolandyryş» atly Daşary işler ministrligi we Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Hazar deňziniň meseleleri boýunça Döwlet kärhanasynyň, Halkara ummanlar institutynyň (IOI) bilelikde guramagynda 10 günlük seminar öz işine başlady. Bu seminara Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň degişli ugurlar boýunça ministrlikleriniň we pudaklarynyň, beýleki tebigaty goraýyş düzümleriniň ýolbaşçylary we esasy hünärmenleri, şeýle hem daşky gurşawy goramak boýunça halkara maslahatçylary we bilermenleri, habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Kursuň maksatnamasy giň meseleler toplumyny öz içine aldy. Olara halkara gün tertibiniň wajyp ugurlary bolan, döwletleriň durnukly ykdysady ösüşini adamlaryň hal-ýagdaýynyň gülläp ösmeginiň we abadançylygynyň durmuş we ekologik ugurlary bilen deňagramlaşdyrýan dünýä ykdysadyýetiniň täze nusgasyny döretmek ýaly ugurlar degişlidir. Bu temanyň derwaýyslygy, şol sanda Hazarýaka ýurtlary üçin derwaýyslygy, BMG-niň howandarlygynda dünýäniň ähli ýerleri boýunça geçirilýän, 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin dünýä ösüşiniň global maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemäge niýetlenilen milli geňeşmeler bilen hem şertlendirilendir. Öz hatarynda 60-dan gowrak döwlet bolan meýletinçi ýurtlaryň düzümine Türkmenistan hem girdi.

Seminaryň maksatnamasyna «Ummanlary dolandyrmak syýasatynyň konsepsiýasy», «Durnukly ösüşiň ýörelgeleri», «Kenarýaka zolagy dolandyrmak», «Howanyň üýtgemegi», «Deňiz ykdysadyýeti», «Hazar we başga deňizleriň mysalynda BILKO we GIS ýöriteleşdirilen maksatnamalaýyn üpjünçiliginiň kömegi bilen dürli

hili ýagdaýlara öýkünmeler», «Deňiz giňişligini meýilleşdirme» ýaly we beýleki temalar goşuldy. Türkmenistanda milli we halkara maksatnamalarynyň we taslamalarynyň amala aşyrylyşy baradaky syn bilen öz ýurdumyzyň bilermenleri çykyş etdiler.

Nebit-gaz serişdelerini gözlemek we ulanmak, deňiz gurşawyny goramak, gämi gatnawyny düzgünleşdirmek, deňiz söwdasy, ulag, portlar, gämileri hasaba almak, balyk tutmak, şeýle hem Hazarýaka ýurtlarynyň hyzmatdaşlygynyň hukuk binýadyny döretmek çygyrlaryndaky halkara hukuk kadalaryna aýratyn üns berildi. Mysal üçin, duşuşygyň dowamynda binýatlaýyn resminama hökmünde, kenarýaka döwletleriň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge, netijeli halkara gatnaşyklary üçin hukuk esasyny döretmäge gönükdirilen Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýanyň taslamasyny taýýarlamaga degişli meseleler boýunça gyzyklanmalaýyn pikir alyşmalar geçirildi.

Tähran konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 2012-nji ýylyň dekabrynda Moskwada geçirilen IV maslahatynda Hazarýaka döwletleriniň wekilleri Milli Liderimiziň daşky gurşawy goramak meselelerine seretmek üçin gepleşikler platformasy bolmaga we olar boýunça optimal çözgütleri tapmaga gönükdirilen Hazar ekologik forumyna hemişelik hereket edýän halkara edarasynyň hukuk ýagdaýyny bermek baradaky teklibini mundan beýläk hem öňe sürmegiň tarapynda çykyş etdiler.

2013-nji ýylyň 10-njy aprelinde Hazarýaka ýurtlarynyň ygtyýarlandyrylan edaralarynyň wekilleri Hazar deňziniň biologik serişdelerini saklamak we oýlanyşykly ulanmak hakyndaky Ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça öz üçünji duşuşygyna Aşgabada geldiler.

Mejlisiň dowamynda oýlanyşykly, gyzyklanmalaýyn pikir alyşmalar geçirildi. Olaryň çäklerinde her bir tarap seredilýän ähli meseleler boýunça garaýyşlary mundan beýläk ylalaşmaga gönükdirilen tekliplerini beýan etdiler. Hususan-da, bu osetr görnüşli balyklary tutmagyň paýlaryny, daşky gurşawy goramak çygryndaky milli maksatnamalary utgaşdyrmagy hem goşmak bilen, biologik serişdelerden peýdalanmagyň kadalaryny kesgitlemegiň tertibine degişlidir. Şunlukda, deňziň balyk çeşmelerini dikeltmäge, deňziň akwatoriýasynda

balyk senagatynyň işini düzgünleşdirmäge esasy üns berildi. Duşuşyga gatnaşyjylar Hazarda tebigatyň eçilen zatlaryny gorap saklamaga we köpeltmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlamak barada çykyş etdiler. Deňizde işleriň dürli görnüşlerini alyp barmakda diňe jogapkärçilikli, berk ylmy çemeleşme balyk senagatyny sebitiň ihtiofaunasy üçin zyýansyz uzakmöhletleýin üstünlikli ösdürmegi üpjün eder. Derwaýys meseleleriň hatarynda şeýle hem Hazaryň biologik serişdeleriniň we deňiz gurşawynyň ýagdaýyna yzygiderli syn etmegi amala aşyrmak, bu çygyrda ylmy barlaglaryň giň toplumyny geçirmek hem bellenildi.

2013-nji ýylyň 15-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Hazarýaka döwletleriniň ygtyýarly wekilleriniň Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we olaryň netijelerini ýok etmek hakyndaky Ylalaşygyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça duşuşygy açyldy. Bu taslamany Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň noýabrynda Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Üçünji sammitinde beýan eden başlangyjyna laýyklykda türkmen tarapy taýýarlady. Şu möhüm ugurda Hazarýaka ýurtlarynyň özara hereketiniň netijeli guralyny döretmäge gönükdirilen bu resminamanyň taslamasy ähli gatnaşyjy taraplaryň garamagyna iberildi. Hazar sebitiniň oňaýly geografik ýerleşişi, baý uglewodorod, balyk we başga tebigy serişdeleri, ýakymly howa şertleri şu gün bu sebitiň okgunly ösýän senagat, ulag we dynç alyş merkezine öwrülmegine ýardam etdi. Şunuň bilen baglylykda, Hazaryň ekologik howpsuzlygynyň bitewi we berk ulgamyny döretmek maksady bilen bu ýerde ylalaşykly halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmak meselesi aýratyn derwaýys häsiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň Prezidenti 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatynda sözlän sözünde şeýle diýdi: «Biz Hazar deňzi bilen bagly ähli meseleleri çözmek boýunça köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmegi doly goldaýarys. Bu ugurda esasy wezipe ähli Hazarýaka döwletleriň deňhukukly we birek-birege hormat goýmagy esasynda Hazar deňzinde howpsuzlygy berkitmekden ybarat bolmalydyr. Hazar deňziniň

parahatçylyk, ylalaşyk, hoşniýetli goňşuçylyk we halkara derejede netijeli hyzmatdaşlyk deňzi bolandygyna, bolup durýandygyna we geljekde hem şeýle boljakdygyna berk ynanýaryn».

Şeýlelik bilen, Hazar meseleler toplumyny çözmeklige Türkmenistanyň işjeň gatnaşmagy we biziň ýurdumyzyň Prezidenti tarapyndan oňyn teklipleriň öňe sürülmegi, gyzyklanmalaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin oňaýly şertleri üpjün etmäge, dürli çygyrlarda özara bähbitli ykdysady taslamalary amala aşyrmaga, halkara syýasy giňişliginde dostluk we özara düşünişmek ýagdaýyny döretmäge gönükdirilen Türkmen döwletiniň daşary syýasatynyň oňyn mümkinçiliklerini aýdyň görkezýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Hormatly Prezidentimiziň Hazarda howpsuzlyk we netijeli ýaşaýşa ukyplylyk meseleleri boýunça nähili başlangyçlary bar?
2. Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça nahili tagallalar edilýär?
3. Hazarýaka döwletleriniň umumy wezipeleri barada aýdyp beriň.

## § 3. Sebitiň suw serişdelerini rejeli ulanmak we ekologiýa boýunça hyzmatdaşlygyň ösüşi

Howpsuzlygyň bitewüligi baradaky konseptual çemeleşmeler global we sebit meselelerini milli derejede durýan wezipeler bilen jebis baglanyşyklylykda toplumlaýyn çözmegi şertlendirýär. Bu doly görnüşde suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak, howanyň üýtgeýän şertlerinde tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmak ýaly derwaýys meselelere hem degişlidir. Şeýle garaýyş BMG-niň durnukly ösüş boýunça Maksatlary bilen, derwaýys halkara meselelerini çözmek üçin netijeli köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmek bilen doly derejede sazlaşýar.

Häzirkizaman ösüşiniň gün tertibinde durýan strategik möhüm wezipeleriň arasynda ekologiýany we daşky gurşawy goramak meseleleri aýratyn derwaýyslyga eýe bolýar. Şunlukda, häzirki döwrüň has ileri tutulýan wezipeleriniň biri bolan ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly meselelere jebis we ulgamlaýyn çemeleşmäniň tarapdary bolmak bilen, Türkmenistan öz daşary syýasat işini sebitleýin we global hyzmatdaşlygyň çäklerinde guraýar. Şu babat-

da Türkmenistanyň Prezidenti ekologiýa çygrynda BMG bilen hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerini döretmäge gönükdirilen birnäçe möhüm halkara başlangyçlary bilen çykyş etdi. Olarda sebitleýin we bütindünýä ähmiýetli meseleleri bitewülikde we ulgamlaýyn kabul etmek göz öňünde tutulýar. Munuň özi Türkmenistanyň bu ugurdaky netijeli hereketlerini kesgitleýji ýagdaýy bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda Konwensiýada maksatnamalaýyn esasda anyk sepgitler kesgitlenilýär. Ol sepgitler 2012-nji ýylyň iýunynda geçirlen BMG-niň durnukly ösüş boýunça «Rio+20» maslahatynda Türkmenistanyň Prezidentiniň eden çykyşynda we kabul edilen «Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýada» beýan edildi. Bu ugurda Türkmenistanyň tagallalary BMG we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri – BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasy, Ösüş Maksatnamasy we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek çygrynda jemlener. Şu babatda Hazar deňziniň ajaýyp tebigatyny gorap saklamaga we Araly halas etmäge gönükdirilen toplumlaýyn çäreleri işläp taýýarlamak ileri tutulýan wezipe bolup durýar. Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda ýöriteleşdirilen düzümi – howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça Sebitara merkezi döretmegi, şeýle hem BMG-niň işiniň aýratyn ugry hökmünde Aral üçin Ýörite Maksatnamany taýýarlamagy gazanmaga çalyşýar.

«Dünýä tejribesi we suw serişdelerini netijeli ulanmagyň öňdebaryjy tehnologiýalary» atly halkara sergisiniň we maslahatynyň çäklerinde geçirilen «Suw damjasy – altyn dänesi» Halkara forumyna gatnaşyjylara Ýüzlenmesinde Türkmenistanyň Prezidenti: «Biziň aňymyzda Ýer ýüzündäki ähli barlyklara jan bagyş edýän gyzyldan gymmatly suwuň her bir damjasy altyn dänesine deňelýär. Öz pederlerimiziň parasatly pentlerine eýerip, biz ata-babalarymyzyň mukaddes däp-dessurlaryna hormat goýýarys, suwy bahasyna ýetip bolmajak hazyna hökmünde hemişe aýawly saklamaga çalyşýarys, suw serişdelerini rejeli we netijeli ulanmak, şol sanda damjalaýyn we ýagyş görnüşli suwarmagyň öňdebaryjy usullaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak boýunça möhüm çäreleri yzygiderli we gyşarnyksyz amala aşyrýarys» diýip, aýratyn belledi.

Ýokary halkara ülňülerine laýyklykda suw üpjünçiliginiň we suwy ulanmagyň infrastrukturasyny mundan beýläk hem ösdürmek

we giňeltmek boýunça maksada gönükdirilen giň möçberli işler Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri-dir. Şol bir wagtyň özünde suw çeşmeleriniň, derýalaryň, kölleriň, suw howdanlarynyň ekologik arassalygyny saklamak we rejeli ulanmak, hereket edýän gidrotehniki desgalaryň we suwaryş ulgamlarynyň durkuny täzelemek boýunça maksatnamalaýyn we uzakmöhletleýin esasda toplumlaýyn çäreler geçirilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti ýurduň ilatyny arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça ýadawsyz alada edýär we ony berk gözegçilikde saklaýar. Ol bu wezipäni çözmegi adamlaryň saglygyny goramagyň we berkitmegiň wajyp düzüm bölegi hasap edýär. Netijede, paýtagtymyz Aşgabatda we Türkmenistanyň ähli welaýatlarynda suwy arassalamak we süýjetmek boýunça iň häzirkizaman zawodlary guruldy. Bu çäreler ýurduň ilatyny arassa agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmegiň strategiýasynyň esasy bolup durýar, ol amala aşyrylýan döwlet ugrunyň hemişe üns merkezinde boldy we bolmagynda galýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň suw-energetik we ekologik meseleler toplumyna konseptual garaýşy iri forumlardaky onuň sözlän sözlerinde we çykyşlarynda öz yzygiderli dowamyny tapdy. Hususan-da, 2009-njy ýylyň 28-nji aprelinde Almaty şäherinde geçirilen Araly halas etmek boýunça Halkara gaznasyny döredĳi döwletleriň baştutanlarynyň sammitiniň dowamynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ilkinji gezek ýokary tehnologiki suwy tygşytlaýyş ulgamyny giňden ornaşdyrmak, agrar önümçiligiň işini optimallaşdyrmak, ekerançylygyň medeniýetini düýpgöter ýokarlandyrmak babatda suwy rejeli ulanmagyň ideýasy aýdyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Aralyň meseleleri barada aýtmak bilen, suw-ekologik meselelerini kämilleşdirmegiň ähli toplumy boýunça türkmen tarapynyň maksatnamalaýyn hereketiniň mazmunyny beýan etdi we döwletara özara hereket etmegiň hakykat ýüzünde işleýän guralyny döretmegi teklip etdi. Aral meseleleriniň köpugurly ölçegleriniň bardygyny we tutuş dünýä bileleşiginiň ünsüni çekýändigini nygtamak bilen, Türkmenistanyň Lideri bu ekologik heläkçiligiň zyýanly täsirini gös-göni başdan geçirýän sebitiň döwletleriniň ylalaşykly hereketleriniň zerurdygy hakynda beýan etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti: «Aral deňzi sebitindäki ýagdaýlar boýunça synlamalaryň maglumatlary bizi diňe bir şu günki günüň

meseleleri däl, eýsem biziň halklarymyzyň geljekki nesilleriniň ykbaly hakynda-da çuňňur oýlanmaga mejbur edýär. Şonuň üçin, eýýäm bar bolan tejribelere daýanmak bilen, biziň ýurtlarymyzyň we halklarymyzyň kadaly durmuş şertlerini üpjün etmäge gönükdirilen, ekologik häsiýetli hem, gumanitar häsiýetli hem zyýanly netijeleri ýeňip geçmek boýunça hereketleriň maksatnamasyny jikme-jik meýilleşdirmek bize garaşýar» diýip belledi.

Araly halas ediş gaznasynyň döredilmegi, birnäçe maksatnamalaýyn resminamalaryň kabul edilmegi we uzakmöhletleýin maksatnamalaryň amala aşyrylmagy syýasy-hukuk meýdanynda gepleşiklere başlamak, özara hereketiň döwletara gurallaryny döretmek üçin esas boldy. Türkmenistan kabul edilen resminamalaryň çäklerinde öz üstüne alan borçnamalaryny berk berjaý edýär we ýerine ýetirýär. Sebitara hyzmatdaşlyk bilen bir hatarda, Türkmenistan milli derejede, hususan-da, ilatyň durmuş goraglylygyny, ekologik, sanitar abadançylygyny üpjün etmek, degişli infrastrukturalary, ilkinji nobatda, suw üpjünçilik ulgamyny ösdürmek ýaly möhüm ugurlarda uzakmöhletleýin maksatnamalary amala aşyrýar. Şu maksatlara laýyklykda bar bolan inženerçilik-kommunikasion desgalaryny düýpli abatlamak we täzelerini gurmak, şeýle hem suwy we ýaplary arassalamagyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny we usullaryny giňden ornaşdyrmak boýunça işler geçirilýär.

Suwdan rejeli peýdalanmagyň, aýratyn hem, onuň Merkezi Aziýa sebitiniň şertlerindäki meseleleri köp halatda Aralyň ykbalyna örän täsirlidir. Şonuň üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň beýan edişi ýaly, «Aral krizisini, Merkezi Aziýada ekologik meseleleriň ähli ugurlaryny ýeňip geçmek üçin sebitiň ähli ýurtlarynyň, şol sanda halkara guramalarynyň we donorlaryň, jebisleşdirilen çemeleşmeleri zerurdyr». Şunlukda Türkmenistanyň Lideri suwdan adalatly peýdalanmagyň şertleri hökmünde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň bähbitleriniň deňligini üpjün etmekligiň möhümdigine ünsi çekdi, bolmasa «döwletara resminamalar bilen berkidilen bu mesele boýunça gazanylan durnuklylyk bir sagadyň içinde puja çykar, bu bolsa Aral deňzi üçinem, bu sebitde ýaşaýan millionlarça adamlar üçinem öňünden çak edip bolmaýan agyr netijelere getirer» diýip, ol nygtady. Şunuň bilen birlikde Türkmenistanyň Prezidenti kemala ge-

len suw-energetik deňagramlylygyny üýtgetmek boýunça aýry-aýry döwletleriň birtaraplaýyn tertipde geçirýän çäreleriniň ýolberilmesizdigi barada aýtdy. Merkezi Aziýada suw-energetik meseleler toplumy boýunça Türkmenistanyň açykdan aýdyň garaýşyny beýan etmek bilen, döwlet Baştutanymyz şu aşakdaky ýörelgeleýin düzgünleri nygtap geçdi:

1) bu meseleleri sebitiň ähli döwletleriniň bähbitlerini nazarda tutmak bilen hem-de halkara guramalarynyň gatnaşmagynda diňe halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we ýörelgeleri esasynda çözmek;

2) serhetüsti geçýän derýalardaky ähli gidrotehniki desgalaryň, heniz olaryň taslamalaşdyrylýan tapgyrynda, açyklyk we aýdyňlyk ýörelgeleri esasynda garaşsyz halkara tehniki-ykdysady we ekologik seljermelerini hökmany geçirmegiň zerurlygy;

3) giň halkara jemgyýetçiligi, ilkinji nobatda, BMG bilen ýakyndan özara hereket etmek; şunda halkara hukugynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyklykda özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemek bu işiň esasy bolup hyzmat etmelidir.

Bu barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti ýörite bilermenler toparyny döretmegi teklip etdi. Ol BMG we onuň düzümleri, hususan-da, Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlykda Araly halas etmek boýunça toplumlaýyn halkara-hukuk resminamasyny taýýarlap biler. Şu babatda suw we suw-energetik serişdeleriniň meseleleri boýunça iş alyp barýan ýöriteleşdirilen halkara guramalary bilen hem oňyn hyzmatdaşlyk zerurdyr.

Ekologiýa taýdan howpsuz we durnukly ösüşi Merkezi Aziýa döwletleriniň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde hasap etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti bu işiň düýpli halkara-hukuk esasyny döretmegi teklip etdi. Şunlukda 2006-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak hakynda gol çekilen Çarçuwaly konwensiýa sebitiň ýurtlarynyň goşulmagy tapgyrlaýyn ähmiýete eýedir.

Sebitiň suw-energetik meseleleri howanyň global üýtgemegi bilen baglylykda bolup geçýän ýagdaýlara görä utgaşdyrylan hereketleriň zerurlygy bilen köp derejede baglanyşyklydyr. Şu maksatlara laýyklykda, Türkmenistan heniz 2007-nji ýylda howanyň üýtgemegini na-

zarda tutmak bilen, bilelikdäki hereketleriň Sebitleýin taslamasyny döretmegi teklip etdi. Şunda biziň ýurdumyz ony işläp taýýarlamak boýunça utgaşdyryş wezipesini öz üstüne aldy. Soňra utgaşdyryjy ýurt hökmünde Türkmenistan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň gatnaşýan howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça sebitleýin çäreleriň geçirilýän ýerine öwrüldi. Bu çäreleriň netijeleri boýunça Aşgabatda BMG-niň daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň (UNEP) Sebitleýin edarasyny ýa-da howanyň üýtgemegi boýunça BMG-niň Sebit merkezini döretmek hakyndaky teklipler kabul edildi.

Giňişleýin halkara hyzmatdaşlyk syýasatyny amala aşyrýan Türkmenistan bu ugurda bilelikdäki özara ylalaşykly çözgütleriň kabul edilmegine iň işjeň görnüşde gatnaşýar. Hususan-da, Türkmenistan BMG-niň möhüm düzümleriniň biri bolup durýan Azyk we oba hojalyk guramasy (FAO) bilen netijeli hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýär. Bu gurama azyk howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça ileri tutulýan wezipeleri çözmäge gönükdirilen dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge uly goşant goşýar. FAO-nyň BMG-niň ulgamynyň çäklerinde 2012-nji ýylda suw serişdeleriniň Bütindünýä gününiň utgaşdyryjysy bolandygyny belläp geçmek zerurdyr.

Sebitiň suw-energetik serişdeleriniň meselelerini düýpli çözmek boýunça işleriň depginini güýçlendirmek maksatlary bilen, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň howandarlygynda we gatnaşmagynda halkara guramalarynyň maliýe we tehniki serişdelerini çekmek arkaly, sebitiň bitewi energetika ulgamyny döretmegiň Bilelikdäki maýa goýum maksatnamasyny işläp taýýarlamagy we kabul etmegi teklip etdi. Milli Liderimiziň «Türkmenistan öz goňşularyna tebigy we suwuklandyrylan gazy zerur sanlarda we möçberlerde ibermäge taýýar. Energetika howpsuzlygynyň umumy meselelerini çözmek bilen, bize suw meselelerini hem çözmek has ýeňil bolar» diýip beýan etmegi ýörelgeleýin möhüm ädim boldy.

Görkezilen meseleleri siwilizleşen görnüşde çözmek dünýäniň durnukly ösüşiniň esasy ýagdaýlarynyň biri bolup durýan azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatda-da derwaýysdyr. Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek ygtybarly suw üpjünçiligi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şol sebäpli kepillendirilen we durnukly azyk howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ygtybarly suw üpjünçiligi uly ähmiýe-

te eýe bolýar. Ol bolsa halkara bileleşiginiň agzalarynyň doly derejeli gatnaşygyny talap edýär. Şonuň üçin Türkmenistan serhetüsti derýalaryň we howdanlaryň suw serişdelerini ulanmak meselesine, halkara hukugynyň kadalarynyň çäklerinde çözülmegi zerur bolan, umumydünýä meseleleri bilen ýakyndan baglanyşyklylykda garaýar. Şundan gelip çykyşyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň howandarlygynda Merkezi Aziýa sebitinde suw-energetik meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň toplumlaýyn guralyny işläp taýýarlamak hakynda ideýany teklip etdi.

Türkmenistanyň Prezidenti suw serişdelerinden rejeli peýdalanmagyň halkara-hukuk ugruny nazarda tutmagyň we kämilleşdirmegiň zerurdygyna iňňän uly üns berýär. Ol tebigata yhlasly garamagyň meselelerini çözmekde oýlanyşykly we toplumlaýyn çemeleşmäni hakyky iş ýüzünde görkezýär, bu möhüm ugurda sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygyny öňe sürmekde işjeň garaýşy eýeleýär.

Şu babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 10--njy oktýabrynda Gyrgyz Respublikasynyň paýtagty Bişkek şäherinde geçirilen Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygynda öňe süren birnäçe başlangyçlary ýörelgeleýin ähmiýete eýedir. Şunda esasy ýer Merkezi Aziýada suw serişdelerini rejeli ulanmak bilen baglanyşykly ähli meseleleri çözmek hakyndaky Türkmenistanyň Baştutanynyň tezisine degişlidir. Ol halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny we ýörelgelerini nazarda tutmak bilen, özara hormat goýmak ýörelgesi esasynda amala aşyrylmalydyr. Şunlukda, ilkinji nobatda, araçäkleriň üstünden geçýän derýalaryň, ýaplaryň, howdanlaryň we halkara kölleriniň suw serişdelerini ulanmak, şeýle hem serhetüsti daşky gurşawy goramak babatdaky meseleleri düzgünleşdirýän BMG-niň konwensiýalary göz öňünde tutulýar.

Şeýle çemeleşme, ilkibaşdan Türkmenistanyň goňşy döwletler bilen ikitaraplaýyn bähbitleri ýokary derejede nazarda tutmak esasynda suw meselelerine seretmekdäki we çözmekdäki oňyn tejribesi bilen şertlendirilýär. Şunda serhetüsti derýalaryň suw serişdelerini ulanmak baglaşylan ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň binýadynda amala aşyrylýar. Şol ylalaşyklarda bolsa suwy sarp etmegi düzgünleşdirmek özara bähbitlilik ýörelgesine esaslanýar.

Tejribe nukdaýnazaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň Bişkek duşuşygynyň dowamynda eden teklibi meseleleriň çözgü-

dini deňagramly işläp düzmegi göz öňünde tutýar. Onda Merkezi Aziýa döwletlerinde elektrik energiýasyny öndürmek çygrynda-da, oba hojalyk, önümçilik, durmuş zerurlyklary üçin suw serişdelerini sarp etmek çygrynda-da, özara öwezini dolmaklyk üpjün edilen bolmalydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti şunluk bilen, meseläniň sebitde suwy ulanmakda daşky gurşawy goramak we ekologiýa meselelerini çözmek ýaly möhüm ugurlaryna aýratyn üns berdi. Şu babatda hem Türkmenistan suw serişdelerine yhlasly garamagyň meselelerini çözmekde oýlanyşykly we toplumlaýyn çemeleşmäni görkezýär, bu möhüm ugurda sebitleýin we halkara hyzmatdaşlygyny öňe sürmekde işjeň garaýşy eýeleýär.

Soňlugy bilen Türkmenistan öňe süren öz başlangyçlarynyň we teklipleriniň ýerine ýetirilmegine ygrarlydygyny iş ýüzünde görkezdi. Munuň özi sebit we halkara hyzmatdaşlar tarapyndan oňa bolan hormata we ynama getirdi.

Türkmenistanyň Prezidenti 2015-nji ýylyň 12-nji aprelinde Koreýa Respublikasynyň Tegu şäherinde geçirilen VII Bütindünýä suw forumynda eden çykyşynda BMG-niň «Rio+20» maslahatynda we beýleki halkara forumlarynda bu babatda durnukly ösüş boýunça ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmeginde Türkmenistanyň pugta ygrarlydygyny tassyklady. Şeýle hem bu forumyň öň ýanynda Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasynda geçirilen ýokary derejeli Interaktiw gepleşikleri peýdaly diýip hasap edýändigini aýan etdi. Onuň netijeleri suw meseleleri boýunça BMG-niň uzakmöhletleýin Ýöriteleşdirilen Makstanamasyny işläp taýýarlamak üçin esas bolup hyzmat eder diýip hasap etmek bilen, «suw diplomatiýasyny» halkara derejesinde işjeň öňe sürmek üçin zerur şertleriň döredilmeginiň gerekdigini nygtady.

«Suw diplomatiýasynyň» köp ugurly gatnaşyklaryň täze syýasy-diplomatik ýollaryny döretmekde ygtybarly gural bolup hyzmat etjekdigini, şunda biz suw serişdeleriniň çeşmelerini emele getirmek we gaýtadan dikeltmek, olaryň oýlanyşykly we rejeli peýdalanylmagy bilen baglanyşykly ähli meselelere garamaga gönükdirilen yzygiderli gepleşikleri geçirmek mümkinçiliklerini görýäris. Dünýä döwletleriniň we halkara guramalarynyň şunuň ýaly bile-

likdäki işleriniň Birleşen Milletler Guramasynyň suw boýunça resminamasyny taýýarlamak işlerinde ygtybarly binýat boljakdygyna ynanýaryn» diýip, Türkmenistanyň Lideri nygtady.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Suw üpjünçiliginiň haýsy halkara meseleleri bar?
2. Araly halas etmek üçin nähili bilelikdäki tagallalar edilýär?
3. Türkmenistanyň Prezidentiniň sebitiň suw-energetik serişdeleriniň meselelerini düýpli çözmek boýunça haýsy teklipleri bar?

## § 4. Tebigaty goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary we olaryň maksatlaýyn amala aşyrylmagy

Hormatly Prezidentimiziň paýhasy bilen esaslandyrylan howpsuzlygyň bitewüligi hem bölünmezligi taglymaty nukdaýnazaryndan, ekologiýa howpsuzlygy hem möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Şondan ugur alyp, ekologiýa çäklerindäki bilelikdäki hereketleriň netijeli usullaryny tapmak babatynda ekologiýa diplomatiýasy uly ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen, ýagny BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasy, Guramanyň beýleki düzümleri we institutlary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk alyp barýar.

Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji maslahatynda eden çykyşynda bu barada: «Ekologiýa meselesine gelsek, biziň ýaşaýan Merkezi Aziýa sebitimizde ýiti bolmagynda galýar. Ol, ozaly bilen, Aral meselesi hem-de Hazar deňziniň täsin hem gaýtalanmajak tebigy baýlyklaryny gorap saklamak bilen bagly meselelerdir» diýip, nygtap geçdi.

2011-nji ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti global ekologiýa meselelerini çözmek üçin oňyn başlangyçlaryň ençemesini öňe sürdi. Aýratyn hem, ol ekologiýa hyzmatdaşlygy babatynda ählumumy, sebit we milli derejede tagallalary birleşdirmegiň zerurdygyna, her bir döwletiň hereketleriniň BMG tarapyndan

utgaşdyrylmagynyň möhümdigine ünsi çekipdi. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanda Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýanyň taýýarlanylýandygyny nygtamak bilen, ony umumy işimize goşant hökmünde BMG-niň degişli düzümlerine hödürlemäge taýýardygyny mälim etdi. Agzalan resminamada ýokary tehnologiýaly pudaklaryň ösüşiniň ileri tutulýan ugur hökmünde, ýurduň durmuş üpjünçiligi ulgamynyň işleýşiniň binýady bolup durýan, ekologiki taýdan arassa önümçilikleriň ösüşine zerur şertleri döretmegi göz öňünde tutulandyr. Bu ýerde tehnogen sebäpler esasynda ýüze çykyp biläýjek ýaramaz netijeleri azaltmak boýunça işlere aýratyn orun berilýär. Olar ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde wajyp ähmiýete eýedir.

Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 68-nji maslahatynda ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasynyň Çölleşmä garşy göreşmek hakynda Konwensiýasyna girýän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek hakyndaky teklibi öňe sürdi. Şonuň esasynda 2014-nji ýylyň 1-2-nji awgustynda Aşgabatda «Ýerleriň zaýalanmagyna ykdysady baha bermek» atly sebitara maslahat geçirildi. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitara merkezi döretmek baradaky garaýşy yglan edildi. 2012-nji ýylda kanunçylyk derejesinde howanyň üýtmegi boýunça milli strategiýanyň kabul edilmegi hem bu ulgamda ýurdumyzyň umumy tagallalara hakyky goşandy bolup durýar.

Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleler gönüden-göni suw serişdelerini goramak we aýawly peýdalanmak wezipeleri bilen utgaşyklydyr hem-de Türkmen döwleti bu ulgamda gyzyklanma bildirilýän hyzmatdaşlygy ýola goýmaga örän işjeň gatnaşýar. Şu babatda Türkmenistan köptaraplaýyn gatnaşyk etmegiň täze syýasy-diplomatik görnüşi hem-de halkara derejesinde ulgamlaýyn gepleşikler hökmünde «suw diplomatiýasy» pikirini işjeň öňe ilerletmek üçin şertleri döretmegiň zerurdygy barada ençeme gezek beýan etdi, şeýle hem BMG-niň Suw strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjy öňe sürdi.

Halkara syýasatynda 1960-njy ýyllardan başlap has derwaýys häsiýete eýe bolup başlan we häzirki döwürde uly üns berilýän meseleleriň biri hem tebigaty goramak we adamzat ýaşaýşynyň eko-

logiýasy bilen baglydyr. Häzirki wagtda ekologiýa meseleleri bütin adamzadyň öňünde onuň geljegi üçin çözülmesi örän wajyp bolan global mesele bolup durýar. Şu nukdaýnazardan bu meseleleriň çözülmegi diňe dünýäniň ähli döwletleriniň tagallalary birikdirilende mümkindir.

Ýeri gelende, ekologiki meseleleri çözmek üçin daşary syýasatda ekologiýa diplomatiýasy diýen düşünjäniň dörändigine hem ünsi çekmek ýerliklidir. «Ekologiýa diplomatiýasy» diýen adalga ilkinji gezek 1983-nji ýylda Miçigan uniwersitetiniň professory Jon Edward Karrolyň «Ekologiýa diplomatiýasy: ABŞ-nyň we Kanadanyň serhetüsti ekologiki gatnaşyklarynyň geçmişi we geljegi» atly kitabynda peýda boldy. Ondan soň ol adalga giňden peýdalanyp başlandy. Hytaý alymy Din Tzinguan «halkara gatnaşyklarynda ekologiýa diplomatiýasy düýbünden täze bir ulgamdyr» diýip, belläp geçýär.

«Ekologiýa diplomatiýasy» – munuň özi halkara gatnaşyklarynyň subýektleri tarapyndan daşky gurşawy goramakda gepleşikler arkaly ýa-da haýsy hem bolsa başga bir parahatçylykly ýol bilen alnyp barylýan işiň jemidir. Hormatly Prezidentimiz 2013-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ýurdumyzyň milli diplomatik korpusy bilen duşuşygynda ýurdumyzyň alyp barýan daşary syýasatynda ekologiýa diplomatiýasy düşünjesiniň berk ornaşmalydygyny we onuň ýurdumyzyň daşary syýasy edarasynyň aýratyn ugry hökmünde görkezilmelidigini nygtap geçdi.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda howanyň üýtgemegi bilen bagly meseleleri çözmek boýunça – BMG-niň Sebitdäki merkezini döretmek baradaky teklibi öňe sürdi hem-de ýurdumyzyň bu düzümiň işi üçin paýtagtymyz Aşgabatda ähli zerur şertleriň bardygy barada aýtdy. Öz çykyşynda hormatly Prezidentimiz ekologiýa hyzmatdaşlygy babatda ählumumy, sebit we milli derejelerde tagallalary birleşdirmegiň zerurdygyna, her bir döwletiň hereketleriniň BMG bilen utgaşdyrylmagynyň möhümdigine ünsi çekmek bilen, Türkmenistanda Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýanyň taýýarlanylýandygyny nygtap, ony umumy işimize goşant hökmünde BMG-niň degişli düzümlerine

hödürlemäge taýýardygyny aýdypdy. Şol resminama 2012-nji ýylyň 21-nji iýunynda Braziliýada BMG-niň Durnukly ösüş boýunça ýokary derejede geçirilen «Rio+20» duşuşygynda seredilen meselelerde döwletimiziň resmi garaýyşlaryny beýan etdi.

Dünýä syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň bu örän möhüm ugruna Türkmenistanyň işjeň gatnaşmagy esasy konwensiýalaýyn resminamalara goşulmak we milli derejede kanunçylyk namalaryny kabul etmek ýoly bilen döredilen saldamly hukuk esasyna daýanýar. Hususan-da, Türkmenistan şu aşakdaky halkara-hukuk resminamalaryna gatnaşýar:

1) Howanyň üýtgemegi hakynda BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasy (Nýu-Ýork şäheri, 1992-nji ýylyň 9-njy maýy);

2) Howanyň üýtgemegi hakynda BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasynyň Kioto protokoly (Kioto şäheri, 1997-nji ýylyň 11-nji dekabry);

3) Biologik köpdürlilik hakynda Konwensiýa (Rio-de-Žaneýro ş., 1992-nji ýylyň 5-nji iýuny);

4) Ozon gatlagyny goramak hakynda Wena konwensiýasy, ozon gatlagyny bozýan maddalar boýunça Monreal protokoly we ozon gatlagyny bozýan maddalar boýunça Monreal protokolyna düzedişler (Wena ş., 1985-nji ýylyň 18-22-nji marty);

5) Düýpli gurakçylyga we (ýa-da) çölleşmäge sezewar bolýan ýurtlarda, esasan hem, Afrikada, çölleşmäge garşy göreş boýunça BMG-niň konwensiýasy (Pariž ş., 1994-nji ýylyň 17-nji iýuly);

6) Howply galyndylary serhetüsti daşamaga we olary ýok etmäge gözegçilik hakynda Bazel konwensiýasy (Bazel ş., 1989-njy ýylyň 22-nji marty);

7) Daşky gurşaw babatdaky meseleler boýunça maglumaty almaga, çözgütleri kabul etmek işine jemgyýetçiligiň gatnaşmagyna we adyl kazyýetlige ygtyýar bermek hakynda Konwensiýa (Orhus ş., 1998-nji ýylyň 25-nji iýuny);

8) Hazaryň deňiz gurşawyny goramak boýunça Çarçuwaly Konwensiýa (Tähran ş., 2003-nji ýylyň 4-nji noýabry);

9) Merkezi Aziýanyň durnukly ösüşi üçin daşky gurşawy goramak boýunça Çarçuwaly Aşgabat konwensiýasy (Aşgabat ş., 2006-njy ýylyň 22-nji noýabry);

10) Serhetüsti geçýän suw akabalaryny we halkara köllerini goramak we ulanmak boýunça Konwensiýa (Helsinki ş., 1992-nji ýylyň 17-nji marty).

Ýokarda görkezilen konwensiýalary we protokollary ýerine ýetirmäge gatnaşmak Türkmenistan üçin ykdysadyýetiň dürli ugurlary boýunça, nebit-gaz toplumyny, energetikany, ulagy, oba hojalygyny we suw üpjünçiligini, senagat we durmuş galyndylaryny täzeden işlemegi hem goşmak bilen, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygyna gatnaşmakda giň geljegi açýar.

Mundanam başga, milli derejede kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalary hereket edýär, şeýle hem daşky gurşawy goramak boýunça hereket etmegiň meýilnamalary amala aşyrylýar. Milli we sebitleýin düzümlerden başga-da, durnukly ösüşiň meseleleri boýunça iş alyp barýan birnäçe halkara we hökümete degişli bolmadyk guramalar bar we özara işjeň hereket edýärler. Türkmenistan howanyň üýtgemegi boýunça halkara guramalarynyň, şol sanda, howanyň üýtgemegi boýunça hökümetara bilermenler toparynyň, sebit möçberinde howanyň üýtgemegi boýunça maglumatlary toplamak we maglumatyň ylmy seljerişini geçirmek işlerine işjeň gatnaşýar. Şeýle hem Türkmenistan bu ugurda BMG, Ýewropa Bileleşigi, Global ekologiýa gaznasy, Araly halas etmegiň halkara gaznasy we beýleki halkara düzümleri bilen hyzmatdaşlyk edýär, howanyň üýtgemegini öwrenmek babatda BMG-niň daşky gurşaw baradaky maksatnamasynyň (UNEP), Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG), UNESCO-nyň we beýleki guramalaryň ugurlary boýunça birnäçe halkara maksatnamalaryna gatnaşýar. Olaryň hatarynda Bütindünýä howa maksatnamasy, Bütindünýä howany öwrenmek maksatnamasy, Howa gözegçilik boýunça Global ulgamy hem bar.

Şeýle-de, 2011-nji ýylyň sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyndaky öz çykyşynda Türkmenistanda uly ähmiýetli resminamanyň – howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýanyň taýýarlanylýandygyny habar berdi. Bu strategiýa dünýä bileleşiginiň durnukly ösüş, Müňýyllygyň Maksatlary, Ýeriň ekologik ulgamynyň saklanmagy syýasatlary bilen sazlaşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň Baştutany ýöriteleşdirilen düzümi – howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini döretmek

baradaky teklibi öňe sürdi we türkmen paýtagty Aşgabatda onuň işi üçin zerur bolan ähli infrastrukturany bermäge Türkmenistanyň taýýardygyny beýan etdi.

Bu çygyrda ileri tutulýan ugurlar esasgoýujy milli maksatnamalarda öz şöhlelenmesini hem tapdy. Olar, ilkinji nobatda, «Türkmenistanyň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin ykdysady, syýasy we medeni ösüşiniň strategiýasy» hem-de «Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň strategiýasy» milli Maksatnamalarydyr. Bu resminamalarda Türkmenistanyň milli we tebigy-klimat aýratynlyklaryny nazarda tutýan ýakyn geljek üçin döwletiň ekologiýa syýasaty, şeýle hem Türkmenistan tarapyndan resmi taýdan tassyklanylan halkara ekologik maksatnamalaryndan we konwensiýalaryndan gelip çykýan ýurduň öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin çäreler kesgitlenildi.

Hususan-da, BMG-niň klimatyň üýtgemegi hakynda Çarçuwaly konwensiýasyny (KÜÇK) we Kioto protokolyny resmi taýdan tassyklamak bilen, Türkmenistan bu resminamalarda kesgitlenen giň meseleler toplumyny çözmäge gönükdirilen işjeň hereketlere taýýardygyny görkezdi. BMG KÜÇK klimatyň üýtgemeginiň netijeleriniň zyýanly täsirini ýumşatmak we Ýer atmosferasyna antropogen zor salmany peseltmek boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy guraly hökmünde işlenip taýýarlanylandyr. Kioto protokoly bolsa parnik gazlarynyň antropogen zyňyndylarynyň milli möçberlerini azaltmak we çäklendirmek boýunça ýurtlaryň üstüne anyk borçlary ýükleýär. Türkmenistan Ýeriň klimat ulgamyna antropogen täsir etmeleri azaltmak boýunça halkara bileleşiginiň tagallalaryny goldady we Kioto protokolynyň maksatlaryna ygrarlydygyny tassyklady.

Kioto protokolyny amala aşyrmagyň çäklerinde Türkmenistan talap edilýän milli hasabatlaryny döwürleýin tertipde taýýarlaýar we iberýär. Türkmenistanda parnik gazlary diýilýän howa zyňyndylarynyň we akymlarynyň tükelleýiş işleriniň geçirilmegi netijesinde olaryň möçberini azaltmak, şeýle hem häzirkizaman tehnologiýalaryny we maýa goýumlaryny çekmek meselelerinde ileri tutulýan ugurlar kesgitlenildi. Parnik gazlarynyň howa zyňylmagyny azaltmak boýunça halkara bileleşiginiň tagallalaryny goldamak bilen, Türkmenistan senagatda, esasan hem, parnik gazlarynyň zyňylmagynyň köp böleginiň

bolup geçýän nebit-gaz, energetika we ulag pudaklarynda häzirkizaman ekologiýa taýdan arassa we serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmaga geçýär.

Kioto protokolynyň derwaýys wezipelerini ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanda 2009-njy ýylda Pudagara döwlet topary görnüşinde Arassa ösüşiň guraly boýunça Milli edara döredildi (AÖME) we AÖME boýunça ýerine ýetirmek üçin 4 sany taslama taýýarlanyldy. Ýurduň bütin energetika ulgamynyň desgalarynyň durkuny giň möçberli täzelemek boýunça işler döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna alnyp barylýar. Onuň netijesinde soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistanda öndürilýän önümleriň uglerod sygymlylygy yzygiderli azalýar. Kioto protokolynyň Arassa ösüş guralynyň mümkinçiliklerini giňden ulanmak esasynda Türkmenistanda parnik gazlarynyň zyňylmagynyň has güýçli depginlerde azaldylmagy boýunça ulgamlaýyn işler alnyp barylýar.

«Türkmenistanyň 2011-2030-njy ýyllar döwri üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamasynda» bäsdeşlige ukyply önümçiligi, ilkinji nobatda, ykdysadyýetiň binýatlaýyn pudaklary bolan – nebit-gaz, energetika, himiýa pudaklarynda, dokma senagatynda, agrosenagat toplumynda, ulag, aragatnaşyk ulgamlarynda, şeýle hem gurluşyk materiallary senagatynda şeýle önümçiligi ösdürmek göz öňünde tutulýar. Şunlukda, ekologiýa syýasaty babatda, bu pudaklarda täze önümçilikleri döretmekligiň tebigy serişdelerden oýlanyşykly peýdalanmagy nazarda tutmak, ekologiýa taýdan arassa, zyýansyz, galyndysyz önümçilik tehnologiýalaryny ornaşdyrmak bilen amala aşyrylmalydygy aýratyn nygtalýar. Milli maksatnamada täze zawodlaryň gurluşygyny, hereket edýän tehnologik enjamlaryň we beýleki önümçilik infrastrukturasynyň desgalarynyň durkunyň täzelenmegini we kämilleşdirilmegini, transmilli we başga maýa goýum taslamalaryny daşky gurşawa ýetirilýän zyýanyň öňüni almaga ýa-da ony ep-esli azaltmaga mümkinçilik berýän öňdebaryjy tehnologiýalary we tehnologik çözgütleri ulanmak bilen amala aşyrmak bellenilýär.

Howanyň global üýtgemeginiň dünýä ykdysadyýetine täsir edişi boýunça geçirilen soňky barlaglaryň netijeleri dünýä bileleşiginiň howpsuz we durnukly ösüş infrastrukturasyny, bütin adamzadyň ýaşaýşa ukyplylygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly meselelere Mil-

letler Bileleşiginiň ünsüni çekdi. Bu mesele 2011-nji ýylyň ahyrynda Durban şäherinde (Gündogar Afrika Respublikasy) geçirilen howanyň üýtgemegi boýunça halkara maslahatynyň gün tertibiniň esasy meselesi boldy. Şunda Türkmenistanyň wekiliýeti şu meseleleriň çözülmeginde tagallalary birleşdirmäge ýurdumyzyň taýýardygyny tassyklady we ýene-de milli, sebit, global derejelerde howanyň üýtgemeginiň netijelerini azaltmak boýunça Türkmenistanyň başlangyçlaryny halkara jemgyýetçiliginiň ünsüne ýetirdi.

Türkmenistanda taýýarlanylan uly ähmiýetli resminama – howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa, ýagny kabul edilenden soň, gürrüňsiz, bu meseleler toplumy boýunça oňyn halkara gepleşiklerini ösdürmekde her bir döwletiň öz iş tejribesini goşmagy babatda uly goşant bolar.

Şu manyda iri halkara ýubileý forumy – 2012-nji ýylyň 20-22-nji iýunynda Rio-de-Žaneýroda geçirilen, «Rio+20» ady bilen has belli bolan, durnukly ösüş boýunça BMG-niň maslahaty tapgyrlaýyn waka boldy. Sammit planetada klimat balansynyň dikeldilmegine gönükdirilen, bütin adamzadyň geljegi bilen baglanyşykly iňňän möhüm häzirkizaman meselelerini çözmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmegiň özboluşly platformasy bolmaga niýetlenendir. Türkmenistan ykdysady we sosial çygyrlarda, şeýle hem daşky gurşawy goramak çygryndaky durnukly ösüş pikir alyşmalarynyň esasy temalary bolan BMG-niň ýokary derejedäki «Rio+20» maslahatyna özüniň gatnaşjakdygyny tassyklady. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatyndaky çykyşynda Türkmenistanyň «Rio+20» Sammitine gatnaşjakdygyny tassyklamak bilen, «Biz oňa durnukly ösüşiň maksatlaryny amala aşyrmagyň ýolunda mundan beýläk hem öňe gitmegiň tapgyrlaýyn wakasy hökmünde garaýarys we bu forumda birnäçe anyk teklipler bilen çykyş etmegi niýetleýäris» diýip, aýratyn nygtady.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bilen 2012-nji ýylyň 6-njy martyndaky duşuşygynyň dowamynda Gündogar Ýewropa we GDA ýurtlary boýunça BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň sebitleýin direktorynyň orunbasary jenap Ýene Wandel türkmen Lideriniň öňe süren häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmäge gönükdirilen halkara başlangyçlarynyň aýratyn

derwaýys häsiýete eýedigini nygtady. Duşuşykda howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň işlenip taýýarlanylmagy, planetada howanyň üýtgemegi bilen baglylykdaky meseleler toplumyny çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini Aşgabatda açmak, şeýle hem howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça Rio-de-Žaneýroda geçiriljek «Rio+20» Bütindünýä sammitine Türkmenistanyň gatnaşmagy bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem 2012-nji ýylyň 1-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde, türkmen paýtagtynda iş sapary bilen bolýan, BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň wekili – bu maksatnamanyň howanyň üýtgemeginiň meseleleri boýunça Bratislawa Sebit merkeziniň maslahatçysy hanym Gabriýela Fişerowa bilen duşuşyk geçirildi. BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň türkmen Lideriniň oňyn başlangyçlaryny mübärekleýändigini we goldaýandygyny bellemek bilen, hanym Gabriýela Fişerowa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan BMG-niň belent münberinden onuň ýöriteleşdirilen düzümini – howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça BMG-niň Sebitara merkezini döretmek barada beýan edilen teklibiň örän derwaýysdygyny belledi.

Türkmenistanda suw serişdelerinden aýawly we netijeli peýdalanmak, onuň ekologik taýdan arassalygyny üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn we toplumlaýyn esasda yzygiderli işler alnyp barylýar. Ylmyň iň täze gazananlary we dünýä tejribesi esasyndaky ýerli işläp taýýarlamalar we milli däp-dessurlar bilen utgaşyklylykda tebigaty goraýyş, suwy arassalaýyş, suwy tygşytlaýyş tehnologiýalaryny giň gerimde ornaşdyrmak boýunça geçirilýän çäreler BMG-niň belent maksatlaryna we halkara ülňülerine laýyk gelýär. Ýurdy bagy-bossanlyga öwürmek baradaky ägirt uly maksatnamanyň üstünlikli amala aşyrylmagynyň çäklerinde Türkmenistanyň gazanan tejribesi öz ajaýyplygy bilen tapawutlanýar. Durnukly ösüş boýunça BMG-niň «Rio+20» maslahatyndaky Türkmenistanyň garaýyşlarynda bellenilişi ýaly: «Ýurtda tokaýlary dikeltmek we howanyň täsir etmesini ýumşatmak üçin ýerden peýdalanmagy gowulandyrmak boýunça uýgunlaşdyryş çäreleri giňden ornaşdyrylýar. Häzirki döwürde ýurdy bagy-bossanlyga öwürmegiň giň möçberli «Gök guşak» umumymilli maksatnamasynyň çäklerinde 50 milliondan gowrak agaç nahallary

oturdyldy, suwaryşyň ösen suwy tygşytlaýyş usullaryndan peýdalanmak bilen şäherleriň daşynda tokaý zolaklary döredildi».

Durnukly ösüş boýunça BMG-niň «Rio+20» maslahatyndaky öz çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti dünýäniň gün tertibindäki global meseleleri çözmekde dünýä bileleşigi bilen özara hereketiň ileri tutulýan ugurlaryna ünsi çekdi. Meseläniň derwaýysdygyny bellemek bilen, döwlet Baştutanymyz: «Biziň ýurdumyz ykdysady, durmuş we ekologik ugurlar boýunça Müňýyllygyň Maksatlarynda yglan edilenler bilen deň derejede görmek bilen, ösüşiň milli meýilnamalaryny örän jogapkärçilik bilen ýerine ýetirmäge girişdi. Biziň ýurtlarymyzyň bu çygyrlarda netijeli we maksada okgunly çäreleri kabul etmeginiň, BMG we onuň ýöriteleşdirilen agentlikleri bilen özara hereketleri işjeňleşdirmeginiň zerurlygy ýüze çykdy. Türkmenistan ulgamlaýyn halkara gurallaryny döretmäge gönükdirilen birnäçe anyk başlangyçlary teklip etdi» diýip nygtady.

Dünýä bileleşigi bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda, «Rio+20» sammitinde Türkmenistanyň Prezidenti: «Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde, hususan-da, howanyň üýtgemegi jähtinden ekologiýa meseleleriniň çäginiň giňdigini nazara almak bilen, köptaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmegi we bu ulgamda netijeli gurallary döretmäge girişmegi möhüm hasaplaýarys. Munuň üçin Türkmenistan BMG bilen hyzmatdaşlykda ýöriteleşdirilen düzümi – howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly meseleleri çözmek boýunça Sebitara merkezi döretmegi teklip edýär» diýip, aýratyn belledi.

Hususan-da, sebitiň suw-energetik serişdelerinden rejeli peýdalanmak we Aral basseýninde ekologik ýagdaýy gowulandyrmak meseleleri boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň möhüm başlangyçlary we teklipleri 2008-nji ýylyň oktýabrynda we 2009-njy ýylyň aprelinde, degişlilikde Bişkekde we Almatyda geçirlen ýokary derejedäki sammitleriň dowamynda uly gyzyklanma bilen kabul edildi we goldanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda ekologiýa çygry boýunça birnäçe teklipleri öňe sürdi. Şunlukda Müňýyllygyň ösüş Maksatlaryny we durnukly ösüşi amala aşyrmaga gönükdirilen anyk teklipleri we onuň gurallaryny döretmek işiniň başy başlandy. Rio-de-Žaneýroda geçirlen «Rio+20»

durnukly ösüş boýunça BMG-niň maslahatynda Türkmenistanyň Lideri tarapyndan yglan edilen ekologiýa çygryndaky täze teklipler bu başlangyçlaryň logiki taýdan ösdürilmegi boldy. Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti global ölçeglerde energiýany tygşytlamagyň we energetika howpsuzlygynyň özara ýakyndan baglanyşyklydygyny aýratyn belledi. Şunda döwletiň önümçilik işleriniň ähli esasy çygyrlarynyň ekologiýa howpsuzlygynyň ölçeglerine tapgyrlaýyn geçýändigini aňladýan, Türkmenistanda kabul edilen howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýanyň wajyplygy aýratyn nygtaldy. Strategiýa ýokary tehnologiýaly pudaklary ösdürmegiň, ýurduň durmuş üpjünçiliginiň ähli infrastrukturalarynyň işlemeginiň binýatlaýyn esasy hökmünde «ýaşyl ykdysadyýeti» ösdürmek üçin şertleri döretmegiň ilkinjiligini göz öňünde tutýar.

Şular barada aýtmak bilen, Türkmenistanyň Prezidenti energetika infrastrukturasyny ösdürmegiň ekologiýa üçin zyýanly görnüşde bolup bilmejekdigini nygtady. Şeýle çemeleşme energetika howpsuzlygynyň meselelerinde halkara ylalaşyklylygyny gözlemegiň zerurdygy baradaky Türkmenistanyň garaýşyny şertlendirýär, şunda ekologiýa ugry esasy meseleleriň biri hökmünde çykyş eder. Şu babatda Türkmenistanyň Prezidenti, BMG-ä agza bolup durýan, energiýa üpjünçiligi çygrynda halkara-hukuk esasyny döretmäge işjeň gatnaşýan döwletleriň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen, BMG-niň howandarlygynda täze – Sebitara energetik gepleşikler guralyny döretmek hakyndaky teklibi öňe sürdi.

Türkmenistanyň howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýasyny kabul etmegi ekologik global we sebitleýin meseleleri çözmekde onuň işjeň we oňyn ornunyň hakyky iş ýüzündäki tassyklamasy boldy.

Türkmenistan BMG-niň Çarçuwaly konwensiýasyny we Kioto protokolyny resmi taýdan tassyklady we döwletiň ýakyn geljek üçin ekologiýa syýasatyny şöhlelendirýän «Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň Strategiýasynda» we beýleki maksatnamalaýyn resminamalarynda öz işjeň garaýşyny kesgitledi. BMG-niň howanyň üýtgemegi hakyndaky Çarçuwaly konwensiýasyny amala aşyrmak maksatlary bilen, Türkmenistan Birinji we Ikinji milli hasabatlaryny taýýarlady we berdi, şeýle-de Üçünji ha-

sabatyny taýýarlamaga girişdi. Geçirilen işleriň netijesinde howanyň üýtgemegini duýgur ugurlar we olary dikeltmek boýunça çäreler kesgitlenildi. Mysal üçin, suw serişdeleriniň gytçylygynyň köpelmeginiň öwezi, gaýtadan işlemegiň we zeýkeş akabalarynyň suwuny täzeden ulanmagyň hasabyna dolunýar. Howanyň täsirlerini ýumşatmak üçin ýurtda tokaýlary saklamak we dikeltmek, ýeri aýawly saklamak we suwdan rejeli peýdalanmak boýunça uýgunlaşdyryş çäreleri ornaşdyrylýar. Dünýä bileleşiginiň parnik gazlarynyň netijelerine garşy göreşdäki tagallalaryny goldamak bilen, Türkmenistan nebitgaz, energetika we ulag pudaklarynda häzirkizaman ekologik taýdan arassa we serişdeleri tygşytlaýjy tehnologiýalary ulanmaklyga geçýär. Kioto protokolynyň wezipelerini amala aşyrmaklyga laýyklykda, Türkmenistanda Pudagara döwlet topary görnüşinde Arassa ösüşiň guraly (AÖG) boýunça Milli edara döredildi. Türkmenistan şeýle hem durnukly ösüş boýunça Döwletara toparynyň çäklerinde ekologiýa meseleleriniň ähli ugurlary boýunça Merkezi Aziýa ýurtlary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

2013-nji ýylyň 27-nji martynda Daşoguz welaýatynyň dolandyryş merkezinde «Aralyň ekologiýasy: durnukly ösüş we halkara hyzmatdaşlygy» atly Halkara ylmy maslahaty geçirildi. Onuň işine Merkezi Aziýa ýurtlarynyň wekiliýetleri, iri halkara guramalarynyň – Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň (AHHG), BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň (BMGÖM), BMG-niň Daşky gurşaw boýunça Maksatnamasynyň (UNEP), BMG-niň Ýewropa Ykdysady toparynyň, Ýewropa Bileleşiginiň, BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasynyň (FAO), şeýle hem olaryň howandarlygynda amala aşyrylýan halkara maksatnamalarynyň we taslamalarynyň – Aziýa ýurtlary üçin Ýörite maksatnamanyň (SPEKA), IKARDA sebitleýin maksatnamanyň, Merkezi Aziýa Sebitleýin ekologiýa merkeziniň (MASEM) wekilleri gatnaşdylar.

Duşuşyga gatnaşyjylaryň arasynda – Türkmenistandan, Germaniýadan, Beýik Britaniýadan, Kanadadan, Russiýadan, Gazagystandan, Özbegistandan, Belarusdan, Ukrainadan we başga ýurtlardan pudaklaýyn ministrlikleriň we guramalaryň ýolbaşçylary hem-de esasy hünärmenleri, alymlar, halkara bilermenleri we geňeşçileri, ylmy-barlag, şol sanda daşky gurşawy goramak, suw we ýer serişdelerinden

peýdalanmak çygrynda ýöriteleşdirilen merkezleriň işgärleri, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem boldy.

Türkmen oba hojalyk institutynyň mejlisler jaýyna ýygnanan maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň Prezidentiniň ýüzlenmesini uly üns bilen diňlediler. Onda Türkmenistanyň Baştutany Aralýaka zolaklaryny dikeltmäge we deňzi halas etmäge gönükdirilen sebitiň ýurtlarynyň we dünýä bileleşiginiň tagallalaryny işjeňleşdirmegiň zerurdygyny belledi we forumyň işiniň netijeleriniň bu gaýragoýulmasyz wezipäniň netijeli çözgüdini kesgitlemäge ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Hususan-da, Türkmenistanyň Prezidenti öz Gutlag hatynda: «Häzirki wagtda sebitde Aral bilen baglanyşykly ekologiýa ýagdaýy tebigata we daşky gurşawa, adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerine belli bir derejede özüniň täsirini ýetirýär. Şol sebäpli hem, Aralýaka döwletleriniň we dünýä bileleşiginiň tagallalary birleşdirilmelidir. Şu nukdaýnazardan, Birleşen Milletler Guramasynyň durnukly ösüş boýunça «Rio+20» halkara maslahatynda Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan Araly halas etmek bilen bagly meseleler boýunça degişli çäreleri durmuşa geçirmek barada anyk teklipler hödürlenildi» diýip belledi.

Forumda tanyşdyrylan çykyşlaryň şaýatlyk etmegine görä, Aralýaka zolagynyň ekologiýasyny gowulandyrmak boýunça şu günki gün sebitiň ähli döwletlerinde anyk ädimler ädilýär. Şunuň bilen baglylykda maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň garaýşyna ýokary baha berdiler. Türkmenistan BMG-niň tebigaty goraýyş bilen baglanyşykly esasy konwensiýalaryny – biologik köpdürlülik we çölleşmä garşy göreş hakyndaky, howanyň üýtgemegi hakyndaky konwensiýalary, şeýle hem ozon gatlagyny goramak boýunça Wena konwensiýasyny we beýlekileri resmi taýdan tassyklamak bilen, global häzirkizaman meselelerini çözmäge toplumlaýyn we ählitaraplaýyn çemeleşýändigini görkezdi.

Hususan-da, Türkmenistanda ekologiýa meselesine gowşamaz, dykgatly derejede üns berilýär. Sebäbi daşky gurşawy goramak, tebigy serişdelerden aýawly peýdalanmak, innowasion «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak we umumylykda ekologik abadançylygy üpjün etmek biziň ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan derejesine

göterilendir. Ykdysady ugurda we sosial çygyrda ähli giň möçberli milli özgertmeler maksatnamalary iňňän jebis görnüşde adamlaryň durmuşynyň hemmetaraplaýyn abadançylygynyň möhüm şerti hökmünde onuň ekologik düzüm bölegi bilen aýrylmaz baglydyr.

Aslynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasaty we suw serişdelerinden rejeli peýdalanmakda, ekologiýa we sosial meselelerini çözmekde Türkmenistanyň gazanan tejribesi, sözüň doly manysynda, dünýäniň köp ýurtlary, hususan-da, Merkezi Aziýa döwletleri üçin görelde bolup biler. Muňa diňe soňky ýyllaryň özünde gurlan we ulanmaga berlen hem-de hereket edýän iri gidrodesgalar we ulgamlar hem şaýatlyk edýär. Ilkinji nobatda, olaryň arasynda «Altyn asyr» Türkmen kölüni, Balkan welaýatyndaky goşmaça suwaryş akabasyny, öňki Ruhabat etrabyndaky Bagyr suw howdanyny, Ak bugdaý etrabyndaky «Gündogar» agyz suw zawodynyň suwuny arassalamak üçin howdany, Lebap welaýatyndaky Ýylgynagyz magistral maşyn kanalyny we başga-da birnäçe desgalary görkezmek bolar.

Ilki bilen, «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurluşygynyň tejribesini, onuň biologik köpdürlülige we ekologiýa ýagdaýyna, ägirt uly öri meýdanlarynyň çäklerini suw bilen üpjün etmek wezipelerini çözmäge we köle gelýän suw akabalarynyň golaýyndaky örän giň ýerleri özleşdirmäge oňyn täsirini belläp geçmek zerurdyr. Garagumda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň döredilmegi suw-ekologik meseleler toplumyna çuňňur ylmy çemeleşmäniň netijesi boldy. Oňa bu uly suw howdanynyň doldurylmagy bilen, ýurtda ýerasty suwlaryň derejesiniň peselmegi, zeý suw akabalarynyň işiniň, ýerleriň melioratiw ýagdaýynyň gowulaşmagy, hasyllylygyň ýokarlanmagy, Garagumyň faunasynyň we florasynyň baýlaşmagy hem şaýatlyk edýär. Şu babatda Türkmen kölüniň, durnukly ösüşi üpjün etmegiň kuwwatly faktory hökmünde, sebit ölçeglerinde-de, global ölçeglerde-de deňsiz-taýsyz halkara ähmiýeti bardyr. BMG-niň Daşky gurşaw boýunça (UNEP) we Ilatly ýerler boýunça (UN-HABITAT) Maksatnamalarynyň hasabatlary hem suwdan peýdalanmak meselelerine uly üns berýär we şu günki gün akdyrylýan hapa suwlary dolandyrmakda aýgytly hereketleriň we maýa goýumlarynyň gerekdigini nygtaýar. Hasabatda: «şol adalganyň özüne, ýagny «akdyrylýan hapa suwlar» adalgasyna, onuň serişdeleýin mümkinçiliklerine ga-

ramazdan, diýseň pes baha berilýär. Örän ýygy-ýygydan olary inkär edýärler, olaryň ýöne akyp gitmegine ýol berýärler. Hapa suwlary akdyrmagy dolandyrmaga paýhasly we durnukly maýa goýumlaryny gönükdirmek jemgyýete, ykdysadyýete we daşky gurşawa uly peýda getirer» diýip bellenilýär.

Türkmen kölüniň gurulmagy diňe bir ýurduň ölçeglerinde däl-de, eýsem sebit we global ölçeglerde-de, ekologiýa howpsuzlygynyň mäkäm we hemme zady öz içine alýan esaslaryny döretmegiň ýolunda-da görlüp-eşidilmedik ädim boldy. Suwy ikinji gezek ulanmagyň taslamasy, zeý suwlarynyň arassalanmagy, suwda ýüzýän guşlar üçin suwly zolaklary we ýaşaýyş gurşawyny döretmek, iň täze ylmy işläp taýýarlamalary we tehnologiýalary ulanmak arkaly mineral maddalary toplamak Merkezi Aziýa sebitinde daşky gurşawy goramaga ummasyz goşant goşar. Golaýda ýerleşýän ýurtlaryň suwy ulanmakdaky sebit hyzmatdaşlygynyň orny güýçlener. Kölüň zolagynda täze konsepsiýany işläp taýýarlamak hem zerur bolmagy mümkindir. Ýokarda görkezilen çäreleriň amala aşyrylmagy sebitiň ekologik ösüşinde we Türkmenistanyň BMG-niň düzümleri bilen ekologik maksatnamalar esasynda uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyny ösdürmekde ajaýyp başlangyç nokady bolar.

Halkara bilermenleri we alymlary, biragyzdan, şu günki Türkmenistan ýaly, diňe ykdysady taýdan kuwwatly döwlete şulara meňzeş giň möçberli taslamalary durmuşa geçirmegiň başardyp biljekdigi hakyndaky pikire gelýärler. Hususan-da, Merkezi Aziýanyň ekologik Sebit merkeziniň pikiri boýunça, zeýkeş akabalarynyň suwlarynyň serhetüsti iri Amyderýa akymlaryna guýulmagynyň bes edilmegi, serhetüsti akabalaryny we halkara köllerini goramak hem-de ulanmak boýunça BMG-niň Helsinki konwensiýasynyň we suw meseleler toplumy hem-de adamlaryň saglygynyň meseleleri boýunça Protokolyň düşünjelerine we talaplaryna doly jogap berýär. Bu global we sebitleýin ösüşe Türkmenistanyň ägirt uly goşandydyr.

Energetika çygrynda ekologiýa meseleleriniň derwaýyslaşmagy we şolar bilen baglanyşykly netijeli halkara özara hereketiň wezipeleri global özgerişler, şol sanda howanyň üýtgemegi bilen şertlendirilendir. Şol sebäpli Türkmenistanyň Prezidenti energetika howpsuzlygynyň strategik meselelerini energiýany tygşytlamak we ekologiýa taýdan

arassa, şol sanda – energiýanyň täze çeşmelerini işläp taýýarlamak bilen ýakyndan baglanyşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan howanyň global üýtgemeginiň şertlerinde energetika howpsuzlygy we energiýany tygşytlamak, ekologiýa we daşky gurşawy goramak ýaly meseleleriň çatrygynda bolan özara hereketiň möhüm ugurlaryndaky halkara hyzmatdaşlygyna işjeň gatnaşýar.

Hususan-da, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow 2011-nji ýylyň ýanwarynda resmi sapar bilen Aşgabada gelen Ýewropa komissiýasynyň Başlygy jenap Žoze Manuel Barrozu bilen duşuşanda, elektroenergetika çygrynda we energiýanyň alternatiw, ilkinji nobatda, Gün we ýel çeşmelerini bilelikde işläp taýýarlamakda ýewropaly hyzmatdaşlar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýändigini belledi.

Şunlukda Türkmenistanyň Prezidenti energiýanyň alternatiw çeşmeleriniň öz Watanymyzyň innowasion tehnologiýalarynyň asyl nusgasynyň binýadynda işlenilip taýýarlanylmalydygyna üns berýär. Alternatiw energetikany ösdürmekde Türkmenistanyň maýa goýum babatda özüne çekijiligi, ilkinji nobatda, Günüň we ýeliň energiýasyny özgertmegiň binýadynda alynýan energiýa üçin tebigy energiýanyň tükeniksiz gorlarynyň bolmagy bilen şertlendirilýär. Häzirki döwürde dünýäniň onlarça ýurtlary, şol sanda Türkmenistan, energiýany we serişdeleri tygşytlaýyş tehnologiýalaryna, şol sanda – daşky gurşawy aýawly saklaýan we görnüp duran sosial we ykdysady peýdalary getirýän «arassa howa guraly» taslamasyna, – ykdysadyýetiň täze pudaklaryny, hususy eýeçiligiň kärhanalaryny ösdürmäge, täze iş orunlaryny döretmäge iri maýa goýumlaryny gönükdirýärler.

Energetika çygrynda dürli halkara maslahatlarynyň we forumlarynyň, seminarlarynyň we simpoziumlarynyň geçirilmegi netijeli ylmy gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär. Olarda hyzmatdaşlygyň derwaýys ugurlarynyň biri hökmünde energiýanyň alternatiw çeşmelerini işläp taýýarlamak hem göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Prezidenti 2010-njy ýylyň fewralynda Aşgabatda geçirilen «Türkmenistanda energiýanyň alternatiw çeşmelerini ulanmagyň meseleleri» atly halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylara Ýüzlenmesinde: «Energetikanyň alternatiw çeşmelerinden oýlanyşykly peýdalanmak çygrynda, hususan-da, Günüň, ýeliň, suwuň, geo we gidrotermal

ýylylygyň, biologik gazlaryň we energiýanyň başga çeşmelerinden peýdalanmakda täze, ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary işläp taýýarlamak we döretmek möhüm ylmy wezipe bolup durýar. Hut şu garaýyşlardan biz ylymy ösdürmek çygryndaky syýasatymyzyň wajyp ugruna – dünýäniň öňdebaryjy ylmy merkezleri bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we berkitmäge aýratyn üns berýäris» diýip belledi.

Şu babatda, energiýanyň ekologiýa taýdan arassa çeşmelerini işläp taýýarlamak sebitleýin hyzmatdaşlyk çygrynda aýratyn derwaýyslyga eýe bolýar. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň tebigy, ekologik we durmuş-ykdysady şertleriniň meňzeşligi bu çygyrda ylmy barlaglaryň anyk ugurlary boýunça özara hereketi ýola goýmak üçin hakykat ýüzündäki höweslendiriji bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti öz Gutlag ýüzlenmesinde: «Biz ylmyň energiýanyň alternatiw çeşmelerini öwrenmek bilen baglanyşykly, adamzat jemgyýetiniň häzirkizaman durmuşyna mäkäm giren we howanyň global ýylamagy ýaly, häzirki döwrüň derwaýys meselelerini oňyn çözmäge işjeň ýardam edýän, strategik taýdan möhüm pudaklaryny ösdürmäge ägirt uly maýa goýum serişdelerini gönükdirýäris. Biz «geljegiň energiýasy» diýlip adalatly atlandyrylýan alternatiw energetika milli ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk hem kämilleşdirmegiň ileri tutulýan ugry hökmünde baha berýäris» diýip nygtady.

Global ekologiki meseleleriň arasynda çölleşmek aýratyn orny eýeleýär. Türkmenistan BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş hakyndaky konwensiýasyna 1995-nji ýylda goşuldy, 1996-njy ýylda bolsa ýurduň Mejlisi ony tassyklady. Oňa laýyklykda Türkmenistan özüne şeýle borçnamalary kabul etdi:

1) çölleşmäge garşy göreşe, ilkinji nobatda, üns bermek we ýagdaýlary hem mümkinçilikleri hasaba almak bilen serişdeleri bölüp bermek;

2) çölleşmegiň esasynda ýatýan sebäpleri ýok etmegiň meselelerine seretmek we çölleşmek amallarynyň ösüşine ýardam edýän durmuş-ykdysady şertlere aýratyn üns bermek;

3) hereket edýän degişli kanunlary kämilleşdirmek arkaly amatly ýagdaýy döretmek, haçan-da olaryň ýok ýagdaýlarynda bolsa, täze kanunlary kabul etmek we uzakmöhletli syýasaty we hereket etmegiň maksatnamalaryny döretmek arkaly oňa ýardam etmek.

Daşky gurşawy goramak babatda özara peýdaly hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistanyň ekologiýa syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Türkmenistan BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş hakyndaky konwensiýasyny, Biologik köpdürlülik hakyndaky konwensiýasyny, howply galyndylaryň serhetüsti daşalyşyna we olaryň çykarylyşyna gözegçilik etmek hakyndaky Bazel konwensiýasyny, Ozon gatlagyny goramak hakyndaky Wena konwensiýasyny tassyklady we olar babatynda anyk çäreleri durmuşa geçirýär.

Tebigy gurşawy goramak we tebigy serişdelerden rejeli peýdalanmak hormatly Prezidentimiziň ekologiýa babatdaky syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ekologiýa syýasaty ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, daşky gurşawyň goralmagyny, ilatymyzyň ýaşaýşy üçin arassa, sagdyn we amatly daşky gurşawy üpjün etmäge gönükdirilendir.

Şeýlelik bilen, ýokarda görkezilen mysallar, suw serişdelerini rejeli ulanmak we howanyň üýtgeýän şertlerinde tebigaty goraýyş çärelerini amala aşyrmak çygyrlaryndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň ideýalarynyň we başlangyçlarynyň giň halkara goldawyny we netijeliligini aýdyň görkezýär. Munuň özi BMG-niň Müňýyllygyň Maksatlary bilen, parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň derwaýys halkara meselelerini çözmek üçin köptaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygy üpjün etmek bilen doly derejede utgaşýan Türkmenistanyň strategiýasynyň çuňňur oýlanyşykly we netijeliligini ýene-de bir gezek tassyklaýar.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistan tebigaty goramak boýunça haýsy halkara-hukuk resminamalaryna gatnaşýar?
2. Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda ekologiýa boýunça haýsy teklipleri öňe sürdi?
3. Suw serişdelerinden rejeli peýdalanmakda, ekologiýa we sosial meselelerini çözmekde Türkmenistanyň amala aşyrýan işleri barada aýdyp beriň.

# VII BAP
# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASAT STRATEGIÝASYNYŇ GEOYKDYSADY ÖLÇEGI

## § 1. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň syýasy-konseptual esaslary

Türkmenistanyň başga ýurtlar bilen netijeli oňyn hyzmatdaşlygy hökmünde hökümetara toparlarynyň işini aýdyp bolar. Olaryň çäklerinde taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk üçin esasgoýujy şertleri döretmek boýunça meselelere seredilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar, şeýle hem teklipler kabul edilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat tejribesiniň möhüm ugry, onuň resmi saparlarynyň maksatnamalarynyň düzüm bölegi hökmünde biznes-forumlaryň geçirilmegi we işewürler toparlarynyň wekilleri bilen duşuşyklary, şeýle hem senagat önümleriniň, tehnologiýalaryň we dürli eksport harytlarynyň sergileri bolup durýar.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ähli taraplaýyn ösdürmek, dünýäniň ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi onuň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär.

Döwletiň halkara ykrar edilen hemişelik oňyn bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen utgaşyklylykda «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barmagy, şu esasda daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmegi, dürli ýurtlar we halklar bilen wagtyň talabyna laýyklykdaky gatnaşyklary ösdürmegi we giňeltmegi, ýangyç-energetika toplumynda we ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky hyzmatdaşlyk boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi – bularyň ählisi bilelikde alnanda, Türkmenistanyň halkara abraýynyň ösmegine getirdi, bu bolsa onuň tutuş halkynyň utuş gazanmagyna getirýär.

Türkmenistan halkara ykdysady hyzmatdaşlygynyň deňhukukly tagalla birleşdirmek, birek-birege peýdalylyk, şeýle hyzmatdaşlyga çekilen ähli taraplaryň bähbitlerine sarpa goýmak esasynda ösdürilmegine Ýer ýüzüniň döwletleriniň we sebitleriniň arasynda arka-

laşykly hereketleri ýola goýmagyň, parahatçylygy we durnuklylygy goldamagyň örän möhüm serişdesi hökmünde garaýar.

Şu maksat bilen Türkmenistan eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňhukukly dowam etmegini kepillendirýän, telekeçilik işini höweslendirýän, daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini we ygtybarly ýerleşdirilmegini üpjün edýän, maýa goýujylarynyň işi üçin amatly şertleri döredýän ähli zerur ykdysady we hukuk serişdelerini peýdalanýar. Türkmenistan özüniň maliýe-ykdysady giňişliginiň açyklygyna, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän maliýe-bank ulgamyna, ulaglar we aragatnaşyk serişdeleri babatdaky kärhanadyr desgalaryna dünýädäki hojalyk gatnaşyklarynyň ulgamyna üstünlikli goşulyşmak, özüniň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň artykmaçlyklaryny durmuşa geçirmek üçin örän möhüm şertler hökmünde garaýar.

Döwletiň serişdeler gorlarynyň ägirt uludygyny nazara almak bilen, Türkmenistan olardan tutumly halkara taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin peýdalanýar, olaryň amala aşyrylmagy bilelikdäki kärhanalaryň döredilmegini, daşary ýurt döwletleriniň we hususy kompaniýalaryň, banklaryň, halkara maliýe edaralarynyň maýa goýumlaryny çekmegi göz öňünde tutýar.

Döwletimiziň özygtyýarlylygyny ykdysadyýet babatda durmuşa geçirmek maksatlaryny amala aşyrmak üçin çözgütleri kabul etmekde erkin bolmagynda galmak bilen, Türkmenistan halkara ykdysady we maliýe gurluşlary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Türkmenistan ykdysady meseleleri düzgünleşdirmekde dünýä bileleşiginiň, esasy halkara guramalarynyň tagallalaryna ýardam berýär.

Türkmenistan islendik döwletler bilen ykdysady hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny, ol gatnaşyklar bitarap döwlet hökmünde onuň öz üstüne kabul eden halkara borçnamalaryna ters gelmeýän halatynda ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn esasda ýola goýýar. Türkmenistan islendik döwletiň ýa-da halkara guramasynyň ykdysady we tehniki ýardamyny diňe onuň özygtyýarlylygyna we bitaraplyk hukuk ýagdaýyna howp salyp biljek şertler öňe sürülmedik halatynda kabul edýär.

Türkmenistan syýasy maksatlary gazanmak, öz garaýyşlaryňy we düşünjeleriňi boýna dakmagyň serişdesi hökmünde bir döwletleriň beýlekilere ykdysady taýdan zor salmagyny ret edýär we şunuň bilen baglanyşykly olaryň yglan edýän ykdysady gabamalaryna, ýana-

malaryna we ykdysady bähbitleri kemsitmegiň beýleki görnüşlerine gatnaşmaýar.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň eksport kuwwatyny yzygiderli ösdürmek babatynda «Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna» atly kitabynda ýurdumyzyň öňünde duran wezipäni şeýle beýan etdi: «Döwletiň daşary ykdysady syýasatynda esasy ileri tutulýan ugur – Türkmenistanyň çig maly eksport edýän ýurtdan önüm öndürýän we ýokary tehnologiýaly taýýar harytlary eksport edýän ýurtlaryň hataryna kem-kemden geçirmekden ybaratdyr».

Globallaşma şertlerinde dünýä ýurtlarynyň arasynda halkara ykdysady gatnaşyklarynyň giňişleýin ösmegii häzirki döwrüň esasy aýratynlyklarynyň biridir we Türkmenistanyň halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna hem-de dünýä hojalygyna sazlaşykly goşulmagynyň uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi Türkmenistan ägirt uly eksport mümkinçiliklerine eýedir. Şeýle hem ýurda dürli görnüşdäki daşary ýurt harytlarynyň getirilmegi obýektiw zerurlyk bolup durýar. Türkmen ykdysadyýýetini ösdürmekde daşary ýurt maýa goýumlarynyň we ösen tehnologiýalaryň ähmiýeti örän uludyr.

Daşary ykdysady syýasaty amala aşyrmagyň möhüm şertleriniň biri onuň hukuk, kanunçylyk binýadynyň bolmagydyr. Türkmenistanda hem häzirki wagtda şeýle kanunçylyk binýady döredildi. Ol kanunlar we kadalar ýurdumyzyň çäklerinde daşary ykdysady işi düzgünleşdirmäge mümkinçilik berýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda daşary ykdysady iş bilen baglanyşykly gatnaşyklary duzgünleşdirýän kanunlaryň toplumy kabul edildi we bu işi talaba laýyk alyp barmak üçin amatly kanunçylyk esaslary döredildi. Olara «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanýn Kanunlary, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň kodeksi, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary we beýlekiler degişlidir. Şeýle kanunlaryň we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi Türkmenistanda daşary ykdysady iş bilen meşgul bolýan taraplaryň telekeçilik işini düzgünleşdirmäge we daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilişini höweslendirmäge zerur şertler döredýär.

Türkmenistan özüniň daşary ykdysady syýasatynda milli bähbitlerden we dünýäde ählumumy ykrar edilen ýörelgelerden ugur alýar. Hususan-da, şu babatda deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklar esasynda dünýä döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmek, kabul edilen halkara borçnamalaryna hormat goýmak ýaly ýörelgeleri görkezmek bolar.

Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýan geoykdysady çäklerdäki gatnaşyklar ýurdumyzyň halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň döwrebap diwersifikasiýa we innowasion esasda alnyp barylmagyny şertlendirýär. Onuň binýadyny emele getirýän ýörelge «Açyk gapylar» syýasatyna daýanýar we ol uzak geljege gönükdirilendir.

Bu babatda ileri tutulýan ugurlaryň biri hem, ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglydyr. Türkmenistan özüniň daşary ykdysady syýasatynda daşary ýurt maýalaryny çekmek, dokma we nebit-gaz toplumyny ösdürmek, oba hojalyk önümçiligini özgertmek, türkmen energiýa göterijilerini dünýä bazaryna çykarmak, ulag ulgamyny kämilleşdirmek meselelerine has uly ähmiýet berýär. Bu pudaklaryň ösmegi ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy maksatlarynyň biri – ýurduň ykdysady özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün edýän hojalyk düzüminiň emele gelmegidir. Ykdysady howpsuzlyk milli ykdysadyýetiň netijeli ösüşini üpjün edýän, ýurduň isleglerini ýeterlik derejede kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän, daşary bazarlarda bäsdeşligi kepillendirýän içerki we daşarky şertleriň jemidir.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri – ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekdir. Bu meselä biziň Garaşsyz we Bitarap ýurdumyzda uly ähmiýet berilýär. Ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgedilmesi we kämilleşdirilmesi amala aşyrylýar. Şu işleri ýerine ýetirmekde daşary ýurt maýa goýumlarynyň orny örän uludyr.

Ýurtlaryň ykdysady ýagdaýy, köplenç halatda, olaryň maýadarlyk işjeňligi bilen kesgitlenilýär. Jemgyýetçilik ösüşiniň häzirki Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistana daşary ýurt maýa

goýumlary işjeň çekilýär. Daşary ýurt maýalary bilen baglanyşykly bolan gatnaşyklar «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň kodeksi bilen düzgünleşdirilýär. Olar maýa goýumlyk işiň hukuk-ykdysady şertlerini kesgitleýär.

Türkmenistandaky syýasy durnuklylyk, ýurduň bitaraplyk hukuk ýagdaýy, dünýä gatnaşyklaryna açyklyk, tebigy şertleriň we ýokary hünärli işçi güýjüniň barlygy, maýa goýumlar boýunça dünýädäki iň ýokary talaplara laýyk gelýän kanunçylyk binýadynyň döredilmegi daşary ýurt döwletleri üçin maýa goýumlaryny işe çekmekligiň örän möhüm şerti bolup durýar. Daşary ýurt maýa goýumlary üçin ýurtda iň ýokary talaplara laýyk gelýän şertleri döretmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Şu günki gün ýurdumyzda halkara ähmiýetli örän iri maýa goýum taslamalarynyň birbada birnäçesiniň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenistanyň «Açyk gapylar» syýasatyna laýyklykda ýangyç-energetika toplumy, dokma senagaty, oba hojalygy, ulag we aragatnaşyk, syýahatçylyk pudaklary daşary ýurt maýa goýumlary üçin ileri tutulýan ugurlar bolup durýar. Şu güne çenli daşary ýurt maýadarlarynyň gatnaşmagynda müňden gowrak häzirkizaman kärhanalary işe girizildi we ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň möçberi yzygiderli artýar. «Açyk gapylar» syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmek biziň jemgyýetimizde özgertmeleri we üýtgedip gurmagy amala aşyrmak üçin amatly daşary syýasat şertlerini döretmegiň esasy faktorlarynyň biri bolup durýar. «Açyk gapylar» syýasaty iň amatly maýa goýum şertlerini döredýär, ýyl-ýyldan kämilleşdirilýän kanunçylyk binýady bilen daşary ýurt maýadarlaryny özüne çekýär. Şunuň bilen baglylykda halkara işewürleriniň we maliýe-maýadarçylyk toparlarynyň Türkmenistanda uzakmöhletleýin maýa goýumlaryny amala aşyrmaga bolan barha ösýän gyzyklanmalary barada belläp geçmelidir.

Muňa Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda işlenip düzülen Hazaryň türkmen kenarynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyny döretmegiň taslamasy, şeýle hem ýol-ulag infrastrukturasynyň durkuny täzelemegiň maksatnamalary, ýurduň gündogarynda we günbatarynda nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmek boýunça geljegi uly

bolan teklipler, senagat, gurluşyk, aragatnaşyk çygyrlaryna we beýleki pudaklara maýa goýmak mysal bolup biler.

Halkara gatnaşyklary ulgamynda Türkmenistanyň tutýan ornunyň ykdysady ölçegleri halkara söwdasy çygryndaky gatnaşyklaryň möçberleriniň giňelmeginiň barha ösýänliginde aýdyň görünýär. Muňa şu günki gün biziň ýurdumyzyň dünýäniň 100-den gowrak döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny alyp barýandygy, Türkmenistanyň her ýylky daşary söwda dolanyşygynyň ABŞ-nyň milliardlarça dollary möçberinde we ondan hem ýokary bolýandygy şaýatlyk edýär.

Türkmenistan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyny deňhukuklylyk, özara bähbitlilik we başga döwletleriň bähbitlerini nazarda tutmak esasynda ösdürýär. Şu maksat bilen eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňhukukly işlemegini we ösmegini kepillendirýän, telekeçilik işini höweslendirýän, daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini üpjün edýän, maýadarlaryň işi üçin amatly şertleri döredýän ähli zerur bolan ykdysady we hukuk gurallary ulanylýar.

2013-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň ýanynda Ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentligi döredildi. Bu milli ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak boýunça çäreleri taýýarlamak we durmuşa geçirmek işlerini alyp barýan döwlet dolandyryş edarasydyr. Agentlik öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, ýurduň Kanunlaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryna, Mejlisiň, Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna goldanýar. Onuň esasy wezipesi milli ykdysadyýetde syýasy, ykdysady, maliýe, hukuk, pudaklaýyn, sebitleýin we tebigy çygyrlaryň aýry-aýry ýagdaýlary bilen baglanyşykly çak edilýän töwekgelçiliklere seljeriş geçirmek bolup durýar.

Dünýäniň iri maliýe-senagat toparlary, transmilli kompaniýalary köp babatda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan öňdengörüjilikli syýasat, ýurtda gazanylan durnuklylyk we durmuş sazlaşygy sebäpli Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga çuňňur gyzyklanma bildirýärler.

Uglewodorodlaryň çykarylmagy we eksport edilmegi esasy bölegini düzýän ummasyz energetika mümkinçiligi Türkmenistanyň hal-

kara söwda-ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň integrirlenmeginiň örän ähmiýetli faktorydyr. Şu nukdaýnazardan, deňhukuklylyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerinden gelip çykýan, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň esasy ugry beýik maksada – özüniň örän uly energiýa serişdelerini we ulag-aragatnaşyk mümkinçiliklerini bütin adamzadyň hyzmatynda goýmaga gönükdirilendir. Türkmenistanyň ýokarda görkezilen halkara başlangyçlary, parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna, halkara bileleşiginiň tagallalarynyň birleşdirilmegine gönükdirilen şol maksada hem gulluk edýär. Türkmenistanyň başga döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ähli taraplaýyn ösdürmek we onuň dünýä ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi ýurdumyzyň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär.

Ýurtda bäsdeşlige ukyply senagatçy telekeçileriň, ýokary industrial önümçiligi alyp baryjy ýolbaşçylaryň kemala gelmegi üçin ähli şertler döredilýär. Soňky ýyllaryň dowamynda milletiň Lideriniň başlangyjy boýunça ýurduň telekeçileri tarapyndan öňdebaryjy tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan we ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply önümleri çykarýan birnäçe senagat kärhanalary guruldy we ulanmaga berildi.

Ykdysadyýetiň ýokary depginli durnukly ösüşini üpjün etmek, hususy sektory höweslendirmek we goldamak maksatlary bilen, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan «Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň 2013-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi we bu döwür üçin hususylaşdyrmak boýunça degişli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy. Bu meseleleri çözmekde doly bahaly gymmatly kagyzlar bazaryny döretmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Bazar gatnaşyklaryna netijeli geçmek maksatlary bilen, Fond biržalaryny we başga bazar institutlaryny döretmek boýunça işler dowam edilýär. Bu çäreler ýurduň ykdysadyýetiniň hususy ulgamyny mundan beýläk hem çalt depginler bilen ösdürmäge ýardam eder.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary syýasat bilen halkara ykdysadyýetiniň nähili arabaglanyşygy bar?
2. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary nähili ösýär?
3. Halkara ykdysady gatnaşyklarynda işewürleriň orny nähili?

## § 2. «Açyk gapylar» syýasaty söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň wajyp şerti hökmünde

Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ykdysady ölçegi deňhukuklylyk, özara bähbitler we başga döwletleriň gyzyklanmalaryny nazara almak esasynda ösýän söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň möçberleriniň okgunly ösmeginde aýdyň görünýär. Şu maksat bilen, eýeçiligiň ähli görnüşleriniň deňhukukly bolmagyny we ösmegini kepillendirýän, telekeçilik işini höweslendirýän, daşary ýurt maýa goýumlarynyň gelmegini üpjün edýän, maýadarlaryň işi üçin amatly şertleri döredýän zerur bolan ähli ykdysady we hukuk gurallary ulanylýar. Ýurduň ykdysady kuwwatlylygyny berkitmäge gönükdirilen işjeň daşary ykdysadyýet syýasaty Türkmenistana halkara derejesindäki iri taslamalary durmuşa geçirmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, häzirki döwürde Türkmenistan dünýä ýurtlary bilen köpugurly özara hereketi diwersifikasiýalaşdyrmaga uly üns berýär. Ýurdumyzyň industrial ösüş ýoluna geçmegi, hil taýdan täze ölçegler esasynda, senagat pudaklarynyň ösüşiniň ilkinjiligini höweslendirýän we umumylykda ykdysadyýeti kämilleşdirýän daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmegi göz öňünde tutýar.

Türkmenistanyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň giňelmeginiň möçberleri dünýä ýurtlary bilen köpugurly özara hereketi diwersifikasiýalaşdyrmak esasynda üpjün edilýär. Ýurduň industrial ösüş ýoluna düşmegi, senagat pudaklarynyň depginli ösüşi, ykdysadyýetiň kämilleşdirilmegi ilkinjilige eýe bolýan ugurlardyr. Bu ugurda Türkmenistan bilen beýleki döwletleriň hökümetara iş toparlarynyň bilelikde alyp barýan işleri uly ähmiýete eýedir. Olaryň çäklerinde özara bähbitli ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygy alyp barmagyň meseleleri seredilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar.

Daşary söwdanyň ýurduň maýa goýum işjeňligine täsir edýändigi aýdyňdyr. Bir tarapdan, Türkmenistanyň importunyň ep-esli bölegini önümçilik-tehniki ugurdaky önümler, ýagny tehnologik enjamlar, elektrik maşynlary, mehaniki gurluşlar, ulag serişdeleri, çig mal we materiallar düzýär. Olar, ilkinji nobatda, dürli desgalaryň gurluşygyna gidýär. Başga tarapdan, oňyn saldonyň gündelik töleg balansynyň köp bölegi hem esasy kapitala maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň esasy çeşmesi bolup durýar.

Döwlet Baştutanynyň başlangyjy bilen ýurtda hyzmatdaşlyk boýunça ýöriteleşdirilen hökümetara iş toparlary döredilýär. Olar ykdysadyýet, söwda, maýa goýumlar, ylym we tehnika, bilim, medeniýet çygyrlaryny öz içine alýar. Häzirki döwürde Türkmenistan onlarça döwletler bilen ikitaraplaýyn hökümetara toparlarynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy alyp barýar. Olaryň geografiýasy Ýakyn Gündogar, Ýewropa, Demirgazyk we Günorta Amerika, GDA we Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlaryna ýaýrandyr. Bu iş toparlarynda netijeli ykdysady, işewürlik, medeni-ynsanperwerlik gatnaşyklaryny ýola goýmak we diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň maýa goýum syýasaty özgertmeleriň ähli ugurlaryny dolandyrmagy üpjün etmäge, diwersifisirlenen, durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmäge, döwlet maksatnamalaryny we maýa goýum taslamalaryny, jemgyýetiň talaplaryny we işewürlik bähbitlerini belli bir ahyrky maksada – Türkmenistanyň gülläp ösmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda işlenilip düzülen ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi boýunça maksatnamalarynda esasy maksatlar hem-de wezipeler bellenilendir. Ilkinji nobatdaky wezipeleriň hatarynda Türkmenistany industrial, ýokary derejede ösen, bäsdeşlige ukyply döwlete öwürmek göz öňünde tutulýar. Jemgyýetiň we döwletiň ähli ugurlaryny öz içine alýan innowasion işler, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ähli ugurlary täze döwrüň hil taýdan häsiýetnamasydyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanda mizemez maýa goýum mümkinçilikleri bolan netijeli ykdysady ulgam hereket edýär. Munuň özi dünýädäki maliýe çökgünligi şertlerinde aýratyn hem möhümdir. BMG-niň Söwda we ösüş boýunça Maslahatynyň (UNCTAD) «2012-nji ýyl üçin dünýä maýa goýumlary hakynda Dokladynda» neşir edilen maglumatlara laýyklykda, gönümel daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň 15,6 % düzýär. Oňa soňky ýyllarda maýa goýum möçberleriniň 8,6 esse ösendigi hem şaýatlyk edýär. 2012-nji ýylyň jemleri boýunça 2011-nji ýyl bilen deňeşdirilende maýa goýum möçberleri 38 % ösdi. Şeýlelikde, Türkmenistan maýa goýumlarynyň iň köp goýulýan ýurtlarynyň birinji onlugyna çykdy. Bu bolsa hal-

kara işewürlerinde türkmen ykdysadyýetiniň ygtybarlydygyna bolan ynamy tassyklady.

2012-2016-njy ýyllarda ykdysadyýetiň döwlet pudaklarynda we döwlete degişli bolmadyk ugurlarynda 200 milliard manatdan gowrak maýa goýum serişdelerini özleşdirmek, önümçilige we üpjünçilik ulgamlaryna degişli 450-den gowrak desgalary gurmak we durkuny täzelemek meýilleşdirildi. Maýa goýum maksatnamalarynyň möhüm häsiýetli aýratynlygy olaryň giň möçberli diwersifikasiýalaşdyrmalara, önümçilik pudaklarynyň ýakyn bäş ýyllyk ösüşine, Türkmenistanyň ykdysadyýetini toplumlaýyn ösdürmekligi gazanmaga gönükdirilenligindedir. Şu günki gün maýa goýum taslamalary ýurtda nebit we gaz çykarmak boýunça iri taslamalary amala aşyrmak bilen bir hatarda, himiýa senagaty, gurluşyk materiallaryny öndürmek, saglygy goraýyş we ýeňil senagat ýaly ugurlarda üstünlikli işleýär.

Ýakyn ýyllarda senagat çygrynda önümiň täze görnüşlerini goýbermek boýunça önümçilik kuwwatlyklary döredildi. Bu kärhanalarda öndüriljek önümleriň täze görnüşleri kaustik soda, hlor we onuň düzümleri, kaliý dökünleri, polipropilen ýorkasy, poliuretandan gurluşyk materiallary, örtgülik keramiki plitka, ýokary tehnologiýaly gurluşyk aýnasy, örän inçe bazalt süýüminden bolan ýylylyk izolirleýji kompozit gurluşyk materiallary we başgalardyr. Maýa goýumlarynyň uly möçberleri azyk senagatyny ösdürmäge we azyk önümleriniň täze görnüşlerini ýola goýmaga niýetlenilendir.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň ornaşmagynyň çuňlaşmagy bilen, nebit-gaz toplumynyň pudaklarynyň we infrastrukturasynyň çalt depginlerde ösdürilmegi üçin maliýeleşdirmegiň döwlet maýa goýum binýady döredilýär.

Biziň ýurdumyzyň bazaryny Türkiýe, Hytaý, Russiýa, Beýik Britaniýa, ABŞ, BAE, Germaniýa, Malaýziýa we beýleki ýurtlar has işjeň özleşdirýärler. Bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalary tarapyndan önüm öndürmek (haryt we hyzmatlar) ýyl-ýyldan artýar. Köp sanly öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary öz tejribesini, maýa goýumlaryny we iň täze tehnologiýalaryny maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirmegi teklip edip, Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmaga ymtylýarlar. Daşary ýurt kärhanalarynyň işleriniň ileri tutulýan ugurlary

söwda we hyzmatlar, aýrybaşga daşary ýurt düzümleriniňki gurluşyk, bilelikdäki kärhanalaryňky senagat bolup durýar. Häzirki wagtda milli ykdysadyýetdäki amatly ýagdaýlary, içerki hukuk binýadynyň ygtybarlydygyny we ýurduň töleglere birkemsiz ukyplylyk abraýyny bilmek bilen, dünýäniň köp ýurtlaryndan abraýly kompaniýalar we belli işewürler geljegi uly bolan türkmen bazaryna düşmäge çalyşýarlar. Halk hojalygyna daşary ýurt maýa goýumlary, Türkmenistanda işleýän daşary ýurt kompaniýalarynyň we firmalarynyň sany ýyl-ýyldan artýar.

Halkara Pul Gaznasynyň (HPG) neşir edýän «Maliýe we ösüş» žurnalynyň berýän maglumatlaryna görä, Türkmenistan 2012-nji ýylda göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmegiň görkezijileri boýunça dünýä ýurtlarynyň birinji onlugyna girdi. Bu ýöne ýerden däldir, sebäbi Türkmenistanda maýadarlaryň bähbitlerini üpjün edýän we kepillendirýän umumy ykrar edilen hukuk ýollarynyň ählisi ulanylýar. Hususan-da, wagtyň talabyna görä, milli kanunçylyk yzygiderli kämilleşdirilýär, Türkmenistanyň gatnaşýan maýa goýum taslamalarynyň düzgünleşdirilişi köptaraplaýyn şertnamalar (ylalaşyklar, konwensiýalar) bilen amala aşyrylýar, maýa goýum gatnaşyklary maýa goýumy höweslendirmegiň we goramagyň ikitaraplaýyn döwletara ylalaşyklary bilen düzgünleşdirilýär, anyk maýa goýum taslamalary taraplaryň arasynda degişli ylalaşyklaryň kadalary bilen berkidilýär.

Türkmenistanyň maýa goýum babatynda ygtybarlylygynyň artmagyna köp derejede durnukly jemgyýetçilik-syýasy ýagdaý, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşi, milli puluň hümmetiniň üýtgewsizligi, kuwwatly serişdeler-çig mal binýady we halkara talaplaryna laýyklykda maýa goýumlaryny ygtybarly kepillendirýän hukuk ulgamy ýardam edýär.

Daşary ýurt maýadarlarynyň we daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk ýagdaýlary «Kärhanalar hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Maýa goýum işi hakynda», «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kanunçylyk namalary hem-de Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän halkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýär. «Daşary ýurt maýa

goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanuny daşary ýurtly maýadarlaryň we daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalaryň işiniň hukuk taýdan goragynyň anyk kepilliklerini göz öňünde tutýar.

Öz işini erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde alyp barýan daşary ýurt maýadarlary Türkmenistanda has amatly şertlerden peýdalanýarlar. Hususan-da, «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda işleýän daşary ýurt kompaniýalarynyň düýpli salgyt, gümrük we başga-da köp ýeňilliklerden peýdalanmak mümkinçilikleri bar.

«Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2013-2017-nji ýyllar döwri üçin Konsepsiýasynda» milli ykdysadyýeti ösdürmek, daşary ýurt döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek we diwersifikasiýalaşdyrmak üçin amatly halkara şertlerini döretmek, ýurda daşary ýurt maýa goýumlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasion çözgütleri çekmek maksady bilen «Açyk gapylar» daşary syýasat strategiýasyny syýasy-diplomatik taýdan üpjün etmek boýunça işleri dowam etmek ileri tutulýan ugur hökmünde kesgitlenilendir.

Daşary ýurtlar bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň esasynda dünýä bazaryna bäsdeşlige ukyply harytlary çykarmak, maýa goýum, «nou-hau» tehnologiýalary ornaşdyrmak ýaly wajyp ugurlar ileri tutulýar we olar babatda biziň ýurdumyzyň diplomatik missiýalary, söwda wekilhanalary şu meselelere aýratyn üns berýärler:

1) hyzmatdaş ýurtlarda Türkmenistanda öndürilýän senagat önümine islegi üpjün etmäge;

2) hyzmatdaş ýurtlary senagat-innowasion babatda ösdürmek boýunça bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge;

3) Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň strategik önümçilik pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak üçin hyzmatdaş ýurtlardan täze tehnologiýalaryň getirilmegine;

4) oba hojalyk çig malyny düýpli gaýtadan işlemek üçin bilelikdäki kärhanalary döretmäge;

5) Türkmenistanda gurulýan senagat kärhanalarynda öndürilmegi meýilleşdirilýän önümleriň eksport bahasyny kesgitlemäge;

6) Türkmenistanda öndürilýän senagat önümini ýerleşdirmegiň bilelikdäki bazarlaryny döretmegiň mümkinçiliklerine;

7) saglygy goraýyş, bilim, ylym babatda hyzmatdaş ýurtlaryň ylmy-tehniki mümkinçiliklerini utgaşdyrmagyň ýollaryny öwrenmage.

Türkmenistanda öndürilen harytlary dünýä bazarlarynda tanatmak işine, ýurdumyzyň daşary ýurt döwletlerinde geçirýän bilelikdäki çäreleri, sergileri, ýarmarkalary, işewürler maslahatlary hem-de beýleki çäreleri uly goşant goşýar. Çünki bu çäreler arkaly daşary ýurt döwletleri bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegi göz öňünde tutulýar.

Şunlukda, Türkmenistanyň başga döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ähli taraplaýyn ösdürilmegi biziň ýurdumyzyň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny kesgitleýändigini belläp geçmek zerurdyr. Uglewodorodlary çykarmak we eksport etmekligiň esasyny düzýän ummasyz energetika mümkinçilikleri Türkmenistanyň halkara söwda-ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň integrirlenmeginiň wajyp faktory bolup durýar. Türkmenistan şu günki gün dünýäniň öňdebaryjy energetika döwleti diýlip hakykat ýüzünde ykrar edildi. Ol tebigy gazy – XXI asyryň dünýä energetika deňagramlylygynyň möhüm düzümini eksport edýän ýurtlaryň sanawynda iň ýokardaky setirleriň birini eýeleýär.

Şu nukdaýnazardan, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk ýörelgelerinden gelip çykýan, Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň esasy ugry belent maksatlara – özüniň ägirt uly energiýa çeşmelerini we ulag-aragatnaşyk mümkinçiliklerini bütin adamzadyň hyzmatynda goýmaga gönükdirilendir. Energetika howpsuzlygyny üpjün etmekligiň global howpsuzlyk ulgamynyň bir bölegi bolup durýan, parahatçylygyň we ösüşiň bähbitleri üçin halkara bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen, Türkmenistanyň ýokarda görkezilen halkara başlangyçlary hem şu maksatlara gulluk edýär.

Bitaraplyk syýasatynyň dowamatyny üpjün etmek, sebit we sebitara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin ýurduň hukuk ýagdaýynyň häsiýetli aýratynlygyny ulanmaklyga gönükdirilen täze mazmun bilen onuň üstüni ýetirmek arkaly alnyp barylýar. Şu günki gün Türkmenistan öz halkara işinde bitaraplygyň geoykdysady ugruna, has takygy, diwersifikasiýa ýörelgesi esasynda ýurduň ykdysady ösüşiniň mümkinçiliklerini has doly açmak – türkmen energiýa serişdeleriniň eksportunyň turbageçirijiler ugruny döretmekden başlap, söwda-ykdysady we maliýe-maýa goýum gatnaşyklarynyň global infrastrukturalaryna doly möçberde integrirlenmegine çenli aýratyn üns berýär.

Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry ykdysady çygyrda köptaraplaýyn esasda birnäçe iri taslamalaryň bilelikde, özüniň ähmiýeti boýunça belli bir sebitiň çäklerinden gaty uzaklara çykýan, başga döwletler bilen, ilkinji nobatda, öz ýakyn goňşulary bilen ýakyn hyzmatdaşlykda amala aşyrylmagy bolup durýar. Olaryň hatarynda «Eýran–Türkmenistan–Gazagystan» ugry boýunça demir ýoluň gurluşygyny, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» we Hazar deňziniň kenary boýunça «Türkmenistan–Gazagystan–Russiýa» gaz geçirijileriniň taslamalarynyň amala aşyrylmagyny we başgalary belläp bolar. Dünýäniň dürli ýurtlarynyň kompaniýalary gatnaşýan «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň okgunly ösdürilmegi hem «Açyk gapylar» syýasatynyň netijesidir. Bu giň möçberli işleriň esasynda köptaraplaýyn diplomatiýa ýörelgelerini amala aşyrmak binýatlaýyn ugurlaryň biri bolup durýan, Türkmenistanyň Lideriniň yzygiderli ösüş ugry ýatyr.

Türkmenistanyň başga ýurtlar bilen netijeli oňyn hyzmatdaşlygy hökmünde hökümetara toparlarynyň işini aýdyp bolar. Olaryň çäklerinde taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk üçin esasgoýujy şertleri döretmek boýunça meseleler seredilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar, şeýle hem teklipler kabul edilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ähli taraplaýyn ösdürmek, dünýäniň ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi onuň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär. Döwletiň halkara ykrar edilen hemişelik oňyn bitaraplyk hukuk ýagdaýy bilen utgaşyklylykda «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barmagy, şu esasda daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmegi, dürli ýurtlar we halklar bilen wagtyň talabyna laýyklykdaky gatnaşyklary ösdürmegi we giňeltmegi, ýangyç-energetika toplumynda we ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky hyzmatdaşlyk boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirmegi – bularyň ählisi bilelikde alnanda, Türkmenistanyň halkara abraýynyň ösmegine getirdi, bu bolsa onuň tutuş halkynyň utuş gazanmagyna getirýär.

«Açyk gapylar» syýasatynyň yzygiderli durmuşa geçirilmegi biziň jemgyýetimizde özgertmeleri we üýtgetmeleri amala aşyrmak, ýurduň okgunly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek üçin amatly

daşary syýasat şertlerini döretmegiň esasy faktorlarynyň biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, halkara işewürliginiň we maliýe toparlarynyň Türkmenistanda uzakmöhletleýin maýa goýumlaryny amala aşyrmaga bolan ösýän gyzyklanmalaryny belläp geçmek zerurdyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda işlenip düzülen we üstünlikli amala aşyrylýan «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyny döretmegiň taslamasy, şeýle hem Türkmenistanyň ýol-ulag infrastrukturasynyň durkuny täzelemek, täze ýollary gurmak boýunça maksatnamalar, ýurduň gündogarynda we günbatarynda nebit-gaz ýataklaryny özleşdirmek boýunça geljegi uly bolan teklipler, senagat, gurluşyk, aragatnaşyk çygyrlaryna we beýleki pudaklara maýa goýumlaryny gönükdirmek bulara mysal bolup biler.

Açyklyk we halallyk, öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlylyk, ulgamlaýynlyk we maksada okgunlylyk, oňynlyk we manylylyk, gepleşigiň anyk meselä bagyşlanmagy we onuň anyk netijelere gönükdirilmegi halkara arenasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň işiniň tapawutly aýratynlygydyr. Şolaryň netijesinde, Türkmenistan şu günki gün syýasy, ykdysady, medeni-ynsanperwerlik, ylmy-tehnologik, maglumatlaýyn halkara iş ugurlaryna giňişleýin we işjeň gatnaşmak üçin daşary syýasat we diplomatik serişdeleriň ähli zerur bolan mümkinçiliklerine eýedir. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat işiniň düzüm bölegi onuň daşary ýurtlara saparlary, ýokary derejedäki duşuşyklary, gepleşikleri bolup durýar.

Milli ykdysadyýetiň ýangyç-energetika ugruny diwersifikasiýalaşdyrmak, şonuň bilen bir hatarda, diňe bir çig maly daşamagyň ugurlarynyň sanyny köpeltmek bilen çäklenmezlik bu ugruň möhüm tarapydyr. Bu günki gün döwletiň Baştutany tarapyndan öňde goýlan maksatlar has giň möçberlidir. Gürrüň diňe bir geografiki ölçegde dälde, eýsem ykdysadyýeti düzümleýin diwesifikasiýalaşdyrmak, taýýar önümleri eksport etmäge gönükdirilen serişde çalyşýan önümçiligi ornaşdyrmak barada barýar, özi-de ol diňe bir ýangyç-energetika toplumy boýunça däldir. Bu bolsa, öz nobatynda, ýurtda öňdebaryjy tehnologiýalaryň we innowasion çözgütleriň bolmagy bilen üpjün edilip bilner. Munuň özi, häzirkizaman şertlerinde döwletiň bäsdeşlige ukyplylygynyň sinonimi bolup durýar. Bu ýerde «nou-hau» tehnologiýalary boýunça giň halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak, türkmen

hünärmenleriniň ylmy we ylmy-tehniki alyşmalar, daşary ýurtlaryň ylmy-önümçilik merkezlerinde işgärleri taýýarlamak işlerine işjeň gatnaşmagy çözüji ýagdaý bolup çykyş edýär. Şu babatda döwletiň Baştutany tarapyndan başy başlanan bilim ulgamyny özgertmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Onuň wajyp ugurlarynyň biri halkara derejesinde talyplary alyşmak bolup durýar.

2007-nji ýylyň sentýabrynda Nýu-Ýorkda Kolumbiýa uniwersitetinde çykyş edende Türkmenistanyň Prezidenti dünýäniň bilim we ylmy-barlag merkezleri bilen giňişleýin we köpugurly hyzmatdaşlygyň başlanandygyny, häzirki wagtda eýýäm ýüzlerçe türkmen ýaş ýigitleriniň we gyzlarynyň Ýewropanyň, Amerikanyň, Aziýanyň, GDA ýurtlarynyň iň gowy okuw jaýlarynda bilim alýandygyny beýan etdi. Bilimiň derejesini we hilini ýokarlandyrmaga uly ähmiýet bermek bilen, adamlaryň, ilkinji nobatda bolsa, ýaşlaryň häzirkizaman dünýä ylmynyň we tehnologiýalarynyň, tebigat, jemgyýeti öwreniş ylymlarynyň düýpli ugurlaryna çekilmegine we tanyşmagyna ýardam bermek, giň medeni we ynsanperwerlik gatnaşyklaryny höweslendirmek arkaly, maýa goýumlarynyň geljegi has uly bolan görnüşine – adama maýa goýmak, onuň döredijilik mümkinçiliklerini açmak ugurlaryny döwletimiz amala aşyrýar. Bu – ýurduň geljegine maýa goýmak, milletiň iň gymmatly strategik çeşmesiniň – onuň intellektiniň üstüni ýetirmekdir.

Türkmenistan halkara söwda we maýa goýum hyzmatdaşlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak üçin amatly şertleri döredýär. Bu babatda Türkmenistan, aýratyn hem, energiýa serişdelerini dünýä bazaryna ibermegiň köpugurlary keşbini emele getirmeklige uly üns berýär. Türkmenistanyň Prezidenti 2009-njy ýylyň aprelinde energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek meseleleri boýunça Aşgabatda geçirilen ýokary derejedäki halkara maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenmek bilen, döwletimiziň alyp barýan energetika syýasatyny adatdan daşary ýokary sygymly we anyk esaslandyrdy. Şu babatda ol: «Alternatiw ugurlary amala aşyrmak şu gün diňe bir peýdaly täjirçilik taslamasy däl-de, eýsem has giň meseledir. Häzirki şertlerde hut energetika akymlarynyň diwersifikasiýasy, bu ugurlaryň geografiýasyna täze ýurtlary we döwletleri goşmak global ykdysadyýete zerur bolan durnuklylygy bermäge, olary gyşarmalardan we üýtgemelerden

goramaga, sagdyn bäsdeşlik esasynda halkara energetika bazaryna ähli gatnaşyjylaryň – öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, sarp edijileriň hem, bähbitleriniň deňligini üpjün etmäge ýardam edýär. Dünýä ykdysadyýetiniň barha ösýän energiýa talap edijiligi, syýasy landşaftyň, global wehimleriň we howpuň umumy üýtgemegi energiýa serişdelerini daşamagyň alternatiw ugrunyň taslamalaryny amala aşyrmak üçin täze konfigurasiýalary, çyzgylary we nusgalary gözlemegi obýektiw höweslendirýän faktordyr» diýip belledi. Şuňa laýyklykda, biziň ýurdumyz adaty ugurlary ulanmak bilen bir hatarda öz energiýa serişdelerini dünýä bazaryna çykarmak boýunça iki sany täze iri taslamalary amala aşyrdy.

Bu ugurda 2009-njy ýylyň dekabrynda «Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý» transmilli gaz geçirijisiniň we 2010-njy ýylyň ýanwarynda «Türkmenistan–Eýran» ugry boýunça täze gaz geçirijisiniň gurluşygynyň tamamlanmagy we ulanmaga berilmegi, 2015-nji ýylyň dekabrynda bolsa TOPH gaz geçirijisiniň gurluşygyna iş ýüzünde başlanmagy Türkmenistanyň döredijilikli mümkinçiliginiň ynamly şaýadydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň döwlet baştutanlarynyň 2016-njy ýylyň 24-nji iýunynda Daşkent şäherinde geçirilen geňeşiniň mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Türkmenistanyň halkara we ykdysady hyzmatdaşlyk strategiýasyny durmuşa geçirmek biziň gatnaşyklarymyzyň giň geografiýasyna we düzümleýin diwersifikasiýalaşdyrylmagyna, dünýä ösüşiniň esasy ugurlaryna işjeň goşulyşmaga esaslanýar. Munuň özi Türkmenistanyň döwletler bilen ikitaraplaýyn esasda hem-de umumy bähbitler bilen birleşen we deňhukukly hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ýörelgelerini paýlaşýan ýurtlaryň toparlary bilen gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilmegini göz öňünde tutýar».

Türkmenistanyň Lideri energetika ulgamynda häzirki wagtda energiýa serişdelerini Merkezi Aziýadan Günorta Aziýanyň we Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň bazarlaryna çykarmak boýunça toplumlaýyn turbageçirijiler düzümini döretmek üçin uly mümkinçilikleriň açylýandygyny aýratyn nygtady. Soňky ýyllarda Türkmenistandan Hytaýa we Eýrana gurlan turbageçirijileriň şeýle meýilnamalaryň üstünlige eýediginiň subutnamasydygyny nygtamak bilen, 2013-nji

ýylyň dekabrynda ýene-de bir strategik taslama – «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisini gurmak baradaky taslamanyň durmuşa geçirilip başlanandygyny aýtdy. Şeýle taslamalaryň amala aşyrylmagynyň bu sebitleriň ykdysady taýdan ösmegine kuwwatly itergi berjekdigine, daşary ýurt maýadarlary tarapyndan işjeňligiň ýokarlandyrylmagy üçin höweslendiriş çäresi boljakdygyna ynanýandygyny aýtmak bilen, Türkmenistanyň bu ugurda bilelikdäki meýilnamalary işjeň ara alyp maslahatlaşmaga we işläp düzmäge taýýardygyny nygtady.

***Barlag üçin soraglar:***

1. «Açyk gapylar» syýasatynyň mazmuny nämede?
2. Türkmenistanyň sebit ýurtlary bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary nähili ösýär?
3. Türkmenistanda halkara söwda we maýa goýum hyzmatdaşlygyny diwersifikasiýalaşdyrmak üçin nähili şertler bar?

## § 3. Türkmenistanyň ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça başlangyçlary we halkara hyzmatdaşlygy

Ulag pudagy dünýäde globallaşmak hadysasynyň ýüze çykmagyny şertlendiren ýagdaýlaryň biri bolup, dünýä ösüşiniň häzirki tapgyrynda ol sebitleri we yklymlary birleşdiriji güýje öwrüldi. Her bir döwlet öz geografiki taýdan amatly ýerleşişini we onuň mümkinçiliklerini ulanmagyň hasabyna milli ösüşi üpjün etmek zerur bolan geosyýasy we geoykdysady bähbitleri öňe sürýär. Ulag ulgamyny, umuman, bu pudagy öz gezeginde 3 topara bölýärler, ýagny olar gury ýer ulaglary, suw ulaglary we howa ulaglary bolup durýar. Türkmenistan hem Merkezi Aziýanyň we Ýewropanyň amatly çatrygynda ýerleşýän döwlet bolup, ony ulagyň ähli görnüşleri boýunça ösdürmegiň uly mümkinçilikleri bardyr.

Häzirki döwürde 2013–2017-nji ýyllar aralygyndaky döwür üçin daşary syýasat Konsepsiýamyzyň esasy ugurlarynyň biri hem Ulag diplomatiýasyny daşary syýasatymyzda ösdürmeklik bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz 2014-nji ýylyň 11-nji dekabrynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda şeýle belläp geçdi:

«Ulaglar pudagy türkmen diplomatiýasynyň hemişe üns merkezinde bolmalydyr. Ýurdumyzyň diplomatlary täze üstaşyr geçelgeleri döretmek, Türkmenistany kontinentde uly ähmiýeti bolan iri ulag merkezine öwürmek boýunça başlangyçlarymyzy durmuşa geçirmekde netijeli işleri alyp barmalydyrlar». Şeýle-de hormatly Prezidentimiz şu babatdaky meselelerden ugur alyp, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatlaryna anyk tabşyryklary berdi.

Türkmenistanyň iň döwrebap ulag-üstaşyr logistik düzümini hem-de aragatnaşyk we telekommunikasiýalar ulgamyny çalt kemala getirmek babatda, şeýle hem Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek boýunça soňky ýyllarda ädýän ädimleri diňe bir milli ykdysadyýetimiziň ösüşine däl, eýsem sebit we hatda bütindünýä ösüşine-de kuwwatly itergi berdi. Geografiki taýdan örän amatly – Merkezi Aziýanyň üstünden geçýän sebit we sebitara ulag ýollarynyň hem-de aragatnaşyk geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşmek bilen, Türkmenistan ägirt uly üstaşyr kuwwata eýedir. Milli Liderimiz şol kuwwatdan netijeli peýdalanmaga çalyşýar.

Türkmenistnyň Prezidenti häzirki wagtda awtoulag, demir ýol we deňiz gatnawlaryny ulanmak bilen «Demirgazyk–Günorta», «Günbatar–Gündogar» ugurlary boýunça ulag ulgamyny ösdürmegiň geljegi esaslandyrylan bolup görünýändigi barada aýtdy we onuň Ýuwaş ummanyndan Hazar we Gara deňizlerine çenli, Ýewropa yklymynyň demirgazygyndan Hindi ummanyna çenli uly giňişligi birleşdirip biljekdigini nygtady.

2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny» atly Rezolýusiýa kabul edildi. Bu möhüm resminamanyň düzgünlerinde 2014-nji ýylyň sentýabrynda kabul edilen hem-de ulag we üstaşyr kommunikasiýalaryny ösdürmäge toplumlaýyn çemeleşmäni kemala getirmegi göz öňünde tutýan Aşgabat jarnamasynyň esasy ugurlary öz beýanyny tapdy. Bu taryhy waka mynasybetli, şol ýylyň 22-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler minitsrliginde bu barada ýörite maslahat geçirildi. Maslahatda bellenilişi ýaly, bu möhüm resminamanyň kabul edilmegi oňa awtordaşlar hökmünde Merkezi Aziýanyň ähli ýurtlary, Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlarynyň

köpüsi, şeýle hem Ýewropa, Latyn Amerikasy we Afrika ýurtlary, jemi 66 döwletiň çykyş etmegi Türkmenistanyň dünýä derejesindäki abraýynyň yzygiderli ýokarlanýandygyna, hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlaryň ählumumy goldawa eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär. Şunda bu Rezolýusiýanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy hyzmatdaşlygy döretmek hakyndaky teklibi resmi taýdan berkiden ilkinji resminamasy bolup durýandygyny aýratyn bellemelidiris. Bu Rezolýusiýa ekologik nukdaýnazardan oňaýly, howpsuz, ygtybarly ulag-üstaşyr geçelgeleri söwda işewürleri üçin möhüm ähmiýeti bolan harytlaryň, adamlaryň ondan-oňa amatly geçirilmegini üpjün etmekde, sebitde we dünýäde durnukly ykdysady ösüşi goldamakda, şol bir wagtda halklaryň we milletleriň abadançylygyny ýokarlandyrmakda, şol esasda dünýä ykdysadyýetiniň möhüm pudaklary boýunça söwda gatnaşyklaryny berkitmekde möhüm ähmiýetlidir. Şu babatda resminamada halkara awtomobil we demir ýollarynyň, gatyşyk ýük gatnawlarynyň we içerki ulag terminallarynyň logistik merkezleriniň ornunyň uludygy nygtalýar.

2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda» atly Rezolýusiýa 85 döwletiň awtordaşlygynda konsensus esasynda kabul edildi. Rezolýusiýanyň awtordaşlary bolup Merkezi Aziýanyň ähli döwletleri, Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň döwletleriniň köp sanlysy, Ýewropa, Latyn Amerikasy we Afrika döwletleri çykyş etdiler. Bu Rezolýusiýa BMG-niň Baş Assambleýasynyň durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy hyzmatdaşlygy döretmek hakyndaky ikinji resminamasydyr. Awtomobil, demir ýol, deňiz we howa ýollaryny intermodal logistika merkezleriniň, şeýle hem guryýer portlarynyň üsti bilen birleşdirýän ulag ulgamynyň kemala gelmeginiň esasyny goýýan resminamadyr. Şeýle-de bu Rezolýusiýada ekologiýa taýdan amatly, howpsuz, netijeli, ygtybarly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň harytlaryň we adamlaryň ondan-oňa geçmegini hem-de durnukly ykdysady ösüşi goldamakda, halklaryň abadançylygyny ýokarlandyrmakda we

halkara hyzmatdaşlygyny hem-de söwda gatnaşyklaryny berkitmekde möhüm ähmiýeti ykrar edilýär. Bulardan başga-da, 2015-nji ýylyň ahyrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň teklibine laýyklykda durnukly ulag ulgamyny döretmek boýunça Aşgabatda I Bütindünýä maslahatynyň geçirilmegi teklip edildi.

Soňra, 2016-njy ýylyň aprelinde Aşgabatda Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahaty geçirmek babatda Guramaçylyk komitetiniň birinji mejlisi geçirildi. Onuň netijeleri boýunça durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmäge, ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy üpjün etmäge ýardam bermek hakyndaky BMG-niň rezolýusiýasyna laýyklykda, bu ýokary derejeli halkara forumynyň Aşgabatda geçirilmegi kesgitlenildi.

Hormatly Prezidentimiz bu rezolýusiýanyň uly ähmiýetini nygtap, munuň geljekde intermobal logistik merkezler we guryýer portlary arkaly ulag ulgamyny döretmek üçin halkara kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny döretmegiň ýolunda nobatdaky ädimdigini belleýär. Şol ulag ulgamy bolsa awtomobil, demir ýol, deňiz we howa ýollaryny özüne birleşdirýär. Ulag ulgamlarynyň döredilmegi sebit we halkara derejesinde ykdysady ösüşe ýardam eder. Türkmenistan söwda, ulag-aragatnaşyk çygyrlarynyň «Gündogar–Günbatar» we «Demirgazyk–Günorta» ugurlaryny ösdürmek boýunça iri taslamalary amala aşyrýar. «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran»demir ýoluny gurmak, Hazarda demir ýol-parom aragatnaşygyny giňeltmek, söwda flotuny döretmek hem-de ýurduň deňiz we derýa portlaryny iň täze serişdeler, enjamlar we tehnologiýalar bilen üpjün etmek hem-de başga-da birnäçe wajyp meseleleri çözmek olaryň düzüm bölekleridir.

2016-njy ýylyň 26-27-nji noýabrynda Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahat geçirildi. Forumyň gün tertibine hyzmatdaşlygyň strategiki ugry bolan ulag meseleleri boýunça wezipeleriň giň toplumy girizildi. Bu ýokary derejeli maslahatyň açylyş dabarasyna we umumy mejlisiniň işine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we BMG-niň Baş sekretary Pan Gi Mun gatnaşdylar. Maslahata gatnaşýan öz wekiliýetleriniň baştutanlary hökmünde Owganystan Yslam Respublikasynyň Pre-

zidenti, Gruziýanyň Prezidenti, Pakistan Yslam Respublikasynyň Premýer-ministri, Awstriýa Pespublikasynyň Milli Geňeşiniň ilkinji Prezidenti, Belarus Respublikasynyň Milli ýygnagynyň Respublika Geňeşiniň Başlygy geldiler. Bu maslahata köp ýurtlaryň hökümet agzalary, ugurdaş ministrlikleriň ýolbaşçylary, iri halkara guramalarynyň we düzümleriň – BMG-niň, onuň komissiýalarynyň hem-de ýöriteleşdirilen edaralarynyň, şeýle hem ÝHHG-niň, YHG-nyň, ŞHG-nyň, GDA-nyň, Ýewropa komissiýasynyň we beýlekileriň ýolbaşçylary hem-de wekilleri hem gatnaşdylar. Wekilleriň hatarynda ulag ulgamynyň ähli ugurlaryna degişli iri halkara guramalarynyň – awtomobil, howa, demir ýol, deňiz ulaglarynyň, şeýle hem iri halkara maýa goýum, bank we söwda düzümleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri hem boldular.

Bütindünýä birinji ählumumy maslahatyň dowamynda bölümler boýunça geçirilen mejlisleriň işi XXI asyrda jemgyýetçilik ulagynyň ornuna we görnüşlerine, ulag ulgamyny ösdürmek üçin energetikanyň ähmiýetine, garyşyk ulag geçelgeleriniň durnukly ulgamyny döretmek boýunça anyk ädimleri ara alyp maslahatlaşmaga, ýurdumyzyň içerki serişdeleriniň we halkara hyzmatdaşlygynyň, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň hasabyna iri logistik taslamalaryň maýalar bilen üpjün edilmegine bagyşlandy.

Durnukly ulag ulgamy boýunça Ählumumy maslahatyň çäklerinde hukuk binýadyny giňeldýän, Türkmenistanyň hojalyk gatnaşyklarynyň dünýä ulgamyna goşulyşmagyna ýardam berjek resminamalaryň birnäçesine gol çekildi.

Türkmenistan Transaziýa demir ýollary ulgamy boýunça hökümetara Ylalaşygyna, Aziýa awtomobil ýollarynyň ulgamy boýunça hökümetara Ylalaşygyna, Guryýer portlary hakynda hökümetara Ylalaşygyna, Serhetlerde ýüklere gözegçilik etmegiň şertlerini ylalaşmak hakynda halkara Konwensiýasyna goşuldy.

Bu Ylalaşyklaryň maksady – Aziýa-Ýuwaş umman sebitinde intermodal ýük daşamalaryny rejelemek we ýeňilleşdirmek, halkara söwdasyny giňeltmek, ýükleri daşamagyň we logistiki hyzmatlaryň maliýe netijeliligini ösdürmek, deňze çykalgasy bolmadyk ýurtlaryň gerekli talaplaryny kanagatlandyrmak bolup durýar.

Forumyň çäklerinde, ikitaraplaýyn duşuşyklaryň netijesinde resminamalaryň birnäçesine, şol sanda Özara gyzyklanma bildiril-

ýän ugurlar boýunça geňeşmeleriň usulyny ýola goýmak babatda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Çili Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Girdejiler üçin salgytlar babatda iki gezek salgyt salynmagyny aradan aýyrmak hem-de fiskal boýun gaçyrylmagynyň öňüni almak hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Koreýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky Konwensiýanyň tassyklanandygy baradaky hatlary alyşmak hakyndaky Teswirnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Koreýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda olaryň degişli çäklerinde we ondan daşarda howa gatnawlary hakyndaky Ylalaşyga üýtgetmeleri girizmek barada Teswirnama; Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi bilen Koreýa Respublikasynyň Ýer, üpjünçilik ulgamlary we ulag ministrliginiň arasynda ulag babatda hyzmatdaşlyk etmek barada Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Şeýle hem Ulag babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek meýilleri barada Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ermenistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň we Gyrgyz Respublikasynyň howa edaralarynyň wekiliýetleriniň arasyndaky duşuşygyň Teswirnamasyna; Türkmenistan üçin Ýurt maksatnamasyny ýerine ýetirmek boýunça hyzmatdaşlygyň çäklerinde tassyklanan, 2016-2020-nji ýyllarda BMG-niň Ilat gaznasy tarapyndan maliýeleşdirilýän Iş meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmegi üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky Şertnama; Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky 2016-njy ýyl üçin Iş meýilnamasyna; Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky 2017-nji ýyl üçin Iş meýilnamasyna gol çekildi.

Şeýlelikde, BMG-niň howandarlygynda geçirilen Aşgabat maslahaty Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň, häzirki döwrüň möhüm meseleleriniň sazlaşykly çözgütlerini işläp taýýarlamakda dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny utgaşdyrmagyň ýolunda netijeli ädimi alamatlandyrýar.

Türkmenistanda şeýle uly ähmiýetli forumyň geçirilmegi ýurdumyzyň belent halkara abraýynyň hem-de türkmen Lideriniň BMG-

niň Baş Assambleýasynyň münberinden öňe süren hem-de ulag-kommunikasiýa ulgamynda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gönükdirilen oňyn başlangyçlarynyň ählumumy ykrar edilmeginiň nobatdaky subutnamasydyr.

Dünýäniň ulag we aragatnaşyk infrastrukturasyna doly möçberde integrirlenmek Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda iri möçberli başlangyçlary öňe sürmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmekde, ýurtlaryň we sebitleriň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmakda olaryň möhümdigini aýratyn belleýär. Hususan-da, Türkmenistanyň Lideri «Bitaraplyk we öňüni alyş diplomatiýasy: parahatçylygyň we howpsuzlygyň esaslary» halkara maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenmek bilen, şulara ünsi çekdi: «Döwletara gatnaşyklar babatda, ulag we aragatnaşyk çygryny ösdürmekde sebitara hyzmatdaşlygy ýola goýmak iň geljegi uly bolan ugurlaryň biridir. Şu gün syýasat we ykdysadyýet biri-birinden aýrylmaz bolup durýar we iş tejribesiniň görkezişi ýaly, bilelikdäki ykdysady, söwda, maýa goýum taslamalary iň ýiti daşary syýasat gapma-garşylyklaryny gowşatmaga we bitaraplaşdyrmaga, öňüni alyş diplomatiýasynyň netijeli çäresi hökmünde çykyş etmäge ukyplydyr». Şuňa laýyklykda, Türkmenistanyň Baştutany 2013-nji ýylda Aşgabatda sebit durnuklylygyny we howpsuzlygyny berkitmegiň faktory hökmünde, ulag-aragatnaşyk infrastrukturasynyň ösüşiniň geljegine bagyşlanan ýörite halkara maslahatyny geçirmek ideýasyny öz wagtynda teklip edipdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň möhüm başlangyçlary dünýä ösüşiniň geljegi babatda çuňňur esaslandyrylandyr. Onda global üýtgetmeler sebit prosesleri, şeýle hem döwletleriň arasyndaky netijeli hyzmatdaşlygyň ähmiýetiniň ösmegi bilen şertlendirilýär. Şonuň üçin, syýasy derejede hemişe gepleşikler alyp barmak bilen bir hatarda ykdysady we maýa goýum çygyrlarynda özara hereketi berkitmek wezipesi, aragatnaşyklar we ýokary tehnologiýalar çygyrlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmek wezipesi öňe sürülýär. Şol sebäpli, 2012-nji ýylyň 10-njy dekabrynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisindäki çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Hazar deňziniň, Gara deňziň, Baltika deňziniň arasyndaky

giňişlikde üstaşyr geçelgesiniň döremegini nazarda tutmak bilen ýurduň ulag mümkinçiligini ulanmaga ünsi çekdi.

Merkezi Aziýa we Hazar basseýniniň sebitlerini Ýewraziýada strategik durnuklylygyň mäkäm halkasy hökmünde görmek biziň döwletimiziň ileri tutulýan ugurlaryny hem şertlendirýär. Çünki ol Ýewropa we Aziýa ýurtlary üçin geljegi uly bolan ykdysady hyzmatdaşlygyň, yklymara ähmiýetli iri energetika we ulag gatnaşyklarynyň halkasydyr. Bu bolsa, öz nobatynda, Merkezi Aziýa we goňşy sebitlerdäki ýurtlaryň arasynda ykdysady we söwda hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejelere çykarmaga, sebitara gatnaşyklara uzakmöhletleýin esasda kuwwatly itergi bermäge mümkinçilik döretjek häzirkizaman, utgaşdyrylan ulag-üstaşyr geçiriş infrastrukturasyny döretmegi talap edýär. Şeýlelik bilen, düýp manysy boýunça, gürrüň Merkezi Aziýany we Hazar sebitini Ýewropa, Orta we Ýakyn Gündogar ýurtlary, olara Hytaý, Hindistan, Aziýa-Ýuwaş umman sebitleriniň ýurtlary ýaly kuwwatly ykdysady merkezleriň geljekde goşulmagy bilen, täze geoykdysady giňişligiň binagärliginiň binýadyny goýmak barada barýar. Şu babatda daşary syýasat Konsepsiýasynda Türkmenistanyň daşary syýasat gurallarynyň ulgamynda täze ugry – ulag diplomatiýasyny, ýagny anyk we ulgamlaýyn esasda şu çygyrda döwlet strategiýasyny amala aşyrjak ugry döretmegiň zerurlygy anyk bellenilýär.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ähmiýetiniň ösmegi babatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň yklymara ulag-aragatnaşyk geçelgesini, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna daşamagyň has tygşytly ugurlaryny döretmek boýunça we başga-da birnäçe başlangyçlarynyň anyk şekile eýe bolmaga başlaýandygyny aýratyn belläp geçmek zerurdyr.

Olaryň arasynda Hazarýaka gaz geçirijisiniň gurluşygynyň, guryýer we deňiz ulag ýollarynyň ugurlaryny döretmegiň taslamalaryny aýtmak bolar. Olar «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» demir ýol magistralyny, «Türkmenbaşy–Astrahan–Aktau» parom geçelgesini ýola goýmak ýaly, iň ýakyn goňşularyň we beýleki gyzyklanýan taraplaryň uly goldawyny tapan taslamalardyr.

2013-nji ýylyň 11-nji maýynda «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» demir ýolunyň türkmen-gazak böleginiň Türkmenis-

tanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýewiň gatnaşmaklarynda dabaraly ýagdaýda ulanmaga berilmegi Ýewraziýanyň sebitara üstaşyr geçiriş-ulag aragatnaşygyny döretmek we netijeli ulanmak, yklymyň ýurtlarynyň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary berkitmek ugrundaky aýratyn möhüm ädimdir. «Demirgazyk–Günorta» halkara ulag geçelgesiniň «altyn halkasy» bolmaga gönükdirilen täze polat ýoly Ýewropadan Merkezi we Günorta Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogara ýükleri oňaýly we ykdysady taýdan tygşytly daşamagy üpjün eder. Onuň herekete girizilmegi, şeýle hem «Gündogar–Günbatar» ulag tory bilen, ýagny Hazar deňziniň üstünden geçýän yklymara ugry bolan Hytaý–Merkezi Aziýa–Kawkaz–Ýewropa bilen birleşdirilmäge bolan mümkinçiligi nazarda tutmak bilen, örän derwaýysdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň öz çykyşynda belleýşi ýaly, şeýle derejeli taslamalary diňe ykdysady taýdan güýçli, durnukly ösýän, öz geljegine ynamly garaýan, hakyky dostluk, doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary bilen bagly, bilelikdäki maksatlara anyk düşünýän, uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň bähbitlerini aýdyň görýän döwlet amala aşyryp biler. Hut şunuň özi-de umumy üstünligiň, iki ýurduň hünärmenleriniň ylalaşykly we netijeli işiniň girewi boldy.

Halkara demir ýolunyň türkmen-gazak böleginiň dabaraly açylyşyndaky çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Global ykdysadyýet – bu köp faktorlaryň jemidir, onda ulag ulgamy ähl-umumy ykdysadyýetiň möhüm ugurlarynyň biridir. Onuň netijeli hereket etmegi dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň durnuklylygyny we deňeçerligini üpjün edýär. Halkara bazarlaryna bökdençsiz we gysga ugur boýunça çykylmagy, ýük daşamagyň we hyzmatlaryň ygtybarlylygy hem-de durnuklylygy häzirki döwürde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Munuň özi dünýä ýüzündäki umumy ýagdaýa oňyn täsirini ýetirýär hem-de sebitleýin we halkara hyzmatdaşlyga, dünýä ösüşiniň ýagdaýlaryna ähli döwletleriň gatnaşmagynyň derejesini kesgitleýär».

Umumy öňegidişligiň, okgunly ösüşiň we ykdysady taýdan gülläp ösmegiň bähbitleri üçin oňyn we netijeli halkara hyzmatdaşlygynyň

aýdyň mysaly bolup durýan bu iri maýa goýum taslamasy – iki döwletiň hoşniýetli goňşuçylyk taryhynda hakykat ýüzündäki döwürleýin çelgidir. Bu halkara demir ýolunyň açylyşynyň öňüsyrasynda, ýagny 2013-nji ýylyň 10-njy maýynda Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde uly üstünlik bilen Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Nursultan Nazarbaýewiň gepleşikleri geçdi. Olaryň dowamynda uzakmöhletleýinlik, deňlik we özara bähbitlilik ýörelgeleriniň binýatlaryna esaslanýan adaty dostlukly hyzmatdaşlygyň ähli mümkinçiliklerini herekete getirmäge taraplaryň taýýardyklarynyň ynamly tassyklamasyny tapdy. Türkmenistanyň Baştutanynyň Gazagystana döwlet saparynyň çäklerinde geçirilen ýokary derejedäki duşuşykda giň ugurlar boýunça gatnaşyklary işjeňleşdirmeklige gönükdirilen resminamalaryň saldamly bukjasyna gol çekildi.

Mälim bolşy ýaly, gadymdan bäri çäkleri söwda ýollarynyň çatrygy, Ýewropa bilen Aziýanyň «köprüsi» bolup hyzmat eden iki goňşy döwletleriň amatly geografik ýerleşişi biziň döwrümizde-de aýratyn orny eýeleýär. Onlarça ýurtlaryň üstünlikli ulanýan ygtybarly ulag-üstaşyr geçirişini üpjün etmek bilen, Türkmenistan we Gazagystan demir ýol çygryny – täze ýollary gurmak, bar bolan infrastruktura desgalaryny kämilleşdirmek, pudagy häzirkizaman tehnikalary – teplowozlar, ýokary amatlykly ýolagçy wagonlary, ýöriteleşdirilen wagonlar we nebit hem-de nebit önümlerini, suwuklandyrylan gazy, sementi, mineral dökünlerini, dänäni daşamak üçin sisternalar bilen enjamlaşdyrmaklygy ösdürmäge ilkinji nobatda üns berýärler. Bu bolsa ýükleriň we ýolagçylaryň daşalyşynyň möçberlerini mundan beýläk hem ösdürmek, ulag-üstaşyr geçirişiň geografiýasyny giňeltmek üçin uly geljegi açýar.

2014-nji ýylyň 3-nji dekabrynda Gazagystany, Türkmenistany we Eýrany birleşdirýän «Demirgazyk–Günorta» transmilli demir ýol geçelgesiniň gurluşugy tamamlanyp, bu üç ýurduň Prezidentleriniň gatnaşmaklarynda onuň açylyş dabarasy boldy. Bu täze demir ýol şahasy Russiýanyň we Gazagystanyň üstünden Pars aýlagyna ýükleri daşamagyň ýoluny 700 kilometr gysgaldýar. Şoňa görä-de, bu taslama diňe bir oňa gatnaşýan döwletler üçin däl-de, eýsem transaziýa demir ýol ulgamynyň üstünden ýükleri daşalýan ähli döwletler üçin hem bähbitli bolup durýar.

Bu dabarada eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti şeýle diýdi: «Ykdysady taýdan bähbitli bolmak bilen, bu demir ýol ýükleri, şol sanda üstaşyr geçirilýän ýükleri gysga ugur boýunça daşamaga giň mümkinçilik berýär. Täze gurlan ýol arkaly geljekde ýolagçy gatnawlaryny amala aşyrmak hem göz öňünde tutulýar. Häzirki döwürde gatnawlar amala aşyrylanda, wagt örän möhüm şert bolup durýar. Şoňa görä-de, ýük dolanyşygynyň möhletleriniň gysgalmagy bäsdeşlikde düýpli artykmaçlyk berýär. Bu bolsa öz gezeginde işjeňligi artdyrýar, netijede, halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga oňyn täsir edýär. Ägirt uly taslama durmuşa geçirilip başlanandan bäri geçen ýyllaryň içinde bu demir ýoluň ähmiýeti has artdy. Sebäbi, häzirki döwürde dünýäde söwda ulgamynyň, şeýle hem önümçiligiň esasy bölegi Aziýa kontinentine geçýär. Şoňa görä-de, Aziýanyň bazarlaryna çykmagyň ähmiýeti barha ýokarlanýar. Soňky ýyllarda Gazagystanyň we Türkmenistanyň ykdysadyýetleri durnukly ösýär. Bar bolan önümçilik kuwwatlyklary dünýä ummanyna göni çykalgasy bolmadyk iki goňşy ýurduň öňünde harytlary ýerlemegiň täze bazarlaryny gözlemek wezipesini goýdy».

Türkmenistanyň Lideri öz çykyşynda «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» demir ýolunyň diňe bir ykdysady we täjirçilik taýdan esaslandyrylan taslama bolmak bilen çäklenmeýändigine ünsi çekdi. Ol bu halkara demir ýolunyň sebitdäki we onuň çäklerinden daşardaky umumy ýagdaýa örän oňyn täsir etmäge ukyply düýpli geosyýasy mümkinçiligi hem döretjekdigine ynanýandygy barada, şeýle hem bu täze ýoluň Aziýada durnukly ösüşi we howpsuzlygy üpjün etmäge ýardam eder, kontinentde syýasy gatnaşyklaryň tutuş ulgamyna goşmaça durnukly häsiýet berer diýip pikir edýändigi barada aýtdy. Bu taslamanyň geljeginiň örän uly bolmak bilen, ol Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly halkara we sebit guramalarynyň derejesinde alnyp barylýan hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge ýardam eder. Ägirt uly bu taslamany amala aşyrmagyň maksatlary Birleşen Milletler Guramasynyň, onuň ýöriteleşdirilen agentlikleriniň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň uzak möhlete gönükdirilen strategiýasyna doly laýyk gelýär. Ol biziň sebitimizi Ýewraziýanyň günorta guşaklygynda strategiki

taýdan durnukly ösüşi üpjün etmekde berk ulgam, geljegi uly ykdysady hyzmatdaş, kontinentde möhüm ähmiýeti bolan iri ulag-üstaşyr çatrygy hökmünde öňe çykarýar.

Merkezi Aziýanyň çäkleri «Demirgazyk–Günorta» we «Gündogar–Günbatar» ugurlary boýunça iň iri dünýä bazarlaryna çykmagy üpjün edýän tebigy geçelge bolup durýar. Şonuň üçin «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» demir ýolunyň taslamasynyň amala aşyrylmagy Ýewraziýa giňişligindäki ulag akymlaryny iň amatly ýagdaýa getirmäge örän uly mümkinçilikleri berýär. Ol Ýewropa ýurtlary üçin Baltika deňziniň portlaryndan Ýakyn we Orta Gündogaryň, Hindi ummany basseýniniň döwletleriniň söwda we çig mal bazarlaryna çykalgany açýar we şeýlelik bilen, daşaýyşyň aralygyny hem-de ýola sarp edilýän wagty ep-esli gysgaldýar.

2016-njy ýylyň 10-njy fewralynda Türkmenistandan Sarahs demir ýol menzili arkaly Eýrana synag konteýner otlusynyň ugrandygyny bellemelidiris. Bu otly «Hytaý–Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» ugry boýunça ilkinji gatnawy amala aşyrdy. Ýanwar aýynyň ahyrynda Hytaý Halk Respublikasynyň iri senagat merkezinden – Çžeszýan gündogar welaýatyndaky Iu şäherinden badalga alyp, demir ýol otlusy HHR-iň demirgazyk-gunbatarynda Sinzýan-Uýgur awtonom etrabyndaky Alaşankou geçiriş nokadyndan geçip, 5 günüň dowamynda 4 müň 491 kilometr aralygy geçdi. Soňra otly 4 gije-gündiziň dowamynda Gazagystanyň çäginden geçdi. Bu aralyk Türkmenistanyň serhedine çenli 3 müň 417 kilometre barabardyr. Şol transmilli ýoluň türkmen bölegi Serhetýaka menzilinden Sarahsa çenli uzalyp gidýär. Ýoluň bu bölegi 1 müň 156 kilometre deňdir we bu aralygy iki günde geçmek göz öňünde tutuldy, ýene-de üç günden soň bolsa otly ahyrky nokada – Eýranyň paýtagty Tähran şäherine baryp ýetdi.

Şeýlelikde, «Hytaý–Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» demir ýolunyň umumy uzynlygy 10 müň kilometre golaýdyr, ýola sarp edilen wagt bolsa iki hepdä golaýdyr. Munuň özi deňiz ýoluny geçenden ortaça iki esse çaltdyr. Deňiz ýoluna 25-30 gün wagt gerek bolýar. Geçilýän ýoluň wagtynyň ep-esli gysgaldylmagy ulag harajatlarynyň hem ep-esli kemeldilmegini aňladýar, ýagny ýoluň ykdysady taýdan bähbitliligi ýokarlanýar. Ykdysady peýdadan başga-da, «Hytaý–Gazagystan–

Türkmenistan–Eýran» transmilli demir ýoly hoşniýetli gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň netijeli usuly bolup durýar. Ýurtlaryň halkara bazarlaryna bökdençsiz hem-de gysga ýol arkaly çykmagy, harytlaryň ygtybarly we durnukly iberilmegi häzirki wagtda dünýädäki umumy ýagdaýa, sebit we halkara hyzmatdaşlygynyň häsiýetine hem-de ugruna, ol ýa-da beýleki döwletleriň dünýäniň umumy ösüşine goşulyş derejesine uly täsir edýär.

2011-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda gol çekilen Merkezi Aziýany we Ýakyn Gündogary baglanyşdyryp biljek «Özbegistan–Türkmenistan–Eýran–Oman» täze halkara üstaşyr geçiriş-ulag geçelgesini döretmek boýunça Ylalaşyk türkmen Lideriniň geljegi uly teklipleriniň derwaýyslygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

2014-nji ýylyň sentýabr aýynyň başynda geçirilen maslahat esasy halkara guramalarynyň hem-de düzümleriniň, şol sanda BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (ÝYK), BMG-niň Aziýa-Ýuwaş umman sebiti üçin ykdysady we durmuş komissiýasynyň (ESKATO), Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň (ÝHHG), Halkara awtomobil ulaglary birleşiginiň (IRU), Ýewropa–Kawkaz–Aziýa ulag geçelgesi boýunça hökümetara toparynyň (TRASEKA) ýolbaşçylaryny we wekillerini, şeýle hem 30-dan gowrak ýurtdan gatnaşyjylary türkmen paýtagtynda jemledi. Forumyň çäklerinde «Owganystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa» we «Özbegistan–Türkmenistan–Eýran–Oman» ulag geçelgelerini döretmek meselesi boýunça dörttaraplaýyn duşuşyk geçirildi.

«Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan» demir ýoly bolsa Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasynda halkara ulagly daşaýşyň wajyp halkasy bolmaga gönükdirilendir. Bu taslamany amala aşyrmak boýunça degişli Ähtnama 2013-nji ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň, Owganystanyň we Täjigistanyň Prezidentleriniň üçtaraplaýyn duşuşygynyň dowamynda türkmen paýtagtynda gol çekildi. Bu ylalaşygy durmuşa geçirmek bilen, 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda Türkmenistanyň, Owganystan Yslam Respublikasynyň we Täjigistan Respublikasynyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda dabaraly ýagdaýda düýbi tutulan «Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan» demir ýolunyň «Atamyrat–Ymamnazar–Akina» bölegi Türkmen döwletiniň Baştutanynyň ulag boýunça başlangyçlarynyň mundan beýlägem ösdürilmeginiň şaýady boldy.

Mundan başga-da, demir ýol çygrynda eýýäm birnäçe iri taslamalar – Eýranyň, Türkiýäniň, Ýakyn we Uzak Gündogaryň ulag ulgamyna, şeýle hem «Aşgabat–Garagum–Daşoguz» polat ýoluna we sebitde iri derýa bolan Amyderýanyň üstünden geçýän «Atamyrat–Kerkiçi» demir ýoluna we beýlekilere iň gysga çykyşy açýan «Tejen–Sarahs–Maşat» demir ýolunyň gurluşygy amala aşyryldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, biziň ýurdumyzy Owganystan we Täjigistan bilen baglanyşdyrjak täze polat magistralynyň gurluşygy ählumumy abadançylygy we gülläp ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň hakyky, göze görnüp duran ýene-de bir nyşany bolar. Parahatçylyk söýüjilik, oňyn bitaraplyk we oňyn halkara hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat ugruna gyşarnyksyz ygrarly bolmak bilen, Türkmenistan öz goňşy döwletleri bilen adaty dostluk, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmäge aýratyn üns berýär. Şu babatda hem bu möhüm taslamany durmuşa geçirmek diňe bir üç ýurduň ulag-üstaşyr geçiriş mümkinçiliklerini amala aşyrmaga ýardam etmän, eýsem sebitde köpugurly ulag ulgamyny ösdürmäge we onuň halkara ulag-aragatnaşyk infrastrukturasyna netijeli integrirlenmegi üçin şertleri döretmäge taslama gatnaşyjy döwletleriň uly goşandy bolar.

2016-njy ýylyň 28-nji noýabrynda «Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan» demir ýolunyň türkmen demirýolçulary tarapyndan gurluşygy tamamlanan «Atamyrat–Ymamnazar–Akina» böleginiň dabaraly açylyşy Türkmenistanyň dünýä syýasatyndaky we ykdysadyýetindäki aýgytly we ähmiýetli ornuny ýene-de bir gezek aýdyňlyk bilen tassyklady. Şu dabaralaryň çäklerinde, ilki bilen, Türkmenistanyň Prezidenti türkmen-owgan serhedinde nebit önümlerini kabul etmek, saklamak we ibermek boýunça kuwwatlylygy 540 müň tonna barabar bolan täze «Ymamnazar» terminalyny açdy. Nebit önümleri demir ýol boýunça şu terminala getiriler, soňra bolsa eksporta ibermek üçin ýörite awtoulaglara ýükleniler.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Mohammad Aşraf Gani bu polat ýoluny işe girizmek dabarasyna gatnaşdylar. Olar Halkara Aziýa demir ýol ulag geçelgesiniň birinji nobatdakysynyň

Atamyrat–Ymamnazar (Türkmenistan)–Akina (Owganystan Yslam Respublikasy) böleginiň türkmen-owgan serhedinde geçirilen dabaranyň barşynda täze polat ýoluň «altyn sepini» birikdirdiler we berkitdiler. Bu transmilli polat ýoly boýunça ilkinji ýük otlusy ugradyldy. Türkmenistandan Owganystanyň çägine 46 wagondan düzülen otly ugrady. Ondaky ýük – un, däne, sement, karbamid we kükürt türkmen tarapynyň Owganystana hoşniýetli goňşuçylyk hem-de toý sowgadydyr.

Iki dostlukly ýurtlaryň Baştutanlarynyň şular bilen baglylykdaky çykyşlarynda, goňşy Owganystan döwletiniň sosial-ykdysady infrastrukturasyny dikeltmekde, täze iş orunlaryny döretmekde, owgan halkynyň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmakda Atamyrat–Ymamnazar (Türkmenistan)–Akina (Owganystan) demir ýolunyň taryhy ähmiýeti bellenildi.

Milli Liderimiz täze demir ýoluň gurluşygyna 2013-nji ýylyň 5-nji iýunynda doganlyk Täjigistan Respublikasynyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda badalga berlendigini ýatladyp, geçen döwürde türkmen demirýolçularynyň tutanýerli zähmeti netijesinde köp işleriň edilendigini belledi. Uzynlygy 88 kilometr bolan demir ýoluň ugrunda 256 we 363 metre barabar iki sany uly köpri guruldy. Gülüstan we Ymamnazar menzilleri, täze beketler hem-de zerur bolan tehniki we durmuş maksatly desgalaryň birnäçesi işe girizildi. Beýik Ýüpek ýoluny täzeden dikeldýän bu ýol Berkarar döwletimiziň ulag-üstaşyr geçiriş kuwwatyny has-da artdyrar. Ýewropa, Aziýa–Ýuwaş ummany we Günorta Aziýa ugry boýunça örän möhüm halkara geçelgesine öwrüler. Sebitiň döwletleri bilen netijeli söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmäge ýardam berer. Millionlarça adamlaryň bähbitlerine, ählumumy parahatçylyga we abadançylyga hyzmat eder diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. Garaşsyzlygymyzyň 25 ýylynyň içinde döwletimiziň ulag üpjünçilik ulgamlary çalt depginler bilen ösdi, pudagy ösdürmegiň konsepsiýasyna laýyklykda, gysga wagtyň içinde iri halkara taslamalary amala aşyryldy. Netijede, ýurdumyzda demir ýol, awtomobil, howa we suw ulaglary arkaly amatly we howpsuz, halkara ulag geçelgeleri döredildi. Bu bolsa, sebitde durnukly ösüşi – halklaryň arasynda hoşniýetli gatnaşyklaryň ösmegini, syýasy-medeni hyzmatdaşlygyň

berkemegini, söwda-haryt dolanyşygynyň möçberleriniň artmagyny üpjün edýär. «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» halkara demir ýol geçelgesi hem şeýle taslamalaryň biridir. Merdana türkmen demirýolçulary bu möhüm taslamany üstünlikli durmuşa geçirmegi başardylar diýip, milli Liderimiz nygtady. Aziýa halkara demir ýol ulag geçelgesiniň birinji tapgyry bu aýdylanlara ýene-de bir gezek aýdyň şaýatlyk edýär. Täze demir ýoluň gurulmagy bilen, Owganystanyň, Täjigistanyň, Hytaýyň, Hindistanyň, Pakistanyň we Aziýa–Ýuwaş ummany sebitleriniň ýurtlary üçin giň mümkinçilikler açylýar. Eýrana, Gazagystana, Russiýa Federasiýasyna, Azerbaýjana we Ýewropa ýurtlaryna iberilýän ýükleriň artdyrylmagyna amatly şertler döredilýär. Şeýle hem TürkmenistanyÝewraziýa sebitinde «polat ýollaryň» uly çatrygyna, iri ulag-üstaşyr merkezine öwürýär. Dostluk we hyzmatdaşlyk ýoluna öwrüljek bu taslamanyň geljegi örän uludyr. Ol Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly iri halkara we sebit guramalarynyň derejesinde alnyp barylýan hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge ýardam eder. Sebitimizi Ýewraziýanyň günortasynda durnukly ösüşi üpjün etmekde berk ulgam, geljegi uly ykdysady hyzmatdaş, möhüm ähmiýeti bolan iri ulag-üstaşyr çatrygy hökmünde öňe çykarar.

Halkara howa gatnawynyň yzygiderli häsiýetde ýola goýulmagy babatda-da ýurdumyzyň köpsanly döwletler bilen alyp barýan dostlukly gatnaşyklary barha çuňlaşýar. Häzirki wagtda ýurdumyz BMG-niň halkara hyzmatdaşlygyny utgaşdyryjy ýöriteleşdirilen edarasy bolup durýan IKAO, ýagny Halkara raýat awiasiýa guramasynyň doly hukukly agzasydyr. Bu iri gurama howa gatnawlarynyň howpsuzlygyny, ygtybarlylygyny we netijeliligini üpjün etmek üçin zerur bolan ähli halkara kadalaryny ýola goýýar. Mundan başga-da, «Türkmenhowaýollary» gullugy geljekde IATA, ýagny Halkara howa gatnawlary assosiasiýasynyň agzalygyna saýlanmagy ugrunda birnäçe işleri alyp barýar.

Milli Liderimiziň täzeçillik başlangyçlary we parasatly öňdengörüjiligi netijesinde 2015-nji ýylyň aprel aýy Türkmenistanyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Has takygy, 28-nji aprelde Aşgabat wagty bilen 4 sagat 03 minutda Kanaweral kosmodromyndan (ABŞ-

nyň Florida ştaty) Türkmenistanyň «TürkmenÄlem-52°E» ilkinji aragatnaşyk hemrasy uçuryldy. Bu hemra biziň ýurdumyzyň buýurmasy boýunça «Thales Alenia Space» kompaniýasy tarapyndan guruldy we «Falcon 9» raketa-göteriji arkaly älem giňişligine çykaryldy. Soňra, ýagny 17-nji maýda aragatnaşyk hemrasy meýilnama boýunça öz orbita ornuna – geostasionar orbitadaky gündogar uzynlygynyň 52 derejesine çykdy we aragatnaşyk hemrasynyň radioýygylyk ýaýlymlarynyň iň soňky synaglary başlandy. Ähli synaglar üstünlikli tamamlanandan soň «TürkmenÄlem-52°E» ilkinji aragatnaşyk hemrasy potratçy – «Thales Alenia Space» kompaniýasy tarapyndan ulanmak üçin Türkmenistana berildi. Şeýlelikde, aragatnaşyk hemrasy ulgamyny mundan beýläk dolandyrmak işlerini ýurdumyzyň hünärmenleri öz üstüne aldylar we Türkmenistan özüniň doly bahaly milli aragatnaşyk hemrasy ulgamyna eýe boldy.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş-ykdysady strategiýasy köpmaksatlaýyn häsiýetlidir we öz mazmuny boýunça sosial goraglylyga gönükdirilendir. Çünki milletiň Lideriniň ähli başlangyçlary şahsyýetiň ruhy we intellektual ösüşini kämilleşdirmäge niýetlenilendir. Şunlukda, häzirki döwürde döwlet Baştutanynyň köpugurly özgertmeleriniň güýçlendirilmegi milli bäsdeşlige ukyplylygyň global derejede ösdürilmegini nazarda tutmak bilen, ýurduň uzak ýyllara depginli ösüşiniň durnuklylygyny üpjün edýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanyň ulag-aragatnaşyk başlangyçlarynyň nähili ähmiýeti bar?
2. Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ugurlaryny ösdürmek boýunça nähili iri taslamalar amala aşyrylýar?
3. «Türkmenistan–Owganystan–Täjigistan» demir ýolunyň «Atamyrat–Ymamnazar–Akina» böleginiň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti barada gürrüň beriň.

# VIII BAP
# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ MEDENI-YNSANPERWERLIK ÖLÇEGLERI

## § 1. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň medeni-ynsanperwerlik ýörelgeleri

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipeleridir» diýlip bellenilýär. Şunuň esasynda-da adam hukuklary iň ýokary konstitusion derejede eldegrilmesizdir, adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da onuň hukuklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Şu nukdaýnazardan adamyň hukuklaryny hormatlamak diňe bir parahatçylyk döwründe däl-de, eýsem ýaragly çaknyşyk wagtynda hem, tebigy betbagtçylyk wagtynda hem goramak zerurlygy ýüze çykýar.

«Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynyň 9-11-nji maddalarynda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň ynsanperwerlik-gumanitar ugurdaky şu aşakdaky ýörelgeleri kesgitlenilýär:

1) Türkmenistanda adam jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolup durýar. Türkmenistan adamyň we raýatyň dünýä bileleşigi tarapyndan kabul edilen we halkara hukugynyň kadalarynda bellenilen esasy demokratik hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar edýär we olara sarpa goýýar, olaryň netijeli amala aşyrylmagynyň syýasy, ykdysady, hukuk we beýleki kepillendirmelerini döredýär. Türkmenistanda ähli milletleriň we halkyýetleriň deňhukuklylygy, dinleriň we mezhepleriň azatlygy üpjün edilýär;

2) Türkmenistan beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny olaryň medeniýetine, däplerine we dessurlaryna sarpa goýmak esasynda guraýar we ynsanperwerlik gatnaşyklaryna halklary ysnyşdyrmagyň, olaryň arasynda özara düşünişmegi çuňlaşdyrmagyň, dostluk we

hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň örän möhüm serişdesi hökmünde garaýar. Türkmenistan milletleriň we halkyýetleriň arasynda ruhy gymmatlyklaryň alşylmagyna, medeniýetleriň özara aralaşmagynyň we özara baýlaşmagynyň hadysalaryna ýardam edýär;

3) Türkmenistan bosgunlaryň, göçürilen adamlaryň we göçmäge mejbur bolanlaryň hukuklaryny üpjün edýän esasy halkara hukuk namalaryna goşulýar, döwletleriň we halkara jemgyýetçiliginiň uruşlardan, dawalardan, tebigy apatlardan, heläkçiliklerden, ýokanç keselleriniň giňden ýaýramagyndan we olaryň netijelerinden ejir çeken ýurtlara kömek bermek baradaky tagallalaryny goldaýar. Türkmenistan bütindünýä we sebitleýin ynsanperwerlik guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda Bitarap Türkmenistanyň adamyň hukuklary babatdaky halkara borçnamalary hakyndaky Jarnama kabul edildi. Bu Jarnamada Türkmenistanyň adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek we goramak boýunça halkara derejesinde ykrar edilen hemişelik bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan borçnamalary beýan edilýär. Bu ýerde adamyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň berjaý edilmeginiň adalatyň we parahatçylygyň esasy bolup durýandygy bellenilýär we bu babatdaky ýörelgeleriň şu binýatlyk esaslary görkezilýär:

1) Konstitusiýa we halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalary;

2) BMG-niň Tertipnamasynyň we Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň maksatlary we ýörelgeleri;

3) adamyň jemgyýetiň iň ýokary gymmatlygy bolup durýanlygy hakyndaky binýatlyk şygary;

4) adam hukuklary babatdaky halkara ölçegleriniň berjaý edilmeginiň demokratik özgertmeleriň çuňlaşmagyna, ykdysady we durmuş taýdan ösüşe, kanunylygyň we hukuk tertibiniň pugtalanmagyna ýardam edýänligini kabul etmeklik;

5) adamyň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramak boýunça halkara borçnamalaryny netijeli amala aşyrmaklyk;

6) türkmen halkynyň taryhyň dowamynda emele gelen dostluk, beýleki halklaryň dessurlaryna, medeniýetine, ruhy gymmatlyklaryna sarpa goýmak ýörelgesi.

1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda «Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň Baş ýörelgesi» kabul edildi we munuň özi daşary syýasat konseptual resminama bolup hyzmat etdi.

Bu Konsepsiýada daşary syýasatyň ynsanperwerlik ugurlary aýdyň görkezilýär. Türkmenistan adamyň jemgyýetiň iň belent gymmatlygy bolup durýanlygy we her bir döwletiň tagallalarynyň şahsyýetiň erkin ösmegi üçin mümkingadar amatly şertleri, onuň öz ukyp-isleglerini durmuşa geçirmegi üçin mümkinçilikleri döretmäge gönükdirilmelidigi baradaky şygardan ugur alýar. Türkmenistan adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda bellenilen esasy demokratik hukuklary we azatlyklary ykrar edýär we olara sarpa goýýar, olaryň netijeli amala aşyrylmagy üçin syýasy, ykdysady, kanuny we beýleki kepillendirmeleri döredýär. Türkmenistanda ähli milletler we halkyýetler deň hukuklydyr, dine ýa-da mezhebe degişliligi boýunça kemsitmeler ýokdur. Dürli milletlerden bolan, dürli dinlere uýýan adamlaryň arasyndaky içerki sazlaşyk daşary syýasatda şu meselelere bolan çemeleşmeleri kesgitleýär.

Türkmen jemgyýetiniň ýokary gymmatlygy hökmünde şahsyýete üns bermek Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça Pudagara toparynyň işinde hem öz beýanyny tapýar. Bu topar «Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyny döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji awgustynda kabul eden Karary esasynda döredildi. Soňra Pudagara toparynyň işi has kämilleşdirilip, ol bu ugurda ministrlikleriň we pudak edaralarynyň işini utgaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 12-nji awgustynda kabul eden «Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyny döretmek hakynda» Kararyna laýyklykda hemişelik hereket edýän maslahat beriji edara hökmünde täzeden döredildi. Toparyň işinde degişli halkara guramalaryna hödürlemek üçin adam hukuklary babatda halkara şertnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň barşy hakyndaky milli hasabatlaryň taýýarlanmagyny üpjün etmek, milli kanunçylyga umumy syny amala aşyrmak, Türkmenistanyň gatnaşýan adam hukuk-

lary we ynsanperwer hukugy babatdaky halkara şertnamalarynyň kadalaryna laýyklykda Türkmenistanyň kanunçylygyny kämilleşdirmek baradaky teklipleri taýýarlamak boýunça işlere aýratyn üns berilýär. Bu işleri amala aşyrmakda öňdebaryjy halkara düzümleri we bilermenleri, ilkinji nobatda bolsa, BMG bilen ýokary derejeli özara hereket ýola goýuldy. Bu Pudagara topary tarapyndan taýýarlanylan teklipleriň esasynda möhüm halkara şertnamalaryna hem-de konwensiýalaryna goşulmak we resmi taýdan tassyklamak meselelerine seredilýär.

Türkmenistan beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny olaryň halklarynyň medeniýetine, däplerine we dessurlaryna, taryhy hakydasyna sarpa goýmak esasynda guraýar. Türkmenistan ynsanperwerlik gatnaşyklaryna halklaryň ysnyşmagynyň, olaryň arasynda özara düşünişmegiň çuňlaşmagynyň, dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň örän möhüm serişdesi hökmünde garaýar. Türkmenistan milletleriň we halkyýetleriň arasynda ruhy gymmatlyklaryň alşylmagyny, medeniýetleriň özara aralaşmagyny we özara baýlaşmagyny mübärekleýär we höweslendirýär.

Türkmenistan medeni-ynsanperwerlik ugry boýunça özara hereketlere halklaryň we döwletleriň arasyndaky özara düşünişmegiň kuwwatly guraly, özara hormat goýmagyň we dostlukly gatnaşyklary gurmagyň, dürli milletlere we dinlere degişli bolan adamlaryň özara ynanyşmagynyň netijeli ýollarynyň biri hökmünde garaýar. Türkmenistanyň medeni hyzmatdaşlygy häzirkizaman hakykatlaryny we adamlaryň isleglerini, maglumat tehnologiýalarynyň kämilleşmegini, häzirki döwrüň dünýä akymynda özara gepleşikleriň täze görnüşleriniň döremegini nazarda tutmak bilen ösdürilýär. Täze ugurlar bilen bir hatarda daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günlerini we Türkmenistanda başga ýurtlaryň Medeniýet günlerini geçirmek, Türkmenistanda halkara medeniýet we sungat festiwallaryny guramak tejribesini dowam etmek we giňeltmek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda bellenilen demokratik hukuklary we erkinlikleri üpjün etmegiň esasy ýörelgelerini netijeli amala aşyrmak üçin syýasy, ykdysady, kanunçylyk we başga kepillikleri döredýär. Şu maksatlar bilen Türkmenistan iri we abraýly halkara guramalary, ilkinji nobatda, Birleşen

Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki düzümler bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Hususan-da, Türkmenistan Gyzyl Haçyň we Gyzyl Ýarymaýyň Halkara federasiýasy ýaly bütindünýä we sebitleýin ynsanperwerlik guramalary, BMG-niň ynsanperwerlik ugurly birlikleri bolan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, UNESKO, UNISEF, BMG-niň Bosgunlaryň işleri baradaky baş komissariaty bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady we medeni-ynsanperwerlik syýasatynyň uly abraýa we goldawa eýe bolýandygy barada onuň BMG-niň ýolbaşçy edaralarynyň düzümine yzygiderli saýlanmagy şaýatlyk edýär.

Mälim bolşy ýaly, BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 2016-njy ýylyň 5-nji aprelinde geçirilen mejlisinde Türkmenistanyň 2017-2020-nji ýyllar üçin Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça komissiýasynyň, 2016-2020-nji ýyllar üçin Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň, 2017-2021-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň agzalygyna biragyzdan saýlanmagy ýurdumyzyň ýokary halkara abraýynyň ýeten ýene bir belent derejesini aňlatdy. Bu saýlawlaryň BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň guramaçylyk mejlisiniň barşynda geçirilip, biziň ýurdumyzyň bu abraýly guramanyň ähli agzalary tarapyndan goldanylmagy bolsa aýratyn bellärliklidir.

Olar barada aýratyn nygtamak bilen, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2016-njy ýylyň 8-nji aprelinde geçirilen mejlisinde eden çykyşynda şeýle diýdi: «Bu şatlykly waka mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 25 ýyllyk şanly baýramynyň bellenýän ýylynda bizi has-da guwandyrýar. Bu bolsa, ýurdumyzyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilige esaslanýan daşary syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilýändigini görkezýär. Bitarap döwletimiziň halkara abraýynyň barha artýandygyna we dünýäde tutýan ornunyň berkeýändigine aýdyň şaýatlyk edýär».

Türkmenistanyň Prezidentiniň çuňňur esaslandyrylan daşary syýasatynyň hemmetaraplaýyn üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde, Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky gatnaşyklar hil taýdan täze derejä çykdy. Türkmenistanyň soňky ýyllarda BMG-niň düzüm

birlikleriniň birnäçesiniň agzalygyna saýlanmagy bu hyzmatdaşlygy subut edýän ýene bir ädim bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistan 2011-nji ýylyň aprelinde 2012-2015-nji ýyllar üçin BMG-niň Ilat we ösüş boýunça Komissiýasynyň agzalygyna, 2012-2015-nji ýyllar üçin BMG-niň neşe serişdeleri boýunça Komissiýasynyň düzümine, şeýle hem BMG-niň bosgunlaryň işi boýunça Ýokary Komissarynyň Maksatnamasynyň Ýerine Ýetiriji komitetine hemişelik esasda saýlanyldy. Bulardan başga-da, 2015-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň BMG-niň gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2016-2018-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanandygyny bellemelidiris.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşi Milletler Bileleşiginiň 6 sany esasy edaralarynyň biridir. Ol BMG-niň ykdysady we ynsanperwerlik işini utgaşdyrýar. Bu düzümiň işine 54 döwlet gatnaşýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan 2012-nji ýylyň noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 67-nji maslahatynda Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 2013-2015-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanyldy.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň kömekçi edaralary hökmünde dokuz sany wezipeleýin, ýagny ýörite ugurly komissiýalary hereket edýär. Olaryň arasynda Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça komissiýa 1992-nji ýylda döredildi. Türkmenistanyň 2017-2020-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanan bu komissiýasy ählumumy we milli derejede ylmyň we tehnikanyň, maglumatlar tehnologiýalarynyň ösdürilmegine, tehniki kuwwatyň artdyrylmagyna, ösüp barýan ýurtlara maýalaryň gelmegine ýardam edýär. Türkmenistanyň 2014-2016-njy ýyllar üçin hem bu komissiýanyň agzasy bolandygyny bellemelidiris.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň Ilat boýunça komissiýasy onuň 9 sany wezipeleýin kömekçi edaralarynyň biri bolmak bilen, ol 1946-njy ýylyň 3-nji oktýabrynda döredildi, soňra 1994-nji ýylyň 19-njy dekabrynda bu komissiýanyň wezipesi we ady üýtgedilip, ol BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň Ilat we ösüş boýunça komissiýasy diýlip atlandyryldy. 1994-nji ýylda Kairde kabul edilen Ilat we ösüş çygryndaky Iş maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegi boýunça milli, sebit, dünýä derejesindäki işleri utgaşdyrmak komissiýanyň esasy wezipesi bolup durýar. Olara sag-

lygy goraýyş, bilim, gender deňligi, halkara migrasiýa we beýleki meseleleri degişlidir. Türkmenistan BMG-niň çäklerinde işlenip düzülen ilat we ösüş çygrynda umumy strategiýany goldaýar we ony durmuşa geçirmek boýunça bilelikdäki işleri yzygiderli amala aşyrýar. Türkmenistanyň bu komissiýanyň 2012-2015-nji ýyllar üçin hem agzalygynda bolandygyny ýatlap geçmelidiris. Şeýle hem, 2015-nji ýylyň 8-nji aprelinde Türkmenistanyň Ilatly nokatlar boýunça BMG-niň Maksatnamasyny Dolandyryjylaryň Geňeşiniň (BMG-HABITAT) 2016-2019-njy ýyllar üçin agzalygyna biragyzdan kabul edilendigini hem bellemek gerek.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasy 1946-njy ýylyň 21-nji iýunynda döredildi. Bu komissiýa Ykdysady we Durmuş Geňeşine ählumumy durmuş ösüşiniň meseleleri, şol sanda ilaty durmuş taýdan goramak, maýyplar üçin deň mümkinçilikleri üpjün etmek, ýaşlaryň ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de maşgalanyň ornuny pugtalandyrmak we beýleki meseleler boýunça degişli maslahatlary we bilermenleriň netijenamalaryny berýär. Onuň mejlisleri ýylda bir gezek geçirilýär. Bu topar ilatyň durmuş ýagdaýyny, şol sanda jemagat hojalygy ulgamyny ýaşaýyş jaý üpjünçiligini ösdürmegiň hasabyna gowulandyrmaga gönükdirilen çärelere aýratyn üns berýär. Milletler Bileleşigine agza döwletleriň arasynda oňyn tejribe we maglumatlary alyşmak, seljeriş synlaryny taýýarlamak we beýleki wezipeler hem toparyň esasy işleriniň hataryna girýär. Türkmenistan 2014-2017-nji ýyllar üçin bu komissiýanyň agzasy bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, 2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 70 ýyllyk ýubileýiniň çäginde geçirilen ýokary derejedäki sammitde 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin durnukly ösüş baradaky Gün tertibi kabul edildi. Ählumumy maksatlaryň 17-sinde we wezipeleriň 169-synda beýan edilen täze Gün tertibi 2030-njy ýyla çenli 15 ýyl döwürde adamzadyň öňünde durýan möhüm wezipeleriň çözülmegini özünde jemleýär. Şol durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde milli we global derejede işleri utgaşdyrmak hem BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşine degişli bolup durýar. Türkmenistan işlenip düzülen bu wezipeleri goldaýar we ony durmuşa geçirmek boýunça bilelikdäki işleriň yzygiderli ýe-

rine ýetirilmeginiň işjeň tarapdary bolup çykyş edýär. Hususan-da, 2016-njy ýylyň 4-nji aprelinde Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda ösüş maksady bilen 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekilendigini bellemek gerek. Geljekki bäş ýyla niýetlenen bu resminama Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir. BMG-niň ýubileý sammitiniň möhüm ugurlarynyň birine öwrülen durnukly ösüş ýörelgeleri boýunça eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz ählumumy ykdysadyýet we energetika, durnukly ulag ulgamy, ekologiýa, gender deňligi ýaly möhüm ugurlar boýunça birnäçe giň möçberli başlangyçlary, şeýle hem halkara gün tertibiniň beýleki birnäçe meseleleriniň çözgüdine gönükdirilen anyk teklipleri öňe sürdi. Şunuň bilen baglylykda, 2016-2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasy Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň, şeýle hem BMG tarapyndan kabul edilen 2016-2030-njy ýyllar üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň ýörelgelerine doly laýyk gelýär we hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň bäşisini öz içine alýar. Olaryň hatarynda ýokary hilli maglumatlar ulgamyny we ösüşiň monitoringini döretmek, milli statistika ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegi göz öňünde tutýan durmuş ulgamy, ekologiýa durnuklylygyny we energiýa serişdelerini tygşytly ulanmak, iş bilen üpjünçiligi, ykdysadyýetiň, söwdanyň köpugurly esasda ösdürilmegi, dolandyryş hem-de hukuk pudagy bardyr.

Şeýlelik-de, Türkmenistanyň BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň abraýly düzümleriniň birbada birnäçesiniň agzalygyna saýlanmagy soňky ýyllarda ykdysady görkezijileriň ýokary derejelerine eýe bolýan, şeýle hem hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň dünýäniň sazlaşykly ösýän ýurtlarynyň hatarynda öz ornuny berkitmegini üpjün eden syýasy ugrunyň netijelidigininiň aýdyň subutnamasydyr.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Daşary syýasatyň medeni-ynsanperwerlik ölçegleri nämeden ybarat?
2. Türkmenistan haýsy wajyp halkara konwensiýalaryna gatnaşýar?
3. Medeni ösüşiň parahatçylyk üçin nähili ähmiýeti bar?

## § 2. Adam hakyndaky aladanyň daşary syýasat taýdan döwlet derejesinde üpjün edilmegi

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamynda alyp barýan medeni-ynsanperwerlik ýörelgeleri ýene-de bir gezek döwletiň içeri we daşary syýasatynyň bitewüliginiň anyk beýany bolup durýar. Bu, aýratyn hem, «Döwlet adam üçindir!» diýen şygarda aýdyň görünýär. Hakykat ýüzünde, adam we ynsan şahsyýeti jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hökmünde konstitusion derejede ykrar edilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan bitarap, demokratik, dünýewi we hukuk döwleti bolmak bilen, adamyň düýpli hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek işinde öz halkara borçnamalaryny tassyklaýar, gumanitar heläkçilikleriň öňüni almak we onuň netijelerini peseltmek işinde döwletleriň we halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny goldamagy dowam etmäge taýýardygyny beýan edýär, bütindünýä we sebitleýin ynsanperwerlik guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Demokratik kadalar döwletiň milli bähbitleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr we onuň möhüm bölegi bolup durýar. Türkmenistan hemişe şol garaýyşlaryna esaslanýar, olary özüniň syýasy ösüşiniň ilkinjiliginiň esasy hasaplaýar.

Türkmenistanyň Prezidenti ähli ýurtlar we halklar bilen, aýratyn hem, goňşularymyz bilen, dostlukly, özara hormat goýmak başlangyçlarynda işjeň hyzmatdaşlygyň alnyp barylýandygyny nygtaýar. Şunuň bilen birlikde olaryň esasynda halkymyza mahsus bolan sabyrlylyk, salyhatlylyk, ýokary ynsanperwerlik, çydamlylyk, parahatçylyk söýüjilik, watançylyk, gowulyga we gözellige ymtylmak, özboluşly demokratiýa, berlen söze ygrarlylyk, pragmatik pikirlenme, açyklyk, geçirimlilik, myhmansöýerlik ýaly häsiýetleriň uly ähmiýete eýedigini aýdýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň özgertmeler syýasatynyň düýpli häsiýetnamalarynyň biri onuň halkyň bagtyýarlygyna gönükdirilenliginde we onuň işläp düzen döwletliligiň täze konseptual ideýasyndadyr. Bu ideýa Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda hem-de Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe öz beýanyny tapdy. Taryh üçin uzak bolmadyk gysga döwrüň içinde milletiň Lideriniň başlangyçlary boýunça «Döwlet adam üçindir!» diýen şygar esasynda ýurtda görlüp-eşidilmedik özgertmeler amala aşyryldy. Milli Lideri-

miz tarapyndan öňe sürlen bu şygar Türkmenistanyň bütin döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan döwlet syýasatynyň çuňňur ynsanperwerlik manysy we mazmuny bolsa halkyň bähbitleriniň, milletiň we umumylykda, döwletiň gülläp ösmeginiň üsti bilen şöhlelenýär. Onuň döwlet syýasatynyň baş şygarynyň esasynda Türkmenistany üstünlikli ösdürmek, ýurdy syýasy täsir ediş, ykdysady durnuklylyk we planetada medeni özüne çekiş merkezleriniň birine öwürmek ideýasy ýatyr. Bu ideýa bolsa döwletiň ähli gazananlarynyň öz halkynyň abadançylygyna gönükdirilenligini aňladýar. Türkmenistanyň Lideriniň bu dünýägaraýşy onuň işiniň ähli ugrundan, ýagny bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi we halkyň medeni derejesiniň ýokarlandyrylmagy ýaly amala aşyrýan ähli işlerinden altyn sapakly eriş-argaç bolup geçýär. Häzirkizaman türkmen jemgyýetini kämilleşdirmek, ony dünýä medeniýetiniň iň ýokary gazananlarynyň derejesine çykarmak maksatlary bilen ýurtda durmuşa geçirilýän, ähli zady öz içine alýan bu işler Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny işjeňleşdirmek bilen hem amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda hut şol tezis «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr» diýlip kesgitlenilýär we ol ýurdumyzyň Esasy Kanunynyň iň möhüm düzgünleriniň biri bolup hyzmat edýär.

Döwlet Baştutanymyz tarapyndan başy başlanan we alnyp barylýan ähli oňyn özgertmeleriň esasynda halk baradaky çuňňur alada ýatyr. Her bir adamyň mümkinçiliklerini we başarnyklaryny açmak, olary amala aşyrmaga itergi bermek, zehinini we ruhy gujurgaýratyny gollanmak üçin şertleri döretmäge gönükdirilen pikir, ýagny hut adamyň – onuň intellektual we ruhy-maýa goýumy döwletiň ösmeginiň düýpli binýadydyr.

Şu günki gün Türkmenistanyň özgertmeler maksatnamalaryny ýörelgeleýin we yzygiderli amala aşyrýandygyna, demokratik institutlary döredýändigine, halkyň belent bähbitleriniň hatyrasyna häzirkizaman döwletini gurýandygyna hiç kimde şübhe döremeýär. Milli Liderimiz tarapyndan işlenip düzülen we yzygiderli amala aşyrylýan ýörelgeleýin wezipeler häzirkizaman Türkmenistanyň üstünlikleriniň we gazananlarynyň esasynda durýar. Aslyýetinde, halkyň abadançylygyna gönükdirilen döwlet syýasaty Türkmenistandaky döredijilikli

özgertmeleriň esasyny düzýän täze ideologiýanyň mazmunyny kesgitleýär. Ol milletiň has belent sepgitlere, dünýä ylmynyň, tehnikasynyň we öňdebaryjy tejribesiniň degişli gazananlaryna ymtylmalaryny şöhlelendirýär. Halkyň durmuşynyň ähli çygyrlaryny öz içine alýan bu işler düýpli we giň möçberli özgertmeleri, şol sanda ýurduň dünýä bileleşigi bilen özara hereketini has giňeltmegiň hasabyna amala aşyrmagyna gönükdirilendir.

Onuň esasy ugurlary özgertmeleriň we üýtgetmeleriň şu aşakdaky ileri tutulmalarynda öz beýanyny tapýar:

1) ählumumy medeni gymmatlyklaryň çäklerinde okgunly we hil taýdan ýokary derejedäki ösüşiň esasynda hemmetaraplaýyn we çuňňur özgertmeleriň amala aşyrylmagy;

2) döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetiň utgaşykly ösüş bähbitleriniň we maksatlarynyň demokratiýanyň milli däpleri we halkara kabul edilen derejeleri bilen sazlaşykly bolmagynyň üpjün edilmegi;

3) ykdysadyýetiň kämilleşmegi, tebigy çig-mal serişdeleriniň we senagat tehnologiýalarynyň oýlanyşykly ulanylmagy, oba hojalygynyň ösdürilmegi we azyk bolçulygynyň üpjün edilmegi;

4) Türkmenistanyň ylym-bilim, medeniýet, saglygy goraýyş we ýaşaýyş-durmuş babatyndaky beýleki ugurlarda dünýäniň ösen döwletleriniň arasyna ymykly goşulmagy, adam kapitalynyň we intellektual mümkinçilikleriniň herekete getirilmegi, adamzat medeniýetine we dünýä medeniýetiniň hazynasyna uly goşant goşan milletiň ruhy taýdan täzelenmegi hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň ähli gurluşynyň kämilleşdirilmegi;

5) Türkmenistanyň we onuň halkynyň milli-döwlet bähbitleriniň doly we hökmany üpjün edilmegi esasynda onuň dünýä bileleşigindäki mynasyp ornunyň mundan beýläk-de berkidilmegi, abraýynyň we halkara işlerindäki täsiriniň ýokarlandyrylmagy.

Türkmenistan ilatyň ýaşaýyş-durmuş taýdan goraglylygyny berk üpjün edýän döwlet bolmak bilen, onuň syýasatynyň üns merkezinde adam we raýat hukuklary durýar. Ýokarda bellenilişi ýaly, bu ýörelge Türkmenistanyň Konstitusiýasynda hem berkidilendir. Milli kanunçylygyň kämilleşmegi adamlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, ilatyň ähli gatlaklaryna goraglylygy kepillendirmegi üpjün etmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Prezidenti 2012-nji ýylyň 17-nji

fewralynda sözlän sözünde ilkibaşdan kesgitlän ynanjyna özüniň ygrarlydygy hakynda ýene-de bir gezek beýan etdi: «Men öz mähriban halkyma, onuň ajaýyp döredijilikli gujur-gaýratyna we çäksiz mümkinçiliklerine, onuň bagtyýar we ýagty geljegine ynanýaryn!».

Türkmenistanyň Prezidenti aýlyk haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini yzygiderli ýokarlandyrmagy amala aşyrýar. Bu ähli türkmen halkynyň halýagdaýyny ýokarlandyrmak wezipeleriniň ileri tutulýan häsiýetdedigini nobatdaky gezek tassyklaýar. Raýatlaryň hukuklarynyň pensiýa çykan mahalynda, maýyplygy, zähmete ukypsyzlygy boýunça üpjün edilmeginiň, eneligi we çagalygy goldamagyň kanunçylyk taýdan berkidilmegi türkmen jemgyýetindäki özgertmeleriň möhüm gazananlarydyr.

Durmuş özgertmelerinde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» aýratyn orny eýeleýär. Ony taryh we ösüş babatda Türkmenistanyň garaşsyz ösüşiniň ýörelgeleýin täze tapgyrynyň başy diýip aýdyp bolar. Ýurtda özgertmeler strategiýasynyň saýlanyp alynmagy – bu türkmen jemgyýetiniň ýokary gymmatlyklaryny amala aşyrmak bilen baglanyşykly ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň saýlanylmagydyr.

Bu Maksatnama Türkmenistanyň Lideriniň ýurduň üstünlikli ösdürilmeginiň, onuň ähli sebitleriniň, her bir ilatly ýerleriniň şolar ýaly üstünlikli ösdürilmegi bilen aýrylmaz baglydygyna berk ynanjyna esaslanýar. Şonuň üçin, ýurduň uzakdaky sebitlerinden başlap, obany ösdürmek boýunça çäreler, milli Liderimiziň maksatnamalaýyn ädimleriniň merkezinde durýar. Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Strategik maksatnamasynyň, Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen bir hatarda, bu Maksatnama hem köpugurly we giň möçberli ölçeglere eýedir.

Türkmenistan dünýäniň çalt ösýän döwletleriniň biri hasap edilýär we onuň ösüş depginleri ýokary derejede saklanýar. Döwletimiz durmuş zerurlyklary üçin her ýylda býujetiň 70% gowragyny

sarp edýär – bu dünýäde iň ýokary görkezijidir. Durmuş-ýaşaýyş babatynda, hususan-da, saglygy goraýyş, bilim, ylym, medeniýet, ilaty ýaşaýyş jaýlary we mellek ýerleri bilen üpjün etmekde uly üstünliklere ýetildi. Durmuş ýeňillikleriniň giň ulgamynyň döredilmegi we hakykat ýüzünde hereket etmegi, mynasyp ýaşaýşa bolan hukugyň kanunçylyk taýdan berkidilmegi halkyň durmuş derejesiniň düýpli ýokarlanmagyna ýardam etdi. Olar, ilkinji nobatda, jemgyýetçilik asudalygynda we syýasy durnuklylykda, durmuş goraglylygynda we ilatyň girdejileriniň yzygiderli ýokarlanmagynda, halkyň ýokary sosial-durmuş derejesiniň üpjün edilmeginde, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny bermegiň ýeňillikli ulgamynda we başga sosial-durmuş şertlerinde öz beýanyny tapýar. Şunlukda döwlet tarapyndan raýatlara edilýän hyzmatlara esasy orun berilýär. Şonuň ýaly-da, olara dünýä tejribesinde deňi-taýy bolmadyk, ilaty durmuş taýdan goldamak çäreleri – tebigy gazdan, elektrik togundan, suwdan, duzdan mugt peýdalanmak, ýaşaýyş jaýy, durmuş hyzmatlary üçin iň az mukdardaky tölegler ýaly we başga çäreler degişlidir. Döwlet Baştutanynyň görkezmesi boýunça, ýurduň raýatlaryna bank tarapyndan 30 ýyla çenli möhlet bilen ýylda 1% ipoteka karzy berilýär we esasy karzy üzüp başlamagyň 5 ýyllyk ýeňillikli döwri bellenilendir.

Döwlet syýasatynyň ýene bir ugry ýaş nesil hakyndaky çäksiz aladadyr. Ýaşlar döwlet Baştutanynyň esasy üns merkezinde durýar. Olar beden we ruhy taýdan sagdyn bolmalydyr, milli we umumadamzat dünýägaraýşynyň, biliminiň we okuwynyň ýokary ölçegleri boýunça terbiýe almalydyr. Türkmenistanyň Prezidenti akylly we zehinli ýaşlaryň aýratyn goldawyna üns berýär.

Türkmen hünärmenleriniň ylmy we ylmy-tehniki alyşmalar işine işjeň gatnaşmagyny, daşary ýurtlaryň ylmy-önümçilik merkezlerinde milli hünärmenleri taýýarlamagy göz öňünde tutýan Türkmenistanyň halkara ylym-bilim gatnaşyklary yzygiderli berkidilýär. Şunuň bilen baglylykda, halkara talyplary alyşmalaryny, Türkmenistanyň ýokary okuw jaýlarynyň dünýäniň bilim we barlag merkezleri bilen bilelikdäki maksatnamalar we taslamalar boýunça giň we köpugurly hyzmatdaşlygyny, Ýewropanyň, Amerikanyň, Aziýanyň we GDA ýurtlarynyň öňdebaryjy okuw jaýlarynda türkmen talyplarynyň okadylmagyny hil we san taýdan ösdürmegi höweslendirmek möhüm ugurlaryň biri bolup durýar.

Türkmenistan halkara sport hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň täze we netijeli ýollaryny durmuşa geçirýär. Aşgabat şäherinde 2017-nji ýylda ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmegi mynasybetli, bu möhüm halkara wakasynyň syýasy-diplomatik we maglumat üpjünçiligine aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanda geçirilýän Aziýada-2017 sport ýaryşlary bilen bilelikde, halkara hyzmatdaşlygynyň ylym, tehnika we tehnologiýa, senagat, maýa goýum, syýahatçylyk çäklerinde hem täze ugurlaryň döremegine ýol açylýar. Türkmen topragyna gelen köp sanly myhmanlar halkymyzyň baý medeni-taryhy mirasly, asyrlaryň jümmüşinden gelýän milli däpleri bolan, aýratyn hem, ýokary myhmansöýerlikli we dostlukly garşy alýan ýurt bilen has içgin tanyşmaga mümkinçilik alýarlar.

Türkmenistanda ýurduň bilim ulgamyny kämilleşdirmek, bilimleriň hilini we ýaş nesliň başarnyklaryny düýpli ýokarlandyrmak boýunça giň möçberli we ulgamlaýyn işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň dünýäniň iň gowy tejribesini ulanmaga gönükdirilen, ylym we bilim çygryndaky yzygiderli syýasaty – habarlar jemgyýetini gurýan ýurduň geljegini kesgitleýän esasy ugurlaryň biridir. Şunda esasy ileri tutulmalar şahsyýetiň güýjüni, onuň ýurduň «Döwlet adam üçindir!» diýen esasy şygarynyň öwüşginindäki ajaýyp mümkinçiliklerini işjeňleşdirmäge gönükdirilendir.

Döwlet Baştutanymyz jemgyýetçilik ösüşiniň ruhy, ýaşaýyşdurmuş, ykdysady we medeni esaslary hökmünde bilim ulgamyny kämilleşdirmekligi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde belleýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martynda kabul eden «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany bilim ulgamyny, şonuň bilen baglylykda bolsa, ylmy çygry ösdürmek işinde nobatdaky möhüm waka boldy. Oňa laýyklykda, 2013-2014-nji okuw ýylyndan başlap Türkmenistanyň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde on iki ýyllyk orta bilim girizildi. Bu çözgüt bilimleriň gyşarnyksyz ösmeginiň, maglumat ugurlarynyň giňelmeginiň biliminiň mazmunyna düýpli täsir etmegi, hereket edýän okuw kurslarynyň täzelenmeginiň ýa-da täzeleriniň girizilmeginiň zerurlygy netijesinde kabul edildi. Orta okuwyň möhletiniň uzaldylmagy, başarnyklara we höweslere laýyklykda kär saýlamaklygyň gym-

matly delillerine, şeýle hem ýokary okuwdan ozalky taýýarlygyň hil taýdan has ýokary bolmagyna ýardam berer.

Türkmenistanda bilim özgertmeleriniň esasy maksady – bilimiň hilini, elýeterliligini we netijeliligini ýokarlandyrmakdyr. Ýurdumyzda bilimi hil taýdan ýokary derejä götermäge ýardam berýän, ýokary okuw jaýlarynyň we orta mekdepleriň döwlet goldawy, olaryň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, bilim usulyýetiniň innowasiýalaryny işjeň girizmek şu günki gün aýdyň ulgamlaýyn häsiýete eýe boldy. Soňky wagtlarda ýurduň ähli ýerlerinde onlarça mekdepler we çagalar baglary işe girizildi. Olaryň ählisi, häzirkizaman binagärçiliginiň täsin nusgalary bolup, XXI asyryň okuw jaýlaryndan edilýän iň ýokary talaplara laýyk gelýär.

«Döwlet adam üçindir!» diýen esasgoýujy ýörelgä eýermek bilen, Türkmenistan milli saglygy goraýyş çygryny, oňa ilatyň durmuş goraglylygy ulgamynyň köpmaksatlaýyn hukuk ýagdaýyny bermek bilen özgertdi we ösdürdi. Kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek bilen başlanan bu özgertmeler jemgyýetde saglyga täze garaýşy döretmegi, sagdyn durmuş ýörelgesini ýaýratmagy, ilata ilkinji lukmançylyk kömegini, öňüni alyş we sagaldyş-dikeldiş hyzmatlaryny bermekligiň kämilleşdirilen ulgamyny döretmegi, häzirkizaman lukmançylyk merkezleriniň giň ulgamyny döretmek we olary ýokary derejedäki tehnologik enjamlar bilen üpjün etmek ýoly arkaly pudagyň maddy-tehniki binýadyny mundan beýläk hem berkitmegi öz içine alýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet syýasatynyň strategik ugurlarynyň biri halkyň, esasan hem, ýaş nesilleriň sagdyn durmuş ýörelgeleri üçin zerur bolan ähli şertleri döretmek bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň arasynda milli saglygy goraýyş ulgamyny, iň ýokary halkara standartlaryna ýetmek maksady bilen syýahatçylygy, sporty we bedenterbiýäni kämilleşdirmäge we ösdürmäge möhüm orun berilýär.

Türkmenistanda milletiň saglygyny goramaga täze çemeleşme işläp düzüldi we durmuşa geçirilýär. Milletiň saglygy hakyndaky alada Türkmenistanyň Prezidentiniň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Onuň amala aşyrylmagyna «Saglyk» Döwlet Maksatnamasy saldamly goşant goşdy. Şol Maksatnamanyň çäklerinde gysga

möhletiň içinde häzirkizaman we döwrebap halkara lukmançylyk merkezleri guruldy we ulanylmaga berildi. Bu işiň wajyp ugry hem bar bolan şypahana-dynç alyş toplumlarynyň durkunyň täzelenmegi we täzeleriniň gurulmagydyr.

«Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy Türkmenistanyň häzirkizaman dynç alyş-sagaldyş toplumynyň hakykatdan dür dänesi boldy. Ol köpugurly täze hyzmat ediş desgalaryny işe girizmek ýoly bilen, ýokary derejeli hyzmatlary etmegiň ugurlaryny her ýylda giňeldýär. Milletiň Lideriniň başlangyjy bilen, «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda ýörelgeleýin täze şypahana-sagaldyş merkezleriniň gurluşygy başlandy.

«Mollagara», «Arçman», «Baýramaly», «Ýylysuw», «Berzeňňi», «Farap» ýaly mineral çeşmeleri we sagaldyş palçygy bolan, Türkmenistanyň çäklerinden has alyslarda-da belli şypahanalara gyzyklanmalar biziň watandaşlarymyzda-da, daşary ýurt raýatlaryndа-da ýyl-ýyldan barha artýar. «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» kitabynda döwlet Baştutanymyz türkmen ýurdunyň başga çäklerinde-de sagaldyş ýerleriniň az däldigini belleýär. Olaryň käbirleri öz açylmagyna, beýlekileri – keselleri bejermek üçin olaryň netijeli ulanylmagyny tapmak maksady bilen, saglygy goraýyş nukdaýnazaryndan ylmy barlaglaryň geçirilmegine garaşýar. Olar Köýtendagyň çäklerinde, Sünt-Hasardagyň jülgelerinde, Bathyz düzlüklerinde ýerleşýän dürli görnüşli mineral çeşmelerdir.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça ähli welaýatlarda we etraplarda saglyk öýleriniň sany artýar. Welaýatlaryň merkezlerinde Enäniň we çaganyň «Ene mähri» saglyk merkezleri işe girizilýär, bar bolan sagaldyşhanalaryň durky täzelenýär. Ähli mekdeplerde bedenterbiýe sapaklary girizildi, welaýat merkezlerinde häzirkizaman stadionlary gurulýar. Türkmen jigitleriniň geçmişdäki şöhratyny dikeltmek üçin, Milli Liderimiz her welaýatda aýlawlaryň gurulmagy we ulanmaga berilmegi üçin taýsyz tagallalary etdi.

Müňýyllygyň Maksatlaryny amala aşyrmak bilen we durnukly ösüşiň 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin gün tertibinde kesgitlenen sepgitlere laýyklykda ilatyň sagdyn durmuşyny üpjün etmek we kesselleriň öňüni almak wajyp wezipe bolup durýar. «Saglyk» maksatnamasyny tapgyrlaýyn durmuşa geçirmek, ilatyň kesellemeginiň

derejesini peseltmek strategiýasyny amala aşyrmak bilen, Türkmenistan keselleriň dürli görnüşlerinden doly azat boldy. 2000-nji ýylda ýurdumyz drakunkulezi ýok etmek hakynda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) sertifikatyna mynasyp boldy, 2002-nji ýylda Türkmenistana onuň çäklerinde ýabany poliowirusyň ýaýramagynyň ýok edilendigi hakynda sertifikat gowşuryldy, bu bolsa poliomielitiň doly ýok edilendigininiň subutnamasydyr. Türkmenistan GDA döwletleriniň arasynda ilkinji we dünýäde dördünji bolup, umumy kabul edilen halkara ülňülerine laýyklykda, duzy ýodlaşdyrmagy üpjün etdi we şeýlelik bilen, adamzadyň gündelik meseleleriniň biri bolan – ýod ýetmezçiligi doly ýok edilen ýurt diýlip ykrar edildi we bu barada 2004-nji ýylda degişli sertifikat berildi.

Başga kesellere garşy göreşiň ugurlary hem düýpli güýçlendirildi. Şu babatda 2010-njy ýylda Türkmenistanyň malýariýadan doly saplanan ýurt diýlip ykrar edilendigini hem belläp geçmek gerek. Bu ýagdaý BSGG tarapyndan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine gowşurylan ýörite sertifikat bilen resmi taýdan tassyklanyldy.

Adam bedeninde demir mikroelementiniň ýetmezçiligi bilen baglanyşykly keselleriň öňüni almak maksatlary bilen, Türkmenistanda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ýakyndan gatnaşykda azyk önümleriniň, hususan-da, unuň we duzuň baýlaşdyrylmagy boýunça birnäçe giň möçberli taslamalar amala aşyrylýar.

Eneligi we çagalygy goramak boýunça giň möçberli maksatnamalaryň amala aşyrylmagy döwlet syýasatynyň derejesine ýetirilen saglygy goraýyş ulgamynyň düzüm bölegidir. Ähli ýerlerde ýokary derejede enjamlaşdyrylan «Ene mähri» enelik we çagalyk lukmançylyk merkezleriniň döredilmegi, çagany ene süýdi bilen iýmitlendirmek we gany azlygyň (anemiýanyň) garşysyna göreş boýunça milli maksatnamanyň üstünlikli amala aşyrylmagy iri halkara guramalary tarapyndan ýokary baha mynasyp boldy. Hususan-da, göwreli we doguryan aýallara lukmançylyk kömegini berýän ähli edaralar diýen ýaly «Çaga mähirli garaýan gospital» diýen ýokary statusa eýe boldular, ol BSGG-niň bilermenleri tarapyndan resmi taýdan tassyklanyldy.

Ykdysady we durmuş ösüşiniň netijeli nusgasy Türkmenistana saglygy goraýşyň düýbünden täze binýadyny döretmäge mümkinçi-

lik berdi. Ýurtda häzirkizaman lukmançylyk edaralarynyň toplumlaýyn infrastrukturasy, ilkinji nobatda, häzirkizaman tehnikasy bilen enjamlaşdyrylan lukmançylyk merkezleri we klinikalary guruldy. Her ýylda saglygy goraýşyň keseli anyklaýyş we bejeriş-öňüni alyş täze edaralary ulanylmaga berilýär we täze iri desgalaryň düýbi tutulýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň ynsanperwerlik ölçegleri dünýä bileleşiginiň parahatçylykly we durnukly ösüşiniň baş gymmatlyklarynyň esasyny düzýän medeniýet we ylym, durmuş goraglylygy we saglygy goraýyş çygrynda halkara hyzmatdaşlygyna täze çemeleşmeleriň dörändigine şaýatlyk edýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Hormatly Prezidentimiziň adam hakynda ýadawsyz aladalaryny mysallar arkaly düşündiriň.
2. Türkmenistanda bilim özgertmeleriniň esasy maksady nämeden ybarat?
3. Türkmenistanda sagdyn durmuş we sport barada nähili çäreler geçirilýär?

## § 3. Türkmenistanyň halkara ynsanperwerlik we gumanitar çäklerdäki nusgalyk tejribesi

Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllary içinde özüniň beýleki döwletler bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmekde toplan oňyn tejribelerini peýdalanmak arkaly halkara arenasynda has açyk we işjeň häsiýete eýe bolan, derwaýys halkara meseleleriniň ähli ugurlary boýunça ynsanperwer daşary syýasatyny durmuşa geçirýär.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ynsanpewerlik ugry daşary ýurtlara ynsanperwerlik goldawyny bermekde hem aýdyň ýüze çykýar. Hususan-da, muňa goňşy Owganystana berlen we berilýän ynsanperwerlik kömegini mysal hökmünde getirip bolar. Biziň ýurdumyz dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýermek bilen, Owganystanyň durmuş-ykdysady düzümini ösdürmäge, goňşy ýurduň asuda durmuşyny dikeltmäge iş ýüzünde uly goşant goşýar. Goňşy ýurduň halkyna yzygiderli goldaw bermek bilen, Türkmenistan tutuş sebitiň bähbidine däbe öwrülen gatnaşyklary has-da ösdürmegi ugur edinýändigini tassyklaýar.

Türkmenistanyň hünärmenleri Owganystanyň çäginde möhüm ykdysady desgalaryň gurluşygyny alyp barýarlar. Bu, ilkinji nobat-

da, durmuş desgalary, elektrik geçiriji ulgamlar bolup, olar türkmen elektrik energiýasyny owgan halkyna ýetirýär. Soňky ýyllarda ikitaraplaýyn baglaşylan şertnamalaryň çäklerinde elektrik geçiriji we üpjünçilik desgalarynyň birnäçesi ulanylmaga berildi we olaryň ençemesiniň gurluşygy dowam edýär. Türkmenistan bilim we saglygy goraýyş ulgamynda hem owgan raýatlaryna muzdsuz kömek berýär. Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy bilen türkmen tarapynyň serişdeleriniň hasabyna Owganystanda Saglyk öýi, çaga dogrulýan öý, mekdep ýaly binalar guruldy.

Anyk sanlar bilen beýan edilende, 2008-nji ýylyň gazaply gyşynda Owganystanyň demirgazyk welaýatlaryna 1 müň tonna un, 500 tonna dizel ýangyjy, 8 müň toplum ýyly eşikler iberildi. Täjigistanyň halkyna bolsa ynsanperwerlik kömegi hökmünde 500 tonna dizel ýangyjy berildi. Şuňa meňzeş kömekler goňşy Owganystana soňky ýyllarda-da yzygiderli iberilip duruldy.

Owganystanyň Farýab welaýatynyň Garamgöl etrabyndaky Saglyk öýüni abzallaşdyrmak üçin lukmançylyk enjamlary we mebel görnüşinde nobatdaky ynsanperwerlik kömeginiň iberilmegi ýene-de bir mysaldyr. Mälim bolşy ýaly, bu durmuş desgasy, şeýle hem Balh welaýatynyň Şordepe etrabynyň Hazara-tokaý obasyndaky mekdep Türkmenistanyň Prezidentiniň görkezmesine laýyklykda biziň döwletimiziň serişdeleriniň hasabyna guruldy.

2013-nji ýylyň 14-nji martynda türkmen halkynyň gadymdan gelýän durmuş ýörelgesiniň mizemezligini – goňşy halklar bilen dostlukly gatnaşyklary saklamak we ösdürmek däbini dabaralandyran waka bolup geçdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça halkara Nowruz baýramy mynasybetli Ahal welaýatynyň dolandyryş merkezinden Owganystanyň çagalar öýlerinde terbiýelenýänlere we mekdep okuwçylaryna niýetlenilen ynsanperwerlik kömegi bolan ýük ugradyldy. Ol çagalar üçin sport eşiklerinden, konditer önümlerinden, okuw kitaplaryndan we esbaplaryndan ybaratdy. Şunuň bilen baglylykda, Owganystan Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Mohammad Fazel Saifiniň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ähli oňyn başlangyçlary, onuň durmuşa geçirýän parahatçylyk we açyklyk syýasaty halklary gadymdan gelýän dostluk

we ruhy garyndaşlyk bilen bagly bolan iki goňşy döwletiň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň berkidilmegine we ösdürilmegine hyzmat edýär. Häzirki ajaýyp sap ýüreklilik çäresi dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk däpleriniň öçmezliginiň ýene-de bir aýdyň mysaly boldy.

Bulardan başga-da, ozal gazanylan döwletara ylalaşyklarynyň esasynda Türkmenistanyň dürli okuw mekdeplerinde owgan talyplarynyň onlarçasy dürli hünärler boýunça bilim alýarlar.

2016-njy ýylyň 5-nji iýunynda, mukaddes Oraza aýynyň öňüsyrasynda, Owganystan Yslam Respublikasynyň Hyrat welaýatynyň Turgundy şäherçesinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça bina edilen çaga dogrulýan öýüň açylyş dabarasy boldy. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, saglyk edarasynyň goňşy ýurtda gurulmagy we açylmagy Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk we ynsanperwerlik gymmatlyklaryna esaslanýan döredijilikli daşary syýasatynyň aýdyň netijesidir. Bu wakanyň ähli oňyn başlangyçlaryň we asylly işleriň döwri bolan mukaddes Oraza aýynyň başlanmagyna gabat gelmeginiň aýratyn mana eýedigini belläp, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň mundan beýläk-de goňşy owgan halkyna, Owganystanda parahatçylykly durmuşyň, durmuş-ykdysady ösüşiň berkidilmegine hemmetaraplaýyn goldaw berjekdigini aýtdy.

Şu we başga mysallar doganlyk ýurt bolan Owganystan döwletine we onuň halkyna Türkmenistanyň giň möçberli kömeginiň we ýardamynyň diňe bir bölegi bolup durýar. Olar iň arzan bahadan elektrik energiýasyny ibermek, ulag infrastrukturasyny ösdürmek, ägirt uly «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» taslamasyny amala aşyrmak, şeýle hem saglygy goraýyş, bilim, medeniýet ýaly çygyrlary hem goşmak bilen, örän giň ugurlary öz içine alýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň anyk çäreler arkaly amala aşyrylýan ugurlarynyň biri-de häzirki döwürde dünýä bileleşigi üçin möhüm ähmiýete eýe bolup durýan bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselesidir. Halkara-hukuk namalarynyň düzgünlerini milli kanunçylygymyza girizmek maksady bilen, Türkmenistanda bosgunlaryň hukuk ýagdaýyny düzgünleşdirýän, olaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny kepillendirýän milli kanunçylygyň berk binýady döredildi. Ol işleriň hukuk binýady hökmünde Türk-

menistanyň goşulan konwensiýalary, kabul eden kanunçylyk namalary hyzmat edýär. Bulara Türkmenistanyň 1997-nji ýylda «Bosgunlaryň hukuk ýagdaýy hakynda» 1951-nji ýylda kabul edilen BMG-niň Konwensiýasyna we 1967-nji ýylda kabul edilen Teswirnamasyna, 2011-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň «Apatridleriň derejesi hakynda» 1954-nji ýyldaky Konwensiýasyna, 2012-nji ýylda «Raýatsyzlygy azaltmak hakynda» 1961-nji ýyldaky Konwensiýasyna goşulmagy, şeýle hem 2011-nji ýylyň 26-njy martynda «Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda», 2012-nji ýylyň 31-nji martynda «Migrasiýa hakynda», 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda «Bosgunlar hakynda» we 2013-nji ýylyň 22-nji iýunynda «Türkmenistanyň raýatlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalaryna we ýörelgelerine laýyk gelýän görnüşde işlenip taýýarlanylmagy we kabul edilmegi mysal bolup biler.

Türkmenistan ynsanperwerlik meseleleri bilen bagly iş alyp barýan halkara guramalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Ýurdumyz sebitde ilkinjileriň biri bolup bosgunlar bilen bagly meselelere aýratyn üns berdi we Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň müdirligi bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk edip, bu ugurda göz öňünde tutulan işleri amala aşyryp başlady.

Türkmenistanyň bu wekilhana bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk etmegi netijesinde, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini iş ýüzünde çözmäge gönükdirilen taslamalaryň we maksatnamalaryň onlarçasyny amala aşyrdy we bu işleri dowam edýär. Türkmenistanyň Baştutanynyň alyp barýan ynsanperwer syýasatynyň netijesinde, biziň ýurdumyz birnäçe goňşy ýurtlaryň we beýleki döwletleriň dürli sebäplere görä ýaşaýan ýerlerini taşlamaga we öz ýurtlarynyň çäklerinden çykyp gitmäge mejbur bolan raýatlarynyň ikinji watanyna öwrüldi. Hususan-da, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda Täjigistanda bolan raýatlyk urşy mahalynda ol ýerden göçüp gelen raýatlaryň köpüsine biziň döwletimiziň çäginde ýurt tutunmaga ähli mümkinçilikler döredildi. Şeýle hem, Türkmenistan amala aşyrýan ynsanperwer syýasatynyň netijesinde, 2011-nji ýylda BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň ýerine ýetiriji komitetine saýlanyldy.

2014-nji ýylyň 23-24-nji iýunynda Türkmenistanda BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň müdirligi (BMG BÝKM) we Migrasiýa boýunça halkara guramasy (MHG) bilen bilelikde raýatlygy bolmadyk adamlara degişli meseleleri ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, «Migrasiýa we raýatsyzlyk boýunça» geçirilen halkara maslahaty hem şaýatlyk edýär. Mälim bolşy ýaly, ýokary derejedäki bu halkara maslahatyny Aşgabatda geçirmek başlangyjy Türkmenistan tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 68-nji maslahatynda öňe sürüldi we dünýä bileleşigi tarapyndan uly goldaw bilen kabul edildi. Bu halkara maslahatyna taýýarlygyň çäklerinde, 2014-nji ýylyň 30-njy aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylarynyň, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylarynyň, halkara guramalaryň wekilleriniň, bilermenleriň, şeýle hem BMG BÝKM-iň we MHG-niň Merkezi Aziýa ýurtlary boýunça Sebitleýin utgaşdyryjylarynyň gatnaşmaklarynda iş duşuşygy hem geçirildi.

Türkmenistanyň beýleki halkara meseleleri bilen birlikde, migrasiýa, bosgunlar we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýy barada gazanan oňyn tejribesi bar. Olaryň esasylary: bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek, olara ýeňillikleri bermek we degişli şertleri döretmek, olaryň emläk hukugyny goramak, saglyklaryny bejertmek we bilim almak boýunça hukuklaryny üpjün etmek, bir ýerden beýleki ýere barmagy üçin zerur bolan rugsat beriji resminamalar bilen üpjün etmek ýaly birnäçe durmuşa geçirilen işler bolup durýar.

Mälim bolşy ýaly, 2011-nji ýylyň 11-12-nji maýynda Aşgabatda «Musulman dünýäsinde bosgunlar» atly halkara maslahaty üstünlikli geçirildi. Ol Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we BMG BÝKM bilen bilelikde guraldy. Bu iri maslahaty Aşgabatda geçirmek başlangyjy Türkmenistanyň Baştutany tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 66-njy maslahatynda öňe sürüldi. Maslahata Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzasy bolan ýurtlardan wekilýetler, 40-a golaý halkara we hökümetara guramalaryň wekilleri, 21 döwletden synçylar gatnaşdylar. Onuň iş mejlislerinde musulman dünýäsindäki

bosgunlaryň ýagdaýy jikme-jik ara alnyp maslahatlaşyldy we onuň jemleri boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti bu halkara forumynda çykyş etmek bilen, bosgunlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň meselelerini çözmäge gönükdirilen halkara tagallalarynyň birleşdirilmeginiň häzir örän möhümdigini aýratyn belledi. Dünýä bileleşiginiň bu ugurda alyp barýan bilelikdäki işleri, ilkinji nobatda, ählumumy wehimlere we howplara garşy göreşmek zerurlygyndan gelip çykýar. Şol wehimleriň we howplaryň hatarynda Ýer ýüzüniň aýry-aýry sebitleriniň durnuksyzlygyny, döwletleriň deň ösmeýändigini, maliýe-ykdysady çökgünligiň ýaramaz netijelerini görkezmek bolar. Milli Liderimiz bu hakda aýtmak bilen, şeýle ýagdaýlaryň adamlary ýaşaýan ýerlerini üýtgetmäge mejbur edýän esasy sebäpler bolup durýandygyna ünsi çekdi.

Türkmenistanyň Prezidenti bu mesele barada aýtmak bilen, ýurdumyzyň öz üstüne alan halkara borçnamalaryny hemişe pugta berjaý edýändigini belledi we Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy hökmünde biziň ýurdumyzyň parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, belent ynsanperwerlik maksatlaryny we gymmatlyklaryny ykrar etmek boýunça amala aşyrylýan hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşýanlygy barada nygtap geçdi. Halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen kadalaryna we türkmen halkynyň ynsanperwerlik hem-de myhmansöýerlik ýaly gadymdan gelýän milli däplerine eýermek bilen, Türkmenistanyň Hökümeti bu adamlary mynasyp garşy aldy. Olaryň oňat şertlerde, kadaly ýaşamaklary üçin ýurdumyzda ähli şertler döredildi. Hususan-da, ýurdumyza gelen adamlara ýaşaýyş jaýlary berildi, olar iş bilen üpjün edildi, oba ýerlerinde bolsa, olara ýer bölünip berildi. Şeýle hem, bu adamlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleri bilen bagly meseleler doly derejede çözüldi.

Milli Liderimiz ýokary derejeli forumda sözlän sözünde anyk mysallary hem delil getirdi. Hususan-da, 2005-nji ýylda 13 müňden gowrak adam meýletinlik esasynda Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edildi, olaryň 9500-e golaýy bolsa bosgunlardyr. Mundan başga-da, 3 müňden gowrak adama ýaşamak üçin ygtyýarnama berildi, bu ygtyýarnama berlen adamlaryň hem 1800-si bosgunlardyr. Ýurdumyzda raýatlygy bolmadyk adamlaryň meseleleriniň çözülmegi Türkmenistanyň halkara ynsanperwerlik guramalary bilen alyp

barýan hyzmatdaşlygynda möhüm tapgyr boldy. Türkmenistan 2011-nji ýylda döwletimiziň çäklerinde ýaşaýan 3000-den gowrak adama öz raýatlygyny berdi. Türkmenistanyň Prezidenti bu anyk sanlary getirmek bilen, geçirilen bu çäreleriň häzirki döwürde dünýä bileleşigini gyzyklandyrýan, özboluşly halkara tejribesine öwrülendigini ynam bilen aýdyp biljekdigini beýan etdi.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy hökmünde migrasiýa babatda hem uly işler alyp barýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan 2013-nji ýylda Migrasiýa boýunça Halkara guramasynyň agzalygyna kabul edildi. Türkmenistan bu gurama 1997-nji ýylda synçy döwlet hökmünde goşulypdy. 1998-nji ýylyň iýun aýynda bolsa, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Migrasiýa boýunça Halkara guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk barada Ylalaşyga gol çekildi. Onuň çäklerinde Adam söwdasyna garşy hereket etmek we migrantlara kömek bermek, tehniki taýdan hyzmatdaşlyk etmek we serhetleri dolandyrmak, adatdan daşary ýagdaýlary dolandyrmak, tebigy betbagtçylygyň howpuny azaltmak we beýleki ugurlar boýunça birnäçe maksatnamalar amala aşyryldy.

Migrasiýa boýunça Halkara guramasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýurdumyzda dürli derejedäki maslahatlar we okuwlar yzygiderli geçirilýär. 2013-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda «Gündogar we Günbatar Ýewropanyň, şeýle hem Merkezi Aziýanyň ýurtlarynyň arasyndaky adam söwdasyna garşy hereket etmek boýunça Milli iş meýilnamasyny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak boýunça tejribäni alyşmak» ady bilen maslahat geçirildi. Maslahat bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygyny berkitmekde, umumy çemeleşmäni işläp taýýarlamakda möhüm goşant goşdy. Şeýle hem, maslahata gatnaşyjylar Türkmenistanyň jenaýatçylyga garşy göreşmek meseleleri barada, netijeli halkara hyzmatdaşlygyny alyp barýandygyny hem nygtadylar. Türkmenistan halkara hukugynyň kadalaryna we ýörelgelerine laýyklykda, şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň howpsuzlygynyň üpjün edilmegine uly üns berýär. Bu ulgamda milli kanunçylygymyza halkara kadalarynyň ornaşdyrylmagyna hem uly ähmiýet berilýär. Muňa 2007-nji ýylyň 14-nji dekabrynda «Adam söwdasyna garşy göreş hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi hem mysal bolup biler.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2013-nji ýylyň oktýabrynda Aşgabatda geçirilen Serhetleriň howpsuzlygy boýunça Merkezi Aziýa başlangyç toparynyň 11-nji maslahatynda bolsa, Türkmenistan serhediň we serhetýaka şertleriniň howpsuzlyk ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen anyk ädimleri ädýär hem-de adamlaryň serhedi bozup geçmekleri boýunça barlaglary guramakda ýokary derejelere ýetdi diýip bellendi.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistan goňşy Owganystana nähili goldawlary berýär?
2. Adam hukuklary baradaky esasy halkara resminamalaryny aýdyp beriň.
3. Bosgunlar meselesiniň derwaýyslygy barada gürrüň beriň.

## § 4. Türkmenistan – UNESCO: medeni we tebigy mirasy gorap saklamagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata-babalarymyzdan miras galan gadymy gymmatlyklarymyzy, dessanlarymyzy, halk döredijiligimizi, nusgawy şahyrlarymyzyň pähim-paýhasa ýugrulan eserlerini öwrenmäge, gorap saklamaga, dünýä ýaýmaga bagyşlanan uly ähmiýetli çäreler giň gerim aldy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň teklibi bilen 2016-njy ýyl «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýyly» diýlip yglan edildi. Milli Liderimiziň medeni mirasa döwlet syýasaty derejesinde ägirt uly hormat goýmagynda we halkara möçberdäki giň gerimli we wajyp çäreleriň meýilleşdirilmeginde çuňňur pähim-paýhas we many-mazmun bar. Ol türkmen halkynyň gaýtalanmajak taryhy we medeni mirasyny hem-de onuň milli tebigy baýlyklaryny dikeltmek, gorap saklamak we olaryň mazmunyny köpçülige ýetirmek işiniň döwlet ösüşiniň ileri tutulýan meseleleriniň hatarynda durýandygyny mydama nygtaýar. Medeniýetleriň taryhy eýýamlardaky özara täsirinde, adamzadyň ynsanperwerlik tejribesi, bilim we ylym taýdan ösüşinde, ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky aňyýet we gözýetim giňişlikleriniň many-mazmun bilen doldurylmagynda bahasyna ýetip bolmajak ähmiýetli goşant goşan ata-babalarynyň mizemez mirasyna daýanýan Türkmenistan bu günki gün, sözüň doly manysynda, dünýäniň ylym

we medeni hyzmatdaşlygynyň barha ösýän merkezleriniň Gadymy siwilizasiýalaryň dörän we adamzat medeniýetiniň düýbi tutulan ýerleriniň biri bolan mukaddes türkmen topragynyň bu günki gülläp ösmeginiň binýadynda duran hormatly Prezidentimiziň çuňňur paýhasa esaslanýan we ata-babalarymyzyň parasatyna ýugrulan syýasatynyň rowaç almagy döredijilik adamlaryny hyjuwly zähmete we täze ylmy gözleglere ruhlandyrýar.

Halkara medeni-ynsanperwerlik gatnaşyklary çygrynda BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy (UNESCO) bilen hyzmatdaşlygy giňeltmäge we berkitmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Şu babatda zerur bolan tagallalar UNESCO bilen bilelikdäki taslamalary amala aşyrmaga, hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny kesgitlemäge gönükdirilýär.

Türkmenistan 1993-nji ýylyň 17-nji awgustyndan bäri UNESKO-nyň doly hukukly agzasy bolup durýar. 1993-nji ýylyň 9-njy sentýabrynda Türkmenistanyň UNESKO boýunça Milli komissiýasy döredildi. Türkmenistanyň bu guramanyň ýanyndaky wekilhanasy Parižde 1995-nji ýyldan bäri hereket edýär. UNESKO dünýä medeniýetine degişli ýadygärlikleri we tebigy künjekleri aýawly saklamak boýunça halkara derejesindäki işde ilkinji orny eýeläp, ählumumy gymmatlyklara we her bir halkyň mertebesine uly hormat goýulmagyna esaslanýan açyk gatnaşyklar üçin oňaýly şertleriň döredilmegi ugrunda iş alyp barýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň türkmen halkynyň täsin galdyryjy medeni mirasyny täzeden dikeltmek, aýawly saklamak we wagyz etmek boýunça ýöredýän syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary UNESKO-nyň maksatlaryna laýyk gelýär. Munuň özi bu abraýly halkara düzümi bilen däbe öwrülen hyzmatdaşlygyň çaltlandyrylmagyna badalga beriji esas bolup durýar. BMG tarapyndan 2013-2022-nji ýyllaryň medeniýetleriň ýakynlaşmagynyň halkara onýyllygy diýlip yglan edilmegi şeýle hyzmatdaşlygyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Soňky ýyllarda netijeli gatnaşyklar ýerine ýetirilýän bilelikdäki taslamalaryň üsti bilen hil taýdan täze derejä çykdy. Türkmenistanyň 2013-2017-nji ýyllarda UNESKO-nyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzalygyna saýlanmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. 2009-njy ýylyň 6-njy maýynda hormatly Prezidentimiziň UNESKO-nyň «Awisenna»

atly altyn medaly bilen sylaglanylmagy bolsa, onuň milli medeniýetiň ösüşine, medeni-taryhy ýadygärlikleriň goralyp saklanylmagyna we UNESKO bilen hyzmatdaşlygy berkitmäge ägirt uly goşandyna dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan berlen ýokary bahadyr.

UNESKO-nyň wezipesi köp ugurly bolup, onuň medeni işi, esasan, döredijilik işini höweslendirmekde, medeniýetleriň öwrenilmeginde we ösdürilmeginde, kitaplaryň, sungat eserleriniň, medeni we tebigy ýadygärlikleriň dünýä mirasynyň goragynda, şeýle hem däp-dessurlaryň medeni özboluşlylygynyň saklanylmagynda jemlenýär. 1972-nji ýylyň 16-njy noýabrynda UNESKO-nyň XVII Baş Maslahatynda Bütindünýä medeni we tebigy mirasy gorap saklamak hakynda Konwensiýa kabul edildi hem-de ol 1975-nji ýylyň 17-nji dekabrynda güýje girdi. Türkmenistan Bütindünýä medeni we tebigy mirasy gorap saklamak hakynda Konwensiýany 1994-nji ýylda tassyklady. Häzirki güne çenli 190-dan gowrak döwlet bu Konwensiýanyň agzasy bolup durýar. Konwensiýa adamzadyň gaýtalanmajak ählumumy mirasy bolan taryhy-medeni we tebigy ýadygärlikleri gorap saklamak, dikeltmek we geljekki nesle ýetirmek üçin halkara-hukuk resminamasy bolup çykyş edýär.

Bu Konwensiýanyň täsirliligini artdyrmak maksady bilen, 1976-njy ýylda Bütindünýä mirasynyň komiteti we gaznasy döredildi. Komitet her ýyl öz mejlisine ýygnanmak bilen, bütindünýä mirasynyň sanawyna täze desgalary goşmak we aýyrmak, olary gorap saklamak üçin gaznanyň maliýe serişdelerini peýdalanmak ýaly meselelere seredýär. Bütindünýä mirasynyň sanawyna desgalar üç ugur boýunça goşulýar, ýagny medeni, tebigy we garyşyk görnüşde. Häzirki döwre çenli 1000-den gowrak desgalar bu sanawa goşuldy. Sanawa täze desgalary goşmak boýunça döwletler öz tekliplerini taýýarlaýarlar. Tekliplere seretmekde komitete maslahatçy hökmünde Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi we Ýadygärlikleri we gözel künjekleri goramagyň halkara geňeşi çykyş edýär. Şeýle hem komitete Medeni gymmatlyklary gorap saklamak we gaýtadan dikeltmek boýunça halkara barlag merkezi öz maslahatlaryny berýär.

Milli we bütindünýä gymmatyna eýe bolan medeni ýadygärliklerini öwrenmek, gaýtadan dikeltmek we gorap saklamak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup

durýar. Bu ugurda maksatnamalar we taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Alnyp barylýan bu yzygiderli syýasatyň, şeýle hem Türkmenistanyň UNESKO bilen netijeli hyzmatdaşlygynyň esasynda türkmen topragynyň beýikligini äşgär edýän ägirt uly taryhy-binagärlik ýadygärlikleri bolan Gadymy Merw (1999 ý.), Köneürgenç (2005 ý.) we Nusaý (2007 ý.) Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşuldy. Bu bolsa biziň ýurdumyzyň bütindünýä taryhy we medeni baýlyklarynyň genji-hazynasyna goşan ägirt uly goşandydyr. 2003-nji ýylda UNESKO-nyň Maddy däl ruhy-medeni mirasy goramak baradaky Konwensiýasy kabul edildi. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu Konwensiýa 2011-nji ýylda goşuldy. Bu babatda aýdylanda, 2015-nji ýylyň dekabrynda «Görogly dessançylyk sungatynyň» UNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi milli maddy däl medeni mirasymyzyň hormat-sarpasynyň halkara derejesindäki ykrar edilmegi boldy.

Hormatly Prezidentimiz 2015-nji ýylyň 19-njy dekabrynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde dünýäniň ýüz ýurdundan wekilleriň 500-siniň gatnaşmagynda Namibiýa Respublikasynda şunuň bilen baglanyşykly ajaýyp wakanyň taryhy ähmiýetiniň uludygyny aýratyn nygtady. Namibiýa Respublikasynda geçirilen UNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak baradaky hökümetara komitetiniň 10-njy maslahatynda Türkmenistanyň teklibi boýunça hem-de toparyň agzalarynyň biragyzdan goldamagynda adamzadyň Maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna «Görogly dessançylyk sungaty» girizildi. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly, «Görogly» şadessany türkmen halkynyň asuda we abadan durmuş baradaky garaýyşlarynyň, Watany goramak, ýurda, topraga wepaly bolmak ugrunda görkezen gahrymançylygynyň çeper beýanydyr. Gadymy döwürlerden şu günlere gelip ýeten «Görogly» şadessanymyz ençeme asyrlaryň dowamynda watansöýerligiň, gaýduwsyzlygyň, ýurdy goramaklygyň, nesilleri agzybirlik, halallyk, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekligiň özboluşly mekdebine öwrüldi. Türkmen halkynyň şöhratly taryhynda mynasyp orny eýeleýän «Görogly» şadessany ulus-ili watançylyga, agzybirlige ruhlandyrmakda, ýaşlaryň kalbynda ata Watana, mukaddes topraga söýgi döretmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

UNESKO-nyň Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak hakyndaky Konwensiýasyna laýyklykda bu gurama halkara ekologik howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi bilen hem meşgul bolýar. Şonuň üçin hem UNESKO-nyň ençeme maksatnamalary umumadamzat emlägi hökmünde tebigy çeşmelerden has pähimli peýdalanmaklyga, olaryň azalmagynyň, hapalanmagynyň öňüni almaga we gorap saklanylmagyna gönükdirilendir. Bu meseleleriň çözülmegi bolsa umumydünýä çäginde işjeň hyzmatdaşlygy ýola goýmazdan asla mümkin däldir.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda bu babatda Türkmenistanyň alyp barýan işleri bolsa nusgalykdyr. Watanymyzyň tebigatynyň baýlyklaryny we gözelligini artdyrmak hem-de ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça ýurdumyzda döwlet syýasatynyň netijeliliginiň hil taýdan täze derejä çykýanlygy hem aýratyn bellärliklidir. Bu bolsa daşky gurşawy goramagyň global wezipelerini çözmekde Türkmenistanyň eýeleýän täsirli ornunyň işjeňligini aýdyň subut edýär. Şondan ugur alyp, soňky ýyllarda dünýäniň tebigy keşbiniň aýrylmaz möhüm bölegi bolup durýan, asyrlarboýy emele gelen Köýtendagyň haýran galdyryjy tebigy-ekologiki ulgamyny öwrenmek we ony Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak barada birnäçe işler amala aşyryldy. Hususan-da, 2012-nji ýylda geçirilen «Türkmenistanyň tebigaty: Köýtendagyň açylmadyk täsinlikleri» atly halkara maslahatynyň netijeleri we ýurdumyzyň bu ajaýyp tebigy künjeginiň baýlyklaryny hem-de gözelliklerini düýpli öwrenmek maksady bilen halkara ylmy ekspedisiýanyň işleri bellärliklidir.

Bu işleriň logiki dowamy hökmünde 2014-nji ýylda Türkmenistanyň Tebigaty goramak ministrligi bilen Beýik Britaniýa patyşalygynyň guşlary goramak boýunça jemgyýetiniň (RSPB) arasynda gol çekilen Ähtnama esasynda «Köýtendagyň dag ekoulgamy» boýunça maglumatlar toplumy taýýarlanyldy. Şeýlelikde, Köýtendagyň dag ekologiýa ulgamyny Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmak üçin taýýarlanan resmi maglumatlar degişlilikde Türkmenistanyň UNESKO boýunça Milli komissiýasyna gowşuryldy. Bütindünýä mirasy goramak komitetiniň 2016-njy ýylyň 10-20-nji iýuly aralygynda Stambulda geçirilen 40-njy mejlisinde bolsa «Köýtendagyň dag eko-

ulgamy» ählumumy adamzadyň gaýtalanmajak tebigy gözelligi hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna mynasyp desgalaryň arasynda görkezildi.

Türkmenistanyň Prezidenti 2016-njy ýylyň 15-nji iýulynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde «Türkmenistanda milli medeni mirasy ylmy taýdan öwrenmegiň we wagyz etmegiň 2016-2021-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Karara gol çekdi. Munuň özi bolsa Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllyk şanly baýramyny giňden bellemegiň çäklerinde, şeýle hem, 2016-njy – Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýylynda döwlet derejesindäki iň ýokary maksatnamalaýyn çäreleriň barha uly derejä eýe bolýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän taryhy-medeni ýadygärlikleriniň 20-den gowragyny UNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna hödürlemek bilen bagly guramaçylyk işleri işjeň dowam etdirilýär. Hususan-da, Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Änew, Abiwerd, Sarahs, Amul, Dehistan, Şähryslam ýaly şäherler we obalar alymlaryň üns merkezinde durýar. Bu ilatly ýerler gadymy ýazuw çeşmeleriniň sahypalarynda köp gezek agzalandyklary sebäpli hem bellidir.

Bu işiň birinji tapgyrynda Amuldan Merw aralygynda ýerleşýän üç sany ýadygärligi hödürlemek bilen bagly zerur resminamalary taýýarlamaga girişildi. Bu babatda Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirligi, şeýle hem daşary ýurtlaryň Türkmenistanda gazuw-agtaryş işlerini alyp barýan meşhur alymlary, UNESKO-nyň Türkmenistandaky Işçi topary sazlaşykly işleri alyp barýarlar.

Hytaýdan başlap Wizantiýa we Ýewropa çenli dünýäniň ençeme ýurtlaryny baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýoly gadymyýetiň we orta asyryň esasy söwda ýollarynyň biri bolmak bilen, Gündogaryň we Günbataryň ykdysady gatnaşyklarynyň ösmeginde uly orun eýeledi. Mundan başga-da, ol dürli medeniýetleriň kesişen we özara täsir eden ýoluna öwrülip, dünýä siwilizasiýasynyň ösmegine ýardam edipdir.

Şeýlelik bilen, döwlet Baştutanymyzyň halkara medeni-gumanitar we ynsanpewrwerlik gatnaşyklaryndaky daşary syýasat ýörelgeleri anyk mysallarda öz beýanyny tapýar. Medeni mirasa sarpa goýmak

we ony geljekki nesillere ýetirmek baradaky alyp barýan bimöçber işleri ata-babalarymyzdan miras galan ruhy genji-hazynamyzda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň belent maksatlaryna has ynamly gadam urmaga ýardam etjek mümkinçilikleri tapmak we iş ýüzünde ulanmak maksadynyň doly amala aşyrylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

***Barlag üçin soraglar:***

1. Türkmenistanda Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek ýylynda nähili çäreler amala aşyryldy?
2. Türkmenistan bilen UNESKO-nyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ösüşi barada aýdyp beriň.
3. Ýadygärlikleri Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmegiň nähili ähmiýeti bar?

# NETIJE

Bu okuw kitabynda beýan edilen temalaryň jemleýji netijeleri giň häsiýetli bolup durýar. Olar, ilkinji nobatda, daşary syýasat düşünjesiniň ylmy taýdan derňelmegi we onuň Türkmenistanyň alyp barýan hoşniýetli we dostlukly halkara gatnaşyklarynyň hem-de diplomatiýasynyň mysalynda beýan edilmegi bilen baglydyr. Halkara gatnaşyklary ulgamynda özygtyýarly we deňhukukly tarap bolup durýan her bir döwlet özüniň milli bähbitlerine laýyklykda we öňde goýan maksatlaryna ýetmek üçin degişli daşary syýasat strategiýasyny saýlap alýar hem-de ony yzygiderli durmuşa geçirýär. Türkmenistan özüniň garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden başlap oňyn bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatyny amala aşyrýar. Onuň halkara-hukuk taýdan resmileşdirilmegi 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite rezolýusiýasynyň biragyzdan kabul edilmegi bilen amala aşyryldy. Bu şanly senäniň ýigrimi ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda, ýagny 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 70-nji maslahatynyň çäklerinde Türkmenistanyň bitaraplygy hakynda ýene bir rezolýusiýanyň kabul edilmegi hem taryhy waka bolup durýar.

Okuw kitabynda daşary syýasatyň mazmun taýdan halkara işlerinde döwletiň alyp barýan esasy ugruny görkezýändigi barada giňişleýin maglumatlar getirildi. Bu ugry durmuşa geçirmekde esasy syýasy serişde bolup durýan diplomatiýanyň wajyp we örän jogapkärli orny görkezildi. Daşary syýasatyň döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygy barada bellemek bilen, onuň içeri syýasat bilen berk baglanyşygy dürli mysallar bilen beýan edildi. Daşary syýasatyň gelip çykyşy we ösüşi adamzat jemgyýetinde döwletiň ýüze çykmagy bilen şertlendirilýändigi düşündirildi. Şu mynasybetli, daşary syýasaty emele getirmekde döwlete esasy we kesgitleýji orun degişlidir. Halkara gatnaşyklarynyň esasy subýektleri hökmünde döwletler, olaryň düzümleri, döwlet we syýasy baştutanlary daşary syýasaty amala aşyryjylar bolup durýarlar. Mundan başga-da, bu okuw kitabynda halkara guramalarynyň we hökümete degişli däl guramalaryň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň hem daşary syýasat ulgamynda ähmiýetli orny eýeleýänligine üns çekildi.

Daşary syýasatyň iş ýüzünde durmuşa geçirilýän giňişligi, ilkinji nobatda, halkara gatnaşyklary ulgamydyr. Bu ulgamyň sazlaşykly hereket etmegi üçin onuň esasynda ählumumy ykrar edilen ýörelgeler we hukuk gatnaşyklary goýlandyr. Olaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegi bilen dünýä tertibi durnukly ýagdaýda bolýar we hereket edýär. Häzirkizaman dünýä syýasy tertibiniň binýadyny tutujy düzüm hökmünde Birleşen Milletler Guramasyny görkezmek bolar we onuň Tertipnamasynda parahatçylykly gatnaşyklaryň häzirkizaman ýörelgeleri we kadalary berkidilendir. Okuw kitabynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara gatnaşyklary ulgamynyň oňyn we netijeli hereketi üçin edilýän tagallalara özüniň mynasyp goşandyny goşýanlygy subut edildi.

Okuw kitabynda daşary syýasaty maksatlaýyn amala aşyrmagyň esasy ýörelgeleri, şol sanda strategiki meýilleşdirişiň mazmuny we usulyýeti beýan edildi. Daşary syýasatda strategiki meýilleşdiriş işiniň birnäçe esasy tapgyrlary görkezildi we olaryň mazmuny düşündirildi. Bu babatda çuňňur tejribe we ylmy esasda çemeleşmegiň mysaly hökmünde Türkmenistanyň daşary syýasat ugurlarynyň 2008-2012, 2013-2017 we 2017-2023-nji ýyllar üçin konsepsiýalary görkezildi. Ol konsepsiýalaryň esasynda türkmen döwletiniň oňyn bitaraplygynyň düýbüni tutýan ýörelgeler goýlandyr.

Okuw kitabynda aýratyn bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň binýatlyk esaslary we strategiki ugurlary, ilkinji nobatda, hemişelik bitaraplyga we parahatçylyk söýüjilige esaslanandyr. Şunuň bilen baglylykda, resmi delillere salgylanmak bilen, Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy saýlap almagynyň taryhy, syýasy, hukuk we beýleki wajyp şertleri barada düşündirilýär. Türkmen döwletiniň bitaraplygynyň aýratyn esaslaryna ünsi çekmek bilen, onuň gelip çykyşy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly ýörite rezolýusiýasyna laýyklykda ykrar edilen bolup durýandygy beýan edilýär, ýagny ol halkara-hukuk ýagdaýy bilen berkidilendir. Türkmenistanyň bitaraplygy özüniň görnüşi boýunça hemişelikdir, ýagny ol taryhy döwürlere we şertlere garamazdan, harby ýagdaýlarda-da, parahatçylykly durmuşda-da hereket edýär hem-de berk berjäý edilýär. Türkmenistanyň bitaraplygy özüniň mazmuny boýunça oňyn häsiýete eýedir, ýagny ol halkara syýasatynyň işjeň guraly bolmak bilen, barha kämilleşýär we parahatçylygy goldamakda giň mümkinçilikleri açýar.

Kitapda beýan edilen wajyp meseleleriň arasynda Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki hyzmatdaşlygy aýratyn orun tutýar. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen oňyn hyzmatdaşlygy biziň döwletimiziň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan we möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Şeýle hyzmatdaşlyk dünýäde we sebitde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamagyň mäkäm usullaryny döretmek babatda Türkmenistanyň we Milletler Bileleşiginiň uzakmöhletleýin maksatlarynyň gabat gelmegine esaslanýar. Şunuň bilen baglylykda, parahatçylygy, howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek, global syýasy, ykdysady, sosial meseleleri çözmegiň hökmany şerti bolup gulluk edýär. Şu jähtden, Türkmenistanyň tagallalary howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi ýörelgelerini BMG-niň çözgütlerinde mundan beýläğem ösdürmäge gönükdirilendir.

Bu okuw kitabynda Türkmenistanyň Prezidentiniň öňe süren howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konseptual garaýyşlarynyň mazmunyna we iş ýüzünde amala aşyrylyşyna aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, parahatçylyga gönükdirilen syýasy dünýägaraýyş esasynda Türkmenistanyň öz giň we köpugurly hyzmatdaşlyga gönükdirilen strategiýasyny gurýandygy görkezildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat başlangyçlarynyň mysalynda ýurdumyzyň halkara gatnaşyklary ulgamyndaky işjeň orny beýan edildi. Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmegiň strategik maksatlary şu günki gün halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmegiň wezipeleri, häzirki zamanda adamzada abanýan howplar we wehimler bilen göreşmekde tagallalaryň birleşdirilmegi, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň mundan beýläğem giňeldilmegi boýunça sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek we berkitmek, yklymara ulag-aragatnaşyk ulgamyny döretmek we işlemegini üpjün etmek üçin amatly şertleri döretmek baradaky meseleler bilen has ýakyndan utgaşýar.

Dünýä ösüşini üpjün etmekde energetika howpsuzlygynyň orny we ähmiýeti baradaky meselelere aýratyn üns berildi. Şunuň bilen baglylykda, energiýa serişdelerini howpsuz üstaşyr geçirmek boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary beýan edildi. Energiýa çeşmeleriniň elýeterliligi, bu ugurda ösen infrastrukturanyň bolma-

gy häzirkizaman ykdysadyýetiniň ösmegi, halklaryň hal-ýagdaýynyň ýokarlanmagy, bütin adamzadyň medeni we ruhy taýdan ösmegi üçin maddy binýady döretmegiň esasy faktory bolup durýandygy bellenildi. Energiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň wajyp meseleleriniň hatarynda Türkmenistanyň diwersifikasiýa syýasatynyň ähmiýetli ugurlary görkezildi we ony amala aşyrmakda energetika diplomatiýasynyň giň möçberli halkara hyzmatdaşlygyny ýola goýmagyň netijeli guraly hökmündäki orny beýan edildi.

Okuw kitabynda derwaýys sebit meseleleri boýunça daşary syýasat hyzmatdaşlygyň ösüşini beýan etmegiň çäklerinde Hazar deňziniň parahatçylygyň we dostlukly gatnaşyklaryň deňzi hökmünde hyzmat etmegi ugrundaky tagallalara üns berildi. Bu gatnaşyklar dürli ugurlary, şol sanda Hazarýaka döwletleri bilen hyzmatdaşlygy hem özüne birikdirýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat ulgamynda möhüm orun eýeleýän hyzmatdaşlyk ugurlarynyň biri hem Hazar deňzi bilen baglanyşykly meseleleriň oňyn çözülmegi bilen baglydygy beýan edildi.

Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň geoykdysady ölçegi hem bu okuw kitabynda öz beýanyny tapdy. Bu babatda, Türkmenistanyň alyp barýan «Açyk gapylar» syýasaty, daşary ykdysady gatnaşyklarynyň syýasy-konseptual esaslary we hyzmatdaşlygyň esasy gurallary beýan edildi. Türkmenistanyň başga ýurtlar bilen netijeli oňyn hyzmatdaşlygy hökmünde hökümetara toparlarynyň işi barada bellenilip geçildi. Olaryň çäklerinde taraplaryň arasyndaky hyzmatdaşlyk üçin esasgoýujy şertleri döretmek boýunça meselelere seredilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar, şeýle hem teklipler kabul edilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasat tejribesiniň möhüm ugry, onuň resmi saparlarynyň maksatnamalarynyň düzüm bölegi hökmünde biznes-forumlaryň geçirilmegi we işewürler toparlarynyň wekilleri bilen duşuşyklary, şeýle hem senagat önümleriniň, tehnologiýalaryň we dürli eksport harytlarynyň sergileri boldy. Şeýlelikde, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ähli taraplaýyn ösdürmek, dünýäniň ykdysady infrastrukturasyna integrirlenmegi onuň uzakmöhletleýin geoykdysady strategiýasynyň ileri tutulýan esasyny düzýär.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň medeni-ynsanperwerlik ýörelgelerini düşündirmeklige hem bu okuw kitabynda aýratyn orun

berildi. Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 4-nji maddasynda «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr» diýlip bellenilýär. Şunuň esasynda hem adam hukuklary iň ýokary konstitusion derejede eldegrilmesizdir, adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da onuň hukuklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Şu nukdaýnazardan, adamyň hukuklaryny diňe bir parahatçylyk döwründe däl-de, eýsem ýaragly çaknyşyk wagtynda hem, tebigy betbagtçylyk wagtynda hem hormatlamak we goramak zerurlygy ýüze çykýar. Şunuň bilen baglylykda, okuw kitabynyň çäklerinde Türkmenistanyň halkara ynsanperwerlik we gumanitar ugurlardaky nusgalyk tejribesi hem giňden beýan edildi.

Türkmen halkynyň ýokary milli bähbitlerine laýyk gelýän Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasat ugry döwletiň içeri we daşary syýasatynyň bitewüliginiň aýdyň beýany boldy. Ol ýurduň garaşsyzlygynyň berkemegine, parahatçylygy saklamaga, onuň ykdysadyýetiniň okgunly ösmegine, bazar özgertmeleriniň maksatnamalaryny ýerine ýetirmäge ýardam berdi. Hut şu ýörelgeleýin daşary syýasat ugrunyň netijesinde Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň we dünýä hojalyk aragatnaşyklarynyň ulgamyna işjeň goşulyp başlady. Şu günki gün Türkmenistan planetanyň ähli halklary bilen özara bähbitli deňhukukly hyzmatdaşlyga ymtylýan, bütin dünýäde parahatçylyk döredijі döwlet hökmünde giňden bellidir.

Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasat ugry, onuň hemişelik bitaraplygy XXI asyrda halkara gatnaşyklarynda ynsanperwerlik we adalatlylyk ýörelgelerini, jedelleri we gapma-garşylyklary güýç ulanmazdan çözmegi, şeýle hem türkmeniň gadymdan gelýän parahatçylyk söýüjilik, dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk däplerini tassyklamak maksatlary esasy orny eýeläp, geljege nazar salýar.

Türkmenistan, ilkinji nobatda, parahatçylygy, howpsuzlygy, abadançylygy we durnukly ösüşi berkitmegiň hatyrasyna hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukukly we özara bähbitli hyzmatdaşlyk üçin bütin dünýä açyk döwlet boldy we bolmagynda galýar. Türkmenistan, oňyn halkara hyzmatdaşlygynyň ähli görnüşleri üçin açyk bolmak bilen, parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, dürli döwletler bilen birek-birege hormat goýmak we deňhukukly gatnaşyklary amala aşyrmak hem-de ösdürmek boýunça esasgoýujy ýörelgelere gyşarnyksyz eýerýär.

## Okuw kitabynda ulanylan gysgaltmalar

BMG – Birleşen Milletler Guramasy
GDA – Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy
SSSR – Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzy
ABŞ – Amerikanyň Birleşen Ştatlary
ASEAN – Aziýa döwletleriniň ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy
NAFTA – Demirgazyk Amerika döwletleriniň erkin söwda zolagy
ÝB – Ýewropa Bileleşigi
ÝHHG – Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy
DSSM – Daşary syýasaty strategik meýilleşdiriş
EKO – Ekologik halkara jemgyýetçilik guramasy
UNRCCA – BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi
UNISEF – BMG-niň Çagalar gaznasy
UNFPA – BMG-niň Ilat gaznasy
BSG – Bütindünýä Söwda Guramasy
BSGG – Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy
YDG (EKOSOS) – BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşi
SPEKA – BMG-niň Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetleri üçin ýörite maksatnamasy
UNDAF – Türkmenistany ösdürmäge ýardam etmek boýunça BMG-niň Çarçuwaly maksatnamasy
ŞHG – Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy
YHG – Yslam Hyzmatdaşlygy Guramasy
SBT – Sebitleýin bilermenler topary
MAGATE – Atom energiýasy boýunça Halkara agentligi
MYE – Milli ygtyýarly edara
NATO – Demirgazyk Atlantik Şertnamasy Guramasy
PHH – Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk
UNAMA – BMG-niň Owganystana ýardam bermek boýunça Missiýasy
BMG ÖM – BMG-niň Ösüş Maksatnamasy
BMG ÝYK – BMG-niň Ýewropa Ykdysady komissiýasy
BMG HG – BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi
BMG BÝKM – BMG-niň Bosgunlaryň işleri boýunça Ýokary komissarynyň müdirligi
AHHG – Araly halas etmek boýunça Halkara gaznasy
TOPH – «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisi
AÖB – Aziýa Ösüş banky
MASYH – Merkezi Aziýa Sebitleýin Ykdysady Hyzmatdaşlygy

ÝUSAID – ABŞ-nyň Halkara ösüş boýunça agentligi
DGGM (UNEP) – BMG-niň Daşky gurşawy goramak boýunça maksatnamasy
HEM – Hazar ekologik maksatnamasy
TRASEKA – Halkara ulag geçelgesini ösdürmek boýunça sebit maksatnamasy
GEG – «KaspEko» Global ekologik gaznasy
IOI – Halkara ummanlar instituty
FAO – BMG-niň Azyk we oba hojalyk maksatnamasy
KÜÇK – Klimatyň üýtgemegi hakynda BMG-niň Çarçuwaly Konwensiýasy
AÖG – Arassa ösüşiň guraly
AÖME – Arassa ösüşiň guraly boýunça Milli edara (Pudagara döwlet topary)
«Rio+20» – BMG-niň Durnukly ösüş boýunça maslahaty (2012 ý.)
IKARDA – Merkezi Aziýanyň we Günorta Kawkazyň gurakçylyk sebitlerinde oba hojalyk barlaglarynyň Halkara merkezi
UN-HABITAT – Ilatly ýerler boýunça BMG-niň Maksatnamasy
UNCTAD – BMG-niň Söwda we ösüş boýunça maslahaty
UNESKO – BMG-niň bilim, ylym, medeniýet boýunça guramasy
ESKATO – BMG-niň Aziýa-Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we durmuş komissiýasy
YÖB – Yslam Ösüş banky
KASPKOM – Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy we onuň hapalanmagyna gözegçilik etmek boýunça Utgaşdyryjy komitet
MASEM – Merkezi Aziýa Sebitleýin ekologiýa merkezi
IRU – Halkara awtomobil ulaglary birleşigi
HPG – Halkara Pul Gaznasy
IKAO – Halkara raýat awiasiýasy guramasy
IATA – Halkara howa gatnawlary assosiasiýasy
MHG – Migrasiýa boýunça halkara guramasy
RSPB – Beýik Britaniýanyň guşlary goramak boýunça jemgyýeti

## Peýdalanylan edebiýatlar

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VI tom, Aşgabat, 2013.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VII tom, Aşgabat, 2014.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. VIII tom. Aşgabat, 2015.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015.

7. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň sözlän sözleri, çykyşlary we interwýulary. Aşgabat, 2010.

8. Türkmenistanyň bitaraplygy: parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi çykyşlarynyň we ýüzlenmeleriniň ýygyndysy. Aşgabat, 2015.

9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmen diplomatiýasynyň wezipeleri. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. № 1, 2011, 2-6 sah.

10. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Bitaraplyk syýasaty: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň ugrunda halkara hyzmatdaşlygy» atly halkara maslahatynda sözlän sözi (2015-nji ýylyň 12-nji dekabry). «Türkmenistan», 13.12.2015.

11. Выступление Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова на международной конференции высокого уровня «Политика нейтралитета: международное сотрудничество во имя мира, безопасности и развития» (12 декабря 2015 г., город Ашхабад). Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. № 4, 2015 г. стр.1-8.

12. Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

13. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugynyň esaslary – taryh, kadalar, nazaryýet, tejribe. Aşgabat, 2012.

14. *Rahmanow A.* Birleşen Milletler Guramasynyň ulgamy. Aşgabat, 2014.

15. *Karaýew B.* Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasy: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlygyň täze sepgitleri. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. 2012 ý., № 4. 16-24 sah.

16. *Karaýew B.* Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. 2014 ý., № 3. 34-39 sah.

17. *Караев Б.*Геополитика нейтралитета: стратегия мира, безопасности и развития в действии. Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. № 4, 2014 г., стр. 92-97.

18. *Караев Б.* Стратегия нейтралитета Туркменистана: за долгосрочный мир и безопасность на планете. «Нейтральный Туркменистан», 10.12.2013.

19. *Караев Б.* Стратегия нейтралитета Туркменистана: региональное измерение глобальной координаты. «Нейтральный Туркменистан», 30.05.2015.

20. *Комеков Т.Б.* Туркменистан: Стратегия мира и развития – внешнеполитический курс и международные инициативы Президента Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова: во имя мира, безопасности и устойчивого развития. Баку, 2014.

21. *Ганюшкин Б.В.* Нейтралитет и неприсоединение. Москва, 1965 г.

22. *Вахрушев Ю.П.* Основы теории международных отношений. Иркутск, 2008.

23. Теория международных отношений: Хрестоматия. Москва, 2002 г.

24. *Paul F.*Diehe. The Politics of Global Governance. London, 2001.

25. *Lawrence Freedman.* Atlas of Global Strategy. London, 1987.

26. *Lawrence Freedman.* Strategy. NY, 2013.

27. *D.Marsh*, *Gerry Stoker*. Theory and Methods in political science. NY, 2002.

28. *Henry Kissinger*. Diplomacy. NY, 1994.

29. Политическая наука. Новые направления. Москва, 1999.

30. *Гаджиев К.С.* Политическая философия. Москва, 1999.

31. *Barry N.* An Introduction to Modern Political Theory. L., 1982.

32. Cambrige history of Political thought. Cambrige. 2008.

33. *Гроций Гуго.* О праве войны и мира. Москва, 1956.

34. *Тиунов О.И.* Нейтралитет в международном праве. Пермь, 1968.

35. *Paul F.*Diehe. The Politics of Global Governance. London, 2001.

36. *Lawrence Freedman*. Atlas of Global Strategy. London, 1987.

37. *J.Baylis, S.Smith, P.Owens.*The Globalisation. Oxford, 2008.

38. Politics. Oxford, 2011.

39. *Валлерстайн И.* Анализ мировых систем и ситуация в современном мире. Санкт-Петербург, 2001.

40. www.turkmenistan.gov.tm.

41. www.mfa.gov.tm.

42. www.un.org.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I bap. Daşary syýasat düşünjesi we onuň ylmy esaslary** . . . . . . . . . 10
§ 1. Halkara gatnaşyklary we daşary syýasat hakynda düşünje. . . . . . . 10
§ 2. Daşary syýasatyň mazmuny we esasy ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . 16
§ 3. Daşary syýasatyň kuwwatyny we täsirli güýjüni kesgitleýji faktorlar . 19
§ 4. Dünýä tertibi we halkara syýasaty . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
§ 5. Daşary syýasatyň wezipelerini ýerine ýetirmäge we diplomatiýany alyp barmaga ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary. . . . . . . . . . . . . 26
§ 6. Daşary syýasat strategiýasyny maksatlaýyn amala aşyrmagyň ylmy-tejribeleýin esaslary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

**II bap. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň binýatlyk ýörelgeleri we esasy ugurlary**. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
§ 1. Hemişelik bitaraplyk syýasaty Türkmenistanyň özygtyýarly saýlap alan taryhy ýoludyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
§ 2. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň milli kanunçylyk we halkara-hukuk esaslary. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
§ 3. Türkmenistanyň daşary syýasatyny amala aşyrmagyň syýasy-diplomatik serişdeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53
§ 4. Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 60
§ 5. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň 2013-2017-nji ýyllar üçin konsepsiýasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
§ 6. Türkmenistanyň bitaraplyk syýasatynyň dünýäde dabaralanmagy we täze döwür üçin strategiki wezipeler . . . . . . . . 78

**III bap. Daşary syýasatyň baş maksady – parahatçylyk we howpsuzlyk ugrunda hyzmatdaşlyk**. . . . . . . . . . . . . . . . 88
§ 1. Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konseptual düşünje. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 88
§ 2. Parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr . . . . . . . . . . . . . . . . 98

§ 3. Türkmenistanyň ýaragsyzlanmak baradaky
tagallalary we halkara hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 108
§ 4. Türkmenistanyň goňşy Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge
gönükdirilen hyzmatdaşlygynyň halkara ähmiýeti . . . . . . . . . . . . 129

**IV bap. Türkmenistanyň öňüni alyş diplomatiýasy boýunça
başlangyçlary we olaryň iş ýüzünde amala aşyrylyşy** . . . 137
§ 1. Türkmenistanyň Prezidentiniň öňüni alyş diplomatiýasy
boýunça halkara başlangyçlary we olaryň taryhy ähmiýeti . . . . . 137
§ 2. Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça BMG-niň sebit
merkeziniň döredilmegi halkara tejribesinde nusgalyk ädimdir . . . . 144
§ 3. Bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň
bilelikdäki mümkinçilikleriniň netijeli ugurlary . . . . . . . . . . . . . . 155

**V bap. Energetika howpsuzlygy global parahatçylygyň
we durnukly ösüşiň aýgytly esasydyr** . . . . . . . . . . . . . . . . . 165
§ 1. Dünýä ösüşini üpjün etmekde energetika
howpsuzlygynyň orny we ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 165
§ 2. Energiýa serişdelerini howpsuz üstaşyr geçirmek boýunça
Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyçlary . . . . . . . . . . . . . . . . 169
§ 3. Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryny dünýä ýetirmekde
ählumumy howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. . . . 187
§ 4. Türkmenistanyň diwersifikasiýa syýasatynyň ähmiýetli ugurlary . . . 194
§ 5. Türkmenistanyň Ýewropa tarap gönükdirilen energetika
strategiýasynyň esasy ugurlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 214
§ 6. Energetika diplomatiýasy giň möçberli halkara hyzmatdaşlygyny
ýola goýmagyň netijeli guralydyr . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 221

**VI bap. Derwaýys sebit meseleleri boýunça daşary syýasat
hyzmatdaşlygynyň ösüşi** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 234
§ 1. Hazar deňzi parahatçylygyň we dostlukly gatnaşyklaryň deňzidir . . 234
§ 2. Hazaryň deňiz gurşawyny we biologik gorlaryny aýawly saklamak
babatyndaky halkara hyzmatdaşlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 248
§ 3. Sebitiň suw serişdelerini rejeli ulanmak
we ekologiýa boýunça hyzmatdaşlygyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . 271
§ 4. Tebigaty goramak boýunça halkara hyzmatdaşlygynyň esasy
ugurlary we olaryň maksatlaýyn amala aşyrylmagy. . . . . . . . . . . 279

**VII bap. Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň
geoykdysady ölçegi** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 297
§ 1.Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň
syýasy-konseptual esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 297

§ 2. «Açyk gapylar» syýasaty söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň wajyp şerti hökmünde . . . 304
§ 3. Türkmenistanyň ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmek boýunça başlangyçlary we halkara hyzmatdaşlygy . . . 314

**VIII bap. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň medeni-ynsanperwerlik ölçegleri** . . . 331
§ 1. Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň medeni-ynsanperwerlik ýörelgeleri . . . 331
§ 2. Adam hakyndaky aladanyň daşary syýasat taýdan döwlet derejesinde üpjün edilmegi . . . 339
§ 3. Türkmenistanyň halkara ynsanperwerlik we gumanitar çäklerdäki nusgalyk tejribesi . . . 348
§ 4. Türkmenistan – UNESCO: medeni we tebigy mirasy gorap saklamagyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk . . . 355

NETIJE . . . 362
Okuw kitabynda ulanylan gysgaltmalar . . . 367
Peýdalanylan edebiýatlar . . . 369

Begenç Karaýew, Nurmuhammet Gurbanow,
Gylyçmuhammet Joraýew

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY SYÝASATY

| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Kakabaýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *L. Çudina* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Rahmanow* |

Çap etmäge rugsat edildi11. 08. 2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 23,5. Hasap-neşir listi. 21,16.
Çap listi 23,5. Şertli-reňkli ott. 41,25.
Sargyt № 1338. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.